**A. Muhanow, A. Myradow, P. Begenjow**

# ÄTIÝAÇLANDYRYŞ IŞI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
Aşgabat – 2012

UOK 368 : 378
M 82

**Muhanow A. we başg.**
M 82 **Ätiýaçlandyryş işi.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2012.

«Ätiýaçlandyryş işi» okuw kitaby üç bölümden ybarat bolup, birinji bölümde, ätiýaçlandyryş işiniň nazaryýeti, ýagny ätiýaçlandyryşyň ykdysady mazmuny, döwletimizde hereket edýän hukuk binýady, ätiýaçlandyryş gaznasy, ätiýaçlandyryşyň ykdysady tebigaty, wezipeleri, esasy düşünjeler, ikinji bölümde, ätiýaçlandyryşyň görnüşleriniň ykdysady mazmuny we guramaçylyk hukuk esaslary, üçünji bölümde, ätiýaçlandyryş işiniň daşary ýurt tejribesi beýan edilýär.

«Ätiýaçlandyryş işi» okuw kitaby, ilkinji nobatda talyplara, ykdysatçylary taýýarlaýan ýokary okuw mekdepleriniň mugallymlaryna hem-de maliýe, ätiýaçlandyryş ulgamynda işleýän hünärmenlere niýetlenendir.

TDKP № 287, 2012 KBK 65.9 (2) 27 ýa 73

© Muhanow A., Myradow A., Begenjow P., 2012.

**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Gurbanguly Berdimuhamedow:**

*– Eger öz öňüňde dogry maksady goýup, şol maksada ýetmek üçin bellenilen ugur boýunça gyşarnyksyz öňe gitseň, onda işiň üstünliginiň üpjün edilýändigini soňky ýyllarda özüniň ösüşiniň ähli tejribesi bilen hil taýdan täze depginlere eýe bolan Garaşsyz, Bitarap Türkmenistan tassyklaýar.*

# GIRIŞ

Ykdysadyýetiň maliýe pudagyny hem-de şonuň bilen aýrylmaz baglanyşykly bolan ätiýaçlandyryş hyzmatlaryna söwda bazarynda özgertme geçirmek milli Liderimiziň aýratyn üns berýän meselesine öwrüldi. Ykdysady ýagdaýyň hemişe üýtgäp durmagy, ýurduň maliýe syýasatyndaky täze ülňüler bazar ykdysadyýetiniň esasy maliýe guramalarynyň biri bolup durýan ätiýaçlandyryş bazarynyň ornuna täzeçe düşünilmegine güýçli itergi berdi.

Bazar ykdysadyýetine tapgyrlaýyn geçilmegi bilen ätiýaçlandyryş özbaşdak pudaga öwrüldi. Ätiýaçlandyryşyň hut özi ätiýaçlandyrylýanlary maliýe we durmuş babatynda düýpli özgermelerden, dürli tebigy hadysalardan we betbagtçylyklardan, ekologiki taýdan zyýanly önümçiliklerden goramaga ukyply serişdeleriň birine öwrülýär.

Ýetirilen zyýanyň öwezini dolmaklygyň, girdejileriň durnuklylygyny üpjün etmekligiň netijeli guraly hökmünde, ätiýaçlandyryşa bolan isleg gün-günden artýar. Bazar gatnaşyklarynyň töwekgelçilikli häsiýeti, kuwwatly ätiýaçlandyryjyny, şol bir sanda, döwlet hem gyzyklandyrýan, ätiýaçlandyryş işiniň özleşdirilmegine we ösmegine ýardam berýär, täze ätiýaçlandyryş şertleriniň we önümleriniň emele getirilmegine höwes döredýär.

Ykdysady ýagdaýyň özgerendigini göz öňünde tutmak we ätiýaçlandyryş işine täzeçe çemeleşmeleri kesgitlemek maksady bilen,

Türkmenistanyň Prezidenti 1995-nji ýylyň noýabr aýynda Mejlise tassyklatmak üçin Türkmenistanyň «Ätiýaçlandyryş hakyndaky» Kanunynyň düýpli täzelenen görnüşini girizdi. Bu Kanun häzirki wagtda ýurtda ätiýaçlandyryş işini düzgünleşdirýär. «Ätiýaçlandyryş hakyndaky» Kanunyň täzelenen görnüşinde Türkmenistanda ätiýaçlandyryş ugrundan toplanan tejribeler, ätiýaçlandyryş işini kanunçylyk esasynda düzgünleşdirmek boýunça daşary ýurtlaryň iş tejribeleri göz öňünde tutuldy.

Türkmenistanyň «Ätiýaçlandyryş hakyndaky» Kanuny ätiýaçlandyryş guramalarynyň işi üçin hukuk esaslaryny berkitmek bilen çäklenmän, umuman, ätiýaçlandyryş babatda dünýä iş tejribesine laýyk gelýän ygtyýarlyklara-da ýol açdy.

Şeýle hem Bitewi raýat kanuny 1998-nji ýylyň 17-nji iýulynda kabul edilip, 1999-njy ýylyň 1-nji martyndan güýje girizildi. Bu kanunyň 22-nji baby ätiýaçlandyryş işiniň hukuk esaslaryny has hem berkitmek bilen taraplaryň gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär.

Ýurdumyzda halk hojalygynyň ähli pudaklarynda geçirilýän özgertmeler bazar ykdysady gatnaşyklarynyň netijesinde we netijeli halkara hyzmatdaşlyklaryň esasynda ilatyň durmuş üpjünçilik derejesi ýokary bolan, ykdysady taýdan ösen döwletiň gurulmagyna gönükdirilendir.

Bazar ykdysadyýeti ykdysady gatnaşyklaryň erkinligini aňladýar, bu gatnaşyklarda bolsa belli bir derejede töwekgelçilik ýüze çykýar. Bazar şertlerinde şol töwekgelçiliklerden goraglylygyna her kimiň özi jogap berýär, şonda kuwwatly ätiýaçlandyryş guramasy esasy hyzmatdaş bolup durýar.

Türkmenistanyň döwlet ätiýaçlandyryş guramasy 1992-nji ýylyň 18-nji awgustynda döredildi we häzirki wagtda Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan berlen 13-nji ygtyýarnama esasynda hereket edýär. Bu gurama şu günki gün Türkmenistanyň ygtyýarnamaly ýeke-täk ätiýaçlandyryş guramasy bolup durýar.

«Türkmendöwletätiýaçlandyryş» guramasy ätiýaçlandyryş bazarynda belli bolan emläk, şahsy, jogapkärçilik diýen ýaly töwekgelçilikleriň ählisinden ätiýaçlandyrmak işlerini amala aşyrýar we şu gün öz müşderilerine 40 görnüşden gowrak ätiýaçlandyryşy, şol sanda hökmany ätiýaçlandyryşyň 4 görnüşini teklip edip bilýär.

«Türkmendöwletätiýaçlandyryş» guramasy Türkmenistanda ätiýaçlandyryşyň kämilleşdirilmegine, özüniň töleýiş ukybynyň artdyrylmagyna we maliýe taýdan durnuklylygynyň ösdürilmegine gönükdirilen syýasaty yzygiderli alyp barýar. Gazanylýan ätiýaçlandyryş baýraklarynyň 60 göteriminden gowragy ätiýaçlandyryş pul möçberini tölemekligi amala aşyrmaklyga we ätiýaçlandyryş öwezini dolmaklyga gönükdirilen ätiýaçlandyryş gorlaryna geçirilýär.

Ätiýaçlandyryşyň hereket edýän düzgünleri yzygider kämilleşdirilýär we ätiýaçlandyryşyň täze önümleri işlenip düzülýär, ätiýaçlandyryş önümleriniň gymmatynyň elýeterli bolmagy üçin çäreler amala aşyrylýar.

I bölüm

# ÄTIÝAÇLANDYRYŞ IŞINIŇ NAZARYÝETI

## I.I bap. Ätiýaçlandyryşyň ykdysady mazmuny

### §1.1.1. Ykdysady kategoriýa hökmünde ätiýaçlandyryşyň ykdysady mazmuny

**Ätiýaçlandyryş** – şahsy we edara görnüşli taraplaryň ätiýaçlandyryş guramalaryna töleýän ätiýaçlandyryş tölegleriniň hasabyna döredilýän we belli bir wakalar (ätiýaçlandyryş ýagdaýlar) ýüze çykan ýagdaýynda ätiýaçlandyryş töleglerini amala aşyrmaklyga niýetlenen pul serişdeleriniň we beýleki gorlary emele getirýän, şahsy we edara görnüşli taraplaryň emläk we gaýry bähbitlerini goramaklyga gönükdirilen yzygiderli gatnaşygydyr.

Ätiýaçlandyryşyň ykdysady mazmunyny kesgitlemek üçin, onuň üstünliklerini üpjün edýän esasy maksatlaryna we wezipelerine ýüzlenmek ýeterlikdir.

Ätiýaçlandyryşyň esasy maksady ätiýaçlandyryş ýagdaýlary diýip atlandyrylýan netijeleri oňaýsyz ýa-da oňaýly wakalaryň netijesinde ýüze çykýan hadysalardan önümçiligiň, jemgyýete bähbitli beýleki işleriň bökdençsizligini, gazanylan sepgitde ýa-da belli bir derejede saklanylmagyny hem-de kadaly girdejiligi, adam ömrüniň ösüş derejesini we durmuşyň durnuklylygyny üpjün etmekden ybaratdyr. Ätiýaçlandyryşyň bu maksadyna hojalyk gatnaşyklarynyň subýektleriniň, raýatlaryň nukdaýnazary bilen garanyňda ätiýaçlandyryşy olaryň emläk bähbitlerini haýsy hem bolsa bir garaşylma-

dyk, howply ýa-da durmuş derejesini peseltmäge ukyply tötänleýin hadysalardan (töwekgelçiliklerden) gorap biljek gural hökmünde göz öňüne getirmek bolar.

Edara görnüşli we şahsy taraplaryň emläk bähbitlerini goramaklyk (ätiýaçlandyryş şertnamasy esasynda) tötänden ýüze çykan oňaýsyz hadysa netijesinde ykdysady taýdan ýetirilen zyýanyň, emläk ýitgisiniň ýa-da ýok edilmeginiň, saglyga, zähmet ukyplylygyna ýetirilen zyýanyň, adamyň heläk bolmagy bilen, üçünji tarapa ýetirilen zyýanyň öwezini dolmakdan ybaratdyr. Ondan başga-da, şahsy taraplaryň bähbitlerini goramaklyk ätiýaçlandyryş guramasy tarapyndan ätiýaçlandyryş şertnamasy esasynda olara belli bir ýaşa ýetenligi ýa-da şertnamada göz öňünde tutulan wakanyň (ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň) ýüze çykmagy, möhletiň dolmagy bilen baglylykda ätiýaçlandyryş pul möçberini amala aşyrmakdan ybaratdyr.

Edara görnüşli we şahsy taraplaryň emläk bähbitleriniň ätiýaçlandyryş goraglylygyny üpjün etmeklikde hakyky mümkinçiligi gazanmak, ýagny ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykan mahalynda ätiýaçlandyryş töleglerini ätiýaçlandyryş şertnamalaryna laýyklykda amala aşyrmak üçin ätiýaçlandyryş guramasynyň (ätiýaçlandyryjynyň) pul serişdeleriniň maksatlaýyn gorlaryny (ätiýaçlandyryjynyň umumy goruny düzýän ätiýaçlandyryşyň görnüşleri boýunça ätiýaç gorlaryny) döretmegi zerurdyr.

Ätiýaçlandyryş goragynyň üpjün edilmeginiň usuly bir we birnäçe hojalyk gatnaşyklarynyň subýektlerine, şahslara mälim bolmadyk oňaýsyz hadysanyň netijesinde ýetirilen umumy zyýanyň ätiýaçlandyryşyň bu görnüşiniň gatnaşyjylarynyň ählisiniň arasynda raýdaşlyk tertipde bölünmegine esaslanandyr. Şonda, oňaýsyz ýagdaýlaryň tötänleýin, bir wagtda we giňişlikde deň derejede ýüze çykmaýanlygyndan, ätiýaçlandyryşyň bu görnüşine gatnaşyjylaryň içinden az mukdardakylarynyň şol hadysalaryň täsirleri netijesinde zyýan çekýänliginden ugur alynýar.

Şeýle hadysalaryň (töwekgelçilikleriň) ýüze çykmak mümkinçiliginiň häsiýeti we aýratynlyklary olaryň ýaramaz netijelerinden heniz şol hadysalar ýüze çykmazyndan ozal goraglylygy üpjün et-

mekligi talap edýär. Şol maksada laýyklykda ätiýaçlandyryş guramalary şeýle hadysalaryň ýygylygy baradaky çaklaýyş maglumatlaryny, olaryň ätiýaçlandyryşyň anyk meselelerine täsir ediş derejesi we olaryň ýetirýän zyýanynyň möçberi baradaky maglumatlary ulanmak bilen öz emläk bähbitlerini ätiýaçlandyrmak isleýänlere ätiýaçlandyryş baýragynyň möçberini kesgitleýär. Şeýle baýragyň möçberi ätiýaçlandyryş ýagdaýy netijesinde ýetirilmegi mümkin bolan zyýanyň ätiýaçlandyryşyň şol görnüşine gatnaşyjylaryna (ätiýaçlandyryjylara) ýetýän ortaça ähtimal paýydyr. Bu ätiýaçlandyryş goragy üçin tölegdir. Edara görnüşli we şahsy taraplardan ätiýaçlandyryşyň şu görnüşine gatnaşyjylar näçe köp bolsa, her bir gatnaşyjy tarapyndan tölenjek ätiýaçlandyryş tölegleriniň möçberi şonça-da az bolar.

Zyýanyň möçberiniň ýapyk ýerleşdirilmegi we ätiýaçlandyryş goruny döretmekligiň esasy görkezijisiniň, ýagny ätiýaçlandyryş nyrhynyň, ylmy esasda-ähtimallyk nazaryýetiniň, matematiki we demografik çaklaýyşlarynyň, uzak möhletleýin maliýe hasaplaşygynyň usullarynyň we beýleki ylymlaryň esasynda döredilmegi şonuň esasynda ýüze çykýar. Şunlukda, görkezilen ätiýaçlandyryş ýagdaýlarynyň (wakalaryň) aýratynlyklaryna baglylykda, ähtimal zyýanyň emele gelýän möçberiniň, ätiýaçlandyrylýanlaryň ýerleşen ýerleriniň we ýyllaryň göz öňünde tutulmagy bilen ýerleşdirilmegi amala aşyrylýar.

Adatdan daşary howply hadysanyň ýüze çykmagynyň kesgitsizligini göz öňünde tutmak bilen ätiýaçlandyryş guramasy özüne gelip gowuşýan ätiýaçlandyryş baýraklaryndan gündelik ätiýaçlandyryş baýraklaryny amala aşyrmaga we ätiýaçlandyryş goruny emele getirmäge harçlanylýan goruny döredýär. Bular, esasan hem, ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykmazdan ozal ätiýaçlandyryş guramasynyň ätiýaçlandyryş haklaryny amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmedik borçlarynyň bir bölegini göz öňünde tutýar. Ätiýaçlandyryş gorlaryny uzak wagtlaýyn ýüze çykmadyk ätiýaçlandyryş ýagdaýlary boýunça ätiýaçlandyryş haklaryny amala aşyrmak, şeýle hem aýratyn ýagdaýlarda (mysal üçin, tebigy betbagtçylyklar, uly heläkçilikler we

ş.m. netijesinde) tölemäge degişli zyýanyň möçberiniň barha artmagy bilen baglylykdaky tölegleri amala aşyrmak üçin ulanylýar.

Ätiýaçlandyryş guramasy tarapyndan ätiýaçlandyryş gaznasy ätiýaçlandyryşyň şol görnüşine gatnaşyjylara ätiýaçlandyryş ýagdaýy netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak ýa-da toplanma häsiýetli ätiýaçlandyryş şertnamalary toplanan görnüşinde (girdejileriň ätiýaçlandyrylmagy) amala aşyrmak üçin döredilýär. Şonuň üçin hem ätiýaçlandyryş gory ätiýaçlandyryş gözegçilik edýän döwlet guramasynyň tassyklamagyna we gözegçilik etmegine laýyklykda ätiýaçlandyryşyň nyrhynyň möçberinde we düzüminde onuň esasy möçberinde görkezilen ätiýaçlandyryş töleglerini amala aşyrylmagyna gönükdirilýär. Ätiýaçlandyryş baýraklarynyň belli bir bölegi ätiýaçlandyryş guramasynyň iş ýöretmek üçin eden çykdajylaryny ýapmaklyga, ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmak töwekgelçiliginiň öňüni almak üçin, duýduryş çärelerini geçirmeklige we girdejiniň belli bir böleginiň döredilmegine gönükdirilendir. Ätiýaçlandyryşyň esasy wezipeleri aşakdakylardan ybaratdyr:

- ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan belli bir maksatlara niýetlenen ätiýaçlandyryş gorlarynyň, ýagny olar tarapyndan amala aşyrylyan ätiýaçlandyryşyň görnüşi boýunça we ätiýaçlandyryjylaryň umumy möçberde ätiýaçlandyryş gaznasynyň döredilmeginden;
- ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan ätiýaçlandyryşa gatnaşyjylara ätiýaçlandyryş ýagdaýy netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmakdan we ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça ätiýaçlandyryş üpjünçiligini (ätiýaçlandyryş öwezini dolmagyny) amala aşyrmakdan;
- ätiýaçlandyryş ýagdaýlarynyň öňüni almaklyga, olaryň ýüze çykmak töwekgelçiliginiň peseldilmegine we olaryň ýüze çykmagy netijesinde emele gelýän zyýanyň möçberiniň kemeldilmegine gönükdirilen duýduryş (öňüni alyş) çäreleri amala aşyrmakdan;
- ätiýaçlandyryjy tarapyndan goşmaça girdeji almak maksady bilen ätiýaçlandyryşa gatnaşyjylaryň (ätiýaçlandyrylýanlaryň)

bähbitleri üçin wagtlaýynça erkin pul serişdelerini, ätiýaçlandyryş gorlaryny maýa goýmaklykdan.

Tebigatyň we jemgyýetiň güýçleriniň arasyndaky weýran ediji gapma-garşylyklaryň döremegi ýitgileriň öweziniň doldurylmagyny talap edýär we şeýlelikde, tebigy betbagtçylyklaryň weýran ediji netijelerini duýdurmak, ýeňip geçmek we çäklendirmek boýunça adamlaryň arasynda degişli aragatnaşyklary ýola goýmak zerurlygy ýüze çykýar.

Önümçilik prosesiniň üznüksizligini we bökdençsizligini üpjün etmek, ýaşaýşyň ýetilen derejesini durnukly we mäkäm saklamak üçin adamlaryň arasyndaky bu obýektiw gatnaşyklar *ätiýaçlandyryş goraglylygyň* ykdysady kategoriýasyny ýüze çykarýar.

Bu ykdysady kategoriýanyň aýratynlygy aşakdaky alamatlar bilen kesgitlenilýär:

- tebigy betbagtçylygyň ýa-da tebigatyň başga weýran ediji güýçleriniň ýüze çykmagynyň tötänleýin (duýdansyz) häsiýetli bolmaklygy;
- ýitgini natural ýa-da pul görnüşde aňlatmak;
- ýitginiň öwezini dolmaklyga zerurlyk (isleg);
- dörän anyk ýagdaýyň öňüni almak we ony ýeňip geçmek boýunça çäreleri geçirmek.

## §1.1.2. Ätiýaçlandyryş goraglylygynyň meseleleri boýunça onuň toparlara bölünişi

Ätiýaçlandyryş töwekgelçiliginde we goraglylyk çärelerinde ätiýaçlandyryş goraglylygyň ykdysady kategoriýasy öz ornuny tapýar. Ätiýaçlandyryş goraglylygynyň ykdysady kategoriýasyny maddy taýdan amala aşyrmak üçin *ätiýaçlandyryş gaznasy* çykyş edýär, ýagny ol maddy gymmatlyklardan natural görnüşde bölünip aýrylan ätiýaçlyklaryň jemidir.

Ätiýaçlandyryş goraglylygy maddy görnüşde durmuşa geçirmekligiň ilkinji taryhy görnüşi hökmünde natural ätiýaçlandyryş gaznasy döredilipdir.

Puluň döremegi bilen ätiýaçlandyryş gaznasy birnäçe tehniki amatsyzlyklardan azat bolýar, ýagny natural-zat bilen bagly gatnaşyklar aradan aýrylýar we ätiýaçlandyryş gaznasynyň öňünde täze mümkinçilikler açylýar.

Ozaly bilen ätiýaçlandyryş gaznalary pul görnüşinde toplanylýar we onuň serişdelerini ýitginiň öwezini dolmak üçin zerur bolan ýagdaýynda çalt ulanyp bolýar. Ätiýaçlandyryş gaznasynyň pul görnüşinde bolmaklygy diňe bir ätiýaçlandyryş pudagynda hyzmat edýän gural bolmagyndan başga hem, ol pudagara hojalygy ösdürmekde serişde bolup çykyş etmeklige ýol açdy.

Adamlar we jemgyýet tarapyndan ätiýaçlandyryş goraglylygynyň zerurlygyna doly akyl ýetirilenden soňra ätiýaçlandyryş bähbitler emele geldi we olar arkaly kesgitli ätiýaçlandyryş gatnaşyklary döräp başlady.

Ätiýaçlandyryş gatnaşyklary ätiýaçlandyryş gaznasyny döretmeklikden we onuň serişdelerini ulanmaklykdan ybaratdyr.

Zähmetiň jemgyýetçilik bölünmesi, senetçilik önümçiliginiň ösmegi we söwdanyň aýratyn pudak bolmaklygy ätiýaçlandyryş goraglylygyny gurnamaklyga güýçli itergi berdi. Ýokary töwekgelçilik we karz pullary ulanmak arkaly şäherleriň ösmegi, senetçilik önümçiliginiň, söwdanyň, aýratynam halkara söwdasynyň ösmegi degişli ätiýaçlandyryş üpjünçiligini talap edýär.

Şeýlelikde, karz we ätiýaçlandyryş bir-biri bilen ýakyndan berk bagly bolýar.

Karz berijä (kreditora) karzyň üpjünçiligi hökmünde karz alyjynyň girewe berýän emlägini ätiýaçlandyrmak, karz berijileriň arasyndan ätiýaçlandyryş gaznasynyň serişdeleri jemlenen professionallary – ätiýaçlandyryjylary ýa-da anderraýterleri bölüp çykarýar. Ätiýaçlandyryş gaznasynyň serişdelerini dolandyrmaklyk ätiýaçlandyryjylar tarapyndan faktlary we ýagdaýlary seljermeklige, olaryň toplanmagyna, jemlenmegine we sistematizasiýalaşmagyna esaslanýan ätiýaçlandyryş töwekgelçiligini bahalandyrmaklygy talap edýär.

Netijede, tebigatyň we jemgyýetiň kanunlaryna akyl ýetirmeklige daýanýan, ätiýaçlandyryş töwekgelçiligi we ony bahalandyrmak barada ylym döreýär.

Şeýlelikde, ätiýaçlandyryş goraglylygyň ykdysady kategoriýasy ylmy esasda delillendirilýär. Tebigy betbagtçylygyň ýa-da başga weýran ediji ýagdaýlaryň tötänleýin (duýdansyz) häsiýetlidigine garamazdan, olary ylmy taýdan öňünde görmek mümkinçiligi döredi.

Mümkin boljak ýitginiň natural we pul görnüşindäki ululygyny ýokary dogrulyk (takyklyk) derejede öňünden görmek mümkin boldy.

Ylmy taýdan öňünden görmek arkaly ätiýaçlandyryjy eýýäm düşünip, ätiýaçlandyryş töwekgelçiliginiň dörändäki ýaramaz netijeleriniň öňüni almak boýunça çäreleri amala aşyryp başlaýar.

Ätiýaçlandyryjy tarapyndan amala aşyrylýan öňüni alyş çäreleri, oňa ätiýaçlandyryş gaznasynyň serişdelerini amatly ulanmaklyga we köplenç, ol serişdeleri düýpli maýa goýumlaryň çeşmesi hökmünde peýdalanmaklyga mümkinçilik berýär.

Ätiýaçlandyryş, jemgyýetçilik önümçiliginiň ätiýaçlandyryş goraglylygynyň we ätiýaçlandyryş gaznasyny döretmekligiň anyk bir görnüşine öwrüldi.

Ätiýaçlandyryşyň ähli meseleleriniň maddy we maddy däl gymmatlyklara (eşretlere) bölünmegi ätiýaçlandyryşy iki pudaga – emläk we şahsy ätiýaçlandyryşa bölmeklige esas bolýar.

Emläk ätiýaçlandyryşyna şahsy we hukuk taraplaryň, maddy gymmatlyklar (eşretler) bilen bagly emläk bähbitleriniň (ätiýaçlandyryşyň meselesi ýaly) ätiýaçlandyrylmagy degişlidir.

Şahsy ätiýaçlandyrylyşda şahsy taraplaryň, maddy däl gymmatlyklar we olaryň adam ömri, saglygy, zähmete ukyplylygy (adamlaryň saglygy, durmuşy we işe ukyplylygy) ýaly durmuş derejeleri bilen bagly bolan emläk bähbitleriniň ätiýaçlandyrylmagy göz öňünde tutulýar.

Şeýlelikde, şol zatlar üçin ätiýaçlandyryş goragyny üpjün etmekde, ätiýaçlandyryş goruny döretmekde we ulanmakda (ýerleşdirmekde) aýratyn ýörelgeleri we usullary bar bolan ätiýaçlandyryş pudagy ätiýaçlandyryş ýagdaýyň netijelerinden hukuk we şahsy taraplaryň birmeňzeş ýa-da meňzeş zatlaryň, emläk bähbitleriniň ätiýaçlandyryşy çäklerine, degişlilikde ätiýaçlandyryşyň özbaşdak ugruny ýüze çykarýar.

Ätiýaçlandyrylýanlary (ätiýaçlandyrylan şahslary, peýda görüjileri) we ätiýaçlandyryjylary ätiýaçlandyryş gatnaşyklaryna çekmekligiň usuly hökmünde ätiýaçlandyryş özüniň hökmany we meýletin görnüşleri bilen tapawutlanýar.

### §1.1.3. Ätiýaçlandyryş gaznasy barada düşünje. Ätiýaçlandyryşyň ykdysady tebigaty

Ätiýaçlandyryş gaznasy jemgyýetçilik üznüksiz önümçiliginde hökmany element bolup çykyş edýär.

**Ätiýaçlandyryş gaznasy** – jemgyýetçilige tebigy betbagtçylygyň, tehnogen faktorlaryň we beýleki görnüşdäki tötänlikleriň netijesinde ýetirilen adatdan daşary zyýanlaryň öwezini dolmak üçin, maddy we pul serişdeleri görnüşinde döredilýär.

Ätiýaçlandyryş gaznasy jemgyýetiň ykdysady ösüşine ýardam edýär. Ätiýaçlandyryş gaznasynda toplanan uly möçberdäki maddy we maliýe serişdeler ýitgileriň öwezini dolmak maksadyna gulluk etmek bilen birlikde, ol serişdeler ykdysadyýete düýpli maýa goýum goýmaklyk üçin çeşme bolup hem çykyş edýär. Bazar gatnaşyklarynyň mehanizmi ähli görnüşdäki jemgyýetçilik toplanmalaryň, şol sanda ätiýaçlandyryş gaznasynyň netijeliligini çaltlandyrýar we ýokarlandyrýar. Ätiýaçlandyryş gaznasy hojalyk işjeňligi we telekeçilik üçin netijeli bazar ykdysadyýetiniň zerur şertlerini döredýär.

Jemgyýetçilik tejribesiniň esasynda ätiýaçlandyryş gaznasynyň aşakdaky görnüşlerini tapawutlandyrmak bolýar:

- merkezleşdirilen ätiýaçlandyryş (ätiýaçlyk) gaznasy;
- öz-özüňi ätiýaçlandyryş gaznasy;
- ätiýaçlandyryjynyň (anderraýteriň) ätiýaçlandyryş gaznasy.

**Merkezleşdirilen ätiýaçlandyryş (ätiýaçlyk) gaznasy** umumydöwlet serişdeleriniň hasabyna döredilýär. Bu gaznanyň maksady uly weýrançylyga we adam pidalaryna getiren, tebigy betbagtçylyklaryň we iri heläkçilikleriň netijesindäki zyýanlaryň öwezini dolmakdyr. Bu

2. Sargyt № 2539

gazna natural we pul görnüşinde toplanýar. Natural görnüşinde toplananda, ol ýörite ammarlarda saklanylýan we kesgitli nomenklatura boýunça jemlenýän azyk harytlarynyň, önümleriň, materiallaryň, çig mallaryň we ýangyçlaryň ätiýaçlyklaryndan jemlenýär. Pul görnüşinde toplanan merkezleşdirilen ätiýaçlandyryş gaznasy döwletiň emlägi bolan merkezleşdirilen maliýe ätiýaçlyklarydyr. Ol gaznalary dolandyrmaklyk hökümetiň ygtyýaryndadyr.

**Öz-özüňi ätiýaçlandyryş gaznasy** – hojalyk subýektiniň, esasan, natural görnüşde döredýän aýratyn gaznasydyr. Şeýle-de, bu gazna pul görnüşinde hem döredilip bilinýär. Öz-özüňi ätiýaçlandyryş gaznasy önümçilikde döreýän wagtlaýyn kynçylyklary ýeňip geçmeklige mümkinçilik döredýär. Şeýlelikde, bu gaznanyň kömegi bilen kärhanalar we beýleki hojalyk subýektleri, maliýe we önümçilik bökdençliksiz, durnukly ösüşi saklamaklyga çalyşýarlar.

**Ätiýaçlandyryjynyň *(*anderraýteriň*)* ätiýaçlandyryş gaznasy** – oňa gatnaşyjy kärhanalaryň, edaralaryň, guramalaryň we aýratyn raýatlaryň hasabyna döredilýär. Bu gaznany döredijiler (paýdarlar we ulanyjylar) *ätiýaçlandyrýanlar* hökmünde çykyş edýärler.

Häzirki zaman şertlerinde ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş gaznasy diňe pul görnüşinde toplanýar. Bu gaznanyň serişdeleri diňe anyk maksada – ätiýaçlandyryşyň düzgünlerine laýyklykda öwezini doluş töleglerini tölemeklige gönükdirilýär. Ätiýaçlandyryş öwezini doluş pul töleglerini tölemek üçin zerur bolan Gaznanyň pul serişdeleriniň göwrümi statistikanyň, empiriki çaklamalaryň we ähtimallyk teoriýasynyň esasynda kesgitlenilýär.

Bazar ykdysadyýetine geçmeklik jemgyýetçilik önümçiliginde ätiýaçlandyryşyň wezipesiniň artmaklygyny üpjün edýär, ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň geriminiň giňemegine getirýär.

Bazar ykdysadyýetinde ätiýaçlandyryş bir tarapdan biznesi (işewürligi) we adamlaryň maddy hal-ýagdaýlarynyň goraglylygynyň serişdesi, ikinji tarapdan – girdeji getirýän işjeňligiň bir görnüşi hökmünde çykyş edýär.

Ätiýaçlandyryş guramasynyň gazanýan peýdasynyň çeşmesi bolup, ätiýaçlandyryş işinden alynýan girdejiler, wagtlaýyn boş duran

maliýe serişdelerini önümçilik we önümçilik däl ulgamlara maýa goýmakdan, kärhanalaryň paýnamalaryndan, bank depozitlerinden, gymmatly kagyzlardan we ş.m. alynýan girdejiler gulluk edýär.

## §1.1.4. Ätiýaçlandyryşyň wezipeleri

Döwlet býujetu edara görnüşli we şahsy taraplaryň tölegleriniň (salgyt, paç, we beýleki ýygymlar) hasabyna toplanylýandygyna garamazdan, ol gaznadaky serişdeler ulanylanda gönüden-göni töleýjiler üçin ulanylmaýar.

Ätiýaçlandyryşda hem ätiýaçlandyryş gazna töleýjileriň-ätiýaçlandyrýanlaryň hasabyna toplanylýar we ulanylýar, bu bolsa «ätiýaçlandyryş» düşünjesini «maliýe» düşünjesine ýakynlaşdyrýar (golaýlaşdyrýar), ýöne olar öz aýratynlyklary bilen tapawutlanýarlar.

«Ätiýaçlandyryş» düşünjesini «karz» düşünjesine golaýladýan ýene-de bir aýratynlyk bar, ol hem, ätiýaçlandyryş gaznanyň serişdelerini yzyna gaýtaryp bermeklikdir. Emma, ätiýaçlandyryş tölegleri yzyna gaýtaryp bermeklik ilkinji nobatda adamyň ömür (şahsy) ätiýaçlandyryşyna degişlidir. Bu ätiýaçlandyryş töleglerini yzyna gaýtaryp bermeklik hökmany häsiýete eýedir. Emläk ätiýaçlandyryşynda bolsa, ätiýaçlandyryş wakasynyň netijesinde öwezini doluş tölegleri geçirilende ýüze çykýar.

Şeýlelikde, «ätiýaçlandyryş» düşünjesi «maliýe» we «karz» kategoriýalaryna ýakynlaşdyrýan elementleri özünde jemleýär, emma şol bir wagtda hem ätiýaçlandyryş diňe özüne mahsus bolan wezipelara eýedir.

Ätiýaçlandyryşyň wezipeleri hökmünde aşakdakylary bellemek bolar:

- Pul serişdeleri görnüşindäki ýöriteleşdirilen ätiýaçlandyryş gaznasynyň döredilmegi;
- Ýitginiň öwezini dolmak we raýatlaryň maddy üpjünçiligi;
- Ätiýaçlandyryş wakasynyň (ýagdaýlaryň, halatlaryň) öňüni almak we ýitgini iň az (minimuma) derejä getirmek.

**Birinji wezipesi** – ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň öz üstüne alýan töwekgelçilikleri üçin tölejek pul serişdeleri görnüşindäki ýöriteleşdirilen ätiýaçlandyryş gaznasynyň döredilmegidir. Bu gazna hökmany görnüşde, şeýle hem meýletin görnüşde döredilip bilner. Döwlet, durmuş-ykdysady ýagdaýlardan ugur alyp, ýurtdaky ätiýaçlandyryş işiniň ösüşini kadalaşdyrýar.

**Ätiýaçlandyryşyň ikinji wezipesi** – diňe ätiýaçlandyryş gaznasyny döredijiler bolan edara görnüşli we şahsy taraplaryň ýitgileriniň öwezini dolmaklyga hukuk berýär. Şu wezipenyň esasynda edara görnüşli we şahsy taraplaryň ýitgileriniň öwezini dolmaklyk, ätiýaçlandyryş şertnamasynyň çäklerinde amala aşyrylýar.

**Ätiýaçlandyryşyň üçünji wezipesi –** ätiýaçlandyryş wakalarynyň öňüni alyş çäreleriniň köp görnüşini öz içine alýar, şol sanda heläkçilikli wakalaryň, tebigy betbagtçylyklaryň ýaramaz netijeleriniň öňüni almaklyk üçin geçirilýän çäreler hem maliýeleşdirilýär. Muňa ätiýaçlandyryş şertnamasy esasynda bellenilen, ýagny ätiýaçlandyrylan emläge seresap çemeleşmeklik babatda ätiýaçlandyrýana bildirilýän hukuk talaplar hem goşulýar. Bu wezipeny ýerine ýetirmek maksady bilen, ätiýaçlandyryjy «Öňüni alyş çäreleriniň aýratyn pul gaznasyny» döredýär. Bu gaznany döretmek üçin çeşme bolup, ätiýaçlandyryş töleglerinden geçirilýän geçirimler çykyş edýär.

## I.II bap. Ätiýaçlandyryş işindäki esasy düşünjeler

### § 1.2.1. Ätiýaçlandyryş işinde ulanylýan adalgalar

Ätiýaçlandyryşda ulanylýan düşünjeleriň we adalgalaryň jemi, professional ätiýaçlandyryş terminologiýasyny düzýär. Ätiýaçlandyryş işinde ulanylýan düşünjäni aňladýan söze ýa-da sözleriň baglanyşygyna *ätiýaçalandyryş adalgasy* (*termini*) diýilýär. Her bir ätiýaçlandyryş adalgasy, ätiýaçlandyryş gatnaşyklarynyň häsiýetli aýratynlygyny we mazmunyny kesgitleýär. Ätiýaçlandyryş gatna-

şyklarynyň umumylykda dört toparyny tapawutlandyrmak bolýar. Olaryň birinji üçüsi milli ätiýaçlandyryş bazaryna degişlidir.

Birinji topara ýöriteleşen ätiýaçlandyryş bähbitleriniň döremegi bilen bagly gatnaşyklar degişli. Ätiýaçlandyryşa gatnaşýan taraplaryň ählisi belli bir ätiýaçlandyryş bähbitlere eýedirler.

Ikinji topara ätiýaçlandyryş gaznasynyň toplanmagy bilen baglylykda döreýän gatnaşyklar degişli.

Üçünji topara ätiýaçlandyryş gaznasynyň serişdelerini ulanmak bilen bagly ätiýaçlandyryş gatnaşyklar degişli.

Dördünji topara halkara ätiýaçlandyryş bazarynyň hereket etmegi bilen bagly döreýän ätiýaçlandyryş gatnaşyklar degişli. Ol gatnaşyklaryň mazmuny halkara hukugynyň kadalarynda we birnäçe halkara şertnamalarynda berkidilen. Bu topar ýokarda bellenilen üç topary hem ätiýaçlandyryşyň halkara tejribesinde ulanylýan şertlerinde öz içine alýar.

Daşary ykdysady gatnaşyklardaky ätiýaçlandyryş adalgalarynyň ülňülerini (standartlaryny), esasan halkara ätiýaçlandyryş guramalar kesgitleýär.

Ätiýaçlandyryş adalgasyny bilmek we ony iş tejribesinde ulanmaklygy başarmaklyk ätiýaçlandyryş ulgamynda işleýän hünärmeniň ýokary hünär derejesini kesgitleýän alamat bolup durýar.

*Ätiýaçlandyrýan* – bu pul (ätiýaçlandyryş) töleglerini töleýän we ätiýaçlandyryş şertnamasynyň esasynda ätiýaçlandyryş ýagdaý ýüze çykanda öwezini doluş töleglerini almaklyga hukugy bolan şahsy we edara görnüşli tarapdyr. Halkara ätiýaçlandyryş bazarynda ätiýaçlandyrýana *polis saklaýjy* hem diýilýär.

*Ätiýaçlandyryjy* – bu ätiýaçlandyryşy amala aşyrýan, ýitginiň öwezini dolmak we ätiýaçlandyryş tölegini geçirmek borjuny öz üstüne alýan, şeýle hem ätiýaçlandyryş gaznasyny toplamak we onuň serişdelerini ulanmak meselelerini dolandyrýan guramadyr (edara görnüşli tarap). Halkara ätiýaçlandyryş tejribesinde ätiýaçlandyryjyny aňlatmak üçin *anderraýter* adalgasy hem ulanylýar.

*Ätiýaçlandyryş bähbidi* – bu, şahsy we edara görnüşli taraplaryň ätiýaçlandyryşa maddy taýdan gyzyklanmasydyr.

*Ätiýaçlandyryş möçber* (*summa*) – emläk ätiýaçlandyryşynda maddy gymmatlyklaryň we şahsy ätiýaçlandyryşda ömrüň, saglygyň, zähmete ukyplylygyň ätiýaçlandyrylan pul möçberi.

*Ätiýaçlandyryşyň obýekti* – ömür, saglyk, zähmete ukyplylyk (şahsy ätiýaçlandyryşda), binalar, desgalar, ulag serişdeleri, öý emläkleri we beýleki maddy gymmatlyklar (emläk ätiýaçlandyryşynda).

*Ätiýaçlandyryş jogapkärçiligi* – ätiýaçlandyryş öwezini doluş puluny tölemek boýunça ätiýaçlandyryjynyň borçnamasy.

*Peýda alyjy* – wesýet ediji ýogalan soň ätiýaçlandyryş tölegini alýan, wesýet edilen adam (edara).

*Ätiýaçlandyryş polisi* – ätiýaçlandyryjy tarapyndan berilýän kesgitlenilen görnüşdäki resminama ýa-da özünde ätiýaçlandyryşyň şertlerini jemleýän ätiýaçlandyryş şertnamasy.

*Ätiýaçlandyryş bahalandyrmasy* – ätiýaçlandyryş töwekgelçiligini bahalandyrmaklygyň ölçegi.

*Ätiýaçlandyryş tarifi* (nyrhy) – ätiýaçlandyryş möçbere gatnaşykdaky kada salnan ätiýaçlandyryş töleg ýa-da ätiýaçlandyryş töwekgelçiliginiň bahasy.

*Ätiýaçlandyryş baýragy* – ätiýaçlandyrýan tarapyndan tölenilen ätiýaçlandyryş töwekgelçiligi üçin pul görnüşindäki töleg.

*Ätiýaçlandyryş möhleti* – ätiýaçlandyryş obýektiň ätiýaçlandyrylan wagt aralygy (interwaly).

*Ätiýaçlandyryş töwekgelçiligi* – ätiýaçlandyryş wakasynyň netijesinde ätiýaçlandyrýanyň ömrüne, saglygyna we emlägine zyýan ýetmekligiň ähtimallygy.

*Ätiýaçlandyryş ýagdaýy* (*wakasy*) – ätiýaçlandyryş öwezini doluş töleginiň tölenilmeli ýaramaz (oňaýsyz) ýagdaýy.

## § 1.2.2. Halkara ätiýaçlandyryşda ulanylýan esasy adalgalar

**Abandon** – ätiýaçlandyrýanyň ätiýaçlandyryş pul möçberini doly alanyndan soň ätiýaçlandyrylan meselesine (gämä, ýüke) bolan hukugyndan ätiýaçlandyryjynyň peýdasyna ýüz döndürmegi.

**Addendum** – öň baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamasyna goşmaça ätiýaçlandyryş polisiniň berilmegi.

**Akwizitor** – täze ätiýaçlandyrýanlary ätiýaçlandyryşa çekmek bilen meşgullanýan ätiýaçlandyryş wekili ýa-da dellaly.

**Aksiz (ilkinji derejeli salgyt)** – köpçülikleýin ulanylýan (çaýa, araga, maşynlara we ş.m.) harytlara we hyzmata bölekleýin salynýan salgyt.

**Aksiýa (paýnamalar)** – paýdarlar jemgyýetiniň goýberýän gymmatly kagyz. Ol eýesine paýdarlar jemgyýetiniň girdeýjisinden belli bir bölegini almaga hukuk berýär.

**Anderraýter** – ätiýaçlandyryş guramasynda töwekgelçiligi ätiýaçlandyryşa kabul etmäge hukugy bolan adam.

**Annuitet** – ätiýaçlandyrýan şertnama boýunça ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyryş tölegini bölekleýin tölemegi, soň bolsa ätiýaçlandyryjynyň kesgitlenen möhletde ätiýaçlandyrýana kepil geçilen pul möçberini tölemegi.

**Autsaýder** – ätiýaçlandyryş kompaniýasy, dellallçylyk firmasy we ş.m. Autsaýderler ätiýaçlandyryş birleşiginiň agzasy bolup durmaýarlar, assosiasiýa özüniň işinde mümkin bolan nyrh ylalaşygynda bäsdeşlik tarapy hökmünde çykyş etmekligiň geregi ýok hasaplaýar.

**Bonus** – ätiýaçlandyrýanyň ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň öňüni alanlygy üçin ätiyaçlandyryş baýragyndan (töleginden) azaltmagy ýa-da bir bölegini gaýtaryp berilmegi.

**Bordero** – ätiýaçlandyryşa kabul edilen we gaýtadan ätiýaçlandyryşa degişli töwekgelçiligiň sanawy.

**Broker (dellal)** – kompaniýa ýa-da aýratyn tarap ätiýaçlandyrýanyň we ätiýaçlandyryjynyň arasynda araçy bolup çykyş edýänler. Özüniň ygtyýary boýunça ätiýaçlandyrýanyň wekili bolup durýar we oňa ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda zyýanyň öwezini dolmagyny kepillendirmegi üpjün edýän ätiýaçlandyryjyny gözläp tapmaga borçly. Wekil komission baýragyny ätiýaçlandyryjydan alýar we olaryň öňünde ätiýaçlandyryş baýragynyň tölenmegi üçin jogapkärçilik çekýär.

**Brutto-baýragy** – ätiýaçlandyryş baýragy (tölegi) brutto-möçberi boýunça hasaplanýar.

**Brutto-möçberi** – ätiýaçlandyryş baýragynyň doly nyrh möçberi bolup, ätiýaçlandyryş ýagdaýy bolanda haky üpjün edýän pul möçberiniň netto-möçberi göz öňünde tutulýar. Netto-möçbere ýükleniş we üstüne goýmak, göz öňünde tutulmadyk çykdajylaryň ýerini dolmaklygy, duýduryş çärelerini geçirilmegi, işleri alyp barmaklygy we maksatnama peýdasynyň toplanmagy üçin bellenendir.

**Depozit** – bankdaky aýratyn hasaba girdeji almak maksady bilen goýulýan pul möçberi.

**Diwersifikasiýa** – boş ýatan puluň mejbury döwlet obligasiýasyna we beýleki bahaly kagyzlara goýdurylmagy.

**Diwidend** – banka goýulan puldan we gymmatly kagyzdan peýdany, girdejini paýnamanyň eýesiniň almagy.

**Ekstrapolýasiýa** – ekssedent zyýanyň şertnamasy boýunça gaýtadan ätiýaçlandyryş hasabynyň usuly.

**Ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiliginiň çägi** – ätiýaçlandyryş polisde bellenen ätiýaçlandyryş pul möçberi – ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiliginiň iň ýokarsy ätiýaçlandyryş şertnamasynda gökezilenler.

**Fors-mažor** – ýeňip bolmajak güýç, adatdan daşary ýagdaý (uruş, köpçülikleýin-syýasy ýörişler) sebäpli ätiýaçlandyryjynyň we ätiýaçlandyrýanyň öz borçlaryndan boşadylýan ýagdaýlar.

**Franşiza** – ätiýaçlandyrýanyň çekýän zyýanynyň ätiýaçlandyryşyň şertlerine laýyklykda ätiýaçlandyryjy tarapyndan öweziniň dolunmagyna degişli bolmadyk belli bir bölegi.

**Fraht** – gämide daşalýan ýükler ýa-da suw ulagynda daşalýan ýolagçylar üçin berilýän kireý.

**Imwestisiýa (maýa goýma)** – pul serişdelerini her hili önümçilik pudagyna, ylyma we tehnika, garyşyk biznese (halkara we öz syýahata) goşmaça peýda almak maksady bilen diwersifikasiýa görnüşi etmek.

**Ipoteka** – gozgalmaýan emläge (öý gurluşygyna, ýer titremeginden soňky dikeldiş işlerine) serişde goýmak.

**Kargo** – fraht almak maksady bilen deňiz gämisinde daşalýan ýükleriň ýa-da emlägiň ätiýaçlandyrylyşy.

**Kasko** – ýolagçylaryň, daşalýan emläkleriň, üçünji tarapyň öňündäki jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşy goşulman, ulag serişdeleriniň (gäminiň, uçaryň, awtoulagyň) durkunyň (gabarasynyň) ätiýaçlandyryşy.

**Kwota ätiýaçlandyryşy** – ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryşa gatnaşmak paýy (gaýtadan ätiýaçlandyryşa bolsa gaýtadan ätiýaçlandyryjynyň).

**Kotirowka** – nyrh tölegi boýunça ätiýaçlandyryjynyň degişli töwekgelçiligi ätiýaçlandyryşa kabul etmegi.

**Keptiw kompaniýalar** – täjirçilik ýa-da paýdarlar kompaniýasynyň özlerine degişli töwekgelçiligiň hemmesini ýa-da bölekleýin ätiýaçlandyrmak maksady bilen döredilen ätiýaçlandyryş kompanýasydyr.

**Leoýd** – anderraýterleriň hersi öz töwekgelçiligini ätiýaçlandyryşa kabul edýän, hususy ätiýaçlandyryjylaryň korporasiýasynyň tejribesinde «Lloýd» atlandyrylýar.

**Netto–möçber** – ätiýaçlandyryş nyrhynyň esasy bölegi (brutto-möçberiň), gaznasynyň toplanylmagy üçin bellenen, ätiýaçlandyryş haky üçin ulanylýar.

Netto–möçber derejesini (pul görkezijisinde) kesgitleýän esasy takyklygy, hasabat maglumatyny ýa-da bilermeniň (ekspertiň) bahasynyň esasynda kesgitlenilýän bolaýjak ätiýaçlandyryş ýagdaýy.

**Penalti** – şertnama borçnamalary ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda ulanylýan jerimeleriň bir görnüşi.

**Polis** – ýuridiki taýdan ätiýaçlandyryş şertnamasynyň tassyklanylmagy.

**Presendent** – bolan wakanyň we häzirki wagt üçin meňzeş hereketleriň esasynda ýüze çykan sebäpler ýa-da ýagdaýlar.

**Prinsipal** – ätiýaçlandyryjynyň adyndan hereket edýän wekil.

**Pul** – umumy kotel, töwekgelçiligiň gaýtadan ätiýaçlandyryşa degişli hemme ätiýaçlandyryş portfeli boýunça ýa-da ätiýaçlandyryşyň aýratyn görnüşleri boýunça hususy tutumyndan ýokary geçýän pul möçberiniň iberilýän ýeri.

**Regress** – ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda günäli tarapa ýetiren zyýanynyň öwezini doluş puluny almak maksady bilen ätiýaçlandyryjynyň talap bildirmäge hukugy.

**Rekwizitler** – degişli resminamalaryň doldurylmagy, kanun esasynda bellenen, talap edilme.

**Renta** – ýerdäki, obligasiýadaky, ätiýaçlandyryşdaky serişdelerden wagtly-wagtyna alynýan girdejiler we ş.m.. Ol telekeçilikden we ýeke-bara işlerinden alýanlardan talap edilmeýär.

**Retrosedent** – ätiýaçlandyryş ýa-da gaýtadan ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň ätiýaçlandyryşa alnan töwekgelçiligi retrosessiýa bermegi.

**Sanksiýa** – täjirçilik geleşigiň şertine laýyklykda haýsy-da bolsa bir tarapyň beýleki tarapdan geleşigi yerine ýetirmändigi sebäpli degişli öwezini dolmany talap etmäge hukugy.

**Gök (ýaşyl) karta** – awtoulag serişdeleriniň eýeleriniň raýat jogapkärçiliginiň şertnamasynyň ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň arasynda ykrar edilmeginiň ylalaşygy.

**SIF** –harydyň bahasy, ätiýaçlandyryş, fraht.

**Slip** – ätiýaçlandyryjynyň gaýtadan ätiýaçlandyryşa hödürlemäge iberýän resminamalary.

**Sýurweýer** – ätiýaçlandyryjynyň ýa-da ätiýaçlandyrýanyň haýyşy boýunça gämini we ýüki görüp olaryň ýagdaýy barada netijenama berýän bilermen.

**Sedent** –töwekgelçiligi gaýtadan ätiýaçlandyryşa berýän ätiýaçlandyryjy, ätiýaçlandyryş jemgyýeti.

**Sessiner ýa-da sessinar** – kesgitlenen töwekgelçiligi gaýtadan ätiýaçlandyryşa kabul edýän gaýtadan ätiýaçlandyryjy, ätiýaçlandyryş jemgyýeti.

**Sessiýa** – kanun adalgalaryň, kesgitlenen hukugyň berilmegini aňladýar. Mysal üçin, gaýtadan ätiýaçlandyryşa berilýän töwekgelçilik işiniň gidişi.

**Şertli franşiza** – franşizanyň çägini tutýan pul serişdeleriniň möçberindäki zyýanyň pul möçberiniň öwezi dolunmaýar. Mysal üçin, eger şertli franşiza –ABŞ-nyň 100 dollary, ýitginiň pul möçberi –ABŞ-nyň 90 dollary, şeýlelikde ätiýaçlandyryş öwezini doluş haky tölenmeýär. Eger zyýanyň pul möçberi franşizadan ýokary bolsa, onda zyýanyň öwezi doly tölenýär. Mysal üçin, eger birinji mysalda zyýanyň pul möçberi ABŞ-nyň 200 dollary bolsa, onda zyýanyň öwezi doly tölenýär.

**Şertsiz franşiza** – zyýanyň islendik pul möçberinden franşiza aýrylýar. Mysal üçin, şertsiz franşiza –ABŞ-nyň 100 dollary we ýitginiň pul möçberi –ABŞ-nyň 200 dollary, franşiza möçberi doly aýrylýar we ätiýaçlandyrýana ABŞ-nyň 100 dollary möçberinde ätiýaçlandyryş öwezini doluş haky tölenýär.

**Şomaž** – ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykmagy netijesinde önümçiligiň togtamagy bilen bagly serişdäniň ýitirilmegi sebäpli peýdany ýitirmegiň ätiýaçlandyryşy.

**Treteý sudy** – arbitraž, jedelleri çözmegiň usuly, taraplaryň kazyýet edaralaryna ýüz tutman, arbitra ýa-da treteý suduna ýüz tutmagy.

**Ýurisdiksiýa** – adyllyk. Deňiz polisinde ätiýaçlandyryş şertinden çykýan jedeller haýsy ýurduň kazyýetinde çözülmäge degişli bolsa görkezilýär.

# I.III bap. Ätiýaçlandyryş bazary we onuň gatnaşyjylary

## § 1.3.1. Ätiýaçlandyryş bazary barada düşünje

**Ätiýaçlandyryş bazary** – bu olaryň maddy we maddy däl gymmatlyklarynyň (eşretleriniň) oňaýsyz ýagdaýlaryň ähtimal ýüze çykmagyndan ätiýaçlandyryş goragy bilen üpjün edilmeginde zerurlyk çekýän ätiýaçlandyrýanlaryň (peýda alyjylaryň) şol goraglylygy ätiýaçlandyrýanlaryň töleýän ätiýaçlandyryş baýraklarynyň hasabyna döredilýän ätiýaçlandyryş gorlarynyň hasabyna üpjün edip biljek ätiýaçlandyryjy bilen ätiýaçlandyrýanyň arasynda emele gelýän ykdysady gatnaşyklaryň özboluşly ugrudyr.

Ätiýaçlandyryş bazarynyň esasy subýektleri bolan ätiýaçlandyrýanlar we ätiýaçlandyryjylar bilen bir hatarda – ätiýaçlandyryş wekilleri, dellallar we beýleki araçylar hem ätiýaçlandyryş bazarynyň gatnaşyjylarydyr.

**Ätiýaçlandyryş wekilleri** – öz işleriňi ätiýaçlandyryş guramasynyň adyndan we onuň tabşyrmagy boýunça amala aşyrýan, onuň bilen şertnama esasynda işleýän, ondan hak-heşdegini alýan edara görnüşli ýa-da şahsy taraplardyr.

Ätiýaçlandyryş guramasynyň adyndan alan ygtyýarlyklarynyň çäklerinde wekiliň öz üstüne kabul edip alan borçnamalary, ätiýaçlandyryş guramasy tarapyndan şol borçnamalar özbaşdak kabul edilip alnan hökmünde ýerine ýetirilýär.

**Ätiýaçlandyryş wekili aşakdaky esasy wezipeleri ýerine ýetirýär:**

- ätiýaçlandyryjynyň adyndan şertnama baglaşmak üçin ätiýaçlandyrýanlary ýüze çykarmaklyk;
- ätiýaçlandyrýanlara ätiýaçlandyryşyň şertlerini düşündirmek, olaryň ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyryş baýragyny tölemek üçin maliýe mümkinçiligine baglylykda ätiýaçlandyryş goragyny üpjün etmeklige ýokary mümkinçilikler berýän ätiýaçlandyryş şertnamasynyň amatly görnüşini saýlap almakda kömek bermeklik;
- aýratyn uly ätiýaçlandyryş jogapkärçilikli töwekgelçilikleri ätiýaçlandyryşa kabul etmekligi, olar boýunça ätiýaçlandyryş nyrhlarynyň möçberini ätiýaçlandyryjy bilen deslapdan ylalaşmaklyk;
- ätiýaçlandyrýanlardan ätiýaçlandyryş baýragyny (kesgitlenen çäklerde) almaklyk we ony ätiýaçlandyryja (geçirmeklik) gowşurmaklyk.

**Ätiýaçlandyryş dellallary** öz işlerini ätiýaçlandyrýanlar we ätiýaçlandyryjylar bilen şertnama esasynda amala aşyrýan özbaşdak araçylardyr.

## §1.3.2. Ätiýaçlandyryşyň meselesi we görnüşleri

Ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşan pursadyndan edara görnüşli we şahsy taraplaryň bähbitleri ätiýaçlandyryşyň meselesi hasaplanýar.

Ätiýaçlandyryş bähbidi (ýagny emläk, şahsy, jogapkärçilik bähbidi) ätiýaçlandyryşda maddy taýdan höweslendirmegiň çäresidir.

Emläk bähbidi ätiýaçlandyrýanyň eýelik edýän, peýdalanýan ýa-da ygtyýar edýän emläginiň ätiýaçlandyryş edilen bahasyndan öwezi dolunýan pulunyň alynmagyny aňladýar (emläk ätiýaçlandyryşy).

Şahsy bähbit ätiýaçlandyryş şertnamasynda göz öňünde tutulan ýagdaýlar ýüze çykanda ätiýaçlandyryş puluny almakdan ybaratdyr we ätiýaçlandyrýanyň ýa-da ätiýaçlandyrylanyň ömri, saglygy, işe ukyplylygy, pensiýa üpjünçiligi, durmuş taýdan goraglylygy bilen baglanyşyklydyr (şahsy ätiýaçlandyryş).

Bähbitler şahsyýete ýa-da şahsy tarapyň emlägine, şeýle hem edara görnüşli tarapa ätiýaçlandyrýan tarapyndan ýetirilen zyýanyň öwezini dolmagy bilen baglanyşykly bolup biler (jogapkärçilik ätiýaçlandyryşy).

Ätiýaçlandyryşyň subýekti (ätiýaçlandyryjydan başga) – ätiýaçlandyrýan, ätiýaçlandyrylan adam peýda alyjydyr.

Türkmenistanyň çäginde ýerleşýän edara görnüşli taraplaryň ätiýaçlandyryş meseleleri diňe Türkmenistanyň çäginde ätiýaçlandyryş işini amala aşyrmaga ygtyýarnamasy bar bolan ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan ätiýaçlandyrylmaga degişlidir.

### §1.3.3. Ätiýaçlandyryş şertnamasy we kadalary

**Ätiýaçlandyryş şertnamasy** – ätiýaçlandyryş guramasy bilen ätiýaçlandyrýanyň arasyndaky ylalaşykdyr. Şoňa laýyklykda ätiýaçlandyryş guramasy şertnamada göz öňünde tutulan ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda ätiýaçlandyrýana ýa-da şol borçnama başga bir adamyň peýdasyna berjaý edilmäge degişli bolup, ätiýaçlandyryş pul möçberini ýa-da ätiýaçlandyryş öwezini doluş puluny tölemegi, şertleşilen şertnamanyň çäklerinde beýleki maddy kömegi bermegi, ätiýaçlandyrýana bolsa bellenen möhletde ätiýaçlandyryş baýragyny (ätiýaçlandyryş tölegini) tölemegi we şertnamanyň beýleki şertlerini ýerine ýetirmegi borç edinýär.

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak üçin ätiýaçlandyryş guramasyna ýazmaça arza berýär ýa-da başga usul bilen ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak isleýändigi hakynda öz islegini mälim edýär.

Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda we ätiýaçlandyryşyň düzgünlerinde başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyryş guramasy tarapyndan bellenilen ýa-da

taraplaryň ylalaşygy esasynda belli bir döwür üçin baglaşylýar we ätiýaçlandyryş baýragy tölenen pursatyndan başlap, ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan hasap edilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylanda ätiýaçlandyryş guramasy ätiýaçlandyrýana şertnama baglaşylandygyny tassyklaýan ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny – polisi ýa-da resminamany berýär.

Ätiýaçlandyryş guramasynyň adyndan şertnama baglaşmaga ygtyýar edilen adam gol çekýär. Eger oňa degişli hukuk berlen bolmasa, onda onuň ätiýaçlandyryşyň şertlerini üýtgetmäge haky ýokdur.

Eger ätiýaçlandyryşyň şertleri (düzgünleri) ýa-da taraplaryň ylalaşygy bilen oňa üýtgetmeler girizmek göz öňünde tutulan bolsa, onda ätiýaçlandyryş şertnamasynyň dowam edýän döwründe ätiýaçlandyrýanlaryň oňa üýtgetmeleri girizmäge haky bardyr.

**Ätiýaçlandyryşyň kadalary** ätiýaçlandyrylýan (ätiýaçlandyrylan şahs, peýda görüji) we ätiýaçlandyryjynyň arasynda ätiýaçlandyryş gatnaşyklaryny döredýän ätiýaçlandyryş guramasynyň esasy guramaçylyk–hukuk resminamalarydyr. Olarda ätiýaçlandyryşyň meselesi, töwekgelçilikler, ätiýaçlandyryşyň (meýletin ýa-da hökmany) geçirilişiniň umumy şertleri we tertibi, taraplaryň hukuklary we borçlary, olar barada kesgitlenen çäklendirmeler hem-de olaryň hereketleriniň yzygiderliligi, jedelli meseleleriň çözülişiniň usullary kesgitlenilýär.

Ätiýaçlandyryş barada ýazmaça arza belli bir zatlaryň (meseleniň) ätiýaçlandyrýanyň ätiýaçlandyryjynyň adyna soňky bellenen ülňe boýunça ätiýaçlandyryşy göz öňünde tutmasydyr. Ätiýaçlandyryş baradaky arzanyň ätiýaçlandyryş gatnaşyklaryny gurmak üçin aşakdaky ýaly örän uly ähmiýeti bardyr:

- ätiýaçlandyrýanyň emläk bähbitleriniň ätiýaçlandyryşynyň geçirilmegine azat islegini tassyklaýar;
- gös-göni ýa-da oňa ätiýaçlandyryşa degişli emläkleriň teswiri, şahsy taraplaryň ätiýaçlandyryş sanawy goşulýar. Ätiýaçlandyrýan (peýda alyjy, ätiýaçlandyrylan adam), ätiýaçlandyryşyň zatlary barada takyk maglumaty we ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak üçin gerek bolan, beýleki maglumatlary saklamak;

- gös-göni ätiýaçlandyryş şertnamasyna degişli we laýyk hukuk ähmiýeti bolan resminama.

Ätiýaçlandyryjy özbaşdak ätiýaçlandyryşyň belli bir görnüşi boýunça ätiýaçlandyryş guramalarynyň ulanýanynyň mazmunyna meňzeş arzanyň nusgasyny işläp taýýarlaýar.

**Ätiýaçlandyryş töwekgelçilikleriniň sanawy** ýüze çykan ýagdaýynda ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş töleglerini tölemek borçlaryny döredýän ätiýaçlandyryşy amala aşyrylan ätiýaçlandyryş töwekgelçilikleriniň ýa-da ätiýaçlandyryş ýagdaýlarynyň sanawy görkezilýär. Şol ýerde-de ätiýaçlandyryşa degişli däl hadysalaryň we ätiýaçlandyryş bilen örtülmeýän hadysalaryň ýa-da olaryň netijeleriniň sanawy görkezilýär.

**Ätiýaçlandyryş pul möçberi** – bu ätiýaçlandyryş pul möçberi töleglериniň we ätiýaçlandyryş öwezini dolmagyň möçberlerini kesgitlemek üçin ätiýaçlandyryş şertnamasynda ýa-da Türkmenistanyň kanunçylyk namalaryna baglylykda kesgitlenen puluň jemidir.

Emläk ätiýaçlandyrylan ýagdaýynda, ätiýaçlandyrýanyň ätiýaçlandyryş guramasy bilen şolar ýaly emlägiň bazar bahasyndan ýa-da bilermeniň bahalandyryşyndan ugur alyp kesgitleýän ätiýaçlandyryş pul möçberi emlägiň ätiýaçlandyrylýan pursatyndaky bahasyndan ýokary bolmaly däldir.

**Ätiýaçlandyryş möhleti** – ätiýaçlandyryş kadalary boýunça ätiýaçlandyryş şertnamasynyň baglaşylan möhleti.

**Ätiýaçlandyryş baýraklary (tölegleri)** – ätiýaçlandyryş şertnamasyna ýa-da Türkmenistanyň kanunçylyk namalaryna laýyklykda ätiýaçlandyrýanyň ýa-da onuň adyndan hereket edýän başga bir şahsyň ätiýaçlandyryş guramasyna ätiýaçlandyryş üçin tölemäge degişli tölegleri.

**Ätiýaçlandyryş nyrhy we onuň gurluşy** – (ätiýaçlandyryş tejribesinde nyrh möçberi we aýratyn edebiýatda brutto-möçberi) ätiýaçlandyrýanyň ätiýaçlandyryjynyň özünde ätiýaçlandyryş üçin göz öňünde tutýan tölegi manat birliginde ätiýaçlandyryş pul möçberi ýa-da ätiýaçlandyryş zatlaryna, ýa bolmasa umumy ätiýaçlandyryş pul möçberine göterimlerde.

Ätiýaçlandyryş nyrh ýa-da brutto-möçberi netto-möçberinden we ýüklenişden (goşantdan) ybaratdyr.

**Netto – möçber** – brutto – möçberiň esasy bölegi bolup, ätiýaçlandyryş gor gaznasynyň emele getirilmegi üçin öňünden taýýarlanylýar, ol häzirki ätiýaçlandyryş hakynyň we ätiýaçlandyryş gorunyň döredilmegi üçin ulanylýar.

Ýükleniş ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş işleri amala aşyranda ätiýaçlandyryşyň töwekgelçiligini aşaklatmak boýunça çäreleri amala aşyrmagy goşmak bilen çykdajylarynyň ýapylmagy üçin niýetlenendir.

Esasy maksat ätiýaçlandyryş nyrhy hasaplanyp çykarylanda bolup biljek zyýanyň her ätiýaçlandyrýana ýa-da birine düşýän ätiýaçlandyryş pul möçberini kesgitlemek we ýapmakdyr. Eger nyrh möçberi bolup biljek zyýany dogry görkezýän bolsa, onda ätiýaçlandyrýanlaryň arasynda zyýanyň hökmany bölünmegini üpjün edýär. Şonuň ýaly-da nyrh möçberlerinde ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş jogapkärçiliginiň möçberiniň kesgitlenmesi we çäklenmesi görkezýär. Başgaça aýdylanda, ätiýaçlandyryş nyrhy özüne ätiýaçlandyryş gaznasyny, ätiýaçlandyryş işleriniň ýitgisiz geçirilmeginiň dogry ölçegini kabul edýär.

Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryşy geçirmekde iki meseläni çözmäge, ýagny onuň ätiýaçlandyrýanlaryň giň köpçüligine elýeter bolmagy we aşaky nyrhdan ätiýaçlandyryş jogapkärçiliginiň ep-esli möçberini üpjün etmek üçin çalyşýar. Eger nyrh möçberi dogry hasaplanan bolsa, onda gerek bolan ätiýaçlandyryş amallarynyň maliýe durgunlygyny üpjün edýär (girdejiniň we çykdajynyň deňagramlyk durgunlygyny ýa bolmasa girdejiniň we çykdajydan ýokary bolmagyny).

Hökmany ätiýaçlandyryş boýunça ätiýaçlandyryş nyrhy ätiýaçlandyryş hakyndaky Türkmenistanyň kanunçylyk namalary, meýletin ätiýaçlandyryş boýunça bolsa ätiýaçlandyryş guramasy tarapyndan Türkmenistanyň döwlet ätiýaçlandyryş gözegçiligi gullugy bilen ylalaşyp bellenilýär.

**Ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda taraplaryň özara gatnaşyklary.** Eger ätiýaçlandyryş şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, ätiýaçlandyryş başlanan ýagdaýynda em-

läk ätiýaçlandyryş boýunça tölenilmeli ätiýaçlandyryş tölegleri, ätiýaçlandyryş pul möçberinden ýokary bolup bilmez. Eger ätiýaçlandyryş şertnamasynyň şertlerinde başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, ätiýaçlandyryş pul möçberi emlägiň ätiýaçlandyryş bahasyndan pes bolan ýagdaýynda, ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegleriniň möçberi, ätiýaçlandyryş pul möçberiniň emlägiň ätiýaçlandyryş bahasyna bolan gatnaşygyna proporsional ýagdaýda kemelýär. Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň şertlerinde ätiýaçlandyryş hakyny tölemegiň pul möçberiniň çäklerinde ýetirilen zyýanyň öwezini natural görnüşde dolmak bilen hem çalşyrmak göz öňünde tutulyp bilner.

Ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan tölenýän ätiýaçlandyryş pul möçberi we ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegleri salgyt, ýygym salynmaga degişli däldir, şol pul möçberlerden döwlet pajy alynmaýar.

Ätiýaçlandyryş pul möçberlerini (ätiýaçlandyryş öwezini doluş töleglerini) tölemeklik saglyk, derňew, kazyýet we beýleki edaralaryň hökmany suratda berýän resminamalarynda çykaran netijeleriniň esasynda 7 bank gününiň dowamynda amala aşyrylýar.

*Jedelli soraglara seretmegiň tertibi.* Ätiýaçlandyryş işini döwlet tarapyndan düzgünleşdirmek boýunça gatnaşyklardan gelip çykýan jedeller kazyýet tertibinde çözülýär. Gaýdylmaýan hak isleglerine garalan mahalynda Türkmenistanyň ätiýaçlandyryş guramalary döwlet paçlaryny tölemekden boşadylýar.

## I.IV bap. Ätiýaçlandyryş amallaryny toparlamak

### §1.4.1. Ätiýaçlandyryşy toparlandyrmagyň esaslary

Ätiýaçlandyryş ykdysady gatnaşyklaryň bir ulgamy bolmak bilen, ätiýaçlandyryş jogapkärçiliginiň obýektlerini we subýektlerini hem-de hukuk kadalar we kanunlar bilen kesgitlenen işi gurnamaklygyň dürli görnüşlerini özünde jemleýär. Ykdysady gatnaşyklaryň dürlüligini tertipleşdirmek we ýeke-täk özara bagly ul-

3. Sargyt № 2539

gamy döretmek üçin, ätiýaçlandyryşy toparlandyrmak (klassifikasiýa etmek) zerur bolup durýar.

**Ätiýaçlandyryşyň toparlandyrmagy** – ätiýaçlandyryşy bölmekligiň ylmy ulgamy bolmak bilen, ätiýaçlandyryşy işjeňliginiň çygryna, pudagyna we görnüşine görä bölmekdir. Ätiýaçlandyryşy toparlandyrmagyň esasynda ätiýaçlandyryşyň öbýektleriniň we ätiýaçlandyryşyň jogapkärçilik göwrüminiň dürlüligi diýen iki sany ölçeg öz ornuny tapýar. Şeýle bölünmäniň esasynda, toparlandyrmagyň ätiýaçlandyryşyň obýektleri we howplulygyň görnüşi boýunça diýen iki ulgamy ulanylýar. Has giň we anyk manyda ätiýaçlandyryşyň toparlandyrmasy, bu ätiýaçlandyryjylaryň, olaryň işjeňliginiň çygrynyň, ätiýaçlandyryş obýektleriniň köpdürlüligini, ätiýaçlandyrýanlaryň kategoriýalara bölünmesini, ätiýaçlandyryşyň jogapkärçilik göwrüminiň we ätiýaçlandyryş amallaryny geçirmekligiň dürlüligini aňlatmakdyr.

Bazarda ýöriteleşen ätiýaçlandyryş guramalary hereket edýär, olar eýeçiligine görä döwlet we döwlete dahylsyz ätiýaçlandyryş guramalara bölünýärler hem-de özleriniň hökmany we meýletin görnüşdäki ätiýaçlandyryş amllaryny (önümlerini, hyzmatlaryny) amala aşyrýarlar.

Ätiýaçlandyryşyň işjeňlik çygry içerki, daşarky we garyşyk ätiýaçlandyryş bazarlary öz içine alýar. Bu bolsa, ätiýaçlandyryş ulgamynyň guramaçylyk toparlandyrmasydyr. Guramaçylyk görnüşi boýunça ätiýaçlandyryş işi *döwlet, paýdarlar, özara we kooperatiw* ätiýaçlandyryşlara bölünýär.

**Döwlet ätiýaçlandyryşy,** bu ätiýaçlandyryjy hökmünde döwletiň adyndan hereket edýän ýörite ygtyýarlandyrylan guramalardyr.

**Paýdarlar ätiýaçlandyryşy,** bu döwlete dahylsyz görnüşde guralan edara bolup, ätiýaçlandyryjy hökmünde paýdarlar jemgyýetleri çykyş edýärler.

**Özara ätiýaçlandyryş,** bu döwlete dahylsyz tarap bolup, onda şahsy we edara görnüşli taraplar öz ýitgileri ýüze çykanda birek-birege arkalaşyp, dörejek ýitginiň öwezini dolmaklyga ylalaşyk gazanýarlar we özara ätiýaçlandyryş jemgyýetleri görnüşinde öz işjeňliklerini amala aşyrýarlar. Bu gurama täjirçilik däl görnüşli bolup, ol peýda gazanmaklygy özüne maksat edinmeýär.

**Kooperatiw ätiýaçlandyryşy,** bu döwlete dahylsyz gurama bolup, ätiýaçlandyryş işjeňligi kooperatiwler tarapyndan amala aşyrylýar.

**Medisina ätiýaçlandyryşy,** bu ätiýaçlandyryş işjeňliginiň aýratyn bir görnüşi bolup, Türkmenistanda ilatyň saglygyny goramak boýunça sosial goraglylygyň bir görnüşi hökmünde çykyş edýär. Onuň maksady – ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda, toplanan serişdeleriň hasabyna raýatlara lukmançylyk kömegini bermekligi kepillendirmek we profilaktiki çäreleri maliýeleşdirmek.

Bazar ykdysadyýeti şertlerinde ätiýaçlandyryşy *emläk, şahsy* we *jogapkärçilik* ätiýaçlandyryşy hem-de *ykdysady töwekgelçilikleriň* ätiýaçlandyryşy diýen esasy dört pudaga bölmek bolýar.

Ätiýaçlandyryş jemgyýetine çekmeklik usuly boýunça, ätiýaçlandyryş amallary hökmany we meýletin görnüşlerde amala aşyrylýar.

Hökmany ätiýaçlandyryşyň başyny başlaýjysy bolup döwlet çykyş edýär we jemgyýetçilik bähbitleri üpjün etmek üçin, kanun esasynda edara görnüşli we şahsy taraplary serişdeleri geçirmeklige borçlandyrýar.

Meýletin ätiýaçlandyryş, bu kesgitli hukuk kadalary esasynda ätiýaçlandyryş jemgyýetiniň agzalarynyň arasynda ýitgini meýletin paýlaşmakdyr.

## §1.4.2. Hökmany we meýletin ätiýaçlandyryş

Ol ýa-da beýleki obýektleriň ätiýaçlandyryş goraglylygy aýratyn ätiýaçlandyrýanlaryň bähbitlerine bagly bolman, ähli jemgyýetiň bähbitlerine bagly bolanda döwlet **hökmany ätiýaçlandyryşy** belleýär. Hökmany ätiýaçlandyryş degişli kanunçylyk namalarynyň esasynda amala aşyrylýar, ol resminamalarda ätiýaçlandyryşa degişli obýektleriň sanawy, ätiýaçlandyryş jogapkärçiliginiň göwrümi, ätiýaçlandyryş üpjünçiliginiň derejesi, ätiýaçlandyryşa gatnaşýan taraplaryň esasy hukuklary we borçlary, ätiýaçlandyryş tölegleriniň tariflerini kesgitlemegiň tertibi we beýleki meseleler öz ornuny tapýar.

Kanun, hökmany ätiýaçlandyryşy amala aşyrmaklyk tabşyrylan ätiýaçlandyryş guramalarynyň sanawyny kesgitleýär. Hökmany ätiýaçlandyryşda ätiýaçlandyryş obýektleriniň ähli̇si dolulygyna ätiýaç-

landyrylýar. Hökmany ätiýaçlandyryşda obýektleriň köp bölegeiniň ätiýaçlandyrylýandygy sebäpli, ätiýaçlandyryş tarifleriniň iň pes (minimal) derejesini ulanmaklyk mümkinçiligi döreýär hem-de ol ätiýaçlandyryş amallarynyň ýokary maliýe durnuklylygyny saklamaklygy üpjün edýär.

**Meýletin ätiýaçlandyryş,** bu ätiýaçlandyryşyň görnüşleriniň biridir. Hökmany ätiýaçlandyryşdan tapawutlylykda, ol diňe meýletin esaslarda ätiýaçlandyrýan bilen ätiýaçlandyryjynyň arasynda şertnamanyň baglaşylmagy netijesinde ýüze çykýar. Köplenç, şertnama baglaşylanda, ätiýaçlandyryşa gatnaşyjylaryň arasyndaky araçy bolup dellallar, wekiller çykyş edýärler. Meýletin ätiýaçlandyryşy geçirmek üçin ätiýaçlandyryş kanunçylygy hukuk esas bolup hyzmat edýär. Kanunçylyk namalardan ugur almak bilen hem ätiýaçlandyryşyň meýletin görnüşleriniň şertleri we düzgünleri kesgitlenilýär. Meýletin ätiýaçlandyryş şertnamasy diňe ätiýaçlandyryş baýragy (tölegi) tölenilenden soňra güýje girýär. Muňa aşakdaky meselede göz ýetirmek bolar.

**Mesele:**

Proporsional jogapkärçilik ulgamy boýunça ätiýaçlandyryş öwezini doluş pulunyň möçberini kesgitlemeli.

Hasaplamak üçin maglumatlar:

– ätiýaçlandyryşyň obýektiniň hakyky bahasy (ÄOB) – 30 müň manat;

– ätiýaçlandyryş pul möçberi (ÄM) – 8 müň manat;

– ätiýaçlandyryş ýagdaýyň netijesinde ýitgi (ÄHÝ) – 900 manat.

ätiýaçlandyryş öwezini doluş pulunyň möçberi (ÄÖDP)– ?

$$\text{ÄÖDP} = \frac{\text{ÄM} * \text{ÄHÝ}}{\text{ÄOB}} =$$

$$\text{ÄÖDP} = \frac{8 * 900}{30} = 240 \text{ manat.}$$

$$8 / 30 * 100 = 26{,}6\%$$

$$900 * 26{,}6\% = 240 \text{ manat.}$$

# I.V bap. Ätiýaçlandyryş işini guramak

## §1.5.1. Döwlet ätiýaçlandyryş gözegçiliginiň mazmuny we wezipeleri

Ätiýaçlandyryş işine döwlet gözegçiligi Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan amala aşyrylýar.

Ätiýaçlandyryş işine döwlet gözegçiligi Türkmenistanyň ätiýaçlandyryş baradaky kanunçylygynyň talaplaryny berjaý etmek, ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny netijeli ösdürmek, ätiýaçlandyrýanlaryň, ätiýaçlandyryş guramalarynyň, beýleki gyzyklanýan taraplaryň hukuklaryny we bähbitlerini goramak maksady bilen amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Maliýe ministrliginiň ätiýaçlandyryş işine gözegçiligi boýunça esasy wezipeleri şu aşakdakylardyr:

- ätiýaçlandyryş guramalaryna, ätiýaçlandyryş dellallaryna ätiýaçlandyryş işini amala aşyrmak üçin ygtyýarnamalar bermek;
- ätiýaçlandyryş guramalarynyň we ätiýaçlandyryş dellallarynyň (döwlet reýestrini alyp barmak;
- öz hususy ätiýaçlandyryş rezerwleri babatynda kabul edilýän jogapkärçiligiň aňryçäk möçberini kesgitlemek;
- ätiýaçlandyryş tarifleriniň esaslydygyna we ätiýaçlandyryş guramalarynyň tölege ukyplydygynyň üpjün edilmegine gözegçilik etmek;
- ätiýaçlandyryş guramalarynda ätiýaçlandyryş rezerwlerini, ätiýaçlandyryş tariflerini, girdejileri döretmegiň we ýerleşdirmegiň kadalaryny bellemek;
- hasaba alşy ýöretmegiň, hasabaty düzmegiň birmeňzeşligini üpjün etmek;
- ätiýaçlandyryş guramalarynyň işini düzgünleşdiriji kadalaşdyryjy we usulyýet resminamalaryny işläp taýýarlamak;
- ätiýaçlandyrýanlaryň we ätiýaçlandyryş guramalarynyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak baradaky çäreleri amala aşyrmak;

- ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan ätiýaçlandyryş hakyndaky Kanunyň we ätiýaçlandyryş hakyndaky kanunçylyk namalarynyň berjaý edilmegine gözegçilik etmek;
- ätiýaçlandyryş işiniň praktikasyny umumylaşdyrmak, ätiýaçlandyryş hakyndaky kanunçylygy ösdürmek we kämilleşdirmek boýunça teklipleri bellenilen tertipde işläp taýýarlamak we bermek;
- ätiýaçlandyryşyň täze görnüşleriniň ornaşdyrylmagyna ýardam etmek we ätiýaçlandyryş işini kämilleşdirmek boýunça teklipleri işläp taýýarlamak.

Maliýe ministrligi öz wezipe borçlarynyň çäklerinde ätiýaçlandyryş işine gözegçilik etmek boýunça şu aşakdykalara haklydyr:

- ätiýaçlandyryş guramalaryndan we ätiýaçlandyryş dellallaryndan ätiýaçlandyryş işi hakyndaky bellenilen hasabaty, olaryň maliýe ýagdaýy hakyndaky habary almaga;
- ätiýaçlandyryş guramalary we ätiýaçlandyryş dellallary tarapyndan Türkmenistanyň ätiýaçlandyryş hakyndaky kanunçylygynyň berjaý edilişine we olar tarapyndan berilýän hasabatyň dogrulygyna barlaglary geçirmäge;
- ätiýaçlandyryş guramalary we ätiýaçlandyryş dellallary tarapyndan Kanunyň talaplarynyň bozulmalary ýüze çykarylan ýagdaýynda, olary düzetmek boýunça kesgitnama bermek, kesgitnama ýerine ýetirilmedik ýagdaýynda ýüze çykarylan düzgün bozulmalar düzedilýänçä olara berlen ygtyýarnamalaryň hereketini togtatmak ýa-da çäklendirmek ýa-da ygtyýarnamalary yzyna almak hakynda karar kabul etmäge;
- hereket edýän kanuny bozýan ätiýaçlandyryş guramalary, ätiýaçlandyryş dellallary hakda köpçülige habar beriş serişdeleri arkaly habar bermek.

Türkmenistanyň Maliýe ministrligi Türkmenistanyň ätiýaçlandyryş bazarynda monopolistik işiň we ynsapsyz bäsdeşligiň duýdurylmagyny, çäklendirilmegini we öňüniň alynmagyny üpjün edýär.

## § 1.5.2. Ätiýaçlandyryş işini ygtyýarlandyrmak

«Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, ätiýaçlandyrmak babatynda işler ygtyýarlylandyrylanda hökmany bolan kadalary belleýär.

**Ätiýaçlandyrmak babatynda işi ygtyýarlylandyrmagyň maksady** – Türkmenistanda ätiýaçlandyryş bazarynyň kadaly işlemegine we geljekki ösüşine gözegçiligi üpjün etmek, şeýle hem işiň ygtyýarlylandyrylýan gönüşi amala aşyrylanda ätiýaçlandyrylýanlaryň hem-de döwletiň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramakdan ybaratdyr.

Ätiýaçlandyryşda ulanylýan adalgalar we olaryň manysy:

1) *ätiýaçlandyrmak babatynda iş* – ätiýaçlandyryjylaryň, gaýtadan ätiýaçlandyryjylaryň we ätiýaçlandyryş dellallarynyň ätiýaçlandyrmak görnüşlerini (görnüşini) amala aşyrmak boýunça işi;

2) *ätiýaçlandyrmagyň görnüşleri* – ätiýaçlandyryş guramalary bilen ätiýaçlandyrylýanlaryň arasynda baglaşylýan şertnamalaryň esasynda amala aşyrylýan meýletin (döwlet tarapyndan bolmadyk) ätiýaçlandyrma we Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda amala aşyrylýan hökmany (döwlet tarapyndan) ätiýaçlandyrma;

3) *ätiýaçlandyryjy* – tertipnama boýunça esasy işi ätiýaçlandyrmak (gaýtadan ätiýaçlandyrmak) barada şertnamalary baglaşmak we ýerine ýetirmek, şeýle hem ätiýaçlandyrýanlara we ätiýaçlandyrylan taraplara goşmaça hyzmatlary etmek, maýa goýum işini alyp barmak bolan telekeçilik edara görnüşli tarapy;

4) *gaýtadan ätiýaçlandyryjy* – tertipnama boýunça esasy işi gaýtadan ätiýaçlandyrmak barada şertnamalary baglaşmak we ýerine ýetirmek, şeýle hem maýa goýum işini alyp barmak bolan telekeçilik edara görnüşli tarapy;

5) *ätiýaçlandyryş dellaly* – Türkmenistanda ätiýaçlandyrmak we gaýtadan ätiýaçlandyrmak meseleleri boýunça geňeş bermek işini, öz adyndan we ätiýaçlandyrylýanyň (gaýtadan ätiýaçlandyrýanyň) tabşyrygy bilen ätiýaçlandyryş ýa-da gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşmak boýunça araçyllyk işini (ätiýaçlandyryş bo-

ýunça dellallçylyk amallaryny) amala aşyrýan telekeçilik edara görnüşli tarapy;

6) *ätiýaçlandyrylýan* – Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşan edara görnüşli we kämillik ýaşyna ýeten şahsy taraplar;

7) *gaýtadan ätiýaçlandyrylýan* – öz üstüne alan ätiýaçlandyryş töwekgelçiliklerini gaýtadan ätiýaçlandyrmaga bermegi amala aşyrýan ätiýaçlandyryjy (gaýtadan ätiýaçlandyryjy);

8) *gaýtadan ätiýaçlandyrmak* – iki ätiýaçlandyryjynyň ýa-da gaýtadan ätiýaçlandyryjynyň arasyndaky ylalaşygy, oňa laýyklykda bir ätiýaçlandyryjy (gaýtadan ätiýaçlandyryjy) beýleki ätiýaçlandyryja (gaýtadan ätiýaçlandyryja) öz jogapkärçiliginiň bir bölegini (ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça kabul edilen jogapkärçiligiň öz serişdeleriniň hasabyna ýapylmaýan bölegini) berýär;

9) *ätiýaçlandyryş kadalary* – ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş babatynda işiň belli bir görnüşi boýunça ätiýaçlandyrmagy amala aşyrmagynyň şertlerini we tertibini kesgitleýän resminama;

10) *prudensial ölçegler* – döwletiň ätiýaçlandyryş gözegçiligi edarasy tarapyndan bellenýän we ätiýaçlandyryjylar (gaýtadan ätiýaçlandyryjylar) tarapyndan berjaý edilmegi hökmany bolan, tölege ukyplylygyň we maliýe durnuklylygynyň ölçegleri;

11) *ätiýaçlandyryş şertnamasy* – belli bir ýagdaýlar (atiýaçlandyryş ýagdaýlary) ýüze çykanda ätiýaçlandyrylýanlar tarapyndan ätiýaçlandyryjylara tölenýän ätiýaçlyk tölegleriniň hasabyna ätiýaçlyk öwez tölegini tölemek maksady bilen, ätiýaçlandyryjy bilen ätiýaçlandyrylýanyň arasynda şahsy we edara görnüşli taraplaryň emläk we beýleki bähbitlerini goramak baradaky geleşigi;

12) *ätiýaçlandyryş töwekgelçiligi* – ýüze çykmagy, ähtimallygy we tötänligi ähtimal bolan wakany ýüze çykan ýagdaýynda ätiýaçlandyrmak.

Özleriniň guramaçylyk-hukuk görnüşine garamazdan, ätiýaçlandyryjylaryň, gaýtadan ätiýaçlandyryjylaryň we ätiýaçlandyryş dellallarynyň Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan berilýän ygtyýarnamanyň esasynda ätiýaçlandyrmak babatynda işi amala aşyrmaga hukugy bardyr.

Ygtyýarlylandyryjy edara Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde döwletiň ätiýaçlandyryş gözegçiligi edarasynyň hukuklaryna we borçlaryna eýedir.

Ätiýaçlandyrmak babatynda işi amala aşyrmaga hukuk degişli ygtyýarnamanyň alnan pursadyndan başlap güýje girýär we ol hukuk ygtyýarnamanyň möhletiniň tamamlanmagy bilen güýjüni ýitirýär.

Ygtyýarnama almazdan ätiýaçlandyrmak babatynda işiň amala aşyrylandygy üçin Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen jogapkärçilige çekilýär.

Ätiýaçlandyrmak babatynda işi amala aşyrmak üçin ygtyýarnama ätiýaçlandyryşyň aşakdaky görnüşlerini ýerine ýetirmäge hukuk berýär:

- şahsy bähbitleriň döwlet tarapyndan (hökmany) ätiýaçlandyrylmasyna, emläk bähbitleriniň ätiýaçlandyrylmasyna, jogapkärçilik ätiýaçlandyrylmasyna; gaýtadan ätiýaçlandyrma we ätiýaçlandyrma boýunça dellallçylyk işine (kody – 66031);
- şahsy bähbitleriň döwlet tarapyndan bolmadyk (meyletin) ätiýaçlandyrylmasyna, emläk bähbitleriniň ätiýaçlandyrylmasyna, jogapkärçilik ätiýaçlandyrylmasyna; gaýtadan ätiýaçlandyrma we ätiýaçlandyrma boýunça dellallçylyk işine (kody – 66032).

Ätiýaçlandyrmak babatynda işiň görnüşleriniň düzümi ygtyýarnamada Türkmenistanyň Prezidentiniň 2009-njy ýylyň 27-nji fewralynda çykaran 10281-nji Karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň ykdysady işiniň görnüşleriniň Döwlet klassifikatorynyň şertli belgilerine (kodlaryna) laýyklykda görkezilýär.

Ätiýaçlandyrmak babatynda işi amala aşyrmaga hukuk berýän ygtyýarnama 5 ýyl möhlete berilýär. Bu möhlet kanunçylykda bellenen tertipde gysgaldylyp ýa-da uzaldylyp bilner.

### Ätiýaçlandyrmak babatynda işi ygtyýarlylandyrmagyň guralyşyna bildirilýän hökmany talaplar

Ygtyýarnama bermek baradaky arzada ygtyýarnamanyň dalaşgäri özüniň amala aşyrmagy maksat edinýän ätiýaçlandyryş işiniň görnüşini (görnüşlerini) görkezýär, şeýle hem ätiýaçlandyrmak ba-

batynda işi ygtyýarlylandyrmagyň we amala aşyrmagyň tertibini düzgünleşdirýän Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen tanşandygyny habar berýär we olary ýerine ýetirmäge borçlanýar.

Ygtyýarnamanyň dalaşgäri ätiýaçlandyrmak babatynda işi amala aşyrmaga hukuk berýän ygtyýarnamany almak üçin Ygtyýarlylandyryjy edara «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynda göz öňünde tutulan resminamalardan başga aşakdakylary arzanyň ýanyna goşýar:

l) esaslyk maýanyň iň pes möçberiniň doly tölenendigini (täze döredilýän ätiýaçlandyryjy, gaýtadan ätiýaçlandyryjy, ätiýaçlandyryş dellaly üçin), öz maýasynyň zerur bolan möçberine degişli Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenen talaplaryň ýerine ýetirilendigini (hereket edýän ätiýaçlandyryjylar (gaýtadan ätiýaçlandyryjy we ätiýaçlandyryş dellaly) üçin) tassyklaýan resminamalary;

2) ätiýaçlandyryş amallaryny ösdürmek meýilnamasyny (Ygtyýarlylandyryjy edara tarapyndan bellenen prudensial ölçegleri hasaba almak bilen, meýilnamalaşdyrylýan ätiýaçlyk amallarynyň görnüşleri we möçberleri, gaýtadan ätiýaçlandyryş goragyny guramak);

3) amallaryň görnüşleri boýunça ätiýaçlandyryş kadalarynda (ätiýaçlandyryjy üçin) aşakdakylar görkezilmelidir:

a) ätiýaçlandyryşyň şu görnüşiniň aýratynlyklary barada umumy düzgünler;

b) ätiýaçlandyryş subýektleriniň toparyny (ätiýaçlandyryjylar, ätiýaçlandyrylan taraplar) kesgitlemek we ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak boýunça çäklendirmeler;

ç) ätiýaçlandyryş obýektlerini kesgitlemek;

d) ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlyk tölegleri (esasy we goşmaça şertler) boýunça jogapkärçiligi ýüze çykýan ätiýaçlyk ýagdaýlarynyň sanawyny kesgitlemek;

e) jogapkärçilik çägi (limiti) (ätiýaçlyk pul möçberi);

ä) ätiýaçlyk tölegleriniň (baýraklaryň) tarifleri (möçberleri);

f) ätiýaçlandyrmagyň aňryçäk (iň az) möhletleri;

g) ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşmagyň we ätiýaçlyk tölegleri (baýraklary) tölemegiň tertibi;

h) ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça taraplaryň özara borçnamalary we ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça töleg tölemekden boýun gaçyryp bolýan ýagdaýlar;

i) ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça nägileliklere garamagyň tertibi.

Kadalaryň ýanyna ätiýaçlandyryş şertnamalarynyň (polisleriň), gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamalarynyň görnüşleriniň nusgalary goşulmalydyr;

4) ätiýaçlandyryş tarifleriniň hasaplamasy (hasaplama usuly);

5) ätiýaçlandyryş guramasynyň ýolbaşçy işgärler wezipesine saýlanýan (bellenýän) adamlaryň hünär taýdan laýyk gelýändigi barada aşakdaky maglumatlar görkezilýär:

a) hünär derejesi barada kepilnama. Onda ýokarda görkezilen adamlaryň familiýasy, ady, atasynyn ady, ýaşaýan ýeri, pasport maglumatlary, wezipesi, bilimi hakyndaky maglumatlar (diplomyň belgisini, kim tarapyndan berlendigini we berlen senesini goşmak bilen), iş döwri (hünäri boýunça), şeýle hem Ygtyýarlylandyryjy edara tarapyndan bellenen görnüş boýunça zerur bolan beýleki maglumatlar;

b) ýokary bilimi hakyndaky diplomyň kepillendiriş edarasy tarapyndan tassyklanan nusgasy;

ç) ygtyýarnamanyň dalaşgärı tarapyndan tassyklanan zähmet depderçesiniň nusgasy;

6) ygtyýarnamanyň dalaşgärinde, ygtyýarlylandyrylýan işi amala aşyrmak üçin oňa eýeçilik hukugy esasynda ýa-da başga bir kanuny esasda degişli bolan jaýlaryň bardygyny tassyklaýan resminamalaryň kepillendiriş edarasy tarapyndan tassyklanan nusgalary.

Ygtyýarlylandyrylýan işiň düzüminde şulary amala aşyrmagy niýet edinýän ygtyýarnamanyň dalaşgäri resminamalaryň ýanyna goşmaça aşakdakylary goşýar:

1) ätiýaçlandyrmagy amala aşyrmaga degişli bolan ähli resminamalar;

2) gaýtadan ätiýaçlandyrmagy amala aşyrmak üçin talap edilýän resminamalar;

3) dellallçylyk amallaryny amala aşyrmaklyk üçin gerek bolan resminamalar.

Ätiýaçlandyrmagyň haýsydyr bir görnüşi boýunça işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşini amala aşyrmaga ygtyýarnamasy bolan we işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşiniň düzümindäki ätiýaçlandyryşyň goşmaça görnüşleri bilen meşgullanmak üçin ätiýaçlandyryjy talap edilýän resminamalary goşmaça goşýar.

Ygtyýarnama ätiýaçlandyrmak babatynda işiň düzümine ätiýaçlandyryşyň goşmaça görnüşlerini goşmak ony gaýtadan resmileşdirmek tertibinde amala aşyrylýar.

Aýry-aýry bu ýagdaýlarda ygtyýarnamanyň dalaşgäri tarapyndan berilýän resminamalardaky maglumatlar barlananda Ygtyýarlylandyryjy edaranyň aşakdaky ýagdaýlarda goşmaça seljeriş işlerini geçirmegiň zerurdygy barada çözgüt kabul etmäge hukugy bardyr:

1) berlen resminamalar boýunça ygtyýarnama bermek, ony gaýtadan resmileşdirmek, hereketini uzaltmak ýa-da dowam etdirmek, ygtyýarnama ätiýaçlandyrmak babatynda işiň goşmaça görnüşlerini goşmak barada anyk çözgüt çykarmaga mümkinçilik bermeýän çaprazlyklar we laýyk gelmezlikler ýüze çykarylan ýagdaýynda;

2) ygtyýarnamanyň dalaşgäri ätiýaçlandyrmak babatynda işiň yglan edilen görnüşini amala aşyrmagyň kadalaryny bozandygy barada gözegçilik edýän edaralaryň, ätiýaçlandyrylýanlaryň ýa-da ätiýaçlandyrylan taraplaryň ýazmaça habarnamalarynyň esasynda;

3) işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşine ozal berlen ygtyýarnama onuň ygtyýarnamanyň talaplaryny we şertlerini bozandygy sebäpli ýatyrylan bolsa.

Ygtyýarnamanyň dalaşgäri goşmaça seljerişiň bellenmegi bilen ylalaşmadyk ýagdaýynda, onuň ygtyýarnama gözegçiligi edarasyna şikaýat etmäge hukugy bardyr.

Ygtyýarlylandyryjy edara ygtyýarnama bermekden, ony gaýtadan resmileşdirmekden, hereketini uzaltmakdan ýa-da dowam etdirmekden ýüz öwürse, ygtyýarnamanyň dalaşgäriniň (ygtyýarnamalynyň) ygtyýarnama gözegçiligi edarasyna ýa-da kazyýete şikaýat etmäge, şeýle hem garaşsyz seljeriş geçirmegi talap etmäge hukugy bardyr.

Bilermenleriň zähmet tölegleri bilen bagly çykdajylar, şeýle hem garaşsyz seljerişi geçirmek bilen gönüden-göni baglanyşykly goşmaça çykdajylar ygtyýarnamanyň dalaşgäri tarapyndan tölenýär.

Ätiýaçlandyrmak babatynda işi amala aşyrmaga hukuk berýän ygtyýarnama Ygtyýarlylandyryjy edaranyň ýolbaşçysy tarapyndan gol çekilýär we Ygtyýarlylandyryjy edaranyň möhri basylýar.

## Ygtyýarlylandyrmaga bildirilýän talaplar we şertler

Ygtyýarnamanyň dalaşgärine bildirilýän ygtyýarlylandyryş talaplary we şertleri aşakdakylardyr:

- işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşiniň amala aşyrylmagyny düzgünleşdirýän ölçegleri we kadalary berjaý etmek, şol sanda kesgitlenen prudensial ölçegleri berjaý etmek;
- ätiýaçlandyryjynyň (gaýtadan ätiýaçlandyryjy, ätiýaçlandyryş dellaly) işgär wezipe düzüminde işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşini alyp barmak üçin zerur bolan bilim derejesi we hünär taýýarlygy bolan hünärmenleriň bolmagy;
- ätiýaçlandyrmagyň we ätiýaçlandyrylan taraplaryň bähbitlerini goramagyň ýokary derejesini üpjün etmek;
- işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşini ygtyýarnama berlenden soň bir ýyldan gijä galman amala aşyrmak;
- ätiýaçlandyrylýanlaryň, ätiýaçlandyrylan taraplaryň Ygtyýarlylandyryjy we beýleki gözegçilik edaralarynyň talaby boýunça ygtyýarnamany ýa-da ygtyýarnamanyň nusgasyny görkezmegi.

Ygtyýarnamaly tarapyndan berjaý edilmegi hökmany bolan prudensial ölçegler aşakdakylardyr:

1) ätiýaçlandyryjynyň (gaýtadan ätiýaçlandyryjynyň) kabul edilen borçnamalar bilen olaryň geçginliligini hasaba almak arkaly aktiwleriniň arasyndaky gatnaşyk ölçegleri hökmünde bellenýän we berjaý edilmäge degişli tölege ukyplylyk görkezijileri:

a) şahsy bähbitleri ätiýaçlandyrmak boýunça, ömri ätiýaçlandyrmakdan başga – esaslyk maýanyň we ätiýaçlyk gorunyň pul möçberiniň 40 essesinden ýokary bolmadyk möçberde;

b) emläk bähbitlerini ätiýaçlandyrmak boýunça – esaslyk maýanyň we ätiýaçlyk gorunyň pul möçberiniň 40 essesinden ýokary bolmadyk möçberde;

ç) jogapkärçiligiň ähli görnüşlerini ätiýaçlandyrmak boýunça esaslyk maýanyň we ätiýaçlyk gorunyň pul möçberiniň 30 essesinden ýokary bolmadyk möçberde;

d) gaýtadan ätiýaçlandyrmak boýunça – esaslyk maýanyň we ätiýaçlyk gorunyň pul möçberiniň 30 essesinden ýokary bolmadyk möçberde;

2) maliýe durnuklylygynyň berjaý edilmegi hökmany bolan esasy görkeziji ätiýaçlandyryjynyň (gaýtadan ätiýaçlandyryjynyň) hususy töwekgelçilik boýunça borçnamalarynyň aňryçäk möçberi bolup durýar, ol esaslyk maýanyň we ätiýaçlyk gorunyň pul möçberiniň 10%-nden ýokary bolmaly däldir.

Öz üstüne esaslyk maýanyň we ätiýaçlyk gorunyň hasabyna ýerine ýetirilmegi mümkin bolmadyk möçberlerde borçnama alan ätiýaçlandyryjylar (gaýtadan ätiýaçlandyryjy) ätiýaçlandyrmak boýunça öz borçnamalarynyň bir böleginiň üstüni dolmagy beýleki ätiýaçlandyryjyda ýa-da gaýtadan ätiýaçlandyryjyda üpjün etmelidirler.

Ygtyýarnamanyň talaplarynyň we şertleriniň aşakdaky ýaly bozulmagy Ygtyýarlylandyryjy edara üçin ygtyýarnamanyň hereketını togtatmaga esas bolup durýar:

1) ygtyýarnamaly tarapyndan ygtyýarnamanyň möhletini uzaltmak ýa-da ony gaýtadan resmileşdirmek üçin arzanyň öz wagtynda berilmezligi;

2) ygtyýarnamada göz öňünde tutulmadyk ätiýaçlandyryşyň görnüşiniň ýa-da beýleki hyzmatlaryň amala aşyrylmagy;

3) ätiýaçlandyryş amallarynyň möçberiniň ätiýaçlandyryjynyň mümkinçiliklerine laýyk gelmezligi;

4) ätiýaçlandyryjynyň (gaýtadan ätiýaçlandyryjynyň) batyp galmak töwekgelçiligi;

5) ätiýaçlyk gorlaryny emele getirmek we peýdalanmak bilen baglanyşykly düzgün bozmalar;

6) ätiýaçlandyryjy tarapyndan ätiýaçlandyrylýanlaryň we ätiýaçlandyrylan taraplaryň öňündäki borçnamalarynyň yzygiderli ýerine ýetirilmezligi.

*Ygtyýarnamanyň hereketiniň togtadylan döwründe:*

1) ätiýaçlandyryjynyň (gaýtadan ätiýaçlandyryjynyň, ätiýaçlandyryş delallynyň) ätiýaçlandyrmak barada täze şertnamalary baglaşmaga haky ýokdur;

2) ätiýaçlandyryjy, gaýtadan ätiýaçlandyryjy we ätiýaçlandyryş dellaly ätiýaçlandyrmak barada ozal baglaşylan şertnamalar boýunça kabul edilen borçnamalaryny şol şertnamalaryň möhleti tamamlanýança ýerine ýetirmäge borçludyr.

Ygtyýarnamanyň hereketini togtatmak barada çözgüt kabul etmek bilen, Ygtyýarlylandyryjy edara şu aşakdaky ýagdaýlarda ygtyýarnamany ýatyrmak barada kazyýete talap arzasyny berýär:

1) ygtyýarnamaly tarapyndan ygtyýarnama talaplarynyň we şertleriniň raýatlaryň hukuklaryna, kanuny bähbitlerine, ahlagyna, ömrüne we saglygyna, döwletiň goranmak ukybyna we howpsuzlygyna, daşky gurşawa zyýan (zelel) ýetmegine getiren derejede bozulanda;

2) ygtyýarnama bermek baradaky çözgüdiň bikanunlygy ýüze çykarylanda;

3) ätiýaçlandyryjy, gaýtadan ätiýaçlandyryjy we ätiýaçlandyryş dellaly tarapyndan ygtyýarnama berlenden soň bir yylyň dowamynda işiň ygtyýarlylandyrylýan görnüşi amala aşyrylmasa;

4) Ygtyýarlylandyryjy edara tarapyndan ygtyýarnamanyň hereketini togtatmak barada 3 ýylyň dowamynda ikiden köp çözgüt çykarylanda.

Ygtyýarnamanyň hereketiniň haýsydyr bir möhlete togtadylmagy onuň hereket edýän möhletiniň uzaldylmagyna getirmeýär.

«Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunynda bellenen edara görnüşli taraplaryň ygtyýarnama almazdan işi amala aşyrmaga hukugy olary «Ätiýaçlandyrmak babatynda işi ygtyýarlylandyrmak hakynda düzgünnamada» bellenen ygtyýarnamanyň talaplaryny we şertlerini berjaý etmek borjundan boşatmaýar.

Ygtyýarnamanyň talaplarynyň we şertleriniň bozulandygy bilen baglanyşykly edara görnüşli tarapyň işini togtatmak ýa-da oňa işi amala aşyrmagy gadagan etmek Ygtyýarlylandyryjy edara tarapyndan «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakynda-

ky» Türkmenistanyň Kanunynda ygtyýarnamanyň hereketini togtatmak ýa-da ýatyrmak üçin bellenen tertipde amala aşyrylyp bilner.

Ätiýaçlandyrmak babatynda işe ygtyýarnama berlende hökmany bolan, «Ätiýaçlandyrmak babatynda işi ygtyýarlylandyrmak hakynda düzgünnamada bellenmedik beýleki kadalar «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna, şeýle hem şu işi amala aşyrmagy düzgünleşdirýän Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda ýerine ýetirilýär.

## I.VI bap. Ätiýaçlandyryşdaky marketing

### §1.6.1. Ätiýaçlandyryjynyň marketingi

**Marketing** – ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň işjeňligini dolandyrmaklygyň usuly we ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň bazaryny öwrenmekligiň usuly hökmünde ýaňy-ýakyndan bäri ulanylyp başlandy. Günbatar döwletleriniň ätiýaçlandyryş kompaniýalary marketingi 1960-njy ýylda giňden ulanyp başladylar, emma ätiýaçlandyryş hyzmatlar bazarynda «marketing» düşünjesi giň manyly bolup galýar. Häzirki wagta çenli bu düşünjäniň anyk kesgitlemesi ýok. Bu terminiň iki sany manysy has giň ýaýran hasaplanýar.

Marketing, has irki kesgitlemesinde ätiýaçlandyryş kompaniýasynyň işjeňliginiň esasy wezipesi – ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny ätiýaçlandyryjydan ätiýaçlandyrýana ýetirmeklige gönükdirilen ugur hökmünde kesgitlenýär.

Ikinji, ýagny döwrebap kesgitlemesi marketingi, ätiýaçlandyryş kompaniýasynyň tutuş işjeňligini gurnamak we dolandyrmak meselesine töwerekleýin (kompleksleýin) çemeleşmeklik, ýagny mümkin bolup biljek islege görä ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň görnüşlerini we möçberini hödürlemeklik hasaplaýar. Şeýlelikde, isleg ätiýaçlandyryş kompaniýasynyň tagallasy (güýji) bilen döredilýär we onuň özi tarapyndan hem kanagatlandyrylýar.

Ätiýaçlandyryş kompaniýasynyň marketing gullugy (bölümi) esasy (düýp) merkez hasaplanýar, sebäbi ätiýaçlandyryjynyň gündelik we gelejekdäki işjeňliginiň köp meseleleri boýunça esaslandyrylan maglumatlaryň we teklipleriň çeşmesi bolup durýar.

Ätiýaçlandyryş bazarynyň esasy bolup ätiýaçlandyrýan çykyş edýär, sebäbi onuň ätiýaçlandyryş goraglylygyna bolan islegine we zerurlygyna görä, ätiýaçlandyryjynyň we onuň marketing gullugynyň işjeňligi kesgitlenýär.

Hemmeler tarapyndan ykrar edilen günbatar tejribesinde ulanylýan ätiýaçlandyryş menejmentiň «4P» modeli (ülňüsi) dolandyryşyň aşakdaky dört sany derejesini özünde jemleýär:

*Ätiýaçlandyrýanlar* – olaryň sanyny artdyrmaklyk ätiýaçlandyryjynyň marketing gullugynyň maksadydyr. Islendik ätiýaçlandyryş kompaniýasy özüniň teklip edýän hyzmatlaryna isleg bolan ýagdaýynda bazar şertlerine döz gelip bilýär.

*Ätiýaçlandyryş hyzmatlary* – ätiýaçlandyryjynyň hödürleýän ätiýaçlandyryş şertnamalarynyň görnüşleriniň sanawy.

*Ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň bahasy* – ätiýaçlandyryş şertnamasynyň anyk görnüşi baglaşylanda ulanylýan tarif möçberi. Tarif möçberi ätiýaçlandyryş töwekgelçiligiň ululygy, ätiýaçlandyryjynyň işi alyp barmak boýunça edýän çykdajylarynyň ululygy we beýleki ýagdaýlar esasynda kesgitlenilýär.

*Bazar* – anyk ätiýaçlandyrýan tarapyndan ätiýaçlandyryş hyzmatyny satyn almaklyga fiziki we ýuridiki mümkinçilik. Ol ätiýaçlandyryş hyzmatynyň ösen infrastrukturasynyň bolmaklygy, maglumat üpjünçiligi, iş maksatnamasynyň çeýeligi we beýleki ýagdaýlar bilen şertlendirilendir.

Daşary ýurt ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň tejribesi ätiýaçlandyryş hyzmatlaryna islegiň döremegini we müşderileriň ätiýaçlandyryş isleglerini kanagatlandyrmaklygy aňladýan iki sany esasy wezipeden durýan marketing prossesini häsiýetlendirýär.

Ykdysady nazaryýetde bellenilişine görä, islegi döretmek – bu bar bolan islegiň derejesini meýil edilýän derejä ýetirmek maksady bilen, mümkin bolup biljek müşderilere maksatly tasir etmekdir. Bu wezipe bolup biljek ätiýaçlandyrýanlara täsir edip bilýän

4. Sargyt № 2539

usullaryň (metodlaryň) we serişdeleriň jeminden (maksatly mahabatyň (reklamanyň) kömegi bilen täsir etmek we ynandyrmak, ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşmak boýunça guramaçylyk çäreleriniň giň gerimi, ätiýaçlandyryş hyzmatlary üçin tarifleriň differensirlenmegi we beýlekiler) ybaratdyr.

Marketingiň ikinji esasy wezipesi müşderileriň ätiýaçlandyryş isleglerini kanagatlandyrmaklykdyr. Ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň ýokary medeniýetiniň kömegi bien bu wezipäni amala aşyrmaklyk ätiýaçlandyryş hyzmatlaryna täze islegleri döretmekligiň girewidir. Ätiýaçlandyryş kompaniýalary köp möçberdäki serişdeleri ätiýaçlandyryş polislerini satmaklygyň ugurlaryny kämilleşdirmeklige, müşderilere hyzmat edilişini gowulandyrmaklyga we özüniň abraýyny (imidjini) saklamaklyga harç edýär.

Ätiýaçlandyrýanlara hyzmat etmekligiň ölçegi hökmünde, olar tarapyndan bildirilýän şikaýatlaryň (arzalaryň) bolmazlygy hasaplanylýar. Eger ätiýaçlandyryş hyzmatlaryna isleg gaçyp ugrasa, onda ätiýaçlandyryjynyň marketing gullugynyň ýolbaşçysy islegiň peselmesiniň sebäplerini ýüze çykarmaly we olary aradan aýyrmak boýunça degişli çäreleri geçirmeli. Şeýle anyk çäreler hökmünde kompaniýanyň abraýyny (imidjini) gowulandyrmak, hyzmatlaryň hilini ýokarlandyrmak, tarif möçberlaryna täzeden garamak we ş.m. bolup biler.

Ätiýaçlandyryjynyň marketingi özüne aşakdaky elementleri jemleýär:

- *bolup biljek ätiýaçlandyrýanlary öwrenmek* (Bu seljermäniň çäklerinde müşderileriň islegleri kesgitlenilýär, ýagny adamlaryň meýili, höwesi we endikleri, olaryň ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň ol ýa-da beýleki görnüşlerine garaýyşlary öwrenilýär);
- *ätiýaçlandyryş şertnamalary baglaşylanda bolup biljek müşderileriň sebäplerini öwrenmek* (Bu ýerde ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryşyň bu görnüşini ileri tutýandygy barada sorag ýüze çykýar. Seljermäniň çäklerinde ätiýaçlandyrýanyň diňe bir islegleri we endikleri öwrenilmän, eýsem, onuň meýilleri we hereketleri öwrenilýär, bu bolsa netijelei ätiýaçlandyryş syýasatyny alyp barmaklyga ýardam edýär);

- *ätiýaçlandyryş kompaniýasynyň bazarynyň seljermesi* (Bular ýaly seljeriş ol ýa-da beýleki ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň bazaryň göterip biljek göwrümini kesgitlemek üçin geçirilýär. Ol, esasan bir ýa-da birnäçe birmeňzeş ätiýaçlandyryş amallary boýunça amala aşyrylýar);
- *ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň görnüşlerine ylmy-derňew işlerini geçirmek* (Bu ylmy-derňew işleriniň netijesinde bolup biljek müşderilere nähili täze ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny hödürlemeli, ätiýaçlandyryş şertnamalarynyň şertlerini düşündirýän mahabaty kimlere gönükdirmeli diýen soraglara jogap tapylýar);
- *ätiýaçlandyryjyndan bolup biljek müşderilere ýetirilýän ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň ugurlaryny we görnüşlerini seljermek* (Bu ugurda ätiýaçlandyryjy bilen ätiýaçlandyrýanyň arasynda durýan araçylaryň işleriniň wezipeleri we aýratynlyklary öwrenilýär);
- *bäsdeşleri öwrenmek, bäsdeşligiň görnüşini we derejesini kesgitlemek* (Bu ýerde ilkinji nobatda bazardaky esasy bäsdeşleriňi bellemeli hem-de olaryň güýçli we gowşak taraplaryny ýüze çykarmaly. Bäsdeşler barada maglumatlary toplamaly, ýagny maliýe ýagdaýy, bazarda ulanýan tarif möçberleri, ätiýaçlandyryş işini dolandyryşy baradaky maglumatlary jemlemeli);
- *reklama işjeňligini öwrenmek*;
- *ätiýaçlandyryjyndan bolup biljek müşderilere ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny ýetirmekligiň has netijeli usullaryny kesgitlemek.*

Marketingiň şu bellenilen elementlerini göz öňünde tutmak bilen, ätiýaçlandyryş kompaniýasynyň umumy marketing maksatnamasy işlenilip taýýarlanylýar.

## §1.6.2. Ätiýaçlandyryş bazaryny segmentlemek

Ätiýaçlandyryjynyň tejribedäki marketingi aşakdaky esasy ýörelgelere (prinsiplere) esaslanýar:

- ätiýaçlandyryş bazarynyň ýagdaýyny çuňňur öwrenmek;

- ätiýaçlandyryş bazaryny segmentlemek (şahsy we emläk ätiýaçlandyryşy tapawutlandyrmak);
- ätiýaçlandyrýanlaryň soraglaryna we meselelerine çeýe çemeleşmek;
- innowasiýa (ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny bazaryň talaplaryna laýyk getirmekligi hemişe kämilleşdirmek).

Daşary ýurt ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň işjeňliginde marketingiň ätiýaçlandyryş önümine (hyzmatlaryna) gönükdirilen we ätiýaçlandyrýanlara gönükdirilen marketing diýen iki sany esasy görnüşi tapawutlandyrylýar.

Ätiýaçlandyryş kompaniýasynyň ätiýaçlandyryş dellallary we wekilleri bilen bilelikde işlemek arkaly, özüniň ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak üçin birnäçe usullary ulanmaklyga mümkinçilikleri bardyr.

Ol usullaryň giňden ýaýranlarynyň biri – *ätiýaçlandyryş bazaryny segmentlemekdir*, ýagny ätiýaçlandyrýanlary, ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny we ätiýaçlandyryjylary umumy alamatlary boýunça toparlara bölmekdir. Meselem, ätiýaçlandyrýanlaryň arasynda segmentlemek geografiki we demografiki, girdejileriň derejesi we ş.m. ýaly alamatlar boýunça amala aşyrylyp bilner.

Ätiýaçlandyryjydan bolup biljek müşderilere ätiýaçlandyryş hyzmatlary ýetirmeklik esasan, ekstensiw, aýratyn (isklýuçitelnyý) we saýlama (wyboroçnyý) diýen üç sany usul boýunça amala aşyrylýar.

*Ekstensiw usul* ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmaklyga ukyply ätiýaçlandyryş kompaniýasynyň islendik araçysyny ulanmakdan ybaratdyr.

*Aýratyn usulda* ätiýaçlandyryş kompaniýasy diňe bir baş ätiýaçlandyryş wekiliniň üsti bilen öz hyzmatlaryny ýerleýär, ýagny şol sebitde ätiýaçlandyryş hyzmatyny amala aşyrmaklyk üçin aýratyn hukuk berlen ätiýaçlandyryş wekil çykyş edýär.

*Saýlama usulda* ätiýaçlandyryş hyzmatlary iki ýa ondanam köp ätiýaçlandyryş wekilleriniň üsti bilen ýerlenilýär.

## §1.6.3. Ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň bäsdeşligi we bäsdeşlige ukyplylygy

*Bäsdeşlik* ösen ätiýaçlandyryş bazarynyň aýrylmaz düzüm bölegidir. Hakyky bazar ykdysadyýetini bäsdeşliksiz göz öňüne getirmek mümkin däldir. Şol sebäpli-de, bäsdeşligi çuňňur öwrenmeklige, ýagny onuň derejesini we ösüşini bilmeklige, has güýçli bäsdeşleriň güýjüni we bazar mümkinçiliklerini bilmeklige, saýlap alan ätiýaçlandyryş bazarlaryňdaky bäsdeşligiň gelejegini öwrenmeklige zerurlyk döreýär. Bazarda bäsdeşleriň bolmaklygy, her bir ätiýaçlandyryjyny öz müşderileriniň isleg-talaplaryna ünsli bolmaklyga mejbur edýär.

Ätiýaçlandyryjylaryň arasynda *bahaly (senowaýa)* we *bahasyz (nesenowaýa)* bäsdeşlik tapawutlandyrylýar.

*Bahaly bäsdeşligiň* esasynda, ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak üçin ulanylýan tarif möçberi ýatyr. Tarif möçbersyny peseltmeklik, ätiýaçlandyryjy tarapyndan öz ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny beýlekileriňkiden tapawutlandyrmaklyga we bolup biljek müşderileriň ünsüni şol hyzmatlara çekmeklige hemişe esas bolupdyr.

*Bahaly bäsdeşlik,* esasan autsaýder (yza galak) ätiýaçlandyryjylar tarapyndan ätiýaçlandyryş biznesiniň ägirtleri (gigantlary) bilen göreşde ulanylýar, sebäbi *bahasyz bäsdeşlik* ulgamynda ägirtler bilen bäsleşmek üçin autsaýderleriň güýji we mümkinçiligi ýokdur.

Bahasyz bäsdeşlik ilkinji nobatda ätiýaçlandyryjylaryň öz müşderilerine goşmaça serwis hyzmatlary (ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň paýnamalaryny edinmeklige artykmaç hukuklary, gozgalmaýan emläkleri edinmeklige ýardam etmekligi, mugt hukuk häsiýetli maslahatlary bermekligi we ş.m.) hödürlemekligini öňe sürýär. *Bahasyz bäsdeşligiň* has güýçli ýaragy hökmünde hemişe mahabat çykyş edýär, häzirki wagtda onuň orny we manysy hasam artýar. Mahabatyň kömegi bilen ösen döwletleriň ätiýaçlandyryş kompaniýalary öz ätiýaçlandyrýanlarynyň öňünde firmalarynyň abraýyny artdyrmaklyga ymtylýarlar.

Şeýle hem, bahasyz bäsdeşligiň kanuny däl usullary hem ulanylýar. Olara nou-hau ogurlygy (şpionažy), ätiýaçlandyryş işiniň pro-

fessional syrlaryny bilýän hünärmenleri özüňe yrmak (çekmek) we ş.m. girýär.

Ätiýaçlandyryjynyň bäsdeşlige ukyplylygyny häsiýetlendirýän ykdysady we guramaçylyk görkezijilerini tapawutlandyrmak bolýar. Ykdysady görkezijileriň hataryna kompaniýanyň işgärlerini okatmaklyk üçin edilýän harajatlary, ätiýaçlandyryş wekillerine berilýän baýraklary we ş.m. goşmak bolýar. Guramaçylyk görkezijileri – bu baglaşylýan ätiýaçlandyryş şertnamalarynda ulanylýan tarifler babatdaky indirimler ulgamy we ýeňilliklerdir.

Bäsdeşlik – bu monopoliýa ters gelýän ýagdaýdyr.

# I.VII bap. Ätiýaçlandyryşyň tarifleriniň nazaryýet esaslary

## §1.7.1. Ätiýaçlandyryşyň tarifleriniň manysy we meselesi

Ätiýaçlandyryşyň islendik görnüşi boýunça tarif möçberleriniň hasaplamasy (aktuar hasaplamasy) aýratyn bir prosess bolup, onda ätiýaçlandyrylýan obýekti ätiýaçlandyrmak üçin çykdajylaryň möçberi kesgitlenilýär. Aktuar hasaplamalaryň kömegi bilen ätiýaçlandyryjy tarapyndan ätiýaçlandyrýana hödürlenilýän hyzmatlaryň düşewüntliligi we bahasy kesgitlenilýär. Has umumylaşdyrylan görnüşde aýdylanda, aktuar hasaplamalar ätiýaçlandyryjy bilen ätiýaçlandyrýanyň özara gatnaşyklaryny düzgünleşdirýän matematiki we statistiki kanunalaýyklyklardyr.

Aktuar hasaplamalaryň kömegi bilen ätiýaçlandyryş gaznany döretmek üçin ätiýaçlandyrýanyň paýy kesgitlenilýär, has takygy tarif möçberleriniň möçberleri kesgitlenilýär.

Belli bir obýekti ätiýaçlandyrmak boýunça zerur bolan çykdajylary kesgitlemeklik – ätiýaçlandyryjynyň işjeňligindäki iň bir agyr (kyn) we jogapkärli pursatlardyr. Ol ýa-da beýleki ätiýaçlandyryş amalyny amala aşyrmak üçin çykdajylary hasaplamaklygyň görnüşine *ätiýaçlandyryş* (*aktuar*) *kalkulýasiýasy* (*tükellemesi*) diýilýär.

Aktuar tükellemäniň ornuna birnäçe tarapdan garamak bolýar: bir tarapdan ätiýaçlandyrjynyň hödürleýän ätiýaçlandyryş hyzmatynyň özüne düşýän gymmatyny kesgitlemeklige ýardam edýär, beýleki tarapdan bolsa hemmetaraplaýyn (maliýe-ykdysady netijelerine) seljerme işlerini geçirmeklik üçin şert döredýär.

Aktuar tükelleme şertnama üçin tölenilmeli ätiýaçlandyryş töleglerini kesgitlemeklige hem ýardam edýär. Tölenilmeli ätiýaçlandyryş tölegleriň möçberi ätiýaçlandyryjy tarapyndan kabul edilýän töwekgelçiligiň ölçegini aňladýar. Aktuar hasaplamanyň düzümine ätiýaçlandyryş şertnamasyna hyzmat etmek boýunça işleri geçirmek üçin çykdajylaryň möçberini hasaplamak hem girýär.

Aktuar tükellemeleriň nazaryýetiniň esaslary D. Grauntyň, Ýan de Wittanyň, E. Galleýiň ylmy işlerinde öz ornuny tapýar. 1662-nji ýylda iňlis alymy D. Grauntyň «Ölüş derejesine adaty we syýasy synlama» atly işi çap edildi. Ol ilkinji bolup adamlaryň ölüş derejesi baradaky maglumatlary seljerdi we adamyň ölüş derejesiniň tablisasyny düzdi. Şol bir wagtda Golland alymy Ýan de Witt «Ömürlik renta ätiýaçlandyryşy boýunça tarifler baradaky» işini çap edýär. Aktuar tükellemeleriň nazaryýeti soňraky ösüşini iňlis astronomy we matematigi E. Galleýiň işinden alyp gaýdýar. Ol ölüm derejesiniň esasy tablisalaryny kesgitleýär. E. Galleý tarapyndan teklip edilen tablisalaryň görnüşleri häzirki wagtda hem ulanylýar. Ömür we pensiýa ätiýaçlandyryşy boýunça tarifleri hasaplamaklygyň häzirki döwür tärleri E. Galleý tarapyndan işlenilip taýýarlanylan usullara daýanýar. Häzirki wagtda aktuar hasaplamalaryň teoriýasynda matematikadaky we statistikadaky gazanylan täze üstünlikler ulanylýar.

## § 1.7.2. Tarif möçberi

Tarif möçberi – baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryş töwekgelçiliginiň we beýleki çykdajylaryň bahasy, ätiýaçlandyryjynyň borçnamasynyň pul bilen aňladylmagy.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylanda ulanylýan tarif möçberine başgaça, *brutto-möçber* diýilýär. Öz gezeginde ol hem *netto-möçberden* we *goşantdan (artdyrmadan)* diýen iki bölekden durýar.

*Netto-möçber* töwekgelçiligiň, ýagny ýangynyň suw almanyň, partlamanyň we ş.m. bahasyny aňladýar. *Goşant* – ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş işini gurnamak we amala aşyrmak boýunça çykdajylaryny ýapýar, ätiýaçlyk gaznasyna geçirilmeli tölegleri üpjün edýär we peýdanyň elementlerini özünde jemleýär. Ätiýaçlandyryşyň islendik görnüşi boýunça netto-möçberiň esasynda ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň bolmaklygynyň ähtimallygy durandyr.

*Netto – möçber* tutuşlygyna ätiýaçlandyrýanlara öwezini doluş töleglerini tölemeklik boýunça gaznany döretmeklik üçin niýetlenilýär. Başgaça aýdylanda, ätiýaçlandyryş kompaniýasy ätiýaçlandyrýanlara öwezini doluş tölegleri hökmünde şol serişdeleri yzyna gaýdyp berer ýaly möçberde ätiýaçlandyryş baýraklaryny ýygnamaly.

**Netto-möçberi hasaplamaklygyň tertibi:**

– ätiýaçlandyrylan obýekt – 100 sany;

– olardan ýylda 2-si ätiýaçlandyryş ýagdaýyna sezewar bolýar; ýagny ol ýagdaýlaryň sany – 0,02 ýa-da 2%;

– Netto möçberi nähili hasaplamaly?

Eger ol obýektleriň her biri 200 müň manatlyk ätiýaçlandyrylan bolsa, onda bir ýylda 400 müň manat (0,02*100*200 müň manat) möçberde öwezini doluş puluny tölemeli bolýar. Eger öwezini doluş pulunyň möçberini (400 müň manat) ätiýaçlandyrylan obýektleriniň sanyna paýlasak, onda her bir ätiýaçlandyrýanyň umumy ätiýaçlandyryş gaznadaky paýyny taparys – 4 müň manat (0,02*200 müň manat). Bu ätiýaçlandyryş baýragyny hem (4 müň manady) soňra ätiýaçlandyryjy öwezini doluş puluny töläp biler ýaly serişdeleriň ýeterlik bolmaklygy üçin her ätiýaçlandyrýan tölemeli bolýar. Bu ýerde 4 müň manat – ätiýaçlandyryşyň şu görnüşi boýunça netto-möçber ýa-da 100 manatlyk ätiýaçlandyryş möçberden 2 manat möçberde ätiýaçlandyryş baýrak tölemeli (goşantsyz).

$$Tn = P(A) * K * 100,$$

Bu ýerde $Tn$ – netto-möçber;

$A$ – ätiýaçlandyryş ýagdaý;

$P(A)$ – ätiýaçlandyryş ýagdaýyň ähtimallygy;

*K* – bir ätiýaçlandyryş şertnama boýunça ortaça öwezini doluş pulunyň ortaça ätiýaçlandyryş möçbere bolan gatnaşygy.

**Brutto – möçber aşakdaky formula arkaly hasaplanylýar:**

*Tb* = *Tn* + Gabc... ,

Bu ýerde Tb – brutto- möçber;
*Tn* – netto- möçber;
Gabc... – goşant (artdyrma).

## §1.7.3. Ätiýaçlandyryş işini ýöretmek üçin çykdajylar – tarif möçberiniň bir elementi hökmünde. Ätiýaçlandyryş statistikanyň görnüşleri

Tarif möçberi hasaplanylanda degişli goşantlar (nadbawkalar) goşulýar. Ol goşantlaryň düzüminiň esasy maddasy *işi ýöretmek üçin çykdajylardyr*. Bu maddanyň düzümine ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak we oňa hyzmat etmek bilen bagly çykdajylar goşulýar.

Şeýle hem, işi ýöretmek üçin çykdajylary guramaçylyk, akwizisiýa, inkassasiýa, likwidasion we dolandyryş çykdajylaryna bölmek bolýar.

– *Guramaçylyk çykdajylar* – ätiýaçlandyryş jemgyýetiniň döredilmegi bilen bagly. Ol çykdajylar ätiýaçlandyryjynyň aktiwleri hökmünde hasaba alynýar, sebäbi maýa goýumlary (inwestisiýa) bolup durýar.

– *Akwizision çykdajylar* – ätiýaçlandyryş wekilleriniň üsti bilen täze ätiýaçlandyrýanlary çekmek we ätiýaçlandyryş şertnamalary baglaşmak bilen bagly, ätiýaçlandyryş jemgyýetiniň önümçilik çykdajylary.

– *Inkassasiýa çykdajylary* – ätiýaçlandyryş tölegleriniň (baýraklarynyň) nagt-pul dolanyşygyna hyzmat etmek bilen bagly harajatlardyr. Ýagny, töleg kabul etmeklik üçin blankalary, kwitansiýalary, wedomostlary, kitaplary we ş.m. taýýarlamak üçin edilýän harajatlar.

– *Likwidasion çykdajylar* – ätiýaçlandyryş ýagdaýy bilen ýetirilen ýitgini aradan aýyrmak (likwidirlemek) býunça çykdajylar. Ola-

ryň düzümine likwidatorlaryň (ýitgini likwidirleýän (aradan aýyrýan) adamlaryň) zähmetine hak tölemek, kazyýet harajatlary, poçta-telegraf çykdajylary we ätiýaçlandyryş öwezini doluş puluny tölemek boýunça çykdajylar goşulýar.

– *Dolandyryş çykdajylary* – umumy dolandyryş we emläk dolandyryşy bilen bagly çykdajylardyr.

Aktuar hasaplamalaryň tejribesinde ätiýaçlandyryş statistikasy giňden ulanylýar. *Ätiýaçlandyryş statistikasy* – bu, ätiýaçlandyryş işini häsiýetlendirýän, ätiýaçlandyryş amallarynyň has köp gabat gelýän (massowyý) we bir tipli (tipowoý) görnüşleriniň jemlenen natural we bahaly (stoimostnoý) görkezijilerini statistika ylmynyň usullary esasynda öwrenmekligiň we umumylaşdyrmaklygyň ulgamydyr.

Statistika taýdan öwrenmeklige degişli ähli görkezijiler iki topara bölünýär, ýagny birinjisi, ätiýaçlandyryş gaznasynyň toplanyş prossesini, ikinjisi, ony ulanmaklygyň prossesini görkezýär.

Statistika ozal bolan ol ýa-da beýleki ätiýaçlandyryş ýagdaýlara geçirilen köpçülikleýin gözegçilikleriň esasynda, töwekgelçiligiň barlygynyň statistiki (aprior) ähtimallygyny kesgitlemek üçin degişli maglumatlary alýar. Alnan maglumatlaryň seljermesi ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň gelip ýetmeginiň kanunalaýyklygyny görkezýär we bolup biljek ýitginiň möçberini ylmy taýdan öňünde görmeklige ýardam edýär. Gözegçilik edilýän obýektleriň sany näçe köp boldugyça, şonça-da ätiýaçlandyryş ýagdaýlaryň bolmaklygynyň ähtimallygyna baha bermeklik üçin anyk esaslary (sanlary) almaklyga mümkinçilik döreýär. Sebäbi, uly sanlaryň kanuny (zakon bol’şih çisel) ätiýaçlandyryş ýagdaýlaryň ýüze çykmaklygynyň ähtimallygyny hasaplamakda has anyk täsirini ýetirer.

Has umumy görnüşde ätiýaçlandyryş statistikasyny şu indiki görkezijileriň seljermesinden görmek bolýar:

– ätiýaçlandyryşyň obýektleriniň sany – n;
– ätiýaçlandyryş ýagdaýlaryň sany – e;
– ätiýaçlandyryş ýagdaýlaryň netijesinde zyýan çeken obýektleriň sany – m;
– toplanan ätiýaçlandyryş tölegleriniň möçberi – $\sum p$;

– ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegleriniň möçberi – ∑Q;
– islendik ätiýaçlandyryş obýekt üçin ätiýaçlandyryş möçber – ∑Sn;
– zyýan çeken obýekt üçin ätiýaçlandyryş möçber – ∑Sm.

## §1.7.4. Ätiýaçlandyryş tölegleriniň manysy. Ätiýaçlandyryş baýraklarynyň görnüşleri

Ätiýaçlandyryş tölegleri̇ne (ätiýaçlandyryş baýraklaryna) ykdysady, ýuridiki we matematiki nukdaýnazardan garap bolýar. Ätiýaçlandyryş tölegleriň ykdysady manysy – bu milli girdejiniň bir bölegidir, ýagny ätiýaçlandyrýanyň özüniň bähbitlerine ýaramaz ýagdaýlaryň täsiriniň ýetmekliginiň öňüni almaklyga gönükdirilen kepilidir.

Ýuridiki nukdaýnazardan ätiýaçlandyryş töleg ätiýaçlandyryş şertnamasynyň esasynda kesgitlenen ätiýaçlandyryş borçnamasynyň pul bilen aňladylmagydyr.

Matematiki manyda ätiýaçlandyryş töleg ätiýaçlandyrýanyň ätiýaçlandyryja töleýän döwürleýin gaýtalanyp durýan tölegidir.

Ätiýaçlandyryş baýraklarynyň aşakdaky görnüşlerini tapawutlandyrýarlar: *töwekgelçilikli, süýşürintgile, netto-möçber, ýeterlikli we brutto-möçber*.

*Töwekgelçilikli baýrak* – töwekgelçiligiň öwezini dolmaklyga niýetlenen ätiýaçlandyryş tölegleriniň bir bölegidir.

*Süýşürintgiler baýragy* – toplaýyş tölegdir. Ol töleg ömür ätiýaçlandyryş şertnamalary baglaşylanda alynýar.

*Netto-möçber* – ätiýaçlandyryş töwekgelçilikleriniň bahasydyr.

*Ýeterlikli baýrak* – diňe bir ätiýaçlandyryş tölegleri̇ni ýapmak üçin niýetlenen töleg bolman, eýsem, ätiýaçlandyryjynyň beýleki harajatlaryny hem ýapýan tölegdir. Has takygy ýeterlikli baýrak ätiýaçlandyryjynyň peýdasy brutto-möçbersydyr.

*Brutto- möçber* – ätiýaçlandyryjynyň netto-möçberiň we goşandyň jeminden durýan bahasydyr.

# I.VIII bap. Ätiýaçlandyryş işiniň guramaçylyk hukuk esaslary

## §1.8.1. Türkmenistanyň döwlet ätiýaçlandyryş guramasy

Türkmenistanyň döwlet ätiýaçlandyryş guramasy (mundan beýläk Türkmendöwletätiýaçlandyryş) ätiýaçlandyrma babatda döwlet syýasatyny ýöretmegi üpjün edýän ýerine ýetiriji guramadyr we öz işini döwlet guramalary, kärhanalary hem-de edaralary bilen arkalaşyp amala aşyrýar. Türkmendöwletätiýaçlandyryş öz üstüne ýüklenilen wezipeleri gönüden-göni we welaýatlardaky, etraplardaky hem-de şäherlerdäki döwlet ätiýaçlandyryş guramalarynyň üsti bilen çözýär.

Tükmendöwletätiýaçlandyryş öz işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, Türkmenistanyň kanunlaryny we Türkmenistanyň Mejlisiniň beýleki namalaryny, Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlaryny, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň çözgütlerini hem-de özi hakyndaky düzgünnama goldanýar.

Aşakdakylar Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň esasy wezipeleridir:

- döwlet ätiýaçlandyryş syýasatyny işläp taýýarlamaga we şol syýasaty durmuşa geçirmäge gatnaşmak;
- edara görnüşli we şahsy taraplaryň emläk hem-de beýleki bähbitlerine ätiýaçlandyrma goragyny üpjün etmek;
- Türkmenistanda ätiýaçlandyryş işini guramak we kämilleşdirmek.

Türkmendöwletätiýaçlandyryş öz üstüne ýüklenilen wezipelere laýyklykda aşakdaky işleri ýerine ýetirýär:

- ätiýaçlandyryş tölegleriniň gelip gowuşmagynyň meýilnamasynyň ýerine ýetirilişi, hökmany döwlet ätiýaçlandyryşynyň geçirilişi, meýletin emläk hem-de şahsy ätiýaçlandyryşyň ösdürilişi, ätiýaçlandyryş öwezini dolmalary we ätiýaçlandyryş pullary tölemek baradaky işleriň ýagdaýy, ätiýaçlandyrylan emlägiň eýeçiliksiz çaklanylmagynyň ýüze çykarylan ýag-

daýlary hakynda Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine yzygiderli habar berýär;

- Türkmenistanda ätiýaçlandyryş syýasatyny kämilleşdirmek hakyndaky teklipleri, şeýle hem ätiýaçlandyryş işi hakyndaky kanunçylyk we beýleki hukuk namalarynyň taslamalaryny taýýarlaýar;
- ätiýaçlandyryşyň hökmany döwlet we meýletin görnüşlerini (şahsy emläk ätiýaçlandyrmasyny, jogapkärçiligi ätiýaçlandyrmagy) ätiýaçlandyrmagy we bilelikde ätiýaçlandyrmagy amala aşyrýar;
- ätiýaçlandyryşyň hökmany döwlet we meýletin görnüşleriniň kadalaryny, olar boýunça we usulyýet görkezmeleri işläp taýýarlaýar;
- ätiýaçlandyryş gorlaryny emele getirýär we ýerleşdirýär;
- ätiýaçlandyryş boýunça dellallçylyk işini amala aşyrýar;
- ätiýaçlandyryş ýagdaýlarynyň ýüze çykmagynyň mümkinçiliklerini azaltmak barada öňüni alyş çärelerini maliýeleşdirýär;
- töwekgelçilik derejesine baha berýär we zeper ýeten emlägi gözden geçirýär;
- ýetirilen zyýanyň häsiýetini, sebäplerini we möçberini belleýär;
- Türkmenistanyň kanunçylyk namalaryna laýyklykda buhgalterçilik we statistik hasabaty guraýar;
- welaýatlardaky, etraplardaky we şäherlerdäki döwlet ätiýaçlandyryş guramalarynyň işini düzgünleşdirýän kadalaşdyryjy we usulyýet resminamalaryny işläp taýýarlaýar;
- welaýatlardaky, etraplardaky we şäherlerdäki döwletätiýaçlandyryş guramalarynyň Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň merkezleşdirilen gaznasyna ätiýaçlandyryş töleglериniň gowuşmagyny üpjün etmek baradaky işine gözegçilik edýär;
- gymmatly kagyzlar we olaryň ornuny tutýan kagyzlar (şol sanda döwlet kagyzlary) bilen geçirilýän amallary amala aşyrýar;
- wagtlaýyn ulanylmaýan ätiýaçlandyryş gorlarynyň inwestisiýon işini geçirýär;
- beýleki döwletleriň ätiýaçlandyryş guramalary, şeýle hem ätiýaçlandyryş meseleleri bilen meşgullanýan halkara guramalary bilen hyzmatdaşlyk edýär we arkalaşykly hereket edýär;

- edara görnüşli we şahsy taraplaryň şikaýatlaryna hem-de ýüztutmalaryna wagtynda we doly garalmagyny üpjün edýär, olaryň hukuklarynyň hem-de bähbitleriniň kemsidilmegine eltýän sebäpleri düzetmek barada çäreleri görýär;
- öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde ätiýaçlandyryş işi boýunça hukuk namalarynyň çap edilmegini üpjün edýär;
- gönüden-göni ätiýaçlandyryş bilen baglanyşykly bolan mahabatlandyryş çärelerini we beýleki işleri amala aşyrýar.

Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň öz üstüne ýüklenilen wezipelere laýyklykda aşakdakylara hukuklary bardyr:

- baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamalary esasynda Türkmenistanyň kanunçylyk namalaryna laýyklykda ätiýaçlandyryşyň hökmany döwlet görnüşlerini, şeýle hem ätiýaçlandyryşyň meýletin görnüşlerini geçirmäge;
- ätiýaçlandyryşyň hökmany döwlet görnüşleri boýunça tölegleri, salgytlary we salgyt töleglerini býujete töletdirmek üçin bellenilen tertipde almaga;
- ätiýaçlandyryşyň meýletin görnüşleri boýunça ätiýaçlandyryş tariflerini bellemäge;
- ätiýaçlandyryşyň töwekgelçilikli görnüşlerini girizmäge;
- hökmany döwlet we meýletin ätiýaçlandyryş boýunça ulanylýan kadalara, gollanmalara we usulyýet görkezmelerine üýtgetmeleri hem-de goşmaçalary girizmäge;
- Türkmenistanyň we beýleki döwletleriň edara görnüşli hem-de şahsy taraplary bilen emläk we şahsy ätiýaçlandyryşyň, jogapkärçiligi ätiýaçlandyrmagyň ähli görnüşleri boýunça şertnamalary baglaşmaga we olar bilen hasaplaşyklary milli pulda bolşy ýaly, daşary ýurt pulunda hem geçirmäge;
- ätiýaçlandyryş amallaryny resmileşdirmegiň we olaryň hasabatyny ýöretmegiň tertibini bellemäge;
- ätiýaçlandyryş işini amala aşyrmak üçin zerur bolan hem-de Türkmenistanyň kanunçylyk namalaryna we Düzgünnama ters gelmeýän ýuridik hereketleri Türkmenistanyň çäklerinde, şeýle hem daşary ýurtlarda amala aşyrmaga;

- ätiýaçlandyryş ýagdaýy boýunça töleglerden soň galan emlägi kabul etmäge we satmaga, şeýle hem ony ätiýaçlandyryş öwezini doluşyň pul görnüşindäki möçberini tölemegiň ýerine kem-käs ýa-da dolulygyna dikeltmäge hem-de çalşyrmaga;
- ätiýaçlandyrylan obýektler boýunça öňüni alyş çärelerini geçirmäge we degişli gaznalary emele getirmäge;
- ýok edilmedik çekilen zyýanlar boýunça ätiýaçlandyryş gorlaryny we ätiýaçlandyryş amallarynyň maliýe durnuklylygyny üpjün etmek üçin zerur bolan beýleki gorlary we gaznalary döretmäge;
- ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşan ätiýaçlandyryjylara karz pullary (ssudalary) bermäge;
- gozgalýan hem-de gozgalmaýan emlägi, gymmatly kagyzlary, banklaryň sertifikatlaryny we dürli jemgyýetlerdäki we kärhanalardaky paýly goýumlary edinmek;
- jaý gurujynyň ýa-da kärendeçiniň hukuklarynda gurluşyk işleri üçin ýer böleklerini almak;
- enjamlary, hasaplaýyş tehnikasyny, ulag serişdelerini we beýleki emläkleri satyn almak, şeýle hem işiň beýleki görnüşlerini amala aşyrmak üçin ätiýaçlandyryş gorlaryny we öz serişdelerini maýa goýmaga (inwestirlemäge);
- heläkçilik komissarynyň wezipelerini ýerine ýetirmäge, Türkmenistanyň hem-de beýleki döwletleriň ätiýaçlandyryş guramalarynyň tabşyryklary boýunça kepillendirmeleri bermäge, ýetirilen zyýanlary olaryň hasabyna dolmaga, şeýle hem daşary ýurtlarda şunuň ýaly wezipeleri ýerine ýetirmegi we daşary ýurtlaryň edara görnüşli we şahsy taraplaryna ýetirilen zyýanlary, Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň üstüne ýüklenilen wezipeleri amala aşyrmak üçin şertnamalary baglaşmaga;
- Türkmenistanyň we beýleki döwletleriň bank edaralarynda Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň hasaplaşyk hem-de beýleki hasaplaryny açmaga we ýapmaga, serişdelere hem-de emläge ygtyýar etmäge, Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň üstüne ýüklenilen wezipeleri amala aşyrmak üçin şertnamalary baglaşmaga;

- daşary ykdysady aragatnaşyklara gatnaşmaga, ätiýaçlandyryş, gaýtadan ätiýaçlandyryş we bilelikde ätiýaçlandyryş amallaryny amala aşyrmaga;
- işiň gönüden-göni ätiýaçlandyryş bilen baglanyşykly beýleki görnüşleri bilen, hususan-da ätiýaçlandyryjylaryň we ätiýaçlandyrylan adamlaryň ätiýaçlandyryş obýektleriniň aýratynlyklaryna baglylykda, olara goşmaça hyzmatlary etmek (önümleri öndürmek, işleri ýerine ýetirmek) bilen meşgullanmaga;
- ätiýaçlandyrma boýunça araçyllyk hyzmatlaryny etmäge;

– Türkmenistanyň kanunçylyk namalaryna ters gelmeýän beýleki işleri amala aşyrmaga.

Türkmedöwletätiýaçlandyryşa Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýän we wezipeden boşadylýan Baş direktor baştutanlyk edýär.

Baş direktoryň 1 orunbasary bolup, ol onuň hödürlemegi boýunça Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan wezipä bellenilýär we wezipeden boşadylýar.

**Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň Baş direktory:**

- Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň üstüne ýüklenilen wezipeleriň ýerine ýetirilmegi we öz işleriniň amala aşyrylmagy üçin şahsy jogapkärçilik çekýär;
- Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň we onuň welaýatlardaky, etraplardaky we şäherlerdäki döwlet ätiýaçlandyryş guramalarynyň işine ýolbaşçylyk edýär hem-de olaryň Türkmenistanyň beýleki döwlet guramalary bilen arkalaşykly işlemegini üpjün edýär;
- öz orunbasary bilen borçlary paýlaşýar;
- Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň merkezi edarasynyň we onuň welaýatlardaky, etraplardaky we şäherlerdäki döwlet ätiýaçlandyryş guramalarynyň gurluşyny, işgärleriniň wezipe sanyny tassyklaýar;
- özüne berlen aýry-aýry ygtyýarlyklaryny özüne tabyn wezipeli adamlara geçirýär;

- ýerlerdäki döwlet ätiýaçlandyryş guramalarynyň direktorlaryny welaýatlaryň, etraplaryň we şäherleriň häkimleri bilen ylalaşyp wezipä belleýär hem-de wezipeden boşadýar;
- Türkmenistanyň kanunçylyk namalaryna laýyklykda özüniň ýerlerdäki ähli döwlet ätiýaçlandyryş guramalarynyň ýerine ýetirmegi üçin hökmany bolan buýruklary hem-de gollanmalary çykarýar;
- welaýatlardaky, etraplardaky we şäherlerdäki döwlet ätiýaçlandyryş guramalaryny döretmegiň, gaýtadan guramagyň we ýatyrmagyň meselelerini çözýär, şeýle hem şol guramalar hakyndaky tertipnamalary tassyklaýar;
- Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň emlägine we serişdelerine bellenilen tertipde ygtyýar edýär;

Türkmenistanyň kanunçylyk namalaryna laýyklykda beýleki işleri ýerine ýetirýär hem-de beýleki hukuklardan peýdalanýar.

Türkmendöwletätiýaçlandyryş öz borçnamalary boýunça özüniň ähli emlägi bilen jogap berýär. Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň emlägi binalardan, desgalardan, enjamlardan we beýleki maddy gymmatlyklardan, gymmatly kagyzlardan, durmuş maksatly eýeçilik obýektlerinden, intellektual zähmetiň eýeçiliginden, şeýle hem pul serişdelerinden ybaratdyr.

Türkmendöwletätiýaçlandyryş döwletiň borçnamalary boýunça jogap bermeýär, döwlet bolsa Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň borçnamalary boýunça jogap bermeýär, onuň üstüne ýüklenilen hökmany döwlet borçnamalar muňa girmeýär.

Türkmendöwletätiýaçlandyryş öz işini üpjün etmek üçin ätiýaçlandyryş tölegleriň serişdeleriniň we beýleki kanuny çeşmeleriň hasabyna aşakdaky ätiýaçlandyryş gorlaryny döredýär:

- hak islegiň könelmek möhletlerini hasaba almak bilen tamamlanmadyk ätiýaçlandyryş borçnamalary boýunça ätiýaçlandyryş tölegleriniň;
- beýan edilen, ýöne tölenilmedk borçnamalar boýunça;
- uzak möhletleýin ätiýaçlandyrmak, lukmançylyk we pensiýa ätiýaçlandyrmasy boýunça;
- jogapkärçiligi ätiýaçlandyrmak we emläk ätiýaçlandyrmasy boýunça;

5. Sargyt № 2539

- öňüni alyş çäreleri boýunça;
- kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň işgärlerine ätiýaçlandyryşyň meýletin görnüşlerini ösdürmäge ýardam edýän tölegleri tölemek üçin;
- ätiýaçlandyryşyň anyk görnüşleriniň aýratynlyklaryndan ugur alyp barmak bilen, beýleki rezerwleri döredýär.

Ätiýaçlyk gorlaryna we öňüni alyş çärelerini maliýeleşdirmäge geçirilýän serişdeler Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň harajatlarynyň düzümine girýär.

Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň we onuň ýerlerdäki döwlet ätiýaçlyklaryny döwlet ätiýaçlandyryş guramalarynyň ätiýaçlandyryş gorlary býujete geçirmäge hem-de salgyt salmaga degişli däldir.

Türkmendöwletätiýaçlandyryş tarapyndan tölenilýän ätiýaçlandyryş serişdeleri we ätiýaçlandyryş öwezini dolmalary salgytlary, ýygymlary salmaga degişli däldir, şu möçberlerden döwlet pajy alynmaýar.

Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň meýletin ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça ätiýaçlandyryş tölegleriniň we ätiýaçlandyryş öwezini dolmalaryň iş berijiniň serişdeleriniň hasabyna emele gelen möçberleri, şeýle hem şahsy taraplaryň şahsy ätiýaçlandyryş üçin çykdajylary salgyt salynýan jemi girdejä goşulmaýar.

Türkmedöwletätiýaçlandyryş hökmany döwlet we meýletin ätiýaçlandyryş amallaryny geçirmek bilen baglanyşykly ähli işler boýunça döwlet paçlaryny tölemekden boşadylýar.

Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň ätiýaçlandyryjylar we beýleki müşderiler bilen şertnamalar boýunça alan pul serişdeleri, şeýle hem maddy we beýleki gymmatlyklar onuň eýeçiliginde, peýdalanylmagynda we ygtyýarynda bolýar hem-de döwlet tarapyndan alnyp bilinmez.

Pul serişdelerini tussag etmek hem-de olary almak (ýa-da ätiýaçlandyryjylaryň öňündäki borçnamalaryň şertlerine dahylsyz almak) diňe şol ätiýaçlandyryş borçnamasy kanunda göz öňünde tutulan esaslar boýunça hem-de tertipde hakyky däl diýlip ykrar edilen ýagdaýynda amala aşyrylyp bilner.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe girizilen ätiýaçlandyryş tölegleri alnyp bilinmez, kazyýetiň kanuny güýje

giren hökümi boýunça pul serişdeleri konfiskasiýa edilen ýagdaýlar muňa girmeýär.

Girdejiler (ätiýaçlandyryş tölegleri) bilen ätiýaçlandyryş öwezini dolmalary, ätiýaçlandyryş pullary, duýduryş çäreleri üçin, ätiýaçlandyryş gorlaryny, işleri ýöretmäge geçirilýän ätiýaçlandyryş möçberlerini tölemek üçin çykdajylaryň arasyndaky tapawut hökmünde kesgitlenilýän peýda, şeýle hem maýa goýum (inwestision), araçyllyk hem-de beýleki işlerden alnan peýda, Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň maliýe-hojalyk işiniň netijeleriniň esasy umumylaşdyryjy görkezijisi bolup durýar.

Alnan peýda salgytlar we býujete beýleki hökmany tölegler tölenilenden soň, onuň ygtyýarynda galýar.

Öz işini Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň Baş direktory tarapyndan tassyklanylýan tertipnamalara laýyklykda amala aşyrýan welaýatlardaky, etraplardaky we şäherlerdäki döwlet ätiýaçlandyryş guramalary Türkmenistanyň ulanylýan kanunçylyk namalaryna laýyklykda döwlet tarapyndan bellige alynmaga degişlidir.

Welaýatlardaky, etraplardaky we şäherlerdäki döwlet ätiýaçlandyryş guramalary Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň borçnamalary boýunça Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň serişdeleriniň çäklerinde jogap berýär, Türkmendöwletätiýaçlandyryş bolsa öz umumy merkezleşdirilen gaznasynyň çäklerinde olaryň borçnamalary boýunça jogap berýär.

Doly hojalyk hasaplaşygy we öz-özüňi maliýeleşdiriliş şertlerinde işleýän welaýatlardaky, etraplardaky we şäherlerdäki döwlet ätiýaçlandyryş guramalary edara görnüşli tarap bolup, olaryň bank edaralarynda hasaplaşyk we beýleki hasaplary bardyr, olar aýrybaşgalanan emläge eýedir, olaryň Türkmedöwletätiýaçlandyryşyň jemlenen balansyna girýän özbaşdak balansy bardyr, olar öz adyndan hukuklara eýe bolup we jogapkärçilik çekip, kazyýetlerde hak işleýjiler hem-de jogap berijiler hökmünde çykyş edip bilýärler.

Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň we onuň welaýatlardaky, etraplardaky we şäherlerdäki döwlet ätiýaçlandyryş guramalarynyň ýeke-täk ätiýaçlandyryş emblemasy, Türkmenistanyň döwlet Tugy we öz ady ýazylan möhüri bardyr.

**II bölüm**

# ÄTIÝAÇLANDYRYŞ IŞI

## II.I bap. Ätiýaçlandyryşyň goraglylygynyň meseleleri boýunça onuň toparlara bölünişi

Ätiýaçlandyryşyň ähli meseleleriniň maddy we maddy däl gymmatlyklara (eşretlere) bölünmegi ätiýaçlandyryşy **emläk** we **şahsy** ätiýaçlandyryş diýen iki pudaga bölmeklige esas bolýar.

**Emläk ätiýaçlandyryşyna** şahsy we edara görnüşli taraplaryň, maddy gymmatlyklar (eşretler) bilen bagly emläk bähbitleriniň ätýaçlandyrylmagy degişlidir.

**Şahsy ätiýaçlandyrylyşyna** şahsy taraplaryň, maddy däl gymmatlyklar we olaryň adam ömri, saglygy, zähmete ukyplylygy ýaly durmuş derejeleri (adamlaryň saglygy, durmuşy we işe ukyplylygy) bilen bagly bolan emläk bähbitleriniň ätiýaçlandyrylmagy göz öňünde tutulýar.

Şeýlelikde, bu zatlar üçin ätiýaçlandyryş goragyny üpjün etmekde, ätiýaçlandyryş goruny döretmekde we ulanmakda (ýerleşdirmekde) aýratyn ýörelgeleri we usullary bar bolan ätiýaçlandyryş pudagy ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň netijelerinden edara görnüşli we şahsy taraplaryň birmeňzeş ýa-da meňzeş zatlaryň, emläk bähbitleriniň ätiýaçlandyryşy çäklerine degişlilikde ätiýaçlandyryşynyň özbaşdak ugruny ýüze çykarýar.

Ätiýaçlandyrylýanlary (ätiýaçlandyrylan şahslary, peýda görüjileri) we ätiýaçlandyryjylary ätiýaçlandyryş gatnaşyklaryna çekmekligiň usuly hökmünde ätiýaçlandyryş özüniň **hökmany** we **meýletin** görnüşleri bilen tapawutlanýar.

## § 2.1.1. Atiýaçlandyryşyň hökmany görnüşleri

**Hökmany ätiýaçlandyryş** – Türkmenistanda kanun esasynda amala aşyrylýar. Şol sebäpli ätiýaçlandyrýanyň we ätiýaçlandyryjy-nyň «ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak ýa-da baglaşmazlyk» meselesini çözmäge haky ýok. Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş şert-namasyny baglaşmaga borçludyr, ätiýaçlandyryjy bolsa degişli möç-berde ätiýaçlandyryş jogapkärçiligini özüne kabul edýär.

Ätiýaçlandyryşyň hökmany görnüşi boýunça ätiýaçlandyryş tö-legleri işiň, hyzmatyň özüne düşýän gymmatyna ätiýaçlandyrýan ta-rapyndan goşulýar. Ätiýaçlandyryşyň hökmany görnüşi boýunça äti-ýaçlandyryş tölegleri tölenmedik ýagdaýynda, olary töletdirmek işi býujete salgytlary we salgyt däl tölegleri töletmek üçin bellenilen ter-tipde amala aşyrylýar.

*Ätiýaçlandyryşyň hökmany görnüşlerine aşakdakylar degişlidir:*

- Türkmenistanly harby gullukçylaryň we harby borçlularyň, içeri işler edaralarynyň ýolbaşçy we esger düzümindäki adamlaryň we gümrük gulluklarynyň işgärleriniň hökmany döwlet şahsy ätiýaçlandyryşy;
- Ulaglaryň ähli görnüşleriniň ýolagçylarynyň, howa ulagynyň ekipažlarynyň agzalarynyň, demir ýol, deňiz, içerki suw we awtomobil ulaglarynyň işgärleriniň hökmany döwlet äti-ýaçlandyryşy;
- Awtoulag serişdeleriniň eýeleriniň (gatnadyjylaryň) üçünji taraplaryň öňündäki raýat jogapkärçiliginiň hökmany döwlet ätiýaçlandyryşy;
- Ýokary töwekgelçilikli önümçilik şertlerinde işleýän işgärle-riň betbagtçylykly hadysalardan we hünär kesellerinden hök-many şahsy ätiýaçlandyrylyşy.

## § 2.1.2. Meýletin ätiýaçlandyryşyň görnüşleri

Meýletin ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyrýanyň we ätiýaçlandyryjynyň isleginiň esasynda, töwekgelçiligi we öz mümkinçiliklerini kesgitlemegi esasynda baglaşylýar. Ätiýaçlandyryjynyň mümkinçilikleri, ýagny ätiýaçlandyryşyň görnüşleriniň düzümine görä rugsat alnan ygtyýarnama görä öz maliýe ýagdaýlaryny we geljekde ätiýaçlandyryş jogapkärçiliginiň bölegini beýleki ätiýaçlandyryja gaýtadan ätiýaçlandyryş we bilelikde ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ýokary derejedäki zyýan çekilmegi bilen bagly ähtimal bolaýjak ätiýaçlandyryş ýagdaýlary ýüze çykanda, ätiýaçlandyrýanyň öňündäki jogapkärçiliklere görä bolup biler.

Meýletin ätiýaçlandyryşyň esasy görnüşlerine aşakdakylar degişlidir:

- Awtoulag serişdeleriniň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Raýatlaryň eýeçilik hukugyna degişli bolan öýleriň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Kärhanalaryň emläginiň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Öý emläginiň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Oba hojalyk kärhanalarynyň emläkleriniň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Oba hojalyk ekinleriniň we köpýyllyk agaçlaryň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Gurluşyk-gurnaýyş işleriniň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Işe girişileninden soňky kepillik borçnamalarynyň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Gurluşyk-gurnaýyş işlerinde üçünji taraplaryň öňündäki jogapkärçilikleriň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Ýükleriň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Burawlaýyş işleriniň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Hereket edýän enjamlaryň meýletin atiýaçlandyrylyşy;
- Howa gämileriniň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Deňiz we derýa (suw) gämileriniň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;

- Raýatlara degişli jaýlaryň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Maşynlaryň döwülmeginiň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Raýatlara degişli mallaryň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Ekologiýanyň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Halkara ýükleri daşaýan ýük daşaýjylaryň raýat jogapkärçiliginiň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Hasaplaýyş, durmuş we orgtehnikanyň ulgamyny, aragatnaşyk serişdelerini we işlenen maglumatlaryň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Hasaplaýyş tehnikasynyň we elektron orgtehnikanyň hatardan çykmak ýagdaýynyň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Raýat jogapkärçiliginiň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Hünär jogapkärçiliginiň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Betbagtçylykly hadysalardan meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Ýolagçylaryň betbagtçylykly hadysalardan meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Guramanyň serişdesiniň hasabyna guramanyň işgärleriniň toparlaýyn betbagtçylykly hadysalardan meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Ömri toparlaýyn betbagtçylykly hadysalardan meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Bank goýumçylarynyň goýum boýunça betbagtçylykly hadysalardan meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Ömrüň garyşyk meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Ömrüň sebitleýin meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Çagalaryň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Nikalaşygy meýletin ätiýaçlandyryş;
- Ömrüň ömürlik ätiýaçlandyrylyşy;
- Gezelençleri – syýahatçylary we olaryň goşlarynyň betbagtçylykly hadysalardan meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Syýahat döwründe saglygyň meýletin ätiýaçlandyrylyşy;
- Okuwçylary betbagtçylykly hadysalardan meýletin ätiýaçlandyryş;
- Bilelikdäki ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş.

# II.II bap. Türkmenistanyň harby gullukçylarynyň we harby borçlularyň, içeri işler edaralarynyň hatarçylar hem-de ýolbaşçylar düzüminden bolan adamlaryň,gümrük gulluklarynyň işgärleriniň hökmany döwlet şahsy ätiýaçlandyryşy

## §2.2.1. Ätiýaçlandyrmagyň tertibi

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 31-nji martynda çykaran «Harby gullukçylaryň we harby borçlularyň, içeri işler edaralarynyň hatarçylar hem-de ýolbaşçylar düzüminden bolan adamlaryň hökmany döwlet şahsy ätiýaçlandyrmasy hakyndaky» 11018-nji Karary ätiýaçlandyrmagy amala aşyrmaklygyň hukuk binýadydyr.

Bu görnüşleriň girizilmeginiň esasy maksady harby gullukçylaryň we harby borçlularyň, içeri işler edaralarynyň hatarçylarynyň hem-de ýolbaşçylar düzüminden bolan adamlaryň gulluk borçlaryny ýerine ýetirýän wagtynda wepat bolanda, ýaralananda we kesellän ýagdaýlarynda maddy kömek bilen üpjün etmekdir.

Ätiýaçlandyryşyň bu görnüşi Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň, Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrliginiň, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň, Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň, Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň we Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugynyň, garamagynda harby birikmeler bar bolan ministrlikleriň we guramalaryň merkezleşdirilen býujet serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýar.

Türkmenistanyň Goranmak ministrligi, Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi, Türkmenistanyň Milli howpsuzlyk ministrligi, Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugy, Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy, Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy we Türkmenistanyň Neşelere garşy göreşmek baradaky döwlet gullugy her çärýegiň jemleri boýunça hakyky tölenen ätiýaçlandyryş pul möçberini hem-de onuň üstüne ätiýaçlandyryş işini alyp barmak boýunça

ätiýaçlandyryş guramasynyň çykdajylaryny maliýeleşdirmek üçin, hakyky tölenen ätiýaçlandyryş pul möçberiniň 5%-ne deň pul serişdelerini goşmak bilen ätiýaçlandyryş guramasynyň hasabyna geçirýärler.

Ätiýaçlandyryş guramasy her çärýekde hasabat çärýeginden soň gelýän aýyň 10-na çenli hakyky tölenen ätiýaçlandyryş pul möçberleriniň jemi hakyndaky maglumaty degişli ministrliklere, gulluklara iberýär.

Eger ätiýaçlandyrylan adamyň wepat bolmagy (aradan çykmagy), maýyp bolmagy (ýaralanmagy, synasyna şikes ýetmegi, seňselemegi) ýa-da kesele ýolukmagy, onuň öz eden şu aşakdaky hereketleri bilen bagly bolsa, onda gerekli resminamalar resmileşdirilmeýär we ätiýaçlandyryş pul möçberi tölenmeýär.

- derňew we anyklaýyş edaralary ýa-da kazyýyet tarapyndan hereketlerinde jenaýatyň alamatlary ýüze çykarylan bolsa;
- derňew we anyklaýyş edaralary ýa-da kazyýetiň gelen netijelerine görä, hereketleri alkogol, neşe ýa-da toksiki serhoşlyk bilen gös-göni bagly bolsa;
- öz janyna kast etmegi (ätiýaçlandyrylan adamyň üçünji taraplaryň bikanun hereketleriniň netijesinde wepat bolmagy muňa girmeýär);
- ätiýaçlandyrylan adam ätiýaçlandyryş pul möçberini almak ýa-da gullukdan (ýygnanyşykdan) boşamak üçin bilkastlaýyn özüne şikes ýetiren bolsa.

## § 2.2.2. Ätiýaçlandyryş tölegleri üçin resminamalary resmileşdirmekligiň tertibi

Belli bir möhletli gullugyň harby gullukçysy ýa-da harby borçly adam ýygnanyşyk döwri saglyk yagdaýy sebäpli mundan beýläk gulluk (ýygnanyşyk) etmäge ýaramsyz diýlip bilinse, öýüne ugradylsa, onda oňa harby bölüm ýa-da harby-sagaldyş edarasy tarapyndan talap edilen ýerine berer yaly saglyk yagdaýy hakyndaky şahadatnamanyň göçürmesi gowşurylýar.

Ätiýaçlandyryş ediji gulluk (ýygnanyşyk) edýän döwri agyr ýa ýeňil ýaralansa, şonuň netijesinde ol keselliligi üçin gullukdan (ýygnanyşykdan) boşadylmaga degişli däl bolsa, onda onuň gulluga ýaramlydygyny kesgitleýän degişli harby-lukmanlyk topary tarapyndan ýaralanandygy hakynda kesgitlenen görnüşde güwänama berilýär. Ol güwänama bellenilen tertipde hasaba alynýar, güwänamanyň göçürmesi bolsa harby-lukmanlyk topary tarapyndan 3 ýyl saklanylýar. Alnan yaranyň agyrlygynyň derejesi harby-lukmanlyk topary tarapyndan ýaranyň agyrlygyna ýa yeňilligine degişli ýaralanmak, seňselemek, döwük-ýenjikleriň sanawy esasynda kesgitlenýär. Olaryň agyrlaryna görnüp duran anatomik üýtgeşmeleriň we uly funksional näsaglyklaryň döremegine sebäp bolan harby gulluga ýaramlylygy ýa-da ýaramly däldigi şertlendirýän ýaralar, zeperler, şikesler we maýyplyklar degişlidir. Olara aşakdakylar girýärler:

- kelle süňküniň deşilip ýaralanmagy, şol sanda beýnä zeper ýetirýän ýaralanmak;
- depe süňküniň we çanagyň esasynyň açyk we ýapyk döwülmesi;
- kelle beýnisiniň gysylyp ýa-da gysylmagyň orta we agyr derejede şikeslenmegi, çanagyň içine epidural, subdural we sbarahnoudal gan inmeleri;
- oňurga we oňurga ýiligine açyk we ýapyk zeperleriň ýetmegi;
- bokurdagyň, damagyň, kekirdewügiň, gyzylödegiň açyk ýaralary, kekirdewükleriň, gemirçegiň ýapyk döwükleri;
- döş kapasasynyň ýaralanmagy, onuň plewral boşluga, ýürek perdesine ýa-da döş boşlugyna ornaşmagy, şol sanda içki organlaryň zaýalanman galmagy;
- aşgazanyň ýaralanmagy, onuň garyn boşlugyna ýetmegi, şol sanda içki organlaryň zaýalanman galmagy, garnyň daşyndaky organlaryň (böwregiň, böwregiň üstündäki, garynasty mäzleri we ş.m.) ýaralanmagy;
- döş we garyn boşlugyna, çanaklyk boşlugyna, şeýle hem garyn boşlugyndaky organlara ýapyk şikes ýetmegi;
- eginleriň, bykynlaryň, uly injikleriň uzyn, turba görnüşli süňkleriniň, goşarlaryň iki şüňküniň hem döwülmegi;

- çanaklyk süňkleriniň köpsanly döwükleri;
- jyns we peşew organlaryna zeper ýetmek bilen ýaralanmalar we şikes ýetmeler;
- endamyň 40%-nden gowrak meýdanyna zyýan ýetiren 1 derejeli termiki ýanyk;
- endamyň 10 %-nden gowrak meýdanyna zyýan ýetiren II we III derejeli ýanyk; IV derejeli ýanyk; şeýle hem endamyň az ýeriniň ýanygy;
- dem alyş ýollarynyň ýanygy, olarda çişmek we ses yşlarynyň daralmak alamatlary;
- himiki birleşmelerden zäherlenmek we ýanyklar (konsentirlenen kislotalar, ýiti aşgarlar, raketa ýangyjynyň goşundylary we beýlekiler bilen), olaryň ýerli täsirlerden başga edýän umumy zäherleýji täsirleri;
- III we IV derejeli sowuk almalar;
- stasionarda bejerilmegini talap edýän gün we ýylylyk urmalary;
- gözüň ýorkasynyň ýarylmagy, görşüň ýitirilmegi bilen açyk ýaralanmagy we şikes ýetmegi;
- gözüň II–IV derejeli ýanyklary; bir ýa-da iki gözüň hem doly, durnukly kör bolmagy ýa-da iki metr we ondan hem ýakyn aralykda barmaklary sanap görmäge çenli görşüň peselmegi; (görejiň ýitiligi 0,04 we ondan hem az);
- eşidiş organynyň ýaralanmagy we oňa şikes ýetmegi, iki gulagyň hem durnukly ker bolmagy, görnüp duran westibulýar näsazlyklar;
- ýüzüň ýumşak dokumalarynyň ýaralanmagy we zaýalanmagy, ýüz skletiniň süňkleriniň durnukly zaýalanmagy;
- elleriň we aýaklaryň ýumşak dokumalarynyň we myşsalarynyň olaryň wezipelarynyň durnukly bozulmagyna getiren ýaralanmagy we olara şikes ýetmegi;
- näsazlyklaryň ösmegine ýa-da köp gan ýitirilmegine, ýag we gaz dykynlarynyň (etboliýanyň) mese-mälim kliniki alamatlarynyň ýüze çykmagyna böwregiň ýiti ýetmezçiligi sebäpli ýara zäherlenmesine getiren ýaralar we şikesler;

- iri bogunlaryň, iri nerw nilleriniň, uly gan damarlarynyň ýaralary we ýapyk şikesleri;
- haýsydyr bir organyň ýa-da haýsydyr bir organyň ýerine ýetirýän wezipeleriniň ýitirilmegi (diliň ýitirilmegi ýa-da geplemekden galmak, eliň, aýagyň ýa-da olaryň wezipelarynyň ýitirilmegi, öndürijilik ukybynyň ýitirilmegi);
- professional ýagdaýlaryň we gulluk işleriniň täsiri bilen baglanyşykly ýaralar.

Olaryň ýeňillerine görnüp duran uly we durnukly anatomik üýtgeşmeleri bolmadyk, wezipelaryň az-owlak bozulmagy bilen baglanyşykly näsazlyklar we ýaralar girýär. Olara aşakdakylar degişlidir:

- boşluklara ornaşmaýan ýaralar we içerki organlara, bogunlara, damarlara, uly nerw nillerine we uly gan damarlaryna zyýan ýetirmedik ýaralar;
- bogunlaryň baglanyşyklarynyň bölekleýin bozulmagy;
- bogunlaryň agyr çykmalary;
- ýara sebäpli barmaklaryň biriniň kesilip aýrylmagy III, IV ýa-da V, penjäniň IV ýa-da V barmaklarynyň kontrakturasy;
- bir aýagyň hemme ýa-da aýry-aýry barmaklarynyň kesilip aýrylmagy;:
- çanaklygyň käbir süňklerine zeper ýetmegi (daraklygyň döwügi, dabanyň aşagyndaky süňküň, gasyk we guýruk süňküniň döwülmegi), şunda çanaklyk halkasyna, içki organlara, iri bogunlara we nerwlere zeper ýetmän galmagy;
- dabanyň; penjäniň süňkleriniň, bir ýa-da iki gapyrganyň, ýaýjyk süňküniň, goşaryň süňkleriniň biriniň, injik süňküniň ýapyk döwülmegi;
- I–II derejeli sowuk almak;
- endamyň 40 %-nden geçmeýän I derejeli ýanyk, endamyň 10 %-nden geçmeýän II–III derejeli ýanyk;
- göz perdesine del zat düşmegi, gözüň görejini wagtlaýyn zaýalaýan zeper ýetmegi;
- gözüň I derejeli ýanygy;
- beýniniň çaýkanmagy bilen kelle çanaga ýapyk şikes ýetmegi; biliň ýiligine ýapyk zeper ýetmegi;

- ýüzüň ýumşak damarlarynyň, dişleriň döwülmegi, burnuň süňkleriniň ýapyk döwükleri, burnuň bir böleginiň aýrylmagy, gulaklaryň bir böleginiň aýrylmagy, äňleriň ýapyk döwügi bilen utgaşýan şikesleri we ýaralary.

Ätiýaçlandyryş etdiriji ýaralanma hakyndaky güwänamany ýitiren ýagdaýynda harby-lukmançylyk toparyna ýüz tutan ýagdaýynda ol güwänamanyň asyl nusgasy bilen deň güýji bolan nusgalygy berilýär we onuň sag tarapynyň ýokarsyna «Ýitirileniň ýerine ikinji nusgasy» diýlen ýazgy ýazylýar.

Ätiýaçlandyryjynyň wepat bolan (aradan çykan) ýagdaýynda onuň mirasdüşerleriniň mirasa hukuk baradaky şahadatnamany notarial kontoradan alar ýaly ätiýaçlandyryjynyň gulluk eden ýerindäki harby komissariýatlara ýa-da howpsuzlyk, içeri işler edaralaryna mirasdüşerler yüz tutan ýagdaýynda notarial kontora görkezer ýaly bellenilen görnüşde güwänama berýärler.

Ätiýaçlandyryş pul tölegine hukugyň kesgitlenilmegi üçin ätiýaçlandyryjy ýa-da mirasa hukuk alan adam şu aşakdaky resminamalary resmileşdirýär we ýaşaýan ýerindäki ätiýaçlandyryş guramasyna görkezýär:

a) ätiýaçlandyryş etdiriji gulluk (ýygnanyşyk) döwründe wepat bolan (aradan çykan) ýagdaýynda bellenilen görnüşdäki arzalaryň biri, Raýat ýagdaýy delilnamalarynyň ýazgysy edarasynyň ätiýaçlandyryş etdirijiniň aradan çykanlygy hakyndaky şahadatnamanyň notarial tertipde tassyklanan göçürmesi, miras hukugy hakyndaky şahadatnama we şahsyýet şahadatnamasy, gullugy (ýygnanyşygy) gutaransoň bir yylyň içinde ýaralanmagyň, seňselemegiň, döwük-ýenjigiň netijesinde aradan çykan adam barada aýdylanda bolsa, mundan başga-da harby-lukmançylyk toparynyň (medisina-durmuş ekspert toparynyň) bu ýagdaýy tassyklaýan netijesi;

b) ätiýaçlandyryjynyň maýyplygy belli edilen ýagdaýynda – arza, medisina-durmuş ekspert toparynyň maýyplygy, onuň haýsy topara degişlidigi, sebäpli, hem-de wagtyny kesgitleýän notarial tertipde tassyklanan güwänamasynyň göçürmesi, şahsyýeti tassyklaýan resminama (harby bilet, şahsyýet şahadatnamasy, pasport);

ç) ätiýaçlandyryjynyň gulluk döwründe agyr ýa ýeňil ýaralanan ýagdaýynda – arza, harby-lukmançylyk toparynyň alnan ýarasynyň nähili derejededigi hakyndaky bellenilen görnüşdäki güwänamasy;

g) belli bir möhletli gulluk döwründe harby gullukçynyň, ýygnanyşyk döwründe harby borçlynyň saglyk ýagdaýynyň mundan beýläk gulluga (ýygnanyşyga) ýaramsyzdygy ykrar edilen ýagdaýynda – arza, keseli hakyndaky şahadatnama, şahsyýetini tassyklaýan resminama (harby bilet, şahsyýet şahadatnamasy).

Ätiýaçlandyryjy ýa-da onuň mirasdüşerleri ätiýaçlandyryş pulunyň tölenmegini sorap ýüz tutan ýagdaýynda onuň ýaşaýan ýerindäki ätiýaçlandyryş guramasyna onuň arzasyny arzalary we içeri işler edaralarynyň ýolbaşçy we esger düzümindäki adamlaryň, harby gullukçylaryň, harby borçlularyň ätiýaçlandyryş tölegine bermek boýunça hasaba alnyş guramasynda hasaba almaga borçludyr we ýokardaky görkezilen resminamalaryň resmileşdirilişiniň doly we dogrulygyny barlamalydyr.

### § 2.2.3. Ätiýaçlandyryş pullarynyň tölenilişi

Türkmenistanyň Prezidentiniň 1993-nji yylyň 12-nji martyndaky «Içeri işler edaralarynyň ýolbaşçy we esger düzümindäki adamlaryň, harby gullukçylaryň hem-de borçlularyň döwlet hökmany şahsy ätiýaçlandyrylyşy hakyndaky» 1236-njy Kararynyň 3-nji bendinde görkezilen şu aşakdaky ätiýaçlandyryş hadysalarynyň ýüze çykan ýagdaýynda:

- ätiýaçlandyrylan adam gulluk (ýygnanyşyk) döwründe we gümrük gullugy işinde wepat bolan (aradan çykan) ýagdaýynda, ýa bolmasa gullugy (ýygnanyşygy) gutaransoň bir ýylyň içinde ýaralanmagyň, seňselemegiň, döwük-ýenjigiň netijesinde aradan çykan ýagdaýynda;
- ätiýaçlandyrylan adamynyň gulluk edýän döwründe ýa-da gümrük gullugynda işleýän döwründe maýyplygy ýüze çykarylan ýagdaýynda;

- ätiýaçlandyrylan adamynyň gulluk edýän döwründe (işde) agyr ýa ýeňil ýaralanan ýagdaýynda;
- belli bir möhleti gulluk döwründe harby gullukçynyň, ýygnanyşyk döwründe harby borçlynyň saglyk ýagdaýynyň mundan beýläk gulluga (ýygnanyşyga) ýarawsyzdygy ykrar edilen ýagdaýynda;

ätiýaçlandyryş pulunyň tölegi ätiýaçlandyryş etdirijiniň ýaşaýan (resmileşdirilen) ýerindäki ätiýaçlandyryş guramasy tarapyndan tölegi almaly adamyň adyna Türkmenistanyň DT «Halkbankynyň» degişli edarasyna pul geçirmek ýa-da ätiýaçlandyryş etdirijiniň hasabyna poçta arkaly pul ibermek ýoly bilen hasaplaşyk geçirilýär.

Töleg alýan kämillik ýaşyna ýetmedik adama ätiýaçlandyryş pul tölegi Türkmenistanyň DT «Halkbankynyň» onuň ýaşaýan ýerindäki şahamçasyna pul geçirip, adyna goýum açmak, şol bir wagtyň özünde hossarlyk we howandarlyk edýän guramalary habardar etmek arkaly edilýär.

Ätiýaçlandyryş töleg pullary ätiýaçlandyryş edarasy tarapyndan zerur resminamalar alnan gününden 7 günüň dowamynda tölenmelidir.

Ätiýaçlandyryş edarasy ätiýaçlandyryş töleg pullaryny tölemekden ýüz öwren ýagdaýynda sebäplerini görkezip, ätiýaçlandyryja ýa-da onuň mirasdüşerlerine hat üsti bilen habar bermelidir.

Ätiýaçlandyryjy ýa-da onuň mirasdüşerleri ätiýaçlandyryş töleg pullarynyň berilmezligi üçin suda şikaýat edip bilerler.

Ätiýaçlandyryş pulunyň tölegi hakyndaky arzany ätiýaçlandyryş edarasyna ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň bolan gününden üç ýylyň dowamynda bermek bolar.

Belli bir möhletli gullugyň harby gullukçysy gulluk döwründe seňselemek, ýaralanmak, maýyplyk ýa döwük-ýenjiklik alan ýagdaýynda ätiýaçlandyryş puly onuň islegine görä, hakyky boşandan soň tölenip bilner.

Ätiýaçlandyryş puly tölenende şol ýagdaý üçin öň tölenen puluň möçberi tutulyp galynýar.

Ätiýaçlandyryş pulunyň möçberi ätiýaçlandyryş töleginiň berilýän wagtynda Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen iň pes aýlyk hakynyň derejesinde kesgitlenilýär. Eger bar bolan res-

minamalaryň esasynda ätiýaçlandyryş puluny tölemegiň hasaby ätiýaçlandyryş edarasy tarapyndan çykarylan bolsa, ýöne puly alýan tarapyndan idelmedik bolsa, puluň tölenmegi soralyp arza ýazylan gündäki möçbere laýyk atiýaçlandyryş puly tölenýär.

Ätiýaçlandyryş pul möçberi beýleki ätiýaçlandyryş görnüşleri boýunça tölenýän töleglere we zyýanyň öwezini tölenmegine garamazdan tölenýär.

Harby komissariatlarda MHK-nyň, IIM-iň edaralarynyň harby bölümleriniň kadrlar apparatlarynda ätiýaçlandyryş pullarynyň tölenmegi üçin materiallary hasaba almagyň ýörite žurnal ýöredilýär.

Ätiýaçlandyryjylaryň harby-lukmançylyk toparlary alnan ýaralanma we onuň agyrlygynyň derejesiniň dogry kesgitlenişi hakyndaky güwänamasynyň kanuny bolmagy üçin gözegçiligi amala aşyrýarlar.

Harby komissariatlar, harby bölümler, MHK-nyň we IIM-iň edaralary ätiýaçlandyryş edaralarynyň talabyna görä ätiýaçlandyryş ýagdaýlarynyň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly resminamalary görkezmäge borçludyr.

## II.III bap. Ulaglaryň ähli görnüşleriniň ýolagçylarynyň, howa ulagynyň ekipažlarynyň agzalarynyň, demir ýol, deňiz, içerki suw we awtomobil ulaglarynyň işgärleriniň hökmany döwlet ätiýaçlandyryşy

### § 2.3.1. Ätiýaçlandyrmanyň tertibi

Hökmany ätiýaçlandyrmanyň bu görnüşini amala aşyrmaklygyň hukuk binýady bolup, Türkmenistanyň Prezidentiniň «Ulaglaryň ähli görnüşleriniň ýolagçylarynyň, howa ulagynyň ekipažlarynyň agzalarynyň, demir ýol, deňiz, içerki suw we awtomobil ulaglarynyň, işgärleriniň hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasy hakyndaky» 1995-nji ýylyň 27-nji sentýabrynda çykaran PP 1646 belgili Karary hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň 2001-nji ýylyň 2-nji ýanwaryndaky

çykaran PP 3290 belgili Permany çykyş edýär. Şol resminamalar ulaglaryň ähli görnüşleriniň ýolagçylarynyň, howa ulagynyň ekipažlarynyň agzalarynyň, demir ýol, deňiz, içerki suw we awtomobil ulaglarynyň işgärlerine hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasyny geçirmegiň tertibini kesgitleýär.

Ulaglaryň ähli görnüşleriniň ýolagçylary, howa ulagynyň ekipažlarynyň agzalary hem-de demir ýol, deňiz, içerki suw we awtomobil ulaglarynyň işgärleri, ýolagçy gatnatmalaryny amala aşyrýan guramalar hem-de telekeçiler uçuş, sapar mahaly betbagtçylykly hadysalardan hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasyna degişlidirler.

Hökmany döwlet ätiýaçlandyryşy şäherýaka gatnawlarynda, demir ýol, deňiz, içerki suw we awtomobil ulaglarynyň, gezelenç we ekskursion ugurlarda hem-de geçelgelerde deňiz we içerki suw ulagynyň, şäher marşrutlarynda awtomobil ulaglarynyň, şäher elektrik ulaglarynyň ýolagçylaryna we işgärlerine degişli däldir.

Ulanylýan kanunlara laýyklykda mugt gatnamak hukugyndan peýdalanýan ýolagçylar ätiýaçlandyryş tölegini tölemezden hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasyna degişlidirler.

Ýolagçylar we ulag işgärleri, ekipažlaryň agzalary howa, deňiz, derýa gämisine, otla, awtobusa ýa-da beýleki ulag serişdesine münmek yglan edilen pursatyndan başlap, olar durýança ätiýaçlandyrylan hasaplanylýar.

Üstaşyr geçýän ýolagçylar we deňiz menzilleriniň, gämi duralgasynyň çäklerinde garaşýan ýa-da howa, deňiz ýa derýa gämilerine, otlulara, awtobuslara mündürilýän bütin wagtynyň dowamynda ätiýaçlandyrylan hökmünde galýarlar. Üstaşyr geçýän ýolagçylaryň görkezilen çäklerinden giden mahaly olaryň ätiýaçlandyrmasy öz-özünden ýatyrylýar we dolanyp gelenlerinde ýene-de dikelýär.

Howa we demir ýol ulaglarynyň ýolagçylarynyň we ekipažlarynyň agzalarynyň, awtomobil ulaglarynyň işgärleriniň hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasy Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň edarasy tarapyndan, deňiz, içerki suw we awtomobil ulagynyň ýolagçylarynyň hem-de ekipažlarynyň işgärleriniň hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasy bolsa ýerlerdäki ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan amala aşyrylýar.

6. Sargyt № 2539

## § 2.3.2. Ätiýaçlandyryş pul möçberleri, ätiýaçlandyryş tölegleri we ätiýaçlandyryş gorlary, ätiýaçlandyryş ýagdaýlary

Ýolagçylaryň, ekipažlaryň agzalarynyň we awtomobil ulaglarynyň işgärleriniň hökmany dowlet ätiýaçlandyrmasy boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberleri gatnaw resminamasy satyn alnan senesinde Türkmenistanyň kanunlary arkaly bellenilen durmuş töleglerini hasaplamak üçin binýatlyk möçberiniň 100 essesi möçberinde bellenendir.

Ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykan ýagdaýynda ýolagçylaryň, ekipažlaryň agzalarynyň we işgärleriň hökmany döwlet atiýaçlandyryş boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberi, ätiýaçlandyrylan adamlara ýa-da olaryň mirasdarlaryna Türkmenistanyň kanunlarynda göz öňünde tutulan beýleki esaslar boýunça, şol bir hadysalar bilen baglanyşykly puluň tölenendigine garamazdan tölenýär.

Ätiýaçlandyryş tölegleri biletleriň bahasyna goşulýar we ýolagçylardan ulag guramalary, şeýle hem ýolagçy gatnawyny amala aşyrýan guramalar we telekeçiler tarapyndan aşakdaky möçberde alynýar:

- howa we deňiz ulagynyň ugurlarynda gatnaw resminamalaryny satyn alnan senesinden Türkmenistanyň kanunlarynda bellenilen durmuş töleglerini hasaplamak üçin binýatlyk möçberiniň 1 göterimi möçberinde;
- demir ýol, içerki suw we awtomobil ulagynyň ugurlarynda gatnaw resminamalarynyň satyn alnan senesinde Türkmenistanyň kanunlarynda bellenilen durmuş töleglerini hasaplamak üçin binýatlyk möçberiniň 0.5 göterimi möçberinde.

Daşary ýurt döwletleriniň ýolagçylaryndan ätiýaçlandyryş tölegleri Türkmenistanyň ulag guramalary tarapyndan milli pulunyň gatnaw resminamalarynyň satyn alan günündäki hereket edýän hümmeti boýunça daşary ýurt pulunda ýokardaky bellenilen möçberlerde alynýar.

Ekipažlaryň agzalary we ulag işgärleri üçin ätiýaçlandyryş tölegleri ulag guramalary, şeýle hem ýolagçy gatnawyny amala aşyrýan

guramalar we telekeçiler tarapyndan howa, demir ýol, içerki suw we awtomobil ulaglary üçin bellenilen möçberde tölenýär.

Ýolagçylardan alnan ätiýaçlandyryş tölegleri we ulag guramalarynyň, ýolagçy gatnawyny amala aşyrýan guramalaryň we telekeçileriň ätiýaçlandyryş tölegleri olar tarapyndan aýratyn kömekçi hasapda hasaba alynýar we döwlet ätiýaçlandyryş guramalaryna geçirilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe geçirilen ätiýaçlandyryş tölegleri býujetiň girdejisine alnyp bilinmez, kazyýetiň kanuny güýje giren hökümi boýunça pul serişdeleriniň elden alnan ýagdaýlary muňa girmeýär.

Ulag guramalaryndan buýrulyp alnan (kärendä alnan) ulag serişdelerinde biletleri satyn almazdan gatnadylýan buýrujynyň (kärendeçiniň) ýolagçylary we işgärleri buýrujynyň (kärendeçiniň) serişdeleriniň hasabyna döwlet tarapyndan hökmany ätiýaçlandyrylmaga degişlidir. Şolar boýunça ätiýaçlandyryş tölegleri ýokardaky bellenilen möçberlerde hasaplanylýar.

Döwlet ätiýaçlandyryş guramalary ulaglaryň ähli görnüşleriniň ýolagçylarynyň, howa ulagynyň ekipažlarynyň agzalarynyň, demir ýol, deňiz, içerki suw we awtomobil ulaglarynyň işgärleriniň hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasy boýunça ätiýaçlandyryş töleglerini aşakdaky maksatlara gönükdirýärler:

- ätiýaçlandyryş pul möçberini tölemek üçin ätiýaçlandyryş goruny döretmäge – 75 göterim;
- ulaglarda betbagtçylykly hadysalaryň öňüni almak çärelerini maliýeleşdirmek üçin ätiýaçlandyryş goruny döretmäge –15 göterim;
- işleri ýöretmek üçin, işleriň çykdaýjylarynyň üstüni dolmaga – 10 göterim.

Ýolagçylara, ekipažlaryň agzalaryna we ulag işgärlerine betbagtçylykly hadysalaryň netijesinde şikes ýetmegi ýa-da olaryň heläk bolmagy ätiýaçlandyryş ýagdaýlarydyr. Eger ätiýaçlandyrylan ýolagçylara, ekipažlaryň agzalaryna we ulag işgärlerine şikes ýetmegi ýa-da olaryň heläk bolmagy aşakdaky ýagdaýlar bilen bagly bolsa, ätiýaçlandyryş ýagdaýyna degişli däldir:

- derňew, aňtaw edaralary ýa-da kazyýet tarapyndan bilkastlaýyn jenaýat alamatlary anyklanan hereketler;
- derňew, aňtaw edaralarynyň ýa-da kazyýetiň gelen netijeleri boýunça ýa-da edara ediş derňewleriniň maglumatlary boýunça netijeleri alkogol, neşe ýa-da toksiki serhoşlygy bilen gös-göni baglanyşykly hereketler;
- ätiýaçlandyrylan adamyň üçünji adamlaryň bikanun hereketleri tarapyndan şeýle derejä ýetirilen ýagdaýlaryndan başga, öz-özüne kast etmek (öz-özüne kast etjek bolmak) ýagdaýlary.

## § 2.3.3. Ätiýaçlandyryş pul möçberini tölemek üçin resminamalaryň resmileşdirilişi

Ätiýaçlandyrylan ýolagçylar, ekipažlaryň agzalary we ulag işgärleri ýa-da mirasdarlyk hukugy barada şahadatnama alan adamlar ätiýaçlandyryş pul möçberini tölemek baradaky meselä garalmagy üçin aşakdaky resminamalary resmileşdirilýärler we döwlet ätiýaçlandyryş guramalaryna berýärler:

**Ýolagçylar, ekipažlaryň agzalary, we ulag işgärleri heläk bolan ýagdaýynda:**

- bellenilen görnuş boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberini tölemek barada arza.

**Ýolagçylara, ekipažlaryň agzalaryna we ulag işgärlerine şikes ýeten ýagdaýynda:**

- ätiýaçlandyryş pul möçberini tölemek barada arza;
- ýeten şikes boýunça bejeriş barada saglygy goraýyş edaralary tarapyndan №195 görnüş boýunça doldurylan delilhaty;
- betbagtçylykly hadysa barada ulag guramasy tarapyndan ýazylan güwänamanyň asyl nusgasy.

Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy ýolagçylaryň, ekipažlaryň agzalary, ulag işgärleri ýa-da onuň mirasdarlary ätiýaçlandyryş pul möçberiniň tölenmegi baradaky haýyş bilen ýüz tutan mahalynda arzany, ýolagçylaryň, ekipažlarynyň agzalarynyň we ulag işgärleriniň ätiýaç-

landyrmasy boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberiniň tölegleriniň hasaba alynýan žurnalynda (*1-nji goşundy*) hasaba almaga borçludyr.

*1-nji goşundy*

**Ulaglaryň ähli görnüşleriniň ýolagçylarynyň howa ulagynyň ekipažlarynyň agzalarynyň, demir ýol, deňiz, içerki suw we awtomobil ulaglarynyň işgärleriniň hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasynyň amallary boýunça görkezijileriň**

**ŽURNALY**

| Ulaglaryň görnüşleri | Şertnama baglaşyldy* | Ätiýaçlandyrylanlaryň sany (adam)** | Ätiýaçlandyryş tölegleri (manat) | Ätiýaçlandyryş tölegleri | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | Hemmesi | | Şolardan | | | |
| | | | | | | Şikesler | | Ölüm | |
| | | | | Sany (birl.) | Puluň jemi (man) | Sany (birl.) | Puluň jemi (man) | Sany (birl.) | Puluň jemi (man) |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 |
| Howa | | | | | | | | | |
| Demir ýol | | | | | | | | | |
| Deňiz | | | | | | | | | |
| Içerki suw | | | | | | | | | |
| Ulag | | | | | | | | | |
| Jemi | | | | | | | | | |

*Ätiýaçlandyryş guramasynyň gatnadyjylar bilen ulagyň görnüşleri boýunça (howa, demir ýol, deňiz, içerki suw, awtomobil) baglaşan şertnamalarynyň sany.

**Gatnadylan ýolagçylaryň (satylan biletleriň) we ekipažlaryň işgärleriniň sany barada gatnadyjylardan alnan maglumatlaryň esasynda ätiýaçlandyrylanlaryň umumy sany.

## §2.3.4. Ätiýaçlandyryş pul möçberini tölemek

Ätiýaçlandyrylan ýolagçylar, ekipažlaryň agzalary we ulag işgärleri heläk bolan ýagdaýynda ätiýaçlandyryş pul möçberi olaryň mirasdarlaryna doly möçberde tölenilýär.

Ätiýaçlandyrylan ýolagçylara, ekipažlaryň agzalaryna we ulag işgärlerine betbagtçylykly ýagdaýlaryň netijesinde şikes ýetende ýeten şikesiň agyrlyk derejesine laýyklykda ätiýaçlandyryş pul möçberi tölenilýär, onuň möçberi bolsa ätiýaçlandyryş pul möçberini tölemek üçin ýeten şikesiň agyrlyk derejesini kesgitlemegiň Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 24-nji dekabrynda çykaran №1070 Karary bilen tassyklanan kadalaryna laýyklykda kesgitlenilýär.

Eger ýeten şikes boýunça bejeriş hakyndaky №195 görnüş boýunça ýeten şikesiň agyrlyk derejesiniň gutarnykly göterimini kesgitlemek mümkin bolmasa, ätiýaçlandyryş pul möçberi deslapky kesgitlenen göterimden ugur alyp tölenýär. Şeýle ýagdaýlarda gutarnykly göterim betbagtçylykly hadysa bolan gününden üç aý geçeninden soň kesgitlenýär we №195 görnüş boýunça delilhaty gaýtadan doldurylýar.

Eger zyýan çeken ýolagçy, ekipažyň agzasy we ulag işgäri ulagda bolan betbagtçylykly hadysa sebäpli oňa ýeten şikesiň agyrlyk derejesinden ugur alyp, onuň üçin bellenilen ätiýaçlandyryş pul möçberini diri wagtynda almadyk bolsa, ätiýaçlandyryş pul möçberi mirasdarlara tölenilýär.

Şol bir betbagtçylykly hadysalaryň netijeleri üçin tölegleriň umumy möçberi doly ätiýaçlandyryş pul möçberinden geçmeli däldir.

Daşary ýurtly ýolagçylara ätiýaçlandyryş pul möçberi milli puluň gatnaw resminamalarynyň satyn alan günündäki hereket edýän hümmeti boýunça daşary ýurt pulunda tölenilýär.

Ýolagçylara, ekipažlaryň agzalaryna we ulag işgärlerine betbagtçylykly hadysalaryň netijesinde şikes ýetmegi ýa-da olaryň heläk bolmagy ätiýaçlandyryş ýagdaýlarydyr we bu ätiýaçlandyryş ýagdaýlary ýüze çykan mahalynda ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyryjy tarapyndan ätiýaçlandyrylan ýolagçynyň, ekipažyň agzasynyň we ulag işgäriniň ýaşaýan ýeri boýunça bank edarasyna alyjynyň adyna goýum üçin pul geçirmek, bank üçin çek bermek, poçta boýunça alyjynyň adyna pul ibermek ýa-da döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň pulhanasynda nagt pul bermek ýoly bilen tölenýär.

Kämillik ýaşyna ýetmedik alyja ätiýaçlandyryş pul möçberi diňe onuň ýaşaýan ýeri boýunça bank edarasynda onuň adyna goýuma ge-

çirilýär. Bu barada şol bir wagtyň özünde hossarlyk we howandarlyk edaralaryna ýa-da hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň razylygy bilen mirasdaryň ene-atasynyň birine habar berilmelidir. Başga etraplarda we şäherlerde ýaşaýan mirasdarlara ätiýaçlandyryş pul möçberi alyjynyň ýaşaýan ýeri boýunça bank edarasyndaky onuň hasabyna geçirilýär ýa-da olaryň hasabyna poçta arkaly geçirilýär.

Eger ýolagçy, ekipažyň agzasy we ulag işgäri ýa-da mirasdar ätiýaçlandyryş pul möçberi tölemek barada arza bereninden soň, ony öz wagtynda talap etmedik bolsa, onda ol soňky gezek ýüz tutanynda ätiýaçlandyryş pul möçberi gaýtadan hasaplanmaýar we töleg barada ilkinji gezek arza beren günündäkä laýyk gelýän möçberde tölenýär.

Ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyryş guramasy tarapyndan ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň dogrulygyny tassyklaýan hemme zerur resminamalar alnandan soň ýedi gün möhletde tölenilýär.

Ätiýaçlandyryş guramasy ätiýaçlandyryş pul möçberini tölemekden boýun gaçyran ýagdaýynda ol barada arza berijä boýun gaçyrmagyň sebäbini görkezmek bilen ýedi günüň içinde habar bermelidir.

Ätiýaçlandyrylan ýolagçynyň, ekipažyň agzasynyň we ulag işgäriniň ýa-da onuň mirasdarlarynyň ulaglaryň ýolagçylarynyň, ekipažlaryň agzalarynyň we ulag işgärleriniň hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasy şertlerinden gelip çykýan, ätiýaçlandyryş pul möçberini tölemek baradaky talaplaryna ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykan günden başlap üç ýylyň dowamynda garalýar. Jedeller kazyýet tarapyndan çözülýär.

## §2.3.5. Ulaglarda betbagtçylykly hadysalaryň öňüni almak baradaky çäreleri maliýeleşdirmek üçin ätiýaçdaky gory döretmegiň we ony harçlamagyň tertibi

Ulaglarda betbagtçylykly hadysalaryň öňüni almak boýunça çäreleri maliýeleşdirmek üçin ätiýaçdaky gory (mundan beýläk «ätiýaçdaky gory» diýlip atlandyrylýar) döredilmegi ýolagçy gatnawlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça çäreleri, şeýle hem Türkme-

nistanda döwlet ätiýaçlandyryşyň maksatlaryna hem-de wezipelerine laýyk gelýän çäreleri gaýtaryp berilmesiz maliýeleşdirmegiň çeşmesi bolup durýar.

Ätiýaçdaky gor Türkmenistanyň Prezidentiniň 1995-nji ýylyň 27-nji sentýabryndaky çykaran PP 1646 belgili hem-de 2001-nji ýylyň 2-nji ýanwarynda çykaran PP 3290 belgili Permanlaryna laýyklykda ulaglaryň ähli görnüşleriniň ýolagçylarynyň, howa ulagynyň ekipažynyň agzalarynyň, demir ýol, deňiz, içerki suw we awtomobil ulagynyň işgärleriniň hökmany ätiýaçlandyryş boýunça ýygnalan ätiýaçlandyryş tölegleriniň 15 göterimi möçberinde döredilýär.

Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň guramalary ätiýaçdaky gor üçin gönükdirilýän serişdeleriň umumy möçberiniň 20 göterimini merkezleşdirilen gorag (prewentiw) gaznasyna geçirýärler. Serişdeleri geçirmek çärýek, ýarym ýyl, dokuz aý we bir ýyl üçin işleriň netijeleri boýunça ýokarda durýan ätiýaçlandyryş guramasyna balans tabşyrylandan soň 15 günüň dowamynda amala aşyrylýar.

Ätiýaçdaky goruň serişdelerini gorag (prewentiw) çärelerini amala aşyrýan ulag guramalarynyň arasynda paýlamak olaryň haýyşnamasy göz öňünde tutup we ätiýaçlandyrmanyň şu görnüşi boýunça tölegleriň derejesini, şeýle hem şu görkezijä täsir edýän sebäpleri öwrenip, şeýle hem şu maksatlar üçin serişdeleriň möçberinden ugur alyp Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan amala aşyrylýar.

Gorag (prewentiw) çärelerini amala aşyrýan ulag guramalary tarapyndan goruň serişdelerini ulanmak ulagda ýolagçy gatnawlarynyň howpsuzlygyny üpjün etmek üçin howa, demir ýol, deňiz, içerki suw we awtomobil ulaglarynyň ýolagçylarynyň, ekipažlaryň agzalarynyň we ulag işgärleriniň hökmany ätiýaçlandyryş boýunça ätiýaçlandyryş tölеglerinden geçirilýän serişdeleriň hasabyna maliýeleşdirýän çäreleriň Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň guramalary tarapyndan, «Türkmenhowaýollary» döwlet milli gullugy, Türkmendemirýollary müdirligi, Türkmenistanyň awtomobil ulag

ministrligi, Türkmendeňizderýaýollary müdirligi, Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi tarapyndan Türkmenistanyň Adalat ministrligi bilen ylalaşyp bilelikde tassyk edilen asakdaky sanawlara laýyklykda amala aşyrylýar:

- ulagyň hereketiniň howpsuzlygyny üpjün edýän gurallary we enjamlary satyn almak;
- ulagyň hereketiniň howpsuzlygynyň meseleleri boýunça ylmy-derňew işlerini geçirmek, hereket howpsuzlygyny üpjün edýän täze enjamlary we serişdeleri işläp taýýarlamak we ornaşdyrmak;
- heläkçilik ýagdaýlarynda ulagdaky ýolagçylaryň, ekipažyň agzalarynyň we işgärleriň abat galmagyny, gözleg-halas ediş hem-de göçüriş (ewakuasiýa) işleriniň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça çäreleri maliýeleşdirmek;
- häzirki zaman signal-gorag enjamlaryny satyn almak hem-de gurnamak, howply çatryklary we ýollary enjamlaşdyrmak, awtobus duralgalaryny, stansiýalary, gorag ganatlaryny, ýerasty geçelgeleri we hereket howpsuzlygyny üpjün edýän beýleki serişdeleri gurmak;
- ýol hereketiniň düzgünlerini we ýol-ulag şikes ýetmeleriniň öňüni almagy wagyz etmek boýunça çäreleri geçirmek;
- ilkinji saglyk goraýyş kömegini bermek üçin derman serişdelerini satyn almak;
- suwda halas ediş işleri üçin niýetlenen enjamlary satyn almak;
- heläkçilik we beýleki adatdan daşary hadysalaryň bolan ýerlerinde işleýän adamlar üçin ýörite egin-eşikleri we ýörite aýakgaplary satyn almak;
- kommunikasiýa ýollaryndan uzakda ýerleşýän ilatly punktlarda, şeýle hem hereket aşa köp bolan ýollarda halas ediş maksatlary üçin ulanmak mümkin bolan telefon apparatlaryny goýmak;

- betbagtçylykly hadysalaryň netijesinde maýyp bolan adamlara we heläk bolan raýatlaryň maşgalalaryna bir gezeklik kömek bermek;
- adamlaryň janyny we saglygyny goramak boýunça köpçülikleýin düşündiriş işlerini geçirmek.

Betbagtçylykly hadysalaryň öňüni almak boýunça çäreleri maliýeleşdirmek üçin goruň wagtlaýyn boş duran serişdeleri Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň guramalary tarapyndan hereket edýän kanunlara laýyklykda girdejiler almak üçin peýdalanylýar. Ätiýaçdaky goruň wagtlaýyn boş duran serişdelerini ulanmakdan alnan girdeji ätiýaçlandyryş guramasynyň ygtyýarynda galýar. Her bir ulag guramasy boýunça gorag (prewentiw) çärelerini maliýeleşdirmek üçin niýetlenen gor serişdeleriniň möçberi ätiýaçlandyrmanyň anyk ulag guramasy boýunça geljek ýyl üçin çärýeklere bölünip maksatnamalaşdyrylan şu görnüşi boýunça gelip gowuşýan ätiýaçlandyryş töleglerinden hasaplanyp çykarylýar. Maksatnama ulag guramasynyň ýolbaşçysy tarapyndan gol çekip hödürlenýär we döwlet ätiýaçlandyrma guramasynyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanylýar. Zerur bolan ýagdaýynda taraplaryň razylygy boýunça oňa ýylyň dowamynda üýtgetmeler girizilip bilner. Bir ýylyň ahyryna çenli harçlanylmadyk serişdeler geljek ýyl üçin gowşan arzalara seredilende göz öňünde tutulýar.

Gorag (prewentiw) çäreleri üçin serişdeleri goýbermek gösgöni maliýeleşdirmek arkaly ýa-da gyzyklanýan edaralaryň üsti bilen amala aşyrylýar hem-de gaýdyp bermesiz maliýeleşdirmek tertibinde peýdalanylýar.

Ulag guramalary olary maliýeleşdirýän ätiýaçlandyryş guramalarynyň öňünde gorag çärelerini maliýeleşdirmek üçin özlerine bölüp berlen serişdeleriniň peýdalanylyşy barada her ýylda hasabat berýärler.

Gorag (prewentiw) çärelerini maliýeleşdirmek üçin ätiýaçlandyryş töleglerinden goýberilen serişdeleriň gelip gowuşyşyna hem-de olaryň dogry harç edilişine döwlet ätiýaçlandyryş guramalary gözegçilik edýärler.

## §2.3.6. Ulaglaryň ähli görnüşleriniň ýolagçylarynyň, howa ulagynyň ekipažlarynyň agzalarynyň, demir ýol, deňiz, içerki suw we awtomobil ulaglarynyň işgärleriniň hökmany döwlet ätiýaçlandyrma boýunça özara hasaplaşyklarynyň tertibi

Geçen aý üçin atiýaçlandyryş tölegleriniň pul möçberi ulag guramalary tarapyndan soňky aýyň 5-nden gijä galman geçirilýär:

- Howa we demir ýol ulaglary – Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň merkezi edarasynyň hasaplaşyk hasabyna;
- Deňizderýa, içerki suw we awtomobil ulaglary – portuň, menziliň, stansiýanyň ýerleşýän ýerleri boýunça Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň guramalarynyň hasaplaşyk hasabyna.

Ätiýaçlandyryş tölegleriniň daşary ýurt pulundaky pul möçberi ulag guramalary tarapyndan Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň merkezi edarasynyň walýuta hasabyna geçirilýär.

Ätiýaçlandyryş tölegleriniň doly möçberiniň öz wagtynda geçirilmedik ýagdaýynda puşmana pullaryny hem goşup, bergileriň pul möçberi salgytlary we býujete hökmany tölenmeli salgyt däl tölegleri almak üçin kesgitlenen tertipde ulag guramasynyň hasaplaşyk hasabyndan alynmaga degişlidir.

**Taraplaryň borçlary**

*Ätiýaçlandyryjynyň borçlary:*

- eýeçiligiň görnüşine garamazdan ýerlerde howa, demir ýol, deňiz, içerki suw we awtomobil ulagy bilen ýolagçylary gatnadýan ulag guramalaryny ýüze çykarmak;
- her ýylda azyndan iki gezek barlag geçirmek arkaly ulag guramalarynyň ätiýaçlandyryş tölеglerini alşynyň dogrulygyna, olary Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň guramalarynyň hasabyna öz wagtynda we doly geçirişlerine gözegçilik etmek;
- ätiýaçlandyryş pul möçberini öz wagtynda tölemek.

**Ulag guramalarynyň borçlary:**

- ätiýaçlandyryş töleglerini öz wagtynda geçirmek;
- ulagda bolup geçen betbagtçylykly hadysa barada Güwänama ýazmak we onuň asyl nusgasyny ýolagça, ekipažyň agzasyna we ulag işgärine ýa-da onuň mirasdaryna gowşurmak hem-de zerur bolan ýagdaýynda onuň nusgasyny döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň talap etmegi boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberini tölemek baradaky meseläni çözmek üçin oňa ibermek.

**Saglygy goraýyş guramalarynyň borçlary:**

- ätiýaçlandyrylan ýolagçylara, ekipažlaryň agzalaryna we ulag işgärlerine, zerur bolan ýagdaýynda bolsa Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramalaryna ulagda bolan betbagtçylykly hadysanyň netijesinde alnan şikesiň bejerlendigi barada N 195 görnüş boýunça delilhatlaryny berýär.

Taraplaryň arasynda ýüze çykýan jedellere Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda seredilýär.

## II.IV bap. Awtoulag serişdeleriniň eýeleriniň (gatnadyjylaryň) üçünji tarapyň öňündäki raýat jogapkärçiliginiň hökmany döwlet ätiýaçlandyryşy

### § 2.4.1. Ätiýaçlandyrmanyň tertibi we maksady

Awtoulag serişdeleriniň eýeleriniň (gatnadyjylaryň) üçünji tarapyň öňündäki raýat jogapkärçiliginiň hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasy mahaly döreýän hukuk gatnaşyklaryny düzgünleşdirýär.

Ýol-ulag hadysalary netijesinde ejir çeken, hökmany ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça tarap bolup durmaýan, şeýle hem zyýanyň ýetirilmegi netijesinde döreýän borçnamalar hakynda Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda kazyýet tarapyndan üçünji tarap

diýlip ykrar edilen ähli edara görnüşindäki taraplar we şahsy adamlar olaryň mirasdarlary (hukuk oruntutarlary) diýlip ykrar edilýär.

**Hökmany ätiýaçlandyrmagyň maksady** ýol-ulag hadysalary wagtynda ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagyny üpjün etmekden ybaratdyr.

Awtoulog serişdesiniň eýesi (gatnadyjy) Türkmenistanyň çäklerinde ulanylýan ähli awtoulag serişdeleri boýunça öz raýat jogapkärçiligini ätiýaçlandyrmaga borçludyr.

Awtoulag serişdeleriniň eýeleri (gatnadyjylar) diýlende awtoulag serişdelerini özlerine degişli bolan eýeçilik hukugy, hojalygy ýöretmek hukugy, dolandyryş hukugy ýa bolmasa beýleki esaslar boýunça (kärende şertnamasy, awtoulag serişdesini dolandyrmak üçin ynanç hatynyň bolmagy, ygtyýarly edaranyň buýrugy esasynda awtoulag serişdesiniň gurama wagtlaýyn peýdalanmaga berilmegi we başgalar) ulanýan edara görnüşindäki taraplar we şahsy adamlar göz öňünde tutulýar.

Awtoulag serişdeleri diýlip Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet awtomobil inspeksiýasynyň edaralary we awtoulag serişdelerini bellige almak işini amala aşyrýan beýleki edaralar tarapyndan döwlet tarapyndan bellige we hasaba alynmaga degişli bolan awtomobillere (relssiz, ýerüsti, maşyn kysymly dwigatelli awtoulag serişdeleri), tirkeglere we motosikllere düşünilýär.

Eýesi (gatnadyjy) özüniň üçünji tarapyň öňündäki rayat jogapkärçiligini ätiýaçlandyrmasa, awtoulag serişdesiniň ulanylmagyna ýol berilmeýär.

Mundan beýläk ätiýaçlandyrylýan diýlip atlandyrylýan awtoulag serişdeleriniň şu aşakdaky eýeleriniň (gatnadyjylaryň) raýat jogapkärçiligi hökmany ätiýaçlandyrylmaga degişlidir:

- Türkmenistanyň edara görnüşindäki taraplary (Türkmenistanyň Döwlet býujetiniň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýän edaralar we umumylykda peýdalanylýan ulaglaryň hyzmatlary üçin nyrhlar döwlet tarapyndan düzgünleşdirilýän kärhanalary muňa girmeýär):
- daşary ýurt döwletleriniň edara görnüşindäki taraplary we olaryň Türkmenistanyň çäginde ýerleşen wekilçilikleri;

- Türkmenistanyň, beýleki döwletleriň raýatlary we raýatlygy ýok adamlar.

Könelme möhleti geçen awtoulag serişdeleriniň eýeleriniň raýat jogapkärçiligi hökmany ätiýaçlandyrylmaga degişli däldir.

Türkmenistanyň çäklerinden daşarda bellige alnan awtoulag serişdelerinde Türkmenistana gelen adamlar, eger:

- olarda Türkmenistan tarapyndan ykrar edilen halkara ätiýaçlandyryş resminamalary bolanda;
- Türkmenistanyň döwlet ätiýaçlandyryş guramasy (mundan beýläk ätiýaçlandyryjy diýlip atlandyrylýar) bilen awtoulag serişdeleri bellige alnan ýurtlaryň ätiýaçlandyryş guramalarynyň arasyndaky ikitaraplaýyn ylalaşyklara laýyklykda olar hökmany ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşanda ýurtda bolýan möhleti üçin ätiýaçlandyrylan diýlip hasap edilýär.

Üçünji tarap ýogalan ýagdaýynda aňryçäk jogapkärçilik durmuş töleglerini hasaplamak üçin binaýatlyk möçberiniň 100 essesine barabardyr. Emläk zyýanynyň öwezini dolmak boýunça aňryçäk jogapkärçilik durmuş töleglerini hasaplamak üçin binaýatlyk möçberiniň 100 essesinden köp däldir, Türkmenistanyň çäklerinde 15 güne çenli möhlet bilen gelýän daşary ýurt raýatlaryna we raýatlygy ýok adamlara degişli awtoulag serişdeleri barada bolsa aňryçäk jogapkärçilik durmuş töleglerini hasaplamak üçin binaýatlyk möçberiniň 62,5 essesinden 250 essesine çenlidir.

Hökmany ätiýaçlandyryş ätiýaçlandyryjy bilen ätiýaçlandyrylýanyň arasynda «Ätiýaçlandyryş hakynda» Türkmenistanyň Kanuny esasynda baglaşylýan hökmany ätiýaçlandyryş şertnamasy esasynda amala aşyrylýar. Hökmany ätiýaçlandyrma şertnamasy bir kalendar ýyly (1-nji ýanwardan 31-nji dekabra) möhlete, 1-nji ýanwardan soň täze edinilen awtoulag serişdeleri barada bolsa, olar satyn alnan pursatdan başlap 31-nji dekabra çenli möhlete baglaşylýar.

Döwlet awtomobil inspeksiýasynyň edaralary we awtoulag serişdelerini bellige almagy amala aşyrýan beýleki edaralar awtoulag serişdelerini bellige almagyň, gaýtadan bellige almagyň, tehniki taýdan gözden geçirmegiň we ulanmagyň barşynda hökmany ätiýaçlandyryş şertnamasynyň barlagyna gözegçiligi hem üpjün edýärler.

Daşary ýurt awtoulag serişdeleriniň eýeleri (gatnadyjylar) wagtlaýyn gelen mahaly hökmany ätiýaçlandyryş şertnamasy olaryň Türkmenistanda bolmagynyň bütin möhletine baglaşylýar.

Hökmany ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan mahaly awtoulag serişdesiniň eýesi (gatnadyjy) ätiýaçlandyrmagyň şu görnüşiniň şertleriniň we hereket etmeginiň tertibiniň düşündirilmegini ätiýaçlandyryjydan talap etmäge haklydyr.

Awtoulag serişdesiniň eýesi (gatnadyjy) hökmany ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak hakynda arza bilen ýüz tutan mahaly ätiýaçlandyryjy hökmany ätiýaçlandyryş hakynda ozal baglaşylan şertnamalar hakynda doly maglumat berilmegini ondan soramaga haklydyr.

## § 2.4.2. Resminamalaryň görnüşleri

Hökmany ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyrylýan tarapynda doldurylýan bellenilen nusgadaky ýazmaça arza esasynda baglaşylyp, ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny ( polisini) berýär.

Geljek ýyl üçin hökmany ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşmak we ätiýaçlandyryş töleglerini tölemek şu ýylyň 1-nji oktýabryndan 31-nji dekabryna çenli döwürde amala aşyrylýar.

Hökmany ätiýaçlandyrma şertnamasy baglaşylan mahaly jogapkärçilik möçberiniň 10 göterimi franşiza bellenilýär. Şonda ätiýaçlandyryjy franşizanyň möçberinde geçýän zyýan üçin jogapkärçilik çekýär.

Beýleki döwletleriň Türkmenistanyň çäklerine gelýän awtoulag serişdeleriniň eýelerine (gatnadyjylara ) awtoulag serişdesiniň her bir kysymy üçin 300 amerikan dollary möçberinde franşiza bellenilýär.

Ätiýaçlandyryş tölegleri awtoulag serişdesiniň kysymyna, jogapkärçiligiň möçberine, bellige alnan ýerine (ýurtda ýa-da onuň çäklerinden daşary) we Türkmenistanyň çäklerinde bolýan döwrüne baglylykda tapawutlandyrylyp nagt däl hasaplaşyk ýa bolmasa nagt tölemek arkaly, bir gezekde ýa bolmasa bölekleýin alynýar.

Bir ýyldan az baglaşylýan hökmany ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça ätiýaçlandyryş tölegi bir gezekde tölenilýär.

Awtoulag serişdeleri durmuş üpjünçilik edaralaryndan mugt alnanda hökmany ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryş tölegleri tölemekden boşadylyp ätiýaçlandyryjy olara ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny (polisini) gowşurýar.

Awtoulag serişdelerini durmuş üpjünçiligi edaralaryndan doly bahasyna ýa-da ýeňillikli alan maýyplar hökmany ätiýaçlandyryş boýunça ätiýaçlandyryş tölegleriniň 50 göterimini töleýärler.

Zerur bolan mahaly ätiýaçlandyryş öwezini dolmagyň möçberleri nazara alnyp ätiýaçlandyryş tölegleriniň möçberi her ýyl ätiýaçlandyryjy tarapyndan ätiýaçlandyryş işine döwlet tarapyndan gözegçilik ediji edara bilen ylalaşylyp takyklanylýar.

Türkmenistanyň çäklerinden daşarda bellige alnan awtoulag serişdeleriniň eýeleri (gatnadyjylar) ätiýaçlandyryş tölegleri ýurda giren mahaly tölemäge borçludyrlar. Eger Türkmenistanda bolunýan möhlet 15 günden köp bolsa, awtoulag serişdesiniň eýesi (gatnadyjy ) hökmany ätiýaçlandyryş şertnamasyny uzaltmalydyr we ätiýaçlandyryş tölegini tassyklanylan nyrha görä hasaplamak bilen, özüniň bolýan möhletine baglylykda goşmaça tölemelidir.

Eger Türkmenistan gatnaşyjysy bolan halkara şertnamasynda ätiýaçlandyrmagyň döwletimizde kesgitlenilen talaplardan başga şertleri göz öňünde tutulan bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar.

Awtoulag serişdesiniň eýesi (gatnadyjy) çalşylan ýagdaýynda hökmany ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça onuň hukuklary we borçlary öz razylygy bilen degişli hukuk oruntutarlaryna Türkmenistanyň Raýat kodeksi arkaly kesgitlenilen tertipde geçýär.

Awtoulag serişdesi heläkçiliksiz ulanylan ýagdaýynda ätiýaçlandyryş töleginden aşakdaky möçberlerde ýeňillik berilýär:

| Heläkçiliksiz ulanylan möhlet (ýyl) | Ätiýaçlandyryş töleginden ýeňillik göterimlerde |
|---|---|
| 2 | 5 |
| 3 | 10 |
| 4 | 15 |
| 5 we ondan köp | 20 |

Ätiýaçlandyryja ýokarda görkezilen döwürlerde hökmany ätiýaçlandyryş barada baglaşylan şertnamalar boýunça ätiýaçlandyryş öwezini dolmalaryny tölemek hakynda arzalaryň bildirilmezligi awtoulag serişdesiniň heläkçiliksiz ulanylmagy diýlip hasap edilýär.

Ýol-ulag hadysasy üçünji adamyň ölmegine, maýyp bolmagyna ýa-da olaryň saglygyna başga bir görnüşde şikes ýetmegine, şeýle hem olaryň emläginiň zaýalanmagyna ýa bolmasa ýok edilmegine elten ýagdaýynda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş öwezini dolmagy töleýär.

Ýol-ulag hadysasy netijesinde ýetirilen zyýan bedene şikesiň ýetmegi bilen baglanyşykly bolsa, ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy ýetirilen şikesiň agyrlyk derejesine baglylykda Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 24-nji dekabrynda çykaran №1070 Karary bilen tassyklanylan howa, demir ýol, deňiz, içerki derýa we awtomobil ulaglarynyň hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasy boýunça ätiýaçlandyryş puluny tölemek üçin şikesleriň agyrlyk derejesini kesgitlemegiň kadalaryna laýyklykda tölenilýär. Ejir çekenleriň birnäçesi ýogalan ýagdaýynda ätiýaçlandyryş öwezini dolma her bir adam üçin durmuş töleglerini hasaplamak üçin binaýatlik möçberiniň 100 essesi möçberinde tölenilýär.

Maddy zyýan üçin ätiýaçlandyryş öwezini dolma ýetirilen zyýanyň möçberinde, ýöne durmuş töleglerini hasaplamak üçin binaýatlik möçberiniň 100 essesinden köp bolmadyk möçberde tölenilýär.

Iki ýa-da has köp adama ýetirilen maddy zyýan üçin ätiýaçlandyryş öwezini dolmagyň mukdary durmuş töleglerini hasaplamak üçin binaýatlik möçberiniň 100 essesiniň çäklerinde deň paýlanylýar.

Şol bir awtoulag serişdesi tarapyndan ýetirilen maddy zyýan üçin ätiýaçlandyryş öwezini dolmagyň mukdary ätiýaçlandyryş döwründe durmuş töleglerini hasaplamak üçin binaýatlik möçberiniň 100 essesinden köp bolmaly däldir.

Ýol-ulag hadysasyna gatnaşyjylaryň öz ýetiren zyýany üçin günäkärligi günäniň günäkär tarapyndan ýa-da ýol polis derňew we anyklaýjy edaralary tarapyndan ykrar edilmegi arkaly anyklanylýar, çaprazlyklar bar mahaly bolsa kazyýet tertibinden kesgitlenilýär.

7. Sargyt № 2539

Eger zyýan ýetirme:

- awtoulag serişdesiniň çakyşmagy, basmagy, urylmagy, ýykylmagy, agdarylmagy;
- öz-özünden ýanmagy (ýangyn), partlama netijesinde ýüze çykyp üçünji adamyň saglygyna we emlägine zyýan ýetirilmegi ätiýaçlandyryş ýagdaýy diýlip hasap edilýär we onuň ätiýaçlandyryjy tarapyndan öwezi dolunýar.

Eger üçünji adamyň saglygyna we emlägine şu aşakdaky görkezilen ýagdaýlardan zyýan ýetirilen bolsa, ätiýaçlandyryjy tarapyndan ätiýaçlandyryş öwezini dolmalary tölenmeýär:

- awtoulag serişdesi ýüklenilende ýa-da düşürilende;
- ýangyna garşy howpsuzlygyň, zäherli, ýagny howply we partlaýjy maddalary daşamagyň we saklamagyň kadalary bozulanda;
- awtoulag serişdesiniň eýesi (gatnadyjy ) ony jenaýatyň guraly hökmünde ulananda;
- daş-töwerekdäki tebigat hapalananda ýa-da zaýalanda;
- ýol-ulag hadysalary bilen baglanyşykly bolmadyk jemgyýetçilik tertipsizliklerinde, harby dawa-jenjellerde, tebigy heläkçiliklerde, ok-därileriň partlamagynda;
- antikwar we örän seýrek duş gelýän zatlar, gymmatly metallardan, gymmatly, ýarym gymmatly we timarlanylýan daşlardan ýasalan zatlar, din ybadatlaryna degişli zatlar, kolleksiýalar, kartinalar, golýazmalar, pullar, gymmatly kagyzlar kem-käs ýa bolmasa doly zaýalananda;
- ýol-ulag hadysasyna üçünji adamyň gatnaşmagy degişli resminama bilen tassyklanylmadyk ýagdaýynda şeýle hadysa bolanda;
- ýokary derejedäki howpuň çeşmesine deňlikde awtoulag serişdesiniň eýesi (gatnadyjy) hökmünde ätiýaçlandyrylýanyň jogapkärçiligini Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda aradan aýyrýan ýagdaýlarda.

Ruhy zyýanyň we üçünji adamyň elden giderilen peýdasynyň, şeýle hem ejir çekeniň harytlary eltmegiň ýa bolmasa işleri ýerine ýetirmegiň (hyzmatlary etmegiň) möhletlerini, şertnamalar boýun-

ça beýleki borçnamalary bozmagy sebäpli ýüze çykan ýitgileriň (jerimeleriň jerime töleglериниň we şuňa meňzeşleriň ) hem öwezi dolunmaýar.

Eger ätiýaçlandyrylýan ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykandygy hakynda ätiýaçlandyryja şu aşakdaky bellenilen möhletde ýerlikli sebäpler bolmazdan habar bermedik ýa-da zyýan ýetirilen emlägi ätiýaçlandyryjynyň wekiliniň gözden geçirmegine päsgel beren bolsa, onda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş öwezini dolmagy tölemekden boýun gaçyrmaga haklydyr.

Üçünji adamyň saglygyna we emlägine zyýan ýetirilen ýagdaýynda ýetirilen zyýanlaryň möçberini kazyýetiň çözgüdi bilen ätiýaçlandyrylýanyň üstüne ýüklenilen ýa bolmasa ätiýaçlandyryjy we zyýan çeken bilen ylalaşyp, ätiýaçlandyrylýan tarapyndan ykrar edilen möçberlerden ugur alnyp kesgitlenilýär.

Hökmany ätiýaçlandyryş boýunça ätiýaçlandyryş öwezini dolmagy tölemek ätiýaçlandyrylýanyň jogapkärçiligini anyklan kazyýetiň çözgüdi güýje giren ýa bolmasa ätiýaçlandyrylýanyň üçünji adamyň öňündäki jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryjy bilen deslapdan ylalaşyp ykrar edilen we töleg hakyndaky meseläni çözmek üçin zerur ähli resminamalar alnan günden başlap 7 bank gününiň dowamynda amala aşyrylýar.

Emläge zyýan ýetirilen ýagdaýynda ýitgileriň möçberi zyýan ýetirilen emlägi (zatlary) dikeltmegiň bahasyndan ýa-da aýry-aýry detallary, zatlary abatlamak boýunça zerur çykdajylaryň möçberinden ugur alnyp kesgitlenilýär.

Dikeltmegiň bahasy we çykdajylaryň möçberi ätiýaçlyk ýagdaýy ýüze çykan pursatynda ulanylýan bahalardan ugur almak bilen, ätiýçlandyryjy ýa bolmasa gurluşyk, abatlaýyş we beýleki ygtyýarly guramalar tarapyndan düzülen hasaplamalar (kalkulýasyýa ) esasynda kesgitlenilýär.

Zerur bolan mahaly ätiýaçlandyryjy dikeltmegiň bahasyny kesgitlemek ýa bolmasa zyýan ýetirilen emlägi dikeltmek üçin smetalaryň barlagy üçin garaşsyz ýokary tejribeli işgärleriň hyzmatlaryndan peýdalanýar.

Emläk doly ýok edilen ýagdaýynda ýitgileriň möçberi:

- edara görnüşindäki tarap üçin – könelmek möçberini azaltmak bilen, zyýan ýetirilen emlägiň balans bahasyndan ugur alnyp;
- şahsy adam üçin – könelmek möçberini azaltmak bilen, ätiýaçlandyryş bahasy bolan gündäki bazar nyrhlaryndan ugur alnyp kesgitlenilýär.

Ejir çekeniň emlägine ýetirilen zyýan üçin hökmany ätiýaçlandyryş boýunça öwezini dolma meýletin ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça degişli töleglere garamazdan tölenilýär, ýöne ejir çekeniň ähli ätiýaçlandyryş guramalardan alan ätiýaçlandyryş öwezini dolmalarynyň umumy möçberi hakyky zyýanyň bahasyndan köp bolmaly däldir. Zyýanyň öwezini dolmagyň möçberi bellenilen çäklerden geçýän ýagdaýlarynda gönüden-göni zyýan ýetiren awtoulag serişdesiniň eýesiniň (gatnadyjynyň) zyýanyň goşmaça öwezini dolmak hakynda hak islegi bilen kazyýete ýüz tutmaga zyýan çeken haklydyr.

Zyýan çekene hökmany ätiýaçlandyryş boýunça öwezini dolmany tölän ätiýaçlandyryjy aşakda görkezilen ýagdaýlarda regres talabyny etmek hukugyna (ätiýaçlandyryjynyň tölenilen puluň öwezini dolmagyň zyýan ýetiren adamdan talap etmek hukugyna) eýedir:

- kazyýet seljerişiniň barşynda ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň awtoulag serişdesinde bolan zyýan ýetirene mälim bolan ýa-da oňa mälim bolmaly bolan tehniki näsazlyklar sebäpli ýüze çykandygy anyklanylan bolsa;
- zyýan ýetiren hadysanyň bolan ýerinden gaçyp giden bolsa;
- awtoulag serişdesiniň ony sürmäge hukugy bolmadyk ýa bolmasa alkogol, neşe ýa-da başga bir serhoşlyk ýagdaýynda bolan sürüji tarapyndan dolandyrylan bolsa;
- awtoulag serişdesi onuň tehniki häsiýetlerine mahsus däl maksatlar üçin ulanylan bolsa;
- awtoulag serişdesini ters hereketler bilen ele salan adamlaryň hereketleri bilen zyýan ýetirilen bolsa.

Aşakdakylara regres talaby bildirilmeýär:

- awtoulag serişdeleriniň eýesiniň onuň bilen bilelikde hojalygy ýöredýän maşgala agzalaryna;

- awtoulag serişdesiniň eýesi bar mahaly dolandyran adama.

Döwlet durmuş ätiýaçlandyryş we durmuş üpçünçilik edaralarynyň özleri tarapyndan tölenilýän kömek pullary we pensiýalary boýunça regres talaplary ätiýaçlandyryja geçmeýär.

Ätiýaçlandyryş pulunyň (Ätiýaçlandyryş öwezini dolmagyň) wagtynda tölenilmändigi üçin ejir çeken ätiýaçlandyryjy tarapyndan möhleti geçirilen her bir gün üçin Türkmenistanyň Raýat kodeksinde göz öňünde tutulan möçberde puşmana puly tölenilýär.

Şahsyýete ýetirilen zyýan üçin ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy ejir çeken (ejir çekeniň mirasdarlaryna) dowlet durmuş ätiýaçlandyryşy, durmuş üpjünçilik, saglygy goraýyş ätiýaçlandyryş ýa-da beýleki ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça ejir çekene ýa bolmasa onuň mirasdarlaryna tölenilmeli pullara garamazdan tölenilýär.

Ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy ejir çekeniň islegine baglylykda bir wagtda ýa-da tapgyrma-tapgyr hem tölenilip bilner.

Içeri işler, prokuratura edaralary, kazyýet, saglygy goraýyş edaralary we beýleki ygtyýarly edaralar hökmany ätiýaçlandyryş boýunça öwezini dolmany tölemek bilen baglanyşykly meseleleri çözmek üçin zerur maglumatlary ätiýaçlandyryja tölegsiz bermäge borçludyr.

*Ätiýaçlandyrylýan:*

- ätiýaçlandyryş töleglerini wagtynda tölemäge;
- awtoulag serişdelerini howpsuz saklamagyň we ulanmagyň bellenilen, umumylykda kabul edilen kadalaryny berjaý etmäge;
- eger öň ätiýaçlandyrylan bolsa, ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan mahaly bu baradaky maglumatlary ätiýaçlandyryja habar bermäge;
- ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda dynç we baýramçylyk günlerini hasaba almazdan 3 gije-gündizden gijä galman bu barada ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň bolan ýerini, wagtyny we ähli ýagdaýlaryny görkezip habar bermäge (ätiýaçlandyrýana ejir çekenlere ýa-da olaryň mirasdarlaryna ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň döränligi hakyndaky maglumaty habar bermegi mümkin däl mahaly ýol polis edaralary ýa bolmasa beýleki ygtyýarly edaralar ony ätiýaçlandyryja ýetirýärler);

- ejir çekenlere kömek bermek, zyýanyň öňüni almak ýa-da ony azaltmak, emlägi halas etmek üçin mümkin bolan ähli çäreleri görmäge;
- ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykandygy hakynda ygtyýarlyklaryndan ugur almak bilen, degişli edaralara (polisiýa, döwlet ýangyn gözegçiligi edaralaryna, heläkçilik gulluklaryna we başg. ) habar bermäge;
- howpsuzlygyň bähbitlerine ýa bolmasa zyýanyň azaldylmagyna ters gelmeýän bolsa, zeper ýeten emlägi ätiýaçlandyryjynyň wekili gözden geçirýänçä ätiýaçlandyryş ýagdaýyndan soňraky görnüşde saklamagy üpjün etmek üçin mümkin bolan ähli çäreleri görmäge;
- ätiýaçlandyryjynyň wekiline zeper ýeten emlägi bökdençsiz gözden geçirmegi we barlamagy, ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagynyň sebäplerini, ýitginiň möçberini we beýleki ýagdaýlary anyklamagy üçin mümkinçiligi üpjün etmäge;
- ätiýaçlandyryja ähli zerur maglumatlary, gerek bolsa ýazmaça görnüşde bermäge, şeýle hem ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagynyň sebäplerini we zyýanyň möçberini anyklamak üçin zerur bolan bar resminamalary oňa bermäge;
- ejir çekeniň resmi düşündirişi (raýat jogapkärçiligi ), şeýle hem zyýanyň ýetirilmeginiň ýagdaýy boýunça ygtyýarly edaralaryň hereketleriniň başynda (derňew, kaziýete çagyrmak we başg.) onuň beren ähli ýazmaça düşündirişleri hakynda ätiýaçlandyryja mümkingadar gysga möhletde habar bermäge;
- zyýanyň möçberini kesgitlemegiň meselelerini düzgünleşdirmek boýunça ätiýaçlandyryjy bilen geňeşmäge borçludyr.

Hökmany ätiýaçlandyryş şertnamasynda ätiýaçlandyryjynyň beýleki borçlary hem göz öňünde tutulyp bilner.

*Ätiýaçlandyrylýanyň:*

- ätiýaçlandyryş şertnamasy awtoulag serişdesine eýelik etmek (ondan peýdalanmak) hukugy bes edilen ýa bolmasa ätiýaçlandyryş öwezini dolmalar tölenilmedik ýagdaýynda

onuň ýitirilmegi sebäpli möhletinden öň bes edilen mahaly ätiýaçlandyryş töleginiň bir böleginiň ätiýaçlandyryş möhletiniň ahyryna çenli galan wagta barabarlykda işi alyp barmak üçin ätiýaçlandyryş töleginiň möçberiniň 20 göterimini barabar bolan çykdajylary nazara alyp gaýtarylmagyna;

- ätiýaçlandyrylýan awtoulag serişdesini çalşyran mahaly ätiýaçlandyryş baýragynyň şu Düzgünnamanyň 10-njy bölüminde göz öňünde tutulan ýeňillikleri ulanyp, täzeden hasaplanylmagyna hukugy bardyr.

*Ätiýaçlandyryjy:*

- ätiýaçlandyrylýandan hökmany ätiýaçlandyryş hakynda arzany we ätiýaçlandyrma töleginiň tölenilendigi hakyndaky tassyknamany alan mahaly ätiýaçlandyrylýan ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny(polisini) bermäge;
- ätiýaçlandyryş ýagdaýy hakynda habar alanyndan soň 3 gün möhletde ykrarnama düzmäge;
- zerur bolan ýagdaýlarda ykrarnamany düzmäge gatnaşmak üçin emläge zyýan ýetirilmeginiň sebäplerini we derejesini, şeýle hem onuň bahasyny kesgitlemek maksady bilen, degişli ygtyýarly guramalaryň hünärli işgärlerini (ýokary tejribeli işgärlerini) çagyrmaga;
- hökmany ätiýaçlandyryş şertleri bilen göz öňünde tutulan ähli resminamalar bar mahaly soňky resminama alnandan soň 7 bank gününden gijä galman ätiýaçlandyryş töleglerini töläp başlamaga borçludyr, ätiýaçlandyryş tölegleri bilen baglanyşykly jedellere kazyýet tertibinde garalýan ýagdaýlar muňa girmeýär.
- hökmany ätiýaçlandyryş şertnamasynda ätiýaçlandyryjynyň başga borçlary hem göz öňünde tutulyp bilner.

*Ätiýaçlandyryjynyň :*

- gaýtadan ätiýaçlandyryş arkaly hökmany ätiýaçlandyryş boýunça töwekgelçilikleri we ätiýaçlandyryş tölegleriniň paýlamaga;

- zaýalanan emlägi gözden geçirmäge gatnaşmaga we gözden geçiriş ykrarnamalaryna gol çekmäge;
- ätiýaçlandyrylýanyň günäkärligi we günäsiniň derejesi bilen baglanyşykly maglumatlaryň berilmegini ygtyýarly guramalardan soramaga;
- kazyýetde ätiýaçlandyrylýanyň adyndan we onuň tabşyrmagy boýunça çykyş etmäge.

Hökmany ätiýaçlandyryş boýunça gatnaşyklardan gelip çykýan jedeller kazyýet tertibinde çözülýär.

Awtoulag serişdeleriniň eýeleriniň (gatnadyjylaryň) üçinji tarapyň öňündäki raýat jogapkärçiliginiň hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasy boýunça ätiýaçlandyrýanlaryň arzalarynyň we ätiýaçlandyryş tölegleri hem-de ätiýaçlandyryş öwezini doluşy tölenen wagtynda berilýän şahadatnamalaryň (polisleriň) bellige alynýan žurnaly ýöredilýär.

## § 2.4.3. Awtomobil ulagynyň eýeleriniň (gatnadyjylaryň) üçünji tarapyň öňündäki raýat jogapkärçiliginiň hökmany döwlet ätiýaçlandyryş boýunça özara hasaplaşyklarynyň tertibi

### Ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmagyň tertibi

Awtomobil ulagynyň eýeleriniň (gatnadyjylaryň) üçünji tarapyň öňündäki raýat jogapkärçiliginiň hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasynyň şertnamasy (mundan beýläk – ätiýaçlandyryş şertnamasy) ätiýaçlandyrýan tarapyndan şahsy taraplar üçin awtoulag serişdeleri olaryň ýaşaýan ýerleri boýunça bellige alynanda tehniki taýdan gözden geçiriliş wagtynda baglaşylýar ýa-da edara görnüşli tarap üçin kärhananyň Türkmenistanyň çäginde bolan wagtynda, şeýle hem awtoulag serişdeleriniň Türkmenistanyň çägine giren wagtynda baglaşylýar. Şertnama baglaşmak üçin esas bolup bellenen tertipde berlen ýazmaça arza hyzmat edýär, onda döwlet ätiýaçlandyryş gu-

ramalary (mundan beýläk ätiýaçlandyryjy) ýa-da olaryň wekilleri tarapyndan žurnalda (№6 goşunda) bellige alynýan her bir awtoulag serişdesi boýunça ýa-da olaryň topary boýunça ätiýaçlandyryş töleginiň möçberi görkezilmelidir. Türkmenistana gelýän awtoulag serişdesiniň eýesi (gatnadyjy) bilen ätiýaçlandyrma şertnamasyny baglaşmak üçin onuň ätiýaçlandyrma şertnamasyny baglaşmak hakynda dilden aýdan arzasy ýeterlikdir.

Ätiýaçlandyrylýanlary žurnallarda bellige almak şahsy we edara görnüşli taraplar üçin aýry-aýrylykda geçirilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy aşakdaky ýagdaýlarda güýje girýär:

a) ätiýaçlandyrma tölegi geljek ýyl üçin tölenen ýagdaýynda 1-nji ýanwardan 31-nji dekabra;

Geljek ýyl üçin ätiýaçlandyrma şertnamasy dikeldilen ýagdaýynda ätiýaçlandyrma tölegini tölemek 1-nji oktýabrdan 31-nji dekabra çenli.

b) ätiýaçlandyrma tölegi bir ýyldan az möhlete tölenen ýagdaýynda onuň tölenen gününden başlap.

Geljek ýyl üçin ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşan ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyrma tölegini iki möhletde, ýagny 50%-ini şertnama baglaşylanda we 50%-ini hem 31-nji dekabra çenli tölemäge hukuk berilýär.

Türkmenistana gelen awtoulag serişdesiniň eýesi (gatnadyjy) Türkmenistanda bolan her 15 güni üçin ätiýaçlandyrma töleglerini töleýär we oňa her 15 gün üçin ätiýaçlandyrma şahadatnamasy berilýär.

Ätiýaçlandyrylýan ätiýaçlandyrma şahadatnamasy (polis) ätiýaçlandyrma töleginiň tutuş möçberi tölenenden soň gowşurylýar.

Ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyrma töleglerini ýygnamak bilen meşgullanýan işgärleri ýa-da wekilleri ätiýaçlandyrma tölegleri boýunça kabul eden pul serişdelerini göni-göni bank edaralaryna aşakdaky möhletlerde tabşyrmaga borçludyrlar:

a) Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Döwlet awtomobil inspeksiýasynyň organlarynda (mundan beýläk DÝGG) bellige alynan awtoulag serişdeleri boýunça azyndan üç günden bir gezek;

b) Türkmenistanyň çäklerinden daşarda bellige alnan we onuň territoriýasyna gelýän awtoulag serişdeleri boýunça her gün Türkmendöwletätiýaçlandyryşyň walýuta hasabatyna.

Ätiýaçlandyrma tölegleriniň tölenendigi barada olar tarapyndan ýazylan ätiýaçlandyrma şahadatnamalarynyň (polisleriň) nusgalary bäş gün möhletiň içinde ätiýaçlandyryja tabşyrylýar.

Ätiýaçlandyrma şahadatnamasynyň (polisiň) ýa-da ätiýaçlandyrma talonynyň ýitirilen ýagdaýynda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrylýana onuň ýazmaça arzasynyň esasynda olaryň nusgasyny berýär we ondan şahadatnamanyň (polisiň) ýa-da ätiýaçlandyrma talonynyň blankasynyň bahasyny alýar.

Ätiýaçlandyrylýanyň şahsy tarap üçin hemişelik ýaşaýan ýeri, edara görnüşli tarap üçin ýerleşýän ýeri üýtgän ýagdaýynda raýat jogapkärçilik ätiýaçlandyrma şertnamasynda göz öňünde tutulan möhlet tamamlanýança täze ýaşaýan ýa-da ýerleşýän ýeri boýunça ätiýaçlandyrylan hasaplanýar (ätiýaçlandyrma şahadatnamasyny we ätiýaçlandyrma talonyny täzeden resmileşdirmezden). DÝGG-de ätiýaçlandyrma şahadatnamasynda (polisde) we talonda berlen nomer belgisi barada bellik edýärler.

Awtoulag serişdeleriniň ulanylýan möhletinde DÝGG-niň ätiýaçlandyrma talonynyň bardygyna ýa-da ýokdugyna gözegçilik edýärler, onuň bolmadyk ýagdaýynda awtoulag serişdeleriniň eýeleri (gatnadyjylar) ätiýaçlandyrma talonyny getirýänçäler awtoulag serişdesiniň nomer belgisini aýyrýarlar.

Raýat jogapkärçiligi hökmany ätiýaçlandyrma degişli bolmadyk awtoulag serişdesiniň eýesinde (gatnadyjyda) ätiýaçlandyryjy tarapyndan berilýän bellenen formadaky delil haty bolmalydyr.

## § 2.4.4. Ätiýaçlandyrma hadysasy ýüze çykan ýagdaýynda taraplaryň özara gatnaşyklary

Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrylýanlaryň ätiýaçlandyrma hadysasy barada arzasyny alan ýagdaýynda ony žurnalda bellige alýar we ätiýaçlandyrma hadysasy barada bellenen görnüş boýunça ykrarnama ýazýar.

Ykrarhaty ýazylanda ätiýaçlandyrylýanyň (onuň kämillik ýaşyna ýeten maşgala agzasynyň ýa-da ynanylan adamyň) hem-de çagyrylyp getirilen azyndan iki raýatyň gatnaşmagy hökmandyr.

Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrylýandan arza alanyndan soň üç günüň dowamynda içeri işler organlaryna ( polisiýa, DÝGG-niň derňew organlaryna ätiýaçlandyrma hadysasynyň bolandygyny tassyklaýan resminamalaryň iberilmegi barada talap haty iberýär.

Ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyrylýanlara talap hatyny bermäge we olardan ätiýaçlandyrma hadysanyň bolandygyny tassyklaýan haýsydyr bir resminamalary kabul etmäge hukugy ýokdur.

Eger ätiýaçlandyrma hadysasy ätiýaçlandyrma şertnamasy baglaşylan şäheriň, etrabyň çäklerinden daşarda bolup geçen bolsa, onda ätiýaçlandyrylýanyň şu ätiýaçlandyrma hadysasy boýunça ýüz tutan döwlet ätiýaçlandyrma guramasy ätiýaçlandyryjynyň wezipelerini ýerine ýetirýär we ätiýaçlandyrma hadysasy baradaky arzany kabul edýär, gözden geçirişi amala aşyrýar we delilnama ýazýar, degişli organlardan ätiýaçlandyrma hadysasynyň bolandygyny we ýagdaýlaryny tassyklaýan resminamalary alýar, zyýan ýeten emlägi abatlamagyň bahasynyň hasaplamasyny (smetasyny) düzýär we ätiýaçlandyrma möçberiniň we ätiýaçlandyrma öwezini doluşyň tölegleri amala aşyrýar we resminamalary ätiýaçlandyryja iberýär (ätiýaçlandyrma şertnamasynyň baglaşylan ýeri boýunça).

Ätiýaçlandyryjy resminamalary alnandan soň olaryň ýazylyşynyň we düzülişiniň, ýitginiň möçberiniň hasaplamasynyň we töwleglериň möçberleriniň dogrulygyny barlamaga, ondan soň ýedi günüň dowamynda tölegi amala aşyran döwlet ätiýaçlandyrma guramasy bilen hasaplaşyk geçirmäge borçludyr. Şeýle hem ätiýaçlandyryjy oňa Türkmendöwletätiýaçlandyryş tarapyndan bellenen möçberde edilen hyzmatlar üçin tölegi geçirýär.

Eger gelip gowşan resminamalar gowy hilli ýa-da doly möçberde ýazylan bolsa we şonuň netijesinde hem şu ätiýaçlandyrma hadysasy boýunça karar kabul etmek mümkin bolmasa, onda ätiýaçlandyryjy resminamalary ýygnan guramadan olary täzeden ýazmagyny talap etmäge borçludyr. Hatda onuň sebäbi görkezilmelidir.

## § 2.4.5. Ätiýaçlandyrma möçberini we ätiýaçlandyrma öwezini doluş tölegleri tölemek

Saglyga ýetirilen zyýan üçin ätiýaçlandyrma öwezini doluşy ejir çeken adama (ejir çekeniň mirasdarlaryna) aşakdaky resminamalaryň esasynda tölenýär:

- ätiýaçlandyryş hadysasy barada arza;
- şikesiň bejerilenligi barada saglygy goraýyş edarasy tarapyndan şikes ýeten ýagdaýynda berilýän №195 forma boýunça delil haty;
- ejir çekeniň (üçünji tarapyň) aradan çykanlygy barada ZAGS-iň natarial tertipde tassyklanan şahadatnamasynyň nusgasy;
- aradan çykan ýagdaýynda mirasdarlyk hukugy barada notarial kantora tarapyndan berlen şahadatnama. Mirasdarlyk hukugy barada şahadatnamanyň bolmadyk ýagdaýynda ätiýaçlandyryş möçberiniň we ätiýaçlandyryş öwezini doluşyň tölegleri Türkmenistanyň mirasdüşerlik barada hereket edýän kanunlaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

Ätiýaçlandyryjynyň ejir çekeniň (üçinji tarapyň) ýanyna ekspert-lukmany ibermäge hukugy bardyr. Ätiýaçlandyryjynyň ekspert-lukmanyna ejir çekeniň ýanyna erkin barmak we ony hemmetaraplaýyn barlamak üçin hemme mümkinçilikler döredilmelidir.

Ätiýaçlandyryjynyň ekspert-lukmany Türkmenistanyň hereket edýän kanunlaryna laýyklykda ýeten şikesiň agyrlyk derejesini kesgitleýär.

Eger şikesiň agyrlygynyň gutarnykly derejesini kesgitlemek üçin häzirki pursatda mümkinçilik bolmasa, onda ol deslapky kesgitlenip biler we ejir çekeniň islegi boýunça oňa awans tölenip biler. Şol awans gutarnykly kesgitlemegiň netijeleri boýunça ätiýaçlandyrma möçberi tölenende tutulyp alynýar.

Üçünji tarapyň emlägine ýetirilen zyýanyň möçberi ätiýaçlandyryjy tarapyndan ygtyýarly guramalardan alnan resminamalar göz öňünde tutulyp, ol tarapyndan ýazylan ykrarnama esasynda kesgitlenilýär.

Ätiýaçlandyrma öwezini doluşy tölemek zerur bolan hemme resminamalaryň alnan gününden soň 7 bank gününiň dowamynda amala aşyrylýar.

Eger ejir çeken (onuň mirasdary) ätiýaçlandyrma möçberiniň we ätiýaçlandyrma öwezini doluşyň tölenmegi barada arza bereninden soň ony öz wagtynda talap etmedik bolsa, onda ol soňra ýüz tutanda ätiýaçlandyrma möçberi laýyk möçberde tölenýär.

Ätiýaçlandyryjy tarapyndan ätiýaçlandyrma nyrhlaryny we ätiýaçlandyrma öwezini doluşyny tölemek hasaplaşyk hasaplaryna pul geçirmek, bank edarasyndaky alyjynyň adyna goýumlary goýmak, bank üçin çek bermek, alyjynyň hasabyna poçta bilen pul ibermek ýa-da ätiýaçlandyryjynyň kassasyndan nagt pul tölemek ýoly bilen amala aşyrylýar.

Ätiýaçlandyryş möçberi kämillik ýaşyna ýetmedik alyja ýaşaýan ýeri boýunça onuň adyna goýum geçirmek ýoly bilen amala aşyrylýar, şol bir wagtyň özünde hem şol barada kämillik ýaşyna ýetmedik alyjynyň kanuny wekiline ýa-da hossarlyk we howandarlyk edaralarynyň wekillerine habar berilýär.

Ätiýaçlandyrylýanyň (edara görnüşli tarapyň) awtoulag serişdeleriniň eýeleriniň (gatnadyjylaryň) üçinji taraplaryň öňündäki raýat jogapkärçiliginiň hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasy boýunça tabşyryklarynyň ýerine ýetirilenligi üçin ätiýaçlandyrma boýunça arzalaryň resmileşdirmesi we ätiýaçlandyrma tölegleriniň öz wagtynda tölenmegi üçin ätiýaçlandyrylýanyň işgärlerine dellallyk haky (komission hak) tölenýär. Ol tabşyryklary ýerine ýetirmek bilen gös-göni meşgullanýan işgärlere tölenýär.

Görkezilen iş haky ätiýaçlandyrylýandan gelip gowşan ätiýaçlandyrma möçberinden ätiýaçlandyryjynyň serişdeleriniň hasabyna tölenýär.

Ätiýaçlandyrylýanyň buhgalteriýasy ätiýaçlandyryjynyň hasabyna ätiýaçlandyrma töleglerini onuň tabşyryklaryny ýerine ýetirilenligi üçin alnan iş hakyny aýryp geçirýär.

Ätiýaçlandyrylýanyň bu görkezilen tabşyryklar ýerine ýetirilmek bilen gös-göni meşgullanýan işgärleriniň sanawy onuň administrasiýasynyň buýrugy bilen kesgitlenilýär.

Ejir çekenlere (üçünji tarapa) ätiýaçlandyrma möçberlerini we ätiýaçlandyrma öwezini doluşyny tölemek boýunça edilen hyzmatlar üçin bank edaralaryna dellallyk (kamission) iş haky tölenýär. Bank edaralaryna tölenýän bu iş hakynyň möçberi tölegleriň görnüşine, ýagny hasaplaşyk hasabyna serişde geçirmek (edara görnüşli taraplar üçin) ýa-da goýumlara pul geçirmek, bank üçin çek bermek, poçta üsti bilen ibermek ýa-da nagt pul bilen tölemek (şahsy taraplar üçin) arkaly bellenilýär.

Hasaplaşyklar bank edaralary bilen ätiýaçlandyrylýanyň arasynda olaryň ýerleşýän ýerleri boýunça çärýekleýin geçirilýär.

Ätiýaçlandyryjynyň ekspert-lukmanlaryna iş haky tölemek ýetirilen şikesiň derejesiniň kesgitlemek maksady bilen ýazmaça berlen netijeler we şikesi anyklamak boýunça geçirilen iş üçin amala aşyrylýar. Iş hakynyň möçberi anyklamanyň geçirilen ýerine (saglygy goraýyş edarasyndamy ýa-da ejir çekeniň öýünde) baglydyr.

Şeýle hem bu iş haky ejir çekenleriň her biriniň ýagdaýyny anyklamak boýunça geçirilen iş we ýazmaça netije berenligi üçin maslahatçy hünärmenlere tölenýär.

Ejir çekenler №195 görnüş boýunça delil hatlarynyň berlenligi üçin saglygy goraýyş edaralaryna pul tölýär, tölegiň möçberi berlen delil hatlarynyň sanyna baglydyr.

Ulag serişdeleriniň we beýleki emlägiň gözden geçirilenligi, olary dikeltmegiň bahasynyň we ejir çekeniň (üçünji tarapyň) emlägini abatlandyrmak boýunça harajatlaryň hasaplamasynyň (kolkulýasiýasynyň) düzülenligi üçin ygtyýarly kärhanalaryň (ulag, gurluşyk, abatlandyryş kärhanalarynyň we ş.m.) hünärmenlerine iş haky tölenýär.

Iş hakyny tölemek ätiýaçlandyryjy tarapyndan çagyrylan hünärmenleriň zyýan ýeten ulag serişdeleri we beýleki emläk boýunça amala aşyran gözden geçirişleriniň sanyna görä amala aşyrylýar.

Bu iş hakynyň anyk möçberleri işleri alyp barmagyň çykdajylaryndan ugur alyp ätiýaçlandyryjy bilen ätiýaçlandyrylan adamlaryň arasyndaky şertnamalarda, zähmet ylalaşyklaryndan kesgitlenýär.

# II.V bap. Ýokary töwekgelçilikli önümçilik şertlerinde işleýän işgärleriň betbagtçylykly hadysalardan we hünär kesellerinden hökmany şahsy ätiýaçlandyrylyşy

## §2.5.1. Ätiýaçlandyrmagyň tertibi

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2000-nji ýylyň 31-nji ýanwaryndaky №4550-nji Karary bilen Ýokary töwekgelçilikli önümçilik şertlerinde işleýän işgärleriň betbagtçylykly hadysalardan we hünär kesellerinden hökmany şahsy ätiýaçlandyryşy girizildi.

Hökmany ätiýaçlandyryş işgäri ätiýaçlandyrma babatda goramagy üpjün etmek we onuň zähmet borçlaryny ýerine yetirmek bilen baglanyşykly betbagtçylykly hadysa we hünär keseli ýa-da saglygyna başga hili zeper ýetmegi netijesinde ýetirilen zähmet şikesi üçin ätiýaçlandyrma pul möçberlerini tölemegi maksat edinýär.

**Betbagtçylykly hadysa** işgäriň zähmet borçlaryny ýerine ýetirmegi bilen baglanyşykly bolup, şonuň netijesinde şikes alnan, hünär keseli ýüze çykan ýa-da ol hakykatdan hem tarpa-taýyn ýogalan, öňünden görülmedik wakalar hasaplanylýar.

**Hünär keselleri** zyýanly önümçilik şertleriniň täsirinden soň ýüze çykan kesellerdir.

Eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan, Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşen kärhanalar, birleşikler we guramalar (şol sanda daşary ýurtly) öz serişdeleriniň hasabyna ýokardaky görkezilen, ýokary derejedäki töwekgelçilikli önümçilik şertlerinde işleýän öz işgärlerini hökmany ätiýaçlandyryş bilen üpjün etmäge borçludyrlar.

«Türkmenstandartlary» Baş döwlet gullugy, Türkmenistanyň Maliýe ministrligi, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary bilen ylalaşyp ýokary töwekgelçilikli önümçilik şertlerinde işleýän işgärleriň hökmany şahsy ätiýaçlandyryşyna degişli bolan ýokary töwekgelçilikli önümçilik işleriniň sanawy tassyklanyldy.

Kärhanalar, birleşikler we guramalar öz serişdeleriniň hasabyna ýokary derejedäki töwekgelçilikli önümçilik şertlerinde işleýän öz işgärlerini hökmany ätiýaçlandyryşyny üpjün etmäge borçludyr.

Ätiýaçlandyryş pul möçberi her bir ätiýaçlandyrylan işgär üçin Türkmenistanyň Kanunlary arkaly bellenen durmuş töleglerini hasaplamak üçin binýatlyk möçberiniň 100 essesinden geçmeli däldir.

Ätiýaçlandyrylan işgär aradan çykan ýagdaýynda ýa-da şikes alanda, şonuň ýaly-da hünär keseller bilen kesellände durmuş üpjünçiligi tarapyndan oňa ýa-da mirasdaryna berilmeli pul möçberine (maýyplyk üçin ýa-da eklenjini ýitirenligi üçin berilýän pula) garamazdan ätiýaçlandyryş pul möçberi tölenýär.

Kazyýetde seredilýän ätiýaçlandyryş haky bilen bagly jedelli ýagdaýlardan beýleki ýagdaýlarda, ätiýaçlandyryş pul möçberi soňky resminama alnanyndan soň 7 bank gününden gijä galman tölenýär.

## II.VI bap. Awtoulag serişdeleriniň meýletin ätiýaçlandyrylyşy

### §2.6.1. Awtoulag serişdeleriniň meýletin ätiýaçlandyrylyşynyň hukuk binýady

Ätiýaçlandyryşyň bu görnüşiniň hukuk binýady bolup, Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raýat jemkanuny, «Ätiýaçlandyryş hakyndaky» Türkmenistanyň Kanuny, Türkmenistanyň Prezidentiniň 1997-nji ýylyň 29-njy ýanwarynda çykaran №3001-nji Karary bilen tassyklanylan Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy hakyndaky Düzgünnamasy we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary çykyş edýär.

Ýokardaky kanunçylyk namalaryna laýyklykda Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramalary edara görnüşindäki taraplar we şahsy adamlar bilen awtoulag serişdeleriniň ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşýarlar. Eger ätiýaçlandyryş şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, awtoulag serişdeleriniň ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryş goragy Türkmenistanyň çägine degişli edilýär.

Awtoulag serişdeleri (ýeňil, ýük we ýöriteleşdirilen awtoulaglar, awtobuslar, mikroawtobuslar, tirkegler, ýarym tirkegler, mo-

toulaglar, motowelosipedler, mopedler, motorollerler) **awtokasko***
ätiýaçlandyryşynyň obýektleri bolup durýar.

Taraplaryň ylalaşygy boýunça awtokasko ätiýaçlandyryş şertnamasyna aşakdakylaryň ätiýaçlandyryşy girizilip bilner:

- goşmaça enjamlaryň (awtoulag serişdesinde gurnalan we onuň kärhana ýygnalyşyna girmeýän awtomobil teleradioenjamlary, gurallar, duýduryş –yşykly we beýleki enjamlar);
- ätiýaçlandyrylan awtoulag serişdesindäki goşlar.

*Aşakdakylar ätiýaçlandyryşa degişli däldir:*

- awtoulag serişdesinde goş hökmünde bolan seýrek duş gelýän we gadymy gymmat baha zatlar;
- gymmat bahaly metallardan ýasalan önümler;
- gymmat baha we ýarym gymmat baha daşlardan ýasalan önümler;
- kinowideoenjamlar;
- EHM;
- din kultynyň närseleri;
- toplamalar, golýazmalar, pul belgileri, gymmat bahaly kagyzlar, resminamalar we fotosuratlar.

Betbagtçylykly hadysalaryndan ätiýaçlandyryşyň obýektlerine awtoulag serişdesiniň sürüjisiniň, ýolagçysynyň ömri we saglygy girýär. Betbagtçylykly hadysalaryndan ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça betbagtçylykly hadysanyň netijesinde, ýagny ýaralanma, maýyplyga ýa-da saglyga beýleki zeper ýetmegine getiren garaşylmadyk hadysa netijesinde uzak wagtlaýyn (4 aýdan köp) ýa-da hemişelik zähmete ukyplylyk ýitirilse ýa-da ätiýaçlandyrylan aradan çykan bolsa, ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş pul möçberini töleýär.

Ätiýaçlandyryşy orunlaryň sany boýunça we tutuşlygyna amala aşyryp bolar.

---

* Awtokasko ätiýaçlandyryşy diýip, diňe awtoulag serişdeleriniň ätiýaçlandyryşyna düşünilýär we ol daşalýan serişdeler bilen bagly bolan emläk bähbitlerini, ýagny çaknyşyk sebäpli üçünji taraplaryň öňündäki jogapkärçiligi öz içine almaýar.

8. Sargyt № 2539

Ätiýaçlandyrylan orunlaryň sany awtoulag serişdesiniň tehniki pasportynda görkezilen aňryçäk sandan köp bolup bilmez.

Taraplaryň ylalaşygy boýunça ätiýaçlandyryş şertnamasyna betbagtçylykly hadysanyň netijesinde çekilen lukmançylyk çykdajylarynyň ätiýaçlandyryşy, şeýle hem wagtlaýynça ýa-da hemişelik zähmete ukyplylygynyň ýitirilen ýagdaýynda goşmaça ätiýaçlandyryş girizilip bilner.

Raýat jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşyna awtoulag serişdesi ulanylanda üçünji tarapyň ömrüne, saglygyna we emlägine ýetirilen zelel üçin awtoulag serişdesiniň eýesiniň (daşaýjysynyň) jogapkärçiligi girýär.

Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş şertnamasyna laýyklykda ätiýaçlandyrýanyň heläkçilik netijesinde (çakyşma, baryp urma, agdarylma, ýykylma) üçünji tarapyň ömrüne, saglygyna we emlägine ýetiren zeleliniň öwezini dolýar.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy, ätiýaçlandyryş şahadatnamasynda (polisinde) ätiýaçlandyryş möhletini görkezmek bilen, 1 ýyla çenli we 1 ýyldan köp möhlete baglaşylýar. Eger ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän möhleti tamamlanandan soň ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çyksa, onda ätiýaçlandyrýan jogapkärçilik çekmeýär.

## §2.6.2. Ätiýaçlandyryş töwekgelçilikleriniň görnüşleri

Ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş pul möçberiniň çäklerinde aşakdaky töwekgelçilikler boýunça ýüze çykan ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýitgileriniň öwezini dolýar:

- **heläkçilik** (awariýa) – beýleki awtoulag serişdesi bilen çaknyşmagy, hereket edýän ýa-da duran zatlary (desgalary, böwetleri, guşlary, haýwanlary we ş.m.) kakmagy (urmagy), agdarylmagy, şonuň ýaly-da awtoulagyň gaçmagy bilen ýüze çykan ýol-ulag hadysasynyň netijesinde awtoulag serişdesiniň weýran edilmegi ýa-da zaýalanmagy;
- **tebigy betbagtçylyklar** – ýyldyrym urmagynyň, tupanyň, harasatyň, tüweleýiň, güýçli garyň, ýeriň yranmagynyň, suw joşgunynyň, suw almagyň, opurylmanyň we üstün çykyp bolma-

jak güýjüň täsiriniň netijesinde awtoulag serişdesiniň weýran edilmegi ýa-da zaýalanmagy;

- **awtoulagyň ogurlanyp alyp gidilmegi** – awtoulag serişdesine başga biriniň bikanun eýelik etmeginiň netijesinde awtoulag serişdesiniň weýran edilmegi ýa-da zaýalanmagy, awtoulag serişdesiniň bikanun alnyp gidilmegi bilen bagly bolan üçünji tarapyň bikanun hereketleriniň netijesinde awtoulag serişdesiniň weýran edilmegi ýa-da başga hili zaýalanmagy, awtoulag serişdesiniň özüniň ogurlanmagy ýa-da onuň bikanun alnyp gidilmegi bilen bagly käbir şaýlarynyň ogurlanmagy;
- **ýangyn** – öz-özünden ot alma;
- **betbagtçylykly hadysalar** – partlama, buzuň aşagyna gaçmagy, beýleki ulag serişdeleriniň tekerleriniň aşagyndan daşlaryň ýa-da başga zatlaryň awtoulaga degmegi, onuň üstüne zatlaryň gaçmagy netijesinde awtoulag serişdesiniň weýran edilmegi ýa-da zaýalanmagy.

**Ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça aşakdakylaryň hem öwezi dolunýar:**

- ätiýaçlandyrylan awtoulag serişdesini halas etmek, zyýanyň öňüni almak ýa-da peseltmek, onuň möçberini anyklamak boýunça ätiýaçlandyrýanyň zerur we maksadalaýyk eden çykdajylary;
- eger zaýalanan awtoulag serişdesi ýöremeýän bolsa, ony iň ýakyndaky abatlaýyş ýerine çenli alyp gitmegiň çykdajylary;
- ulanylýan tehnologiýany, ätiýaçlyk şaýlarynyň bahasyny, materiallary we işleri hasaba almak bilen ätiýaçlandyryş hadysasynyň netijesiniň dikeldiş işleriniň çykdajylary;
- abatlaýyş işleriniň dowamynda ýüze çykarylan gizlin ýetmezçilikleri we kemçilikleri bejermek bilen baglanyşykly bu ätiýaçlandyryş ýagdaýy sebäpli ýüze çykan hem-de resminamalaýyn tassyklanylan çykdajylar.

**Aşakdakylar babatda awtokasko ätiýaçlandyryşy boýunça öwezi dolunmaýar:**

- awtoulag serişdesiniň tutuşlygyna, şeýle hem onuň bölekleriniň we şaýlarynyň adaty könelmegi, haryt görnüşiniň ýitmegi, kärhana kemçiligi;

- goşsuz awtokasko ätiýaçlandyryşynda, ätiýaçlandyrýanyň, sürüjiniň ýa-da ýolagçylaryň awtoulag serişdesiniň içinde bolan emlägine ätiýaçlandyryş ýagdaýynda ýetirilen zyýan;
- ätiýaçlandyryş ýagdaýy sebäpli ýüze çykyp biljek goşmaça we beýleki çykdajylar (jerime, kärendä alnan awtoulagyny ulanmak, abatlaýyş işleriniň geçirilýän döwründe myhmanhanada ýaşamagyň, iş sapary çykdajylary, elden gidirilen peýda, girdejini ýitirmek, işsiz durmaklygyň çykdajylary, kepil möhletiniň tamamlanmagy bilen bagly bolan çykdajylar, ahlak zyýany);
- ýoluň gatnalýan böleginiň büdür-südürligi ýa-da pes hilliligi ýa-da kesgir zatlary kakmagy sebäpli tekeriň daşlygynyň zaýalanmagy, eger bu zeper ýetme ýitginiň möçberiniň köpelmegine getirmedik bolsa;
- awtoulag serişdesiniň özi ogurlanman, onuň şaýlarynyň ýa-da bölekleriniň, degişli bolan zatlarynyň ogurlanmagy;
- eger olar taraplaryň ylalaşygy boýunça ätiýaçlandyryş şertnamasyna girizilmedik bolsa awtoulagy çykaran kärhananyň gollanmasyna laýyklykda awtoulag serişdesiniň toplum ýygyndysyna degişli bolmadyk haýsydyr bir şaýlarynyň ýa-da bölekleriniň we esbaplarynyň ýok edilmegi (zaýalanmagy, ogurlanmagy).

**Aşakdakylar raýat jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşy boýunça öwezi dolunmaga degişli däldir:**

- ätiýaçlandyryş ýagdaýynyyň ýüze çykan pursatynda ätiýaçlandyrylan awtoulag serişdesiniň içinde bolan sürüjiniň we ýolagçylaryň ömrüne we saglygyna ýetirilen zelel;
- ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykan pursatynda ätiýaçlandyrylan awtoulag serişdesiniň içinde bolan sürüjiniň we ýolagçylaryň emlägine ýetirilen zelel;
- ýeňip geçip bolmajak güýjüň täsiri netijesinde ýüze çykan zyýan;
- ätiýaçlandyrýanyň awtoulag serişdesine ýetirilen zelel.

### § 2.6.3. Ätiýaçlandyryş pul möçberi we ätiýaçlandyryş baýraklary

Ätiýaçlandyryş desgalarynyň her biri boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberleri taraplaryň ylalaşygy boýunça bellenilýär.

Awtoulag serişdesi we goşmaça enjam boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyrylýan zadyň şertnama baglaşylýan pursatyndaky hakyky bahasyndan ýokary bolmaly däldir.

Awtoulag serişdesiniň hakyky bahasy diýlip, ätiýaçlandyrylýan awtoulagyň tehniki ýagdaýyna we bazarda emele gelen bahasyny, ygtyýarly edaralaryň maglumatlaryny hasaba almak bilen, hyzmat ediş esasda kesgitlenen bazar bahasyna aýdylýar.

Awtoulag serişdesiniň hakyky bahasynyň näçe göterimini ätiýaçlandyryş pul möçberi düzýän bolsa, ýetirilen zeleliň möçberinden şol göterimde ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini göz öňünde tutýan deň ölçeglikde jogapkärçiligi bellemek bilen, awtoulag serişdesi islendik pul möçberine (hakyky bahasyndan ýokary bolmadyk) ätiýaçlandyrylyp bilner.

Goşlaryň ätiýaçlandyryşy boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberi, Türkmenistanyň kanunçylygy arkaly bellenilen iň pes iş hakynyň 100 essesinden ýokary bolmaly däldir.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän möhletinde ätiýaçlandyryş obýektiniň hakyky bahasy galsa, ätiýaçlandyrýanyň ätiýaçlandyryş pul möçberini galdyrmaga hukugy bardyr.

Ýolagçynyň (sürüjiniň) ömrüniň we saglygynyň betbagtçylykly hadysalardan orunlaryň sany boýunça ätiýaçlandyryşynda her bir orun üçin ätiýaçlandyryş pul möçberi kesgitlenilýär.

Tutuşlygyna ätiýaçlandyryş ulgamy boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberi tutuş awtoulag serişdesi üçin kesgitlenilýär. Ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykan pursatynda awtoulag serişdesiniň içinde bolan her bir ýolagçy (şol sanda sürüji) umumy ätiýaçlandyryş pul möçberiniň paýynda ätiýaçlandyrylan hasap edilýär.

Ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykan pursatynda ätiýaçlandyrylan awtoulag serişdesinde 3 adam bar bolsa, olaryň her biri umumy ätiýaçlandyryş pul möçberinden 30%, 2 adam bolsa– 35%, 1 adam

bolsa, umumy ätiýaçlandyryş pul möçberinden 40% ätiýaçlandyrylan hasap edilýär.

Raýat jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşy boýunça her bir ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň pul möçberi aşakdakylardan ýokary bolmaly däldir:

- şahsy zyýan boýunça – Türkmenistanyň kanunçylygy arkaly bellenilen iň pes iş hakynyň 100 essesinden;
- emläk zyýany boýunça – Türkmenistanyň kanunçylygy arkaly bellenilen iň pes iş hakynyň 500 essesinden.

Ätiýaçlandyryş baýraklary töwekgelçiligiň görnüşine we derejesine baglylykda kesgitlenilýär. Ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylanda ätiýaçlandyryş nyrhlarynyň möçberleri ätiýaçlandyryşyň käbir aýratyn şertlerine baglylykda peseldilip we ýokarlandyrylyp bilner.

Ätiýaçlandyryş şertnamalary baglaşylanda ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş ýagdaýy sebäpli ätiýaçlandyryş obýektine ýetirilen zyýan üçin jogapkärçiligiň möçberi bellenip bilner, şeýle hem franşiza (ýüze çykan zeleliň öwezini dolmakda ätiýaçlandyrýanyň öz paýy), ýagny ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiliginiň 10%-i möçberinde bellenip bilner. Bu ýagdaýda ätiýaçlandyryjy franşizanyň* möçberinden ýokary bolmadyk (Franşiza –ätiýaçlandyryş şertnamasynda göz öňünde tutulyp, ätiýaçlandyryjyny belli bir möçberden ýokary bolmadyk zeleliň öwezini dolmakdan boşatmakdyr. Franşizanyň şertli (aýrylmaýan) we hökmany (aýrylýan) görnüşleri bolup, ätiýaçlandyryş pul möçberine doly ululykda ýa-da göterimlerde hasaplanylýar) zelel üçin jogapkärçilik çekmeýär.

Töwekgelçilik gaýtadan ätiýaçlandyryşa berlen ýagdaýynda ätiýaçlandyryş nyrhlarynyň möçberleri halkara ätiýaçlandyryş bazaryndaky töwekgelçiligiň bahalanyşyny hasaba almak bilen, taraplaryň ylalaşygy boýunça bellenilýär.

Eger ätiýaçlandyryş şertnamasy 1 ýyl möhlete baglaşylýan bolsa, onda ätiýaçlandyrýanyň ätiýaçlandyryş baýragyny iki möhletde, ýagny ýarpysyny şertnama baglaşylan mahaly, ýarpysyny bolsa şertnama güýje gireninden soň 3 aýdan soň girizmäge hukugy bardyr. Eger ätiýaçlandyryş şertnamasy birnäçe ýyla baglaşylýan bolsa, onda ätiýaçlandyryş baýragy her ýylda tölenilip bilner.

Ätiýaçlandyryş baýragynyň galan bölegi bellenen möhletde tölenmese, ätiýaçlandyryş şertnamasy ýatyrylan hasap edilip, ätiýaçlandyryjy edilen hyzmata laýyk hak-heşdegiň möçberini we öz üstüne alan töwekgelçiliginiň dowamlylygyna baglylykda ätiýaçlandyryş baýragynyň belli bir möçberini özüne alyp galmaga hukugy bardyr.

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi tölenenden soň ätiýaçlandyryş pul möçberi tölenen öwezini doluş töleginiň möçberine azalýar. Ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyryş ýagdaýy bolan güni azaldylýar. Eger ätiýaçlandyrýan zelel çeken obýekti düzeden ýa-da çalyşan bolsa, onda onuň goşmaça ätiýaçlandyryşyň üsti bilen ilkibaşky ätiýaçlandyryş pul möçberlerini dikeltmäge haky bardyr.

Bir ýyldan az bolmadyk möhlete baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe, tarapalaryň ylalaşygy boýunça ätiýaçlandyryşa kabul edilen töwekgelçilikleriň görnüşine ätiýaçlandyryş pul möçberi boýunça üýtgetmeler girizilip bilner.

Eger ätiýaçlandyryş şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda ätiýaçlandyryş baýragy ätiýaçlandyryş pul möçberiniň kesgitlenilen pulunda tölenilýär.

Ätiýaçlandyryş pul möçberiniň köpelen ýagdaýynda şertnamanyň tamamlanmagyna çenli galan doly aýlar boýunça hasaplanylan ätiýaçlandyryş baýragyny tölemek bilen, goşmaça ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylýar. Bu ýagdaýda doly däl aý, doly aý diýlip hasaplanylýar.

Goşmaça ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryş baýragynyň hasaplamasy (D) aşakdaky ýaly amala aşyrylýar:

$$\boldsymbol{D = (P1 - P2) \times K,}$$

bu ýerde $P1$, $P2$, – ilkibaşky we soňky ätiýaçlandyryş pul möçberlerine degişlilikde ýyla hasaplanylan baýraklar,

$K$– ätiýaçlandyryş şertnamasynyň ahyrky möhletine çenli galan aýlaryň sanyna bagly koeffisiýent.

1 aý üçin $K$ = 0,20; 2 aý üçin = 0,40; 3 aý üçin = 0,50; 4 aý üçin = 0,60; 5 aý üçin = 0,65; 6 aý üçin = 0,70; 7 aý üçin = 0,75; 8 aý üçin = 0,80; 9 aý üçin = 0,85; 10 aý üçin = 0,90; 11 aý üçin = 0,95.

## § 2.6.4. Ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak

Awtoulag serişdesiniň ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyrýanyň ýazmaça arzasynyň esasynda 1 ýyldan az we 1 ýyldan köp möhlete baglaşylýar.

Şertnama, edara görnüşindäki tarap bolan ätiýaçlandyrýanyň ýerleşýän ýeri boýunça, şahsy adam bolan ätiýaçlandyrýanyň ýaşaýan ýa-da işleýän ýeri boýunça, hasaba alnan, tehniki barlagdan geçen ýeri ýa-da awtoulagyň duralgasy boýunça, ýa-da satyn alynýan möhletine baglaşylyp bilner.

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyrylýan awtoulag serişdesini gözden geçirmek üçin bermelidir. Ätiýaçlandyryş guramasynyň işgäriniň gözden geçirendigi baradaky belliginiň bir gije-gündiziň dowamynda güýji bardyr.

Awtoulag serişdeleriniň ätiýaçlandyryş şertnamasy tassyklanylan görnüşdäki ätiýaçlandyryş şahadatnamasynyň (polisiniň) görnüşinde resmileşdirilýär, ol bolsa ätiýaçlandyrýana gowşurylýar.

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş baýragyny tölemäge borçludyr. Ilkinji ýa-da bir wagtlaýyn baýrak wagtynda tölenýänçä ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan erkindir.

Eger ätiýaçlandyryş baýragy wagtynda tölenmese, onda ätiýaçlandyryjy baýrak tölemek üçin iki hepde möhlet belläp biler. Munda, şu möhletde baýragyň tölenmezliginiň getirýän netijeleri görkezilmelidir.

Eger möhletiň tamamlanmagynda ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çyksa we şol wagta çenli ätiýaçlandyryş baýragy ýa-da onuň göterimleri tölenmedik bolsa, onda ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan boşdur.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň bir ýyldan az möhlete baglaşylan ýagdaýynda ätiýaçlandyryş baýraklary, baýragyň hasaplanylan ýyllyk möçberinden aşakdaky möçberde tölenilýär:

– 1 aýa ätiýaçlandyrylanda – 20%, 2 aýa – 30%, 3 aýa – 40%, 4 aýa– 50%, 5 aýa – 60%, 6 aýa– 70%, 7 aýa – 75%, 8 aýa – 80%, 9 aýa– 85%, 10 aýa– 90%, 11 aýa – 95%.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy şertnamanyň baglaşylan güni sagat 24.00-da güýje girýär we şertnamada göz öňünde tutulan ahyrky güni sagat 24.00-da tamamlanýar. Öňki şertnamanyň möhleti geçmänkä

täze möhlete şertnama baglaşylsa, bu şertnama öňki şertnamanyň möhleti tamamlanandan soň güýje girýär.

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe töwekgelçiligiň derejesinde bolýan ähli üýtgemeler hakynda (awtoulagynyň satylmagy ýa-da başga awtoulaga çalşylmagy, hereketlendirijisiniň çalşylmagy, goşmaça enjamlaryň gurnalmagy, başga bir adama awtoulagy dolandyrmak üçin ynanç hatynyň berilmegi, ätiýaçlandyryşyň görnüşleri boýunça üýtgemeler hakynda, goşa ätiýaçlandyryşyň bolmagy, ätiýaçlandyrylan awtoulagyň açarlarynyň ýa-da hasaba alnyş resminamalarynyň ýitirilmegi hakynda we ş.m.) ätiýaçlandyryja ýazmaça görnüşde habar bermäge borçludyr.

Ätiýaçlandyryş guramasynyň islendik wagtda ätiýaçlandyrylan awtoulagyň tehniki ýagdaýyny barlamaga hukugy bardyr. Awtoulag serişdesiniň könelmegi onuň çykarylan ýylyna we geçen ýoluna baglylykda, bu maglumatlaryň bolmadyk ýagdaýynda bolsa birinji ýyl üçin ýylda ätiýaçlandyryş pul möçberiniň 30%, ikinji ýyl üçin – 15% we her soňky ýyl üçin 10%-ne laýyklykda kesgitlenilýär. Goşmaça enjamlar boýunça her ýylky könelme 15%-e deňdir.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylandan soň şertnama giriziljek üýtgemeler we goşmaçalar diňe ätiýaçlandyryş guramasynyň ýazmaça tassyknamasynyň alynmagyndan soň hakyky diýlip hasaplanylýar.

Ätiýaçlandyrýan tarapyndan ätiýaçlandyryjy bilen ylalaşylyp awtoulag serişdesiniň ätiýaçlandyryş pul möçberi kesgitlenilýär we ätiýaçlandyryş resminamasynda bellenilýär. Ätiýaçlandyryş pul möçberi hümmetsizlenme ýa-da erkin ýörgünli puluň hümmetiniň üýtgemegi sebäpli täzeden hasaplanylmaýar.

10 we 10 ýyldan köp ulanylan (olaryň düýpli täzelenmegi – düýpli abatlanmagyndan, nowasynyň täzelenmeginden başga ýagdaýlardan), şeýle hem düýpli kemçilikleri bolan we köp ýeri poslan awtoulag serişdeleri ätiýaçlandyryşa kabul edilmeýär.

Awtoulag serişdeleriniň ätiýaçlandyryşy boýunça 3 kalendar ýylynyň dowamynda yzygider şertnamalary baglaşan ätiýaçlandyrýanlara täze şertnama baglaşmak üçin bir aý ýeňillkli möhlet berilýär. Bu ýeňillikli möhletde baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamasy öňki baglaşylan şertnamanyň möhleti tamamlanandan soň güýje girýär.

Eger ýeňillikli möhletde ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çyksa, täze şertnama bolsa baglaşylmadyk bolsa, onda ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi öňki şertnama boýunça kesgitlenen pul möçberinden ätiýaçlandyryş baýragyny alyp galmak bilen tölenýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy ony baglaşan taraplaryň biriniň islegi boýunça, onuň ýazmaça arzasy esasynda, bir aý möhleti berjaý etmek bilen möhletinden öň bozulyp bilner.

Şertnama bozulanda ätiýaçlandyrýan özüne berlen ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny (polisini) yzyna gaýtaryp berýär, ätiýaçlandyryjy bolsa şertnamanyň hereket eden möhletini hasaba almak bilen, hereket edýän ätiýaçlandyryş nyrhlaryna laýyklykda ulanylmadyk döwri üçin ätiýaçlandyryş baýragynyň galan bölegini gaýdyp berýär.

Eger ätiýaçlandyryş şertnamasy 10 aýdan köp hereket eden bolsa, onda ätiýaçlandyryş baýragy gaýtarylyp berilmeýär.

Awtoulag serişdesine bolan hukugynyň (ony ulanmaklygyň) ýatyrylmagy sebäpli şertnama wagtyndan öň ýatyrylanda, ätiýaçlandyryş baýragy işi alyp barmaklygyň çykdajylaryny üstünden aýyrmak bilen, şertnamanyň galan möhletine deňeçerlikde gaýtarylyp berilýär.

## § 2.6.5. Ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda taraplaryň özara gatnaşyklary

Ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda ätiýaçlandyrýan ýa-da onuň wekili aşakdakylara borçludyr:

- bu hakda Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Döwlet ýol gözegçiligi gullugyna we beýleki ygtyýarly edaralara haýal etmän habar bermäge, başga ýurtlaryň çäklerinde bolsa – şol ýurtda hereket edýän talaplara laýyklykda;
- awtoulag serişdesiniň reňk örtügi, nowasynyň aýnalary, daşky yşyklandyryş enjamlary, aýnalary, antennalary, nowaň bezeg elementleri (moldingler, emblemalar) zaýalanan ýagdaýlarynda, eger bu zeleliň möçberi Türkmenistanyň kanunçylygy arkaly bellenilen iň pes iş hakynyň 4 esse möçberinden ýokary bolmasa, bu şert hökmany däldir;

- ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyryş ýagdaýy barada haýal etmän ýazmaça habar bermeli, zelel daşary ýurtda ýüze çykan ýagdaýynda bolsa geleninden soň degişli resminamalary görkezmeli;
- zaýalanan awtoulagy, ätiýaçlandyryjynyň wekiline gözden geçirmek we talaby çözmek, ediljek işleri ylalaşmak üçin bermeli, bu barada üç gün möhletde gözden geçirmegiň namasy düzülýär, şol ýerde zaýalanan bölekler anyk görkezilýär we şol bir wagtda ätiýaçlandyryjy tarapyndan ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň bolandygyny subut edýän resminamalary almak üçin ygtyýarly edaralara ýüz tutma iberilýär.

Raýat jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşy boýunça zeleliň öwezini doluş tölegi ätiýaçlandyrýanyň arzasy esasynda zelel çekene, onuň aradan çykan ýagdaýynda bolsa, hereket edýän kanunçylyga laýyklykda onuň mirasdüşerlerine tölenýär.

Betbagtçylykly hadysalaryň ätiýaçlandyryşy boýunça ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi gönüden-göni ätiýaçlandyrylanyň özüne, aradan çykan ýagdaýynda bolsa, hereket edýän kanunçylyga laýyklykda onuň mirasdüşerlerine tölenilýär.

Ätiýaçlandyrýan tarapyndan çekilen zeleliň öwezini üçünji tarap dolsa, ätiýaçlandyryjy diňe ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça tölemeli pul möçberi bilen ätiýaçlandyrýanyň üçünji tarapdan alan pul möçberiniň aratapawudyny töleýär.

Ogurlanan awtoulag serişdesi boýunça ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi awtoulagyň ygtyýarly edaralaryň deslapky derňew işlerini tamamlanlaryndan soň, onuň ogurlanan senesinde köneligini hasaba almak bilen, ogurlanmagyndan iki aýdan soň tölenilýär.

Eger awtoulag serişdesi alnyp gaçylmagyndan goraýan habar beriş ulgamy bilen gurnalmadyk bolsa, onda ätiýaçlandyryjynyň ulag serişdesi ogurlanan senesinde köneligine hasaba almak bilen, ogurlanmagyndan iki aýdan soň, ätiýaçlandyryş pul möçberiniň 80%-ni tölemäge hukugy bar.

Eger ätiýaçlandyryş ýagdaýy şertnama baglaşylan etrabyň (şäheriň) çäkleriniň daşynda bolan bolsa, zeleliň möçberiniň doly hasaplamasy bilen ätiýaçlandyryş ýagdaýy bolan etrap (şäher) döwlet ätiýaçlandyryş guramasy tarapyndan düzülen ykrarnama, şeýle hem ygtyýarly edaralardan alnan maglumatlar şertnama baglaşan ätiýaç-

landyryş guramasyna ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemek meselesini çözmek üçin iberilýär.

Ätiýaçlandyryjy bilen deslapky ylalaşygyndan soň, ätiýaçlandyrýanyň abatlaýyş işlerini geçirmäge we abatlaýyş işleri üçin şaýlary almaga hukugy bar.

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölän ätiýaçlandyryja, tölenen tölegiň möçberinde ätiýaçlandyryş tölegini alan ätiýaçlandyrýanyň ýa-da ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini alan başga bir adamyň zelel ýetireni üçin jogapkär tarapa bolan talap hukugy geçýär.

Eger ätiýaçlandyrýan zelel ýetiren tarapa bolan talap hukugyndan ýüz öwürse, ýa-da onuň günäsi sebäpli bu hukugy amala aşyrmak mümkin bolmasa, onda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini doly ýa-da onuň degişli bölegini tölemekden boşadylýar.

**Eger ätiýaçlandyrýan ýa-da onuň wekili:**

- *«Awtoulag serişdelerini meýletin ätiýaçlandyryşyň kadalarynda»* göz öňünde tutulan borçlaryny ýerine ýetirmese;
- ätiýaçlandyrylan awtoulag serişdesini halas etmek we saklap galmak üçin çäreleri görmedik bolsa;
- ätiýaçlandyryş töwekgelçiligini bahalandyrmak üçin düýpli ähmiýeti bolan ýagdaýlar barasynda nädogry maglumatlary beren ýa-da ätiýaçlandyryjyny töwekgelçiligiň derejesinde bolan düýpli üýtgemeler hakynda habardar etmedik bolsa;
- ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemek meselesini çözmek üçin zerur bolan resminamalary bermese ýa-da ulanylýan kadalary bozmak bilen doldurylan resminamalary berse (belgisi, möhüri, senesi bolmadyk düzedişli resminamalar);
- abatlaýyş işleriniň deregine, tehnologik zerurlygy bolmadyk işleri amala aşyran bolsa (baglanyşykly ýerleri reňklese, şaýlary çalyşsa), ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini doly ýa-da onuň belli bir bölegini tölemezlige hukugy bar.

**Aşakdakylaryň netijesinde emele gelen zeleliň öwezi dolunmaga degişli däldir:**

- ätiýaçlandyrýanyň ýa-da onuň razyçylygy boýunça awtoulag serişdesini ulanýan maşgala agzalarynyň ýa-da başga adamlaryň betniýeti;

- ygtyýarly edaralaryň ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň bolandygyny tassyklamaýandygy sebäpli, zeleliň möçberini we sebäbini anyklamak mümkin bolmandygy;
- awtoulag serişdesini sürmek üçin sürüjilik şahadatnamasy bolmadyk adamyň sürmegi ýa-da bu derejeli awtoulag serişdesini sürmek üçin sürüjilik şahadatnamasy bolmadyk adamyň ulanmagy, şeýle hem awtoulag serişdesiniň eýesiniň degişli görnüşdäki tassyklanan ynanç hatynyň bolmadyk adamlarynyň, spirtli içgileri içen, toksiki ýa-da neşe serişdelerini çeken adamlaryň ulanmagy;
- şertnamada başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, awtoulag serişdesi ony sürmegi öwretmek üçin ýa-da ýaryşlara gatnaşmak üçin ulanylsa;
- ýadro partlamasynyň, radiasiýanyň we radioaktiw zäherlenmesiniň täsiri,
- dürli hili harby we terrorçylyk hereketleri we olaryň täsiri, şeýle hem halk tolgunmalary, bahasy tölenmän elinden almak, rekwiziýa, tussag etmeklik, awtoulag serişdesiniň hökümetiň buýrugynyň netijesinde ýok edilmegi ýa-da oňa zeper ýetirilmegi.

## §2.6.6. Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemek

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ätiýaçlandyryjy tarapyndan ähli resminamalar alnandan soň ýedi günüň dowamynda tölenilýär.

Jenaýat işi gozgalan bolsa, ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemegiň meselesi ätiýaçlandyryş guramasy tarapyndan derňewiň netijeleri barada derňew edarasynyň resminamasy alnandan soň, jenaýat işiniň ýatyrylandygy ýa-da wagtlaýynça durzulandygy, ýa-da kazyýete geçirilendigi hakynda habar alnandan soň çözülýär.

Bir ätiýaçlandyryş ýagdaýy boýunça ätiýaçlandyryş öwezini doluş töleginiň möçberi jogapkärçiligiň çäginden ýokary bolman, aşakdakylaryň esasynda tölenilýär:

- dikeldiş, abatlaýyş işleriniň tölegi geçirilenden soň, şol resminamalarynyň asyl nusgasy ätiýaçlandyrýan tarapyndan görkezilende;

- ätiýaçlandyryjy ýa-da ygtyýarly edaranyň düzen dikeldiş, abatlaýyş işleriniň bahasynyň hasaplamasy boýunça (geňeşdarlyk gullugy, haryt seljermeleri boýunça hyzmat ediş gullugy we başgalar);
- eger ätiýaçlandyryş şertnamasy awtoulagyň hakyky bahasyndan az pul möçberine baglaşylan bolsa, onda ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi zyýanyň möçberinden ätiýaçlandyryş pul möçberiniň awtoulagyň hakyky bahasynda düzýän göteriminde tölenilýär.

Ätiýaçlandyryjy öwezini doluş tölegini hasaplama laýyklykda töläninden soň, abatlaýyş işleri geçirilen awtoulag ätiýaçlandyryja gözden geçirmek üçin görkezilmelidir, görkezilmedik ýagdaýynda şu zeýilli zelel boýunça arzalar soňra garalmaga kabul edilmeýär.

Eger ätiýaçlandyryş şertnamasynda göz öňünde tutulan bolsa, onda ätiýaçlandyryş öwezini doluş töleginiň möçberi zeleliň öwezini dolmakda ätiýaçlandyrýanyň öz paýyna baglylykda (franşiza) kesgitlenilýär. Franşiza hökmany bolup, onuň kesgitlenen möçberine ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi göz öňünde tutulýar.

Awtoulag serişdesi doly weýran edilende (gurluş taýdan ýa-da hakyky ýagdaýda), ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi:

- eger awtoulag serişdesi ätiýaçlandyrýanda galýan bolsa, onda geljekde ulanmaga ýaramly galyndylaryň bahasyny aýyrmak bilen, bu ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe könelme bahasyny hasaba alyp, onuň hakyky bahasyndan;
- eger awtoulag serişdesi ätiýaçlandyrýan tarapyndan ätiýaçlandyryja geçirilse, onda bu ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe könelme bahasyny hasaba alyp, onuň hakyky bahasyndan ugur alyp tölenilýär.

Hasaplamanyň bu tertibi doly däl hakyky bahasyna ätiýaçlandyrylan awtoulag serişdesiniň doly weýran edilmegi boýunça ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi tölenende hem ulanylýar. Emma ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi, hasaplanylan pul möçberinden ätiýaçlandyryş şertnamasynyň baglaşylan wagtyna awtoulag serişdesiniň hakyky bahasynda ätiýaçlandyryş pul möçberiniň düzýän göteriminde tölenilýär.

Ähli halatlarda ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ätiýaçlandyryş pul möçberiniň çäklerinde tölenilýär.

Awtoulag serişdesiniň doly weýran edilmegi boýunça ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi tölenenden soň ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereketi bes edilýär hem-de awtoulag serişdesi ätiýaçlandyryja geçirilse, Türkmenistanyň Prezidentiniň 1997-nji ýylyň 29-njy ýanwarynda çykaran №3001 Karary bilen tassyklanan, Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy hakyndaky Düzgünnamanyň talaplaryna laýyklykda ätiýaçlandyryja awtoulaga eýeçilik etmek hukugy geçýär we ol awtoulag serişdesini öz islegi boýunça dolandyryp bilýär.

Awtoulag serişdesi ätiýaçlandyryja geçen ýagdaýynda ätiýaçlandyrýan awtoulag serişdesini Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Döwlet ýol gözegçiligi gullugynda hasapdan çykarmaga, zerur ýagdaýlarda bolsa gümrük hasabyndan hem çykarmaga borçludyr.

Doly weýran bolmak diýlip, awtoulag serişdesiniň abatlaýyş bejeriş işleriniň bahasynyň (abatlaýyş ýerine äkidilmeginiň bahasyny hasaba alyp) ätiýaçlandyryş möhletine awtoulagyň hakyky bahasynyň 75%-den ýokary bolmagyna aýdylýar.

Eger awtoulag serişdesiniň zaýalanmagy degişli derejede ýol gözegçiligi gullugynda resmileşdirilmedik bolsa, awtoulagyň doly ýok edilendigi baradaky mesele ätiýaçlandyryjynyň islegi boýunça çözülýär.

Awtoulag serişdesi ogurlanan ýagdaýynda ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi, bu ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe könelme bahasyny hasaba almak bilen, onuň hakyky bahasyndan ugur alyp, ätiýaçlandyryş şertnamasynda (polisinde) görkezilen pul möçberinden ýokary bolmadyk möçberde tölenilýär.

Doly ýok bolmagy ýa-da alnyp gaçylmagy boýunça ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi tölenenden soň, şertnamanyň güýji ýatyrylýar we kasko boýunça töleg gaýtaryp berilmeýär.

Ätiýaçlandyrylan awtoulag ogurlananda ätiýaçlandyrýan tehniki pasportyny, awtoulagyň tehniki talonyny (awtoulagyň edara görnüşindäki tarapda hasaba alnanda) we bu awtoulagyň açarlarynyň asyl toplumyny bermelidir.

Eger ogurlanan ýa-da weýran bolan senesine awtoulag serişdesi gysga möhletli şertnama boýunça ätiýaçlandyrylan bolsa (bir ýyldan az möhlete), ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi tölenende äti-

ýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş töleginiň ýyllyk möçberiniň ýetmeýän bölegini alyp galmaga haky bar.

Goşmaça enjam boýunça (GE) ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi tölenenden soň şertnama ýatyrylýar. Awtoulag serişdesine başga enjam gurnalan ýagdaýynda ätiýaçlandyrýanyň ýazmaça arzasynyň esasynda ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi tölenenden soň goşmaça enjam boýunça (GE) täze şertnama baglaşylýar we esasy şertnamanyň möhletinden köp bolmadyk möhlete addendum (Addendum – taraplaryň ylalaşygy boýunça öň baglaşylan ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamasynda göz öňünde tutulan şertlere bolan üýtgetmeleriň bu şertnamalara goşulýan ýazmaça goşundysy) berilýär.

Ätiýaçlandyrýan bölekleýin, hemişelik ýa-da uzak möhlete zähmete ukyplylygyny ýitirende, ätiýaçlandyryjy kazyýet-lukmançylyk barlagynyň netijesine ýa-da HMAT-niň (Hemaýata mätäçligi anyklaýyş topary), LMBT-niň (Lukmançylyk maslahat beriş topary) netijenamasyna laýyklykda zähmete ukyplylygynyň peselen göterimine laýyklykda ätiýaçlandyryş pul möçberiniň bölegini töleýär.

Zähmete ukyplylygyň doly (100%) ýa-da uzak möhlete ýitirilmegi, şeýle hem ätiýaçlandyrylanyň aradan çykan ýagdaýynda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilen ätiýaçlandyryş pul möçberini töleýär.

Zähmete ukyplygyň ýitirilmeginiň goşmaça ätiýaçlandyryşynda ätiýaçlandyryjy betbagtçylykly hadysa sebäpli zähmete ukyplylygy ýitirilen her bir güni üçin ätiýaçlandyrylana ätiýaçlandyryş hemaýat puluny töleýär.

Ätiýaçlandyryş hemaýat pulunyň möçberi şertnamada göz öňünde tutulýar we ol esasy şertnamanyň ätiýaçlandyryş pul möçberiniň 0,5%-nden ýokary bolmaly däldir.

Ätiýaçlandyryş hemaýat puly zähmete ukyplylygyň ýitirilmeginiň doly möhleti üçin tölenilýär, ýöne zähmete ukyplylygyň ýitirilmeginiň sebäbi bolan bu möhlet betbagtçylykly hadysanyň bolan gününden 4 yzygider aýdan köp bolmaly däldir. Hemaýat puly, eger başga ylalaşyk bolmasa, iki hepdede bir gezek tölenýär.

Eger ätiýaçlandyryş şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, wagtlaýynça zähmete ukyplylygyň ýitirilmeginiň

ätiýaçlandyryş hemaýat puly tölenenden soň hemişelik ýa-da uzak möhlete zähmete ukyplylygy ýitirilse, ýa-da ätiýaçlandyrylan aradan çyksa, onda bir gezeklik tölenmeli ätiýaçlandyryş pul möçberinden wagtlaýynça zähmete ukyplylygyň ýitirilmegi boýunça tölenen hemaýat pulunyň möçberi alyp galynýar.

Saglygy goraýyş çykdajylarynyň goşmaça ätiýaçlandyryşy boýunça ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş hadysasy sebäpli lukman kömegi, derman serişdelerini almak we protezlemek üçin zerur we maksada laýyk edilen çykdajylaryň öwezini dolýar.

Bir ätiýaçlandyryş ýagdaýy boýunça ätiýaçlandyryjynyň öwezini dolýan saglygy goraýyş çykdajylarynyň iň ýokary möçberi ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilýär we esasy şertnamanyň ätiýaçlandyryş pul möçberiniň 10%-nden ýokary bolmaly däldir.

Saglygy goraýyş çykdajylarynyň öwezi ätiýaçlandyryş hadysasynyň bolan gününden 1 ýyldan köp wagtyň geçmedik möhletinde tölenýär.

Saglygy goraýyş çykdajylarynyň ätiýaçlandyryşy, zerurlygy ätiýaçlandyryş hadysasy sebäpli ýüze çykan hem bolsa, dynç alyş bejergisini we dynç alyş ýerlerinde bolmagyň çykdajylaryny öz içine almaýar.

Awtoulag serişdesinde ätiýaçlandyryş şertnamasynda şertleşilen ýurduň çäkleriniň daşyna gidilen ýagdaýynda, ätiýaçlandyrýan hereket edýän nyrhlara laýyklykda goşmaça töleg töläp, boljak ýurdunyň çäginde raýat jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşyny tassyklaýan resminama almalydyr.

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş şertnamasynda (polisinde) görkezilen ýurduň çäkleriniň daşyna awtokasko ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmaga haky bar, bu ýagdaýda ätiýaçlandyrýanyň (onuň wekiliniň) ýazmaça arzasy hökmandyr.

Daşary ýurtda bolan ätiýaçlandyryş ýagdaýy boýunça taraplaryň borçlary we hukuklary «Awtoulag serişdelerini meýletin ätiýaçlandyryşyň kadalary» bilen kesgitlenilýär.

Daşary ýurtdan gaýdyp gelnenden soň, awtoulag serişdesi ätiýaçlandyryja gözden geçirmek üçin berilmelidir.

9. Sargyt № 2539

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölän ätiýaçlandyryja, tölenen tölegiň möçberinde zelel üçin jogapkäre bolan ätiýaçlandyrýanyň talap hukugy geçýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ähli jedeller Türkmenistanyň ulanylýan kanunçylygyna laýyklykda çözülýär. Nägilelikler, Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan kesgitlenilen hak isleýiş möhletiniň çäklerinde berlip bilner.

## II.VII bap. Raýatlaryň eýeçilik hukugyna degişli bolan öýleriň meýletin ätiýaçlandyrylyşy

### §2.7.1. Ätiýaçlandyryşyň tertibi

Ätiýaçlandyryşyň bu görnüşi Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň raýat Bitewi kanunyna, «Ätiýaçlandyryş hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna, Türkmenistanyň Prezidentiniň 1997-nji ýylyň 29-njy ýanwarynda çykaran №3001 Karary bilen tassyklanylan Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy hakyndaky Düzgünnama we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda amala aşyrylýar.

Özlerine degişli inžener enjamlary bilen bilelikde ulanmagyň uzak wagtlyk (kadalaşdyryjy) möhletinde öz ýerine ýetirýän iş maksadyna laýyk gelýän desgalara (islendik gozgalmaýan gurluşyk işine) **jaýlar** diýilýär. Raýatlaryň şahsy eýeçiliginde bolan, hemişelik ýaşaýan ýerinde gurnalan we diwarlary hem-de üçegi bolan jaýlar (ýaşaýyş jaýlary, bag öýjagazlary, saýalyklar, hojalyk binalary) meýletin ätiýaçlandyryşa kabul edilýär. Aşakdakylar meýletin ätiýaçlandyryşa kabul edilip bilinmez:

- ýaşamak gadagan edilen we ýykyp aýyrmaga degişli we heläkçilik ýagdaýynda duran jaýlar;
- şeýle howp barada bellenilen tertipde yglan edilen ýa-da ygtyýarly edaralar (gidrometeogullugy edaralary we başgalar) tarapyndan şeýle howpuň ýagdaýyny tassyklaýan degişli resminamalar düzülen pursatyndan başlap ýeriň opurylmagy,

süýşmegi, suw joşmasy we beýleki tebigy heläkçilikler howp salýan zolakdaky jaýlar;

- eýeleri şol ilatly ýerde ýaşamaýan we olaryň jaýlary niýetlenilişi boýunça peýdalanylmaýan we göwnejaý gözegçilik bilen üpjün edilmedik jaýlar.

Uzak wagtlap ulanmak üçin niýetlenilmedik goşmaça jaýlar (gurluşykda ulanylýan durmuş hajatly jaýlar, wagtlaýyn jaýlar, ýerkümeler, söwda palatkalary) jaýlara degişli däldir.

Jaýlaryň meýletin ätiýaçlandyryşy aşakdakylaryň netijesinde ýok bolmagyndan ýa-da olara zeper ýetmeginden geçirilýär:

a) ýangynyň, ýyldyrym urmagynyň, partlaýşyň;

b) tebigy betbagtçylyklaryň (suw joşmasy, ýer titremesi, harasat, tupan, çabga, doly, ýer süýşmegi, sil gelmegi), şol ýer üçin adaty bolmadyk dowamly ýagşyň ýagmagynyň we galyň garyň düşmeginiň;

ç) suw basmagynyň, ýyladyş, suw geçiriş we lagym ulgamlarynyň hatardan çykmagynyň (şol sanda temperaturanyň pese gaçmagy netijesinde), ýerasty suwlaryň duýdansyz ýagdaýda ýokary galmagynyň, şeýle hem ýangynyň ýaýramagyny bes etmek üçin ýa-da şu bölümde görkezilen haýsydyr bir tebigy betbagtçylygyň tötänleýin howpy bilen baglanyşykly jaýy söküp aýyrmak ýa-da olary başga ýere geçirmek zerur bolsa;

d) ätiýaçlandyrylan emlägiň üstüne dolandyrylýan uçýan obýektleriň ýa-da olaryň döwük-ýenjikleriniň gaçmagynyň, olaryň üstünden awtoulag serişdeleriniň basyp geçmeginiň;

e) üçünji taraplaryň hyýanatçylykly hereketleriniň;

ä) ähli töwekgelçiliklerden.

Suw basmagyndan ätiýaçlandyryş goragy tebigy betbagtçylyklar (uzak wagtlap ýagyş ýagmagy, garyň eremegi, galyň gar ýagmagy zerarly örtügiň ýa-da üçegiň deşilmegi, olara zeper ýetmegi netijesinde üçekden suw geçmegi) sebäpli daşyndan suwuň aralaşmagyny öz içine alýar.

Jaýlaryň ätiýaçlandyryş şertnamasy jaýlar gözden geçirileninden soň raýatlaryň ýazmaça arzasy (*1-nji goşundy*) esasynda baglaşylýar. Jaýlaryň ätiýaçlandyryş şertnamasy 1 ýyla çenli we ondan hem köp möhlete baglaşylýar.

*1-nji goşundy*

__________________________________________ döwlet
(welaýat, şäher, etrap)
ätiýaçlandyryş guramasy

**Jaýlaryň meýletin ätiýaçlandyryşy boýunça**

**A R Z A**

Ätiýaçlandyrýan: ___________________________________________________
(ady, atasynyň ady, familiýasy)

Salgysy/telefony___________________________________________________

20__ ýylyň _______________aýynyň «____» dan(den) jaýy meýletin ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmagy haýyş edýär.

| Jaýyň görnüşi | Gurlan ýyly | Düýpli abatlanan ýyly | Nyrh kesilen ýyly | Nyrh kesiş bahasy | Gatlarynyň sany | Üçeginiň kysymy | Diwarlar (gurlan serişdesini görkezmeli) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | |

Ätiýaçlandyryş goragy: ätiýaçlandyrmakçy bolýan töwekgelçilikleriňizi görkeziň:

a) ýangyn, ýyldyrym urmagy, partlaýyş;

b) suw joşmasy, ýer titremesi, tupan, harasat, çabga, doly, ýeriň opurylmagy, sil gelmegi, duýdansyz ýagdaýda ýerasty suwlaryň ýokaryk galmagy, şol ýer üçin adaty bolmadyk dowamly ýagyş ýagmagy we galyň gar düşmegi;

ç) suw basmagy, ýyladyş, suw geçiriş we lagym ulgamlarynyň heläkçiligi, şol sanda temperaturanyň pese gaçmagy netijesinde şolaryň heläkçiligi, ýangyn söndüriş ulgamynyň heläkçiligi;

d) dolandyrylýan uçýan obýektleriň ýa-da olaryň döwük-ýenjikleriniň ätiýaçlandyrylan emlägiň üstüne gaçmagy, awtoulag serişdeleriniň olaryň üstünden geçmegi;

e) üçünji tarapyň bilkastlaýyn hereketleri;

ä) ähli töwekgelçiliklerden.

Ätiýaçlandyryş möhleti: 20__ ýylyň ___________ aýynyň «___» - dan
20__ ýylyň ___________ aýynyň «___» çenli.

Ätiýaçlandyryş pul möçberi:____________________________
Ätiýaçlandyryş wznosy (baýragy) :_______________________
Tölegiň şertleri:______________________________________
Şolaryň deregini tutýan ýyladyş esbaplary barmy____________
Ätiýaçlandyryş kadalary we şertleri bilen tanyşdyryldym

_______________________
(Ätiýaçlandyrýanyň goly)

20__ ýylyň __________________aýynyň «_____».

Şertnama ätiýaçlandyrýana berlen ýerdäki ähli jaýlary hem, olaryň aýry-aýrylaryny hem ätiýaçlandyrmak üçin, şonuň ýaly-da şol jaýlardaky ätiýaçlandyrýana degişli paýlary ätiýaçlandyrmak üçin baglaşylyp bilner. Ätiýaçlandyrýan şertnama baglaşylýan mahaly howpuň ýa-da ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagy üçin düýpli ähmiýetli özüne mälim bolan ähli ýagdaýlary ätiýaçlandyryja ýazmaça habar bermelidir. Ätiýaçlandyryjynyň şertnamadan ýa-da üýtgän mazmuny bilen ony baglaşmakdan boýun gaçyrmak hakyndaky çözgüdine täsir edip biljek ýagdaý düýpli ýagdaý bolup durýar.

Eger ätiýaçlandyryja düýpli ýagdaýlar barada habar berilmese, ol şertnamadan boýun gaçyryp biler. Eger ätiýaçlandyrýan düýpli ýagdaý hakynda habar bermekden bilgeşleýin boýun gaçyrsa munuň hem şeýle ähmiýeti bardyr.

Eger düýpli ýagdaýlar hakyndaky habarda nädogry maglumatlar bar bolsa, onda şeýle ýagdaýda hem ätiýaçlandyryjy şertnamadan boýun gaçyryp biler.

Eger ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe ätiýaçlandyrýana töwekgelçilik derejesindäki haýsydyr bir düýpli üýtgetmeler hakynda ýa-da öz netijeleri boýunça ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiliginiň möçberini artdyryp biljek üýtgetmeler barada mälim bolsa, onda ätiýaçlandyryjyny has gysga möhletlerde ähli üýtgetmeler barada ýazmaça habardar etmek ätiýaçlandyrýanyň borjy bolup durýar.

Eger ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryja bir aýyň dowamynda şertnama baglaşylanyndan soň ýüze çykan howpuň artmagy hakynda habar bermese, şeýle ýagdaýda ätiýaçlandyryjynyň bir aýlyk möh-

leti berjaý etmek bilen şertnamany bozmaga ýa-da degişlilikde ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) artdyrmaga talap etmäge haklydyr. Eger ätiýaçlandyrýan bilgeşleýin howpuň artmagyny döretse, ätiýaçlandyryjy bir aýlyk möhleti berjaý etmezden şertnamany bozup biler. Bir aýlyk möhlet ätiýaçlandyryjynyň habar bermek borjunyň bozulandygy hakynda bilen pursatyndan başlanýar.

Jaýlary ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak bellenilen görnüşdäki blankda ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polisi) bilen resmileşdirilýär we ol ätiýaçlandyrýana gowşurylýar.

## §2.7.2. Ätiýaçlandyryş pul möçberleri we baýraklary (wznoslary)

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş şahadatnamasynda (polisinde) görkezilen möçberde we möhletlerde ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) tölemäge borçludyr. Ätiýaçlandyrýan diňe ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny(polisini) alandan soň ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) tölemäge borçludyr. Ilkinji we bir gezeklik ätiýaçlandyryş baýraklary (wznoslary) wagtynda tölenilýänçä ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan erkindir.

Ätiýaçlandyryş nyrhlarynyň möçberi ätiýaçlandyryjy tarapyndan ätiýaçlandyryş pul möçberlerinde göterimlerde bellenilýär we jaýyň bahasyna, döwekgelçilik derejesine baglydyr hem-de ätiýaçlandyryş şertnamalary baglaşylan mahaly şeýle ýagdaýlara baglylykda ýokarlandyryp hem, peseldilip hem bilner.

*Ätiýaçlandyryş baýragy* (*wznosy*):

- nagt pul bilen – ätiýaçlandyryş wekiline ýa-da gönüden-göni ätiýaçlandyryjynyň pulhanasyna;
- nagt däl hasaplaşyk arkaly– ätiýaçlandyrýanyň işleýän ýerindäki kärhananyň (edaranyň ýa-da guramanyň) hasaphanasynyň üsti bilen tölenilýär.

Ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polisi) ýitirilen ýagdaýynda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýanyň ýazmaça arzasy esasynda onuň öwezligini berýär, şondan soň ýitirilen polis hakyky däl diýlip hasap edilýär we şol boýunça jaýa öwezini doluş puly tölenilmeýär.

Jaýlaryň ätiýaçlandyryş şertnamsy boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyrýanyň islegi boýunça, ýöne könelmegini nazara almak bilen jaýyň hakyky bahasyndan köp bolmadyk möçberde bellenilýär. Şunda ätiýaçlandyryş öwezini dolmagyň möçberi, eger ätiýaçlandyryş şertnamasynyň şertleri bilen başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, ätiýaçlandyryş pul möçberiniň ätiýaçlandyryş bahasyna gatnaşygyna deňeçerlikde kemeldilýär.

Eger ätiýaçlandyryş şertnamasy 1 ýyl möhlete baglaşylýan bolsa, onda ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) iki möhletde: 50 %-ni – şertnama baglaşylan mahaly we 50%-ni ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän möhletiniň başlanmagyndan 3 aýdan gijä galman tölemek hukugy berlip bilner.

Eger ätiýaçlandyryş şertnamasy birnäçe ýyla baglaşylýan bolsa, onda ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) her ýyl tölenilip, ýagny ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylýan ýyllaryň sanyna gaýra goýlup bilner.

Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) tölenilýän mahaly ätiýaçlandyryjy tarapyndan ätiýaçlandyryş şahadatnamasynda (polisinde) ony tölemegiň anyk möhleti we ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) tölemek bilen baglanyşykly ätiýaçlandyrýanyň jogapkärçiligi kesgitlenilýär.

Eger ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) wagtynda tölenilmedik bolsa, onda ätiýaçlandyryjy ony tölemeklik üçin iki hepdelik möhleti ýazmaça kesgitläp biler. Eger şol möhletiň geçmegi boýunça ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çyksa we şol wagta çenli ätiýaçlandyrýan baýraklar (wznoslary) girizmegiň möhletini geçirse, ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan boşadylýar.

## §2.7.3. Franşiza we ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwri

Taraplar ätiýaçlandyryş şertnamasynda ätiýaçlandyryjyny belli bir möçberden geçmeýän ýitgileriň öwezini dolmakdan boşadýan, ätiýaçlandyryjy tarapyndan öwezi dolunmaýan ýitginiň – franşizanyň möçberini ylalaşyp bilerler.

Umumy ýitginiň öwezini dolmak dolulygyna ätiýaçlandyrýanyň özbaşdak jogapkärçiliginde galýan bölegi franşiza hasaplanylýar. Ätiýaçlandyryş şertnamasynda (ätiýaçlandyryş polisinde) şertli ýa-da şertsiz franşiza göz öňünde tutulyp bilner.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynda (polisde) şertli franşiza bellenilen mahaly ätiýaçlandyryjy, eger ýitginiň möçberi franşizanyň möçberinden geçmeýän bolsa, onda şol ýitgi üçin jogapkärçilikden boşadylýar we eger ýitginiň möçberi franşizanyň möçberinden geçýän bolsa, onda ol dolulygyna öwezini dolmaga degişlidir.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynda (polisde) şertsiz franşiza bellenilen mahaly ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiligi franşizany aýryp, ýitginiň möçberi bilen kesgitlenilýär.

Franşiza ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan mahaly ätiýaçlandyryş pul möçberine ýüzdeler babatda ýa-da absolýut göwrümde taraplaryň ylalaşmagy boýunça kesgitlenilýär. Ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan güni sagat 24. 00-da başlanýar we şertnamada göz öňünde tutulan möhletiň soňky gününi sagat 24. 00-da tamamlanýar.

Öňki ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän möhleti tamamlanýança täze möhlete ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan (täzeden dikeldilen) mahaly täze şertnama öňki şertnamanyň hereketiniň tamamlanan pursatyndan başlap güýje girýär.

Ätiýaçlandyrýan jaýa bolan eýeçilik hukugyny ýitiren mahaly ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereketi ätiýaçlandyryş baýraklary (wznoslary) gaýtarylyp berilmezden bes edilýär. Eýeçilik bellenilen tertipde başga adama geçen ýagdaýynda jaý şertnama arkaly şertleşilen möhletiň ahyryna çenli ätiýaçlandyrylan hasap edilýär.

Eger onuň üçin ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy doly ätiýaçlandyryş pul möçberinde tölenilen bolsa ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereketi we ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiligi bes edilýär. Şol ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy ätiýaçlandyryş pul möçberinden az tölenilen bolsa şeýle ýagdaýda ätiýaçlandyryjynyň jorapkärçiligi ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilen möhletiň ahyryna çenli şertnamada şertleşilen ätiýaçlandyryş pul möçberi bilen tölenilen ätiýaçlandyryş öwezini dolmasynyň arasyndaky tapawuda barabar möçberde saklanyp galýar.

Eger ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy tölenileninden soň zeper ýeten jaý dikeldilen bolsa we ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş pul möçberini artdyrmak isleýän bolsa, onda oňa goşmaça ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmaga hukuk berilýär.

Bir ýyldan az möhlete baglaşylan şertnamalar boýunça ätiýaçlandyryş baýraklary (wznoslary) şol bir wagtda ýyllyk baýragynyň (wznosynyň) möçberinden aşakdaky möçberlerde tölenilýär:

– bir aý möhlete ätiýaçlandyrylan mahaly 20%, iki aýa – 30%, üç aýa – 40%, dört aýa– 50%, bäş aýa – 60%, alty aýa – 70%, ýedi aýa – 75%, sekiz aýa – 80%, dokuz aýa – 85%, on aýa– 90% we on bir aýa – 95%.

Ätiýaçlandyryş pul möçberiniň artmagy bilen baglanyşykly baglaşylan goşmaça şertnamalar boýunça hem ätiýaçlandyryş baýraklary (wznoslary) ýokarda görkezilen möçberlerde tölenilýär. Şonda doly däl aý üçin ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) doly aý üçin ýaly tölenilýär.

Bassyr 3 ýyl we ondan hem köp wagtlap üznüksiz ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşan we şol döwrüň içinde ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny almadyk ätiýaçlandyrýanlaryň soňraky möhlet üçin täze şertnama baglaşan mahaly ätiýaçlandyryş baýragynyň (wznosynyň) hasaplanylan möçberinden 20% möçberinde indirim almaga hukuklary bardyr.

## §2.7.4. Ätiýaçlandyryş öwezini dolmagyň möçberini kesgitlemek we tölemek

Ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykan mahaly ätiýaçlandyrýan, ol bolmadyk mahaly bolsa maşgalanyň kämillik ýaşyna ýeten agzasy jaýlary halas etmek we olara soňra zeper ýetmeginiň öňüni almak üçin mümkin bolan ähli çäreleri haýal etmän görmäge hem-de ýüze çykan ýagdaý barada ätiýaçlandyryja bada-bat habar bermäge borçludyr.

Arzalar gelip gowşan gününde ätiýaçlandyryjy tarapyndan №110-a görnüşdäki žurnalda hasaba alynýar.

Ätiýaçlandyryjy jaýlaryň ýok edilmegi ýa-da olara zeper ýetmegi barada №110 görnüşdäki güwänamany düzmäge borçludyr.

Güwänama ätiýaçlandyryş ýagdaýy hakyndaky arzanyň esasynda arza gelip gowşandan soň 3 günüň dowamynda ätiýaçlandyrýanyň, ätiýaçlandyrýan bolmadyk mahaly bolsa, onuň maşgalasynyň kämillik ýaşyna ýeten agzasynyň we iki şaýadyň gatnaşmagynda, oba ýerlerinde bolsa Geňeşiň wekiliniň gatnaşmagy bilen düzülýär.

Güwänama jaýlaryň ýok edilen ýa-da olara zeper ýeten ýeri, wagty we onuň sebäbi hakyndaky, şeýle hem ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagyny bellemek üçin we ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemek hakyndaky meseläni çözmek üçin ähmiýeti bolan beýleki ýagdaýlar hakynda ygtyýarly edaralaryň (gidrometeorologiýa we seýsmologiýa gulluklary, jemagat hojalygy, ýangyn gözegçiligi, polisiýa, prokuratura, kazyýet we beýleki edaralar) resminamalary goşulýar.

Eger ätiýaçlandyryş ýagdaýy netijesinde jaýlaryň ýok edilmegi ýa-da olara zeper ýetmegi köpçülikleýin häsiýete eýe bolsa, onda Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasynyň :

- güwänamany düzmegiň möhletini bir aýa çenli, aýratyn ýagdaýlarda bolsa, ondan hem köp möhlete, ýöne iki aýdan köp bolmadyk möhlete uzaltmaga;
- ätiýaçlandyryş öwezini dolmagy tölemegiň möhletini degişlilikde güwänamalary düzmegiň möhletine görä uzaltmaga hukugy bar.

*Güwänamada aşakdaky meseleleri beýan etmek zerurdyr*:

- jaýlaryň ýok edilmeginiň ýa-da olara zeper ýetmeginiň ýagdaýyny we sebäbini, olara zeper ýetmeginiň häsiýetini hem-de derejesini we ýetirilen zeleliň hem-de ätiýaçlandyryş öwezini dolmagyň möçberini kesgitlemek zerur bolan beýleki maglumatlary, jaýyň zeper ýeten ýerini ýa-da onuň galyndylaryny (esasyny, gyra erňegini, gurluşyk serişdelerini we başgalary) gözden geçirmek arkaly, şeýle hem ätiýaçlandyryjynyň degişli ygtyýarly edaralardan alan resminamalary esasynda kesgitlenilýär;
- eger jaýy abatlamak arkaly ilkibaşdaky hyzmaty boýunça ulanmak üçin ýaramly ýagdaýa getirmek mümkin bolsa, onda ol zeper ýeten hasap edilýär. Galan ýagdaýlarda jaý ýok edilen hasap edilýär;

- jaýa zeper ýetmeginiň möçberi (derejesi) degişli ölçeg birliklerinde (kub metrlerde, inedördül metrlerde, pogon metrlerde, kerpijiň, çerepisa plitalarynyň, şiferiň sanlarynda we başgalarda) ýa-da ätiýaçlandyrylan jaýyň zeper ýeten bölekleriniň ýa bolmasa tutuş jaýyň göterimlerinde görkezilýär;
- ýok edilen jaýlaryň galyndylary we olaryň aýry-aýry bölekleri, şol sanda esasy diňe eger olar soňra gurluşykda peýdalanmak üçin ýaramly bolan ýagdaýynda nazara alynýar. Şonda jaýlaryň galyndylary hojalyk serişdeleriniň mukdary boýunça nazara alynýar, olar bolsa jaý ýa-da onuň aýry-aýry bölekleri sökülen mahaly alnyp bilner. Şeýle serişdeleriň mukdary hasaplap görmek arkaly ýa-da serişdeleriň çykyşynyň ulanylýan ölçeglerinden ugur alnyp kesgitlenilýär. Jaýlaryň palçykdan suwalan, pagsa, saman garylyp suwalan we gum üýşürilip galdyrylan diwarlarynyň zeper ýeten bölekleriniň galyndylary nazara alynmaýar;
- jaýlary halas etmek boýunça işleriň möçberi, zeper ýeten jaýlary abatlamagyň bahasy şu usullaryň birini ulanmak bilen kesgitlenilýär:

a) jaýlaryň aýry-aýry böleklerine bir bitewi nyrhlary ulanmak arkaly;

b) zeper ýeten jaýyň aýry-aýry bölekleriniň (gurnama parçalarynyň) bahasynyň onuň umumy ätiýaçlandyryş bahasyna göterimlerdäki gatnaşygyny ulanmak arkaly;

ç) zeper ýeten jaýy dikeltmegiň (abatlamagyň) ygtyýarly edaralardan alnan bahasyny ulanmak arkaly.

Zeper ýeten jaýy abatlamagyň bahasyny hasaplamagyň usulyny seçip almak zeper ýetmäniň häsiýeti we möçberi, şol jaýyň gurnamasynyň çylşyrymlylygy we degişli tehniki we nyrh kesiş resminamalarynyň bardygy nazara alnyp geçirilýär.

Zeper ýeten jaýlary abatlamagyň bahasynyň hasaplamasy düzülen mahaly diňe şol ätiýaçlandyryş ýagdaýy bilen ýüze çykan işleriň, şeýle hem ätiýaçlandyryş ýagdaýy netijesinde jaýa zeper ýetmegi bilen baglanyşykly zerur diýlip ykrar edilen abatlaýyş işleri hasaplama goşulýar.

Ýangynyň ýaýramagyny bes etmek baradaky çäreler bilen baglanyşykly ýa-da haýsydyr bir tebigy betbagtçylygyň tötänleýin howpy ýüze çykan mahaly sökülen jaýlar başga ýere geçirilende jaýlary sökmek we dikeltmek üçin, şeýle hem serişdeleri we jaýlaryň böleklerini başga ýere geçirmek üçin harajatlar hasaplama goşulýar.

Jaýy meýletin ätiýaçlandyrmak boýunça ätiýaçlandyryş öwezini dolmagyň möçberi ätiýaçlandyryjy tarapyndan onuň düzen hasaplamasy esasynda kesgitlenilýär.

Jaýy meýletin ätiýaçlandyrmak boýunça ätiýaçlandyryş öwezini dolma aşakdaky möçberlerde hasaplanylýar:

- ✓ jaý ýok edilen mahaly könelmegini hem-de nyrhynyň gaçmagyny nazara almak, jaýyň gurluşyk üçin ýaramly galyndylarynyň bahasyny tutup galmak bilen, onuň şertnama boýunça bellenilen ätiýaçlandyryş pul möçberine deň möçberde, ätiýaçlandyryş öwezini dolmagy ätiýaçlandyryş pul möçberiniň çäklerinde jaýy halas etmek, şeýle hem onuň galyndylaryny tertibe salmak boýunça çykdajylaryň möçberinde artýar;
- ✓ jaýa zeper ýeten mahaly jaýy abatlamagyň (dikeltmegiň) bahasyna deň möçberde, jaýy halas etmek, ony we gurluşyk üçin ýaramly galyndylaryny tertibe salmak boýunça harajatlaryň möçberi goşulýar.

Eger tölenilýän ätiýaçlandyryş öwezini dolmasynyň möçberinden ätiýaçlandyryş şertnamasy, möhleti gaýra goýlup (her aý, her çärýek we başgalar) baýraklary (wznoslary) tölemek bilen baglaşylan bolsa, onda jaý üçin baýrak (wznos) tutulyp alynýar.

Eger şolar boýunça jenaýat işleri gozgalýan ýagdaýlardan başga, ätiýaçlandyryş wakasynyň ýüze çykmagynyň ýagdaýy güwänama düzülen mahaly bellenilip bilinjek we ýetirilen zeleliň möçberi Türkmenistanyň kanunçylygy bilen bellenilen iş hakynyň iň az möçberiniň 4-sinden geçmeýän bolsa, onda ygtyýarly edaralardan hiç bir resminamalar soralyp alynmaýar.

Eger jaýyň meýletin ätiýaçlandyryşy boýunça ätiýaçlandyryş öwezini dolmasynyň möçberi ätiýaçlandyryş guramasy üçin bellenilen möçberden geçmeýän bolsa, onda ätiýaçlandyryjy tarapyndan tölenilýär, galan ýagdaýlarda bolsa töleg ýokarda durýan döwlet ätiýaçlandyryş guramasy tarapyndan hasaplamalar tassyklanandan

soň amala aşyrylýar. Garamagyndaky ätiýaçlandyryş guramalar üçin bellenilen möçberler Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy tarapyndan kesgitlenilýär.

Eger ätiýaçlandyryş öwezini dolmasynyň möçberi ätiýaçlandyryş guramasy üçin bellenilen möçberden geçýän bolsa, onda bu ýagdaý boýunça ähli resminamalar netijenama bilen bilelikde ýokary gurama iberilýär, ol bolsa tölemek ýa-da tölemekden boýun gaçyrmak barada degişli çözgüdi kabul edýär hem-de bu barada ätiýaçlandyryş öwezini dolmasynyň tölenilmäge degişli möçberini ýa-da boýun gaçyrmagyň sebäplerini görkezmek bilen, ätiýaçlandyrýana habar berýär.

Eger bu iş boýunça derňew geçirilýändigi bilen baglanyşykly ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemäge mümkinçilik bolmasa, onda ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemek ýa-da tölemekden boýun gaçyrmak hakyndaky mesele ätiýaçlandyryjy derňew edaralaryndan iş boýunça önümçiligiň bes edilendigi ýa-da durzulandygy hakyndaky karary alanyndan soň, iş kazyýete berlen ýagdaýynda bolsa kazyýetiň degişli çözgüdi alnandan soň üç gün möhletde çözülýär.

Ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemekden boýun gaçyrylan ýagdaýynda ätiýaçlandyryjy bu barada ätiýaçlandyrýana şu bölümde göz öňünde tutulan möhletlerde ýazmaça habar bermäge borçludyr.

Eger ätiýaçlandyrylan jaýlar ätiýaçlandyryş ýagdaýlaryna degişli bolmadyk wakalar netijesinde ýok edilen ýa-da olara zeper ýeten bolsa, onda ätiýaçlandyryjy tarapyndan ätiýaçlandyrýana ýeten zeleliň öwezi dolunmaýar. Jaýyň ýok edilmegi ýa-da oňa zeper ýetirilmegi ätiýaçlandyrýanyň ýa-da onuň maşgalasynyň kämillik ýaşyna ýeten agzasynyň bilkastlaýyn hereketleriniň netijesi bolsa ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy tölenilmeýär.

Bilkastlaýyn hereketleriň bardygy ätiýaçlandyryjynyň degişli ygtyýarly edaralardan (ýangyn gözegçiligi, polisiýa, prokuratura, kazyýet we başgalar) alan resminamalarynyň esasynda bellenilýär.

Ätiýaçlandyrýan, ol bolmadyk mahaly bolsa onuň maşgalasynyň kämillik ýaşyna ýeten agzasy muňa mümkinçilik bolsa-da, jaýy halas etmek hem-de oňa mundan beýläk-de zeper ýetmeginiň öňüni almak üçin mümkin bolan ähli çäreleri görmedik bolsa, jaýyň ýok edilmegi ýa-da oňa zeper ýetmegi barada yglan etmedik bolsa, ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş öwezini dolmasynyň möçberi-

ni azaltmaga ýa-da ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemekden boýun gaçyrmaga hukugy bardyr.

Ätiýaçlandyrýanyň arza bermegiň tertibini bozmagy bilen baglanyşykly ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemekden boýun gaçyrmak baradaky çözgüt diňe şeýle bozulma netijesinde jaýyň ýok edilmeginiň ýa-da oňa zeper ýetmeginiň ýagdaýyny hem-de sebäbini anyklamak, şeýle hem ätiýaçlandyryş ýagdaýy netijesinde ýetirilen zeleliň möçberini kesgitlemek mümkin bolmadyk mahaly kabul edilip bilner.

Aşakdakylar netijesinde çekilen zeleller öwezini dolunmaga degişli däldir:

- ✓ ýadro partlamasynyň, radiasiýanyň we radioaktiw zäherlenmäniň täsiri;
- ✓ her hili harby we terrorçylykly hereketler we olaryň getiren zyýanly netijeleri, şeýle hem köpçülikleýin bidüzgünçilikler, döwlet häkimiýet we dolandyryş edaralarynyň görkezmesi boýunça jaýlaryň bahasy tölenilmän elinden alynmagy, rekwizisiýa edilmegi, tussag edilmegi, ýykylyp aýrylmagy.

Ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy çäklerinde jaý ýerleşýän etrabyň ýa-da şäheriň ätiýaçlandyryjysy tarapyndan tölenilýär. Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy tölenilýänçä tölenilmäge degişli ähli resminamalaryň dogry resmileşdirilendigini, degişli ýagdaýlarda bolsa (bellenilen çäklerden artyk öwezini dolmalar boýunça) ýokary ätiýaçlandyryş guramalarynyň görkezmesiniň bardygyny barlamaga borçludyr. Olary beren guramalaryň möhüri ýa-da göwnejaý gollar bolmadyk güwänamalaryny, hasaplamalaryny, delil hatlaryny we beýleki resminamalary tölege kabul etmek gadagan edilýär. Ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy ätiýaçlandyryjy ähli zerur namalary alandan soň 7 gün möhletde tölenilýär.

Ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy bankdaky çek boýunça tölenilýär ýa-da onuň bank edarasyndaky hasabyna geçirilýär.Taraplaryň ylalaşygy boýunça ätiýaçlandyryş öwezini doluş möçberiniň çäklerinde, ýetirilen zyýanyň öwezini natural görnüşde dolmak bilen hem çalşyrmak göz öňünde tutulyp bilner.

Ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölän ätiýaçlandyryja tölenilen pul möçberiniň çäklerinde ätiýaçlandyrýana ýetirilen zelel

üçin jogapkär adama bolan talap etmek hukugy geçýär. Şunuň bilen baglanyşykly ätiýaçlandyryjy degişli ýagdaýlarda bellenilen tertipde we möhletinde ýetirilen zelel üçin jogapkär adama regres hak islegini bildirmäge borçludyr. Görkezilen talap (regres hak islegi) ätiýaçlandyrýanyň maşgala agzalaryna bildirilmeýär.

Ätiýaçlandyrýan, eger ýetirilen zeleliň dolulygyna öwezi dolunan bolsa ýa-da onuň öwezini dolmak kazyýetiň çözgüdi boýunça ýetirilen zelel üçin jogapkär adam tarapyndan geçirilýän bolsa, ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny almak hukugyny ýitirýär. Eger ýetirilen zeleliň kem-käsleýin öwezi dolunan bolsa,onda ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy ätiýaçlandyrýanyň ýetirilen zelel üçin jogapkär adamdan alan pul möçberini nazara almak bilen tölenilýär.

Nägilelikler, Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan kesgitlenilen hak isleýiş möhletiniň çäklerinde berlip bilner. Ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ähli jedeller Türkmenistanda ulanylýan kanunçylyga laýyklykda çözülýär.

## II.VIII bap. Kärhanalaryň emläginiň meýletin ätiýaçlandyrylyşy

### §2.8.1. Ätiýaçlandyrylyşyň tertibi

Türkmenistanda hereket edýän kanunçylyga laýyklykda, ätiýaçlandyrýanlar we aşakdaky edara görnüşindäki taraplar we şahsy adamlar bolup bilerler:

- emlägiň eýeleri,
- doly hojalyk eýeçiligindäki ýa-da dolandyryşdaky hukukda emläge eýelik edýän adamlar;
- kärendeçiler, şeýle hem kanuny esasda emläge eýelik edýän beýleki adamlar,
- edara görnüşindäki taraplary döretmezden telekeçilik işi bilen meşgullanýan şahsy adamlar.

Emläk ätiýaçlandyryşy ätiýaçlandyrýanlaryň ýa-da olaryň görkezmeleri boýunça, beýleki taraplaryň (peýda alyjynyň) peýdasyna amala aşyrylýar.

Raýat jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşy önüm öndürmekde (işleri, hyzmatlary etmekde) emläk ulanylýan mahaly ulanylýan kanunçylykda görkezilen borçlarynyň ätiýaçlandyrýan tarapyndan bilmän bozulandygy netijesinde bähbitlerine zyýan ýetirilen üçünji tarapyň peýdasyna geçirilýär.

Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýanyň raýat jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryş şertnamasyna laýyklykda, ýetirilen zyýan üçin, ol hakykatdan hem ätiýaçlandyrylan emläk boýunça bolan ýagdaýynda, üçünji tarapa şol zyýanyň öwezini tölemäge, ätiýaçlandyrýan bolsa ätiýaçlandyryş şertnamasynda bellenen tertipde ätiýaçlandyryş baýraklaryny tölemäge borçludyr.

Ätiýaçlandyrýanyň (peýda alyjynyň) ätiýaçlandyrylan aakdaky emläklere eýeçilik etmek, ony ulanmak we dolandyrmak bilen bagly bolan emläk bähbitleri ätiýaçlandyryş obýektleri bolup durýar:

a) binalar (önümçilik, edara ediş durmuş-medeni maksatly we jemgyýetçilikde peýdalanylýan jaýlar we beýlekiler);
b) desgalar (diňler, agregatlar we beýleki önümçilik – tehnologiki enjamlar);
ç) inženerçilik we önümçilik – tehnologiki enjamlary (birleşmeler, ulgamlar, elektron-hasaplaýyş tehnikasy, abzallar, geçiriji we güýçlendiriji enjamlar, beýleki mehanizmler we esbaplar);
d) hojalyk jaýlary (garažlar, zat saklanýan jaýlar, ammarlar, bassyrmalar, ýapyk meýdançalar, germewler we başgalar);
e) aýry jaýlar (laboratoriýalar, otaglar, sehler we ş.m.);
ä) gurluşygy tamamlanmadyk desgalar;
f) enjamlar we tehnologiki enjamlaşdyrma;
g) interýere degişli bolan zatlar, mebeller, goşlar;
h) haryt-maddy gymmatlyklar (harytlar, çig mal, serişdeler).

Eger ätiýaçlandyryş şertnamasynda başgaça şertleşilmedik bolsa, onda aşakdakylar ätiýaçlandyryşa degişli däldir:

a) milli we daşary ýurt pulundaky nagt pullar;
b) paýnamalar, obligasiýalar we beýleki gymmat bahaly kagyzlar;
ç) golýazmalar, meýilnamalar, çyzgylar we beýleki resminamalar, buhgalteriýa we iş kitaplary;
d) görnüşler, nusgalar, şekiller we ş.m.;

e) gymmat bahaly guýma metallar we gymmat bahaly gapsyz daşlar;
ä) kompýuter we şoňa meňzeş ulgamlaryndaky tehniki maglumat saklaýjylar, ýagny magnit plýonkalary we kassetalar, magnit diskleri, ýat bloklary we ş.m.;
f) markalar, teňňeler, pul belgileri we bonlar, suratlar, heýkeller ýa-da beýleki kolleksiýalar, sungat eserleri;
g) partlaýan we partlama howply zatlar (benzin, dizel ýangyjy, ýag, gaz we ş.m.);
h) saklaýyşda ýa-da komissiýada duran harytlar;
i) ulag serişdeleri, hereket ediji, gurluşyk, oba hojalyk ýa-da beýleki ulaglar;
j) ätiýaçlandyrylan ýerdäki, emma ätiýaçlandyrýana degişli bolmadyk emläk;
ž) mallar, oba hojalyk, köp ýyllyk ekinler we oba hojalyk ekinleriniň hasyly;
k) heläkçilik ýagdaýyndaky desgalar we binalar, gurluş parçalary we bilge ulgamlary, şeýle hem olaryň içinde ýerleşýän emläk;
l) ýer opurylma, suw alma, süýşgün we beýleki tebigy betbagtçylyk howpy abanýan ýerlerdäki, şeýle hem kesgitlenen tertipde harby hereketleri yglan edilse, yglan edilen wagtynda bu ýerde ýerleşýän emläk, eger bu howp hakynda şertnama baglaşylmanka yglan edilen bolsa;
m) dolanyşykdan aýrylan ýa-da dolanyşygy çäklendirilen gaýry emläk.

## §2.8.2. Ätiýaçlandyryş töwekgelçilikleri

Ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryjy emlägi ýangyndan, ýyldyrym urgysyndan, gaz partlamasy netijesinde ýok bolmagyndan ýa-da zyýan çekmeginden ätiýaçlandyryş goragy bilen üpjün edýär (töwekgelçilik belgisi 01).

Ýakylmagy we saklanmagy üçin ýörite niýetlenen ýerlerden başga ýerde ýanyp, özbaşdak ýaýramak ukyby bolan oduň döremegine ýangyn diýilýär. Ýangyna dahylly bolmadyk ot degme zyýanlary,

şeýle hem ätiýaçlandyrylan emlägi ot, ýylylyk we beýleki termiki täsir etme bilen olary täzeden işlemek we beýleki maksatlar (mysal üçin, guratmak, bişirmek, ütüklemek, kakatmak, gowurmak, metallary gyzdyryp işlemek ýa-da eretmek we ş.m.) bilen baglylykda ýetirilen zyýan, ätiýaçlandyryşa degişli däldir we onuň öwezi dolunmaýar.

Emlägi halas etmek üçin ýangynyň söndürilmegi ýa-da onuň ýaýramagynyň öňüniň alynmagy bilen bagly ýetirilen zyýanlar tölenmäge degişlidir.

Taraplaryň aýratyn ylalaşygy bilen ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça emläge aşakdakylar sebäpli zyýan ýetirilmegi ýa-da ýok bolmagyna bagly bolan zyýanlar ätiýaçlandyrylyp bilner:

a) ätiýaçlandyrylan emlägiň üstüne dolandyrylýan uçarlaryň we olaryň bölekleriniň gaçmagy;
b) döwlüp ogurlyk edilmegi we talanmagy (töwekgelçilik belgisi 02);
ç) ätiýaçlandyrylan emlägiň suw geçirijilerinden, lagymlardan, ýyladyş we ýangyn söndüriş ulgamlaryndan gelýän suwdan zaýa bolmagy (töwekgelçilik belgisi 03);
d) tebigy betbagtçylyklar, ýagny ýer titreme, wulkanlaryň atylmagy ýa-da ýerasty oduň hereketi, süýşme, dag opurulmasy, sil, tupan, gara ýel, tüweleý, suw joşmagy, ýerasty suwlaryň ýokary galmagy sebäpli suw basmagy we ş.m. (töwekgelçilik belgisi 04);
e) bug gazanlarynyň, gaz saklanylýan ýerleriň, gaz geçirijileriniň, maşynlaryň, gurallaryň we beýleki şunuň ýaly gurluşlaryň atylmagy (töwekgelçilik belgisi 05);
ä) penjire, witrina, ýüz görülýän aýnalaryň döwülmegi (töwekgelçilik belgisi 06);
f) üçünji tarapyň bilkastlaýyn hereketi;
g) beýleki sebäpler.

Ätiýaçlandyryjy ýokarda sanalan wakalaryň haýsydyr biriniň netijesinde, şeýle hem ätiýaçlandyryş şertnamasynda bu wakalar ýörite göz öňünde tutulan bolsa ätiýaçlandyrylan emläge zyýan ýetirilse ýa-da ýok edilse ätiýaçlandyrýana (peýda alyja) ätiýaçlandyrylan emlägiň bahasyny töleýär.

Ätiýaçlandyryjy, şeýle hem zyýanyň bolan ýagdaýynda onuň öňüni almak ýa-da peseltmek maksady bilen ätiýaçlandyrýanyň (peýda alyjynyň) maksadalaýyk we ýerlikli eden çykdajylaryny töleýär. Bu çykdajylar üçin öwezini doluş töleginiň möçberi zaýa bolan ýa-da ýok bolan emlägiň öwezini dolma bilen birlikde ätiýaçlandyryş şertnamasynda bellenen ätiýaçlandyryş pul möçberinden ýokary geçmeli däldir.

Ähli ýagdaýlarda aşakdakylar sebäpli ýetirilen zyýanyň öwezi dolunmaga degişli däldir:

a) islendik görnüşdäki harby hereketler, halk tolgunyşyklary, iş taşlaýyşlar, emlägiň alynmagy (konfiskasiýa etmek), rekwizisiýalar, gozgamasyz etmeklik, ätiýaçlandyrylan emlägiň ýa-da zatlaryň döwlet edaralarynyň görkezmeleri boýunça zaýalanmagy ýa-da ýok bolmagy;
b) ýadro energiýasynyň islendik görnüşdäki täsiri;
ç) ätiýaçlandyrýanyň (peýda alyjynyň) işgärleriniň ýa-da olaryň wekilleriniň bilkastlaýyn hereketleri ýa-da gödek görnüşdäki aýawsyzlygy;
d) öz-özünden ýanmagy, ajamagy, çüýremegi ýa-da ätiýaçlandyrylan zatlaryň beýleki adaty häsiýetleri;
e) ätiýaçlandyryş ýagdaýy sebäpli bolan bolmasa, desgalaryň ýa-da olaryň böleginiň çökmegi;
ä) ätiýaçlandyryş ýagdaýy mahalynda ýa-da ondan soň emlägiň ogurlanmagy ýa-da dargadylmagy.

Eger ätiýaçlandyryş şertnamasynda aýratyn gepleşilmedik bolsa, ätiýaçlandyryjy aşakdaky ýagdaýlaryň netijesindäki zyýanyň öwezini dolmaýar:

a) önümçilikde we söwdada bökdençlik bolanda;
b) gelip gowuşýan kärende ýa-da jaý tölegleri ýitirilende;
ç) peýda ýitirilende;
d) meýdan arassalananda we binalar ýykylanda;
e) ätiýaçlandyryş ýagdaýy sebäpli bolan hem bolsa, beýleki ikinji derejeli (mysal üçin, elden giden peýda) zyýanlar.

## §2.8.3. Ätiýaçlandyryş pul möçberleri

Ätiýaçlandyryş pul möçberi, bu ätiýaçlandyrýanyň jogapkärçiliginiň çägini kesgitleýän pul möçberidir. Ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyrýan bilen ätiýaçlandyryjynyň ylalaşygy boýunça her ätiýaçlandyrylýan zat babatda kesgitlenilip, ätiýaçlandyrylýan zadyň ätiýaçlandyryş şertnamasynyň baglaşylan wagtyndaky hakyky bahasyndan ýokary geçmeli däldir. Ätiýaçlandyryşyň esasy we goşmaça görnüşleri boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberleri aýratynlykda bellenilýär.

Raýat jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşy boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyrýan bilen ätiýaçlandyryjynyň arasyndaky ylalaşyk boýunça aýratynlykda bellenilip, ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçilik çäginden ýokary geçmeli däldir. Ätiýaçlandyryjynyň raýat jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşy boýunça jogapkärçiliginiň çägi ätiýaçlandyryş pul möçberiniň (ätiýaçlandyrylan zadyň hakyky bahasyndan) 10 %-nden ýokary bolmaly däldir.

**Hakyky baha aşakdaky tertipde kesgitlenilýär:**

a) enjamlar, maşynlar, gündelik we hususy ulanylýan zatlar üçin könelişmegini göz öňünde tutmak bilen, ýok bolan enjama meňzeş enjamy almaga gerekli puly nazara alyp,

b) binalar we desgalar üçin ýok bolan (zaýa bolan) binanyň ýa-da desganyň könelmegini we ulanyş-tehniki ýagdaýyny hasaba almak bilen, şol ýerde oňa doly meňzeş binalary gurmagyň bahasyndan ugur alyp;

ç) ätiýaçlandyrýanyň öndürýän (gutarylmadyk, şeýle hem taýýar) harytlary üçin ýok bolan, emma olaryň satylyş bahasyndan ýokary bolmadyk zatlary gaýtadan taýýarlamakda zerur bolan önümçilik harajatlaryndan ugur alyp;

d) ätiýaçlandyrýanyň satýan harytlary, şeýle hem satyn alan çig maly üçin, olary täzeden satyn almakda zerur bolan, emma ätiýaçlandyryş senesinde olaryň satylmak mümkinçiligindäki bahasyndan ýokary geçmeýän bahadan ugur alyp (Hakyky baha ätiýaçlandyryş şertnamasynyň baglaşylan senesinde hereket edýän baha görä hasaplanýar).

Eger ätiýaçlandyryş şertnamasynda bellenen ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyrylan zadyň ätiýaçlandyryş ýagdaýyndaky hakyky bahasyndan pes bolsa, onda zyýanyň öweziniň möçberi we harajatlar ätiýaçlandyryş pul möçberiniň we ätiýaçlandyrylan zadyň bahasynyň deňeçer gatnaşygy boýunça tölenýär.

Ätiýaçlandyryş pul möçberiniň hakyky bahasyna gabat gelmegi her bir ätiýaçlandyrylan zat boýunça ýa-da zatlaryň jemi boýunça ätiýaçlandyryş polisinde kesgitlenilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi tölenenden soň, onda görkezilen möhlete çenli şertnamada şertleşilen ätiýaçlandyryş pul möçberi bilen ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy boýunça tölenen pul möçberiniň arasyndaky tapawudyň möçberinde güýjüni saklaýar. Eger ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi doly ätiýaçlandyryş pul möçberinde tölenen bolsa, onda ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereketi bes edilýär. Emläk täzeden dikeldilende ýa-da zyýan çeken emlägiň ornuna başgasy alnanda ätiýaçlandyrýan goşmaça baýrak tölemek bilen, ätiýaçlandyryjynyň ilkibaşky jogapkärçiliginiň möçberini dikeltmäge hukugy bardyr.

Gozganylýan emläk diňe ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilen jaýlarda (ätiýaçlandyryş ýerinde) ätiýaçlandyrylan hasap edilýär. Ätiýaçlandyrylan emlägi başga jaýa geçirmeklik ätiýaçlandyryjynyň ylalaşygy boýunça amala aşyrylmalydyr. Bu hili ýagdaý üçin ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryjynyň ýazmaça tassyklamasyny almaga borçludyr. Eger ýazmaça görnüşdäki ylalaşyk bolmasa, şol emläk ätiýaçlandyryş goragyndan mahrum edilýär. Ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyrylan emlägiň ýeriniň üýtgedilmeginiň netijesinde töwekgelçiligiň derejesiniň üýtgemegi sebäpli ätiýaçlandyryş baýragynyň möçberine täzeden garamaga we goşmaça pul möçberiniň tölenmegini talap etmäge hukugy bardyr.

Emlägiň sergide görkezilen wagtyndaky ätiýaçlandyryşy şol emlägiň hemişelik durýan ýerinden alnan wagtyndan ýa-da ätiýaçlandyryş şertnamasyna laýyklykda serginiň başlanan ýagdaýyndan başlaýar.

Kärhanalaryň emlägini ätiýaçlandyryş şertnamasy 1 aýdan 1 ýyla çenli, şeýle hem kesgitlenilmedik möhletlere baglaşylyp bilner.

Ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyrýandan şertnamany ýatyrmak hakyndaky habary alýança güýji bolan şertnama kesgitlenilmedik möhlete baglaşylan şertnama diýilýär. Ätiýaçlandyrýanyň şertnamany ýatyrmak hakyndaky habary degişli derejede resmileşdirilip, ätiýaçlandyryja bir aý öňünden iberilýär.

*Kesgitlenilmedik möhlete baglaşylan şertnama* ätiýaçlandyrýan bilen ätiýaçlandyryjynyň arasyndaky ylalaşyk boýunça hem ýatyrylyp bilner. Ätiýaçlandyryş şertnamasy taraplaryň gollary goýulan we möhür basylan degişli teswirnamany resmileşdirmek bilen ýatyrylýar. Şu ýagdaýda şertnama teswirnamada görkezilen senede ýatyrylýar.

Ätiýaçlandyrýanyň ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe ätiýaçlandyryş şertnamasyny wagtyndan öň bozmaga hukugy bardyr. Bu barada ol öz göz öňünde tutýan senesinden bir aý öň ätiýaçlandyryja ýazmaça habar bermelidir.

Eger ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe 1 aýyň içinde ätiýaçlandyrýanyň ätiýaçlandyryş şertnamasynyň baglaşylan wagtyndan ätiýaçlandyrylan emläk hakynda görnetin nädogry maglumatlary habar berendigi we şonuň netijesinde howply ýagdaýlar hakynda habar bermändigi ýüze çykarylsa, onda onuň ätiýaçlandyryş şertnamasyny bozmaga hukugy bardyr. Bu ýagdaýda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryş şertnamasyny bozýandygy hakyndaky habarnama iberýär.

## § 2.8.4. Ätiýaçlandyryş baýragy we şertnamasy

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyryş üçin töleg-ätiýaçlandyryş baýragyny tölemäge borçludyr. **Ätiýaçlandyryş baýragy** ätiýaçlandyryş pul möçberinden, nyrh möçberlerinden we ätiýaçlandyryş möhletinden ugur alnyp hasaplanylýar. Nyrh möçberleri ätiýaçlandyryş ýagdaýyny ýüze çykaryp biljek töwekgelçiligiň derejesine baglylykda özgerdilip bilner (*1-nji goşundy*).

*1-nji goşundy*

**NYRH MÖÇBERLERI**
**(ätiýaçlandyryş pul möçberine göterimlerde)**

| T/№ | Töwekgelçilikleriň ady | Nyrh möçberi |
|---|---|---|
| 1. | Ýangyn, ýyldyrym çakmagy, gazyň partlamagy (töwekgelçilik belgisi 01) | 0,5 |
| 2. | Döwüp açylan ogurlyk we talaňçylyk (töwekgelçilik belgisi 02) | 0,3 |
| 3. | Suw geçirijileriň, lagym, ýyladyş we ýangyn söndüriji ulgamlaryň suwundan ätiýaçlandyrylan emläge zeper ýetmegi (töwekgelçilik belgisi 03) | 0,2 |
| 4 | Tebigy betbagtçylyklar (töwekgelçilik belgisi 04) | 0,35 |
| 5 | Bug gazanlarynyň, gaz geçirijileriň, maşynlaryň we beýleki şuňa meňzeş gurluşlaryň ýarylmagy (töwekgelçilik belgisi 05) | 0,25 |
| 6 | Penjire we ýüz görülýän aýnalaryň hem-de witrinalaryň döwülmegi (töwekgelçilik belgisi 06) | 0,1 |
| 7 | Dolandyrylýan uçarlaryň ýa-da olaryň döwülen bölekleriniň ätiýaçlandyrylan emlägiň üstüne gaçmagy | 0,1 |
| 8. | Üçünji tarapyň bilkastlaýyn hereketleri | 0,1 |
| 9. | Önümçiligiň we söwdanyň näsazlygy sebäpli çekilen zyýan | 0,3 |
| 10. | Beýleki sebäpler | 0,15 |
| | Hemme töwekgelçilikler | 2,3 |

Her bir anyk ýagdaýda töwekgelçiligiň derejesinden we ätiýaçlandyryş pul möçberinden ugur alyp, ätiýaçlandyryş baýraklarynyň nyrhlary bellenilende peseldiji (0,6-dan 1 çenli) we ýokarlandyryjy (1-den 5 çenli) koeffisiýentleriň ulanylmagy mümkindir.

Töwekgelçilik gaýtadan ätiýaçlandyryşa berlen ýagdaýynda ätiýaçlandyryş nyrhlarynyň möçberleri halkara ätiýaçlandyryş bazaryndaky töwekgelçiligiň bahalanyşyny hasaba almak bilen, taraplaryň ylalaşygy boýunça bellenilýär.

Eger ätiýaçlandyryş şertnamasy 1 ýyldan az möhlete baglaşylýan bolsa, onda ätiýaçlandyryş baýragy ätiýaçlandyryşyň ähli möhleti üçin bir gezekde tölenmelidir. Ätiýaçlandyryş şertnamasy 1 ýyllyk baglaşylan bolsa, ätiýaçlandyryş baýragy her çärýegiň başynda tölenýär.

Ätiýaçlandyrýan tarapyndan ätiýaçlandyryş baýragy (bir gezeklik tölegde) ýa-da onuň birinji bölegi (möhletleýin tölegde) tölenmese, şertnama baglaşylmadyk hasaplanýar we ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan erkindir.

Eger şertnamanyň hereket edýän döwründe ätiýaçlandyrýan nobatdaky ätiýaçlandyryş möhleti üçin şertnamada görkezilen ätiýaçlandyryş baýragyny tölemese, onda ätiýaçlandyryjynyň bir aý öňünden ätiýaçlandyryş şertnamasyny bozmak barada duýduryş bermäge we berlen möhlet netijesiz geçse şertnamany bozmaga hukugy bardyr.

Ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda ätiýaçlandyryş baýragy ýa-da onuň degişli döwür üçin birinji bölegi tölenmedik bolsa, ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan erkindir.

Ätiýaçlandyryşyň nobatdaky ýyly gutarmanka (şertnama kesgitsiz möhlete baglaşylan bolsa) ätiýaçlandyryş bes edilse, sertnama wagtyndan öň güýjüni ýitiren ýa-da möhletiniň başyndan hakyky däl diýlip hasaplanylsa, ätiýaçlandyryja jogapkär bolan töwekgelçilik döwri üçin ätiýaçlandyryş baýragy tölenýär. Ätiýaçlandyryjy hyzmat edilen döwür üçin baýrak tölegini talap edip biler.

Ätiýaçlandyryş baýragy nagt pul bilen pulhana tölenip bilner ýa-da ätiýaçlandyryjynyň hasaplaşyk hasabyna geçirilip bilner.

**Ätiýaçlandyryş şertnamasy** ätiýaçlandyrýanyň ýazmaça görnüşdäki arzasy esasynda baglaşylýar. Arzada ätiýaçlandyryşa hödürlenilýän gozgalýan we gozgalmaýan emläkler barada ähli zerur maglumatlar bolmalydyr. Arza ätiýaçlandyryja gowşurylandan soň, ol ätiýaçlandyryş şertnamasynyň bir bölegi bolup durýar.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylanda ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyryşa kabul edilýän emlägiň töwekgelçiligine degişli ähmiýeti bolan, özüne belli bolan ýagdaýlar barada habar bermäge borçludyr. Şeýle-de, ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyrylan emlägi gözden geçirmäge mümkinçilik bermäge we töwekgelçilik derejesini kesgitlemek maksady bilen, ätiýaçlandyrylýan emläk barada ätiýaçlandyryjynyň onuň öňünde goýan ähli meselelerine jogap bermäge borçludyr.

Ätiýaçlandyrýan (peýda alyjy) tarapyndan bu borçlaryň ýerine ýetirilmezligi ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmazlyga hukuk berýär.

Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryş barada resminama bolup durýan gol çekilen ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny (polisi) gowşurmaga borçludyr.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylanda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýan emlägini gözden geçirmegi talap etmäge hukugy bardyr. Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyrylýan emlägi gözden geçirmäge rugsat etmese, ätiýaçlandyryjy şertnama baglaşmakdan boýun gaçyryp bilýär.

Şahadatnama (polis) ýitirilen ýagdaýynda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýanyň arzasy boýunça şahadatnamanyň öwezligini berýär, şondan soň ýitirilen şahadatnama hakyky däl diýlip hasap edilýär we şol şahadatnama boýunça tölegler tölenilmeýär. Öwezligiň berilmegi boýunça çykdajylary ätiýaçlandyrýan çekýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasyna üýtgetmeler ätiýaçlandyrýanyň we ätiýaçlandyryjynyň özara ylalaşygy bilen, taraplaryň haýsynyň hem bolsa biriniň arzasy esasynda, arzany beýleki tarapyň alan pursatyndan başlap 30 günüň dowamynda girizilýär we taraplaryň goşmaça ylalaşygy bilen resmileşdirilýär.

Eger haýsy-da bolsa bir tarap şertnama üýtgetmeler girizmäge razy bolmasa, onda 30 günüň dowamynda ätiýaçlandyryş şertnamasynyň güýjüniň öňki şertlerde galýandygy ýa-da onuň hereketiniň durzulýandygy baradaky mesele çözülýär.

Ätiýaçlandyryş, şertnama baglaşylan güni sagat 24.00-da başlanýar.

Ätiýaçlandyryş baýragy möhletlere bölünip tölenilýän bolsa ýa-da şertnama kesgitsiz möhlete baglaşylan bolsa, ätiýaçlandyryjy tölegi tölenmedik ätiýaçlandyryş döwrüni öňünden ätiýaçlandyryş bilen üpjün edip biler.

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş baýragyny ätiýaçlandyryşyň öňki döwürleri üçin we şu ätiýaçlandyryş ýyly üçin ätiýaçlandyryjy tarapyndan görkezilen möhletlerde doly tölän bolsa, ol ätiýaçlandyryş bilen öňünden üpjün edilip bilner.

Eger ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş bilen öňünden üpjün etmäge razy bolsa, onda ätiýaçlandyryş ätiýaçlandyryjynyň ýazmaça görnüşdäki tassyklamasynda görkezilen möhletde sagat 24.00-da güýje girýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy aşakdaky şertlerde öz hereketini bes edýär:

- ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemeli ýa-da tölemeli däl diýip karar kabul edendigine garamazdan, ätiýaçlandyryş şahadatnamasynda görkezilen ahyrky güni sagat 24.00-da;
- ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýanyň (peýda alyjynyň) öňündäki öz borçlaryny doly möçberde ýerine ýetirende. Eger kärhanalaryň emlägini ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça borçlar bölekleýin ýerine ýetirilen bolsa, onda ätiýaçlandyrylan emläk barada ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyryjynyň borçlarynyň galan möçberiniň çäklerinde hereketini dowam edýär;
- ätiýaçlandyrýanyň islegi boýunça ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýana geçmedik möhlete degişli ätiýaçlandyryş baýragyny, edilen çykdajylary aýyrmak bilen gaýtaryp berýär. Degişli pul möçberi ätiýaçlandyrýana şertnama bozulandan soň üç bank gününiň dowamynda tölenilýär;
- ätiýaçlandyryjynyň göreldesi boýunça ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýana geçmedik möhlete degişli ätiýaçlandyryş baýragynyň bölegini, edilen çykdajylary üstünden aýryp, gaýtaryp berýär;
- ätiýaçlandyryjy tarapyndan ätiýaçlandyryş kadalary bozulan ýagdaýynda ätiýaçlandyrýanyň göreldesi boýunça ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryş baýragyny doly gaýtaryp bermelidir;
- Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenen tertipde ätiýaçlandyryjy ýapylan ýagdaýynda.

## § 2.8.5. Töwekgelçiligiň derejesiniň üýtgemegi. Ätiýaçlandyryş ýagdaý ýüze çykanda ätiýaçlandyrýanyň borçlary

Ätiýaçlandyrýan özüne belli bolan badyna kabul edilen ätiýaçlandyryş töwekgelçiliginde bolan ähli düýpli üýtgetmeler barada, meselem, emläk kärendä ýa-da girewe goýlanda, başga tarapa geçen-

de, onuň önümçiligi bes edilende ýa-da önümçiligiň häsiýeti düýpli özgerende, ýykylyp ýok edilende, üýtgedilip gurlanda ýa-da emläk ýok edilende, ýitgileriň öwezi dolunmaga degişlidigine garamazdan, ätiýaçlandyrylan emläk satylanda we başgalarda bular barada haýal etmän ätiýaçlandyryja habar bermäge borçludyr.

Emläk (dolanyşykdaky harytlardan başgalar) başga birine eýeçilige ýa-da kärendä geçende we bu barada habar berilmedik ýagdaýynda, ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş şertnamasyny ýatyrmaga ýa-da ätiýaçlandyryş pul möçberini degişlilikde üýtgetmek bilen, muňa laýyklykda ätiýaçlandyryş baýragynyň möçberini üýtgetmegi talap etmäge hukugy bardyr.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylandan soň ätiýaçlandyrýanyň (peýda alyjynyň) töwekgelçiligiň derejesini ýokarlandyrýan hereketleri etmäge ýa-da oňa ýol bermäge hukugy ýokdur. Eger oňa töwekgelçiligiň derejesini ýokarlandyryp biljek ýagdaýlar aýan bolsa, onda ol haýal etmän bu barada ätiýaçlandyryja habar bermelidir.

Töwekgelçiligiň derejesi ýokarlanan ýagdaýynda ätiýaçlandyryjynyň şertnamany bes etmäge we töwekgelçiligiň degişli derejesine görä täze şertnama baglaşmaga hukugy bardyr. Eger töwekgelçiligiň derejesi ätiýaçlandyrýanyň (peýda alyjynyň) erkine ýa-da hereketlerine bagly bolman ýokarlansa, şeýle hem ätiýaçlandyrýan goşmaça baýrak tölemekden boýun gaçyrsa, onda ätiýaçlandyryjy bu hakda habardar bolan gününden başlap, bir aýyň dowamynda ätiýaçlandyryş şertnamasyny bozup biler.

Ätiýaçlandyryş töwekgelçiliginiň ýokarlanandygyna ýa-da ýokarlanmandygyna garamazdan, ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe ätiýaçlandyrylan emlägiň ýagdaýyny we gymmatyny barlamaga, şeýle hem özüne ätiýaçlandyrýan (peýda alyjy) tarapyndan habar berlen maglumatlaryň dogrudygyny barlamaga hukugy bardyr.

Eger ätiýaçlandyrýan (peýda alyjy) ýa-da olaryň wekilleri ätiýaçlandyrylan emläge degişli kanun ýa-da beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary tarapyndan bellenen ýangyn howpsuzlygynyň, tiz ot alýan we partlaýjy maddalaryň we zatlaryň, jaýlaryň we gymmatlyklaryň gorag kadalarynyň, arassaçylyk-tehniki howpsuzlygynyň, işleri geçirmegiň howpsuzlygynyň kadalaryny we ölçeglerini ýa-da şulara

meňzeş ölçegleri bozsa ýa-da bozulmalar ätiýaçlandyrýanyň (peýda alyjynyň) ygtyýar bermeginde amala aşyrylsa, onda ätiýaçlandyryjy bozulmalar barada özüne belli bolan pursatdan başlap, bir aýyň dowamynda anyklanan bozulmalar düzedilýänçä şertnamany duruzmaga hukugy bardyr.

Ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagyna gönüden-göni ätiýaçlandyrylan emläk üçin howpsuzlygyň ölçegleriniň bozulmagy sebäp bolan bolsa, ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemekden boýun gaçyrmaga hukugy bardyr. Eger bu ölçegleriň bozulmagy ýitginiň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly bolmasa we ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda onuň öňüni almaga ýa-da ony ýok etmäge päsgel bermedik bolsa, onda ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy tölenmelidir.

Zyýan ýüze çykanda, onuň bilen baglanyşykly ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini talap edip ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryja ýüz tutmagy bilen baglanyşykly ätiýaçlandyrýan aşakdakylara borçludyr:

a) bu barada haýal etmän ätiýaçlandyryja ýa-da onuň wekiline habar bermäge;

b) ýitginiň öňüni almak, ony azaltmak, ätiýaçlandyrylan emlägi halas etmek üçin mümkin bolan ähli çäreleri görmäge we eger mümkin bolsa, ätiýaçlandyrýan (peýda alyjy) ätiýaçlandyryjydan ýerine ýetirmäge degişli gözükdirmeleri soramaga;

ç) ätiýaçlandyryja ýa-da onuň wekillerine zyýan çeken emläge seretmäge ýa-da ony öwrenmäge, ýitginiň sebäbine we möçberine degişli derňew geçirmäge, ätiýaçlandyrylan emlägi halas etmek ýa-da ýitgileri azaltmak üçin geçirilýän çärelere gatnaşmaga mümkinçilik döretmäge;

d) ätiýaçlandyryjynyň talaby boýunça oňa ýazmaça görnüşde ätiýaçlandyrylan emlägiň zaýa bolmagynyň ýa-da ýok bolmagynyň sebäplerini we möçberini öwrenmek üçin gerekli ähli maglumatlary habar bermäge;

e) ätiýaçlandyryja günäkär taraplara regress talabyny bildirmek üçin gerekli resminamalary we ähli maglumatlary habar bermäge;

ä) gozgalýan emläk, enjamlar we ammardaky harytlar ýok bolanda ýa-da zaýalananda, ätiýaçlandyryja ýok bolan, zaýalanan ýa-da ýitirilen emlägiň ýazgylary ätiýaçlandyryjy bilen

ylalaşylan we ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilen möhletde, ýöne islendik ýagdaýda ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykan gününden başlap bir aýdan gijä galynman berilmelidir. Ýazgylar zaýa bolan enjamlaryň ýitgi bolan günündäki gymmaty görkezilip düzülýär. Ýazgylary düzmek üçin çykdajylary ätiýaçlandyrýan (peýda alyjy) çekýär;

f) zaýa bolan emlägi ätiýaçlandyryjynyň wekilleri gözden geçirýänçä, ätiýaçlandyryş ýagdaýyndan soňky ýagdaýynda saklamaga.

Howpsuzlyk, ýitginiň möçberini azaltmak bilen baglanyşykly ýagdaýda diňe ätiýaçlandyryjy bilen ylalaşyp ýa-da ýitgi barada habar berlenden iki hepdeden soň ätiýaçlandyrýanyň ýitgi bolan ýeriň ýagdaýyny üýtgetmäge hukugy bardyr.

Eger ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda ätiýaçlandyrýan öz borçnamalaryny ýerine ýetirmese, onda ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemezlige hukugy bardyr.

Ätiýaçlandyryjynyň we onuň wekilleriniň gerekli çäreler we görkezmeler kabul edip, ätiýaçlandyrylan emlägi halas etmäge we gorap saklamaga gatnaşmaga hukugy bardyr, ýöne ätiýaçlandyryjynyň we onuň wekilleriniň bu hereketi özünüň öwezini doluş tölegini tölemek borjuny boýnuna alandygyny aňlatmaýar. Eger ätiýaçlandyrýan (peýda alyjy) bu işleri etmäge päsgel berse, onda päsgel bermeginiň netijesinde ýitginiň köpelen ölçegine baglylykda ätiýaçlandyryş öwezi doluş tölegi azaldylýar.

Ätiýaçlandyryjynyň wekiliniň ätiýaçlandyrýanyň (peýda alyjynyň) ýitgi barada habaryna garaşmazdan zaýalanan emlägi gözden geçirmäge hukugy bardyr. Ätiýaçlandyrýanyň (peýda alyjynyň) bu gözden geçirişe päsgel bermäge haky ýokdur.

Eger ätiýaçlandyrýanyň (peýda alyjynyň) haýsy-da bolsa bir işgäri bilkastdan ýa-da gödek perwaýsyzlygy bilen ýitginiň ýüze çykmagyna getirse ýa-da ýitgini ýüze çykaraýjak hereketlere ýol berse, ýa-da ätiýaçlandyrýanyň (peýda alyjynyň) ýolbaşçy işgärleriniň biri ätiýaçlandyryjy ýa-da onuň wekilleri ýitginiň sebäbini ýa-da möçberini kesgitlände olaryň ýalňyşmagyna sebäp bolsa, onda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýana (peýda alyja) ýitgi boýunça öwezini doluş tölegini tölemek borjundan doly boşadylýar.

Ätiýaçlandyrýanyň (peýda alyjynyň) ýolbaşçy işgärleriniň haýsy-da bolsa birine ätiýaçlandyrylan emläge bilkastdan zeper ýetirendigi üçin ýa-da ýitginiň sebäbi we möçberi kesgitlenende galplyk, aldawçylyk ýa-da kezzaplyk edendigi üçin jenaýat kanunçylykda göz öňünde tutulan tertipde iş kesilen bolsa, bu baradaky höküm güýje girenden soň ätiýaçlandyryjynyň öwezini dolmany tölemekden boşadylmagy gutarnykly hasaplanýar.

## §2.8.6. Ätiýaçlandyryş öwezini doluş töleginiň tölenilişi

Ýitginiň sebäbi we möçberi doly kesgitlenenden soň öwezini doluş tölegi tölenmäge degişlidir. Ätiýaçlandyrýan (peýda alyjy) ätiýaçlandyryja ýitginiň sebäbini we möçberini kesgitleýän zerur resminamalary, degişli guramalaryň ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagy baradaky netijenamasyny gowşurmaga borçludyr. Agzalan resminamalaryň gowşurylmazlygy ätiýaçlandyryja ýitginiň şeýle resminamalar bilen tassyklanylmadyk bölegi üçin öwezini doluş tölegini tölemekden boýun gaçyrmaga hukugy berýär.

Eger ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagynyň häsiýetlerinden ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş pul möçberini we ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemegi gumansyz bolsa, ýöne zerur guramaçylyk-tehniki işleri üç aýyň dowamynda gutarylmadyk bolsa, onda agzalan pul möçberini almaly tarap işiň ýagdaýyndan gelip çykýan möçberde tölegi hakujy görnüşinde talap edip biler.

Ýitginiň möçberi ätiýaçlandyryjy tarapyndan gözden geçiriş güwänamanyň maglumatlarynyň, zaýalanan emlägiň hakyky gymmatynyň, ätiýaçlandyryş pul möçberleriniň we ýitginiň möçberini tassyklaýan beýleki resminamalaryň esasynda kesgitlenýär.

Ýitginiň sebäbi we möçberi barada taraplaryň arasynda jedel ýüze çykanda, her bir tarapyň seljerme geçirmegi talap etmäge hukugy bardyr. Seljerme, onuň geçirilmegini talap eden tarapyň hasabyna geçirilýär. Eger seljermäniň netijesinde ätiýaçlandyryjynyň öwezini doluş tölegini tölemekden boýun gaçyrmagy esassyz bolup çyksa, onda ätiýaçlandyryjy agzalan öwezini doluş tölegini tölemeli we bu

öwezini doluş töleginiň seljermeden öňki boýun gaçyrylan öwezini doluş tölegine bolan gatnaşygyna görä seljermäniň tölegini tölemelidir.

Seljerme geçirilmegi netijesinde öwrenilen ýagdaýlar ätiýaçlandyryşa degişli däl hasaplananda seljerme üçin töleg ätiýaçlandyrýan (peýda alyjy) tarapyndan tölenýär.

Aşakdaky ýagdaýlarda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemegi gaýra goýmaga hukugy bardyr:

a) ätiýaçlandyrýanyň almaly öwezini doluş tölegini almalydygyna hukuk ygtyýaryna şübhe dörese – zerur subutnamalar alynýança;

b) eger ätiýaçlandyrýanyň (peýda alyjynyň) ýa-da onuň ygtyýarly eden adamlarynyň garşysyna degişli edaralar tarapyndan jenaýat işi gozgalan bolsa we ýitginiň emele gelmegine getiren ýagdaýlaryň derňewi geçirilýän bolsa, onda derňew gutarýança.

Ätiýaçlandyrýanyň (peýda alyjynyň) ätiýaçlandyryş ýagdaýyndan soň galan emläginden (zaýa bolan hem bolsa) boýun gaçyrmaga hukugy ýokdur. Galan emlägiň gymmaty ätiýaçlandyryş öwezini dolmanyň pul möçberinden aýrylmaga degişlidir.

*Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi aşakdaky şertlerde tölenýär:*

- emläk doly ýok bolanda – onuň hakyky gymmatyndan galyndylaryň bahasynyň aýrylan mukdarynda, ýöne ätiýaçlandyryş pul möçberinden köp bolmaly däl;
- emläk bölekleýin zaýa bolanda – dikeldiş çykdajylarynyň möçberinde, ýagny ätiýaçlandyrylan zatlaryň ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň öň ýanyndaky ýagdaýyny dikeltmek üçin çykdajylaryň möçberinde. Dikeldiş harajatlaryna ätiýaçlandyrylan desgany özgertmek ýa-da oňatlaşdyrmak üçin goşmaça harajatlar girmeýär;
- ätiýaçlandyrylan emläk ulanylanda hereket edýän kanunçylygyň bilmän bozulmagy netijesinde ätiýaçlandyrýanyň üçünji tarapyň emläk bähbitlerine ýetiren ýitgisi üçin onuň raýat jogapkärçiligi ätiýaçlandyrylan bolsa, ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ýüze çykan ýitginiň möçberinde, ýöne ätiýaçlandyryş pul möçberinden (ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçilik çäginden) köp bolmadyk mukdarda.

Eger ätiýaçlandyrylan emlägi dikeltmek üçin harajatlar onuň galan bahasyny hasaba almak bilen emlägiň ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň öň ýanyndaky hakyky bahasyndan geçýän bolsa, emlägiň doly ýok bolmagy ýüze çykýar. Eger dikeldiş çykdajylary galyndy bahasy bilen bilelikde gönüden-göni ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagyndan öňürti şol zadyň hakyky bahasyndan geçmeýän bolsa, onda emläk bölekleýin zaýalanan ýa-da bölekleýin weýran bolan hasaplanylýar.

Ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy tölenenden soň ätiýaçlandyryja, tölenen pul möçberiniň çäklerinde, ätiýaçlandyrýanyň (peýda alyjynyň) ýitginiň emele gelmeginde jogapkär taraplara bolan hukuklary geçýär. Ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy tölenmezinden öň ätiýaçlandyrýan (peýda alyjy) ätiýaçlandyryja ähli resminamalary berip, günäkär taraplara bolan talap hukugyny amala aşyrmak üçin ähli işleri etmelidir.

Ätiýaçlandyrýan (peýda alyjy) bu hukuklardan boýun gaçyrsa ýa-da olaryň günäsi bilen bu hukuklary amala aşyrmak mümkin bolmasa, onda ätiýaçlandyryjy, ýokarda agzalan hereketleriň netijesindäki zyýanyň möçberinde ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemek borjundan boşadylýar.

Eger ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölän bolsa, ätiýaçlandyrýan (peýda alyjy) bolsa regress hukukdan ýüz öwren bolsa ýa-da olaryň günäsi bilen ätiýaçlandyryjy bu hukuklary amala aşyryp bilmeýän bolsa, onda ätiýaçlandyrýan (peýda alyjy) ätiýaçlandyryş öwezini dolmanyň degişli bölegini gaýtaryp bermäge borçludyr.

Ätiýaçlandyrýan (peýda alyjy) ýitginiň öwezini doluş tölegini üçünji tarapdan alan bolsa, onda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça tölemeli öwezini dolmanyň üstünden üçünji tarapyň tölän öwezini dolmasyny aýryp töleýär. Şeýle tölegleri alandygy barada ätiýaçlandyrýan haýal etmän ätiýaçlandyryja habar bermelidir.

Eger Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan hak isleýiş möhletiniň döwründe kanun boýunça ýa-da şu kadalar boýunça ätiýaçlandyrýany (peýda alyjyny) ätiýaçlandyryş öwezini dolma

hukugyndan bölekleýin mahrum edýän ýagdaý ýüze çyksa, onda ätiýaçlandyrýan (peýda alyjy) ätiýaçlandyryja alan öwezini doluş tölegini ýa-da onuň degişli bölegini gaýtaryp bermäge borçludyr.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň şertlerinde göz öňünde tutulan ähli arzalar we habarnamalar ätiýaçlandyrýan (peýda alyjy) tarapyndan ýazmaça görnüşinde doldurylmalydyr. Ätiýaçlandyryş şertnamasyna girizilýän ähli üýtgetmeler we goşmaçalar ätiýaçlandyryjy tarapyndan ýazmaça görnüşinde tassyklanan pursatyndan güýje girýär.

Ätiýaçlandyrýanyň (peýda alyjynyň) ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi baradaky nägilelige bolan hukugy Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen hak islegi möhletiniň geçmegi bilen bes edilýär.

Ätiýaçlandyryjy bilen ätiýaçlandyrýanyň (peýda alyjynyň) arasyndaky jedeller Türkmenistanyň kanunçylygynda göz önünde tutulan tertipde çözülýär.

Türkmenistanyň döwlet ätiýaçlandyryş guramalary (ätiýaçlandyryjy) Türkmenistanyň raýatlary bilen, Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan daşary ýurtly raýatlar we raýatlygy bolmadyk şahslar bilen (ätiýaçlandyrýan) öý emlägini meýletin ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşýarlar.

Ätiýaçlandyryş şertnamalary kärhanalar bilen olaryň öz serişdeleriniň hasabyna işgärleriniň we peýda alyjylaryň peýdasyna baglaşylyp bilner.

Taraplaryň ylalaşygy esasynda ätiýaçlandyryş şertnamasyna, ýörite goşmaçalar bilen ätiýaçlandyryş polisinde resmileşedirilýän, beýleki şertler hem girizilip bilner.

Öý emlägini ätiýaçlandyryş şertnamasy diňe Türkmenistanyň çäginde hereket edýär.

Şahsy eýeçilikde ulanylýan (kärendesine alnan, ynanç haty boýunça saklanylýan emläk, eger ol eýesi tarapyndan ätiýaçlandyrylmadyk bolsa) öý emlägi, gündelik durmuşy goşlary, şeýle hem ýaşaýyş jaýlaryndaky, döwlet we jemgyýetçilik ýaşaýyş gaznalarynyň jaýlarynda ýerleşen ýaşaýyş otaglaryndaky we ýaşaýyş jaýlarynyň kömekçi otaglaryndaky we öýlerdäki enjamlaryň we bezeg işleriniň parçalary ätiýaçlandyryş obýektleri bolup çykyş edýärler.

11. Sargyt № 2539

*Öý emläginiň aşakdaky görnüşleri ätiýaçlandyryşa degişli däldir:*

- beýleki ätiýaçlandyryş kadalarynyň şertleri boýunça ätiýaçlandyryşa degişli bolan emläk (ulag serişdeleri, öý haýwanlary, oba hojalyk ekinleri, jaýlar we ş.m.);
- ätiýaçlandyrýana eýeçilik, ulanyş we dolandyryş hukugynda degişli bolmadyk, jaýda ýerleşýän, şeýle hem kanun esasynda ätiýaçlandyrýana (peýda alyja) degişli bolmadyk ýerlerde özbaşdak gurlan jaýlarda bolan emläk;
- ýykylmaga degişli bolan, düýpli abatlaýyş işleri geçirilmeli heläkçilik ýagdaýynda bolan jaýlarda we otaglarda ýerleşen emläk;
- şeýle wehim barada bellenilen tertipde yglan edilen ýa-da ygtyýarly edaralar tarapyndan wehimiň ýagdaýyny tassyklaýan degişli resminama düzülen pursatyndan başlap opurylmak, suw basmak ýa-da beýleki tebigy betbagtçylyklar wehim salýan zolakda ýerleşýän emläk;
- muzdsuz alynmaga degişli, döwlet edaralarynyň çözgüdi boýunça bahasy tölenilip, başga biriniň eýeçiligine degişli bolan emläk;
- bank biletleri, şaýylyklar;
- altynyň, platinaň we kümşüň sap tebigy metal bölekleri (plastinalary, guýmalary, simleri), şaýylyklar, ordenler, medallar, din närseleri, mineral çig maly (kristallar) görnüşindäki daşlar, diş oturtmalary, tehniki almazlar we beýleki önümçilik-tehniki önümler;
- iýmit önümleri, spirtli içgiler, temmäki önümleri, oba hojalyk we beýleki çalt zaýalanýan önümler (gök önümler, ir-iýmişler, tohumlar);
- zäherli, partlaýjy, iýiji serişdeler we maddalar;
- açyk howada ýerleşen emläk (antennalar we ş.m.).

Öý emlägi ätiýaçlandyrýanyň hemişelik ýaşaýan ýeri boýunça ähli ýaşaýyş we kömekçi jaýlarynda, şeýle hem ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilen salgy boýunça mellek (mülk) ýerlerinde ätiýaçlandyrylan hasaplanylýar.

Ätiýaçlandyrýanyň Türkmenistanyň çäginde hemişelik ýaşaýan ýerini çalyşmagy bilen bagly bolan öý emlägi demir ýol, awtoulaglar we ulaglaryň beýleki görnüşinde daşalan wagtyna hem, diňe kanunçylyk ýa-da daşama şertnamasy boýunça ulag guramasyna (daşaýja) daşalýan emlägiň bitewiligi üçin jogapkärçilik bellenen ýagdaýlardan başga ýagdaýlarda ätiýaçlandyrylan hasap edilýär.

Ätiýaçlandyrýanyň hemişelik ýaşaýan ýerini üýtgeden ýagdaýynda bu sebäpli, göçürilen emläk hem ätiýaçlandyrýanyň täze salgysy boýunça şertnamada göz öňünde tutulan möhletiň ahyryna çenli ätiýaçlandyrylan hasap edilýär (ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny (polisini) täzeden baglaşmazdan). Öňki ýaşaýan ýerinde wagtlaýynça galdyrylan emläk bolsa diňe ätiýaçlandyrýanyň täze ýere göçen gününden başlap bir aýyň dowamynda ätiýaçlandyrylan hasap edilýär.

Eger ätiýaçlandyryş ýagdaýy ätiýaçlandyrýanyň maşgala agzalarynyň täze hemişelik ýaşaýyş ýerine göçen wagtyndan bir aýyň dowamynda ýa-da göçmekleri sebäpli öý emlägini daşaýan wagtynda bolan bolsa, onda ätiýaçlandyrýanyň ýazmaça görnüşindäki ylalaşygynyň esasynda olar şertnamada görkezilen pul möçberiniň çäginde ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini almak hukugyndan peýdalanyp bilerler we ätiýaçlandyrýan bilen ätiýaçlandyryş şertnamasyndan ýüze çykýan borçnamalary bilelikde çekerler.

Saýalyk ýa-da bag öýjagazlarynda ýerleşýän öý emlägi (şol sanda ätiýaçlandyrýanyň hemişelik ýaşaýan ýerinden üýtgedileni) ätiýaçlandyryşa ýörite şertnama boýunça kabul edilýär.

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş şahadatnamasynda (polisinde) görkezilen hemişelik ýaşaýan ýeriniň ýazgysyndan çykan ýagdaýynda, çykmagynyň sebäbine garamazdan (ätiýaçlandyrýanyň öý emlägini äkitmegi bilen hemişelik ýaşaýan ýerini üýtgetmeginden başga ýagdaýlarda) ätiýaçlandyryş şertnamasy diňe şertnamada görkezilen salgyda ýerleşýän emläk boýunça güýjüni saklaýar.

Ätiýaçlandyrýanyň hemişelik ýaşaýan ýerinde ýerleşýän we miras boýunça başga adama geçen emläk ätiýaçlandyryş şertnamasynyň ahyrky möhletine çenli ätiýaçlandyrylan hasap edilýär.

Ätiýaçlandyrýan bilen bile ýaşamaýan adama berlen emläk ätiýaçlandyrylan diýip hasaplanylmaýar.

Öý emläginiň ätiýaçlandyrylyşy onuň aşakdakylar netijesinde ýok bolan ýa-da zaýalanan ýagdaýyna geçirilýär:

- tebigy betbagtçylyklaryň (suw basmagynyň, tupanyň, gaýyň, tüweleýiň, gomuň, çabganyň, dolynyň, opurylmanyň, harsaňyň, süýşgüniň, ýerasty suwlaryň çykmagynyň, daşgynyň, joşgunyň, siliň, bu ýer üçin adaty bolmadyk yzygider ýagyşlaryň we garyň ýagmagynyň, ýyldyrym urmagynyň, topragyň çökmeginiň, ýer titremeginiň);
- betbagtçylykly hadysalaryň (ýangynyň, partlaýyşyň, ulag serişdeleriniň kakmagynyň, agaçlaryň we uçýan serişdeleriň gaçmagynyň; ýyladyş, suw bilen üpjün ediş, lagym ulgamlarynyň näsazlygynyň, goňşy jaýlardan suwuň syzmagynyň, emläk ýerleşen binalaryň (otaglaryň) esasy parçalarynyň birden ýykylmagynyň);
- üçünji tarapyň bilkastlaýyn we bikanun hereketleriniň;
- emlägiň ogurlanmagynyň, ogurlanmaga ýa-da talamaga synanyşyk edilmeginiň netijesinde emlägiň ýok edilmeginiň ýa-da zaýalanmagynyň;
- radio-teleenjamlaryň, wideoenjamlaryň, magnitofonlaryň, surat-kinoenjamlaryň, saz merkezleriniň, elektron abzallarynyň, howa sowadyjylarynyň, elektrik gurallarynyň we durmuş tehnikasynyň ýanmagynyň (eger bu ygtyýarly edaralar tarapyndan tassyklanylan bolsa).

## §2.8.7. Ätiýaçlandyryş pul möçberi, franşiza we ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy)

Öý emlägini ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyrýan bilen ylalaşygyň esasynda emlägiň bahasynyň çäklerinde kesgitlenilýär.

Ätiýaçlandyrýan öý emlägini onuň bahasyndan az möçberde hem ätiýaçlandyryp biler. Bu ýagdaýda ätiýaçlandyryş obýektiniň bahasynyň ätiýaçlandyrylan böleginde hereket edýär (doly däl ätiýaçlandyryş) we ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykan wagtynda öwe-

zini doluş tölegi, ätiýaçlandyryş pul möçberiniň ätiýaçlandyrylan emlägiň hakyky bahasyna bolan gatnaşygyna deňeçerlikde tölenilýär.

Emlägiň bahasy (sungat eserleri we ätiýaçlandyrýan tarapyndan ýasalan emläkden başgasy) şertnamanyň baglaşylýan güni meňzeş emläkleriň bazar nyrhlaryndan ugur alnyp kesgitlenilýär.

*Hakyky baha:*

- sungat eserleri üçin – bilermeniň nyrh kesiş bahasyna laýyklykda, şeýle hem sungat eserleriniň we gadymy we gymmat baha zatlaryň auksion söwdalaryndaky bahalaryň esasynda;
- ätiýaçlandyrýan tarapyndan ýasalan emläk üçin – könelişmegini hasaba almak bilen, ony gaýtadan ýasamagyň çykdajylaryndan ugur alnyp kesgitlenilýär.

Radio we teleenjamlaryny, wideoenjamlaryny, magnitofonlary, kompýuterleri, surat we kinoenjamlary, saz merkezlerini, gurallaryny, elektron abzallaryny, elektrik gurallaryny, durmuş tehnikasyny, kassetalary ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça bolsa hereket edýän bahalardan ugur alyp, bu zatlaryň bahalarynyň çäklerinde kesgitlenilýär.

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe ätiýaçlandyryş pul möçberini galdyrmak islese, onuň bilen esasy şertnamanyň möhletiniň ahyryna çenli galan döwre goşmaça şertnama baglaşylyp bilner. Munda esasy we goşmaça şertnamalar boýunça bellenen ätiýaçlandyryş pul möçberi umumylykda öý emlägini ätiýaçlandyryşyň şu görnüşi boýunça bellenen möçberden ýokary bolmaly däldir.

Taraplar ätiýaçlandyryş şertnamasynda ätiýaçlandyryjyny belli bir möçberden geçmeýän zelelleriň öwezini dolmakdan boşadýan, ätiýaçlandyryjy tarapyndan öwezi dolunmaýan zeleliň – *franşizanyň* möçberini ylalaşyp bilerler.

Umumy ýitginiň öwezini dolmak dolulygyna ätiýaçlandyrýanyň özbaşdak jogapkärçiliginde galýan bölegi franşiza hasaplanylýar. Ätiýaçlandyryş şertnamasynda (ätiýaçlandyryş polisinde) şertli ýa-da şertsiz franşiza göz öňünde tutulyp bilner.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynda (polisinde) şertli franşiza bellenilen mahaly ätiýaçlandyryjy çekilen zeleliň möçberi franşizanyň möçberinden geçmeýän bolsa, çekilen zelel üçin jogapkärçilikden

boşadylýar, eger onuň möçberi franşizanyň möçberinden geçýän bolsa, onda çekilen zelel dolulygyna öwezi dolunmaga degişlidir.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynda (polisinde) şertsiz franşiza bellenilen mahaly ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiligi franşiza aýrylyp, çekilen zeleliň möçberi bilen kesgitlenilýär.

Franşiza ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan mahaly taraplaryň ylalaşmagy boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberinde ýüzdelerdäki gatnaşykda ýa-da absolýut ululykda kesgitlenilýär.

Bir ýyla we ondan hem köp möhlete baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) ätiýaçlandyryş pul möçberinden nyrhlaryň 1,0 göteriminde tölenilýär. Ätiýaçlandyryş nyrhlarynyň möçberleri anyk şertlere bagly bolup ýokarlandyrmaga tarap hem (1,0-den 2,0-ä çenli), peseldilmäge tarap hem (1,0-den 0,8-e çenli) üýtgedilip bilner.

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) wagtynda tölemelidir. Ilkinji ýa-da bir gezeklik baýragy (wznosy) wagtynda tölenýänçä ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan erkindir.

Bir ýyldan köp möhlete ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan ýagdaýynda ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) bir wagtda ýa-da birnäçe wagtda tölemek hukugy berlip bilner. Ätiýaçlandyryş baýragynyň (wznosynyň) birinji bölegi ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan mahalynda tölenilýär, galan bölegi bolsa ätiýaçlandyryş şertnamasynyň ätiýaçlandyryş şahadatnamasynda (polisinde) görkezilen hereket edýän möhletinde tölenilýär. Munda indiki möhlete çenli nobatdaky ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) tölenilmese, şertnamanyň hereketi ýatyrylýar.

Bir ýyldan az möhlete baglaşylan şertnamalar boýunça ätiýaçlandyryş baýraklary (wznoslary) ýyllyk baýragy (wznosy) möçberinden aşakdaky möçberlerde tölenilýär:

2 aý möhlete ätiýaçlandyrylanda – 30%, 3 aýa – 40%, 4 aýa – 50%, 5 aýa – 60%, 6 aýa – 70%, 7 aýa – 75%, 8 aýa – 80%, 9 aýa – 85%, 10 aýa – 90%, 11 aýa – 95%.

Ýokarda görkezilen möçberlerde ätiýaçlandyryş pul möçberiniň ýokarlandyrylmagy sebäpli, goşmaça baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça ätiýaçlandyryş baýraklary (wznoslary)) hem töle-

nilýär. Munda doly däl aý üçin ätiýaçlandyryş baýraklary (wznoslary) doly aýyňky ýaly tölenilýär.

Eger ätiýaçlandyryş şertnamasy 1 ýyl möhlete baglaşylsa, onda ätiýaçlandyrýanyň ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) iki möhletde, ýagny 50%-ni şertnama baglaşanda, 50%-ini şertnamanyň güýje giren möhletinden 3 aýdan gijä galman tölemäge hukugy bar.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy).

- Ätiýaçlandyryş wekiline ýa-da ätiýaçlandyryjynyň pulhanasyna nagt pul bilen;
- Ätiýaçlandyrýanyň iş ýeri boýunça hasaphananyň ýa-da bank edarasynyň üsti bilen nagt däl hasaplaşyk arkaly tölenilmegi bilen baglaşylyp bilner.

## § 2.8.8. Ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmaklygyň tertibi, hereket edýän möhletleri we bozulmagy

Öý emlägini ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyrýanyň dilden aýdan ýa-da ýazmaça beren arzasynyň esasynda (*1-nji goşundy*), ätiýaçlandyryşyň görnüşine baglylykda emlägi gözden geçirip ýa-da geçirmän baglaşylýar. Öý emlägi 1 ýyldan az we 1 ýyldan köp möhlete ätiýaçlandyrylyp bilner.

*1-nji goşundy*

**Öý emläginiň meýletin ätiýaçlandyrylyşy boýunça**
**ARZA**

Ätiýaçlandyrýan ________________________________________
(familiýasy, ady, atasynyň ady)

Salgysy ______________________________________________

____________________________________________________

**1.** Ätiýaçlandyryş obýekti: öý emlägi
• umumy möçberine
• sanawa laýyklykda (goşulýar)

**2.** Ätiýaçlandyryş ýeri ______________________________________
(diňe ýokarda görkezilen salgy bilen

____________________________________________________
deň gelmese görkezilýär)

**3.** Ätiýaçlandyryş obýektiniň ýerleşen binasynyň görnüşi we teswiri

• aýratyn duran bina (şahsy jaý, ýazlag, hojalyk öýjagazlary)

______________________________

(gerek däliniň üstüni çyzmaly we ş.m. görkezmeli)

• jaýdaky aýratyn öý (öý, zat goýulýan jaý, kömekçi jaý)

______________________________

(gerek däliniň üstüni çyzmaly we ş.m. görkezmeli)

**4.** Ätiýaçlandyrýanyň işiniň (hünäriniň) häsiýeti ______________

______________________________

**5.** Ätiýaçlandyryş döwri ______________________

**6.** Ätiýaçlandyryş şertleri ______________________

**7.** Ätiýaçlandyryş töwekgelçilikleri:

a) tebigy betbagtçylyklar

b) betbagtçylykly hadysalar:

ýangyn, partlama, ulag serişdeleriniň kakmagy, agaçlaryň we uçýan serişdeleriň gaçmagy, emläk ýerleşýän binalaryň (otaglaryň) esasy bölekleriniň ýykylmagy

ç) üçünji tarapyň bilkastlaýyn, bikanun hereketleri

d) emlägiň ogurlanmagy, ogurlanmagy ýa-da talanmagy, ogurlanmaga ýa-da talamaga synanyşyk etmegiň netijesinde emlägiň ýok edilmegi ýa-da zaýalanmagy.

______________________________

______________________________

______________________________

**8.** Howpsuzlyk çäreleri:

a) mehaniki, demir, agaç

__________ gapylar

__________ aýnalar

__________ beýleki açyk gapy ýerleri

__________ haýat aýlamalary

b) elektron:

__________ habar beriş guramanyň görnüşi

__________ döwlüp açylan ogurlykda

__________ elektrik energiýasy bilen heläkçilik ýagdaýynda üpjün ediliş-polisiýa ýa-da gorag bilen awtomatiki aragatnaşyk

ç) _____________ daşky, içerki gorag, sany

d) bar bolan seýfler ___________________________________________

___________________________________________________________

**9.** Ýangyna garşy gorag

a) ýangyn topary (şahsy ýa-da jemgyýetçilik)

b) çüwdüriji gurnamalar

c) ýangyn söndüriji gurnamalar (teswiri)

___________________________________________________________

___________________________________________________________

_____________________________________________

**10.** Ätiýaçlandyryş pul möçberi we puly

Bahasy. Emlägiň nyrhy

Peseldilen möçberlerde ätiýaçlandyryş hakyndaky şert ylalaşyldymy: hawa/ýok

___________________________________________________________

____________________________

**11.** Emlägiň umumy bahasy

___________________________________________________________

**12.** Ätiýaçlandyryş baýraklary, töleg möhletleri

___________________________________________________________

___________________________________________________________

**13.** Franşiza (görnüşi we möçberi) ___________________________________

___________________________________________________________

____________________________

Goşmaça, kadadan çykma.

Aýratyn şertler ___________________________________________________

Öň ätiýaçlandyryşy barmy? _________________________________________

Ätiýaçlandyryş kadalary we şertleri bilen tanyşdyryldym we razylaşdym

_____________________

Ätiýaçlandyrýanyň goly

20__ ý._______________ aýynyň «_____».

*Ätiýaçlandyryş şertnamasy öý emlägini gözden geçirmän ätiýaçlandyrýanyň ýazmaça arzasynyň esasynda baglaşylýar:*

- Türkmenistanyň kanunçylygy arkaly bellenen 100-e çenli iň pes iş hakynyň möçberinde bolan ätiýaçlandyrýanyň hemişelik ýaşaýan ýerinde ýerleşýän emlägi;
- 50-ä çenli iň pes iş hakynyň möçberinde saýalyk ýa-da bag öýjagazlarynda ýerleşýän emlägi.

Ýokarda görkezilen möçberlerden ýokary pul möçberine şertnamalar hökmany gözden geçirilişden soň baglaşylýar we sanaw düzülýär (*2-nji goşundy*).

*2-nji goşundy*

________________________________________
(welaýatynyň, şäheriniň, etrabynyň)
döwlet ätiýaçlandyryş guramasyna

Raýat ______________________________ den (dan)
(familiýasy, ady, atasynyň ady)

**ÖÝ EMLÄGINIŇ SANAWY**

| № | Emlägiň ady, esasy häsiýetnamasy (görnüşi, öndürilen ýurdy we beýleki tapawutly alamatlary) | Toplamalar, suratlar, seýrek we gymmat bahaly zatlar boýunça – bahalandyrmany geçiren edaranyň ady, kesilen baha hakyndaky resminamanyň senesi we nomeri; beýleki emläk boýunça «Ätiýaçlandyrýanyň baha kesmegi boýunça» diýen ýazgy edilýär | Satyn alnan ýyly | Bahasy, müň manat | Ätiýaçlandyryş pul möçberi, müň manat |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |

| | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |

20___ ý. _____________ aýynyň «____» Ätiýaçlandyrýan __________
(goly)

Ýokarda sanalan öý emlägi we olaryň bahasyny (nyrhyny) tassyklaýan zerur bolan resminamalar berildi ____________________________________
(ätiýaçlandyryş wekiliniň goly)

Sanawyň doldurylyşynyň dogrulygyny barladym ______________________
(Ätiýaçlandyjynyň goly)

Ätiýaçlandyrýanyň gatnaşmagynda amala aşyrylýan gözden geçirilişde bildirilen ätiýaçlandyryş pul möçberiniň öý emläginiň hakyky bahasyna gabat gelýändigi we onuň bardygy barlanylýar.

Goşmaça şertnama baglaşylanda hasaba umumy ätiýaçlandyryş pul möçberi alynýar (ýagny esasy we goşmaça şertnamalar boýunça bilelikde). Eger ätiýaçlandyryş pul möçberi ýokarda agzalan möçberlerden ýokary bolsa, onda goşmaça şertnama emlägi hökman gözden geçirip baglaşylýar.

Şahsy garažlarda saklanylýan ätiýaçlyk şaýlarynyň, bölekleriniň we ulag serişdelerine we beýleki emläge degişli bolan zatlaryň, şeýle hem ýer böleklerinde ýerleşen gurluşyk materiallarynyň, radio we teleenjamlarynyň, wideoenjamlaryň, magnitofonlaryň, kom-

pýuterleriň, surat we kinoenjamlaryň, elektrik gurallarynyň, durmuş tehnikasynyň, kassetalaryň ätiýaçlandyryş şertnamasy diňe ätiýaçlandyrýanyň ýazmaça görnüşindäki arzasynyň esasynda ätiýaçlandyryş pul möçberine garamazdan hökmany gözden geçirilip baglaşylýar.

Şertnama bellenen görnüşdäki ätiýaçlandyryş şahadatnamasynyň (polisiniň) görnüşinde resmileşdirilýär. Onda hiç hili düzedişlere ýol berilmeýär.

Ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polisi) ýitirilen ýagdaýynda ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşan ätiýaçlandyryş guramasy ätiýaçlandyrýanyň ýazmaça beren arzasynyň esasynda oňa onuň öwezligini berýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylmazyndan öň ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryşyň kadalary bilen ätiýaçlandyrýany tanyşdyrmaga borçludyr.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan güni sagat 24.00-da güýje girýär we şertnamada göz öňünde tutulan möhletiň soňky güni sagat 24-de tamamlanýar.

Öňki şertnamanyň hereketi tamamlanýança täze möhlete şertnama baglaşylan (dikeldilen) mahaly täze ätiýaçlandyryş şertnamasy öňki şertnamanyň hereketiniň tamamlanan pursatyndan başlap güýje girýär.

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi tölenen ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyryş şertnamasynda bellenen pul möçberi bilen tölenen öwezini doluş töleginiň aratapawudynda ätiýaçlandyryş şahadatnamasynda (polisinde) görkezilen möhletiň ahyryna çenli güýjüni saklaýar.

Iki ýyldan köp möhlete baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamalary bolsa ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi tölenenden soň hem soňky ýyllara doly ätiýaçlandyryş pul möçberinde hereket edýärler.

Iki senenama ýylynyň dowamynda yzygider şertnamalary baglaşan ätiýaçlandyrýanlara şu görnüşe degişli täze şertnama baglaşmak üçin bir aý ýeňillkli möhlet berilýär. Bu ýeňillikli möhletde baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamasy öňki baglaşylan şertnamanyň möhleti tamamlanandan soň güýje giren ýa-da gaýtadan baglaşylan hasap edilýär.

Eger ýeňillikli möhletde ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çyksa, täze şertnama bolsa baglaşylmadyk bolsa, onda ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ätiýaçlandyryşyň şu görnüşi boýunça öňki şertnamada kesgitlenen pul möçberinden ätiýaçlandyryş baýragyny alyp galmazdan tölenilýär.

Iki ýylyň dowamynda we ondanam köp möhlete yzygider öý emlägini ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşan we bu möhletde ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini almadyk hemişelik ätiýaçlandyrýanlara täze möhlete şertnama baglaşanlarynda hasaplanylan baýragyň (wznosyň) möçberinden 10% indirim almaga hukuklary bardyr.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy ony baglaşan taraplaryň biriniň islegi boýunça, onuň ýazmaça arzasy esasynda, bir aý möhleti berjaý etmek bilen möhletinden öň bozulyp bilner. Şertnama bozulanda ätiýaçlandyrýan özüne berlen ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny(polisini) yzyna gaýtaryp berýär, ätiýaçlandyryjy bolsa şertnamanyň hereket eden möhletini hasaba almak bilen, hereket edýän ätiýaçlandyryş nyrhlaryna laýyklykda ulanylmadyk döwri üçin ätiýaçlandyryş baýragynyň (wznosynyň) galan bölegini gaýdyp berýär.

Eger ätiýaçlandyryş şertnamasy 10 aýdan köp hereket eden bolsa, onda ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy ) gaýtarylyp berilmeýär. Şertnama wagtyndan öň ýatyrylanda, ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) işi alyp barmaklygyň çykdajylaryny üstünden aýyrmak bilen, şertnamanyň galan möhletine deňeçerlikde gaýtarylyp berilýär.

Ätiýaçlandyrýanyň islegi ätiýaçlandyryş guramasynyň ätiýaçlandyryş kadalaryny bozmaklygy bilen bagly bolsa, onda gurama ätiýaçlandyrýanyň tölän ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) dolulygyna yzyna gaýtaryp berýär.

## §2.8.9. Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemek

*Ätiýaçlandyryş ýagdaýy bolanda ätiýaçlandyrýan:*

- ➢ üçünji tarapyň bilkastlaýyn bikanun hereketleriniň netijesinde emläk ogurlanmagynyň, ogurlanmaga ýa-da talamaga synanyşyk etmegiň netijesinde ýok edilen ýa-da zelel ýetirilen ýagdaýynda şol bada polisiýa edaralaryna, ýangyn bolan

ýagdaýynda ýangyn gözegçiligi gullugyna, partlama ýa-da heläkçilikde bolsa heläkçilik (awariýa) gullugynyň degişli edaralaryna habar etmäge;

- her bir ätiýaçlandyryş ýagdaýy barada ätiýaçlandyryja bada-bat ýazmaça habar bermäge we bu ýazmaça arzasynda nirede we nähili ýagdaýlarda ätiýaçlandyrylan emlägiň ogurlanandygyny, ýok edilendigini ýa-da zelel ýetirilendigini, haýsy ygtyýarly guramalara habar edilendigini anyk görkezilmäge;
- ähli öý emlägi doly ýok edilen ýagdaýyndan başga ýagdaýlarda ýok edilen, zelel ýetirilen ýa-da ogurlanan öý emläginiň ätiýaçlandyryjydan alnan görnüş boýunça sanawyny düzmäge;
- sanawa goşulan zelel ýetirilen ýa-da olardan galan galyndylary ätiýaçlandyryjynyň wekili gelýänçä saklamaga we olary ätiýaçlandyryş ýagdaýy hakynda güwänama düzülende gözden geçirmek üçin bermäge borçludyr. Ätiýaçlandyrýanyň bolmadyk ýagdaýynda ýokarda agzalan hereketleri onuň kämillik ýaşyna ýeten maşgala agzasy ýerine ýetirmelidir.

Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş ýagdaýy hakyndaky arza gelip gowşandan soň 3 günüň dowamynda bellenen görnüş boýunça güwänama düzmäge borçludyr. Güwänama emlägiň ogurlanan hatyndan başga ýagdaýlarda, ätiýaçlandyrýanyň (ýa-da ätiýaçlandyrýanyň maşgalasynyň kämillik ýaşyna ýeten agzasynyň) we iki sany şaýadyň hökmany gatnaşmaklarynda düzülýär. Arza we güwänama ätiýaçlandyryjy tarapyndan žurnalda hasaba alynýar.

Güwänama düzmek üçin jemgyýetiň wekili, zerur ýagdaýlarda bolsa – degişli hünärmen, ýaşaýyş jaý edaralarynyň günäsi sebäpli ýyladyş, suw bilen üpjün ediş we lagym ulgamlarynyň heläkçilik ýagdaýynda bolsa bu edaralaryň hünärmenleri çagyrylmalydyr.

Zeleliň möçberi ygtyýarly edaralardan (gidrometeorologiýa gullugyndan, ýangyn gözegçiliginden, polisiýadan, derňew edaralaryndan, kazyýetden we beýlekilerden) ätiýaçlandyrylan emlägiň zaýalanan, ýok edilen we ýitirilen ýeri, wagty, sebäbi we beýleki ýagdaýlary hakynda alnan resminamalary nazarda tutup, ätiýaçlandyryjy tarapyndan düzülen güwänamanyň esasynda kesgitlenilýär.

Ätiýaçlandyrylan emlägiň ogurlanan ýagdaýynda ygtyýarly edaralardan zerur bolan resminamalar soralýar.

*Aşakdakylar zelel diýip hasaplanylýar:*

- emlägiň ýok edilen ýa-da ogurlanan ýagdaýynda–ugur alnyp ätiýaçlandyryşa kabul edilýän nyrhlar boýunça bellenilýän onuň hakyky gymmaty, ähli öý emläginiň doly ýok edilen wagtynda bolsa – şertnamada bellenen ätiýaçlandyryş pul möçberi;
- emläk zelel çekende – ýokarda görkezilen onuň hakyky gymmaty bilen ätiýaçlandyryş ýagdaýy sebäpli, onuň arzanlamagy nazarda tutulan (hiliniň we gymmatynyň ýitirilmegi) gymmaty arasyndaky tapawudy, ýagny arzanladyş möçberi.

Ätiýaçlandyryş ýagdaýy bolan wagtynda, ätiýaçlandyryş şertnamasynda kesgitlenen ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyrylan emlägiň hakyky bahasyndan az bolsa, onda ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ätiýaçlandyryş pul möçberiniň ätiýaçlandyrylan emlägiň hakyky bahasyna bolan gatnaşygyna deňeçirlikde tölenilýär.

Eger abatlamak arkaly zaýalanan zady niýetlenilişi ýaly peýdalanmak üçin ýaramly ýagdaýa getirip bolýan bolsa, onda zyýan diýlip bu zady abatlamagyň bahasy hasap edilýär. Abatlamagyň bahasy abatlaýyş işlerini geçirmek üçin degişli edaralar tarapyndan raýatlardan almak üçin bellenen, hereket edýän bahalar (nyrhlar) boýunça hasaplanylýar. Abatlamagyň bahasyna diňe emlägiň hakyky bahasyndan geçmeýän möçberiň çägindäki zyýan girýär.

Ilata hyzmat ediş ulgamynda hereket edýän kadalara laýyklykda önüm çykaryjy kärhana ýa-da degişli abatlaýyş kärhanasy (teleatelýe, ussahana) çalyşmak ýa-da abatlamak işini mugt ýa-da abonement tölegleriniň hasabyna etmäge borçly bolsalar, kepillik ýa-da abonement (şertnamalaýyn) hyzmat edişinde bolan durmuş tehnikasyny, telewizorlary we sowadyjylary we beýlekileri çalyşmagyň ýa-da abatlamagyň bahasy zyýan diýip hasap edilmeýär.

Döwlet we jemgyýetçilik gaznasynyň jaýlarynda ýerleşýän öýleriň, şeýle hem şahsy eýeçilikde bolan öýleriň abatlaýyş işleriniň bahasy hem zyýan diýip hasaplanylýar.

Öýleriň (ýaşaýyş we kömekçi otaglaryň) gurnama we enjamlaşdyryş parçalary, ýagny ätiýaçlandyryş ýagdaýy sebäpli zaýalanan diwarlaryň, pollaryň, gapylaryň reňklenmegi, potologyň aklanylmagy, diwarlaryň we pollaryň diwar kagyzlarynyň (oboýlarynyň), lino-

leumlarynyň we beýleki örtükleriniň çalşylmagy, gapylaryň daşynyň çalşylmagy, diwarlaryň we pollaryň bezeg parçalary, çeper şekillendiriş, mata çekip bezeme, gapy tutawaçlarynyň we gapy gulplarynyň, penjire we gapy aýnalarynyň, elektrik jaňlarynyň, elektrik we ýylylyk geçiriji simleriň çalşylmagy hasaplama kabul edilýär.

Abatlamagyň bahasy öýleriň, jaýlaryň gurnama we enjamlaşdyryş parçalarynyň könelişmegini hasaba almazdan, hereket edýän bahalara laýyklykda kesgitlenilýär. Zeleliň möçberine, şeýle hem ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň bolmagy sebäpli, emlägi halas etmek we ony tertibe salmak boýunça edilen çykdajylar hem, eger by çykdajylar zerur diýlip hasaplanylsa, girizilýär.

Agzalan çykdajylaryň möçberi degişli işleri (hyzmatlary) tölemek üçin raýatlara bellenen hereket edýän bahalardan (nyrhlardan) ugur alnyp kesgitlenilýär.

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi şertnamada bellenen ätiýaçlandyryş pul möçberinden ýokary bolmadyk, çekilen zeleliň möçberinde, aşakdaky ýagdaýlardan başga ýagdaýlarda tölenilýär:

- öýüň gurnama parçalary we enjamlary zaýalananda, olary abatlamagyň bahasy ätiýaçlandyryş pul möçberiniň 20%-niň çäklerinde tölenilýär;
- ulag edarasy tarapyndan mälim edilen bahasyna goş hökmünde äkitmek üçin kabul edilen öý emlägi ýok edilende (hiç hili galyndysyz) ýa-da ogurlananda, hakyky zyýan üçin ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi bu goşuň mälim edilen bahasyndan ýokary bolmaly däldir;
- içeri işler edaralary tarapyndan habar beriş serişdeleriniň kömegi bilen gorag astyna alnan öý emlägi ogurlananda hakyky zyýan üçin ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi, ätiýaçlandyrylmadyk zatlaryň bahasyny aýyrmak bilen, ätiýaçlandyrýanyň içeri işler edarasyndan alan pul möçberini aýyrmak bilen tölenilýär.

Eger ätiýaçlandyrýan (ýa-da onuň kämillik ýaşyna ýeten maşgala agzasy) ätiýaçlandyryş öwezini doluş töleginiň möçberini köpeltmek üçin ätiýaçlandyryja beren ýok edilen, zaýalanan ýa-da ogurlanan emlägiň sanawyna hakykatda ýok edilmedik, zaýalanmadyk ýa-da

ogurlanmadyk zatlary bilgeşleýin goşan bolsa, onda ätiýaçlandyryjy işiň ýagdaýlaryna baglylykda tölemeli ätiýaçlandyryş öwezini doluş töleginiň möçberini 50% möçberinde azaltmak hakynda netije kabul edip bilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşan ätiýaçlandyryjy tarapyndan ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ähli resminamalar alnandan soň 7 gün möhletde tölenilýär. Aşakdaky ýagdaýlarda jenaýat işi gozgalan ýok edilme, zaýalanma ýa-da ogurlyk boýunça töleg:

- derňew döwründe (iş kazyýete geçirilmäkä) günäkär adam kesgitlenen bolsa we ol ätiýaçlandyrýan ýa-da onuň maşgala agzasy bolmasa, şeýle hem zeleliň möçberi iň az iş hakynyň 20 essesinden ýokary bolmasa;
- derňew tamamlanandan soň (bu iş ýatyrylan ýa-da togtadylan bolsa) günäkär adam kesgitlenilmedik bolsa we zeleliň möçberi iň az iş hakynyň 20 essesinden ýokary bolsa tölenilýär.

Iş boýunça günäkär ätiýaçlandyrýan ýa-da onuň maşgala agzasy bolup dursa, ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemek ýa-da tölemezlik hakyndaky mesele ätiýaçlandyryjy tarapyndan kazyýetiň ýa-da derňew edaralarynyň netijesi alnandan soň çözülýär.

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ätiýaçlandyrýana tölenilýär. Onuň islegi boýunça töleg atly çek bermek, goýumyna goýmak, nagt pulda (ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiliginiň çäklerinde) ýa-da bellenen görnüşdäki poçta geçirimi bilen tölenip bilinýär. Ätiýaçlandyrýanyň aradan çykan ýagdaýynda ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi onuň mirasdüşerlerine Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda tölenilýär.

Ätiýaçlandyrýan (ýa-da onuň maşgala agzasy) mümkinçiligi bolup bellenen tertipde we möhletde ätiýaçlandyrylan emlägiň ýok edilendigi ýa-da zyýan çekendigi hakynda habar etmese, ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemekden boýun gaçyryp bilýär. Arzany bermegiň möhletiniň ýa-da tertibiniň bozulandygy sebäpli ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemekden boýun gaçyrmak hakyndaky mesele, eger bu hili kemçilik sebäpli emlägiň ýok edilmeginiň ýa-da zyýan çekmeginiň sebäbini we ýetirilen zyýanyň möçberini anyklamak mümkin bolmasa, kabul edilýär.

12. Sargyt № 2539

Eger:

- ätiýaçlandyryş ýagdaýy ätiýaçlandyrýanyň ýa-da onuň maşgala agzasynyň bilgeşleýin hereketleri netijesinde, ýa-da zelel olaryň derňew edaralary, ýa-da kazyýet tarapyndan tassyklanylan bilkastlaýyn jenaýatçylyk hereketleriniň netijesinde bolan bolsa;
- üçünji tarapyň bilkastlaýyn bikanun hereketleriniň netijesinde emlägiň ogurlanandygy (ogurlanmaga synanyşyk edilendigi), ýok edilendigi ýa-da zaýalanandygy hakynda polisiýa edaralaryna habar edilmedik bolsa, şeýle hem bu polisiýa edaralary tarapyndan tassyklanylmasa;
- zaýalanan zatlar ýa-da olaryň galyndylary görkezilmedik bolsa, bu zatlaryň galyndysyz ýok edilen ýagdaýlardan başga ýagdaýlarda ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi tölenilmeýär.

Ätiýaçlandyrýanyň ýa-da onuň maşgala agzalarynyň hereketlerinde bet niýetiň hem-de bilkastlaýyn jenaýatçylyk alamatlarynyň barlygy kazyýetiň çözgütleriniň ýa-da şu iş boýunça derňew geçiren degişli ygtyýarly edaralaryň resminamalarynyň esasynda kesgitlenýär. Zeleliň öwezi dolunan bolsa ýa-da kazyýetiň netijesi boýunça zeleliň öwezi şol zelel üçin jogapkär adam tarapyndan dolunmaly edilen bolsa, ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini almak hukugyny ýitirýär. Eger zelel bölekleýin we alynmaly ätiýaçlandyryş öwezini doluş töleginden az möçberde dolunan bolsa, onda ol ätiýaçlandyrýanyň zelel üçin jogapkär adamdan alan möçberini hasaba almak bilen, tölenilýär.

Ätiýaçlandyryş güwänamasyny düzmek möhleti bilen ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemeli günüň arasynda ýok edilen, zaýalanan ýa-da ogurlanan zatlaryň bahalary üýtgese (arzanlasa ýa-da gymmatlasa), onda ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ätiýaçlandyrýanyň öz kesen nyrhy boýunça ätiýaçlandyrylan zatlardan başgalar boýunça täze nyrhlardan ugur alnyp tölenilýär.

Ätiýaçlandyrýana ogurlanan zat gaýtarylyp berilen bolsa, onda ol bu zat boýunça alan ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini, ogurlyk sebäpli bejermek ýa-da durkuna getirmek üçin çykdajylary aýyrmak bilen, ätiýaçlandyryja gaýdyp bermelidir.

*Aşakdakylar netijesinde ýüze çykan zeleller öwezini dolunmaga degişli däldir:*

- ýadro ýarylyşynyň, radiasiýanyň we radioaktiw ýokuşmanyň täsiri;
- her hili harby we ýykgynçylykly hereketler we olaryň zyýanly netijeleri, şeýle hem halk tolgunyşyklary, tussag edilmegi, döwlet häkimiýet we dolandyryş edarasynyň görkezmesi boýunça öýleriň ýykylyp aýrylmagy.

Öý emlägini ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça gelip çykýan raýatlaryň talaplaryna (nägileliklerine) ätiýaçlandyryjy tarapyndan, şeýle hem kazyýet tarapyndan seredilýär. Nägilelikler Türkmenistanyň kanunçylygy arkaly bellenilen hak isleg bildirmek dowamlylygynyň çäklerinde bildirilip bilner.

## II.IX bap. Guramanyň serişdesiniň hasabyna guramanyň işgärleriniň toparlaýyn betbagtçylykly hadysalardan meýletin ätiýaçlandyrylyşy

### §2.9.1. Ätiýaçlandyryşyň tertibi, obýekti we pul möçberi

Türkmenistanyň döwlet ätiýaçlandyryş guramalary edara-kärhanalar we guramalar bilen öz serişdeleriniň hasabyna işgärleri betbagtçylykly hadysalardan köpçülikleýin meýletin ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşýarlar. Ätiýaçlandyryş şertnamalary diňe edara görnüşindäki taraplar bilen baglaşylýar.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyrýanyň işgärleriniň (ätiýaçlandyrylan adamlar) gulluk wezipelerini ýerine ýetirip ýören wagtyna, işe gelýän we işden gaýdyp barýan wagtyna degişlidir.

Gulluk wezipelerini ýerine ýetirýärkä, işe gelýän we işden gaýdyp barýan wagtynda betbatgçylykly hadysanyň netijesinde işgärleriň

ömri we saglygy bilen baglanyşykly bolan ýagdaýlara **ätiýaçlandyryş obýekti** diýilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe zähmet borçlaryny ýerine ýetirýärkä, şeýle hem işe gelýän we işden gaýdyp barýan wagtynda betbagtçylykly hadysanyň netijesinde ätiýaçlandyrylan işgäriň şikes almagy ýa-da aradan çykmagyna **ätiýaçlandyryş ýagdaýy** diýilýär.

*Ätiýaçlandyrylanyň aşakdakylar netijesinde alan şikesi ýa-da aradan çykmaklygy ätiýaçlandyryş ýagdaýlaryna degişli däldir:*

- derňew, deslapky derňew edaralary ýa-da kazyýet tarapyndan ätiýaçlandyrylanyň hereketlerinde bilkastlaýyn jenaýat alamatlary anyklanylsa;
- alkogoldan, neşeden ýa-da toksiki maddadan serhoş ýagdaýda;
- öz-özüni öldürmek (janyna kast etmek), ätiýaçlandyrylanyň üçünji tarapyň hukuga ters hereketleri netijesinde şeýle ýagdaýa ýetirilen ýagdaýlary muňa girmeýär;
- ätiýaçlandyrylanyň öz bedenine bilgeşleýin şikes ýetirmegi.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryjynyň çekýän jogapkärçiliginiň çägi ätiýaçlandyryş pul möçberidir.

Ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyrýanyň we ätiýaçlandyryjynyň arasyndaky ylalaşyk boýunça bellenilýär.

Ätiýaçlandyrylan işgäre (ätiýaçlandyrylan işgäriň mirasdüşerlerine) ölüm ýa-da şikes sebäpli tölenilmeli ätiýaçlandyryş pul möçberi durmuş üpjünçiligi boýunça degişli bolan pul möçberlerine garamazdan tölenilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyrýanyň iki nusgada doldurylan bellenen görnüşdäki ýazmaça arzasynyň esasynda baglaşylýar. Arza guramanyň ýolbaşçysy (onuň orunbasary) tarapyndan gol çekilýär we möhür goýulýar.

Arza ätiýaçlandyrýanyň ýolbaşçysynyň we baş hasapçysynyň gol çeken ätiýaçlandyryşa degişli bolan işgärleriniň sanawy goşulýar. Sanawyň biri ätiýaçlandyrýanyň hasaphanasynda galdyrylýar we ätiýaçlandyryş hakyndaky arza bilen bile saklanylýar.

Ätiýaçlandyrýanyň arzasynyň we ätiýaçlandyryşa degişli bolan işgärleriň sanawynyň esasynda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny (polisi) resmileşdirýär we ätiýaçlandyrýana gowşurýar.

Ätiýaçlandyryş şahadatnamasynyň (polisiň) ýitirilen ýagdaýynda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýanyň arzasy esasynda ätiýaçlandyryş şahadatnamasynyň (polisiň) öwezligini berýär, ýitirilen polis bolsa güýjüni ýitiren hasap edilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy 1 ýyla baglaşylýar. Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe işgär işden boşadylsa ýa-da olaryň ýerine täze işgär alynsa, boşan işgärleriň ätiýaçlandyryşy boşadylan gününden ýatyrylýar, täze işe gelenleriňki bolsa işe kabul edilen gününden başlanýar.

Bu ýagdaýda ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryja sanawdan aýrylmaly we sanawa girizilmeli işgärleriň familiýasyny, adyny we atasynyň adyny ýazmaça habar bermäge borçludyr. Ätiýaçlandyrýan tarapyndan bu işgärler üçin ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) goşmaça tölenilmeýär. Emma sanawa täze girizilen işgärler boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberleriniň tölegleri ätiýaçlandyryjy tarapyndan olardan öň işlän işgärlere tölenen tölegleri hasaba almak bilen tölenilýär. Munda ätiýaçlandyryş möhleti öňküligine galýar.

Işgärleriň sanynyň üýtgemekligi sebäpli geçen ýyl üçin ätiýaçlandyryş baýragynyň (wznosynyň) gaýtadan hasaplamasy geçirilmeýär.

Üç we ondan köp senenama ýylynyň dowamynda ätiýaçlandyryş şertnamalaryny yzygider baglaşan we bu möhletiň dowamynda ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini almadyk ätiýaçlandyrýanlara indiki möhlete täze ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşanlarynda hasaplanan ätiýaçlandyryş baýragynyň (wznosynyň) möçberinden ätiýaçlandyryşyň üç ýyllyk möhletinde 5%, ätiýaçlandyryşyň dört ýyllyk möhletinde 10% we ätiýaçlandyryşyň bäş ýyllyk we ondan ýokary möhletinde 15% indirim almaklyga hukuklary bar.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan güni sagat 24.00-dä başlanýar we şertnamada göz öňünde tutulan möhletiň soňky gününde sagat 24.00-da tamamlanýar.

## §2.9.2. Ätiýaçlandyryş baýraklary. Ätiýaçlandyryş pul möçberlerini tölemekligiň tertibi

Ätiýaçlandyryş baýraklary ätiýaçlandyryjynyň ýerine ýetirýän ätiýaçlandyryş hyzmatlary üçin tölegdir. Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşanda ätiýaçlandyryjynyň hasabyna ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny ) geçirýär.

Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) bir ýyl üçin ätiýaçlandyryş baýragynyň (wznosynyň) nyrhyny aňladýar we ätiýaçlandyryş pul möçberiniň 0,5%-nden 1,0%-ne çenli bellenilýär. Töwekgelçiligiň derejesine we ätiýaçlandyryş pul möçberine baglylykda her bir aýratyn ýagdaýda ätiýaçlandyrýan bilen ylalaşmagyň esasynda ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) 3,0%-e çenli ýokarlandyrylyp bilner.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) birwagtyň özünde hem-de iki möhletde, ýagny 50%-i ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan mahaly we 50%-i ätiýaçlandyryş şertnamasy güýje girenden soň 4 aýdan gijä galynman tölenilip bilner.

Eger ätiýaçlandyryş şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) ätiýaçlandyryş puluň bellenen möçberinde tölenilýär.

Birinji ýa-da bir gezekki ätiýaçlandyryş baýragy öz wagtynda tölenýänçä ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan erkindir.

Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) öz wagtynda geçirilmese, ätiýaçlandyryjy şonuň geçirilmegi üçin iki hepdelik möhleti ýazmaça kesgitläp biler. Şonda gijä goýmagyň netijeleri hakynda görkezilmelidir.

Eger möhlet geçenden soň ätiýaçlandyryş ýagdaýy bolsa we şu wagta çenli ätiýaçlandyrýan baýrak (wznos) geçirmegini ýa-da göterimler tölemegini gijikdirse, ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan boşadylýar.

Ätiýaçlandyryş pul möçberini almak baradaky talap ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşan ätiýaçlandyryja bellenen görnüşdäki arzany bermek arkaly bildirilýär.

Ätiýaçlandyryş ýagdaýy bolanda ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryjyny haýal etmän habardar etmäge we aşakdaky resminamalary bermäge borçludyr:

**Ätiýaçlandyrylan aradan çykanda** ätiýaçlandyryş pul möçberini almak hakyndaky arzany, ätiýaçlandyrýan tarapyndan düzülen betbagtçylykly hadysa hakyndaky güwänamany, ölüm hakyndaky şahadatnamanyň kepillendiriş edarasynda güwä geçilen nusgasyny, mirasa hukuk hakyndaky kepillendiriş edarasy tarapyndan berlen şahadatnamany;

**Ätiýaçlandyrylan şikes alanda** ätiýaçlandyryş pul möçberini almak hakyndaky arzany, ätiýaçlandyrýan tarapyndan düzülen betbagtçylykly hadysa hakyndaky güwänamany, bejeriş-dikeldiş edarasynyň №195 görnüşdäki delilhatyny.

Ätiýaçlandyryş pul möçberini tölemekligiň meselesini çözmek üçin ätiýaçlandyryjy zerur ýagdaýlarda ätiýaçlandyrýandan beýleki resminamalary, şol sanda derňew ýa-da kazyýet edaralarynyň maglumatlaryny sorap alyp biler.

Betbagtçylykly hadysanyň netijesinde şikes alnanda ätiýaçlandyrylana ätiýaçlandyryş tölegleriniň möçberi Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 24-nji dekabrynda çykaran №1070 Karary bilen tassyklanylan, «Howa, demir ýol, deňiz, içerki suw we awtomobil ulaglarynda ýolagçylary döwlet tarapyndan hökman ätiýaçlandyrmak boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberlerini tölemek üçin bedene ýeten zeperiň agyrlyk derejesini kesgitlemegiň kadalaryna» laýyklykda hem-de bejeriş-öňüni alyş edaralarynyň delilihatlary (№195 görnüş) esasynda tölenilýär.

Eger ätiýaçlandyrylana ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe betbagtçylykly hadysanyň netijesinde maýyplygyň topary bellenen bolsa, onda ätiýaçlandyryş pul möçberi aşakdaky ýaly tölenilýär:

- I topardaky maýyplara – ätiýaçlandyryş pul möçberiniň 70%-i möçberinde;
- II topardaky maýyplara – ätiýaçlandyryş pul möçberiniň 50%-i möçberinde;
- III topardaky maýyplara – ätiýaçlandyryş pul möçberiniň 30%-i möçberinde.

Ätiýaçlandyrylan işgär işden çykan ýagdaýynda ätiýaçlandyryja işden çykanyndan soň 1 ýyl geçmänkä, eger maýyplyk ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän we ätiýaçlandyrýanda işleýän döwrün-

de bolan bolsa, onda maýyplyk boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberini almak hakyndaky arza bilen ýüz tutup biler.

Eger häzirki wagtda şikesiň ahyrky agyrlyk derejesini kesgitlemek mümkin bolmasa, onda ätiýaçlandyrylanyň islegi boýunça ol deslapdan kesgitlenip, oňa hakujy hökmünde tölenilip bilner. Bu hakujy ahyrky anyklamanyň netijesi boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberi tölenende ondan tutulyp alynýar.

Ätiýaçlandyryjy betbagtçylykly hadysanyň netijesinde şikes alan ätiýaçlandyrylany barlamak üçin öz ynamdar lukmanyny ibermäge haklydyr. Ätiýaçlandyryjynyň lukmanyna nähoşy hemmetaraplaýyn barlamak üçin mümkinçilik berilmelidir.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe ätiýaçlandyrylanyň alan bir ýa-da birnäçe şikesleri boýunça tölenilmeli tölegleriň umumy möçberi onuň ätiýaçlandyrylan pul möçberinden ýokary bolup bilmeýär.

Ätiýaçlandyryjy tarapyndan ätiýaçlandyryş pul möçberleriniň tölegi alyjynyň ýaşaýan ýeri boýunça bankdaky atly goýumyna geçirmek, banka çek bermek, alyjynyň hasabyna poçta geçirimi ýa-da ätiýaçlandyryjynyň pulhanasynyň hasabyna nagt pul geçirmek arkaly tölenilip bilner.

Kämillik ýaşyna ýetmedik alyja ätiýaçlandyryş pul möçberi ýaşaýan ýeri boýunça bankdaky atly goýumyna geçirilýär we şol bir wagtda hossarlyk we howandarlyk edarasy habarly edilýär.

Ätiýaçlandyryş pul möçberi betbagtçylykly hadysanyň bolandygyny tassyklaýan ähli zerur resminamalar alnandan soň ätiýaçlandyryjy tarapyndan 7 (ýedi) günüň dowamynda tölenilýär.

Ätiýaçlandyryş pul möçberini tölemekden boýun gaçyrylsa ätiýaçlandyryjy 7 (ýedi) gün möhletde boýun gaçyrmaklygyň sebäbini görkezmek bilen ätiýaçlandyrýany bu hakda habardar edýär.

Ätiýaçlandyryş pul möçberini almak üçin ätiýaçlandyrylan adam ýa-da ony almaga hukugy bolan adam islendik adama ynanç hatyny berip biler. Ätiýaçlandyryş pul möçberini almaga hukugy bolan adamyň goly Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen tertipde kepillendirilmelidir.

Ätiýaçlandyrýan ýa-da ätiýaçlandyrylan ätiýaçlandyryş pul möçberini almak üçin arza bilen ýüz tutanda ätiýaçlandyryjy ar-

zany işgärleri betbagtçylykly hadysalardan köpçülikleýin meýletin ätiýaçlandyryş boýunça pul möçberlerini tölemek we arzalary hasaba almak žurnalynda hasaba almaga hem-de resminamalaryň doldurylyşynyň dogrulygyny we dolulygyny barlamaga borçludyr.

Işgärleri edara-kärhanalaryň serişdeleriniň hasabyna betbagtçylykly hadysalardan köpçülikleýin meýletin ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça talaplar ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykandygy degişli resminamalar bilen tassyklanýan bolsa, ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykan gününden başlap 3 ýylyň dowamynda ätiýaçlandyryja bildirilip bilner.

## § 2.9.3. Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň ýatyrylmagy. Taraplaryň hukuklary we borçlary

*Şu aşakdaky ýagdaýlarda ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereketi ýatyrylýar:*

- ätiýaçlandyryş möhletiniň tamamlanmagy boýunça;
- ätiýaçlandyrýan tarapyndan ätiýaçlandyryş şertnamasynda bellenilen möhletlerde we möçberlerde ätiýaçlandyryş wznosynyň (baýragyň) tölenilmedik ýagdaýynda;

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe ätiýaçlandyrýan gaýtadan guralan ýagdaýynda onuň hukuklary we borçlary hereket edýän kanunçylykda bellenen tertipde mirasa hakly tarapa geçip biler. Ätiýaçlandyrýan ýapylan ýagdaýynda we ol tarapyndan ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polisi) yzyna gaýtarylan ýagdaýynda, işi alyp barmaklygyň çykdajylaryny hasaba almak bilen, galan döwre deňeçerlikde ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) ätiýaçlandyrýana gaýtarylyp berilýär.

**Ätiýaçlandyryjy:**

- ätiýaçlandyrýany ätiýaçlandyryş şertleri bilen tanyşdyrmaga;
- ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny (polisi) gowşurmaga;
- ätiýaçlandyryş pul möçberini ätiýaçlandyryş şertnamasynda bellenilen tertipde hem-de möhletlerde tölemäge;

- öz hünär işi netijesinde ätiýaçlandyrýan (ätiýaçlandyrylan adamlar) hakyndaky alan maglumatlaryny aýan etmezlige;
- ätiýaçlandyrylanyň mirasdarlarynyň talaby boýunça kepillendiriş edarasyna bermek üçin güwänama bermäge borçly.

**Ätiýaçlandyrýan:**

- ätiýaçlandyryş şertnamasynda bellenilen möhletlerde ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) tölemäge;
- ýüze çykan betbagtçylykly hadysa hakynda güwänama düzmäge (eger ätiýaçlandyryş ýagdaýy önümçilikde bolan bolsa) we ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyryş pul möçberini almak üçin resminamalary wagtynda bermäge borçly.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ýüze çykýan ähli jedeller Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda kazyýet tertibinde çözülýär.

## II.X bap. Daşary ýurtlara gidýän raýatlaryň saglygyny meýletin ätiýaçlandyrmak

### §2.10.1. Ätiýaçlandyryşyň tertibi, obýekti we ýagdaýy

Türkmenistanyň döwlet ätiýaçlandyryş guramasy (ätiýaçlandyryjy) daşary ýurtlara gidýän raýatlaryň saglygyny meýletin ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşýar. Ätiýaçlandyryş şertnamalary edara görnüşindäki taraplar we şahsy adamlar ( ätiýaçlandyrýanlar) bilen baglaşylýar.

Ätiýaçlandyryjy daşary ýurtlarda bolýan wagtynda ätiýaçlandyrýanyň ýa-da ätiýaçlandyrylan adamyň tötänleýin kesellemegi ýa-da betbagtçylykly ýagdaýa uçramagy netijesinde talap edilýän gaýragoýulmasyz saglygy goraýyş kömegi barada ätiýaçlandyryş bilen üpjün edýär.

**Ätiýaçlandyryş obýekti bolup** ätiýaçlandyrýanyň (ätiýaçlandyrylan adamyň) daşary ýurtda bolýan wagty tötänleýin kesellemegi

ýa-da betbagtçylykly ýagdaý netijesinde onuň ömrüne ýa-da saglygyna zelel ýetirilmegi bilen baglanyşykly şahsy bähbitleri çykyş edýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy anyk daşary ýurt gezelenji üçin baglaşylýar.

Ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak üçin ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryja özüniň ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak hakyndaky meýlini ýazmaça yglan edýär. Şonda ätiýaçlandyrýan bellenilen görnüşdäki arzany doldurýar ýa-da aşakdaky maglumatlary görkezmek bilen, bu barada hat, telefaks arkaly habar berýär:

- ätiýaçlandyrylan adamyň (adamlaryň) familiýasyny, adyny, atasynyň adyny, onuň (olaryň) ýaşyny, hemişelik ýaşaýan ýerini, telefonyny;
- edara görnüşli tarapyň adyny, hukuk salgysyny, telefonyny;
- daşary ýurda gezelenjiniň ugruny, maksadyny we möhletini;
- çäklerinde ätiýaçlandyryş şertnamasy hereket etmeli ýurduň adyny;
- Peýda alyjynyň familiýasyny, adyny, atasynyň adyny, onuň telefonyny;
- töwekgelçilige baha bermek üçin düýpli ähmiýeti bolan beýleki maglumatlary.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy ýazmaça görnüşde baglaşylýar we ätiýaçlandyryjy tarapyndan ätiýaçlandyryş şahadatnamasynyň (polisiniň) bellenilen görnüşinde resmileşdirilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan mahaly ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryja howpuň we ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagy üçin özüne mälim bolan, düýpli ähmiýeti bolan ähli ýagdaýlar barada habar bermäge borçludyr. Ätiýaçlandyryjynyň şertnamadan boýun gaçyrmak ýa-da ony üýtgän mazmunda baglaşmak barada karara gelmegine täsir edip biljek ýagdaýlar düýpli ýagdaýlar bolup durýar.

Ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyrýandan ýazmaça ýagdaýda anyk we takyk sorap biljek ýagdaýy hem düýpli ýagdaý hasap edilýär.

Eger ätiýaçlandyryja düýpli ýagdaýlar barada habar berilmedik bolsa, onda ol şertnamadan boýun gaçyryp biler. Eger ätiýaçlandyrýan düýpli ýagdaýlar barada habar bermekden bilgeşleýin boýun gaçyrýan bolsa, onda şeýle ýagdaý hem şonuň ýaly ähmiýete eýedir.

Daşary ýurda gitmegiň möhletiniň başga möhlete geçirilmegi bilen baglanyşykly ätiýaçlandyrýanyň arzasy boýunça ätiýaçlandyryş şertnamasy (polisi) gaýtadan resmileşdirilen mahaly täze ätiýaçlandyryş şertnamasy (polisi) berilýär.

Ätiýaçlandyryş şahadatnamasy(polisi) ýitirilen ýagdaýynda ätiýaçlandyrýana onuň ýazmaça arzasy esasynda öwezligi berilýär, şondan soň ýitirilen şertnama (polis) hakyky däl diýlip hasaplanylýar.

Eger ätiýaçlandyryş şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyrýanyň (ätiýaçlandyrylan adamyň) daşary ýurtda bolan möhletine baglaşylýar. Eger bir ýyl üçin ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyrýanyň (ätiýaçlandyrylan adamyň) daşary ýurtlara köp gezeklik gezelençlerini göz öňünde tutýan bolsa, onda üstüni dolmaklyk, eger ätiýaçlandyryş şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda her bir gezelenjiň ilkinji 90 gününe degişli edilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy Türkmenistanyň çäklerinden daşarda işlenilen we dynç alnan, işewürlik gezelençleri we dynç almak maksady bilen gezelençler geçirilen mahaly gije-gündiziň dowamynda hereket edýär. Ätiýaçlandyryş goragy ätiýaçlandyrýanyň (ätiýaçlandyrylan adamyň) raýatlygy bolan ýa-da adaty ýaşaýan ýurdundan çykan mahaly hereket edip başlaýar we ätiýaçlandyrýan (ätiýaçlandyrylan adam) raýatlygy bolan ýa-da adaty ýaşaýan ýurduna gaýdyp gelen mahaly öz hereketini bes edýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamanyň baglaşylan güni sagat 24.00-da başlanýar we şertnama arkaly göz öňünde tutulan möhletiň iň soňky güni sagat 24.00-da tamamlanýar.

*Ätiýaçlandyryş şertnamasy aşakdaky ýagdaýlarda bes edilýär:*

- onuň hereket edýän möhleti tamamlananda;
- ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýanyň öňündäki ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça borçnamalaryny doly möçberde ýerine ýetirende;
- ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş wznoslaryny (baýraklaryny) tölemese.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy islendik wagtda taraplaryň birini ýazmaça habardar etmek bilen, möhletinden öň bes edilip bilner, şunda

ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) gaýtaryp bermek aşakdaky ýaly tertipde amala aşyrylýar:

Ätiýaçlandyryjynyň talap etmegi boýunça ätiýaçlandyryş şertnamasy möhletinden öň bes edilen mahaly, ol ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryjynyň çykdajylaryny tutup galmak bilen, şertnamanyň geçmedik möhleti üçin alnan ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) gaýtaryp berýär. Eger ätiýaçlandyryjynyň talaby ätiýaçlandyrýanyň ätiýaçlandyryş şertnamasyny ýerine ýetirmezligi bilen şertlenen bolsa, onda ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) gaýtarylyp berilmeýär;

Ätiýaçlandyrýanyň talap etmegi boýunça ätiýaçlandyryş şertnamasy möhletinden öň bes edilen mahaly ätiýaçlandyryjy oňa şertnamanyň geçmedik möhleti üçin ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) dolulygyna gaýtaryp berýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy möhletinden öň bes edilen ýagdaýynda ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) ýazmaça habarnama alnan pursatyndan başlap bäş bank gününiň dowamynda gaýtarylyp berilýär.

Ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyrýana (ätiýaçlandyrylan adama, peýda alyja) ätiýaçlandyryş pul möçberini ýa-da ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemek borjuny ýüze çykarýan ätiýaçlandyryş şertnamasynda göz öňünde tutulan ätiýaçlandyryş hadysasynyň bolmagy ätiýaçlandyryş ýagdaýydyr.

Ätiýaçlandyrýanyň (ätiýaçlandyrylan adamyň) ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe we ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilen daşary döwletiň çäklerinde bolan wagtynda tötänleýin ýagdaýda kesellemegi, betbagtçylykly ýagdaýa uçramagy, şeýle hem aradan çykmagy ätiýaçlandyryş ýagdaýy diýlip hasap edilýär.

Duýdansyz ýagdaýda ýüze çykan we gaýragoýulmasyz saglygy goraýyş kömegini talap edýän kesel duýdansyz ýagdaýda dörän keselleme hasaplanylýar.

Duýdansyz ýagdaýda ýüze çykan, ätiýaçlandyrýanyň (ätiýaçlandyrylan adamyň) şikes almagyna, saglygyna zyýan ýetmegine ýa-da onuň aradan çykmagyna getiren waka betbagtçylykly ýagdaý hasap edilýär.

Eger ätiýaçlandyryş ýagdaýy aşakdakylaryň netijesinde ýüze çykan bolsa, onda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş pul möçberini ýa-da ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemekden boşadylýar:

- ýadro partlamasynyň, radiasiýanyň we radioaktiw zäherlenmäniň täsiri;
- harby hereketleriň, şeýle hem beýleki harby çäreleriň;
- raýatlyk urşunyň, her dürli halk tolgunyşyklarynyň ýa-da iş taşlaýyşlaryň;
- ätiýaçlandyrýanyň (ätiýaçlandyrylanyň) alkogoldan, neşeden ýa-da zäherli maddalardan serhoş bolmagy;
- ätiýaçlandyrýanyň (ätiýaçlandyrylanyň) janyna kast etmegi ýa-da özüne bilgeşleýin ýagdaýda şikes ýetirmegi;
- hroniki keselleriň, olaryň getirýän zyýanly netijeleriniň, dürli şikesleriň, ruhy taýdan bozulmalaryň ýa-da ätiýaçlandyryş şertnamasynyň güýje girmegine çenli soňky aýlarda bejerişi talap edýän beýleki keselleriň we saglyk babatda bozulmalarynyň;
- psihiki keselleriň;
- göwrelilik ýagdaýyň, duýdansyz ýagdaýda çylşyrymlaşmak ýagdaýlary muňa girmeýär (göwreliligiň möhleti alty aýdan geçmeli däldir);
- ätiýaçlandyrýanyň (ätiýaçlandyrylanyň) daşary ýurda gezelenje gidýänçä doly derejede gutulmazlyk ýagdaýynyň we bejerişde bolmagynyň;
- eger munuň özi betbagtçylykly ýagdaýyň netijesi we ýiti agyrynyň emele gelmegi bilen baglanyşykly bolmasa, onda gözüňi we dişleriňi bejertmekligiň;
- islendik ýagdaýdaky protezlemäniň;
- ätiýaçlandyrýanyň (ätiýaçlandyrylan adamyň) ätiýaçlandyryş şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, sport ýaryşlaryna, türgenleşiklere, ömri we saglygy üçin ýokary derejede howp bilen baglanyşykly çärelere gatnaşmaklygynyň.

## § 2.10.2. Ätiýaçlandyryş jogapkärçiliginiň möçberi

Ätiýaçlandyryjy betbagtçylykly hadysa, şeýle hem ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe bolup geçen hem-de ätiýaçlandyryş ýagdaýy bolup durýan öňünden görülmedik ýa bolma-

sa duýdansyz kesellemegi netijesinde zerurlygy ýüze çykan saglygy goraýyş görkezmesi boýunça ätiýaçlandyrýan (ätiýaçlandyrylan adam) barada ambulator bejeriş we keselhana ýerleşdirmek üçin saglygy goraýyş çykdajylaryny tölemegi kepillendirýär.

Ätiýaçlandyryjy saglygy goraýyş kömeginiň aşakdaky görnüşleri boýunça çykdajylaryň öwezini dolýar:

- saglygy goraýyş gözden geçirmesi we bejeriş, şol sanda hassahanada ýatymlaýyn bejeriş ( näsagyň ýagdaýy ony raýatlygy bolan ýa-da adaty ýagdaýda ýaşaýan ýurduna ibermäge mümkinçilik berýänçä);
- gyssagly ýagdaýda hirurgiýa gatyşmasy we intensiw bejerişi;
- göwreliligiň möhleti 28 hepdeden köp bolmadyk mahaly gyssagly ginekologiki we akuşerçilik kömegi;
- lukman tarapyndan ýazylyp berlen derman serişdelerini satyn almak;
- ýiti diş agyrysy ýüze çykan mahaly gyssagly stomatologiki kömek.

Ätiýaçlandyryjy Ýardam etmek baradaky kompaniýa (operasion merkez) bilen ylalaşylan şertlerinde we tölenilendigi baradaky kepilnama bar mahaly ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe şol şertnamada görkezilen ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň bolup geçen çäklerinde ulanylýan umumylykda kabul edilen nyrhlar boýunça saglygy goraýyş çykdajylarynyň üstüni dolýar.

Ýardam etmek boýunça kompaniýa (operasion merkez) ätiýaçlandyryjy bilen şertnama boýunça ätiýaçlandyrýanyň (ätiýaçlandyrylanyň, peýda alyjynyň) bähbitleri üçin hyzmatlary üpjün edýän guramadyr.

*Aşakdakylar üçin saglygy goraýyş çykdajylaryň öwezi dolunmaga degişli däldir*:

- hroniki kesel ýa-da ätiýaçlandyrýanda (ätiýaçlandyrylan adamda) ätiýaçlandyryş başlanýança bar bolan kesel sebäpli ýüze çykan islendik bejeriş ýa-da derman satyn almak üçin, halas etmek ýa-da uzak wagtlap işe ukypsyzlygyň öňüni almak üçin hökmany saglygy goraýyş kömegi muňa girmeýär;

- keselhana, lukman ýa-da şepagat uýasy tarapyndan edilýän, keseli anyklamak ýa-da bejeriş üçin zerurlygy we kesel ýiti häsiýetde bolmadyk ýa-da ýeňil şikes alanda kömek edilen hyzmatlar üçin;
- ibermekligiň çykdajylary, eger bu Ýardam etmek baradaky kompaniýa (operasion merkez) bilen ylalaşylman geçirilen bolsa, şeýle hem ujypsyz ýagdaýda kesellenilen ýa-da şikes alnan, olary bolsa ýerli bejeriş bilen bejerip boljak we ätiýaçlandyrýanyň (ätiýaçlandyrylan adamynyň) syýahatyny dowam etmegine päsgel bermeýän ýagdaýynda başga ýere geçirmek boýunça çykdajylar üçin;
- meýilnamalaşdyrylan we ýiti zerurlygy bolmadyk operasiýalary geçirmek üçin;
- kosmetiki, plastiki hirurgiýa, daşky keşbinde ýa-da beden gurluşynda ýetmezlikleri düzetmek bilen baglanyşykly bejerişiň beýleki görnüşleri üçin, eger olar ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe bolup geçen betbagtçylykly ýagdaýdan alnan şikes sebäpli bolmadyk bolsa;
- ätiýaçlandyryş şertnamasyna çenli başlanan we hereket edýän döwründe dowam edýän bejeriş tapgyry bilen baglanyşykly çykdajylar, şol sanda saglygy goraýyş hyzmatlary üçin ýa-da eger daşary ýurda gezelenç hünärli lukmanyň maslahatyna garamazdan kabul edilen bolsa;
- 28 hepdeden köp möhlete göwrelilik bilen baglanyşykly saglygy goraýyş hyzmatlary, göwreliligiň patologiýasynyň we bes edilmeginiň ýagdaýlary, göwreliligi saklap galmak boýunça geçirilýän ähli çäreler, çaga dogulmagy we onuň getirýän zyýanly netijeleri, şol sanda hroniki keselleriň ýüze çykmagynyň göwrelilik netijesinde ýitileşmegi, enäniň we çaganyň ömrüni halas etmek muňa girmeýär;
- psihiatriki bejeriş;
- maşgala agzalary ýa-da ýakyn dogan-garyndaşlary tarapyndan ideg edilmegi we bejeriş geçirilmegi;
- ätiýaçlandyrylanyň alkogolyň, neşeleriň, zäherleýji maddalaryň we şolar düzüminde bolan serişdeleriň sarp edilmegi bilen

ýüze çykan serhoşluk ýagdaýynda bolan ýagdaýlary boýunça saglygy goraýyş hyzmatlary;

- alkogol, neşeler, zäherleýji maddalar, şol sanda düzüminde şolar bolan serişdeler sarp edileninden soň zäherlenilmegi sebäpli işe ukyplylygyň kem-käsleýin ýa-da dolulygyna ýitirilmegi bilen baglanyşykly saglygy goraýyş hyzmatlary;
- öňüni alyş sanjymlary;
- tötänleýin kesellemek, şikes almak bilen baglanyşykly bolmadyk saglygy goraýyş taýdan güwä geçilmegi, gözden geçirmek;
- weneriki kesellerini bejermek we öňüni almak;
- adamynyň immunoýetmezçilik sindromyny ýa-da şonuň ýaly sindromy we şolar bilen baglanyşykly keselleri bejermek;
- eger munuň özi bedene zeper ýetmegine getiren we saglygy goraýyş kömegini talap edýän betbagtçylykly ýagdaý ýüze çykan mahaly lukman tarapyndan öň ündelen äýnekleri/linzalary çalyşmak bilen baglanyşykly bolmasa, kontaktly linzalary ýa-da äýnekleri satyn almak;
- ätiýaçlandyrýanyň (ätiýaçlandyrylanyň) uçýan abzallary dolandyran mahaly bedenine ýeten zeperi bejermek;
- hünär bilen baglanyşykly iş bilen ýüze çykan betbagtçylykly ýagdaýyň zyýanly netijelerinden ýüze çykan keselçilikleri bejermek bilen baglanyşykly hyzmatlar;
- islendik protezleme, şol sanda gözi we dişi protezlemesi;
- ýörite stomatologiki bejeriş, äňiň ortopediýasy, ortodontozy bejermek, diş kanallaryny aýyrmak, koronkalary we diş köprülerini goýmak.

Ätiýaçlandyryş lukmanlaryň hünär ýalňyşlyklaryna degişli däldir.

Ätiýaçlandyrýan (ätiýaçlandyrylan adam) aradan çykan ýagdaýynda ätiýaçlandyryjy Ýardam etmek baradaky kompaniýanyň (operasiýa merkezi) üsti bilen ätiýaçlandyrýanyň (ätiýaçlandyrylan adamyň) jesedini ibermek we/ýa-da raýatlygy bolan ýa-da adaty ýaşaýan ýurdunda çak edilýän jaýlanylýan ýerine has ýakyn bolan aeromenzile gatnatmak boýunça akylly-başly çykdajylary tölemek üçin

13. Sargyt № 2539

ähli zerur çäreleri görýär, munuň özi şol sanda jesedi kesip öwrenmek we oňa güwä geçmek, halkara gatnatmalary üçin talap edilýän tabyt hem-de jesediň galyndylaryny jaýlanylýan ýurdundaky aeromenzile daşamak üçin çykdajylary hem öz içine alýar.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynda franşiza göz öňünde tutulyp bilner, ol bolsa şertli we şertsiz franşizalara bölünýär.

Şertli franşizada ýetirilen zeleliň möçberi franşizadan geçmeýän bolsa, ätiýaçlandyryjy jogapkärçilikden boşadylýar.

Şertsiz franşizada ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiligi franşizany aýryp, ýetirilen zeleliň möçberi bilen kesgitlenilýär.

Franşizanyň anyk möçberi ätiýaçlandyryş şertnamasy bilen ätiýaçlandyryş pul möçberinden göterimlerde ýa-da belli möçberde kesgitlenilýär.

## § 2.10.3. Ätiýaçlandyryş pul möçberi we ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi. Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) we ätiýaçlandyryş halaty ýüze çykan mahaly taraplaryň borçlary

Ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça çäklerinde öz borçnamalaryny ýerine ýetirmegi üçin jogapkärçilik çekýän pul möçberi ätiýaçlandyryş pul möçberi bolup durýar.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynda bellenilen tertipde we möhletlerde ätiýaçlandyryş üçin ätiýaçlandyrýanyň ätiýaçlandyryja tölemäge borçly bolan tölegi ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) bolup durýar.

Ätiýaçlandyryş baýragynyň (wznosynyň) möçberi nyrhlara laýyklykda ätiýaçlandyryjy tarapyndan bellenilýär. Ätiýaçlandyryş nyrhynyň möçberi ätiýaçlandyrýanyň (ätiýaçlandyrylanyň) daşary ýurtda bolan birinji güni üçin ätiýaçlandyryş pul möçberiniň 0,004%-nden we goşmaça tassyklanan baýrak (wznos) bolan 0,006%-nden ybaratdyr. Ätiýaçlandyrylýanyň daşary ýurtda bolýan soňky her güni üçin bolsa ätiýaçlandyryş pul möçberiniň 0,004%-i möçberinde kesgitlenýär.

Töwekgelçilik gaýtadan ätiýaçlandyryşa geçirilen ýagdaýynda ätiýaçlandyryşyň şertleri we ätiýaçlandyryş nyrhlarynyň möçberleri halkara ätiýaçlandyryş bazaryndaky töwekgelçiligiň bahalanyşyny we gaýtadan ätiýaçlandyryş şertlerini hasaba almak bilen, taraplaryň ylalaşygy boýunça bellenilýär.

Ätiýaçlandyryş baýragy(wznosy) ätiýaçlandyryş pul möçberi bellenen pulunda tölenilýär.

Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) bir wagtda nagt pul ýa-da nagt däl hasaplaşyk arkaly tölenilýär.

Ätiýaçlandyrýan (ätiýaçlandyrylan adam) aradan çykan ýa-da onuň saglygyna zeper ýeten ýagdaýynda ätiýaçlandyryjy ýa-da onuň wekili ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagy hakynda haýal edilmän ätiýaçlandyrýanyň (ätiýaçlandyrylan adamyň) gezelençden gaýdyp gelen pursatyndan başlap habardar edilmelidir. Ätiýaçlandyrýan (ätiýaçlandyrylan adam) tarapyndan şu talap ýerine ýetirilmedik mahaly, eger ätiýaçlandyryjynyň bu barada wagtynda bilendigi ýa bolmasa ätiýaçlandyryjyda bu baradaky maglumatlaryň bolmazlygy onuň tölegi tölemek baradaky borjuna täsir edip bilmejekdigi subut edilmese, onda ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş pul möçberini tölemekden boýun gaçyrmaga hukugy bardyr.

Eger ätiýaçlandyrýan (ätiýaçlandyrylan adam) ätiýaçlandyryş şahadatnamasynyň (polisiniň) hereket edýän çäklerinde bolýan mahaly onuň bilen üsti dolunýan betbagtçylykly ýagdaý ýüze çyksa ýa-da ol tötänleýin ýagdaýda kesellese, onda ätiýaçlandyrylan adam aşakdakylara borçludyr:

- ätiýaçlandyryş şahadatnamasynda (polisinde) görkezilen telefon belgisi boýunça Ýardam etmek boýunça kompaniýa (hyzmat ediş merkezi) bilen gyssagly ýagdaýda habarlaşmaga hem-de aşakdakylary habar bermäge:
- ätiýaçlandyrylan adam hakyndaky maglumatlary;
- ätiýaçlandyryş şahadatnamasynyň (polisiniň) belgisini;
- bolup geçen ýagdaýlaryň doly teswirini;
- ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ähli subutnamalaryny, şeýle hem bejeriş, dermanlary, daňy serişdelerini we başgalary satyn almak üçin çykdajylary resminamalar arkaly üpjün etmäge;

Ätiýaçlandyryja bolup geçen ätiýaçlandyryş ýagdaýyny we çekilen çykdajylaryň möçberini tassyklaýan resminamalary (keseliň teswirini, saglygy goraýyş netijenamasyny we başgalary) bermäge.

Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş ýagdaýy hakyndaky habary we ätiýaçlandyryş ýagdaýy hakyndaky ähli resminamalary alanyndan soň aşakdakylara borçludyr:

- ätiýaçlandyryş öwezini dolmasynyň möçberini hasaplamaga;
- bellenilen tertipde we möhletlerde ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny ýa-da ätiýaçlandyryş pul möçberini tölemäge.

Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny ýa-da ätiýaçlandyryş pul möçberini tölemekden boýun gaçyran ýagdaýynda boýun gaçyrmagy delillendirmäge borçludyr.

Eger tötänleýin keselleme ýa-da betbagtçylykly ýagdaý ätiýaçlandyrýanyň (ätiýaçlandyrylan adamyň) ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilen ýurtda ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe bolup geçen bolsa, ätiýaçlandyryş pul möçberi ýa-da ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy tölenilýär.

Saglygy goraýyş kömeginiň edilmegi bilen baglanyşykly ätiýaçlandyryş ýagdaýy boýunça ätiýaçlandyrýana (ätiýaçlandyrylan adama) saglygy goraýyş kömegi edilen mahaly çykdajylar ýörite hyzmat ediş gullugy tarapyndan ätiýaçlandyryjynyň adyndan kepillendirilen saglygy goraýyş edarasyna tölenilýär. Ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemek ätiýaçlandyrýana (ätiýaçlandyrylan adama) kömek edilýän mahaly ýörite hyzmatlary we çykdajylary nazara almak bilen, berlen hasaplary tölemek görnüşinde geçirilýär.

Ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagy netijesinde çekilen çykdajylar ätiýaçlandyrýanyň (ätiýaçlandyrylan adamyň) özi tarapyndan tölenilen bolsa, onda ätiýaçlandyryş tölegi ätiýaçlandyryjy tarapyndan gönüden-göni ätiýaçlandyrýana (ätiýaçlandyrylan adama) onuň arzasy, ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polisi) we ätiýaçlandyryja berlen, çekilen çykdajylary tassyklaýan resminamalar (hasaplar, kepilnamalar we başgalar) esasynda tölenilýär. Şonda ähli hasaplar ätiýaçlandyrýanyň (ätiýaçlandyrylan adamyň) adyna resmileşdirilmelidir we onuň kesellemegi, keselden gutulmagy, ýazylyp berlen dermanlar hakyndaky maglumatlary özünde jemlemelidir.

Ätiýaçlandyrýan (ätiýaçlandyrylan adam) kesellän ýa-da aradan çykan ýagdaýynda ony äkitmek-jesedini (onuň galyndylaryny) eltmek boýunça çykdajylaryň öwezini dolmak şol işleri amala aşyran edara ýa-da ynanylan adama ätiýaçlandyryjy tarapyndan şol çykdajylaryň esaslydygyny tassyklaýan resminamalaryň (saglygy goraýyş kartasy, daşamak we eltmek boýunça hasaplar, esaslandyryjy keseliň teswiri we gatnatmagyň-daşamagyň zerurlygy) esasynda berilýär.

Ätiýaçlandyryş pul möçberini ýa-da ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini almak üçin arza we resminamalar ätiýaçlandyryş ýagdaýy bolup geçen gezelençden gaýdyp gelnen pursatdan başlap (rus we türkmen dilinden başga dillerde düzülen resminamalaryň asyl nusgalarynyň terjimesini goşmak bilen) haýal edilmän ätiýaçlandyryja berilmelidir.

Ätiýaçlandyryş pul möçberi ýa-da ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy ätiýaçlandyryjy tarapyndan ähli zerur resminamalar alnandan soň 7 günüň dowamynda tölenilýär.

Ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemek ätiýaçlandyryş pul möçberiniň çäklerinde ony bankda alyjynyň adyna goýuma geçirmek arkaly ýa-da ätiýaçlandyryjynyň pulhanasyndan nagt pulda tölenilýär.

Ätiýaçlandyryş pul möçberi ýa-da ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy durmuş taýdan ätiýaçlandyrmasy, durmuş üpjünçiligi boýunça we ýetirilen zeleliň öwezini dolmak tertibinde ätiýaçlandyrýana (ätiýaçlandyrylan adama) hasaplanylýan pul möçberlerine garamazdan ätiýaçlandyryjy tarapyndan tölenilýär.

Eger ätiýaçlandyryş döwrüniň dowamynda aşakdakylara ýol berlen bolsa, ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş pul möçberini ýa-da ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemekden dolulygyna ýa-da kem-käs boýun gaçyrmaga hukugy bardyr:

- bellenilen möhletlerde bolup geçen ätiýaçlandyryş ýagdaýy hakynda ätiýaçlandyryjy habardar edilmese;
- ätiýaçlandyrýan (ätiýaçlandyrylan adam) tarapyndan ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagyna getiren bilgeşleýin hereketler amala aşyrylsa;
- ätiýaçlandyrýan (ätiýaçlandyrylan adam) bolýan ýurdunyň kazyýetiniň, prokuraturasynyň, polisiýasynyň çözgütleri bilen

tassyklanylan hukuga ters hereketleri, bilkastlaýyn jenaýatlary amala aşyrsa;

- ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyrýanyň tötänleýin ýagdaýda kesellemegi ýa-da betbagtçylykly ýagdaýlary barada ygtybarsyz maglumatlar habar berilse.

Ätiýaçlandyryş pul möçberini ýa-da ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemekden boýun gaçyrmak hakyndaky çözgüt boýun gaçyrmagyň sebäplerini düşündirmek bilen, ätiýaçlandyrýana (ätiýaçlandyrylan adama) ýazmaça görnüşde habar berilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ýüze çykýan jedeller Türkmenistanyň ulanylýan kanunçylygyna laýyklykda kazyýet tarapyndan çözülýär.

## II.XI bap. Ömri meýletin ätiýaçlandyryş

### §2.11.1. Ätiýaçlandyryşy amala aşyrmaklygyň tertibi

Türkmenistanyň döwlet ätiýaçlandyryş guramalary ömri meýletin ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşýarlar. Ätiýaçlandyryş şertnamalary 16 ýaşdan 77 ýaş aralygyndaky şahsy adamlar bilen, ýöne ätiýaçlandyryş şertnamasynyň möhletiniň tamamlanýan wagtynda olaryň ýaşynyň 78-den ýokary bolmazlyk şerti bilen, 1, 3, 5, 10, 15 we 20 ýyl möhlete baglaşylýar.

Ömrüň meýletin ätiýaçlandyryşy ätiýaçlandyrýanyň hut özüne ýa-da başga bir adama degişli bolup biler. Ätiýaçlandyrýanyň üçünji tarapyň peýdasyna (mundan beýläk ätiýaçlandyrylan adamlar) ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşmaga hukugy bar. Eger ömri meýletin ätiýaçlandyryş şertnamasy üçünji tarapyň peýdasyna baglaşylan bolsa, onda bu adamyň ýa-da onuň kanuny wekiliniň ýazmaça razyçylygy hökmanydyr. Ätiýaçlandyrýana aradan çykan ýagdaýynda ätiýaçlandyryş pul möçberini almak üçin islendik adamy (ýa-da birnäçe adamy) bellemäge hukuk berilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe ätiýaçlandyrýan baýraklary (wznoslary) tölän döwlet ätiýaçlandyryş guramasyna ýazmaça görnüşde arza bermek ýa-da bu barada aýratyn görkezme düzmek arkaly üçünji tarapy bellemek hakyndaky görkezmesini üýtgedip biler.

Ätiýaçlandyryş hakyndaky arza, eger adyndan arza berilýän adam işlemeýän I we II topar maýyby bolmasa, är-aýalyň bir-biriniň adyndan, çagalaryň adyndan ene-atalaryň we ene-atalaryň adyndan çagalaryň gol çekmegine ýol berilýär. Bu ýagdaýda ätiýaçlandyrýan hökmünde adyndan arza gol çekilen adam hasaplanylýar, arza hakyky gol çeken adam bolsa, hatda ol ilkinji we soňraky ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) tölän hem bolsa, ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça hiç hili hukuklara eýe bolmaýar. Bu adamynyň özüni diňe ätiýaçlandyrýan (ätiýaçlandyrylan) aradan çykan ýagdaýynda ätiýaçlandyryş pul möçberini alyjy hökmünde görkezmäge hukugy bar.

Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy, durmuş üpjünçiligi boýunça oňa (olara) degişli pul möçberlerine we zeleliň öwezini dolmak tertibinde degişli bolan pul möçberine garamazdan, şertleşilen pul möçberini ýa-da onuň degişli bölegini ätiýaçlandyrýana ýa-da onuň bellän adamsyna (peýda alyja) tölemäge borçludyr.

Ätiýaçlandyrýanyň (ätiýaçlandyrylanyň) ömri, saglygy we ätiýaçlandyryş möhletiniň tamamlanmagy (möhletiň ahyryna çenli ýaşamak) bilen bagly bolan şahsy bähbitleri ätiýaçlandyryşyň obýekti bolup durýar.

*Ätiýaçlandyryş ýagdaýlaryna degişli:*

- ätiýaçlandyryş möhletiniň tamamlanmagy (möhletiň ahyryna çenli ýaşamak);
- aşakdaky ýagdaýlardan başga ýagdaýlarda ätiýaçlandyrýanyň aradan çykmagy almagy:

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş şertnamasynyň güýje giren gününden (1 ýyl ätiýaçlandyryş möhletinde) üç aý geçmäkä we (3 ýyl we ondanam köp ýyla ätiýaçlandyrylanda) 6 aý geçmäkä aşakdakylaryň netijesinde aradan çykan ýa-da şikes alan bolsa:

- howply (onkologiki) keselden ýa-da ýürek-damar ulgamynyň keselinden;

- öz-özüni öldürmegiň (janyna kast etmegiň) ýa-da ätiýaçlandyrylanyň öz-özüne bilgeşleýin ten şikeslerini ýetirmeginiň netijesinde, üçünji tarapyň bikanun hereketleriniň netijesinde ýetirilen ýagdaýlar muňa girmeýär;
- ätiýaçlandyrýanyň ölümi (şikesi) bilkastlaýyn jenaýatçylykly hereketiniň netijesinde bolan bolsa (ätiýaçlandyryş şertnamasynyň güýje giren gününden näçe wagtyň geçendigine garamazdan);
- ätiýaçlandyrýanyň alkogoldan, neşeden ýa-da toksiki maddadan serhoş ýagdaýda içinden otlanylýan hereketlendirijisi ýa-da elektrik hereketlendirijisi bolan islendik özi ýöreýän serişdäni (awtomaşyny, motosikli, motorolleri, mopedi, hereketlendirijili welosipedi, traktory, kombaýny, trolleýbusy we başgalary), kateri ýa-da hereketlendirijili gaýygy dolandyrmagy bilen baglanyşykly, şeýle hem ulag serişdesini dolandyrmagy alkogoldan, neşeden ýa-da toksiki maddadan serhoş ýagdaýdaky adama bermegi netijesinde aradan çykmagy ýa-da şikes almagy (ätiýaçlandyryş şertnamasynyň güýje giren gününden näçe wagtyň geçendigine garamazdan).

*Aşakdakylar hem ätiýaçlandyryş ýagdaýlarydyr:*

- betbagtçylykly hadysanyň netijesinde ätiýaçlandyranyň alan şikesi;
- iýmit toksikoinfeksiýasyndan (salmonellezden, dizenteriýadan) başga, zäherli ösümliklerden, himiki maddalaryndan (önümçilik ýa-da durmuşy), ýaramaz hilli iýmit önümlerinden, dermanlardan ýiti zäherlenmegi, asfiksiýa (demikme), sakyrtga ýa-da sanjymdan soňky ensefalit (ensefalomielit), elektrik togy arkaly (atmosfera elektrigi bilen) zeper ýetmegi, ýylan, awuly mör-möjekleriň çakmagy, bürmek keseli, botulizm;
- çakjagunduz ýa-da sanjymdan soňky ensefaliti (ensefalomiýelit), poliomiýelit, gematogen osteomiýeliti bilen kesellemek;
- patologiki çaga dogurmalary ýa-da agzalaryň (ýatgynyň, ýumurtgalyklaryň, turbalaryň biriniň ýa-da ikisiniň hem aýrylmagy) aýrylmagyna getiren ýatgydan daşky göwrelilik;

- süňkleriň tötänleýin döwük-ýenjigi, çykygy, dişleriň gaçmagy, ýanyklar, nädogry lukmançylyk çäreleriniň geçirilmegi netijesinde synalaryň ýarylmagy (ýaralanmagy) ýa-da olaryň aýrylmagy.

Ýokarda sanalan ýagdaýlar diňe olaryň ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe bolmagy we Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň 2003-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda çykaran № 119 buýrugy bilen tassyklanylan, saglygy goraýyş edarasynyň güwänamasy (195-nji görnüş) bilen tassyklananda ätiýaçlandyryş ýagdaýlary diýlip hasap edilýär.

Ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyrýanyň we ätiýaçlandyryjynyň arasyndaky ylalaşyk boýunça bellenilip, onuň möçberi Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan bellenen iň pes zähmet hakynyň 10 essesinden az bolmadyk möçberde bellenilmelidir.

## § 2.11.2. Ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) tölemegiň tertibi we möçberi

Bir ýyl möhlete baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça ätiýaçlandyryş baýragynyň (wznosynyň ) möçberi her aýda ätiýaçlandyryş pul möçberiniň 9 göterimini düzýär.

3, 5, 10, 15 we 20 ýyl möhlete baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça ätiýaçlandyryş baýraklarynyň (wznoslarynyň) möçberi ätiýaçlandyryş möhletine, ätiýaçlandyrýanyň ýaşyna we ätiýaçlandyryş pul möçberine baglydyr.

Töwekgelçilik gaýtadan ätiýaçlandyryşa geçirilen ýagdaýynda ätiýaçlandyryş nyrhynyň möçberi, töwekgelçiligiň bahalanyşyny hasaba almak bilen, taraplaryň ylalaşygy esasynda we gaýtadan ätiýaçlandyryjynyň gaýtadan ätiýaçlandyryş şertlerine laýyklykda bellenilýär.

Taraplaryň ylalaşygy boýunça ätiýaçlandyryş baýraklary (wznoslary) bir wagtda ýa-da möhletlere bölünip (her ýylda, her çärýekde, soňky aýyň 1-ne çenli her aýda) tölenilip bilner.

*Ätiýaçlandyryş baýraklary (wznoslary ):*

- *nagt däl hasaplaşyk arkaly* – kärhananyň, edaranyň, guramanyň hasaphanasynyň üsti bilen;
- *nagt pul bilen* – ätiýaçlandyryş wekiline ýa-da gönüden-göni ätiýaçlandyryjynyň pulhanasyna tölenip bilner.

Ömri ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) nagt däl hasaplaşyk arkaly geçirmek üçin ätiýaçlandyryş wekili her aýda iki görnüşde sanaw düzýär we guramanyň hasaphanasyna berýär.

Nobatdaky baýrak (wznos ) tölenilmeli aý №183 görnüşli žurnalyň sanawynyň maglumatlarynda görkezilýär.

Atly hasapda birinji ýa-da soňraky ätiýaçlandyryş baýraklarynyň (wznoslarynyň) tölenen senesi hökmünde guramanyň hasaphanasynyň ätiýaçlandyryş guramasynyň hasabyna baýraklary (wznoslary ) geçiren güni görkezilýär.

Ömri meýletin ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça ätiýaçlandyryş guramasy tarapyndan baýraklaryň (wznoslaryň) wagtynda tölenilmegine gündelik gözegçilik bellenilmelidir.

Ätiýaçlandyryş baýraklary (wznoslary ) nagt pulda ätiýaçlandyryş wekiline tölenilse, ätiýaçlandyrýan soňky üç ýyl üçin töleg resminamalaryny saklamaga we ätiýaçlandyryş guramasynyň talaby boýunça görkezmäge borçludyr. Eger ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe käbir aýlar üçin ätiýaçlandyryş baýraklarynyň (wznoslarynyň) tölenilmändigi anyklanylsa, onda ätiýaçlandyryş möhleti tamamlanandan soň olar ätiýaçlandyryş pul möçberinden tutulyp alynýar.

Ätiýaçlandyryş baýraklary (wznoslary ) degişli möçberden az tölenen bolsa, onda tutuş ätiýaçlandyryş döwri üçin doly alynmadyk baýraklaryň (wznoslaryň) umumy möçberi ätiýaçlandyryş pul möçberi tölenende tutulyp alynýar. Eger köp möçberde tölenen bolsa, ätiýaçlandyryş pul möçberi tölenende gaýtarylyp berilmäge degişlidir.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyrýan tarapyndan gol çekilen bellenen görnüşdäki ýazmaça arzasynyň esasynda baglaşylýar. Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň baglaşylandygyny tassyklamak üçin ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny (polisi) berýär.

Ömri meýletin ätiýaçlandyryş boýunça şertnamalaryň hasaby 185-nji žurnalda ýöredilýär.

Her bir baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamasyna №11-b görnüşli žurnal boýunça atly hasabyň nomeri berilýär. Bu belgi ätiýaçlandyryş hakyndaky arzada we ätiýaçlandyryş şahadatnamasynda (polisde) goýulýar.

Ömri meýletin ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça pul möçberlerini tölemek hakyndaky arzalar №184 görnüşli žurnalda hasaba alynýar.

**Ätiýaçlandyryş şertnamalary aşakdaky ýagdaýlarda baglaşylmaýar:**

- I we II topar maýyplary bilen;
- neşe çekýän, toksiki maddalary ulanýan, şeýle hem arakhorlukdan ejir çekýän adamlar bilen;
- durnukly nerw we psihiki bozulmalar sebäpli psihonewrologiýa dispanserinde hasapda duryan adamlar bilen;
- SPID-den ejir çekýän we WIÇ bilen kesellän adamlar bilen.

Eger ätiýaçlandyryş şertnamasynyň şeýle adamlar bilen baglaşylandygy anyklanylsa, onda şeýle şertnama baglaşylan gününden başlap hakyky däl diýlip ykrar edilýär we ätiýaçlandyrýana tölän ätiýaçlandyryş baýraklary (wznoslary) gaýtarylyp berilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan güni sagat 24.00-da güýje girip, şertnamada göz öňünde tutulan möhletiň soňky güni sagat 24.00-da tamamlanýar.

**Ätiýaçlandyryş şertnamasy aşakdaky ýagdaýlarda ýatyrylýar:**

- ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän möhleti tamamlananda (möhletiň ahyryna çenli ýaşamak);
- ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýanyň öňünde şertnama boýunça borçlaryny doly möçberde ýerine ýetirende;
- ätiýaçlandyrýan Türkmenistanyň çäklerinden daşyna hemişelik ýaşamaga gitse.

Ätiýaçlandyrýanyň Türkmenistanyň daşyna hemişelik ýaşamaga gitmegi sebäpli ätiýaçlandyryş şertnamasy ýatyrylan ýagdaýynda oňa tölän ätiýaçlandyryş baýraklary (wznoslary), işi alyp barmaklygyň 7% -nden ybarat bolan çykdajylaryny tutup galmak bilen, gaýtarylyp berilýär.

Nobatdaky baýraklaryň (wznoslaryň) yzygider üç aýyň dowamynda tölenmedik ýagdaýynda dördünji aýyň birinden ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereketi ýatyrylýar. Ýatyrylan şertnama boýunça ätiýaçlandyrýanyň tölän ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny), işi alyp barmaklygyň 7%-nden ybarat bolan çykdajylaryny üstünden aýyrmak bilen, almaga hukugy bar. Emma, eger ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) ýatymlaýyn bejerişde bolandygy sebäpli tölemedik bolsa, ätiýaçlandyryş şertnamasy güýjüni hassahanadan işe çykan gününden soň, ambulator bejerişe geçirilenden ýa-da maýyplyga geçirilen gününden soň 30 gün geçýänçä öz güýjüni saklaýar. Eger ätiýaçlandyrýan bu möhlet tamamlananda wagty geçen, şeýle-de şol aý üçin baýraklary (wznoslary ) bir gezekde tölemese, onda ätiýaçlandyryş şertnamasy ýatyrylýar.

Ätiýaçlandyrýanyň ýazmaça arza bermek bilen ätiýaçlandyryş şertnamasyny möhletinden öň ýatyrmaga hukugy bar. Bu arza berlenden soň ätiýaçlandyryş şertnamasy soňky baýrak (wznos) tölenen aýdan soň gelýän aýyň birinden ýatyrylýar, bu hili ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyrýanyň tölän ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny), işi alyp barmaklygyň 7%-nden ybarat bolan çykdajylaryny üstünden aýyrmak bilen, almaga hukugy bar.

Satyn alyş pul möçberini ätiýaçlandyrýan (ätiýaçlandyrylan), onuň aradan çykan ýagdaýynda bolsa mirasdüşerleri şertnamanyň ýatyrylan gününden üç ýylyň dowamynda almaga hukuklary bar.

Eger ätiýaçlandyrýana satyn alyş pul möçberi tölenilmedik we ätiýaçlandyryş şertnamasynyň baglaşylan möhleti geçmedik bolsa, ätiýaçlandyrýanyň ýatyrylan şertnamany üç ýylyň dowamynda gaýtadan dikeltmäge hukugy bar. Munuň üçin oňa wagty geçen we nobatdaky aý üçin baýraklary (wznoslary) ätiýaçlandyryş işi ýerleşen döwlet ätiýaçlandyryş guramasyna bir gezekde tölemekligi ýeterlikdir.

**Ätiýaçlandyrýanyň ýaşaýan ýa-da işleýän ýerini üýtgetmegi**

Ätiýaçlandyrýan ýaşaýan ýa-da işleýän ýerini Türkmenistanyň çäklerinde üýtgeden ýagdaýynda ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) tölemegini dowam etdirmek üçin täze ýaşaýan (işleýän) ýeri boýunça ätiýaçlandyryş guramasyna öňki baýrak (wznos) tölän ätiýaçlandyryş guramasyndan goýum hasabyny almagyny haýyş edip,

ýazmaça arza bermeli we ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny(polisini), soňky baýragy (wznosy) nagt däl hasaplaşykda töländigi hakyndaky güwänamany bermelidir (ýa-da resminamany, eger soňky baýrak (wznos) nagt pulda tölenen bolsa).

Ätiýaçlandyrýanyň täze ýaşaýan (işleýän) ýeri boýunça işleýän ätiýaçlandyryş guramasy onuň öňki ýaşaýan (işleýän) ýerine atly hasabyny ibermekleri üçin haýyşnama iberýär.

Atly hasaby soramak boýunça gelen arzalar №175 görnüşli žurnalda bellige alynýar.

Ätiýaçlandyryş guramasy atly hasaby alandan soň üç günüň içinde, atly hasabyna täze nomer bermek we №175-a görnüşli žurnalda bellige almak bilen, bu hasaby alan ätiýaçlandyryş guramasyna ony alandygy hakynda tassyknama ibermäge borçludyr.

Ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polisi) ýitirilen ýagdaýynda ätiýaçlandyrýan ýazmaça arza bermek bilen, ätiýaçlandyryjydan onuň öwezligini sorap biler.Ýitirilen ätiýaçlandyryş şahadatnamasy(polis) ätiýaçlandyrýana öwezlik berlenden soň güýjüni ýitiren hasaplanylýar we ol boýunça tölegler tölenilmeýär.

Ätiýaçlandyrýan aradan çykan ýagdaýynda ätiýaçlandyryş şahadatnamasynyň (polisini) öwezligi berilmeýär we ätiýaçlandyryş şertnamasyna degişli ýüze çykýan ähli meseleler ätiýaçlandyryjyda bolan ätiýaçlandyryş şahadatnamasynyň (polisiň) öwezligi esasynda çözülýär.

## §2.11.3. Ätiýaçlandyryş pul möçberini tölemegiň tertibi

Ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň bolandygy hakynda ätiýaçlandyrýan (ätiýaçlandyrylan) ätiýaçlandyryjyny haýal etmän habardar etmäge borçludyr.

Ätiýaçlandyryş pul möçberini ýa-da satyn alyş pul möçberini almak üçin talap soňky ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) tölenen döwlet ätiýaçlandyryş guramasyna ätiýaçlandyryş ýagdaýy bolan ýa-da ätiýaçlandyryş şertnamasynyň möhletinden öň ýatyrylan gününden soň üç ýylyň dowamynda bildirilip bilner. Bu ýagdaýlarda aşakdaky resminamalar berilmelidir:

- *ätiýaçlandyryş möhleti tamamlananda* ätiýaçlandyryş şahadatnamasy ( polisi) we soňky baýrak (wznos) nagt pulda tölenen ýagdaýynda tölenendigi hakynda güwänama;
- *şikes alnanda ýa-da 3.2-nji bölümde göz öňünde tutulan başga ätiýaçlandyryş ýagdaýy bolanda* bellenen görnüşdäki arza, ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polis), şikes alnan gününde ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýändigini tassyklaýan güwänama, eger baýrak (wznos) nagt pulda tölenen bolsa, bejeriş-sagaldyş edarasynyň №195 görnüşli güwänamasy ;
- *şertnama wagtyndan öň ýatyrylanda* satyn alyş pul möçberini almak hakynda arza, ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polis), soňky baýrak (wznos) nagt pulda tölenen ýagdaýynda tölenendigi hakynda güwänama.

**Ätiýaçlandyrýan aradan çykanda:**

- *peýdasyna ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan adam tarapyndan* arza, ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polis), soňky baýrak (wznos) nagt pulda tölenen ýagdaýynda tölenendigi hakynda güwänama; ätiýaçlandyrýanyň aradan çykandygy hakynda bellenen tertipde tassyklanylan ölüm şahadatnamasynyň nusgasy, ätiýaçlandyrýanyň aradan çykan ýagdaýynda ätiýaçlandyryş pul möçberini kime tölemelidigi hakyndaky aýratyn düzülen görkezmesi;
- *ätiýaçlandyrýanyň mirasdüşerleri tarapyndan* arza, ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polis), soňky baýrak (wznos) nagt pulda tölenen ýagdaýynda tölenendigi hakynda güwänama, ätiýaçlandyrýanyň aradan çykandygy hakynda bellenen tertipde tassyklanylan ölüm şahadatnamasynyň nusgasy, mirasa bolan hukuk hakyndaky şahadatnama.

Ätiýaçlandyryş pul möçberi peýdasyna ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan adama tölenilýär. Eger ätiýaçlandyrýanyň aradan çykmagyndan soň, peýdasyna ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan adam hem aradan çyksa we bu adam degişli bolan ätiýaçlandyryş üpjünçiligini alyp ýetişmedik bolsa, onda bu pul möçberi onuň mirasdüşerlerine tölenilýär, olar bolsa ätiýaçlandyryja mirasa bolan hukuk hakyndaky şahadatnamany görkezmelidirler.

Ätiýaçlandyryjy hemme resminamalary alandan soň ätiýaçlandyryş tölegleri 7 günüň içinde töleýär. Ätiýaçlandyryş üpjünçiligi ätiýaçlandyryş pul möçberiniň çäginde alyjynyň bankdaky adyndaky goýumyna geçirmek arkaly, alyjynyň hasabyna poçtaň üsti bilen geçirmek ýa-da ätiýaçlandyryjynyň pulhanasyndan nagt pulda tölemek arkaly amala aşyrylýar. Kämillik ýaşyna ýetmedik tarapa töleg diňe onuň adyndaky goýuma geçirmek arkaly, şol bir wagtda bu hakda hossarlyk guramasyna habar bermek bilen, amala aşyrylýar.

Ätiýaçlandyryş möhleti tamamlananda (ahyryna çenli ýaşamak) ätiýaçlandyrýana (ätiýaçlandyrylana) ätiýaçlandyryş şertnamasynda göz öňünde tutulan ätiýaçlandyryş pul möçberi tölenilýär.

Betbagtçylykly hadysanyň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly tölemäge degişli bolan ätiýaçlandyryş pul möçberi Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 24-nji dekabrynda çykaran №1070 Karary bilen tassyklanan «Howa, demir ýol, deňiz, içerki suw we awtomobil ulaglarynyň ýolagçylarynyň hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasy boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberlerini tölemek üçin bedene ýeten zeperiň agyrlyk derejesini kesgitlemegiň kadalaryna» laýyklykda hem-de saglygy goraýyş edarasynyň №195 görnüşli delilihaty esasynda hasaplanylýar.

Eger ätiýaçlandyrýanyň ýumşak dokumalaryna, görüş, eşidiş ýa-da peşew-jynsy ulgamynyň synalaryna zeper ýeten bolsa, onda ol şeýle zeper ýetmeleriň zyýanly netijelerini kesgitlemek üçin hünärmen lukmana güwä geçilmäge ätiýaçlandyryjy tarapyndan iberlip bilner.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe bolan bir ýa-da birnäçe ätiýaçlandyryş ýagdaýlary boýunça tölenýän tölegleriň umumy möçberi ätiýaçlandyryş pul möçberinden köp bolmaly däldir.

**Ätiýaçlandyryjy:**

a) ätiýaçlandyrýany ätiýaçlandyryş şertleri bilen tanyşdyrmaga;

b) ätiýaçlandyrýana (ätiýaçlandyrylana) ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny (polisi) gowşurmaga;

ç) ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda ätiýaçlandyrýana (ätiýaçlandyrylana) ätiýaçlandyryş pul möçberini ätiýaçlandyryş şertnamasynda bellenilen tertipde we möhletlerde tölemäge;

d) öz hünär işi netijesinde ätiýaçlandyrýan (ätiýaçlandyrylan) hakyndaky alan maglumatlaryny aýan etmezlige borçludyr.

**Ätiýaçlandyrýan:**

a) ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) wagtynda tölemäge;

b) betbagtçylykly hadysa ýüze çykan mahaly şeýle halatyň ýüze çykandygy hakynda ätiýaçlandyryjyny haýal etmän habardar etmäge borçludyr.

## II.XII bap. Raýat-hukuk jogapkärçiliginiň meýletin ätiýaçlandyrylyşy

### § 2.12.1. Ätiýaçlandyrmagyň tertibi, obýekti

Türkmenistanyň döwlet ätiýaçlandyryş guramalary raýatlar (şahsy adamlar) we edara görnüşindäki taraplar (ätiýaçlandyrýanlar) bilen beýleki adamlaryň (üçünji tarapyň) ömrüne, saglygyna ýa-da emlägine zyýan ýetirilmegi netijesinde ýüze çykýan borçnamalar boýunça raýat-hukuk jogapkärçiliginiň meýletin ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşýarlar.

Raýat-hukuk jogapkärçiligini ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe üçünji tarapyň öňünde ýüze çykýan jogapkärçilik boýunça ätiýaçlandyrýany üstüne ýüklenilýän borçnamalardan boşatmaga borçludyr.

Üçünji tarapyň (ejir çekenleriň) şahsyýetine ýa-da emlägine ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak boýunça tarapyň borjuna raýat-hukuk jogapkärçiligi diýilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilen işi (mundan beýläk ätiýaçlandyrylan iş, raýat-hukuk jogapkärçiliginiň töwekgelçiligi) amala aşyrmagy bilen baglanyşykly üçünji tarapa ýetirilen zyýan netijesinde onda ýüze çykýan borçnamalar bilen baglanyşykly ätiýaçlandyrýanyň şahsy we emläk bähbitleri şu kadalar boýunça ätiýaçlandyryş obýektidir.

*Ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça:*

- üçünji tarapyň ömrüne we saglygyna ýetirilen zyýan üçin;
- üçünji tarapyň emlägine ýetirilen zyýan üçin;
- üçünji tarapyň ömrüne, saglygyna we emlägine ýetirilen zyýan üçin raýat hukuk jogapkärçiliginiň töwekgelçiligi ätiýaçlandyrylyp bilner.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe bolup geçen waka ätiýaçlandyryş ýagdaýydyr.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwrüniň dowamynda ýüze çykan hem-de:

- üçünji tarapyň ömrüne we saglygyna;
- üçünji tarapyň emlägine;
- üçünji tarapyň ömrüne, saglygyna we emlägine zyýan ýetirilmegine getiren ätiýaçlandyryş ýagdaýy netijesinde üçünji tarapyň özlerine ýetirilen zyýanyň öweziniň dolunmagy hakynda ätiýaçlandyrýana nägilelik bildiren ýagdaýynda ätiýaçlandyryş goragyny berýär.

Ätiýaçlandyryş goragy berilýän işiň anyk görnüşi ätiýaçlandyryş şertnamasynda kesgitlenilýär.

*Aşakdakylara ätiýaçlandyryş goragy degişli däldir:*

- bilgeşleýin zyýan ýetiren ätiýaçlandyrýana we onuň işgärlerine;
- harby hereketler, köpçülikleýin bidüzgünçilikler netijesinde ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak hakynda islendik talaplara;
- töwekgelçiligiň derejesini mese-mälim ýokarlandyrýan, umumylykda kabul edilen ölçeglere laýyklykda ätiýaçlandyryjy tarapyndan ylalaşylan möhletiň dowamynda düzedilmeginiň zerurdygy görkezilen ýagdaýlaryň ätiýaçlandyrýan tarapyndan düzedilmezligi netijesinde ýüze çykan zyýanyň öwezini dolmak hakyndaky talaplara;
- hapa maddalaryň birsyhly çykarylmagy we dökülmegi, şeýle hem ätiýaçlandyrýanyň işgärleriniň işindäki başdansowmalyk netijesinde ýüze çykan wakalara;
- radioaktiw hapalanmalary, şöhlelenme we ýadro ýangyjyny peýdalanmak bilen baglanyşykly işiň beýleki zyýanly netijeleri sebäpli ýüze çykan wakalara;

14. Sargyt № 2539

- peýdalanylýan, şol sanda ulanmagyň kadalaşdyryjy möhletinden artyk peýdalanylýan gurnamalaryň, enjamlaryň, serişdeleriň könelmegi netijesinde ýüze çykan wakalara;
- ätiýaçlandyrýanyň kanunlary, kararlary, pudaklaýyn we önümçilik kadalaryny, ölçeglerini hem-de kadalaşdyryjy resminamalary bozmagy bilen ýüze çykan wakalara;
- önümçiligiň howpsuzlygyna gözegçilik etmek üçin jogapkär ýolbaşçylaryň we wezipeli adamlaryň günäsi bilen bolup geçen wakalara.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyrýan bilen ätiýaçlandyryjynyň arasynda ylalaşylyp, töwekgelçiligiň her bir görnüşi (fiziki zelel, emläk babatda ýetirilen zelel) boýunça jogapkärçiligiň bellenilen möçberiniň çäklerinde bellenilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylanda her bir ätiýaçlandyryş ýagdaýy boýunça ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemegiň aňryçäk möçberleri (ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiliginiň bellenilen möçberleri) bellenilýär. Bir ätiýaçlandyryş ýagdaýy boýunça ätiýaçlandyryş öwezini dolmasynyň tölegi hiç bir şertlerde jogapkärçiligiň bellenilen möçberinden geçmeli däldir.

Taraplaryň ylalaşmagy boýunça üçünji tarapyň saglygyna zeper ýetmegi ýa-da ölmegi bilen baglanyşykly emläk taýdan ýetirilen zelel, şahsy zelel boýunça aýratynlykda jogapkärçiligiň bellenilen möçberiniň çäklerinde ätiýaçlandyryş tölegleriniň aňryçäk möçberleri bellenilip bilner.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynda çekilen zelelleri tölemäge ätiýaçlandyrýanyň hut özüniň gatnaşmagy (franşiza) göz öňünde tutulyp bilner. Bu ýagdaýda ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy franşizanyň möçberinden artyk tölenilýär. Franşizanyň möçberinden artmaýan zelelleriň öwezi dolunmaga degişli däldir.

Franşiza şertli ýa-da şertsiz bolup, ol ätiýaçlandyryş pul möçberinden (jogapkärçiligiň bellenilen möçberlerinden) göterimlerde ýa-da bellenilen möçberde ýetirilen zyýanyň ählisi ýa-da aýry-aýry görnüşleri üçin bellenilýär.

Şertli franşizada ätiýaçlandyryjy, eger ýetirilen zyýan üçin tölegleriň möçberi franşizanyň möçberinden geçmeýän bolsa, onda

ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemek baradaky borçnamalaryndan boşadylýar, eger tölegleriň möçberi franşizadan geçýän bolsa, onda ätiýaçlandyryjy ýetirilen zyýanyň möçberinde ätiýaçlandyryş tölegini töleýär.

Şertsiz franşizada ätiýaçlandyryjy franşizanyň bellenen möçberinde (ýetirilen zyýanyň möçberine doly ýa-da göterim gatnaşygynda) ýetirilen zyýan üçin her bir öwezini dolma boýunça ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemekden boşadylýar.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynda franşizanyň ulanylmagy ätiýaçlandyryş nyrh möçberini azaltmak üçin esas bolup hyzmat edip biler. Franşizany ulanmagyň töwekgelçiligi ätiýaçlandyryşa kabul etmegiň hökmany şerti bolýan ýagdaýlary muňa girmeýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan güni sagat 24.00-da başlanýar we şertnamada göz öňünde tutulýan möhletiň soňky güni sagat 24.00-da tamamlanýar.

*Ätiýaçlandyryş şertnamasy aşakdaky ýagdaýlarda bes edilýär:*

- hereket edýän möhleti tamamlananda;
- ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýanyň öňündäki şertnama boýunça borçnamalaryny doly möçberde ýerine ýetirende;
- ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) şertnama arkaly bellenilen möçberde tölemese;
- edara görnüşindäki tarap bolup durýan ätiýaçlandyrýan ýapylanda ýa-da şahsy tarap bolup durýan ätiýaçlandyrýan aradan çykanda;
- kazyýetiň çözgüdi boýunça ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereketi bes edilende;
- Türkmenistanyň ulanylýan kanunçylygy arkaly göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy, onuň şertleri boýunça göz öňünde tutulan bolsa ýa-da taraplaryň özara ylalaşygy boýunça ätiýaçlandyrýanyň ýa-da ätiýaçlandyryjynyň talap etmegi bilen möhletinden öň bes edilip bilner.

Taraplar ätiýaçlandyryş şertnamasyny möhletinden öň bes etmek meýli hakynda birek-birege ätiýaçlandyryş şertnamasynyň bes edilmeginiň çak edilýän senesine çenli azyndan 30 gün öňünden habardar etmäge borçludyr.

Şertnama möhletinden öň bes edilen ýagdaýynda ätiýaçlandyrýanyň talap etmegi boýunça ätiýaçlandyryjy oňa çekilen çykdajylary tutup galmak bilen, şertnamanyň geçmedik möhleti üçin ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) gaýtaryp berýär. Eger ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyryjy tarapyndan şu kadalary bozmak bilen baglanyşykly bes edilýän bolsa, onda ol ätiýaçlandyrýana onuň tölän ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) dolulygyna gaýtaryp berýär.

Ätiýaçlandyryş, ätiýaçlandyryş guramasynyň talap etmegi boýunça möhletinden öň bes edilen mahaly, ol ätiýaçlandyrýana onuň tölän ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) dolulygyna gaýtaryp berýär. Eger ätiýaçlandyryş guramasynyň talaby ätiýaçlandyrýanyň şu kadalaryň şertlerini ýerine ýetirmezligi bilen şertlenen bolsa, onda ol ätiýaçlandyrýana çekilen çykdajylary tutup galmak bilen, şertnamanyň geçmedik möhleti üçin ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) gaýtaryp berýär.

Türkmenistanyň raýat kanunçylygynda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan pursatyndan başlap, hususan-da, eger:

- şertnama ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanyndan soň baglaşylan bolsa;
- kazyýetiň kanuny güýje giren degişli çözgüdi esasynda bahasy tölenilmän elden alynmaga degişli emläk ätiýaçlandyrylýan bolsa, hakyky däl diýlip ykrar edilip bilner.

## §2.12.2. Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) we ony tölemegiň tertibi

Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) ätiýaçlandyrýanyň ätiýaçlandyryş şertnamasyna laýyklykda ätiýaçlandyryja tölemäge borçly bolan ätiýaçlandyryş üçin tölegidir.

Ätiýaçlandyryş baýraklarynyň (wznoslarynyň) möçberi jogapkärçiligiň bellenilen möçberlerinden, nyrh möçberlerinden, ätiýaçlandyryş möhletinden we franşizadan ugur alnyp hasaplanylýar (*1-nji goşundy*).

*1-nji goşundy*

**Bir ýyllyk ätiýaçlandyryş möhleti bilen raýat-hukuk jogapkärçiliginiň meýletin ätiýaçlandyryşy boýunça (ätiýaçlandyryş pul möçberinde %-de)**
**NYRH MÖÇBERLERI**

| № | Töwekgelçiligiň ady | Nyrh möçberi |
|---|---|---|
| | Ähli töwekgelçiliklerden raýat jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşy boýunça, şol sanda: | |
| | – üçünji tarapyň ömrüne we saglygyna ýetirilen zyýan üçin; | 0,5 |
| | – üçünji tarapyň emlägine ýetirilen zyýan üçin; | 0,4 |
| | – üçünji tarapyň ömrüne, saglygyna we emlägine ýetirilen zyýan üçin | 0,9 |

Her bir anyk ýagdaýda töwekgelçiligiň derejesinden we ätiýaçlandyryş pul möçberinden ugur almak bilen, ätiýaçlandyryş baýragynyň (wznosynyň) möçberleri bellenilen mahaly peseldiji (1,0-den 0,5-e çenli) we ýokarlandyryjy (1,0-den 5,0-e çenli) derejeleri ulanmak mümkindir.

Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) nagt pul ýa-da nagt däl hasaplaşyk boýunça tölenilip bilner.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy bir ýyldan az möhlete baglaşylan mahaly ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) bir wagtyň özünde ätiýaçlandyryşyň ähli möhleti üçin tölenilmelidir. 1 ýyl möhlete ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan mahaly ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) birnäçe tapgyrlarda (gaýra goýup) tölemek hukugy berlip bilner.Ýöne şonda ol ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) şertnamada göz öňünde tutulan möhletlerde tölemäge borçludyr.

Bir ýyldan az möhlete ätiýaçlandyrylan mahaly ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) hasaplanylan baýragyň (wznosyň) ýyllyk möçberinden aşakdaky göterimlerde tölenilýär:

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1 aý üçin | 20% | 6 aý üçin | 70% |
| 2 aý üçin | 30% | 7 aý üçin | 75% |
| 3 aý üçin | 40% | 8 aý üçin | 80% |
| 4 aý üçin | 50% | 9 aý üçin | 85% |
| 5 aý üçin | 60% | 10 aý üçin | 90% |
| | | 11 aý 1üçin | 95% |

Eger ätiýaçlandyryş şertleri bilen başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) ätiýaçlandyryş pul möçberiniň kesgitlenilen pulunda tölenilýär.

Ilkinji ýa-da bir gezeklik ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) wagtynda tölenilýänçä ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan erkindir.

Eger ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) wagtynda tölenilmese, ätiýaçlandyryjy ony tölemek üçin iki hepdelik möhleti ýazmaça belläp biler. Şonda möhletiniň geçirilmeginiň getirýän netijeleri görkezilmelidir.

Ätiýaçlandyryjy tarapyndan kesgitlenilen möhlet geçeninden soň ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çyksa we şol wagta çenli ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) girizmegiň ýa-da onuň bir bölegini tölemegiň wagtyny geçirse, ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan boşadylýar.

Töwekgelçilik gaýtadan ätiýaçlandyryşa geçirilen ýagdaýynda ätiýaçlandyryşyň şertleri we ätiýaçlandyryş nyrhlarynyň möçberleri halkara ätiýaçlandyryş bazaryndaky töwekgelçiligiň bahalanyşyny we gaýtadan ätiýaçlandyryş şertlerini hasaba almak bilen, taraplaryň ylalaşygy boýunça bellenilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamalary 1 ýyldan az möhlete, 1 ýyla we ondan köp möhlete baglaşylýar.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyrýanyň ýazmaça arzasy esasynda baglaşylýar (*2-nji goşundy*).

*2-nji goşundy*

______________________________
döwlet ätiýaçlandyryş guramasyna
______________________ tarapyndan
(ätiýaçlandyrýanyň ady, salgysy)

**Raýat-hukuk jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşy boýunça**
**ARZA**

Ätiýaçlandyrýan______________________________________
(guramanyň ady, şahsy adamyň familiýasy, ady, atasynyň ady)

_____________________________________________________

Hukuk salgysy_____________________ Telefony___________
(şahsy adamyň ýaşaýan ýeri)

şu töwekgelçilikler:

a) üçünji tarapyň ömrüne we saglygyna ýetirilen zyýan;

b) üçünji tarapyň emlägine ýetirilen zyýan;

ç) üçünji tarapyň ömrüne, saglygyna we emlägine ýetirilen zyýan boýunça raýat-hukuk jogapkärçiligini meýletin ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmagy haýyş edýär.

Ätiýaçlandyryş möhleti: 20__ ý.__________aýynyň «___»-dan
20__ ý. __________aýynyň «___» aralygy.

Umumy ätiýaçlandyryş pul möçberi ________________________________
(möçberi ýazmaça)

şol sanda şu töwekgelçilikler boýunça:

a) üçünji tarapyň ömrüne we saglygyna ýetirilen zyýan____________

b) üçünji tarapyň emlägine ýetirilen zyýan____________________,

ç) üçünji tarapyň ömrüne, saglygyna we emlägine ýetirilen zelel ______________________________________________________;

Ýyllyk dolanyşygyň möçberi pul beýanynda ______________________

Kärhananyň önümçilik işi hakyndaky maglumatlar __________________

Önümçiligiň barşynyň häsiýeti, çig malyň we serişdeleriň peýdalanylýan görnüşleri, öndürilýän önümler hakyndaky maglumatlar ______________________________________________________

Ätiýaçlandyrýanyň töweregindäki çäkler hakyndaky maglumatlar ____________________________________________
(ilatyň sany, gürlügi, peýdalanylýan meýdanlaryň häsiýeti)

Beýleki maglumatlar________________________________________

_____________________ 20__ ý.______________aýynyň «___».
(ätiýaçlandyrýanyň goly)

Şertnama baglaşylýan mahaly ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryja onuň orta atan, ätiýaçlandyryş töwekgelçiligine baha bermäge mümkinçilik berýän ähli sowallaryna jogap bermäge borçludyr.

Ätiýaçlandyrýan şertnama baglaşylanda howpuň döremegi ýa-da ätiýaçlandyryş ýagdaýy üçin düýpli ähmiýeti bolan, özüne mälim bolan ähli ýagdaýlary ätiýaçlandyryja habar bermelidir. Ätiýaçlandyryjynyň şertnamadan ýüz öwürmegine ýa-da ony üýtgedilen mazmun bilen baglaşmagyna täsir edip biljek ýagdaýlar düýpli ýagdaýlardyr.

Ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyrýandan ýazmaça aýdyň we düşnükli ýagdaýda talaby hem düýpli ýagdaý hasap edilýär.

Eger ätiýaçlandyryja düýpli ýagdaýlar barada habar berilmese, onda ol şertnamadan ýüz öwrüp biler. Ätiýaçlandyryjynyň düýpli ýagdaý hakynda habar bermekden öňünden niýet edip boýun gaçyrmagy hem şeýle mana eýedir.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan mahaly ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş töwekgelçiligine nyrh kesmäge, hususan-da, raýat-hukuk jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşyny göz öňünde tutýan ätiýaçlandyrýanyň amala aşyrýan işiniň aýratynlyklary bilen tanyşmaga hukugy bardyr.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryjynyň gol çeken ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny(polisini) gowşurmak arkaly resmileşdirilýär (*3-nji goşundy*).

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polisi) ýitirilen ýagdaýynda ätiýaçlandyrýana ýazmaça arzasynyň esasynda öwezligi berilýär, şondan soň ýitirilen şahadatnama hakyky däl diýlip hasap edilýär we şol şahadatnama boýunça ätiýaçlandyryş tölegleri tölenilmeýär.

*3-nji goşundy*

**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET ÄTIÝAÇLANDYRYŞ GURAMASY RAÝAT-HUKUK JOGAPKÄRÇILIGINIŇ MEÝLETIN ÄTIÝAÇLANDYRYŞY BOÝUNÇA ÄTIÝAÇLANDYRYŞ ŞAHADATNAMASY POLISI №____**

**Tapgyry______******

**ÄTIÝAÇLANDYRÝAN** ____________________________________

(guramanyň ady, şahsy adamyň A.,Aa., F.)

________________________________________________________

(hukuk salgysy, şahsy adamyň ýaşaýan ýeri)

**ÄTIÝAÇLANDYRYJY** ____________________________________

**Salgysy** ____________________________________________

**Ätiýaçlandyryş obýekti** ______________________________________

**Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň möhleti:** 20__ý._____aýynyň «___»-dan
20__ý._________aýynyň «___» aralygy

**Umumy ätiýaçlandyryş pul möçberi** ____________________________
(möçberi san bilen we ýazmaça)

şol sanda şu töwekgelçilikler boýunça:

a) üçünji tarapyň ömrüne we saglygyna ýetirilen zyýan ___________
______________________________________________________________;
(möçberi san bilen we ýazmaça)

b) üçünji tarapyň emlägine ýetirilen zyýan ______________________
______________________________________________________________;
(möçberi san bilen we ýazmaça)

ç) üçünji tarapyň ömrüne, saglygyna we emlägine ýetirilen zyýan____
______________________________________________________________
(möçberi san bilen we ýazmaça)

**Şertnama boýunça franşiza**_____________________________________

**Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy)**

**Töleg şertleri**_______________________________________________

Birinji ýa-da bir gezekki ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) öz wagtynda tölenýänçä ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan azatdyr.

**Beýleki şertler** ______________________________________________

_______________________________ __________________

(welaýat, şäher, etrap) (goly)

döwlet ätiýaçlandyryş guramasy

Ätiýaçlandyryşyň şertleri bilen tanyşdym _______________________
(ätiýaçlandyrýanyň goly)

20 __ ý._________aýynyň «___» ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polisi) berildi.

**Bellik:** Ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda ätiýaçlandyrýan ýüze çykan ýagdaý barada ätiýaçlandyryja haýal etmän habar bermäge borçludyr.

## § 2.12.3. Ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykan mahaly taraplaryň borçlary

Ätiýaçlandyrýana üçünji tarapa zyýan ýetirilmegi hakynda mälim bolandan soň, ol aşakdakylara borçludyr:

- bolup geçen ýagdaý barada habar bermegiň ýagdaýyny dogruçyl hasaba almaga mümkinçilik berýän özüne elýeterli usulda ätiýaçlandyryjyny haýal etmän habardar etmäge;
- degişli ygtyýarly edaralara ýetirilen zyýan hakynda haýal etmän habar bermäge;
- ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň sebäplerini, dowam edişini we getirýän zyýanly netijelerini anyklamak üçin ähli zerur çäreleri görmäge;
- ätiýaçlandyryş ýagdaýy bilen baglanyşykly özüne bildirilýän ähli talaplar hakynda ätiýaçlandyryjyny haýal etmän habardar etmäge;
- ýetirilen zeleliň öňüni almak we ony azaltmak boýunça hem-de üçünji tarapyň ömrüni halas etmek boýunça mümkin bolan hem-de maksadalaýyk ähli çäreleri görmäge;
- zeper ýeten emlägi gözden geçirmäge we ýetirilen zyýanyň möçberini bellemäge ätiýaçlandyryjynyň gatnaşmagyny ätiýaçlandyrýana elýeterli bolan derejede üpjün etmäge;
- ätiýaçlandyryş ýagdaýy boýunça ýetirilen zeleliň öwezni dolmak hakyndaky talaplar bildirilen ýagdaýynda kazyýet goragynda we kazyýete dahylsyz goragda ätiýaçlanadyryja mümkin bolan ähli ýardamy bermäge;
- ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň sebäplerine, dowam etmegine we getiren zyýanly netijelerine baha bermäge mümkinçilik berýän özüne elýeterli ähli habar-maglumatlary hem-de resminamalary bermäge;

Ätiýaçlandyryjynyň ýazmaça razylygy bolmazdan zyýan ýetirilmegi bilen baglanyşykly bildirilen talaby ykrar etmezlige, şeýle talaplary düzgünleşdirmek boýunça öz üstüne haýsydyr bir borçnamalary kabul etmezlige, şeýle hem ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly üçünji tarapa haýsydyr bir tölegleri tölemezlige.

Üçünji tarapyň emlägine ýetirilen zyýan üçin ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykandygy hakyndaky habary alanyndan soň ätiýaçlandyryjy aşakdakylara borçludyr:

- 3 günüň dowamynda ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykan ýerini gözden geçirmäge, ätiýaçlandyryş ýagdaýy hakynda güwänamany (*4-nji goşundy*) düzmäge we ätiýaçlandyrýan tarapyndan berlen resminamalaryň esasynda ýetirilen zeleliň möçberini kesgitlemäge;

*4-nji goşundy*

**Raýat-hukuk jogapkärçiliginiň meýletin ätiýaçlandyryşy boýunça**
**ÄTIÝAÇLANDYRYŞ HALATY HAKYNDAKY GÜWÄNAMA**

№______ nägilelige

1.Ätiýaçlandyrýan________________________________________
2. №_____ ätiýaçlandyryş şahadatnamasy-polisi
3. Ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň senesi __________________________
4. Nägilelik bildirmegiň senesi ________________________________
5. Gözden geçirmegiň senesi__________________________________
6. Ýetirilen zeleliň teswiri:
a) üçünji tarapyň ömrüne we saglygyna ýetirilen zyýan üçin________
b) üçünji tarapyň emlägine ýetirilen zyýan üçin__________________
ç) üçünji tarapyň, ömrüne, saglygyna we emlägine ýetirilen zyýan üçin
______________________________________________________
7. Ätiýaçlandyrýan tarapyndan ýetirilen zelele baha bermek
________________
8. Abatlamak/çalyşmak talap edilýär___________________________
9. Bellik _________________________________________________

| Ätiýaçlandyryjy | Ätiýaçlandyrýan |
| --- | --- |
| ________________________ | ________________________ |
| (goly) | (goly) |

- ätiýaçlandyryş öwezini dolmagyň möçberiniň hasaplamasyny düzmäge;
- bellenilen möhletlerde ätiýaçlandyryş ýagdaýy hakyndaky güwänamanyň, ygtyýarly edaralaryň resminamalarynyň esasynda ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemäge.

Eger ätiýaçlandyrýan görkezilen borçlary ýerine ýetirmese, ätiýaçlandyryjynyň zeleliň ýüze çykmagyna ýa-da möçberiniň artmagyna getiren derejede ätiýaçlandyryş öwezini dolmagy tölemekden boýun gaçyrmaga haky bardyr.

## § 2.12.4. Ätiýaçlandyryş öwezini dolmagy tölemegiň tertibi

Äiýaçlandyryjy üçünji tarapyň ömrüne we saglygyna zyýan ýetirilmegi bilen baglanyşykly ýetirilen zeleliň möçberini we ätiýaçlandyryş öwezini dolmagyň möçberini zelel ýetirilmeginiň ýagdaýlary we onuň zyýanly netijeleri hakynda ygtyýarly edaralaryň (saglygy goraýyş edaralarynyň, lukmançylyk-zähmet bilermenler toparlarynyň we başg.) resminamalarynyň esasynda kesgitleýär.

Ätiýaçlandyryş pul möçberiniň betbagtçylykly ýagdaý netijesinde tölenilmäge degişli möçberi Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 24-nji dekabrynda çykaran №1070 karary bilen tassyklanylan «Howa, demir ýol, deňiz, içerki suw we awtomobil ulaglarynda ýolagçylaryň hökmany döwlet ätiýaçlandyryşy boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberlerini tölemek üçin alnan zeperiň agyrlyk derejesini kesgitlemegiň kadalaryna» laýyklykda we saglygy goraýyş edaralarynyň №195 görnüşdäki delilhatlarynyň esasynda kesgitlenilýär.

Şahsy adamlaryň saglygyna ýetirilen zyýan üçin ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy oňa durmuş taýdan ätiýaçlandyryş we durmuş taýdan üpjün ediş boýunça hasaplanylýan pul möçberlerine garamazdan tölenilýär.

Üçünji tarapyň emlägine ýetirilen zyýan üçin zeleliň möçberini ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş ýagdaýy hakyndaky güwänamanyň (4-nji goşunda ser.) maglumatlarynyň, zeper ýeten emlägiň hakyky bahasynyň, ätiýaçlandyryş pul möçberiniň we beýleki resminamalaryň, ygtyýarly edaralaryň ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagynyň sebäpleri hakyndaky netijenamasynyň esasynda kesgitleýär.

Zelel ýetmeginiň sebäpleri we onuň möçberi hakynda taraplaryň arasynda jedeller ýüze çykan ýagdaýynda taraplaryň her biriniň seljermeleri geçirmegi talap etmäge hukugy bardyr. Seljerme ony geçirmegi talap eden tarapyň hasabyna geçirilýär.

Üçünji tarapyň emlägine ýetirilen zyýan üçin ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy aşakdaky ýagdaýlarda tölenilýär:

- emläk doly ýok edilen mahaly bar bolan galyndylaryň bahasyny tutup galmak bilen, onuň hakyky bahasyna barabar möçberde, ýöne ätiýaçlandyryş pul möçberinden (ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiliginiň bellenilen möçberinden) köp bolmadyk möçberde;
- emläge kem-käs zeper ýeten mahaly dikeldiş çykdajylaryna, ýagny ätiýaçlandyrylan zatlary gönüden-göni ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykmazynyň öň ýanynda bolan ýagdaýyna dikeltmek üçin zerur bolan çykdajylara barabar möçberde.

Üçünji tarapa emläk zyýany ýetirilen mahaly, eger şu waka ätiýaçlandyryş ýagdaýy diýlip ykrar edilen bolsa, onda çak edilýän ätiýaçlandyryş ýagdaýy boýunça kazyýetlerde işleri ýöretmek baradaky çykdajylar ätiýaçlandyryş öwezini dolmasynyň möçberlerine goşulýar.

Töwekgelçilik gaýtadan ätiýaçlandyryşa geçirilen ýagdaýynda ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy daşary ýurtly gaýtadan ätiýaçlandyryjynyň kabul eden jogapkärçiligini nazara almak bilen tölenilýär, ol bolsa gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamasy bilen düzgünleşdirilýär.

Üçünji tarapyň emlägine ýetirilen zyýan boýunça ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemek üçin ätiýaçlandyrýan aşakdaky resminamalary ätiýaçlandyryja bermelidir:

- Ätiýaçlandyryş pul möçberini (ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny) almak üçin arzany (*5-nji goşundy*).

*5-nji goşundy*

______________________________________________

(welaýat, şäher, etrap)

döwlet ätiýaçlandyryş guramasyna ____________________ tarapyndan

(ätiýaçlandyrýanyň ady we salgysy)

**A R Z A**

______________________________________ bolup geçen

(ýyly, aýy, güni)

______________________________________ bilen baglanyşykly

(ätiýaçlandyryş wakasynyň häsiýetini görkezmeli)

raýat-hukuk jogapkärçiliginiň meýletin ätiýaçlandyryşy boýunça ________

______________________________________________________________

ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemegiňizi Sizden haýyş edýärin.

Arza şu resminamalar goşulýar:________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

______________________________________________________________

20__ ý.____________ aýynyň «___» ______________________

(Ätiýaçlandyrýanyň goly)

- ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagynyň sebäpleri hakyndaky resminamalary, ygtyýarly edaralaryň netijenamasyny;
- wakanyň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly ätiýaçlandyryja bildirilýän hak isleg talaplaryny;
- ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny (polisini)(*3-nji goşundy*);

Üçünji tarapyň ömrüne we saglygyna ýetirilen zyýan boýunça ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemek üçin aşakdaky resminamalary tabşyrmak zerurdyr:

- üçünji tarapyň saglygyna ýetirilen zyýan üçin bellenilen görnüşdäki arza (*5-nji goşundy*), ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polisi) (*3-nji goşundy*), bejeriş edarasynyň №195 görnüşdäki delilhaty;
- üçünji tarap aradan çykan ýagdaýynda˜ bellenilen görnüşdäki arza (*5-nji goşundy*), ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polisi) (*3-nji goşundy*), üçünji tarapyň aradan çykandygy hakyndaky şahadatnamanyň kepillendiriş tertibinde güwä geçilen göçürme nusgasy, mirasa hukuk üçin şahadatnama.

Ýokarda sanalyp geçilen wakalar, eger olar ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe ýüze çykan, saglygy goraýyş edarasynyň Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň 2003-nji ýylyň 29-njy sentýabrynda çykaran №119 buýrugy bilen tassyklanylan, №195 görnüşdäki delilhaty bilen tassyklanylan bolsa, şeýle şertlerde ätiýaçlandyryş ýagdaýy diýlip ykrar edilýär.

Ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy ätiýaçlandyryjy tarapyndan ähli resminamalar alnandan soň 7 günüň dowamynda tölenilýär.

Ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy ony bankda alyjynyň adyna goýuma geçirmek arkaly ýa-da ätiýaçlandyryjynyň pulhanasyndan nagt pul bilen ätiýaçlandyryş pul möçberiniň çäklerinde tölenilýär.

Şertnamanyň hereket edýän döwrüniň dowamynda aşakdakylara ýol berlen bolsa, ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryş tölegini tölemekden boýun gaçyrmaga ätiýaçlandyryjynyň haky bardyr:

- ätiýaçlandyrýanyň (ätiýaçlandyrylan tarapyň) ýa-da peýda alyjynyň ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagyna gönükdirilen bilgeşleýin hereketine;
- ätiýaçlandyrýan ýa-da peýdasyna ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan adam tarapyndan ätiýaçlandyryş ýagdaýy bilen gönüden-göni arabaglanyşygy bolan bilgeşleýin jenaýatyň edilmegine;
- ätiýaçlandyrýan tarapyndan ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyryş obýekti, ätiýaçlandyryş töwekgelçiliginde üýtgetmeler we çekilen zeleliň möçberi barada bilgeşleýin galp maglumatlaryň habar berilmegine;
- ätiýaçlandyryş ýagdaýy hakynda ätiýaçlandyryja habar bermegiň möhletiniň bozulmagyna ýa-da zelel ýetirilmeginiň ýagdaýyny we ýetirilen zeleliň möçberini tassyklaýan resminamalaryň berilmezligine;
- mümkin bolan ýitgileri azaltmak üçin ätiýaçlandyrýanyň akylly-başly we özi üçin elýeterli çäreleri bilgeşleýin görmänligi netijesinde zelelleriň ýüze çykmagyna.

Ätiýaçlandyryş tölegini tölemekden boýun gaçyrylmagy baradaky çözgüt ätiýaçlandyrýana boýun gaçyrmagyň sebäplerini esaslandyrmak bilen, ýazmaça görnüşde habar berilýär. Ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş pul möçberini (ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny) tölemekden boýun gaçyrmagy barada ätiýaçlandyrýan tarapyndan kazyýete şikaýat edilip bilner.

# II.XIII bap. Şahsy adamlara degişli mallaryň meýletin ätiýaçlandyrylyşy

## §2.13.1. Ätiýaçlandyrmagyň tertibi, obýekti

Türkmenistanyň döwlet ätiýaçlandyryş guramalary şahsy taraplar, şol sanda daşary ýurtly taraplar bilen, bu taraplara eýeçilik hukugynda degişli bolan mallaryň meýletin ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşýarlar. Bu şertnamalara laýyklykda şertnamada göz öňünde tutulan töleg – ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) boýunça ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryş şertnamasynda bellenen ätiýaçlandyryş pul möçberiniň çäklerinde ätiýaçlandyryş ýagdaýy sebäpli ýetirilen zeleliň öwezini dolmaga borçludyr.

Taraplaryň ylalaşygy boýunça ätiýaçlandyryş şertnamasyna beýleki şertler goşulyp bilner, olar bolsa ätiýaçlandyryş şahadatnamasyna (polisine) aýratyn goşmaçalar bilen resmileşdirilýär. Eger ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryş goragy diňe Türkmenistanyň çägine degişlidir.

*Aşakdakylar ätiýaçlandyryş obýektleridir:*

- 6 aýdan uly ýaşyndaky iri şahly mal;
- 1 ýaşdan ýokary bolan atlar, düýeler;
- 6 aýdan uly bolan goýunlar we geçiler;
- 6 aýdan uly bolan doňuzlar;
- 6 aýdan uly bolan öý guşlary.

Aşakdaky ýagdaýlarda ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylmaýar:

- diňe keseliň bu görnüşini kabul etmeýän mallaryň ätiýaçlandyryşyndan başga, karantin bellenen ýerlerde;
- eger mallar keselli, hor, dogrumdan öňki ýa-da soňky ýagdaýda bolsa, şeýle hem haýwanlaryň soňky bruselýoz ýa-da inçekesel bilen kesellemekleri boýunça geçirilen barlagda, «+» netije bellenen bolsa.

*Aşakdakylar netijesinde mallaryň ölýän ýagdaýynda ätiýaçlandyryş geçirilýär:*

- keseller, kesel sebäpli mundan beýläk maly ulanmak mümkinçiligini aýyrýan weterinariýa gullugynyň hünärmeniniň görkezmesi boýunça mejbury öldürmek ýa-da ýok etmek;
- elektrik togunyň täsiri, gün ýa-da ýylylyk urgysy;
- tebigy betbagtçylyklar (ýer titreme, suw alma, opurylma, gaý, tupan, boran,doly, doňmak, ýangyn, partlaýyş, ýyldyrym urmak);
- betbagtçylyk ýagdaýlary (haýwanlaryň topulmagy, zäherli otlardan ýa-da maddalardan, ýylanyň çakmagyndan ýa-da zäherli mör-möjeklerden birden zäherlenmek, ulag serişdesiniň aşagyna düşmegi, bogulmak we beýleki betbagtçylykly ýagdaýlar);
- eger mal bilen betbagtçylykly hadysa bolan bolsa we oňa ölüm abanan bolsa, onda mejbury öldürmek ýagdaýy.

Ätiýaçlandyryş şertnamalary ätiýaçlandyrýanyň bellenen görnüş boýunça ýazmaça beren arzasynyň esasynda (*1-nji goşundy*) baglaşylýar.

*1-nji goşundy*

______________________________________________________

(ätiýaçlandyryş guramasynyň ady, salgysy)

**Şahsy adamlara degişli mallaryň meýletin ätiýaçlandyryşy boýunça**

**ARZA**

Ätiýaçlandyrýan ________________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady)

Öý salgysy ____________________________________________

20__ ý.________ aýynyň «___» dan (den) 20__ ý.________ aýynyň «___» çenli möhlete şahsy adamlara degişli mallaryň ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmagy haýyş edýär

Peýda alyjy ____________________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady)

Öý salgysy ____________________________________________

15. Sargyt № 2539

<table>
<tr><td rowspan="2">№</td><td colspan="3">Malyň görnüşi</td><td rowspan="2">Baş sany</td><td rowspan="2">Reňki we bellikleri</td><td colspan="2">Ätiýaçlandyryş pul möçberi (manat)</td><td rowspan="2">Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) (manat)</td></tr>
<tr><td>Görnüşi</td><td>Jynsy</td><td>Ýaşy</td><td>Bir mala</td><td>Ähli mallara</td></tr>
<tr><td>1</td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td>2</td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td>3</td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td></tr>
<tr><td colspan="4">Jemi:</td><td></td><td></td><td></td><td></td><td></td></tr>
</table>

*Ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) tölemegiň möhletleri:*

1-nji 20__ý. _________ aýynyň «__», 2-nji 20__ý. _________ aýynyň «__»

*Mallar aşakdaky ýagdaýlardan ätiýaçlandyrylýar*:

– keseller, kesel sebäpli mundan beýläk maly ulanmak mümkinçiligini aýyrýan weterinariýa gullugynyň hünärmeniniň görkezmesi boýunça mejbury öldürmek ýa-da ýok etmek;
– elektrik togunyň täsiri, gün ýa-da ýylylyk urgysy;
– tebigy betbagtçylyklar (ýer titreme, suw alma, opurylma, gaý, tupan, boran, doly, doňmak, ýangyn,partlaýyş, ýyldyrym urmak);
– betbagtçylyk ýagdaýlar (haýwanlaryň topulmagy, zäherli otlardan ýa-da maddalardan, ýylanyň çakmagyndan ýa-da zäherli mör-möjeklerden birden zäherlenmek, ulag serişdesiniň aşagyna düşmegi, bogulmak we beýleki betbagtçylykly ýagdaýlar);
– eger mal bilen betbagtçylykly hadysa bolan bolsa we oňa ölüm abanan bolsa mejbury öldürmek ýagdaýy.

Ätiýaçlandyrmak isleýän töwekgelçilikleriňizi görkeziň _______________

Ätiýaçlandyrýan ________________________________________

(F.A.A.a. we goly)

20__ ý. _____________ aýynyň «___».

Şahsy adamlara şahsy eýeçilik hukugynda degişli bolan mallaryň meýletin ätiýaçlandyryş şertnamalary 1 ýyla çenli we ondan köp möhlete baglaşylýarlar.

Şertnama hojalykda bar bolan, ýokarda görkezilen ýaşyndaky bu görnüşe degişli sagat mallaryň hemmesini ätiýaçlandyryş şerti bilen baglaşylyp bilner. Munda, bir görnüşe degişli we ýaşlary deň

bolan mallar birmeňzeş ätiýaçlandyryş pul möçberine ätiýaçlandyrylmalydyrlar.

*Ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny):*

- nagt pulda – ätiýaçlandyryş guramasynyň ätiýaçlandyryş wekiline (işgärine);
- nagt däl hasaplaşyk arkaly – ätiýaçlandyrýanyň işleýän ýeri boýunça guramanyň hasaphanasynyň üsti bilen tölemek arkaly baglaşylyp bilinýär.

Ätiýaçlandyrýan diňe ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny alandan soň ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) tölemäge borçludyr.

Ätiýaçlandyrýanyň işleýän ýeri boýunça guramanyň hasaphanasynyň üsti bilen nagt däl hasaplaşyk arkaly ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) ätiýaçlandyrýanyň bellenen görnüşdäki oňa degişli bolan aýlyk iş hakyndan (aýlygyndan) ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) ätiýaçlandyryş guramasynyň hasabyna geçirmek hakyndaky ýazmaça tabşyrygynyň esasynda tölenilýär. Bu hili tabşyrygy ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş guramasynyň ätiýaçlandyryş wekiline (inspektoryna) guramanyň hasaphanasyna tabşyrmak üçin berýär.

Şertnama baglaşylmazyndan öň ätiýaçlandyryjy şahsy barlag arkaly mallary saglyk ýagdaýlary boýunça ätiýaçlandyryşa kabul edilip bilinjekmi ýa-da şol ýerde karantin bellenilmändigini anyklamaga borçludyr.

Ätiýaçlandyrýan şertnama baglaşylanda howpuň döremegi ýa-da ätiýaçlandyryş ýagdaýy üçin düýpli ähmiýeti bolan, özüne mälim bolan ähli ýagdaýlary ätiýaçlandyryja habar bermelidir. Ätiýaçlandyryjynyň şertnamadan ýüz öwürmegine ýa-da ony üýtgedilen mazmun bilen baglaşmagyna täsir edip biljek ýagdaýlar düýpli ýagdaýlar bolup durýar.

Eger ätiýaçlandyryja düýpli ýagdaýlar hakynda habar berilmese, onda ol şertnamadan ýüz öwrüp biler. Ätiýaçlandyrýanyň düýpli ýagdaý hakynda habar bermekden öňünden niýet edip boýun gaçyrmagy hem şeýle mana eýedir.

Ätiýaçlandyryjy gizlenen düýpli ýagdaý hakynda bilen bolsa ýa-da ätiýaçlandyrýan bu hili ýagdaý hakynda habar berilmändiginde günäkär bolmasa, şertnamanyň ýatyrylmagyna ýol berilmeýär.

Eger düýpli ýagdaý hakyndaky habarda nädogry maglumatlar bolsa, ätiýaçlandyryjy şertnamadan ýüz öwrüp biler. Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe ätiýaçlandyrýana töwekgelçiligiň derejesinde emele gelen dürli hili düýpli üýtgeşmeler ýa-da ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiliginiň möçberini ýokarlandyryp biljek üýtgeşmeler hakynda belli bolsa, ähli üýtgeşmeler hakynda gysga wagtda ätiýaçlandyryja ýazmaça habar bermek ätiýaçlandyrýanyň borjy bolup durýar.

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryja şertnama baglaşylandan soň ýüze çykan howpuň ýokarlanandygy hakynda bir aýyň dowamynda habar bermedik bolsa, onda ätiýaçlandyryjy bir aýlyk möhleti berjaý etmek bilen şertnamany ýatyrmaga ýa-da ätiýaçlandyryş baýragynyň (wznosynň) degişli artdyrylmagyny talap etmäge haklydyr.

Ätiýaçlandyryjy howpuň güýçlenmegine bilgeşleýin elten bolsa, ätiýaçlandyryjy bir aý möhleti berjaý etmän şertnamany ýatyryp bilýär.

Ätiýaçlandyrýanyň islegi boýunça ätiýaçlandyryş şertnamasy wagtyndan öň ýatyrylsa, ätiýaçlandyryş guramasy çekilen çykdajylary alyp galmak bilen şertnamanyň galan möhleti üçin ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) gaýtaryp berýär. Eger ätiýaçlandyrýanyň talaby ätiýaçlandyryş guramasynyň ätiýaçlandyryş kadalaryny bozmagy bilen bagly bolsa, onda ätiýaçlandyryş guramasy çekilen çykdajylary alyp galmak bilen şertnamanyň galan möhleti üçin ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) gaýtaryp berýär.

Ätiýaçlandyryş guramasynyň talaby boýunça ätiýaçlandyryş ýatyrylsa, onda ol ätiýaçlandyrýana tölenen ätiýaçlandyryş baýraklarynyň (wznoslarynyň) hemmesini gaýtaryp berýär. Eger ätiýaçlandyryş guramasynyň talaby ätiýaçlandyrýanyň ätiýaçlandyryş kadalaryny bozmagy bilen bagly bolsa, onda ol çekilen çykdajylary alyp galmak bilen şertnamanyň galan möhleti üçin ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) ätiýaçlandyrýana gaýtaryp berýär.

Şahsy adamlara degişli bolan mallaryň ätiýaçlandyryş şertnamasy, ätiýaçlandyrýana gowşurylýan bellenen görnüşdäki ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polisi) bilen resmileşdirilýär.

Ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polisi) ýitirilen ýa-da ýok edilen ýagdaýynda ätiýaçlandyrýan ýazmaça arzasynyň esasynda ätiýaç-

landyryjydan onuň öwezligini sorap biler. Öwezligini bermegiň çykdajylaryny ätiýaçlandyrýan çekýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamanyň baglaşylan güni sagat 24.00-da güýje girýär we şertnamada göz öňünde tutulan möhletiň soňky güni sagat 24.00-da tamamlanýar.

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi doly ätiýaçlandyryş pul möçberinde tölenen ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereketi we ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiligi tamamlanýar. Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ätiýaçlandyryş şertnamasynda bellenen ahyrky möhletden öň ätiýaçlandyryş pul möçberinden az möçberde tölenen ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereketi, ätiýaçlandyryş şertnamasynda bellenen pul möçberi bilen tölenen öwezini doluş töleginiň tapawudynda dowam edýär.

3 senenama ýylynyň dowamynda kadalaryň şertlerinde yzygider şertnamalary baglaşan ätiýaçlandyrýana, ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegleriniň bolmadyk ýagdaýynda täze şertnama baglaşmak üçin bir aý ýeňillikli möhlet berilýär. Bu ýeňillikli möhletde baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamasy öňki baglaşylan şertnamanyň möhleti tamamlanandan soň güýje giren ýa-da gaýtadan baglaşylan hasap edilýär. Eger ýeňillikli möhletde ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çyksa, täze şertnama bolsa baglaşylmadyk bolsa, onda ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ätiýaçlandyryşyň şu görnüşi boýunça öňki şertnamada kesgitlenen pul möçberinden ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) alyp galmak bilen tölenilýär. Mallar şertnamanyň hereketi başlamanka ölseler, olar üçin alnan ätiýaçlandyryş baýraklary (wznoslary) ätiýaçlandyrýana gaýtarylyp berilýär.

Şertnamanyň hereket edýän döwründe mallar raýatyň hojalygyndan çyksalar olar üçin tölenen ätiýaçlandyryş baýraklary (wznoslary) ätiýaçlandyrýana gaýtarylyp berilmeýär we bu mallar başga hojalykda ölseler hem ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi tölenilmeýär.

Öňki şertnamanyň hereketi tamamlanmaka täze möhlete mallary ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylsa (dikeldilse), täze ätiýaçlandyryş şertnamasy öňki şertnamanyň hereketiniň tamamlanan pursatyndan başlap güýje girýär, şol wagtdan hem ätiýaçlandyryjynyň tebigy betbagtçylyklardan we betbagtçylykly hadysalardan, şeýle hem keseller-

den ölen mallar boýunça ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemek jogapkärçiligi başlanýar.

Eger täze möhlete goýunlary we geçileri ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan (dikeldilen) ýagdaýynda, ätiýaçlandyryşa mallaryň bu görnüşinden geçen ýylky şertnama boýunça ätiýaçlandyrylandan köp baş kabul edilýän bolsa, onda bu şertnama boýunça mallar ölen ýagdaýynda ähli ätiýaçlandyrylan başlar üçin ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemek borjy şertnamanyň hereketi täzeden başlanan wagtynda ýüze çykýar.

Täze goşmaça ätiýaçlandyryşa kabul edilýän mallaryň beýleki görnüşleri boýunça (iri şahly mallar, atlar we beýlekiler) şertnama ilkibaşky ýaly aýratyn resmileşdirilýär. Eger şertnamanyň hereket edýän döwründe raýatyň hojalygyndan çykan malyň ýerine bu görnüşe degişli mal gelen bolsa ýa-da hojalykda bolan mal ätiýaçlandyryşa kabul edilýän ýaşa ýeten bolsa, onda bu mal çykan malyň ätiýaçlandyrylan pul möçberinde, ýöne mallaryň bu görnüşi boýunça bellenen ätiýaçlandyryş pul möçberinden we ýaş toparyndan ýokary bolmadyk möçberde ätiýaçlandyrylan hasap edilýär.

## §2.13.2. Ätiýaçlandyryş pul möçberi, ätiýaçlandyryş baýraklary (wznoslary)

Ätiýaçlandyryş pul möçberi taraplaryň ylalaşygy bilen bellenilýär we malyň hakyky bahasyndan ýokary bolup bilmeýär. Ätiýaçlandyryş baýraklarynyň (wznoslarynyň) möçberleri ätiýaçlandyryjy tarapyndan ätiýaçlandyryş pul möçberinden göterimlerde bellenilýär we onuň saklanyş şertlerine, semizligine we beýleki malyň gymmatyny häsiýetlendirýän şertlere, şeýle hem ätiýaçlandyryşyň anyk şertlerine bagly bolup, ýokarlandyryp hem, peseldip hem bolmaýar.

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) ätiýaçlandyryş şahadatnamasynda (polisde) görkezilen möçberlerde we möhletlerde tölemäge borçludyr.

Eger ätiýaçlandyryş şertnamasy 1 ýyla ýa-da ondan köp möhlete baglaşylýan bolsa, onda ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş baýragyny

(wznosyny) iki möhletde, ýagny 50%-ni ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny (polisi) alandan soň we 50%-ni ätiýaçlandyryş şertnamasynyň güýje giren wagtyndan üç aýdan gije galman tölemäge haky bar.

Birinji ýa-da bir gezekki ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) wagtynda tölenýänçä ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan azatdyr. Eger ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) wagtynda tölenilmese, ätiýaçlandyryjy ony tölemek üçin iki hepde möhlet belläp biler. Şonda tölemezligiň netijeleri hakynda hem görkezilmelidir. Möhlet geçenden soň ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çyksa we bu möhlete çenli ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) ýa-da göterimini tölemek möhletini geçiren bolsa, ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan boşadylýar. Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) wagtynda tölemese, ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýana şertnamany ýatyrýandygy hakynda bir aý öňünden duýduryp biler we bu möhlet netijesiz geçse, şertnamany ýatyryp biler.

Ätiýaçlandyrylan mallaryň ölen, mejbury ýagdaýda öldürilen ýa-da ogurlanan (ýiten) ýagdaýynda ätiýaçlandyrýan, onuň bolmadyk ýagdaýynda maşgalasynyň kämillik ýaşyna ýeten agzasy:

- ätiýaçlandyryja ýazmaça görnüşde habar bermäge;
- degişli edaralara habar bermäge (weterinariýa, polisiýa we ş.m.) borçly.

Arza gelen güni ätiýaçlandyryjy tarapyndan № 1 (emläk) žurnalda hasaba alynýar.

Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýandan ätiýaçlandyryş ýagdaýy hakyndaky arzasyny alandan soň güwänama düzmäge borçludyr.

Ätiýaçlandyryş ýagdaýy hakyndaky güwänama ätiýaçlandyrýanyň ýa-da ätiýaçlandyrýanyň maşgalasynyň kämillik ýaşyna ýeten agzasynyň we şaýatlaryň gatnaşmaklarynda düzülýär. Ätiýaçlandyryş ýagadaýy hakyndaky güwänama onuň düzülmegine gatnaşan adamlar tarapyndan gol çekilýär we ätiýaçlandyryjynyň möhüri bilen berkidilýär.

Mallaryň kesellemeginiň sebäpleri we gyrylmagy, mejbury öldürilmegi ýa-da ýok edilmegi hakyndaky netijeleri weterinariýa gullugynyň hünärmenleri berýärler.

Ätiýaçlandyrylan mallar ölende ýa-da ýok edilende ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça bellenen ätiýaçlandyryş pul möçberinde tölenilýär.

Iň ýokary ätiýaçlandyryş pul möçberine ätiýaçlandyrylan mallar mejbury ýagdaýda öldürilende ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi iýmite peýdaly etiň bahasyny aýyrmak bilen ätiýaçlandyryş pul möçberleriniň çäklerinde tölenilýär. Eger mal hakyky bahasyndan pes bolan ätiýaçlandyryş pul möçberine ätiýaçlandyrylan bolsa, onda ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi malyň bahasynyň näçe göteriminde ätiýaçlandyrylan bolsa şol göterimdäki etiň bahasyny aýyrmak bilen tölenilýär.

Etiň bahasy et satylan edara tarapyndan berlen resminamanyň esasynda kesgitlenilýär. Bu hili resminamanyň ätiýaçlandyrýan tarapyndan berilmedik ýagdaýynda etiň bahasy bazar nyrhlaryndan ugur alnyp bellenilýär. Eger maly mejbury ýagdaýda öldürilmegine getiren sebäpler boýunça et tutuşlygyna iýmite ýarawly däl diýlip hasap edilen bolsa, onda ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ölen malyňky ýaly tertipde bellenilýär.

Etiň iýmite ýarawly däldigi öldürilen mallaryň weterinar gözden geçirilişi we etiň we et önümleriniň weterinariýa-arassaçylyk barlagynyň kadalaryna laýyklykda weterinariýa gullugynyň hünärmeni tarapyndan kesgitlenilýär.

Weterinariýa gullugynyň hünärmeniniň görkezmesi boýunça kesellän mal eti gaýtadan işleýiş edarasyna soýmak ýa-da satyn almak üçin berilse, ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ätiýaçlandyrýanyň degişli edaradan bu et üçin alan pul möçberini aýyrmak bilen, ätiýaçlandyryş pul möçberleriniň çäklerinde tölenilýär. Bu ýagdaýda ätiýaçlandyrýan maly soýmak üçin alan guramanyň resminamasyny görkezmelidir.

Eger malyň ölen gününde ätiýaçlandyrýanda bu görnüşdäki we ýaşdaky mallaryň sany ätiýaçlandyrylandan köp bolsa we haýsy malyň ätiýaçlandyrylandygyny takyklamak mümkin bolmasa, onda bu görnüş we ýaşdaky mallar üçin şertnamada kesgitlenen pul möçberi malyň ölen gününde ätiýaçlandyrýanda bu

hili mallaryň hakykatda bar bolan sanyna bölünýär. Bu ýagdaýda ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi şu malyň paýyna düşýän möçberinde tölenilýär. Galan mallar şertnamanyň möhleti tamamlanýança degişlilikde azaldylan ätiýaçlandyryş pul möçberlerinde ätiýaçlandyrylan hasap edilýärler.

Eger:

- mallaryň ölmegi ýa-da öldürilmegi ätiýaçlandyrýanyň ýa-da onuň maşgalasynyň kämillik ýaşyna ýeten agzasynyň bilkastlaýyn hereketleriniň netijesinde bolan bolsa, diňe mal bilen bolan betbagtçylykly hadysa sebäpli, oňa ölüm abanan ýagdaýynda mejbury öldürilen ýagdaýlaryndan başga ýagdaýlarda;
- weterinar hünärmeniniň ýokanç keseller bilen göreşmek boýunça öňüni alyş çärelerini geçirmek barada beren görkezmelerini ýa-da kesellän maly öldürmek hakyndaky kararyny ätiýaçlandyrýanyň ýa-da onuň maşgalasynyň kämillik ýaşyna ýeten agzasynyň bilgeşleýin ýerine ýetirmezliginiň netijesinde mal ölen bolsa ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi tölenilmeýär.

Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemek ýa-da tölemezlik hakyndaky netijesini ýerlerde barlanylmagyny talap etmeýän ölen ätiýaçlandyrylan mallar hakyndaky güwänama boýunça güwänama gelip gowşandan soň 7 günden gije galman, ýerlerde barlanylmagyna degişli bolan güwänamalar boýunça bolsa 15 günden gije galman kabul edilmelidir.

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölän ätiýaçlandyryja şu pul möçberiniň çäklerinde ätiýaçlandyrýanyň malyň ölmegine günäkär tarapa bolan talap hukugy geçýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ýüze çykýan ähli jedellere Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda seredilýär. Nägilelikler Türkmenistanyň kanunçylygy arkaly bellenilen hak isleg bildirmek dowamlylygynyň çäklerinde bildirilip bilner.

# II.XIV bap. Mekdep okuwçylaryny betbagtçylykly hadysalardan meýletin ätiýaçlandyryş

## §2.14.1. Ätiýaçlandyryşyň tertibi we ýagdaýlary

Türkmenistanyň döwlet ätiýaçlandyryş guramalary umumy bilim berýän mekdepleriň okuwçylaryny Türkmenistanyň çäklerinde betbagtçylykly hadysalardan meýletin ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşýarlar. Ätiýaçlandyryş şertnamalary Türkmenistanyň bellenen kanunçylygynda göz öňünde tutulan tertipde okuwçynyň ata-enesi ýa-da onuň beýleki kanuny wekilleri bilen baglaşylýar.

Mekdep okuwçylaryny betbagtçylykly hadysalardan ätiýaçlandyryş döwlet ätiýaçlandyryş guramalarynda, şeýle hem guramanyň ätiýaçlandyryş wekili ýa-da mekdep işgärleriniň içinden döwlet ätiýaçlandyryş guramasy bilen ylalaşyk boýunça işleýän ätiýaçlandyryş wekili tarapyndan 1-nji sentýabrdan 30-njy noýabr aralygynda mekdepleriň özünde geçirilýär.

Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykan mahaly döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy, durmuş üpjünçiligi boýunça oňa degişli bolan pul möçberlerine we zeleliň öwezini dolmak tertibinde degişli bolan pul möçberine garamazdan, şertleşilen pul möçberini ýa-da onuň degişli bölegini ätiýaçlandyrylana tölemäge borçludyr.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe ätiýaçlandyrylan okuwçy bilen bolan waka ätiýaçlandyryş ýagdaýydyr.

**Ätiýaçlandyryş obýekti bolup** ätiýaçlandyrylan okuwçynyň ömri we saglygy bilen bagly bolan şahsy bähbitleri çykyş edýär.

*Aşakdakylar ätiýaçlandyryş ýagdaýlarydyr:*

- betbagtçylykly hadysa netijesinde ätiýaçlandyrylan okuwçynyň alan şikesi;
- zäherli ösümliklerden, himiki maddalardan (senagat ýa-da durmuş), hili pes önümlerden (iýmit toksikoinfeksiýasyndan, salmonellezden, dizenteriýadan we ş.m.-den başga), dermanlardan tötänleýin ýiti zäherlenme, sakyrtga ýa-da sanjymdan

soňky ensefalit (ensefalomielit), poliomiýelit, gematogen osteomiýelit bilen kesellemegi, elektrik togy arkaly (atmosfera elektrigi bilen) zeper ýetmegi, ýylan, awuly mör-möjekleriň çakmagy, bürmek keseli, botulizm;

- süňkleriň tötänleýin döwülmegi, çykmagy, dişleriň gaçmagy, ýanyklar, nädogry saglygy goraýyş çäreleriniň geçirilmegi netijesinde synalaryň ýarylmagy (ýaralanmagy) ýa-da olaryň aýrylmagy.

Ýokarda sanalan ýagdaýlar diňe olaryň ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe bolmagy we Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministriniň 2005-nji ýylyň 20-nji awgustynda çykaran №106 buýrugy bilen tassyklanylan, saglygy goraýyş edarasynyň güwänamasy (195-nji görnüş) bilen tassyklanan ýagdaýynda we Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 24-nji dekabryndaky 1070 belgili karary bilen tassyklanan «Howa, demir ýol, deňiz, içerki suw we awtomobil ulaglarynyň ýolagçylarynyň hökmany döwlet ätiýaçlandyrmasy boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberlerini tölemek üçin bedene ýeten zeperiň agyrlyk derejesini kesgitlemegiň kadalaryna» goşulan ätiýaçlandyryş ýagdaýlary sebäpli, ätiýaçlandyryş pul möçberlerini tölemekligiň tablisasynda göz öňüne tutulan ýagdaýynda ätiýaçlandyryş ýagdaýlary diýlip hasap edilýär.

Eger ätiýaçlandyrylan okuwçynyň ýumşak dokumalaryna, görüş, eşidiş synalaryna ýa-da peşew ýollaryna zeper ýeten bolsa, onda ol ätiýaçlandyryjy tarapyndan bu zeperiň netijelerini kesgitlemek üçin hünärmen-lukmanyň ýanyna barlaga iberilip bilner.

Ätiýaçlandyrylan okuwçynyň ýokarda görkezilen haýsydyr bir wakanyň netijesinde şertnamanyň hereket edýän döwründe aradan çykmagy, şeýle hem ätiýaçlandyrylanyň dem alyş ýoluna keseki zatlaryň tötänleýin aralaşmagyndan, gark bolmakdan, anafilaktiki şokdan, bedeniniň aşa sowamagyndan we gyzmagyndan (sowuklama kesellerinden aradan çykmagy muňa girmeýär) ölmegi ätiýaçlandyryş ýagdaýydyr.

Aşakdakylar sebäpli ätiýaçlandyrylan okuwçynyň alan şikesi (ölümi) ätiýaçlandyryş ýagdaýyna degişli däldir:

- onuň derňew ýa-da kazyýet edaralary tarapyndan bilkastlaýyn jenaýatyň alamatlary bellenen hereketleri etmegi;
- onuň alkogoldan, neşeden ýa-da toksiki maddadan serhoş ýagdaýda özi ýöreýän serişdäni (awtoulagy, motosikli, traktory, kombaýny, trolleýbusy we ş.m.), kateri ýa-da hereketlendirijili gaýygy dolandyrmagy;
- ätiýaçlandyrylan okuwçynyň öz-özüni öldürmegi ýa-da özüni öldürmek üçin janyna kast etmegi, üçünji tarapyň hukuga ters hereketleri netijesinde onuň şeýle ýagdaýa ýetirilen ýagdaýlary muňa girmeýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyrýanyň ýazmaça ýa-da dilden aýdan arzasynyň esasynda 1 ýyl möhlete baglaşylýar.

Ätiýaçlandyryş wekili ätiýaçlandyryşa degişli bolan okuwçylaryň sanawyny 2 nusgada doldurýar (*1-nji goşundy*). Sanawyň bir nusgasy ätiýaçlandyryjyda galdyrylýar, beýlekisi ätiýaçlandyrýana berilýär.

*1-nji goşundy*

**20__ý. _________aýynyň «____» dan(den) 20__ý. _________aýynyň «____» aralygyna ___________________ boýunça №______ mekdebiň _____ synpynyň**
(welaýaty, şäheri, etraby)

**ätiýaçlandyrylan mekdep okuwçylarynyň**

**SANAWY**

| t/b № | Ätiýaçlandyrylan okuwçylaryň F.A.A.a. | Ätiýaçlandyryş pul möçberi (manat) | Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) (manat) | Aýratyn bellikler |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| | | | | |
| X | Jemi: | X | | X |

Ätiýaçlandyryş wekili ______________________________
(F.A.A.a. we goly)

20__ ý. _________________ aýynyň «____»

Ätiýaçlandyrýanyň arzasy we ätiýaçlandyryşa degişli bolan okuwçylaryň sanawy esasynda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny (polisi) resmileşdirýär we ätiýaçlandyrýana gowşurýar.

Ätiýaçlandyryş şertnama baglaşylan güni sagat 24.00-da başlanýar we şertnamada göz öňünde tutulan möhletiň soňky güni sagat 24.00-da tamamlanýar.

Aşakdaky ýagdaýlarda mekdep okuwçylaryny ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereketi ýatyrylýar:

- möhleti tamamlananda;
- ätiýaçlandyryş şahadatnamasynda (polisde) görkezilen doly ätiýaçlandyryş pul möçberi tölenen ýagdaýynda;
- ätiýaçlandyrylanyň ätiýaçlandyryş şertnamasynda bellenen möhletlerde ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) tölemedik ýagdaýynda;
- ätiýaçlandyrylan okuwçynyň Türkmenistanyň daşyna hemişelik ýaşamaga giden ýagdaýynda, bu ýagdaýda ätiýaçlandyryjy işi alyp barmaklygyň çykdajylaryny tutup galmak bilen, ätiýaçlandyryş şertnamasynyň galan möhleti üçin ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) gaýtaryp berýär;
- Ätiýaçlandyrylan okuwçy aradan çykan ýagdaýynda.

## § 2.14.2. Ätiýaçlandyryş pul möçberi. Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy)

Ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça çäklerinde jogapkärçilik çekýän pul möçberi ätiýaçlandyryş pul möçberidir. Ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyrýanyň we ätiýaçlandyryjynyň arasyndaky ylalaşyk boýunça bellenilýär.

Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) ätiýaçlandyryş üçin töleg bolup, ýyllyk ätiýaçlandyryş pul möçberinden 0,2% möçberde bellenilýär.

Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) nagt däl hasaplaşyk arkaly ýa-da nagt pulda bir gezekde döwlet ätiýaçlandyryş guramasyna, ätiýaçlandyryş wekiline ýa-da mekdebiň işgärleriniň içinden esasy işinden daşary ätiýaçlandyryş işi bilen meşgul bolýan wekile tölenilýär.Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) öz wagtynda tölenýänçä ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan azatdyr.

Okuwçy ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe başga umumy bilim berýän mekdebe geçen ýagdaýynda, şol sanda Türkmenistanyň içinde ýaşaýan ýerine üýtgedende hem ätiýaçlandyrylan hasaplanylýar.

Ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykandygy hakynda ätiýaçlandyrylan okuwçynyň ene-atasy ýa-da beýleki kanuny wekilleri ätiýaçlandyryja haýal etmän habar bermäge borçludyrlar.

Ätiýaçlandyryş pul möçberiniň tölenilmegi baradaky talap ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan ätiýaçlandyryş guramasyna berilýär. Şonda şu resminamalar berilmelidir:

- ätiýaçlandyrylan okuwçynyň bedenine şikes ýetmegi ýa-da beýleki ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagy sebäpli ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polisi), bellenen görnüşdäki arza, bejeriş edarasynyň №195 görnüşdäki delilhaty;
- ätiýaçlandyrylan okuwçynyň aradan çykan ýagdaýynda ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polisi), bellenen görnüşdäki arza, ätiýaçlandyrylan okuwçynyň ölümi hakyndaky şahadatnamanyň kepillendiriş edarasynda güwä geçilen nusgasy, mirasa bolan hukuk hakyndaky şahadatnama.

Döwlet ätiýaçlandyryş guramalary zerur ýagdaýlarda derňew ýa-da kazyýet edaralarynyň resminamalaryny degişli edaralardan alýarlar.

Ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň bolmagy sebäpli, pul möçberiniň tölegini almak hakyndaky arza bilen ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň bolandygyny tassyklaýan ähli zerur resminamalary görkezmek bilen, ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň bolan gününden soň üç ýylyň dowamynda ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşan döwlet ätiýaçlandyryş guramasyna ýüz tutup biler.

Mekdep okuwçylaryny ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe bolup geçen bir ýa-da birnäçe ätiýaçlandyryş ýagdaýlary boýunça tölegleriň umumy möçberi ätiýaçlandyryş pul möçberinden geçip bilmez.

Ätiýaçlandyryş pul möçberleri ätiýaçlandyryjy tarapyndan ähli zerur resminamalar alnandan soň 7 günüň dowamynda tölenilýär.

Eger ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagyna sebäp bolan ýagdaýlar boýunça jenaýat işi gozgalan ýa-da kazyýetde garalmagyna başlanan bolsa, töleg tölemek hakyndaky çözgüdi kabul etmek derňew ýa-da kazyýetde işi seljermek tamamlanýança gaýra goýlup bilner.

Ätiýaçlandyrylan okuwçy kazyýet tarapyndan aradan çykan diýlip yglan edlise, kazyýetiň bu netijesinden ätiýaçlandyrylan okuwçy ölüm howpy abanýan ýagdaýda dereksiz ýitendigi ýa-da onuň haýsydyr bir betbagtçylykly hadysanyň netijesinde aradan çykandygy äşgär bolýan bolsa we onuň dereksiz ýiten ýa-da çak edilýän ölen güni ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwrüne düşýän bolsa ätiýaçlandyryş pul möçberi tölenilýär.

Kazyýet tarapyndan ätiýaçlandyrylan okuwçy dereksiz ýiten diýlip ykrar edilen ýagdaýynda ätiýaçlandyryş pul möçberi tölenilmeýär. Eger ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyrylan okuwçynyň janyna bilkastlaýyn kast eden ýa-da onuň aradan çykmagyna getiren şikesleri tenine ýetiren bolsa, onda ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyrýana tölenilmän, ätiýaçlandyrylan okuwçynyň beýleki mirasdüşerlerine ýa-da wekillerine tölenilýär.

Anyklaýyş, bejeriş we öňüni alyş çäreleriniň (derman goýberiş hem muňa girýär) ýaramaz netijeleri ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe bolan ätiýaçlandyryş ýagdaýy sebäpli, geçi-

rilen bejeriş bilen bagly bolmadyk bolsa, ätiýaçlandyryş pul möçberi tölenilmeýär.

Ätiýaçlandyryş pul möçberiniň tölegi alyjynyň bankdaky adyna goýuma geçirmek, çek bermek, alyjynyň hasabyna poçtanyň üsti bilen ibermek ýa-da ätiýaçlandyryjynyň pulhanasyndan nagt pulda ätiýaçlandyrylan okuwçynyň ene-atasyna bermek arkaly tölenilýär.

Kämillik ýaşyna ýetmedik şahsa töleg diňe onuň adyndaky goýuma şol bir wagtda hossarlyk we howandarlyk edaralaryna habar bermek bilen geçirilýär.

Ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polis) ýitirilen ýagdaýynda ätiýaçlandyrýan ýazmaça arzasyny bermek arkaly ätiýaçlandyryjydan onuň öweziligini talap edip biler.

Ätiýaçlandyrýana öwezlik berlenden soň, ýitirilen ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polisi) hakyky däl hasap edilýär.

**Ätiýaçlandyryjy aşakdakylara borçly:**

- ätiýaçlandyrýany ätiýaçlandyryş kadalary bilen tanyşdyrmaga;
- ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny (polisi) gowşurmaga;
- ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda ätiýaçlandyryş pul möçberini ätiýaçlandyryş şertnamasynda bellenilen tertipde hem-de möhletlerde tölemäge.

**Ätiýaçlandyrýan aşakdakylara borçly:**

- ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) wagtynda tölemäge;
- betbagtçylykly hadysa ýüze çykanda şeýle ýagdaýyň ýüze çykandygy hakynda ätiýaçlandyryjyny ýazmaça görnüşde habardar etmäge.

Ätiýaçlandyryş pul möçberini ýa-da onuň belli bir bölegini almaga hukugy bolan ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş pul möçberini almak üçin islendik şahsa bu möçberi almak üçin ynanç hatyny berip biler. Ýöne şahsy tarapyň beren ynanç haty kepillendiriş edarasynda resmileşdirilmelidir.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ýüze çykýan ähli jedeller Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kazyýet tertibinde çözülýär.

# II.XV bap. Betbagtçylykly hadysalardan meýletin ätiýaçlandyryş

## § 2.15.1. Ätiýaçlandyrmagyň tertibi, obýekti

Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy 16 ýaşdan başlap uly ýaşly adamlar bilen ätiýaçlandyryş möhletiniň tamamlanan gününde onuň ýaşy 75 ýaşdan geçmez ýaly hasaplap betbagtçylykly hadysalardan meýletin ätiýaçlandyryş şertnamasyny 1 ýyl möhlete (mundan beýläk ätiýaçlandyryş şertnamasy) baglaşýar.

Çaganyň ata-enesi (ogullyga-gyzlyga alýanlar), beýleki dogan-garyndaşlary, onuň hossary ýa-da howandary bilen 1 ýaşdan uly çaganyň peýdasyna ätiýaçlandyryş möhleti tamamlanan günde onuň ýaşy 15 ýaşdan geçmez ýaly hasaplap ätiýaçlandyryş şertnamalary baglaşylyp bilner.

Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda döwlet durmuş ätiýaçlandyrmasy, durmuş üpjünçiligi boýunça oňa (olara) degişli pul möçberlerine we zeleliň öwezini dolmak tertibinde degişli bolan pul möçberine garamazdan, şertleşilen pul möçberini ýa-da onuň degişli bölegini ätiýaçlandyrýana ýa-da onuň bellän adamsyna (adamlaryna) tölemäge borçludyr.

Türkmenistanyň edara görnüşindäki taraplaryna we şahsy adamlaryna, kämillik ýaşyna ýeten raýatlaryna, Türkmenistanda hemişelik ýaşaýan daşary ýurtly raýatlara we raýatlygy ýok adamlara **ätiýaçlandyrýanlar diýilýär**.

*Ulanylýan esasy adalgalar:*

**Ätiýaçlandyrylan adam** – ol tarapyndan beýleki adam Peýda alyjy hökmünde atlandyrylmadyk bolsa, ömri, saglygy we işe ukyplylygy baglanyşykly emläk bähbitlerini ätiýaçlandyrmagyň obýekti bolup durýan, öz peýdasyna ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan şahsy adam.

**Ätiýaçlandyrýan** – ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşan we ätiýaçlandyryş baýragyny töleýän edara görnüşindäki taraplar we şahsy adamlar. Eger ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyrýanyň

peýdasyna baglaşylan bolsa, onda ätiýaçlandyrýan şol bir wagtda ätiýaçlandyrylan bolup çykyş edýär.

**Peýda alyjy** – ätiýaçlandyrylan adamyň ýazmaça razylygy bilen ätiýaçlandyryş tölegini alýan hökmünde ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilen şahsy adam ýa-da edara görnüşindäki tarap.

Şertnama boýunça ätiýaçlandyrylan, özi tarapyndan beýleki Peýda alyjy atlandyrylmadyk adam aradan çykan ýagdaýynda Türkmenistanyň ulanylýan kanunçylygyna laýyklykda ätiýaçlandyrylan adamyň mirasdarlary Peýda alyjy diýlip ykrar edilýär.

**Ätiýaçlandyryş töwekgelçiligi** – ýüze çykan ýagdaýynda ätiýaçlandyryş geçirilýän çak edilýän waka.

**Ätiýaçlandyryş pul möçberi** – ätiýaçlandyryş şertnamasy bilen kesgitlenilen pul möçberi, şondan ugur alnyp ätiýaçlandyryş baýragynyň we ätiýaçlandyryş tölegleriniň möçberi kesgitlenilýär.

**Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy)** – ätiýaçlandyryş üçin töleg, muny ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş şertnamasy bilen bellenilen tertipde we möhletlerde ätiýaçlandyryja tölemäge borçludyr.

**Ätiýaçlandyryş ýagdaýy** – ätiýaçlandyryş şertnamasy bilen göz öňünde tutulan, ýüze çykan waka, şonuň ýüze çykmagy bilen bolsa ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş tölegini tölemek borjy ýüze çykýar.

**Ätiýaçlandyryş tölegi** – ätiýaçlandyryş şertnamasy bilen bellenilen ätiýaçlandyryş pul möçberiniň çäklerindäki pul möçberi, ony ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş şertnamasyna laýyklykda ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda tölemelidir.

**Betbagtçylykly ýagdaý** – dürli daşarky ýagdaýlaryň (fiziki, himiki, tehniki we başgalar) ätiýaçlandyrylan adamynyň erkine bagly bolmazdan ýüze çykan we ätiýaçlandyrylan adamyň bedenine zeper ýetiren, synasynyň sagdyn işlemegini bozan ýa-da onuň aradan çykmagyna getiren, bir pursatda ýüze çykýan duýdansyz täsiri, onuň häsiýeti, ýüze çykan wagty we ýeri bolsa aýyl-saýyl kesgitlenilip bilner.

**Ätiýaçlandyryş obýekti** – ätiýaçlandyrylan adamyň ömri, saglygy we işe ukyplylygy bilen baglanyşykly bolan şahsy bähbitleri.

*Aşakdakylar ätiýaçlandyryş ýagdaýlarydyr:*

- betbagtçylykly hadysa netijesinde ätiýaçlandyrylan adamyň alan zeperi;

- tötänleýin ýiti zäherlenme, asfiksiýa (demikme), sakyrtga ýa-da sanjymdan soňky ensefalit (ensefalomielit), elektrik togy arkaly (atmosfera elektrigi bilen) zeper ýetmegi, ýylan, awuly mör-möjekleriň çakmagy, bürmek keseli, botulizm (ätiýaçlandyryş tölegleriniň möçberi 108-nji madda boýunça ätiýaçlandyryş ýagdaýlary bilen baglanyşykly tölemäge degişli ätiýaçlandyryş pul möçberiniň Sanawy boýunça hasaplanylýar);
- adamyň synasynyň bölekleriniň (ýatgynyň, iki ýa-da bir lüläniň, ýumurtgalyklaryň) aýrylmagyna getiren patologiki çaga dogrulmagy ýa-da ýatgydan daşardaky göwrelilik;
- süňkleriň tötänleýin döwük-ýenjigi, çykmagy, dişleriň gaçmagy, ýanyklar, nädogry saglygy goraýyş çäreleriniň geçirilmegi netijesinde synalaryň ýarylmagy (ýaralanmagy) ýa-da olaryň aýrylmagy.

Ýokarda sanalyp geçilen wakalar, eger olar ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe ýüze çykan, saglygy goraýyş edarasynyň delilhaty (195-nji görnüş) bilen tassyklanylsa, ätiýaçlandyryş ýagdaýlary diýlip ykrar edilýär.

Eger betbagtçylykly hadysalaryň sebäpleri aşakdakylar bolsa, 14 ýaşdaky we ondan uly ätiýaçlandyrýanyň ýa-da ätiýaçlandyrylan çaganyň iş ukybynyň ýitirilmegine ýa-da ölümine getiren betbagtçylykly hadysa ätiýaçlandyryş ýagdaýyna degişli däldir:

- ätiýaçlandyrýanyň ýa-da ätiýaçlandyrylan çaganyň ýa-da ätiýaçlandyrýan ýa ätiýaçlandyrylan çaga ölen ýagdaýynda ätiýaçlandyryş pul möçberini almak üçin bellenilen beýleki adamlaryň bet niýetli hereketleri;
- ätiýaçlandyrylan adamyň alkogoldan, neşeden ýa-da toksiki maddadan serhoş ýagdaýda içinden otlanylýan hereketlendirijisi ýa-da elektrik hereketlendirijisi bolan islendik özi ýöreýän serişdäni (awtomaşyn, motosikl, motoroller, moped, hereketlendirijili welosiped, traktor, kombaýn, trolleýbus we başgalar), kateri ýa-da hereketlendirijili gaýygy dolandyrmagy bilen baglanyşykly, şeýle hem ulag serişdesini dolandyrmagy alkogoldan, neşeden ýa-da toksiki maddadan serhoş ýagdaýdaky ulag serişdesini dolandyrmaga hukugy bolmadyk adama bermegi netijesinde olaryň bedenine zeper ýetmegi (ölmegi);

- öz-özüňi öldürmek (öz-özüňi öldürmek üçin janyna kast etmek) netijesinde bedene zeper ýetmegi (ölmegi) ýa-da zäherlenmek, ätiýaçlandyrýanyň üçünji tarapyň hukuga ters hereketleri netijesinde şeýle ýagdaýa ýetirilen ýagdaýlary muňa girmeýär;
- ätiýaçlandyrylan adamyň öz bedenine bilgeşleýin zeper ýetirmegi.

Eger waka aşakdakylar netijesinde bolup geçen bolsa, ol ätiýaçlandyryş ýagdaýy bolmaýar:

- ýadro partlamasynyň, radiasiýanyň ýa-da radioaktiw zäherlenmäniň täsiri;
- her hili harby we terrorçylyk hereketleri, şeýle hem köpçülikleýin bidüzgünçilikler we olaryň getirýän zyýanly netijeleri.

## §2.15.2. Ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak we onuň hereket edýän möhleti

Ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyrýanyň dil üsti bilen aýdan arzasy esasynda baglaşylýar, oňa ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polisi) berilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän möhleti ätiýaçlandyryjy bilen ätiýaçlandyrýanyň ylalaşygy esasynda bellenilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnama baglaşylan günde sagat 24.00-da başlanýar we şertnamada göz öňünde tutulan möhletiň soňky güni sagat 24.00-da tamamlanýar.

Ätiýaçlandyrýana (ätiýaçlandyrylan adama) aradan çykan ýagdaýynda ätiýaçlandyryş pul möçberini almak üçin islendik adamy (ýa-da birnäçe adamy) bellemek hukugy berilýär.

Ätiýaçlandyrylan çaga aradan çykan ýagdaýynda ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyrýana tölenilýär, emma ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyrylan çagany bilgeşleýin öldüren, onuň ölmegine sebäp bolan ýagdaýda bedenine zeper ýetiren bolsa, ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyrylanyň mirasdarlaryna tölenilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe ätiýaçlandyrýan bu barada gönüden-göni özüne ätiýaçlandyryş baýragy.

## § 2.15.3. Ätiýaçlandyryş pul möçberi, ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy)

Ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyrýanyň we ätiýaçlandyryjynyň arasyndaky ylalaşyk boýunça bellenilýär.

Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) ätiýaçlandyryş pul möçberine göterimlerde bir ýyl we ondan köp möhlet üçin nyrh möçberinden ybaratdyr we aşakdaky möçberde bellenilýär:

- 0,25%-den 1,2%-e çenli – her bir anyk ýagdaýda töwekgelçilik derejesinden we hünärden ugur alyp, uly ýaşlylar üçin ;
- 0,25% – talyplar üçin;
- 0,2% – çagalar üçin.

Bir ýyldan az möhlete baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) ýyllyk baýragyň (wznosyň) möçberinden aşakdaky möçberlerde tölenilýär:

| | | | |
|---|---|---|---|
| 1 aýa | 20% | | |
| 2 aýa | 30% | 7 aýa | 70% |
| 3 aýa | 40% | 8 aýa | 75% |
| 4 aýa | 50% | 9 aýa | 85% |
| 5 aýa | 60% | 10 aýa | 90% |
| 6 aýa | 6 5% | 11 aýa | 95% |

Bir ýyldan köp möhlete baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryş nyrh möçberi ätiýaçlandyryş möhletine degişlilikde köpelýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamalary baglaşylanda taraplaryň ylalaşygy boýunça franşiza (ýüze çykan zeleliň öwezini dolmakda ätiýaçlandyrýanyň öz paýy) bellenip bilner.

Töwekgelçilik gaýtadan ätiýaçlandyryşa berlen ýagdaýynda ätiýaçlandyryş nyrhlarynyň möçberleri halkara ätiýaçlandyryş bazaryndaky töwekgelçiligiň bahalanyşyny we gaýtadan ätiýaçlandyryş şertlerini hasaba almak bilen taraplaryň ylalaşygy boýunça bellenilýär.

*Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy):*

- nagt däl hasaplaşyk arkaly– kärhananyň, edaranyň, guramanyň hasaphanasynyň üsti bilen;
- nagt pul bilen – ätiýaçlandyryş wekiline ýa-da gönüden-göni ätiýaçlandyryjynyň kassasyna tölenilýär.

Betbagtçylykly hadysalardan şertnamalar boýunça nagt pulsuz hasaplaşyk arkaly ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) geçirmek üçin wekil sanawy iki nusgada düzýär we guramanyň hasaphanasyna berýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) birwagtyň özünde hem-de iki möhletde, ýagny 50%-i ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylanda we 50%-i ätiýaçlandyryş şertnamasy güýje girenden soň 4 aýdan gijä galynman tölenilip bilner.

Eger ätiýaçlandyrylan ikinji möhlet boýunça ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) tölemän aradan çykan bolsa, onda ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) ätiýaçlandyryş töleginden tutulyp alynýar.

Eger ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) wagtynda tölenilmedik bolsa, onda ätiýaçlandyryjy ony tölemek üçin iki hepdelik möhleti ýazmaça kesgitläp biler. Iki hepdelik möhlet geçenden soň ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykýan bolsa we şu wagta çenli ätiýaçlandyrýan baýragyny (wznosyny) tölemegiň möhletini geçiren bolsa, ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan boşadylýar.

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş şertnamasyny üç we ondan köp senenama ýylynyň dowamynda yzygider baglaşan bolsa we munuň özi degişli ätiýaçlandyryş resminamalary bilen tassyklanylan bolsa, şonda iň soňky ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwri tamamlanandan soň ätiýaçlandyrýana ýeňillikli aý berilýär. Şol döwürde ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çyksa töleg iň soňky ätiýaçlandyryş şertnamasynyň ätiýaçlandyryş pul möçberinden hasaplanylyp geçirilýär. Emma iň soňky ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereketi edýän möhleti tamamlanandan soň bir aý geçýänçä ätiýaçlandyrýan täze ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşan bolsa we şol şertnamanyň hereket edýän döwründe ätiýaçlandyryş ýagdaýy bolup geçen bolsa, onda töleg şol ätiýaçlandyryş şertnamasynyň ätiýaçlandyryş pul möçberinden hasaplanylyp geçirilýär.

Eger ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykmasa, şol ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça ätiýaçlandyrýana, ätiýaçlandyryşyň üç ýyllyk möhletinde 5%, ätiýaçlandyryşyň dört ýyllyk möhletinde 10% we ätiýaçlandyryşyň bäş ýyllyk möhletinde 15% indirim berilýär.

Eger ätiýaçlandyrýanyň öz hünärini (wezipesini) nädogry görkezip we şunuň bilen baglanyşyklylykda onuň şu hünärdäki (wezipedäki) adamlar üçin belläninden az ätiýaçlandyryş baýragyny töländigi anyklanylsa, onda kem alnan baýrak (wznos) ätiýaçlandyryş töleginiň möçberinden tutulyp alynýar.

Ätiýaçlandyryş baýragy ätiýaçlandyrýanyň hünäri (wezipesi) üçin bellenilendäkiden köp möçberde ýalňyşlyk bilen alnan bolsa, şeýle ýagdaýda ätiýaçlandyryş töleginiň möçberinden artyk alnan baýrak (wznos) ätiýaçlandyrýana gaýtarylyp berilýär.

*Aşakdaky ýagdaýlarda ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereketi bes edilýär:*

- ätiýaçlandyryş möhletiniň tamamlanmagy boýunça;
- ätiýaçlandyryş şahadatnamasynda (polisinde) görkezilen doly ätiýaçlandyryş pul möçberi tölenilen ýagdaýynda;
- Ätiýaçlandyrýan tarapyndan ätiýaçlandyryş şertnamasynda bellenilen möhletlerde ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) tölenilmedik ýagdaýynda;
- ätiýaçlandyrylan adam ýogalan ýagdaýynda ;
- ätiýaçlandyrylan adam Türkmenistanyň çäklerinden daşaryk hemişelik ýaşaýan ýerine giden ýagdaýynda.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy taraplaryň productiniň isl egi boýunça ýatyrylyp bilner.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy möhletinden öň bes edilen ýagdaýynda, ätiýaçlandyryjy şertnamasynyň gutarmadyk möhleti üçin ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny), edilen çykdajylary aýryp, ätiýaçlandyrýana gaýtaryp berýär.

Eger ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagy bilen, ätiýaçlandyryş öwezini doluş puly tölenen bolsa, onda şol şertnama wagtyndan öň bes edilip bilinmez.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy (polisi) ýitirilen ýagdaýynda ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryjydan ýazmaça arza bermegiň üsti bilen, onuň öwezligini alyp biler. Öwezligi berlenden soň ýitirilen ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polis) hakyky däl diýlip hasap edilýär we şol boýunça hiç bir töleg tölenilmeýär.

Ätiýaçlandyrylan adamyň aradan çykan ýagdaýynda ätiýaçlandyryş şahadatnamasynyň (polisiň) öwezligi Peýda alyja berilmeýär we ätiýaçlandyryş şertnamasyndan gelip çykýan ähli meseleler ätiýaçlandyryş şahadatnamasynyň (polisiň) ätiýaçlandyryş guramasynda bar bolan nusgasynyň esasynda çözülýär.

## §2.15.4. Ätiýaçlandyryş pul möçberini tölemegiň tertibi

Ätiýaçlandyryş pul möçberiniň tölenilmegi baradaky talap ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan ätiýaçlandyryş guramasyna berilýär. Şonda aşakdaky resminamalar berilmelidir:

➢ **Ätiýaçlandyrylan adam tarapyndan bedenine zeper ýetmegi ýa-da beýleki ätiýaçlandyryş wakasynyň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly** – bellenilen görnüşdäki arza, ätiýaçlandyryş şahadatnamasy – polis , bejeriş edarasynyň №195 görnüşdäki delilhaty.

- ➢ **Peýdasyna ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan Peýda alyjy tarapyndan** – bellenilen görnüşdäki arza, ätiýaçlandyryş şahadatnamasy – (polisi), ätiýaçlandyrýanyň aradan çykandygy hakyndaky şahadatnamanyň kepillendiriş tertibinde güwä geçilen nusgasy, ätiýaçlandyrýanyň özi aradan çykan ýagdaýynda, şertnama aýratyn düzülen bolsa ätiýaçlandyryş pul möçberini almak üçin kimi belländigi hakyndaky görkezmesi.
- ➢ **Ätiýaçlandyrýanyň mirasdarlary tarapyndan** – bellenilen görnüşdäki arza, ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polisi), ölüm hakyndaky şahadatnamanyň kepillendiriş tertibinde güwä geçilen nusgasy, mirasa hukuk hakyndaky kepillendiriş edarasy tarapyndan berlen şahadatnama.
- ➢ **Ätiýaçlandyrylan çaga aradan çykan ýagdaýynda ätiýaçlandyrýan tarapyndan** – bellenilen görnüşdäki arza, ätiýaçlandyryş şahadatnamasy – (polisi), ätiýaçlandyrylan çaganyň ölümi hakyndaky şahadatnamanyň kepillendiriş edarasynda güwä geçilen nusgasy.

Döwlet ätiýaçlandyryş guramalary zerur ýagdaýlarda degişli edaralardan soraşdyrma, derňew ýa-da kazyýet edaralarynyň maglumatlaryny sorap alyp bilerler.

Ätiýaçlandyryş pul möçberi aşakdaky ýagdaýlarda ätiýaçlandyrylan adamyň mirasdarlaryna tölenilýär:

- ätiýaçlandyrýan we görkezmede görkezilen adam bir wagtda (bir günde) aradan çykan ýagdaýynda;
- görkezmede görkezilen adam ätiýaçlandyrýandan öň aradan çyksa we ol görkezmäni üýtgetmese;
- ätiýaçlandyryş hakynda arza berlen mahaly ätiýaçlandyrýan görkezme galdyrmadyk bolsa ýa-da şertnamanyň hereket edýän döwründe ol şol görkezmäni ýatyran bolsa;
- ätiýaçlandyrýan görkezmede ätiýaçlandyryş pul möçberiniň olaryň familiýasy görkezilmezden mirasdarlara tölenilmelidigini görkezen bolsa.

Ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly ätiýaçlandyryş tölegleriniň möçberi Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 24-nji dekabrynda çykaran №1070 Karary bilen tassyklanylan «Howa, demir ýol, deňiz, içerki suw we awtomobil ulaglarynda ýolagçylary döwlet tarapyndan hökman ätiýaçlandyrmak boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberlerini tölemek üçin bedene ýeten zeperiň agyrlyk derejesini kesgitlemegiň Düzgünlerine» hem-de bejeriş-öňüni alyş edaralarynyň delilhatlaryna (№195 görnüş) laýyklykda hasaplanylýar.

Eger ätiýaçlandyrylanyň ýumşak dokumalaryna, görüş, eşidiş ýa-da peşew-jynsy ulgamynyň synalaryna zeper ýeten bolsa, ol şeýle zeper ýetmeleriň zyýanly netijelerini kesgitlemek üçin hünärmen lukmana güwä geçilmäge ätiýaçlandyryjy tarapyndan iberilip bilner.

Ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda ätiýaçlandyrýan ýa-da ätiýaçlandyrylan adam, ýa-da onuň mirasdarlary (peýda alyjy) haýal etmän ätiýaçlandyryja habar etmäge borçludyrlar.

Ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly ätiýaçlandyryş pul möçberiniň tölenilmegi hakyndaky arza, bu ýagdaýy tassyklaýan ähli zerur resminamalary bermek bilen, ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykan gününden başlap 3 ýylyň dowamynda ýüz tutulyp bilner.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe bolup geçen bir ýa-da birnäçe ätiýaçlandyryş ýagdaýlary üçin tölegleriň umumy möçberi ätiýaçlandyryş pul möçberinden geçip bilmez.

Ätiýaçlandyryş pul möçberlerini tölemek ätiýaçlandyryjy tarapyndan ähli zerur resminamalar alnandan soň 7 günüň dowamynda geçirilýär. Kämillik ýaşyna ýetmedik adama töleg diňe şol birwagtyň özünde bu barada hossarlyk we howandarlyk edarasyny habardar etmek bilen, onuň adyna ýazylan goýuma pul geçirmek arkaly tölenilýär.

Eger ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagyna sebäp bolan ýagdaýlar boýunça jenaýat işi gozgalan ýa-da kazyýetde şol işe seredilip başlanan bolsa, onda töleg hakyndaky çözgüdi kabul etmek derňew ýa-da kazyýetde seljerme tamamlanýança gaýra goýlup bilner.

Eger ätiýaçlandyrylan adam ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagy bilen baglanyşykly ätiýaçlandyryja ýüz tutsa we ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny (polisini), berejiş – öňüni alyş edarasynyň delilhatyny berse, ýöne welin özüne degişli ätiýaçlandyryş pul möçberini alman aradan çyksa, onda şol pul möçberi peýdasyna ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan adama ýa-da onuň mirasdarlaryna tölenilýär.

Ätiýaçlandyrylan adam aradan çykan diýlip kazyýet tarapyndan yglan edilen mahaly, eger çözgütde ätiýaçlandyrylan adamyň ölümine wehim salýan ýa-da belli bir betbagtçylykly hadysadan ol heläk bolandyr diýip çak etmäge esas berýän ýagdaýlarda dereksiz ýitendigi görkezilse hem-de onuň ýitirim bolan ýa-da heläk bolandyr diýlip çak edilýän güni ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwrüne gabat gelse, onda ätiýaçlandyryş pul möçberi tölenilýär.

Kazyýet tarapyndan ätiýaçlandyrylan adam dereksiz ýiten diýlip ykrar edilen mahaly ätiýaçlandyryş pul möçberi tölenilmeýär.

Ätiýaçlandyryş pul möçberini almak üçin ätiýaçlandyrylan ýa-da ony almaga hukugy bolan adam islendik adama ynanç hatyny berip biler. Şunda şahsy adamlara berilýän ynanç haty kepillendiriş tertibinde resmileşdirilmelidir.

**Ätiýaçlandyryjynyň borjy:**

- ätiýaçlandyrýany ätiýaçlandyryş şertleri bilen tanyşdyrmaga;
- ätiýaçlandyrýana (ätiýaçlandyrylan adama) ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny (polisi) gowşurmaga;
- ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda ätiýaçlandyrylan adama ätiýaçlandyryş pul möçberini ätiýaçlandyryş şertnamasynda bellenilen tertipde hem-de möhletlerde tölemäge;

- öz hünär işi netijesinde ätiýaçlandyrýan (ätiýaçlandyrylan adam) hakyndaky alan maglumatlaryny aýan etmezlige.

**Ätiýaçlandyrýan borçly:**

- bellenilen möçberde we tertipde ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) wagtynda tölemäge;
- betbagtçylykly hadysa ýüze çykanda şeýle ýagdaýyň ýüze çykandygy hakynda ätiýaçlandyryjyny ýazmaça görnüşde habardar etmäge.

## II.XVI bap. Gurluşyk-gurnaýyş işlerini meýletin ätiýaçlandyryş

### §2.16.1. Ätiýaçlandyryşyň desgalary we obýekti

Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramalarynyň we edara görnüşindäki taraplaryň hem-de edara görnüşindäki tarapy döretmezden telekeçileriň arasynda binalary we desgalary gurmagyň, enjamlary gurnamagyň ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşmak arkaly düzgünleşdirilýär.

Ätiýaçlandyryş ätiýaçlandyrýanyň peýdasyna ýa-da eger onuň üstüne gurluşyk-gurnaýyş işlerini ýerine ýetirmek üçin jogapkärçilik ýüklenýän bolsa, onda ätiýaçlandyryş şertnamasynda bellenilen beýleki adamyň (mundan beýlak peýda alyjy) peýdasyna geçirilýär.

Ätiýaçlandyryş goragy diňe ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilen ýerde üpjün edilýär.

*Şu aşakdakylar ätiýaçlandyryş desgalarydyr:*

- gurluşyk işleri, şol sanda gurulýan desgalar, gurluşyk serişdeleri we gurluşlar, şeýle hem taslama-sanaw resminamalarynda göz öňünde tutulan we gurluşyk işleri amala aşyrylýan zatlar we serişdeler bolup durýan beýleki emläk.
- gurnaýyş işleri, gurulýan desgalar, gurnalýan enjamlar, şeýle hem taslama-sanaw resminamalarynda göz öňünde tutulan we gurnaýyş işleri amala aşyrylýan zatlar we serişdeler bolup durýan beýleki emläk.

- gurluşyk meýdançasynyň enjamlary (wagtlaýynça jaýlar we desgalar, ammarlar, inžener ulgamlary we ş.m.).
- gurluşyk-gurnaýyş işlerini amala aşyrmak üçin niýetlenen gurluşyk tehnikasy, mehanizmler we enjamlar.

Eger ätiýaçlandyryş desgasyna sanalan emlägiň diňe bir bölegi degişli bolsa, onda bu hakda ätiýaçlandyryş şertnamasynda aýdylyp geçilýär.

Taraplaryň ylalaşygy boýunça ätiýaçlandyryş wagtlaýyn desgalara, gurluşyk meýdançasynda ýerleşýän gurluşyk tehnikasyna, gurluşyk we ulag mehanizmlerine degişli edilip bilner.

Gurluşyk-gurnaýyş töwekgelçilikleri ätiýaçlandyrylan mahaly ätiýaçlandyryjy aşakdakylaryň netijesinde ätiýaçlandyrylan emlägiň ýok edilmeginden ýa-da oňa zeper ýetmeginden çekilen zeleliň (göni ýitgileriň) öwezini dolýar:

- ýangynyň, partlaýşyň;
- ýer titremesiniň;
- suwuň joşmagynyň, suw almagynyň, ýeriň çökmeginiň, süýşmeginiň;
- tupanyň, tüweleýiň, harasatyň, gaýyň;
- elektrik energiýasynyň täsiriniň (gysga utgaşma, elektrik ulgamyna agram salma, atmosferadaky zarýadsyzlanmalar);
- urgalaryň we zynjyrlaryň üzülmeginiň, şaýlaryň we beýleki zatlaryň gaçmagynyň;
- gurluşyk meýdançasyndaky garaşylmadyk we öňünden görüp bolmaýan hadysalaryň bolmagynyň.

Eger ätiýaçlandyryş şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda aşakdakylaryň gönüden-göni ýa-da ikinji derejeli täsiri netijesinde emele gelen ýitgiler tölenmäge degişli däldir:

- islendik görnüşdäki harby hereketleriň we harby çäreleriň we olaryň zyýanly täsiriniň, minanyň, bombanyň we beýleki harby abzallaryň ýarylmagynyň, halk tolgunyşyklarynyň, elinden alynmagyň (konfiskasiýanyň), rekwizisiýanyň, gozgamasyz edilmegiň, döwlet edaralarynyň görkezmesi bilen emlägiň zaýalanmagynyň ýa-da ýok edilmeginiň;

- ýadro partlamasynyň, radiasiýanyň ýa-da ätiýaçlandyrýa-nyň (peýda alyjynyň) ýa-da onuň wekilleriniň gödek biper-waýlygynyň;
- ätiýaçlandyryş ýagdaýyndan öň ätiýaçlandyrýana (peýda aly-ja) ýa-da onuň wekillerine belli bolan ýalňyşlygyň, ýetmezçi-ligiň ýa-da kemçiligiň;
- işleriň doly ýa-da bölekleýin ýatyrylmagynyň;
- käbir zatlaryň poslamagynyň, çüýremeginiň, tebigy könelme-giniň, öz-özünden ot almagynyň ýa-da käbir zatlaryň tebi-gy ýagdaýlarynyň, ýöne şolar sebäpli bolan betbagtçylykly hadysanyň netijesinde şolaryň başga ätiýaçlandyrylan zatlaryň ýetiren zyýanynyň öwezini dolmak şerti bilen;
- synag we gözleg işleriniň;
- daşky faktorlaryň täsiri bilen bagly bolmadyk, gurluşyk teh-nikasynyň we ulag serişdeleriniň içki döwükleriniň netijesin-de zaýalanmagynyň.

Ätiýaçlandyryjy gurluşykda we gurnaýyşda ulanylýan serişde-leriň, gurallaryň we olaryň bölekleriniň abatlamak, çalyşmak bilen bagly ýa-da şikesini düzetmegiň bahasynyň, şeýle-de işleri geçir-meklikde goýberilen ýalňyşlyklary aýyrmagyň çykdajylaryny töle-meýär. Ýöne, bu çäklendirme gönüden-göni şikesli serişdelere we gurallara degişli bolmak bilen, dogry gurlan desgalarda, gurallarda we serişdelerde şu hili şikesleriň we işleriň netijesinde ýüze çykan ýitgileri tölemegiň mümkinçiligini aradan aýyrmaýar.

Mundan başga hem, ýangyç-çalgy serişdeleri, himikatlar, so-wadyjy suwuklyklar we beýleki kömekçi serişdeler, ätiýaçlandyrylan desganyň öndürýän önümleri (gurluşyk we gurnaýyş işleri üçin ze-rur zatlardan başgalary), gymmat bahaly metallar, sungat eserleriniň daşlary, resminamalaryň we gymmatly kagyzlaryň ýitgileri we olara zeper ýetmegi, şeýle hem diňe tükellemegiň netijesinde ýüze çykan ýitirilen girdeji ýa-da şertnama boýunça jerimeler ýaly gytaklaýyn ýitgiler ätiýaçlandyryş bilen üpjün edilmeýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyrýanyň iki nusgada düzü-len bellenen görnüşdäki ýazmaça arzasynyň esasynda baglaşylýar. Ätiýaçlandyryş pul möçberi, baýraklary we tölenmeli möhleti gör-

kezilen arzanyň bir nusgasy ätiýaçlandyryjyda galdyrylýar, beýlekisi bolsa ätiýaçlandyrýana berilýär.

*Arzada aşakdakylar görkezilýär:*

- ätiýaçlandyrýanyň maglumatlary: guramanyň doly ady, hukuk salgysy, bank maglumatlary, telefonynyň/faksynyň nomerleri, ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmaga ygtyýarly adamyň wezipesi, familiýasy, ady, atasynyň ady;
- ätiýaçlandyryş gymmaty we ätiýaçlandyryş pul möçberleri;
- gurluşyk desgasynyň häsiýetnamasy;
- gurluşyk meýdanynyň ýerleşen ýeri;
- işleri geçirmekligiň möhletleri;
- ulanmaklygyň kepillik möhletleri.

Ätiýaçlandyryş, ätiýaçlandyryş şertnamasynyň baglaşylan güni sagat 24.00-da güýje girýär we şertnamada göz öňünde tutulan möhletiň soňky güni sagat 24.00-da tamamlanýar.

Ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşan ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryş şahadatnamasy ( polisi) berilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy bir ýyla çenli, bir ýyla we gurluşyk birnäçe ýyllaryň dowamynda edilýän bolsa, kesgitlenmedik möhlete baglaşylýar.

Bir ýyldan az möhlete baglaşylan şertnamalar boýunça ätiýaçlandyryş baýraklary (wznoslary) bir wagtda, hasaplanylan ýyllyk baýragyň (wznosyň) möçberinden şu aşakdaky möçberlerde tölenilýär:

– 1 aý möhlete ätiýaçlandyrylan mahaly-20%, 2 aýa-30%, 3 aýa-40%, 4 aýa-50%, 5 aýa-60%, 6 aýa-70%, 7 aýa-75%, 8 aýa-80%, 9 aýa-85%, 10 aýa-90%, 11 aýa 95%/;

– ikinji bendi dördünji bent diýip hasaplamaly.

Şertnama baglaşylandan soň girizilen üýtgetmeler ätiýaçlandyryjynyň we ätiýaçlandyrýanyň gollary çekilen goşmaçalar bilen resmileşdirilýär, olar bolsa ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hem-de ätiýaçlandyryş şahadatnamasynyň (polisiniň) bölegi bolup durýarlar.

Taraplaryň ylalaşygy bilen ätiýaçlandyryş şertnamasyna franşiza (ýitginiň tölenmeýan bölegi) girizilip bilner. Franşizanyň anyk möçberi ätiýaçlandyryş şertnamasynyň ätiýaçlandyryş pul möçberinden göterimlerde ýa-da kesgitli pul möçberinde kesgitlenip bilner.

Emläk ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilen ýeriň çäklerinde ätiýaçlandyrylan hasap edilýär. Eger ätiýaçlandyrylan emläk ätiýaçlandyryş ýeriniň çäklerinden çykarylsa, onda ätiýaçlandyryjynyň bu emläge degişli bolan ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemek boýunça borçnamalary bes edilýär. Ätiýaçlandyryş ýeri üýtgedilse, ätiýaçlandyrýan üýtgetmeleriň maglumatlaryny ätiýaçlandyryjy bilen ylalaşmalydyr.

Ätiýaçlandyrýan şertnama baglaşanda ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýa-da howpuň abanmagyna sebäp bolup biljek düýpli ahwalatlar barada ätiýaçlandyryja habar bermelidir. Ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmagyna ýa-da ony üýtgedilen mazmunda baglaşmagyna täsir edip biljek ýagdaýlar düýpli ýagdaýlardyr.

Düýpli ýagdaý hakyndaky habarlarda nädogry maglumatlar bar bolsa, ätiýaçlandyryjy şertnama baglaşmakdan boýun gaçyryp biler.

Ätiýaçlandyryş töwekgelçiliginiň ýokarlanmagyna eltýän ýagdaýlar hakynda habardar edilen ätiýaçlandyryjy, hereket edýän şertnamanyň şertine üýtgemeleri girizmäge ýa-da ätiýaçlandyryş töwekgelçiliginiň ýokarlanan derejesine deňeçerlikde goşmaça ätiýaçlandyryş tölegini talap etmäge haky bardyr.

*Aşakdaky ýagdaýlarda şertnama bes edilýär:*

- ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän möhleti tamamlananda;
- ätiýaçlandyryjy öz borçlaryny doly ýerine ýetirende;
- edara görnüşindäki tarap bolan ätiýaçlandyrýan ýapylan ýagdaýynda (eger hukuk orun tutujy hakly adam bolmasa) ýa-da şahsy adam bolan ätiýaçlandyrýan aradan çykanda;
- talap boýunça (ätiýaçlandyryjynyň ýa-da ätiýaçlandyrýanyň göreldesi bilen).

Ätiýaçlandyryş şertnamasy möhletinden öň bes edilen ýagdaýynda ätiýaçlandyryş baýraklarynyň gaýdyp berilmegi nagt däl hasaplaşygyň üsti bilen amala aşyrylýar. Şertnamanyň ýatyrylýandygy hakynda ätiýaçlandyrýana bir aý öňünden habar berilmelidir.

## §2.16.2. Ätiýaçlandyryş baýraklary, olary tölemegiň tertibi we möhletleri

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş baýragyny diňe ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny alandan soň tölemäge borçludyr.

Ilkinji ýa-da bir gezeklik baýrak wagtynda tölenýänçä, ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan azatdyr.

Ätiýaçlandyryş baýragy ätiýaçlandyryş desgasynyň gymmatyndan, ätiýaçlandyryş nyrhyndan we her bir töwekgelçilik jogapkärçiliginiň möçberinden ugur alnyp hasaplanylýar.

Her bir anyk ýagdaýda töwekgelçiligiň derejesinden we ätiýaçlandyryş pul möçberinden ugur almak bilen, ätiýaçlandyryş baýraklarynyň möçberleri bellenilende köpeldiji ýa-da azaldyjy koeffisiýenti ulanylýar.

Töwekgelçilik gaýtadan ätiýaçlandyryşa berlen ýagdaýynda ätiýaçlandyryş nyrhlarynyň möçberleri halkara ätiýaçlandyryş bazaryndaky töwekgelçiligiň bahalanyşyny hasaba almak bilen, taraplaryň ylalaşygy boýunça bellenilýär.

Bir ýyla çenli baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamasy üçin ätiýaçlandyryş baýragy bir gezekde tölenýär.

Bir ýyllyk ýa-da kesgitlenilmedik möhlete baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamasy üçin ätiýaçlandyryş baýragy bir gezekde, şeýle hem dört gezekden köp bolmadyk, birnäçe möhletlerde tölenip bilner. Ätiýaçlandyryjydan ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polisi) alnandan soň 14 günüň dowamynda birinji baýrak tölenmelidir.

Eger 1 ýyla ýa-da kesgitlenilmedik möhlete baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça ätiýaçlandyryş baýragy birinji möhletde bellenen möçberinden az tölense, onda şol şertnamalar baglaşylmadyk hasap edilýär. Bu ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça alnan ätiýaçlandyryş baýragy 10 günden gije goýulman ätiýaçlandyrýana gaýtarylyp berilýär.

Ikinji baýragyň tölenmezligi sebäpli, wagtyndan öň ýatyrylan ätiýaçlandyryş şertnamasy, ätiýaçlandyrýan tarapyndan ätiýaçlandyryş baýragynyň bergisi üzülen şertinde, bir aýyň dowamynda dikeldilip bilner.

Başgaça ylalaşylmadyk bolsa, ätiýaçlandyryş pul möçberine ätiýaçlandyrylan desganyň doly bahasy, şol sanda serişdeleriň, tehniki resminamalaryň taslama bahasy, ulagly äkitmegiň çykdajylary, işçi güýjüniň we ş.m. çykdajylary girýär. Ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyrylan desganyň ätiýaçlandyryş şertnamasynyň baglaşylan mahalyndaky hakyky bahasyndan (ätiýaçlandyryş gymmatyndan) ýokary bolmaly däldir.

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyryş pul möçberiniň üýtgändigi barada, şeýle hem ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylandan soň ýüze çykan ätiýaçlandyryş töwekgelçiliginde bolan üýtgemeler hakynda habar bermäge borçludyr. Töwekgelçiligiň derejesini ýokarlandyrýan üýtgemeler ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyryş şertlerini üýtgetmäge we goşmaça baýrak tölemegi talap etmäge hukuk berýär. Eger ätiýaçlandyrýan täze şertler bilen ylalaşmasa ýa-da goşmaça baýragy tölemekden boýun gaçyrsa, onda töwekgelçiligiň ýa-da ätiýaçlandyryş baýragynyň üýtgän pursatyndan başlap ätiýaçlandyryş şertnamasy bozulan hasaplanýar we ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryş döwrüniň galan möhletine degişli baýragyň bir bölegi gaýtaryp berilýär.

Ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiligi, ätiýaçlandyrylan emlägiň gurluşyk meýdançasynda düşürilen pursatyndan, ýöne ätiýaçlandyryş şertnamasynda şertlenen möhletden öň bolmadyk senede başlanýar, gurluşyk, gurnaýyş, gurallaryň boş ýa-da iş synaglary döwründe dowam edýär we gurluşyk gutaryp desga ulanmaga berlende, ätiýaçlandyryş şertnamasynyň gutarýan möhletinden giç bolmadyk senede tamamlanýar.

Ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiliginiň aňryçägi ätiýaçlandyryş pul möçberidir. Eger ätiýaçlandyryş şertnamasynda bir ýagdaý üçin jogapkärçiligiň möçberi kesgitlenen bolsa, onda şol bir ätiýaçlandyryş ýagdaýy üçin, ähli ýitgileriň tölegleri, şol sanda ýitginiň öňüni almak ýa-da ýitgini azaltmak we meýdançany arassalamak üçin çykdajylar, agzalan möçberden ýokary bolmaly däldir.

Eger bir ätiýaçlandyryş ýagdaýy sebäpli ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşan birnäçe taraplar ýitgi çeken bolsa, onda tölegiň umumy möçberi bu taraplaryň arasynda franşizany we üçünji tarapdan alnan tölegi aýyrmak bilen, ýitginiň umumy pul möçberinden her tarapyň ýitgisine deňeçerlikde tölenýär. Ätiýaçlandyryş ýagdaýy

17. Sargyt № 2539

ýüze çykanda ätiýaçlandyrylan emläk boýunça başga ätiýaçlandyryş şertnamalary bar bolsa, çekilen zelel boýunça ätiýaçlandyryş tölegi her bir ätiýaçlandyryjy tarapyndan ätiýaçlandyrylan pul möçberinden deňeçerlikde tölenýär.

Ätiýaçlandyrýana (peýda alyja) bagly bolmadyk sebäpler görä işler üç aýdan köp bolmadyk möhlete durzulan bolsa, bu möhlet üçin ätiýaçlandyryş durzulýar we işler başlanandan soň ätiýaçlandyryşyň möhletini işleriň duruzylan wagtyna görä uzaltmak bilen, goşmaça baýrak tölemezlik şertinde ýene-de ätiýaçlandyryş şertnamasy güýje girizilýär. Bu ýagdaýda ätiýaçlandyrýan ýa-da peýda alyjy ätiýaçlandyryja işleriň durzulan we başlanan seneleri barada habar bermelidir. Beýleki ýagdaýlaryň ählisinde ätiýaçlandyryş möhleti diňe ätiýaçlandyrýanyň we ätiýaçlandyryjynyň ylalaşygy boýunça, goşmaça baýrak tölemek bilen uzaldylýar, şol baýrak bolsa ylalaşylmaga degişlidir.

Işler güýçli depginde alnyp barylmagy netijesinde şertnamada görkezilen möhletinden öň tamamlansa, ätiýaçlandyryş baýragy gaýtarylyp berilmäge degişli däldir.

Ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda, ätiýaçlandyryjynyň görkezmelerine garaşman ätiýaçlandyrýan ýa-da peýda alyjy ýitgini azaltmak we üçünji tarapa talap hukugyny üpjün etmek üçin mümkin bolan ähli çäreleri görmelidir we ýitginiň ähli görnüşi barada ýazmaça (teleks, telegramma, telefonogramma bilen) ätiýaçlandyryja habar bermelidir, soňra bolsa, ýitginiň anyk suratlandyrmasyny we dürs hasaplamasyny gowşurmalydyr. Mundan başga hem olar ätiýaçlandyryja şu emläk boýunça beýleki ätiýaçlandyrýanlar bilen baglaşylan şertnamalar barasynda ýazmaça habar bermelidirler.

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş ýagdaýyndan soňky ýagdaýy düzetmäge (çalyşmak, abatlaýyş işleri) diňe ätiýaçlandyryjynyň wekilleri tarapyndan zaýa bolan emläk we wakanyň bolan ýeri görlenden soň ýa-da ätiýaçlandyryjy bilen ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň zyýanly netijelerini ýok etmek üçin etmeli işler ýazmaça ylalaşylandan soň başlap biler.

Ätiýaçlandyryjynyň ýa-da onuň wekilleriniň munuň üçin zerur çäreleri görüp ýa-da görkezip, ätiýaçlandyrylan emlägi halas etmäge we goramaga gatnaşmaga hukugy bardyr. Ätiýaçlandyryjynyň ýa-da

onuň wekilleriniň bu hereketleri ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemek borjuny ykrar etmegi däldir. Eger ätiýaçlandyrýan ýa-da peýda alyjy agzalan hukuklaryny amala aşyrmaga ätiýaçlandyryja päsgel berse, onda ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ýitginiň köpelmegine elten möçberine görä azaldylýar.

Haýsy pulda ätiýaçlandyryş baýragy tölenen bolsa, şol pulda-da ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi tölenilýär. Ätiýaçlandyrýan bilen ylalaşygyň esasynda ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy peýda alyjynyň çykdajylary çeken pulunda tölenilip bilner.

Ýok bolan emlägiň öwezini dolmagyň möçberi ätiýaçlandyryş ýagdaýynda ony çalşyrmagyň ýa-da onuň hakyky bahasy bilen, haýsysy az bolsa şoňa baglylykda çäklenilýär.

Eger zeper ýeten emlägi abatlamak üçin harajatlar onuň ätiýaçlandyryş ýagdaýyndaky hakyky bahasyndan ýa-da çalyşmagyň bahasyndan ýokary bolsa, onda emläk doly ýok edilen hasaplanýar. Emlägiň bahasy kesgitlenende onuň diňe ätiýaçlandyryş pul möçberinde nazara alnanlary hasaba alynýar.

Emläge zeper ýeten ýagdaýynda ony ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň öň ýanyndaky ýagdaýyna getirmek üçin gerek bolan abatlaýyş işleriniň çykdajylarynyň öwezi dolunýar.

Ätiýaçlandyryjy ýitginiň öňüni almak ýa-da ýitgini peseltmek maksady bilen edilen çykdajylary, şertnamanyň şertleri boýunça tölemäge degişli bolan ýagdaýynda töleýär. Şeýle hem, ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş ýagdaýyndan soň meýdançany arassalamak üçin paýhasly edilen çykdajylary ätiýaçlandyryş pul möçberiniň, ýöne 2%-den köp bolmadyk möçberinde töleýär.

Arassalaýyş işleriniň çykdajylary diýlip, meýdançany ätiýaçlandyryş ýagdaýyndan soň, dikeldiş işlerini geçirmäge ýaramly etmek üçin edilen çykdajylar hasaplanýar, olar bolsa degişli resminamalar bilen tassyklanylmalydyr.

Ätiýaçlandyryjy tarapyndan öwezini doluş tölegi üstünden ätiýaçlandyryş şertnamasynda şertleşilen pul möçberini ýa-da göterimi (franşizany) aýyrmak bilen tölenýär. Eger bir ätiýaçlandyryş ýagdaýy boýunça birnäçe ýitgi dörän bolsa, onda doly pul möçberinde ýa-da ätiýaçlandyryş pul möçberiniň göteriminde aňladylan franşiza pul möçberinden diňe bir gezek aýrylýar.

Ýitginiň möçberini, onuň ýüze çykmagynyň häsiýetini we ýagdaýyny kesgitlemek üçin ätiýaçlandyryjynyň wekilleriniň ätiýaçlandyryş ýagdaýy bolan ýere barmaga we ätiýaçlandyrýanyň we peýda alyjynyň degişli resminamalary görmäge erkin hukugy bolmalydyr.

Ýitginiň ýüze çykmagynyň ýagdaýlary, häsiýeti we möçberi barada ätiýaçlandyryjynyň we ätiýaçlandyrýanyň arasynda çaprazlyk ýüze çyksa, mesele aşakdaky tertipde döredilen seljeriş topary tarapyndan çözülýär:

- her tarap özüniň bilermenini belleýär we bu barada bir-birine habar berýär. Eger bir tarap bilermeni belläninden soň 2 hepdäniň dowamynda ikinji tarap öz bilermenini bellemese, onda ol bilermen birinji tarapyň haýyşy boýunça seljerme geçirilýän ýeriň Söwda senagat edarasy tarapyndan bellenýär. Bu bilermenleriň ylalaşykly gelen netijesini taraplaryň kabul etmegi hökmanydyr. Eger bilermenler ylalaşyp bilmese, onda olar seljeriş toparynyň başlygy hökmünde üçünji bilermeni saýlaýarlar. Iki bilermen üçünji bilermeni saýlamakda belli netijä gelip bilmeseler, ol bir tarapyň arzasy bilen seljeriş geçirilýan ýeriň Söwda senagat edarasy tarapyndan bellenýär. Topar sesleriň köplügi bilen karar kabul edýär;
- her tarap öz bilermeniniň hyzmat hakyny töleýär. Seljeriş toparynyň başlygynyň hakyny iki tarap deň möçberde töleýär.

**Eger ätiýaçlandyrýan:**

- töwekgelçilik hakynda pikir öwürmek üçin zerur bolan düýpli ýagdaýlar barada nädogry maglumat beren bolsa;
- töwekgelçiligiň şertinde emele gelen düýpli üýtgemeler barada ätiýaçlandyryja habar etmedik we ol barada ätiýaçlandyryjy bilen ylalaşmadyk bolsa;
- ätiýaçlandyryjynyň ýa-da onuň wekilleriniň zeleliň ýagdaýlaryny, häsiýetini we möçberini kesgitlemäge gatnaşmagyna päsgel beren bolsa;
- ýitgini kesgitlemek üçin zerur resminamalary bermedik bolsa, onda çekilen zelel üçin ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemekden doly boýun gaçyrmaga hukugy bardyr.

Ätiýaçlandyrýan ýa-da peýda alyjy tarapyndan zeleliň öňüni almak we peseltmek üçin ýerlikli işleriň geçirilmezligi sebäpli ýüze çykan zeleliň degişli ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini ätiýaçlandyryjynyň tölemezlige hukugy bardyr.

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini töläninden soň, ätiýaçlandyryja şol tölegiň möçberinde ätiýaçlandyrýanyň ýa-da peýda alyjynyň zelel üçin jogapkär taraplara bolan talap hukugy geçýär.

Ätiýaçlandyrýan günäkär tarapa talap hukugyny amala aşyrmak üçin ähli möhüm resminamalary ätiýaçlandyryja bermäge we zerur çäreleri görmäge borçludyr. Eger ätiýaçlandyrýan ýa-da peýda alyjy bu hukuklaryndan ýüz öwürseler, ýa-da olaryň günäsi bilen bu hukugy amala aşyrmak mümkin bolmasa, onda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş öwezini doluş töleginiň degişli bölegini tölemekden boşadylýar. Eger töleg doly tölenen bolsa, onda ätiýaçlandyrýan alan öwezini doluş tölegini ätiýaçlandyryja gaýtaryp bermäge borçludyr.

## II.XVII bap. Buraw işlerini meýletin ätiýaçlandyryş

### §2.17.1. Ätiýaçlandyryşyň tertibi we ätiýaçlandyrylýan desgalar

Buraw işlerini meýletin ätiýaçlandyryşyň hukuk binýady bolup Türkmenistanyň Raýat Bitewi kanuny, «Ätiýaçlandyryş hakyndaky», «Uglewodorod serişdeleri hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunlary, Türkmenistanyň Prezidentiniň 1997-nji ýylyň 29-njy ýanwarynda çykaran №3001 Karary bilen tassyklanylan, Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy hakyndaky Düzgünnama we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary çykyş edýär.

Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy edara görnüşindäki taraplar bilen nebit, gaz, geotermal, suw hem-de beýleki guýulary, raýat jogapkärçiligini we buraw enjamlaryny ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşýar.

Aşakdaky işler geçirilýän nebit, gaz, geotermal, suw we beýleki guýular ätiýaçlandyrylýan desgalardyr:

- önüm çykarylyp başlanandan şol işler tamamlanýança ýa-da başga sebäpler bilen ätiýaçlandyryş bes edilýänçä burawlamak, çuňaltmak, hyzmat etmek, abatlamak, dikeltmek ýa-da önümi çykaryp başlamaga taýýarlamak boýunça işler geçirilýän;
- nebiti, tebigy gazy ýa-da beýleki suwuk ýa gaz görnüşli gazylyp alynýan peýdaly baýlyklary çykarmaklyk alnyp barylýan;
- nebiti, tebigy gazy ýa-da beýleki gazylyp alynýan baýlyklary çykarmak haýsydyr bir sebäpler boýunça wagtlaýyn bes edilen, petiklenen ýa-da gaýry usul bilen konserwirlenen guýular;
- guýulara önüm berýän nebitli ýa-da gazly gatlaklar boşanyndan soň nebiti, tebigy gazy ýa-da beýleki suwuk ýa gaz görnüşli gazylyp alynýan peýdaly baýlyklary çykarmak bes edilen guýular;
- şertnamalaýyn çäklerde we onuň ýerasty känlerinde daşky gurşawa ýetirilen zeleliň, şol sanda howanyň, suwuň, topragyň we toprak astynyň hapalanmagynyň zyýanly netijelerini ýok etmek bilen baglanyşykly ýüze çykan çykdajylar.

*Ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça:*

- üçünji tarapyň ömrüne we saglygyna ýetirilen zelel üçin;
- üçünji tarapyň emlägine ýetirilen zelel üçin raýat-hukuk jogapkärçiliginiň töwekgelçilikleri ätiýaçlandyrylyp bilner.

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryşa hödürlenilýän guýularyň nähili ýagdaýdadygy, şeýle hem ýokarda görkezilýän işleriň haýsylary geçirilýän wagtynda ätiýaçlandyryşyň baglaşylýandygy barada ätiýaçlandyryjyny habardar etmäge borçludyr.

Buraw enjamlary boýunça hem ätiýaçlandyryş goragy berilýär. Ätiýaçlandyryş ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilen aşakdakylara degişlidir:

- buraw enjamlary, nebit we gaz guýularyny ulanmak we olara hyzmat etmek boýunça enjamlar, şeýle hem derrikler, kranlar, gazanlar, boýlerler, buraw turbalary, gurallar, ätiýaçlyk şaýlary, agregatlar, garnituralar we şeýle enjamlara degişli esbaplar, şonuň ýaly-da şunuň ýaly buraw işlerinde ätiýaçlandyrýanyň ulanýan beýleki zatlary;

- göçme enjamlar, hereket edýän düzüm, sement, buraw ergini ýa-da buraw garnuwy, himikaliler, çöwlük turbalary, sowma ýollar, çyzgylar, meýilnamalar we resminamalar, şeýle hem ammarlardaky emläk. Şu bölümde atma-at sanalyp geçilen emläk diňe ätiýaçlandyryş şertnamasy arkaly aýratyn göz öňünde tutulan bolsa ätiýaçlandyrylan hasap edilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilen enjamlar we emläk diňe ätiýaçlandyrylýan ýeriň çäklerinde ätiýaçlandyrylan hasap edilýär.

Eger şol enjam başga ýere geçirilýän bolsa, bu barada ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryjyny wagtynda (azyndan 1 aý öňünden) öňde boljak şonuň ýaly göçürme barada habardar edende ätiýaçlandyryş täze ýerde hereket etmegini dowam etdirýär. Şeýle ýagdaýda ätiýaçlandyryjynyň enjamyň bir ýerden başga ýere geçirilmegi bilen ýüze çykan töwekgelçiligiň üýtgemegine laýyk gelýän baýragyň (wznosyň) möçberini bellemäge hukugy bardyr.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynda göz öňünde tutulan aşakdaky ýagdaýlarda we goşmaça baýrak (wznos) tölenilen şertlerde:

- ätiýaçlandyrýanyň kärende şertnamasy, hakyna tutmak ýa-da lizing boýunça alan ýa oňa buýrujy ýa-da başga adamlar tarapyndan berlen ätiýaçlandyrylan guýularda peýdalanylýan buraw enjamyna ýa beýleki enjama, şol sanda, buraw we çöwlük turbalaryna we iş geçirmekde ulanylýan beýleki enjama ätiýaçlandyrýanyň kanuna ýa-da kärende şertnamasyna laýyklykda hakyna tutmaga ýa lizinge laýyklykda ýetirilen zeleliň öwezini dolmaga borçly bolan derejesinde ýetirilen zeleliň;
- ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemäge borjunyň ýüze çykmagyna getirýän waka dörän ýa-da şol wakanyň ýüze çykmak howpy dörän ýagdaýynda enjamlary halas etmek boýunça zerur bolan hem-de maksadalaýyk çykdajylaryň ätiýaçlandyryş arkaly üsti dolunýar.

*Şu kadalaryň şertlerinde:*

- nebitiň we gazyň öňünden görülmedik ýagdaýda atylyp çykmagy;
- kraterleriň, grifonlaryň we çukurlaryň tötänleýin emele gelmegi;

- maçtalaryň, kranlaryň ýa-da derrikleriň gollarynyň ýokary galmagy ýa-da aşak goýberilmegi;
- buraw enjamlarynyň, derrikleriň ýa-da maçtalaryň çökmegi ýa-da guýa sorulmagy;
- ätiýaçlandyryşyň çäklerinde ýerüsti gatnatmalar netijesinde ýüze çykan zelelleriň hem üsti dolunýar.

*Ýeriň aşagynda ulanylýan buraw guraly, şeýle hem beýleki enjam diňe:*

- nebitiň we gazyň öňünden görülmedik ýagdaýda atylyp çykmagy;
- kraterleriň, grifonlaryň ýa-da çukurlaryň tötänleýin ýagdaýda emele gelmegi;
- ýangyn;
- partlama netijesinde çekilen zelellerden ätiýaçlandyrylan hasap edilýär.

Atylyp çykmagy, bu guýudan buraw ergininiň tötänleýin ýagdaýda we üzül-kesil atylyp çykmagydyr. Şeýle atylyp çykmadan soňra guýunyň çuňluk sütüni üstünden geçýän ýeriň üst tarapynyň aşagyndaky haýsydyr bir gatlakda nebitiň, gazyň ýa-da suwuň basyşynyň guýudaky buraw ergininiň sütüniniň basyşyna garanyňda ýokary bolmagy netijesinde nebitiň, gazyň ýa-da suwuň gözegçilik edilmeýän ýagdaýda akymy ýüze çykýar, munuň özi bolsa guýynyň gözegçilik ýagdaýdan çykmagyna getirýär.

Gözegçilik edip bolmaýan guýudan çykýan nebitiň, gazyň ýa-da suwuň akymynyň täsiri astynda topragyň haraplanmagy netijesinde guýunyň gözbaşynyň töwereginde çukur görnüşli çuňlugyň emele gelen ýagdaýyna kraterleriň, grifonlaryň ýa-da çukurlaryň tötänleýin ýagdaýda emele gelmegi diýilýär.

Guýuda ýa-da buraw ýerinde ýangyny söndürmek boýunça çykdajylaryň, şeýle hem gymmatly we köpürjik emele getirýän düzümleriň ýa-da ýangynlary söndürmek üçin peýdalanylýan islendik beýleki serişdeleriň bahasynyň ýangyn mahaly olara zeper ýetendigine (ýitirilendigine) ýa-da ýangyny söndürmek üçin peýdalanylandygyna garamazdan, ätiýaçlandyryş bilen üsti dolunmaýar.

Kraterleriň, grifonlaryň ýa-da çukurlaryň emele gelmeginiň ýa bolmasa nebitiň, gazyň ýa suwuň atylyp çykmagynyň bes edilmegi ýa-da öňüniň alynmagy boýunça islendik çykdajylar hem öwezi dolunmaga degişli däldir.

*Ätiýaçlandyrýan aşakdakylara borçludyr:*

a) ätiýaçlandyryş şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, ätiýaçlandyrylan enjamlary özbaşdak ýagdaýda we diňe öz işçi güýçlerini peýdalanmak bilen ulanmaga;

b) buraw işleri geçirilýän ýerde aýlawly burawlaýan enjamlar üçin Türkmenistanyň degişli edaralary tarapyndan bellenilen tertibi we kadalary, şeýle hem ähli zerur howpsuzlyk çärelerini berjaý etmäge;

ç) burawlanylýan mahaly buraw ergini hökmünde düzüminde nebit, ýag bolan ýa-da aerirlenen garyndylaryň peýdalanylmagyna ýol bermezlige, emma munuň özi «goşmaça burawlamak», buraw guralyny «tutmak» üçin, şeýle hem ýol berilýän beýleki ýagdaýlarda esasynda ýag bolmadyk garyndylaryň peýdalanylmagynyň mümkinçiligini aradan aýyrmaýar.

Eger kärendä almak ýa-da buraw enjamlaryna hyzmat etmek üçin baglaşylan şertnamalar arkaly kärendä berijiniň ýa-da tehniki taýdan hyzmat edýän guramanyň kärendä berlen işleriň ýa bolmasa olaryň hyzmat edýän buraw enjamlarynyň ygtybarlylygy ýa-da hili barada haýsydyr bir çäklendirmeler göz öňünde tutulýan bolsa, onda şeýle çäklendirme şu ätiýaçdandyryş kadalaryna laýyklykda üsti dolunýan ýitgiler boýunça ätiýaçlandyryjynyň regres yglan etmäge bolan hukugyna täsir etmeýär.

*Islendik ýagdaýda:*

- boş durulmagy, ätiýaçlandyrylan enjamy peýdalanmagyň wagtlaýyn mümkin däldigi we beýleki gytaklaýyn zeleller;
- ogurlanylmagy, ýitirim bolmagy ýa-da gaýry öwsele zelelleri;
- içinde döwülmegi, motoryň partlamagy ýa-da beýleki şonuň ýaly sebäpler netijesinde enjama zeper ýetmegi;
- şeýle enjamy taslamakda, onuň gurnamasynda ýa-da gurluşynda ýalňyşlyklar netijesinde ýüze çykan zeleller öwezi dolunmaga degişli däldir.

Tölenilen ätiýaçlandyryş öwezini dolmagyň möçberi könelmegini nazara almak bilen, zeper ýeten ýa-da ýok edilen enjamyň hakyky bahasyndan geçmeli däldir.

Eger guýynyň gözbaşyndan ýeriň üst tarapyna, deňziň düýbünden ýa-da beýleki suw howdanlarynyň düýbünden çykýan buraw ergininiň, nebitiň, gazyň ýa-da suwuň akymy duýdansyz we öňünden görülmedik ýagdaýda ýüze çyksa hem-de şeýle akym:

- buraw işleri geçirilýän ýerde bar bolan, atylyp çykmalaryň öňüni almak üçin niýetlenilen hem-de buraw işlerini geçirmegiň şertlerini nazara almak bilen, buraw işleri geçirilýän ýerde bolmaly prewentorlary ýa-da gaýry enjamy ulanmak arkaly ýeterlik derejede çalt durzulyp bilinmese;
- buraw ergininiň sütünininiň agramyny ýa-da basyşyny artdyrmak arkaly ýa bolmasa guýa beýleki şolar ýaly serişdeleri goýbermek arkaly ýeterlik derejede çalt durzulyp bilinmese;
- degişli gazylyp alynýan peýdaly baýlyklary çykarmak boýunça buraw işleri geçirilýän ýer we töweregindäkiler üçin howpsuz bolsa;
- şeýle akymyň ýüze çykmagy degişli ygtyýarly edaralar tarapyndan degişli guýularyň gözegçilikden çykan diýlip yglan edilmegine getirse, onda guýy gözegçilikden çykan hasap edilýär.

Eger nebitiň, gazyň, suwuň ýa-da beýleki suwuklyklaryň tötänleýin ýüze çykan akymy ýeriň üstüne çykmazdan, ýeriň aşagynda guýynyň çuňluk sütüninde ýerleşýän bolsa, onda guýy gözegçilkden çykan hasap edilmeýär.

Eger:

- suwuklygyň ýa-da gazyň guýynyň gözegçilikden çykmagyna sebäp bolan akymy buraw işleri geçirilýän ýerde bar bolan degişli enjamy ulanmak bilen buraw işleri geçirilýän ýer we töweregindäkiler üçin howp döretmezligi gazanylsa, durzulsa ýa-da durzulyp bilinse;
- gönüden-göni ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagynyň öň ýanynda guýulary burawlamak, çuňaltmak, gurnamak ýa-da abatlamak boýunça geçirilýän işler ýa-da beýleki şonuň ýaly işler dikeldilse ýa-da haýal edilmän dikeldilip bilinjek bolsa;

- ätiýaçlandyrylan guýy gönüden-göni ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagynyň öň ýanyndaky ýagdaýa getirilse, ýagny ulanyş guýusynda nebiti ýa-da gazy çykarmak dikeldilse we beýleki ýagdaýlarda;
- nebitiň we gazyň guýynyň gözegçilikden çykmagyna sebäp bolan akymy buraw işleri geçirilýän ýer we töweregindäkiler üçin howp döretmezden, degişli gazylyp alynýan peýdaly baýlyklary çykarmak üçin peýdalanylyp bilinjek bolsa, şeýle ýagdaýda gözegçilikden çykan guýa gözegçilik dikeldilen hasap edilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyrýanyň ýazmaça arzasy esasynda 1 ýyla çenli, 1 ýyla we ondan köp möhlete baglaşylýar.

Arzada guýulary we beýleki desgalary ätiýaçlandyrmak üçin arza berýänler hakyndaky ähli zerur maglumatlar bolmalydyr. Arza ätiýaçlandyryja berlenden soň ätiýaçlandyryş şertnamasynyň bir bölegine öwrülýär.

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan mahaly ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyryşa kabul edilýän emläk babatda töwekgelçiligiň derejesini kesgitlemek üçin düýpli ähmiýeti bolan özüne mälim ähli ýagdaýlar hakynda habar bermäge borçludyr. Şeýle hem ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyrylýan emläk barada töwekgelçiligiň derejesini kesgitlemek maksady bilen, ätiýaçlandyryjynyň onuň öňünde goýan ähli meselelerine jogap bermäge borçludyr.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyryşa kabul etmek ätiýaçlandyryjy tarapyndan ýazmaça görnüşde tassyklanylan pursatyndan başlap baglaşylan hasap edilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryş şahadatnamasynyň (polisiniň) berilmegi bilen resmileşdirilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnama baglaşylan güni sagat 24.00-da, ýöne ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilen seneden soň başlanýar, emma ätiýaçlandyryş goragy:

- ätiýaçlandyryş başlanýan seneden soň burawlanyp başlanýan guýular boýunça burawlanýan pursatyndan başlap;
- ätiýaçlandyryş başlanýan senesinde buraw ýa-da abatlamak işleri, çuňaltmak, gaýtadan enjamlaşdyrmak ýa-da enjamlaýyn

hyzmat etmek boýunça işler alnyp barylýan guýular boýunça işleriň ätiýaçlandyryş başlanýan senesinde alnyp barylýan görnüşi tamamlanýan pursatyndan başlap;

- özleri barada ätiýaçlandyrýanda ätiýaçlandyryşyň başlanýan senesinde ätiýaçlandyryş gyzyklanmasy bolmadyk guýular barada şeýle gyzyklanma ýüze çykan pursatyndan başlap hereket edip başlanýar.

Ätiýaçlandyryş şertnama baglaşylan güni sagat 24.00-da başlanýar we şertnamada göz öňünde tutulan möhletiň ahyrky güni sagat 24.00-da tamamlanýar. Eger ätiýaçlandyryş şertnamasy bäş ýyldan ýokary möhlete baglaşylsa, onda taraplaryň her biri ony ýatyrmak hakda duýdurylandan soň üç aýyň geçmegi bilen şertnamany ýatyryp biler.

Eger şertnama bir ýyldan ýokary möhlete uzaldylsa, ätiýaçlandyryş gatnaşyklary agzalman olaryň uzaldylýandygy we möhletinden öň togtadylýandygy hakyndaky ylalaşyk hakyky däldir. Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryşy ýatyrmagyň üç aýlyk möhletini hemişe berjaý etmäge borçludyr.

*Emma ätiýaçlandyryş goragy:*

- ätiýaçlandyrýanyň islegi boýunça diňe burawlanylýan döwürde ätiýaçlandyrylan guýular boýunça buraw işleri tamamlanan pursatyndan başlap, ýagny guýynyň gözbaşynda sorujy enjam, prewentorlar ýa-da başga hili şonuň ýaly enjam oturdylan ýa-da buraw enjamy buraw meýdançasyndan sökülip aýrylan we aýrylan pursatyndan başlap;
- şertnamada göz öňünde tutulan ätiýaçlandyryş möhleti geçýänçä ätiýaçlandyrýanyň ätiýaçlandyryş bähbidi ýitirilen guýular barada şol guýular boýunça şeýle ätiýaçlandyryş bähbidi ýitirilen pursatdan başlap;
- burawlamak buýrujy bilen baglaşylýan şertnama arkaly geçirilýän guýular barada guýy buýruja berlen pursatyndan başlap şertnamada görkezilen ätiýaçlandyryş senesinden öň hem bes edilýär.

Eger ätiýaçlandyryş buraw işleri, guýyny çuňaltmak, ony abatlamak, gaýtadan enjamlaşdyrmak ýa-da oňa enjamlaýyn hyzmat etmek boýunça işler geçirilýän döwürde baglaşylan hem-de ätiýaçlandyrýan

ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) metrleýin möçberler boýunça ýa-da beýleki ýörite möçberler boýunça tölän bolsa, hatda şu işleriň tamamlanýan pursaty ätiýaçlandyryş şertnamasynda göz öňünde tutulan seneden soň ýüze çykýan hem bolsa, işleriň şolar barada şeýle ätiýaçlandyryş baglaşylan görnüşleriniň tamamlanmagy boýunça bes edilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän möhletiniň dowamynda ätiýaçlandyryş şahadatnamasynyň (polisiniň) şertleri boýunça ätiýaçlandyryjynyň öwezini dolmagyna degişli zelelleri emele getiren ýagdaý ýüze çyksa we şol ýagdaý ätiýaçlandyryş şertnamasy tamamlanan senesinden ýa-da şeýle şertnamanyň bozulan senesinden soň dowam etse, onda şeýle zeleliň şonuň ýaly ätiýaçlandyryş bilen üsti dolunýar hem-de öwezini dolma şol bada ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykan ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça jogapkärçiligiň bellenilen möçberleriniň çäklerinde tölenilýär.

Ätiýaçlandyrylan guýulara ýa-da ätiýaçlandyrylan beýleki desgalara daşky güýçler arkaly ýetirilýän tötänleýin we öňünden görülmedik täsire **ätiýaçlandyryş ýagdaýy diýilýär,** guýularyň gözegçilikden çykmagy ýangyn ýa bolmasa ätiýaçlandyrylan desgalara başga hili zeper ýetmegi ýa-da olaryň ýok edilmegi şol täsiriň netijesi bolup durýar.

Eger guýularyň gözegçilikden çykmagy ýa bolmasa ätiýaçlandyrylan desgalara beýleki zeper ýetmegi ýa-da olaryň ýok edilmegi tebigy betbagtçylyklar, hususan-da, ýer titremesi, wulkan işjeňligi, tupan, harasat ýa-da tüweleý zerarly ýüze çyksa, onda şol tebigy betbagtçylyklar arkaly ätiýaçlandyryş ýerinde şeýle tebigy betbagtçylygyň başlanýan pursatyndan başlap 72 sagadyň dowamynda ätiýaçlandyrylan guýulara ýa-da gaýry ätiýaçlandylan desgalara ýetirilen ähli zelel bir waka bilen ýüze çykan hasap edilýär.

Ýüze çykmagy bilen kanunyň ýa-da ätiýaçlandyryş şertnamasynyň ätiýaçlandyryş guramasy tarapyndan ätiýaçlandyryş öwezini dolmagyň ätiýaçlandyryş möçberini tölemegini baglaşdyrýan ýagdaý ätiýaçlandyryş ýagdaýy hasap edilýär. Ätiýaçlandyryş ýagdaýynda ýüze çykmagynyň ähtimallygynyň we tötänleýinliginiň alamatlary bolmalydyr.

## § 2.17.2. Ätiýaçlandyryş töwekgelçilikleriniň görnüşleri

*Baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryjy:*

- ✓ öň gözegçilikden çykan ätiýaçlandyrylan guýulara gözegçiligiň dikeldilmegi ýa-da gözegçiligiň dikeldilmegine synanyşyk bilen baglanyşykly, şeýle hem ätiýaçlandyrylan guýuda gury ýeriň ýokarsynda ýa bolmasa deňziň düýbünde ýüze çykan ýangyn, beýleki guýularda ätiýaçlandyrylan guýynyň gözegçilikden çykmagy netijesinde ýüze çykan ýangyn ýa ätiýaçlandyrylan guýynyň gözegçilikden çykmak ýa-da ýanmak wehimini salýan gaýry ýangyn söndürilen (söndürmäge synanyşyk edilen) wagty ätiýaçlandyrýanyň çeken çykdajylary;
- ✓ eger guýulara zeper ýetmegi ýa-da olaryň ýok edilmegi:
- ✓ guýularyň gözegçilikden çykmagy.

*Buraw, abatlaýyş enjamyna ýa-da buraw platformalaryna:*

- ➢ ýeriň üstünde ýa-da deňziň düýbünde partlama;
- ➢ ýyldyrym urmagy;
- ➢ ýerüsti, suw ýa-da howa ulag serişdesi bilen çakyşmagy;
- ➢ tupan ýa-da harasat, ýer titremesi;
- ➢ suw joşmagy;
- ➢ buraw diňiniň, derrigiň ýa kranyň ýykylmagy; ýakor, ýakor zynjyry, balyk tutulýan zynjyr bilen çakyşmagy arkaly zeper ýetmegi ýa-da olaryň ýok edilmegi;
- ➢ buraw enjamynyň ýolunmagy ýa-da gysylmagy netijesinde bolup geçen bolsa, ätiýaçlandyrylan guýulary ýa-da olaryň belli-belli ýerlerini gaýtadan burawlamak ýa bolmasa dikeltmek boýunça çykdajylar barada ätiýaçlandyryş goragyny berýär.

*Hapalanmagynyň çeşmesi ätiýaçlandyrylan, gözegçilikden çykan guýular bolan daş-töweregiň haraplanmagy bilen baglanyşykly:*

- ➢ üçünji tarapyň saglygyna ýa-da emlägine ýetirilen zelel üçin;
- ➢ üçünji tarapyň özüne degişli ýa-da özleri tarapyndan kärendä alnan gozgalmaýan emlägi peýdalanmaga mümkinçiligiň ýokdugy üçin öwezini dolma hökmünde;

- daş-töweregi hapalaýan maddalary toplamagyň ýa-da ýok etmegiň bahasyny, şeýle hem açyk deňizde nebit tegmilini tutup almak boýunça we daş-töweregiň mundan beýläk-de hapalanmagynyň öňüni almak boýunça çykdajylary goşmak bilen, tebigaty dikeldiş çäreleriniň geçirilendigi üçin;
- kazyýetlerde we Araçy kazyýetlerde ätiýaçlandyrýana ýa-da ätiýaçlandyryja daş-töweregiň ýokarda görkezilen hapalanmagy bilen olaryň ýetiren zeleliniň öwezini dolmak hakynda üçünji tarap tarapyndan bildirilen hak islegler boýunça işleri ýöretmek baradaky çykdajylaryň, şol sanda kazyýetiň ýa-da Araçy kazyýetiň çözgüdi boýunça ätiýaçlandyryjy öwezini dolmaga borçly bolan hak isleg bildirijiniň kazyýet çykdajylarynyň möçberlerini ätiýaçlandyryjy Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda tölemäge borçludyr.

*Diňe taraplaryň ylalaşmagy boýunça we ätiýaçlandyrýan tarapyndan goşmaça baýraklar (wznoslar) tölenilen şertlerinde:*

- ✓ ätiýaçlandyrýanda işleýän adamlardan, onuň baş ýa-da kömekçi potratçylaryndan, şeýle hem olara degişli emläkden başga adamlary, haýwanlary we gozgalýan emlägi başga ýere geçirmek boýunça zerur bolan hem-de maksada laýyk çykdajylar babatda, eger şunuň ýaly başga ýere geçirmek ygtyýarly döwlet edaralarynyň görkezmesi boýunça amala aşyrylýan bolsa we şeýle başga ýere geçirmek haýsydyr bir döwlet ýa-da jemgyýetçilik gaznasynyň hasabyna geçirilmeýän bolsa, eger şeýle başga ýere geçirmegiň zerurlygy ätiýaçlandyrylan guýynyň gözegçilikden çykmagy ýa-da nebitiň we gazyň duýdansyz ýagdaýda atylyp çykmagy bilen ýüze çykan gönüden-göni howp ýa-da şeýle atylyp çykmagyň howpy bilen ýüze çykanda ätiýaçlandyryş goragy berilýär.

*Aşakdaky ýagdaýlar netijesinde ýetirilen zelel we çekilen ýitgiler öwezi dolunmaga degişli däldir:*

- her hili harby hereketler, köpçülikleýin bidüzgünçilikler, döwlet edaralarynyň görkezmesi boýunça ätiýaçlandyrylan emlägiň we zatlaryň bahasy tölenilmän elden alynmagy, tussag edilmegi, ýok edilmegi ýa-da olara zeper ýetirilmegi;

- islendik görnüşde ýadro energiýasynyň täsiri;
- ätiýaçlandyrýanyň ýa-da onuň elinde işleýän adamlaryň bilgeşleýin ýa bolmasa gödek seresapsyzlygy;
- kanunçylyga laýyklykda ýa-da ätiýaçlandyrylan çäklerde hereket edýän häkimiýetleriň beýleki görkezmeleri bilen ätiýaçlandyrýana, onuň kömekçi potratçylaryna ýa-da onuň elinde işleýän adamlara jerimeleriň, puşmana pullarynyň ýa-da pul görnüşindäki jerime çäreleriniň bellenilmegi;
- hususan-da önümleri getirmekde bökdençlikler ýa-da olaryň wagtynda getirilmezligi, önüm çykarmakda arakesmeler, buraw işleriniň möhletleriniň ýerine ýetirilmezligi ýa bolmasa guýularyň wagtynda ulanylmaga berilmezligi, guýularyň önüm öndürijiliginiň azalmagy ýa-da olaryň önüm berijiliginiň pese gaçmagy, nebitli we gazly gatlaklarda basyşyň peselmegi, ätiýaçlandyrylan guýulary peýdalanmagyň mümkin däldigi ýa-da beýleki şonuň ýaly sebäpler bilen ýüze çykan goşmaça ýitgiler, hatda şeýle goşmaça ýitgiler ätiýaçlandyryş ýagdaýlary netijesinde ýüze çykan hem bolsa;
- partladyjy maddalaryň ulanylmagy ýa-da saklanylmagy bilen ýüze çykan detonirlemek ýa-da partlama;
- daş-töweregiň hapalanmagy, eger şeýle hapalanmak gaty, suwuk ýa-da gaz görnüşli maddalaryň daş-töwerege bilgeşleýin goýberilmeginiň netijesinde ýüze çykan bolsa ýa-da ätiýaçlandyrýanyň ýa ätiýaçlandyrylan adamlaryň ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän çäklerinde ätiýaçlandyrylan işler geçirilýän mahaly daş-töweregi goramak boýunça Türkmenistanyň kanunçylygy, merkezi döwlet dolandyryş edaralarynyň hem-de ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet edaralarynyň kadalaşdyryjy hukuk namalary arkaly bellenilen ölçegleri we kadalary ýerine ýetirmezliginiň netijesi bolsa;
- ätiýaçlandyrylan guýa gözegçiligi dikeltmek ýa-da gözegçiligi dikeltmäge synanyşyk boýunça işleri geçirmek, eger şol guýy ätiýaçlandyryşyň çäklerinde işleýän degişli häkimiýetleriň, inspeksiýa ýa-da gözegçilik edaralarynyň görkezmesi boýunça gözegçilikden çykan diýlip yglan edilen bolsa, ýöne şu

ätiýaçlandyryş şertnamasynyň şertlerine laýyklykda gözegçilikden çykan hasap edilmeýän bolsa;
- ätiýaçlandyryş şertnamasy bilen şertlenilen çäklerden daşarda ätiýaçlandyrylan işleri geçirmek.

Eger munuň özi ätiýaçlandyryş şertnamasynda aýratyn göz öňünde tutulmadyk bolsa, aşakdakylar netijesinde ýüze çykan zeleller öwezini dolunmaga degişli däldir:
- ✓ guýulary burawlamak, abatlamak, olara hyzmat etmek, olary berkitmek ýa-da çuňaltmak boýunça işleri geçirmek, eger şeýle işler şu şertnama boýunça ätiýaçlandyryş başlanýança başlanyp tamamlanmadyk bolsa;
- ✓ ýer titremesi, wulkan işjeňligi, ýerasty oduň täsiri, şeýle hem ýangyn, partlama ýa-da çabgaly tolkunlar, eger şol hadysalar gönüden-göni şeýle ýagdaýlaryň netijesinde ýüze çykan bolsa;
- ✓ buraw işleri geçirilýän sebitde ýerleşýän buraw, abatlaýyş ýa-da beýleki önümçilik enjamalaryna zeper ýetmegi.

## §2.17.3. Jogapkärçiligiň bellenilen möçberleri

Ätiýaçlandyryş şertnamalary baglaşylan mahaly her bir ätiýaçlandyryş ýagdaýy boýunça ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegleriniň aňryçäk möçberleri (ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiliginiň bellenilen möçberleri) bellenilýär. Bir ätiýaçlandyryş ýagdaýy boýunça ätiýaçlandyryş öwezini dolmagyň tölegi hiç bir şertlerde jogapkärçiligiň bellenilen möçberiniň göwrüminden geçip bilmez.

Buraw enjamy boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyryjynyň we ätiýaçlandyrýanyň ylalaşmagy boýunça aşakdaky ýagdaýlarda ätiýaçlandyrylýan desganyň hakyky bahasynyň çäklerinde bellenilýär:
- eger ätiýaçlandyryş şertnamasynda bellenilen ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykan pursatynda ätiýaçlandyrylan desganyň hakyky bahasyndan az bolsa,onda ätiýaçlandyryş tölegi ätiýaçlandyryş möçberiniň we ätiýaçlandyrylan desganyň hakyky bahasynyň gatnaşygyna deňeçerlikde tölenilýär;

18. Sargyt № 2539

- eger ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilen ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyrylan desganyň hakyky bahasyndan artýan bolsa, onda ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyryş pul möçberiniň şertnama baglaşylan pursatda hakyky bahadan geçýän bölegi babatda hakyky däl bolup durýar.

Taraplaryň ylalaşmagy boýunça ätiýaçlandyryş şertnamasynda emläk babatda ýetirilen zelel, şahsy zelel, şol sanda saglyga ýetirilen zelel we ölüm boýunça aýratynlykda jogapkärçiligiň bellenilen möçberiniň çäklerinde raýat jogapkärçiligi boýunça ätiýaçlandyryş tölegleriniň aňryçäk möçberleri bellenilip bilner.

Her bir senenama ýylynyň dowamynda ýüze çykan ähli ätiýaçlandyryş ýagdaýlary boýunça ätiýaçlandyryş öwezini dolmagyň möçberi şertnamada bellenilen ätiýaçlandyryş möçberlerinden (jogapkärçiligiň ýyllyk bellenilen möçberinden) artyp bilmez.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynda çekilen zelelleriň öwezini dolmaga ätiýaçlandyrýanyň hut özüniň gatnaşmagy franşiza göz öňünde tutulyp bilner. Franşizalaryň çäklerinde çykdajylar we çekilen zeleller ätiýaçlandyrýanyň hasabyna geçirilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwrüniň dowamynda her bir ätiýaçlandyryş ýagdaýy boýunça öwezini dolma, şol şertnama bilen bellenilen franşizalary tutup galmak bilen tölenilýär.

Taraplaryň ylalaşmagy boýunça aýry-aýry ýagdaýlarda franşizalar ätiýaçlandyryş möçberiniň göterimlerinde ýa-da bellenilen möçberde bellenilip bilner.

Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) ätiýaçlandyryş şertnamasynda göz öňünde tutulan möçberlerde we möhletlerde tölenilýär. Eger ätiýaçlandyryş şertnamasynda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny (polisini) alanyndan soň ilkinji baýragy (wznosy) tölemäge borçludyr.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy bilen buraw işleri boýunça baýraklaryň (wznoslaryň) möçberleriniň aşakdaky görnüşleri bellenilip bilner:

buraw işleriniň ýa-da guýulary çuňaltmak we gazyp gutarmak işleriniň geçirilýän döwrüne her bir burawlanan metr üçin. Eger ätiýaçlandyryş şertnamasy köp ýyllyk esasda baglaşylan bolsa, onda metrleýin bahalar boýunça tölenilen ätiýaçlandyryş baýragy

(wznosy) ätiýaçlandyrýana buraw işleri tamamlanylan nobatdaky ätiýaçlandyryş ýylynyň ahyryna çenli burawlamak tamamlanan guýularyň ätiýaçlandyryş goragyna hukuk berýär;

abatlamak, gaýtadan enjamlaşdyrmak we tehniki taýdan hyzmat etmek boýunça işleriň geçirilýän döwri üçin – wagt boýunça hasaplanylýan esasda;

Buraw enjamy boýunça we raýat-hukuk jogapkärçiligi boýunça ätiýaçlandyryş baýragynyň (wznosynyň) möçberi jogapkärçiligiň bellenilen möçberlerinden, nyrh möçberlerinden we *1-nji goşundyda* görkezilen ätiýaçlandyryş möhletinden ugur alnyp hasaplanylýar.

*1-nji goşundy*

**Ýyllyk ätiýaçlandyryş möhletine göterimde buraw işlerini meýletin ätiýaçlandyryş boýunça nyrh möçberleri**

| | | |
|---|---|---|
| 1. | Raýat-hukuk jogapkärçiligi<br>a) ýetirilen şahsy zelel boýunça<br>b) emläk babatda ýetirilen zelel boýunça | 2. |
| 2. | Ähli töwekgelçiliklerden enjamlar | 2 |
| 3. | Guýa gözegçiligiň ýitirilmegi | 2 |
| 4. | Ekologiýa jogapkärçiligi | 2,8 |

Her bir anyk ýagdaýda töwekgelçiligiň derejesinden ugur alyp, ätiýaçlandyryş tölegleriniň möçberleri bellenilen mahaly peseldiji (1,0-dan 0,4-e çenli) we köpeldiji (1,0-dan 5,0-a çenli) koeffisiýetnleri ulanmak mümkindir.

Bir ýyldan az möhlete ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan mahaly ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) ýyllyk ätiýaçlandyryş baýragynyň (wznosynyň) aşakdaky möçberlerinde hasaplanylýar (doly bolmadyk aý doly aý hasap edilýär):

| Ätiýaçlandyryş möhleti | Ýyllyk baýrakdan (wznosdan) göterim |
|---|---|
| 1 aý | 20 |
| 2 aý | 30 |
| 3 aý | 40 |
| 4 aý | 50 |

| | |
|---|---|
| 5 aý | 60 |
| 6 aý | 70 |
| 7 aý | 75 |
| 8 aý | 80 |
| 9 aý | 85 |
| 10 aý | 90 |
| 11 aý | 95 |

Eger ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy tölenileninden soň ätiýaçlandyryş möçberini öňki möçberinde dikeltmek maksady bilen goşmaça ylalaşyk baglaşylýan bolsa, ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar:

$$D = \frac{(B1 - B2)n}{12},$$

bu ýerde $D$ – goşmaça ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy));

$B1$ – şertnama baglaşylanda ätiýaçlandyryş möçberinden ugur almak bilen hasaplanylan bir ýyl üçin ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy);

$B2$ – şertnama üýtgedilen pursatda ätiýaçlandyryş möçberinden ugur almak bilen hasaplanylan bir ýyl üçin ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy);

$n$ – şertnama tamamlanýança galan doly aýlaryň sany.

Ätiýaçlandyryjy ilkinji we bir gezeklik ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) wagtynda tölenilýänçä öz borçlaryndan erkindir.

Eger ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) wagtynda tölenilmedik bolsa, ätiýaçlandyryjy ony tölemegiň iki hepdelik möhletini ýazmaça kesgitläp biler. Şonda möhletiniň geçirilmeginiň getirýän netijeleri barada görkezilmelidir.

Bellenilen möhlet tamamlanandan soň ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çyksa we şol wagta çenli ätiýaçlandyrýan baýragy (wznosy) ýa-da göterimleri tölemegiň möhletini geçirse, ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan boşadylýar.

Eger ätiýaçlandyryş şertnamasy möhletinden öň bozulsa, nobatdaky ätiýaçlandyryş ýyly tamamlanýança bes edilse, ol möhletinden

öň güýjüni ýitirýär ýa-da şonuň netijesinde turuwbaşdan hakyky däl bolýar. Ätiýaçlandyryja töwekgelçilik çeken ýa-da şeýle töwekgelçiligi çekmäge borçly bolan döwri üçin ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) hasaplanylýar. Eger ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyrýan tarapyndan möhletinden öň şertnamada polisde görkezilen iň az baýrakdan (wznosdan) az bolup bilmez.

Töwekgelçilik gaýtadan ätiýaçlandyryşa geçirilen ýagdaýynda ätiýaçlandyryşyň şertleri we ätiýaçlandyryş nyrhlarynyň möçberleri halkara ätiýaçlandyryş bazaryndaky töwekgelçiligiň bahalanyşyny we gaýtadan ätiýaçlandyryş şertlerini hasaba almak bilen, taraplaryň ylalaşygy boýunça bellenilýär.

## II.XVIII bap. Suw ulag serişdeleriniň utgaşdyrylan meýletin ätiýaçlandyrylyş şertnamasy

### §2.18.1. Ätiýaçlandyrmagyň tertibi we obýekti

Suw ulag serişdeleriniň utgaşdyrylan meýletin ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryjy şertnamada şertleşilen töleg boýunça (ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) şertnamada göz öňünde tutulan ýagdaý ýüze çykanda ätiýaçlandyrýana ýa-da peýdasyna şertnama baglaşylan adama (peýda alyja) ätiýaçlandyryş şertnamasy bilen kesgitlenen pul möçberiniň çäklerinde bu ýagdaý sebäpli ätiýaçlandyrylan deňiz (derýa) gämisine ýetirilen zyýanyň, şeýle hem üçünji tarapyň emlägine, saglygyna ýa-da ömrüne ýetirilen zelel sebäpli bolan ýitgileriň öwezini dolmaga (öwezini doluş tölegini tölemäge) borçlanýar.

Üçünji tarap – suw ulag serişdeleriniň utgaşdyrylan ätiýaçlandyryş şertnamasynyň tarapy bolup çykyş etmeýän, olara degişli bolan emläkleriniň zyýan çekmegi sebäpli ýetirilen ýitgileri, şeýle hem ätiýaçlandyrýan (peýda alyjy) tarapyndan suw ulag serişdesi dolandyrylanda şahsy adamyň ömrüne we saglygyna ýetirilen zyýan se-

bäpli ýüze çykan ýitgileri bolan edara görnüşindäki taraplar we şahsy adamlardyr.

Suw ulag serişdesi ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça kanun, başga hukuk namasy ýa-da şertnama esasynda bu emlägi goramakda bähbidi bolan başga tarapyň (ätiýaçlandyrýanyň ýa-da peýda alyjynyň) peýdasyna ätiýaçlandyrylyp bilner.

Ätiýaçlandyryş goragy diňe ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilen çäklerde (ýa-da ýolunda) üpjün edilýär.

Ätiýaçlandyryş obýekti bolup Türkmenistanyň kanunçylygyna çapraz gelmeýän suw ulag serişdesine, ýüke eýeçilik etmek, ony ulanmak we dolandyrmak bilen bagly bolan, maşynlary, enjamlary, içki bejergisini we beýlekileri içine almak bilen, şeýle hem ätiýaçlandyrýanyň şahsyýetine ýa-da şahsy adamyň emlägine, şeýle hem edara görnüşindäki tarapa ýetiren zeleliň öwezini dolmagy bilen, emläk bähbitleri çykyş edýärler.

Deňiz (derýa) gämisiniň düzüm gurluşyna: ýangyç-ýaglaýjy we beýleki çykdajy materiallaryny aýyrmak bilen, gabarasyna, hereketlendirijisine, gäminiň enjamlaryna we abzallaryna **suw ulag serişdesi diýilýär.**

Ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça deňiz (derýa) gämileri olaryň etmeli işine, ýüzmeli ýerlerine, gurulan materialyna, hereketlendirijisiniň kysymyna baglylykda we aşakdaky toparlara bölünişine görä ätiýaçlandyrylyp bilinýärler:

– etmeli işi boýunça – söwda, gulluk, sport, balykçylyk, ýolagçy, gezelenç (lihterler, tirkeg gämileri, buz döwüji gämiler, paromlar, baržalar, katerler we ş.m.).

Söwda gämileri daşaýan ýüküniň häsiýetine baglylykda aşakdakylara bölünýärler:

a) gaba salynan we gaplanylmadyk gury ýükleri daşamak üçin niýetlenilen gury ýük daşaýan gämiler (refriženeratorlar, agaç daşaýjylar, däne daşaýjylar, konteýner daşaýjylar, paket daşaýjylar we ş.m.);

b) suwuk ýükleri guýup daşamak üçin niýetlenilen suwuk ýükleri daşaýjylar (tankerler we ş.m.).

*Aşakdakylar ätiýaçlandyrylmaýar:*

a) gurluş bölekleri (hereketlendirijileri, gabarasy, gurluşy, gämiçilik we beýleki gämi gurnawlary, maşynlary we enjamlary) heläkçilik ýagdaýynda bolan suw ulag serişdeleri;

b) gämileriň döwlet ýazgysyna girizilmedik we degişli buz toparynyň resmi bellige alnyşy bolmadyk suw ulag serişdeleri;

ç) suw gämilerinde bolan we ätiýaçlandyrýana degişli bolmadyk we şertnama gatnaşyklarynyň netijesinde alynmadyk emläk.

Gämileriň gabarasynyň ätiýaçlandyryşy boýunça (kasko) jogapkärçiligiň möçberi aşakdaky şertleriň iriniň esasynda kesgitlenilýär:

**«Ýok bolmak we zeper ýetmek üçin jogapkärçilik bilen».**

Bu şertlerde baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça aşakdakylaryň öwezi dolunýar:

a) oduň, ýyldyrymyň, boranyň, tüweleýiň we beýleki tebigy betbagtçylyklaryň, çakyşmagyň, ýalpaklyga batmagynyň, buzy içine almak bilen, başga gämi ýa-da islendik hereketsiz ýa-da ýüzýän obýekt bilen çakyşmagynyň ýa-da gäminiň agdarylmagynyň ýa-da gark bolmagynyň netijesinde, şeýle hem ýük ýüklenilende, ýerleşdirilende we düşürilende ýa-da ýangyç alnanda bolan betbagtçylykly hadysanyň netijesinde, gämide partlaýyşyň bolmagynyň, gazanlaryň ýarylmagynyň netijesinde gäminiň doly (hakykatda ýa-da gurluş taýdan) ýok bolmagynyň netijesinde ýüze çykan ýitgiler;

b) goramak üçin ýa-da ýangyny söndürmek üçin edilen çäreleriň netijesinde gämä zeper ýetmeginiň ýitgileri;

ç) umumy heläkçilik boýunça çykdajylar we ýitgiler;

d) gämileriň çakyşmagy sebäpli ätiýaçlandyrýanyň beýleki gäminiň eýesine tölemäge borçly bolan ýitgileri;

e) gämini halas etmek we gorap saklamak üçin, şeýle hem ýitginiň möçberini azaltmak üçin maksada laýyk edilen harajatlaryň, eger ýitgileriň öwezi ätiýaçlandyryş şertnamasynyň şertleri boýunça dolunýan bolsa.

**«Zeper ýetmegi üçin jogapkärçilik bilen».**

Bu şertlerde baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça aşakdakylaryň öwezi dolunýar:

a) islendik sebäpler boýunça ýüze çykan gäminiň, onuň mehanizmleriniň, maşynlaryň ýa-da enjamlaryň zeperlerini aýyrmak boýunça çykdajylar;

b) gämi boýunça umumy heläkçiligiň çykdajylary we ýitgileri;

ç) eger ätiýaçlandyryş şertnamasynyň şertleri boýunça ýitgileriň öwezi dolunýan bolsa, ýitginiň öňüni almak we möçberini kesgitlemek üçin edilen zerur we maksada laýyk harajatlar.

**«Diňe gäminiň doly ýok bolmagy üçin jogapkärçilik bilen, halas etmegiň çykdajylaryny içine almak bilen».**

Bu şertlerde baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça diňe gäminiň ýok bolmagynyň ýa-da dereksiz ýitmeginiň ýitgileriniň, şeýle hem gämini halas etmek üçin edilen zerur we maksada laýyk çykdajylaryň öwezi dolunýar. Hiç bir hili beýleki ýitgileriň, şol sanda umumy heläkçilige degişli bolanlaryň öwezi dolunmaýar.

**«Diňe gäminiň doly ýok bolmagy üçin jogapkärçilik bilen».**

Bu şertlerde ätiýaçlandyryş boýunça gäminiň ýok bolmagynyň ýa-da dereksiz ýitmeginiň ýitgileriniň öwezi dolunýar. Gämini halas etmek üçin edilen zerur we maksada laýyk çykdajylaryň öwezi dolunmaýar.

**«Zeper ýetmegi üçin jogapkärçilik bolmazdan, diňe çakyşmak ýagdaýlary muňa girýär».**

Bu şertlerde ätiýaçlandyryş boýunça zeper ýetmegiň ýitgileri diňe olaryň sebäbi çakyşmak, ýalpaklyga batmak, ýangyn ýa-da gämidäki partlaýyş, gämileriň çakyşmagy ýa-da gäminiň islendik hereketsiz ýa-da ýüzýän obýekt bilen çakyşmagy (buzy içine almak bilen), agdarylmagy ýa-da gäminiň gark almagyndan goramak we ýangyny söndürmek üçin edilen çäreler bolsa, öwezi dolunmaga degişlidir. Ätiýaçlandyryşyň bu şertleri boýunça aşakdakylaryň hem öwezi dolunýar:

a) gäminiň dereksiz ýitmeginiň ýitgileri;

b) umumy heläkçilik boýunça çykdajylary we ýitgileri;

ç) gämileriň çakyşmagy sebäpli ätiýaçlandyrýanyň beýleki gäminiň eýesine tölemäge borçly bolan ýitgileri;

d) gämini halas etmek üçin edilen zerur we maksada laýyk harajatlar.

**«Hususy heläkçilik üçin jogapkärçiliksiz».**

Bu şertler boýunça umumy heläkçilige degişli bolan ýitgileriň, zeper gäminiň gabarasyna we roluna däl-de, enjamlara, maşynlara we gazanlara degişli bolsa öwezi dolunýar. Diňe ýangyny söndürmegiň ýa-da halas ediş amallary döwründe başga gämi bilen çaknyşmagyň netijesinde gämä ýetirilen zeper sebäpli bolan zyýanyň öwezi dolunýar we gäminiň ýalpaklyga batmagy, gämide ýangynyň we partlaýyşyň bolmagy, gämileriň çakyşmagy (halas ediş amallary wagtynda däl) ýa-da gäminiň islendik hereketsiz ýa-da ýüzýän obýekt bilen çakyşmagy (buzy içine almak bilen), agdarylmagy ýa-da gäminiň gark bolmagy netijesinde emele gelen ýitgileriň öwezi dolunmaýar.

Gämi eýesiniň jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşy boýunça aşakdaky töwekgelçilikler ätiýaçlandyrylyp bilinýär:

- hasaba alnan gäminiň kapitanynyň, deňizçisiniň ýa-da ekipažynyň agzasynyň aradan çykmagynyň, ten şikeslerini almagynyň ýitgileri ýa-da öwezini dolmalary;
- gämide ýüki işläp taýýarlamak üçin hakyna tutulan islendik adamyň ýüki işläp taýýarlaýan wagty aradan çykmagynyň ýa-da ten şikeslerini almagynyň ýitgileri ýa-da öwezini dolmalary;
- kapitanyň ýa-da ekipažyň agzasynyň ölümi, ten şikesleri sebäpli kanun, ýa-da köpçülikleýin ýa-da ýörite ylalaşyk boýunça çekilen çykdajylar;
- hasaba alnan gäminiň kapitanynyň, ekipažynyň islendik agzasynyň ýurduna eltilmeginiň çykdajylary;
- eger zerur bolsa, aradan çykanyň ýa-da ýurduna äkidileniň ýerine ekipažyň agzalaryny hakyna tutmagyň çykdajylary;
- kapitana ýa-da ekipažyň agzasyna ýok edilen emläginiň bahasyny tölemegiň çykdajylary;
- heläkçilik ýagdaýyna düşen deňizçileri boýunça gämi eýesiniň çeken çykdajylary;
- biletsiz ýolagçylary, ten şikeslerini alan adamlary we keselli leri düşürmek ýa-da geçirmek bilen bagly bolan port we dewiasiýa çykdajylary;
- eger kasko ätiýaçlandyryjylary tarapyndan dolunmaýan bolsa ömri halas etmek boýunça çykdajylar;
- çaknyşyk ýagdaýyna jogapkärçilik;

- ýokardaky bölümçede görkezilen çaknyşygyň ýitgisiniň öwezini dolmasyndan ýokary (meselem, ýokary galma, ýok etmek, gark bolan gämini ýagtylandyrma we ş.m.), çaknyşyk sebäpli bolan çykdajylar we harajatlar;
- islendik porta, doka, bende, ýere, suwa ýa-da başga hereketsiz ýa-da hereket edýän obýekte (ýöne beýleki gämä ýa-da ondaky emläge däl) ýetirilen zyýan we zeper. Suwlaryň nebit önümleri bilen zaýalanmagynyň zyýany;
- gämileriň çaknyşyk sebäpli bolmadyk zyýanlary;
- eger adaty gäminiň gabarasyny ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça dolunmaýan bolsa, tirkege almak hakyndaky şertnamalar boýunça jogapkärçilik;
- heläkçilik çeken hasaba alnan ätiýaçlandyrylan gämini galdyrmak, aýyrmak, ýok etmek, yşyklandyrmak ýa-da bakenler bilen belgilemek boýunça çykdajylar we harajatlar;
- gämide äkidilýän ýük boýunça gämi eýesiniň borçnamalaryny bozmagy ýa-da ýüküň, ýa-da başga emlägiň zaýalanmagy üçin jogapkärçilik;
- ätiýaçlandyrylan gämide äkidilýän ýüke çaknyşyk sebäpli ýetirilen ýitgiler üçin jogapkärçilik;
- ätiýaçlandyrylan gäminiň heläk bolmagy ýa-da heläkçilik çekmegi boýunça bähbitleri goramak ýa-da derňemek boýunça çykdajylar;
- ýerli häkimiýet edaralarynyň goşulmagyny düzgünleşdirmek maksady bilen, çekilen çykdajylar we harajatlar;
- gämi eýeleriniň kazyýet we beýleki harajatlary.

*Ýokarda agzalan ähli şertlerde aşakdakylaryň netijesinde bolan zyýanyň öwezi dolunmaýar:*

a) talaňçylygyň, ogrulygyň, beýleki jenaýatçylykly ýa-da bilkastlaýyn hereketleriň, eger olar ätiýaçlandyrýan ýa-da peýda alyjy tarapyndan edilen bolsa;

b) gämi ýola düşmänkä onuň ýüzüş ukybynyň ýokdugyny ätiýaçlandyrýanyň, peýda alyjynyň ýa-da olaryň wekilleriniň bilmekleri;

ç) gäminiň etmeli işinde göz öňünde tutulmadyk ýa-da ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilmedik maksatlar we şertler üçin ulanylmagy;

d) gäminiň ätiýaçlandyryş şertnamasynda ylalaşylan ulanylmaly ýerinden başga ýerde ulanylmagy, eger bu öňüni alyp bolmajak güýjüň netijesinde bolmadyk bolsa;

e) gäminiň, onuň bölekleriniň, maşynlarynyň, enjamlarynyň ýa-da degişli zatlarynyň könelmegi, poslamagy;

ä) gäminiň buz topary bilen bellenilmedik şertlerde ulanylmagy;

f) islendik atom energiýasyny we böleklere bölünýän maddalary ulanmak sebäpli radiasiýanyň ýa-da radioaktiw ýokuşmanyň göni ýa-da gytaklaýyn täsiriniň netijesinde;

g) harby hereketleriniň ýa-da harby çäreleriniň we olaryň zyýanly netijeleriniň, raýatçylyk urşunyň, halk tolgunyşyklarynyň, zähmet jedelleriniň netijesinde ýüze çykan ýitgileriň;

h) gämini we ekipažy saklamagyň çykdajylary;

i) tehniki ulanyş kadalary bilen bellenenden artyk ýolagçylaryň we agyr ýüküň daşalmagy;

j) hökümet edaralary tarapyndan ätiýaçlandyrylan gämä ýetirilen ýitgileriň, diňe ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça jogapkärçilik çekýän zelel çeken gäminiň hapalanmak howpuny ýok etmek ýa-da aýyrmak üçin geçirilen çäreleriň netijesinde ätiýaçlandyrylan gäminiň ýok bolmagynyň ýa-da zelel çekmeginiň ýitgilerinden başga.

Ýokardaky sanalan sebäpler boýunça ýüze çykan heläkçilik wagtyndaky frahtyň ýitirilmeginden emele gelen ýitgileriň öwezi dolunmaga degişlidir.

Öwezini dolmagyň möçberi frahtyň bir gije-gündize ylalaşylan möçberini heläkçilik ýagdaýynda duran günleriniň sanyna, doly 3 gije-gündizi aýyrmak bilen, köpeltmek arkaly hasaplanylýar, ýöne, eger başgaça ylalaşylmadyk bolsa, heläkçilik ýagdaýynda 180 günden köp durmaly däl.

Heläkçilik ýagdaýynda durmagyň möhleti ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň bolan wagtyndan hasaplanylýar we halas ediş amallaryny we ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň netijesinde bolan zelelleriň öňüni almak boýunça bejeriş işlerini öz içine alýar.

Gämini bejerilýän ýerine äkitmegiň wagty ätiýaçlandyryş ýagdaý sebäpli, gämi gatnawyny bes etmäge mejbur bolup, derrew bejeriş işlerine äkidilmeli şertinde heläkçilikde duruş möhletine girizilýär.

Ätiýaçlandyryş ýagdaýy sebäpli zelelleri aýyrmak boýunça bejerişde gäminiň durmagy netijesinde frahty ýitirmegiň ýitgileri, bu bejeriş ätiýaçlandyryş şertnamasynyň möhleti tamamlanandan soň 24 aýyň dowamynda geçirilen bolsa dolunýar.

Frahty ýitirmegiň ýitgileri gämi doly (hakykatda ýa-da gurluşy babatda) ýok edilen ýagdaýynda tölenilmeýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylanda ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryjynyň haýyşy boýunça töwekgelçiligiň derejesini kesgitlemek üçin gerek bolan islendik maglumatlary bermäge borçludyr.

Ätiýaçlandyryjynyň bir ätiýaçlandyryş ýagdaýy sebäpli ýüze çykan ähli ýitgiler boýunça jogapkärçiligi ätiýaçlandyryş pul möçberi bilen çäklendirilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyrýanyň ýazmaça görnüşindäki arzasynyň esasynda gämi hakynda aşakdaky takyk maglumatlary görkezmek bilen baglaşylýar:

- onuň kysymy, baýdagy, gurulan ýyly, görkeziji topary, umumy sygymy;
- ätiýaçlandyryş pul möçberini (gämi boýunça we goşmaça enjam boýunça aýratynlykda), ätiýaçlandyryş şertlerini, ätiýaçlandyryş möhletini – belli möhlete ýa-da bir gatnawa.

Bir gatnawa ätiýaçlandyrylanda gatnawyň başlanýan we tamamlanýan ýerleri, onuň dowamlylygy we girmeli ýerleri, möhlete ätiýaçlandyrylanda bolsa – ýüzüş sebiti we ätiýaçlandyryş möhleti görkezilýär.

Mundan başga-da, ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylanda ätiýaçlandyrylan obýektiň borçlaryna baha kesmek üçin özüne mälim bolan düýpli ähmiýetli ýagdaýlaryň hemmesi hakynda, şeýle hem ätiýaçlandyrylan emläkdäki islendik düýpli özgeriş, şonuň ýaly-da onuň zaýalanmak ýa-da ýok bolmak howpunyň artýandygy hakynda ätiýaçlandyryş guramasyna habar bermelidir.

Soňky ýagdaýda ätiýaçlandyryş guramasynyň ätiýaçlandyryş baýragynyň (wznosynyň) möçberiniň köpeldilmegini talap etmäge ýa-da birtaraplaýyn tertipde ätiýaçlandyryş şertnamasyny togtatmaga haky bardyr.

Gämi ätiýaçlandyryşa kabul edilende ätiýaçlandyryjy öz wekiliniň gatnaşmagy bilen dokda gämini gözden geçirmäge haky bar.

Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny (polisi) gowşurmaga borçludyr, mundan soň öňki ätiýaçlandyryşy tassyklaýan resminamalar güýjüni ýitirýärler.

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) diňe ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny (polisi) alandan soň tölemäge borçludyr. Birinji ýa-da bir gezekki ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) wagtynda tölenýänçä ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan azatdyr. Eger ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) öz wagtynda geçirilmese, ätiýaçlandyryjy onuň geçirilmegi üçin iki hepdelik möhleti ýazmaça kesgitläp biler. Şonda gijä goýmagyň netijeleri hakynda görkezilmelidir. Eger möhlet geçenden soň ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çyksa we şu wagta çenli ätiýaçlandyrýan baýrak (wznos) geçirmegi ýa-da göterimleri tölemegi gijikdirse, ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan boşadylýar.

Töwekgelçilik gaýtadan ätiýaçlandyryşa berlen ýagdaýynda ätiýaçlandyryş nyrhlarynyň möçberleri halkara ätiýaçlandyryş bazaryndaky töwekgelçiligiň bahalanyşyny we gaýtadan ätiýaçlandyryş şertlerini hasaba almak bilen, taraplaryň ylalaşygy boýunça bellenilýär.

Gämi ätiýaçlandyrýanyň yglan eden pul möçberine ätiýaçlandyrylan hasap edilýär. Eger ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyryş gymmatyndan ýokary bolsa, ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiliginiň çägi gäminiň ätiýaçlandyryş gymmaty bolup durýar.

Ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyryş gymmatyndan pes bolsa, zelel ätiýaçlandyryş pul möçberiniň gäminiň ätiýaçlandyryş gymmatyna bolan gatnaşygynda tölenilýär.

Eger ätiýaçlandyryş gymmaty ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilmese, onda ätiýaçlandyrýan bilen ylalaşmagyň esasynda ätiýaçlandyryş gymmaty diýlip bu hili gäminiň ätiýaçlandyryş şertnamasynyň baglaşylýan döwründe hereket edýän dünýä bazaryndaky bahalary hasap edilýär.

Şertnamada franşiza (şertli ýa-da şertsiz) göz öňünde tutulyp bilner. Şertli franşiza bellenende çekilen zeleliň möçberi franşizanyň möçberinden geçmeýän bolsa, ätiýaçlandyryjy çekilen zelel üçin jogapkärçilikden boşadylýar, eger onuň möçberi franşizanyň möçberinden geçýän bolsa, çekilen zelel dolulygyna öwezi dolunmaga degişli

bolýar. Şertsiz franşizada bolsa ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiligi, franşizany aýryp, çekilen zeleliň möçberi bilen kesgitlenilýär.

Franşiza taraplaryň ylalaşygy boýunça ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylanda ätiýaçlandyryş pul möçberine göterim gatnaşygynda ýa-da doly ululykda bellenilýär. Eger bir ätiýaçlandyryş ýagdaýy sebäpli birnäçe ýitgi çekilen bolsa, onda ätiýaçlandyryş şertnamasynda bellenen franşiza ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini möçberinden diňe bir gezek tölenilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy möhlete ýa-da gatnawa baglaşylýar. Möhlet ätiýaçlandyryşynda ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiligi ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilen senelerde sagat 24.00-da (şertnamanyň berlen ýeriniň wagty boýunça) başlanýar we tamamlanýar. Eger ätiýaçlandyrylan gämi möhletiň tamamlanan wagtynda ýüzüşde bolsa ýa-da heläkçilik çekse, ýa gaçalga ýa-da giriş portunda bolsa, ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereketi gelmeli portuna gelýänçä uzaldylan hasap edilýär. Bu ýagdaýda ätiýaçlandyryjynyň şertnamanyň uzaldylan möhletine degişlilikde ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) almaga hukugy bar.

Gatnawa ätiýaçlandyrylanda ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiligi gäminiň ugraýan portunda urgasy çözülenden ýa-da labyry taşlanandan soň başlanýar (eger ätiýaçlandyryş şertnamasynda başgaça gepleşilmedik bolsa) we barmaly portunda duralga gelip daýanandan soň ýa-da labyry taşlandan soň tamamlanýar.

Ätiýaçlandyryjy diňe ätiýaçlandyryş şertnamasynda bellenen ýüzüş sebitlerinde ýa-da diňe şol gatnaw boýunça ýüze çykan ýitgiler üçin jogapkärçilik çekýär. Gämi ýüzüş sebitlerinden çykan ýa-da ätiýaçlandyryş şertnamasynda şertleşilen ýoldan üýtgän ýagdaýynda (dewiasiýa) ätiýaçlandyryş ýatyrylýar. Emma şu we beýleki ýagdaýda gäminiň ýüzüş sebitinden çykýandygy ýa-da gatnawyň üýtgedilýändigi hakynda ätiýaçlandyryja habar berilse we eger ätiýaçlandyryjy tarapyndan soralan goşmaça ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) ätiýaçlandyrýan tölemäge razy bolsa, onda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş şertnamasyny güýjünde galdyryp bilýär.

Adam ömrüni, gämileri we ýüki halas etmek üçin bellenen ýoldan sowulmak ýa-da ýüzüş sebitinden çykmak, şeýle hem gatnawyň howpsuzlygyny üpjün etmek zerurçylygy sebäpli soňraky ýoldan

sowulmak ätiýaçlandyryş şertnamasynyň bozulandygyny aňlatmaýar. Şu hili islendik sowulmalar hakynda ätiýaçlandyrýan özüne belli bolan badyna ätiýaçlandyryja habar bermäge borçludyr.

Ätiýaçlandyrýan özüne belli bolan badyna töwekgelçilikde bolan düýpli üýtgeşmeler, ýagny gatnawyň saklanýandygy, gäminiň şertnamada göz öňünde tutulan gitmeli ýolundan sowulýandygy, ýüzüş sebitinden çykýandygy, ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylanda göz öňünde tutulmadyk buzlarda ýüzýändigi, ätiýaçlandyrylan gäminiň beýleki gämileri tirkege alýandygy ýa-da ätiýaçlandyrylan gäminiň kärendä berilendigi we ş.m. hakynda ätiýaçlandyryja habar bermäge borçludyr.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylandan soň töwekgelçilikde bolan we töwekgelçiligiň möçberini köpeldýän üýtgeşmeler ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyryş şertlerini üýtgetmäge we goşmaça ätiýaçlandyryş baýragynyň (wznosynyň) tölenilmegini talap etmäge hukuk berýär. Eger ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş şertleriniň üýtgedilmegine ýa-da goşmaça ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) tölemäge razy bolmasa, ätiýaçlandyryş şertnamasy töwekgelçilikde üýtgeşmeleriň bolan wagtyndan ýatyrylan hasap edilýär.

Ätiýaçlandyrylan gäminiň synag gatnawlaryny etmegi, heläkçilik düşen gämilere kömek etmegi ýa-da tirkege almagy, ýa-da onuň özüniň kömege mätäç bolup, başga gäminiň tirkeginde bolmagy, ýa-da tirkegde bolup ýüzmek ýerli adatlara ýa-da ätiýaçlandyryş şertnamasyna laýyk gelmegi ýaly ýagdaýlar töwekgelçilikde düýpli üýtgeşmeler diýlip hasaplanylmaýar.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň baglaşylan wagtynda gäminiň toparynyň hereketiniň üýtgedilen, tamamlanan ýa-da duruzylan ýagdaýynda ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş şertnamasyny wagtyndan öň ýatyrmaga haky bardyr. Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryjynyň wekiline ätiýaçlandyrylan gämini gözden geçirmäge mümkinçilik bermäge borçludyr. Gözden geçirilişiň netijeleri boýunça ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyryş şertnamasyny ýatyrmaga hukugy bardyr. Gämi hakykatda doly ýa-da gurluş taýdan ýok bolan ýagdaýynda ätiýaçlandyryş şertnamasy ýatyrylýar.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň wagtyndan öň ýatyrylan ýagdaýynda ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş şertnamasyny ýatyrmazdan

bir aýdan az bolmadyk möhletde öňünden ätiýaçlandyryja ýazmaça habar bermäge borçludyr.

Bu ýagdaýda baýrak (wznos), hasaplanylan baýrak (wznos) bilen, işi alyp barmagyň çykdajylaryny aýyrmak arkaly, ätiýaçlandyryşyň hakyky möhleti üçin baýragyň (wznosyň) aratapawudy möçberinde gaýtarylýar.

## §2.18.2. Ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda taraplaryň borçlary

*Ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda ätiýaçlandyrýan ýa-da onuň wekili aşakdakylara borçludyr:*

c) ýitginiň öňüni almak, ony azaltmak üçin mümkin bolan ähli çäreleri görmäge, şeýle hem zelel çeken gämini ätiýaçlandyryjynyň wekilleriniň gözden geçirmeklerine we ykrarnama düzmeklerine çenli abat saklanylmagyny üpjün etmäge, günäkär tarapa talap hukugyny bildirmäge;

d) ätiýaçlandyryjyny ýa-da onuň wekilini ätiýaçlandyryş ýagdaýy barada habardar etmäge;

ç) ätiýaçlandyryja bolan ýagdaý sebäpli zeleliň möçberlerini, hakykylygyny we sebäbini kesgitlemek üçin zerur resminamalary bermäge;

d) ätiýaçlandyryjynyň subrogasiýa hukugyny amala aşyrmaga (jogapkärçilik ätiýaçlandyryşyndan başga);

e) üçünji tarapyň özüne bildirilen nägileligi ýa-da talaby hakynda şobada ätiýaçlandyryja habar bermäge, degişli maglumatlary we resminamalary bermäge;

ä) ätiýaçlandyryşyň alamatlary bolan ýagdaýyň ýüze çykmagynyň sebäplerini anyklamak we zeleliň möçberini hasaplamak üçin beýleki zerur bolan resminamalary bermäge;

f) bolan ýagdaýyň netijelerini aýyrmak üçin abatlaýyş kärhanasyny (doky ýa-da gämi ussahanasyny) saýlamagy ylalaşmaga. Eger abatlaýyşyň wagty we ýeri ätiýaçlandyryjy bilen ylalaşylmadyk bolsa, ätiýaçlandyryş öwezini doluş töleginiň möçberi ätiýaçlandyryjy (ýa-da çekilen bilermenler) tarapyndan abatlaýyş üçin ýerlikli we maksada laýyk edilen çykdajylardan ugur alnyp kesgitlenilýär.

Abatlaýyşyň öwezi doluş bahasy gämini ätiýaçlandyryş şertnamasynyň baglaşylan döwründäki ýagdaýyna getirmek üçin zerur bolan çykdajylaryň möçberi hökmünde seredilýär, munda gäminiň aýry bölekleriniň zelelini aýyrmagyň bahasy könelişmegini nazara almazdan dolunýar. Eger ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň netijesinde gämi gatnawyny duruzmaga we abatlaýyşa gitmäge mejbur bolsa, gämini abatlaýyş ýerine äkitmek we getirmek üçin esasly we maksada laýyk edilen çykdajylar dolunmaga degişlidir. Ähli beýleki ýagdaýlarda ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň netijesinde alnan zelelleri aýyrmak üçin gämini soňky giriş nokadyndan abatlaýyş ýerine äkitmegiň çykdajylary bu hili sürüp äkidiş wagtynda edilýän ulanyş çykdajylaryndan ýokary geçmeýän möçberde dolunýar.

Abatlaýyşyň bahasynyň öwezi dolunýan bölegine diňe zyýan çeken bölegine düşýän gäminiň gabarasyny arassalamak we reňklemek boýunça çykdajylar, gäminiň zyýanyny aýyrmagyň abatlaýyşy gäminiň gabarasynyň soňky reňklenmesinden soň 12 aýyň dowamyndan bolan şerti bilen girizilýär.

Gämini doka salmagyň we ondan çykarmagyň ýa-da elling bilen galdyrmagyň we düşürmegiň çykdajylary, şeýle hem gury doky ýa-da ellingi ulanmagyň çykdajylary, abatlaýyşyň dolunýan bahasyna dolulygyna abatlaýyş işlerinde diňe ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň netijelerini aýyrmaga gönükdirilen işler geçirilen bolsa girizilýär. Eger ätiýaçlandyryş şertnamasy bilen dolunýan zelelleriň abatlaýyşy ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň netijelerini aýyrmaga degişli bolmadyk işler bilen birlikde geçirilse, abatlaýyşyň dolunýan bahasyna gämini gury doka salmagyň we çykarmagyň ýa-da ellingiň kömegi bilen galdyrmagyň we düşürmegiň çykdajylarynyň 50%-i girizilýär. Munda öwezi dolunýan çykdajylaryň we gury doky ýa-da ellingi ulanmagyň hasaplamasy ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň netijesini aýyrmak üçin abatlaýyşa gerek bolan wagtdan ugur almak bilen, eger bu hili abatlaýyş aýratyn geçirilen bolsa, hasaplanylýar.

Gämi satylanda, eger gäminiň zyýanlaryny aýyrmak boýunça abatlaýyş geçirilmedik bolsa, ätiýaçlandyrýanyň ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň netijesinde emele gelen zyýanyň dolunmagyna hukugy bar. Öwezini doluşyň möçberi ätiýaçlandyryş möhleti tamamlanmaka geçirilip bilinjek, ýöne ätiýaçlandyryş şertnamasynyň şertleri boýunça

19. Sargyt № 2539

dolunýan zeleller sebäpli gäminiň bahasynyň arzanlaýan möçberinden ýokary bolmadyk möçberde, abatlaýyşyň laýyk bahasyndan ugur alnyp kesgitlenilýär. Gämi bölmek üçin satylanda bu bölümiň düzgünleri ulanylmaýar.

Doly ätiýaçlandyryş pul möçberinde, ýöne ätiýaçlandyryş nyrhyndan ýokary bolmadyk möçberde öwezini doluş tölegi aşakdaky ýagdaýlarda tölenilýär:

a) gämi hakykatda doly ýok bolanda (gämi dolulygyna ýok edilende we/ýa-da ätiýaçlandyrýan üçin hemişelik ýitirilende);

b) gämi dereksiz ýitende (üç aýyň dowamynda gämi hakynda hiç hili habar bolmadyk we gämi hakyndaky soňky habar ätiýaçlandyryş şertnamasynyň möhleti tamamlanmaka alnan bolsa);

ç) gäminiň gurluş taýdan doly ýok bolan ýagdaýynda (gämini dikeltmek ýa-da abatlamak ykdysady taýdan maksada laýyk bolmasa).

Gäminiň gurluş taýdan doly ýok bolmagy, eger ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň netijelerini ýok etmek boýunça çykdajylaryň umumy möçberi gäminiň ätiýaçlandyryş nyrhynyň 100%-nden az bolmasa ykrar edilýär.

Ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň netijelerini ýok etmek boýunça çykdajylaryň möçberine gämini ätiýaçlandyryş şertnamasynyň baglaşylan döwründäki ýagdaýyna dikeltmegiň bahasy, şeýle hem halas ediş we abatlaýyş ýerine çenli tirkege almagyň çykdajylary we umumy heläkçilikde gäminiň paýy boýunça gatançlary girizilýär.

Gäminiň doly ýok bolmagy ýa-da dereksiz ýitmegi boýunça ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi tölenende, ätiýaçlandyryja tölenen pul möçberiniň çäklerinde ätiýaçlandyrylan gämä bolan eýeçilik hukugy geçýär.

Ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyrylan gämä bolan eýeçilik hukugyndan boýun gaçyran ýagdaýynda, ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ýerlenen emlägiň bahasyny tutup galmazdan tölenilýär.Eger başga ylalaşyklar bolmasa, ätiýaçlandyryş ýagday sebäpli bolan çykdajylar ilki ätiýaçlandyrýan tarapyndan tölenilýär, soňra ätiýaçlandyryjy tarapyndan dolunýar.

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini talap edende ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş şertlerinde görkezilen ýagdaýyň bolandygyny resmi taýdan subut etmäge we ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyryş öwe-

zini doluş töleginiň möçberini kesgitlemek üçin zerur bolan talap resminamalaryny bermäge borçludyr. Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini almak barasyndaky ätiýaçlandyryja bolan talap etmek hukugy, talaba bolan hukuk döränden Türkmenistanyň kanunçylygy arkaly bellenen hak isleg möhletiniň çäklerinde tölenilýär.

*Eger ätiýaçlandyrýan:*

a) ätiýaçlandyryş töwekgelçiligini bahalandyrmak üçin düýpli ähmiýeti bolan ýagdaýlar hakynda nädogry maglumatlary beren bolsa;

b) ätiýaçlandyryjyny töwekgelçilikde bolan düýpli üýtgeşmeler hakynda habardar etmedik bolsa;

ç) şu kadalarda görkezilen borçnamalaryny ýerine ýetirmedik bolsa, ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemekden boýun gaçyryp bilýär.

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemegiň meselesine garalanda, ätiýaçlandyryjynyň şertnamasy ýa-da ätiýaçlandyryşy tassyklaýan başga resminamany talap etmäge hukugy bar. Eger ätiýaçlandyrýan ýa-da peýda alyjy üçünji tarapdan öwezini doluş tölegini alan bolsa, ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş şertnamasynyň şertleri boýunça tölemeli pul möçberi bilen üçünji tarapdan alnan pul möçberiniň aratapawudyny töleýär.

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi tölenende ätiýaçlandyryja tölenen pul möçberiniň çäklerinde atiýaçlandyrýanyň ýa-da peýda alyjynyň ýetirilen zelel üçin jogapkär tarapa bolan talap hukugy geçýär.

Ätiýaçlandyrýan ýa-da peýda alyjy ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini alanda özünde bolan ähli resminamalary we subutnamalary ätiýaçlandyryja bermäge we bu hukugy ýerine ýetirmek üçin hemme etmeli zatlary ýerine ýetirmäge borçly. Eger ätiýaçlandyrýan ýa-da Peýda alyjy ýetirilen zelel üçin jogapkär tarapa bolan talap hukugyndan ýüz öwürse ýa-da onuň günäsi sebäpli bu hukugy amala aşyrmak mümkin bolmasa (zelel üçin günäkär tarapa bolan talap bildirmegiň möhletiniň geçirilmegi we ş.m.), onda ätiýaçlandyryjy degişli möçberde ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemek borçlaryndan boşadylýar, töleg tölenen ýagdaýynda bolsa ätiýaçlandyrýan ýa-da peýda alyjy alnan öwezini doluş tölegini alnan gününden görkezilen göterimleri bilen gaýtaryp bermäge borçludyr.

# II.XIX bap. Howa gämileriniň we awiagatnadyjylaryň jogapkärçiligini meýletin ätiýaçlandyryş şertnamasy

## §2.19.1. Ätiýaçlandyryş şertnamasy we obýekti

Türkmenistanyň raýat we döwlet howa gämileriniň döwlet sanawynda hasaba alnan howa gämilerini, şeýle hem ýokarda aýdylyp geçilen ätiýaçlandyrylan howa gämisi tarapyndan üçünji tarapa ýa-da olaryň emlägine ýetirilip bilinjek zelel üçin awiagatnadyjynyň raýat jogapkärçiligini meýletin ätiýaçlandyryş şertnamalaryny Türkmenistanyň Döwlet ätiýaçlandyryş guramasy bilen ätiýaçlandyrýanlaryň arasynda baglaşmaklyk ýola goýlan.

Howa gatnatmalaryny we jemgyýetçilik bähbitleri bilen awiasion işleri ýerine ýetirmek üçin peýdalanylýan howa gämileri we beýleki awiasiýa serişdeleri raýat awiasiýasyna degişlidir.

Türkmenistanyň ulanylýan kanunçylygyna laýyklykda aşakdaky edara görnüşli taraplar we şahsy adamlar ätiýaçlandyrýanlar hasaplanylýar:

- howa gämileriniň eýeleri, doly hojalygy ýöretmek ýa-da gündelik dolandyrmak hukugy bilen howa gämilerine eýeleik edýän adamlar;
- kärendeçiler, şeýle hem kanuny esaslarda howa gämilerine eýelik edýän beýleki adamlar.

Howa gämisi ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça şol emlägi gorap saklamakda kanuna, beýleki hukuk namasyna ýa-da şertnama esaslanýan bähbidi bolan tarapyň peýdasyna ätiýaçlandyrylyp bilner.

Awiagatnadyjynyň raýat jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşy emläk bähbitlerine ýolagçylar gatnadylanda ýa-da ýükler daşalanda ulag serişdeleri peýdalanylanda ulanylýan kanunçylyk arkaly göz öňünde tutulan borçlaryny ätiýaçlandyrýanyň tötänden bozmagy bilen zelel ýetirilen üçünji tarapyň peýdasyna geçirilýär.

Töwekgelçilik gaýtadan ätiýaçlandyryş geçirilende ätiýaçlandyryşyň şertleri we ätiýaçlandyryş nyrhlarynyň möçberleri halkara ätiýaçlandyryş bazaryndaky töwekgelçiligiň bahalanyşyny we gaýtadan ätiýaçlandyryş şertlerini hasaba almak bilen, taraplaryň ylalaşygy boýunça bellenilýär.

*Ätiýaçlandyrmada ulanylýan esasy adalgalar:*

**HG (howa gämisi)** – ýeriň ýa-da suwuň üstündäki howa bilen özara hereket etmekden tapawutlylykda howa bilen özara hereket etmegiň hasabyna atmosferada saklanýan uçýan obýekt.

**Howa gämisiniň heläkçilikli ýagdaýda abatlanmagy** – hadysa ýüze çykanda zeper ýeteninden soň howa gämisiniň guratlygyny dikeltmek üçin ýerine ýetirilýän meýilnamadan daşarky abatlaýyş.

**Agregat** – howa gämisiniň şu bölek üçin gönüden-göni abatlaýyşyň aralygyndaky döwürde bellenilen işlemek mümkinçiligi bolan we özi barada aýratyn pasport ýa-da formulýar resmileşdirilen düzüm bölegi. Howa gämisiniň hereketlendirijisi bir agregat hasap edilýär.

Howa gämisini dikeltmeklik tehniki taýdan mümkin bolmasa ýa-da ykdysady taýdan maksada laýyk bolmasa, şeýle hem ony göni maksady boýunça peýdalanmak mümkin bolmasa **howa gämisi gurluş taýdan hatardan çykan hasaplanylýar.**

Howa gämisiniň hiç bir agregaty öz göni niýetlenilişi boýunça mundan beýläk peýdalanylyp bilinmese, şol howa gämisi **doly ýok edilen hasaplanylýar.**

**Uçuş** – howa gämisiniň uçmak üçin bat alyp başlan ýa-da uçmaga synanyşýan pursatyndan başlap hasaplanylýan wagty aňladýar we howada bolunýan wagty öz içine alýar hem-de howa gämisi ýere gonandan soň bat almasyny doly tamamlan pursatynda tamamlanýar.

**Ugrukdyrmak** – uçaryň öz hereketlendirijileriniň dartyş güýji astyndaky hereketi. Ugrukdyrmak howa gämisiniň wagtlaýyn durmagy sebäpli tamamlanan hasaplanylmaýar.

**Şwartowka** – suwa gonmak we suwdan uçmak üçin niýetlenilen howa gämisi üçin uçuşda ýa-da ugrukdyrmakda däl-de, ýüzüşde bolmaklygy aňladýar we suwa goýberilmek we kenara çekip çykarmak töwekgelçiliklerini özünde jemleýär.

**Ýer** – howa gämisiniň uçuşda bolmaýandygyny, ugrukdyrylmaýandygyny we suwa şwartowka edilmändigini aňladýar.

Ätiýaçlandyrýanyň ätiýaçlandyryş şertnamasynda (polisinde) görkezilen howa gämisine eýelik etmek, ondan peýdalanmak we oňa ygtyýar etmek, şeýle hem ýolagçylar gatnadylan we ýükler daşalan mahaly ulag serişdeleri ulanylanda ulanylýan kanunçylygynyň tötänden bozulmagy netijesinde üçünji tarapa (ejir çekenlere) ýetirilen zeleliň öwezini dolmak borjy bilen baglanyşykly emläk bähbitleri ätiýaçlandyryş obýektleri bolup durýar.

*Kadalara laýyklykda:*

a) howa gämisiniň ulanylmagy, ondan islendik adamyň ýa-da zadyň gaçmagy netijesinde üçünji tarapyň ömrüne we saglygyna, şeýle hem ýüzleý ýagdaýda olaryň emlägine;

b) howa gämisiniň uçuş döwründe, ol gonan ýa-da ondan çykylan wagtynda ýolagçylara;

ç) hasaba alnan goş-golama ýa-da ýüke, şeýle hem ýolagçylaryň ýany bilen alyp gidýän zatlaryna ýetirilip bilinjek zeper üçin awiagatnadyjynyň raýat jogapkärçiligi ätiýaçlandyryş diýip kabul edilýär.

**Howa gämileriniň ätiýaçlandyryşy:**

baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça aşakdakylaryň, ýagny:

a) awiasion hadysanyň, dawanyň ýa-da bolmasa islendik beýleki maddalaşdyrylan wakanyň;

b) ýer titremesiniň, tupanyň, suw joşmasynyň ýa-da beýleki tebigy heläkçiligiň;

ç) howa gämisiniň ýa-da gönüden-göni oňa degişli bolan bölekleriň ogurlanylmagynyň (alnyp gaçylmagyndan başga);

d) ätiýaçlandyryş şertnamasy bilen aradan aýrylmadyk duýdansyz we öňünden görülmedik beýleki wakalaryň netijesinde howa gämisiniň heläk bolmagyndan ýa-da oňa zeper ýetmeginden, şeýle hem ýitirilmeginden ýeten zeleliň (göni ýitgileriň) ätiýaçlandyrýan tarapyndan öweziniň dolunmagy göz öňünde tutulýar.

Töwekgelçilikleriň ätiýaçlandyrylyşy ulanyşyň aýratynlykda seçilip alnan döwürleri üçin, ýagny uçuşda, ugrukdyrylan mahaly ýa-da açyk ýerde duranda, awiasion angarda, ýüzüş mahaly (ýer, şwartowka) hem, olaryň utgaşdyrylan görnüşinde hem geçirilýär. Dikuçarlar üçin

aşakdaky töwekgelçilikler: uçuş, ýer, şwartowka (işledilen ýa-da duruzulan hereketlendirijileri bilen), beýleki ýörite töwekgelçilikler: halas ediş işleri mahaly ýeriň, suwuň golaýynda asyl-asyl bolup durmak, nätanyş meýdançalara gonmak we ş.m. degişlidir.

Ätiýaçlandyryjynyň ätiýaçlandyrýanyň öňündäki jogapkärçiliginiň çägi aşakdaky şertleriň biriniň esasynda taraplaryň ylalaşmagy boýunça bellenilýär.

**A** – howa gämisiniň hatardan çykmagy ýa-da dereksiz ýitmegi netijesinde zelel ýetirilende ätiýaçlandyryş.

Şu şertlerde ätiýaçlandyrylan mahaly howa gämisiniň doly (hakykatda ýa-da gurluş taýdan) weýran bolmagy ýa-da onuň dereksiz ýitmegi netijesinde ýüze çykýan zeleliň öwezi dolunýar.

**B** – howa gämisiniň weýran bolmagy, dereksiz ýitmegi ýa-da oňa zeper ýetmegi netijesinde zelel ýeten ýagdaýyna ätiýaçlandyryş.

Şu şertlerde ätiýaçlandyrylan mahaly howa gämisiniň doly (hakykatda ýa-da gurluş taýdan) heläk bolmagy bilen baglanyşykly çekilen zelelleriň, şeýle hem howa gämisiniň gurnamalaryna, onuň enjamlaryna we esbaplaryna zeper ýetmegi netijesinde ýüze çykan çykdajylaryň öwezi dolunýar.

**Ç** – heläk bolmagy ýa-da zeper ýetmegi netijesinde zelel ýetirilen ýagdaýyna ätiýaçlandyryş, şol sanda halas etmek boýunça çykdajylar.

Görkezilen jogapkärçilik bilen şertler howa gämisiniň doly (hakykatda ýa-da gurluş taýdan) heläk bolmagy ýa-da onuň dereksiz ýitmegi netijesinde ýüze çykýan zelelleriň öwezini dolmagy göz öňünde tutýar. Mundan başga hem zeleliň öňüni almak (onuň möçberini azaltmak) boýunça zerur hem-de maksadalaýyk harçlanan çykdajylaryň we howa gämisini halas etmek boýunça çykdajylaryň öwezi dolunýar.

**D** – howa gämisine zeper ýetmegi netijesinde zelel ýeten ýagdaýyna ätiýaçlandyryş.

Ätiýaçlandyryşyň şu şertlerinde aşakdaky çykdajylaryň öwezi dolunmaga degişlidir:

a) howa gämisine ýeten zeperi düzedilende diňe zeper ýeten düzüm bölekleri we parçalary öwezi dolunmaga degişlidir;

b) eger çekilen zelel ätiýaçlandyryş şertnamasynyň şertleri boýunça öwezi dolunmaga degişli bolsa, zeleliň öňüni almak (möçbe-

rini azaltmak) we onuň möçberini kesgitlemek boýunça zerur bolan hem-de maksadalaýyk edilen çykdajylar öwezi dolunmaga degişlidir.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwründe ýüze çykýan ähli zeleller babatda ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiligi ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilen ätiýaçlandyryş pul möçberi bilen çäklenýär.

Ätiýaçlandyryş pul möçberi howa gämisiniň ätiýaçlandyryş şertnamasynyň baglaşylýan pursatynda ylalaşyk ýa-da seljeriş taýdan baha bermegiň esasynda kesgitlenilýän hakyky bahasyndan geçmeli däldir. Ätiýaçlandyrýan howa gämisini onuň doly bahasynda ýa bolmasa onuň belli bir böleklerini ätiýaçlandyrmaga haklydyr.

*Ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy howa gämisi heläk bolan mahaly:*

- gämi we hereketlendiriji doly weýran bolanda ýa-da dikeltmäge degişli bolmadyk mahaly, gämi we hereketlendiriji beýleki sebäpler boýunça ätiýaçlandyrýan üçin dolanuwsyz ýitirilende,
- dikeltmek üçin çykdajylar ätiýaçlandyrylýan desganyň ätiýaçlandyryş bahasyna ýetende ýa-da ondan artanda dolulygyna tölenilýär.

**Üçünji tarapyň öňündäki jogapkärçiligiň ätiýaçlandyrylyşy**

Baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyrýanyň Kanuna görä islendik üçünji tarapyň maýyp bolmagy ýa-da aradan çykmagy, onuň emläginiň (şol sanda mallarynyň) ýok edilmegi ýa-da olara zeper ýetirilmegi netijesinde, görkezilen zelel gönüden-göni ätiýaçlandyrylan howa gämisi tarapyndan ýa bolmasa haýsydyr bir adam ýa-da şol gämiden gaçan zat bilen ýetirilen bolsa, üçünji tarapa öwezini dolmaga borçly bolan ätiýaçlandyrýanyň ýitgileriniň öwezini dolmagy göz öňünde tutulýar.

Ýüze çykan mahaly peýdasyna ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan üçünji tarapa (ejir çekene) töleg tölemek barada ätiýaçlandyryjynyň borçlary ýüze çykýan waka ätiýaçlandyryş ýagdaýy diýlip ykrar edilýär.

Ulag serişdeleri ulanylan mahaly awiagatnadyjynyň hereket edýän kanunçylygy tötänden bozmagy netijesinde onuň emläk bähbit-

lerine ýetirilen zeleliň öwezini dolmak hakynda kanunçylyk arkaly bellenilen tertipde ätiýaçlandyrýana ejir çekeniň emläk nägileligini bildirmeginiň ýagdaýy awiagatnadyjynyň raýat jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşy boýunça ätiýaçlandyryş ýagdaýy diýlip hasaplanylýar.

*Şular üçin ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy tölenilmeýär:*

- islendik ýolagçynyň bedenine şikes ýetmegi (şol sanda onuň aradan çykmagy) üçin we/ýa-da islendik ýolagçynyň emlägine zelel ýetirilmegi üçin;
- iş beriji hökmünde ätiýaçlandyrýanyň jogapkärçiliginden we öz zähmet borçlaryny ýerine ýetiren mahaly işgärleriň ömrüne hem-de saglygyna ýetirilen zeleliň öwezini dolmak barada ätiýaçlandyryjynyň borçlaryndan gelip çykýan zelel üçin;
- howa gämisiniň bortunda zähmet borçlaryny ýerine ýetiren mahaly howa gämisiniň ekipažynyň islendik agzasynyň bedenine zeper ýetmegi (şol sanda onuň aradan çykmagy) üçin we/ýa-da ekipažyň islendik agzasynyň emlägine zelel ýetirilmegi üçin;
- howa gämisiniň bortunda bolan wagtynda hem, oňa ýüklenilen we ondan düşürilen wagtynda hem eýeçilik, kärende, lizing, karz almak ýa-da wagtlaýyn peýdalanmak şertlerinde ätiýaçlandyrýana degişli emläge ýetirilen zelel üçin.

**Ýolagçylaryň öňündäki jogapkärçiligiň ätiýaçlandyryşy**

Ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyrýanyň Kanuna görä howa gämisinde bolan, oňa münen ýa-da ondan düşen wagtynda islendik ýolagçynyň bedenine şikes ýeten (şol sanda aradan çykan) ýagdaýynda, şeýle hem uçar heläkçiligi ýa-da howa gämisi bilen baglanyşykly dawa-jenjel netijesinde islendik ýolagçynyň ýüki hem-de şahsy goş-golamy zaýalanan we oňa zeper ýeten ýagdaýynda öwezi dolunmaly çykdajylaryň ätiýaçlandyrýana öwezi dolunmagy göz öňünde tutulýar.

*Aşakdakylaryň ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy tölenilmeýär:*

- iş beriji hökmünde ätiýaçlandyrýanyň jogapkärçiliginden we zähmet borçlaryny ýerine ýetiren mahaly işgärleriň ömrüne hem-de saglygyna ýetirilen zeleliň öwezini dolmak barada ätiýaçlandyryjynyň borçlaryndan gelip çykýan zelel üçin;

- howa gämisinde zähmet borçlaryny ýerine ýetiren mahaly howa gämisiniň ekipažynyň islendik agzasynyň bedenine şikes ýetmegi (şol sanda onuň aradan çykmagy) we ekipažyň islendik agzasynyň emlägine zelel ýetirilmegi üçin.

**Ýük üçin jogapkärçiligiň ätiýaçlandyrylyşy**

Ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyrýanyň Kanuna görä howa gämisinde daşalan döwründe hasaba alnan ýük ýok edilen, kem çykan ýa-da oňa zeper ýeten ýagdaýynda öwezini dolmaga borçly bolan ätiýaçlandyrýanyň çykdajylarynyň öwezini dolmaklyk göz öňünde tutulýar.

Aşakdakylar üçin ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy tölenilmeýär:

- islendik ýolagçynyň howa gämisinde bolan wagtynda, oňa ýüklenilen we ondan düşürilen wagtynda howa gämisinde gatnatmak şertnamasy boýunça ätiýaçlandyrýanyň jogapkärçilik çekýän emlägine ýetirilen zelel üçin;
- ýüküň tebigy ýitgisi, temperaturanyň, çyglylygyň ýa-da aýratyn ýagdaýlar we ýüküň tebigy hiliniň netijesinde çekilen zelele üçin, munuň özi onuň ýok edilmegine, oňa zeper ýetmegine ýa-da onuň zaýalanmagyna (guramagyna, sykylmagyna, öz-özüniň otlanmagyna, heňlemegine we başgalara) getirse, ýüklere gurçuklar, gemrijiler, mör-möjekler bilen zeper ýeten mahaly, daşky gaby abat ýagdaýynda ýük kem çykan mahaly.

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak üçin ätiýaçlandyryja bellenilen görnüşde ýazmaça arzany berýär. Arzada aşakdakylar görkezilmelidir:

- ätiýaçlandyrýanyň ady, salgysy we bank maglumatlary;
- ätiýaçlandyrylýan zatlar we olaryň sany;
- howa gämisiniň serişdeleriniň kysymlary;
- bort belgileri;
- her bir howa gämisi boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberi;
- bortda oturdylan enjamlaryň we ätiýaçlyk şaýlaryň sanawy hem-de bahasy;
- ätiýaçlandyryş döwri, uçuşlaryň ugurlary, ekipažlar baradaky maglumatlar;
- şertnamalar belgisi;

- töwekgelçiligiň derejesi hakynda pikir öwürmek üçin düýpli ähmiýeti bolan beýleki maglumatlar.

Ätiýaçlandyryja arzadan başga ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak üçin ätiýaçlandyrýanyň hukuk ukybyny tassyklaýan resminamalar, ätiýaçlandyryşa degişli howa gämisiniň eýesiniň ýa-da oňa eýelik edýäniň derejesi, şeýle hem «Howa gämisiniň döwlet tarapyndan hasaba alnandygy hakyndaky şahadatnama», «Howa gämisiniň uçuşlara ýaramlydygy hakyndaky şaýatnama», howa ulagynda howpsuzlygy üpjün etmek üçin döwlet hem-de pudagara dolandyryş edaralarynyň talap edýän resminamalary berilmelidir.

Howa gämisi ätiýaçlandyryşa kabul edilen mahaly ätiýaçlandyryjynyň wekiliniň ony gözden geçirmäge we şoňa degişli resminamalar bilen tanyşmaga haky bardyr.

Anyk ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän möhleti taraplaryň ylalaşmagy boýunça bellenilýär. Ätiýaçlandyryş şertnamasy belli bir möhlete ýa-da uçuşa baglaşylyp bilner. Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän iň ýokary möhleti bir ýyldan geçip bilmez.

Ätiýaçlandyryş şertnama baglaşylan güni sagat 24.00-da başlanýar we şertnamada göz öňünde tutulan möhletiň iň soňky gününde sagat 24.00-da tamamlanýar.

Ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiligi howa gämisiniň ätiýaçlandyryşa kabul edilmeginiň ätiýaçlandyryjy tarapyndan ýazmaça görnüşde tassyklanylan pursatyndan başlap, ätiýaçlandyrýan tarapyndan ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosynyň) (baýragyny (wznosyň) taraplar tarapyndan aýdylyp geçilen bir bölegini) töländigi resminamalar arkaly tassyklanylan mahaly başlanýar.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy (polisi) diňe ätiýaçlandyryjynyň ýazmaça razylygy bilen şondaky geçiriş ýazgysyny (indosso) bermek arkaly başga tarapa ätiýaçlandyrýan tarapyndan dolulygyna ýa-da kemkäsleýin berlip bilner.

Taraplaryň razylygy boýunça şertnama (polis) goşmaça ätiýaçlandyrýan goşulyp bilner. Şu şertnama (polis) boýunça ätiýaçlandyrýanlaryň sanyna garamazdan bir ýa-da ähli ätiýaçlandyrýanlar bada ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiliginiň umumy möçberi şertnama (polis) tarapyndan bellenilen çäklerden (ätiýaçlandyryş pul möçberlerinden, jogapkärçiligiň möçberlerinden) geçmez.

**Ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça taraplaryň borçlary**

*Ätiýaçlandyrýan aşakdakylara borçludyr:*

- ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan wagty yglan edilen ätiýaçlandyryş pul möçberleriniň esaslandyrylandygyny we ätiýaçlandyryş töwekgelçiliginiň derejesini tassyklaýan, talap edilýän ähli maglumatlary ätiýaçlandyryja bermäge;
- ätiýaçlandyryş töwekgelçiligine baha bermek üçin düýpli ähmiýeti bolan, özüne mälim bolan ähli ýagdaýlar barada ätiýaçlandyryja habar bermäge;
- hödürlenilýän ätiýaçlandyrylýan zatlar barada baglaşylan ýa-da baglaşylýan beýleki ätiýaçlandyryş şertnamalary hakynda ätiýaçlandyryja habar bermäge;
- ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilen töwekgelçiliklerdäki düýpli üýtgeşmeleriň ählisi barada (çekilen zelelleriň öwezini dolmaga degişlidigine ýa-da degişli däldigine garamazdan, ätiýaçlandyrylan howa gämisiniň eýeçilige geçmegi, beýleki tarapa girewe ýa-da kärendä berilmegi hakynda, howa gämisine zeper ýetmegi we başgalar hakynda) ätiýaçlandyryja wagtynda habar bermäge;
- ätiýaçlandyryş üçin tölegi (ätiýaçlandyryş baýragy(wznosy) ätiýaçlandyryş şertnamasynda bellenilen tertipde wagtynda tölemäge;
- haýal etmän, ätiýaçlandyryjyny bolup geçen ätiýaçlandyryş ýagdaýy hakynda habardar edip, soňra ätiýaçlandyrylan howa gämisi bilen ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagynyň wagty, ýeri hem-de ýagdaýlary hakynda jikme-jik maglumatlary görkezmek bilen ýazmaça habarnamany tassyklamaga;
- ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda zeleliň öňüni almak ýa-da möçberini azaltmak üçin ähli zerur bolan çäreleri görmäge;
- hukuk goraýjy edaralara bolup geçen ätiýaçlandyryş ýagdaýy hakynda habar bermäge;
- ähli zerur maglumatlary habar bermäge, ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagynyň ýagdaýlaryny we çekilen zelelliň möçberlerini anyklamak üçin zerur resminamalary bermäge, ätiýaçlandyryş ýagdaýlaryny derňemegi geçirmekde ätiýaçlandyryja kömek etmäge;

- üçünji tarapyň özüne bildiren nägilelikleri hakynda haýal etmän ätiýaçlandyryja habar bermäge we şeýle nägileliklere ýa-da hak isleglere degişli ähli maglumatlary we resminamalary bermäge, şeýle hem haýsydyr bir jogapkärçiligi boýun almazlyga hem-de ätiýaçlandyryjynyň ýazmaça razylygy bolmazdan, haýsydyr bir tölegleri tölemezlige (ýa bolmasa wada bermezlige), ätiýaçlandyryja günäkär taraplar barada regres talaplaryny bildirmek hukugyny üpjün etmäge we ätiýaçlandyryjynyň bu hukugyny çäklendirip biljek hiç bir çäreleri görmezlige.

*Ätiýaçlandyrýanyň aşakdakylara hukugy bar:*

- şertnamanyň çak edilýän bozulmasynyň senesine çenli azyndan bir aý öňünden ätiýaçlandyryjyny hökman ýazmaça habardar etmek bilen, ätiýaçlandyryş şertnamasyny möhletinden öň bozmaga;
- ätiýaçlandyryjynyň şertnamanyň talaplaryny we şertlerini ýerine ýetirişini barlamga.

**Ätiýaçlandyryjy aşakdakylara borçludyr:**

- ätiýaçlandyrýany ätiýaçlandyryşyň kadalary bilen tanyşdyrmaga;
- ätiýaçlandyrýan we onuň emläk ýagdaýy hakyndaky maglumatlary jar etmezlige;
- ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş şertnamasyny (polisini) ýitiren mahaly onuň öwezligini bermäge;
- ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykan we ätiýaçlandyrýan tarapyndan ýetirilen zeleliň möçberini bellemek üçin zerur bolan resminamalar berlen mahaly anyk ätiýaçlandyryş şertnamasy arkaly bellenilen möhletiň dowamynda ätiýaçlandyryş güwänamasyny düzmäge;
- ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemäge «Ätiýaçlandyryş hakyndaky» Türkmenistanyň Kanuny arkaly bellenilen esaslar boýunça ätiýaçlandyryş ýagdaýy hakynda güwänama düzüleninden soň 7 günüň dowamynda ätiýaçlandyryş tölegini tölemekden boýun gaçyrmaga;
- ätiýaçlandyryş şertnamasy möhletinden öň bozulanda «Ätiýaçlandyryş hakyndaky» Türkmenistanyň Kanuny arkaly bel-

lenilen tertipde ätiýaçlandyryş baýragynyň (wznosynyň) bir bölegini yzyna gaýtarmaga.

**Ätiýaçlandyryjynyň aşakdakylara hukugy bar:**

- ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň derňewlerini geçirmäge, gözden geçirmäge gatnaşmaga we ätiýaçlandyryş ýagdaýy bilen ýetirilen zeleliň möçberini kesgitlemäge;
- zeper ýeten emlägi halas etmäge ýa-da gorap saklamaga gatnaşyp, munuň üçin zerur çäreleri görmäge ýa-da görkezmäge;
- ätiýaçlandyrýanyň habar beren maglumatlaryny, şeýle hem ätiýaçlandyrýanyň şertnamanyň talaplaryny we şertlerini berjaý edişini barlamaga;
- ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykmagy boýunça ygtyýarly edaralara resmi sowallary ýollamaga, üçünji tarapyň haýsydyr bir nägilelikleri boýunça ätiýaçlandyrýanyň adyndan gepleşiklerde hem-de ylalaşyklarda çykyş etmäge, şeýle hem şol nägilelikler boýunça kazyýet işlerini ýöretmäge.

*Aşakdaky ýagdaýlarda ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereketi bes edilýär:*

- hereket etmegiň taraplar tarapyndan bellenilen möhleti geçende ýa-da ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça öz borçlaryny doly möçberde ýerine ýetirende;
- ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) şertnamada bellenilen möhletlerde tölemese;
- gatnadyjy-daşaýjy ýolagçylary gatnatmaga we ýükleri daşamaga bolan hukukdan mahrum edilse;
- edara görnüşli tarap bolan ätiýaçlandyrýan ýapylsa, «Ätiýaçlandyryş hakyndaky» Türkmenistanyň Kanuny arkaly göz öňünde tutulan ýagdaýlar muňa girmeýär;
- şahsy tarap bolan ätiýaçlandyrýan aradan çykan ýagdaýynda, ätiýaçlandyrylan zat barada hukuk oruntutary bolmasa;
- kazyýet tarapyndan ätiýaçlandyryş şertnamasyny hakyky däl diýip ykrar etmek hakyndaky çözgüt kabul edilse.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy taraplaryň ylalaşmagy boýunça hem möhletinden öň ýatyrylyp bilner. Taraplar ätiýaçlandyryş şertnamasyny möhletinden öň ýatyrmak baradaky pikiri hakynda ätiýaçlandy-

ryş şertnamasyny ýatyrmagyň çak edilýän senesine çenli azyndan bir aý öňünden birek-birege ýazmaça görnüşde duýdurmalydyrlar.

Ätiýaçlandyrýanyň talap etmegi boýunça ätiýaçlandyryş şertnamasy möhletinden öň ýatyrylanda ätiýaçlandyryjy oňa ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) çekilen çykdajylary tutup galmak bilen şertnamanyň geçmedik möhleti üçin gaýtaryp berýär.

*Ätiýaçlandyryş şertnamasy şu aşakdaky ýagdaýlarda hakyky däldir:*

a) ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykandan soň baglaşylan pursatyndan başlap;

b) ätiýaçlandyrylýan obýekt kazyýet hökümi esasynda bahasy tölenilmän elden almaga degişli emläk bolsa;

ç) Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda.

Ätiýaçlandyrylan obýekte bolan eýeçilik hukugynyň üçünji tarapa geçmegi hakynda kazyýet çözgüt çykarandan soň hem şertnama hakyky däl diýlip ykrar edilýär.

## § 2.19.2. Ätiýaçlandyryş pul möçberi we ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy)

Howa gämisi ätiýaçlandyrýan tarapyndan yglan edilen pul möçberinde ätiýaçlandyrylan hasap edilýär.

Ätiýaçlandyryş pul möçberi hakyky bahasyndan ýokary bolsa, gäminiň hakyky bahasy ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiliginiň çägi bolup durýar.

Howa gämisiniň ätiýaçlandyryşy boýunça ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilen baha ätiýaçlandyryş pul möçberidir.

Howa gämisiniň ätiýaçlandyryş bahasy diýlip könelmegini tutup galmak bilen, ätiýaçlandyryş baglaşylan pursatda şonuň ýaly derejedäki we ölçegdäki täze howa gämisini satyn almagyň bahasyna ýa-da taraplaryň özara razylaşmagy boýunça howa gämisiniň bahasyna kabul edilýän nyrh kesmäge düşünilýär.

Ätiýaçlandyryş bahasy we ätiýaçlandyryş pul möçberi her bir howa gämisi boýunça ätiýaçlandyryş şertnamasynda aýratynlykda görkezilýär.

Ätiýaçlandyryş howa gämisiniň kysymyny, derejesini, ulanyş we tehniki häsiýetnamalaryny, tehniki ýagdaýyny, bahasyny, onuň könelmegini, uçuşlaryň çägini hem-de ýygylygyny, ätiýaçlandyrýanyň işgärleriniň hünär derejesini we her bir anyk ýagdaýda düýpli bolan şertleri nazara almak bilen geçirilýär.

Ätiýaçlandyryş baýragynyň (wznosynyň) möçberi ätiýaçlandyryjy tarapyndan ätiýaçlandyryş nyrhlaryna laýyklykda ätiýaçlandyryş pul möçberinden (jogapkärçilik möçberlerinden) ugur alnyp bellenilýär. Bir ätiýaçlandyryş şertnamasy bilen birnäçe töwekgelçilikler boýunça howa gämisi ätiýaçlandyrylan mahaly umumy ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) töwekgelçilikleriň aýry-aýry görnüşleri boýunça ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) jemlemek arkaly kesgitlenilýär (*1-nji goşundy*).

*1-nji goşundy*

**Nyrh möçberleri**

Nyrh möçberleri hasaplanylanda statistiki maglumatlary we bilermenlik taýdan baha bermegi seljermäge esaslanan ätiýaçlandyryş portfeliniň hödürlenilýän düzümi nazara alynýar. Awiakasko boýunça 2% we awiagatnadyjylaryň jogapkärçiligi boýunça 0,4%-den ybarat bolan hasaplanylan ortaça ätiýaçlandyryş nyrhy anyk ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmagyň aýratynlyklaryny nazara alyp bilmez.

Her bir anyk ýagdaýda töwekgelçiligiň derejesinden ugur almak bilen ätiýaçlandyryş tölegleriniň möçberleri bellenilen wagty peseldiji (0,3-den 1-e çenli) we köpeldiji (1-den 5-e çenli) koeffisiýentleri ulanmak mümkin. Ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan mahaly nyrh möçberiniň ortaça möçberi howa gämisiniň ulanylýan möhletine, onuň tehniki ýagdaýyna we her bir anyk ýagdaýda töwekgelçiligiň derejesine düýpli täsir edýän beýleki şertlere baglylykda degişli düzediş koeffisiýentlerine köpeltmek arkaly kesgitlenilýär.

Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) ätiýaçlandyrýan tarapyndan ätiýaçlandyryş şertnamasynda görkezilen möhletiň dowamynda ätiýaçlandyryjynyň hasaplaşyk hasabyna ýa-da pulhanasyna pullary geçirmek arkaly tölenilýär.

Taraplaryň ylalaşmagy boýunça ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) birwagtyň özünde ýa-da bölekleýin (her çärýekde we başgalarda) tölenilip bilner.

Doly däl aý üçin ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) doly aý hökmünde tölenilýär.

Ätiýaçlandyryş öwezini dolmagyň möçberi ätiýaçlandyryjy tarapyndan ýok edilen, ýitirilen ýa bolmasa zeper ýeten ätiýaçlandyrylan howa gämisiniň hakyky (ätiýaçlandyryş) bahasyndan ugur alnyp kesgitlenilýär.

Awiagatnadyjynyň raýat jogapkärçiligi barada ätiýaçlandyryş öwezini dolmagyň möçberi her bir ätiýaçlandyryş ýagdaýy boýunça aňryçäk ätiýaçlandyryş pul möçberlerinden (jogapkärçiligiň möçberlerinden) we ätiýaçlandyrýana bildirilýän hak islegler boýunça orta atylýan pul möçberlerinden ugur alnyp kesgitlenilýär. Ätiýaçlandyryş şertnamasynda (ätiýaçlandyryş polisinde) görkezilen jogapkärçiligiň möçberleriniň çäklerinde goýberilen peýdalardan başga ätiýaçlandyryş ýagdaýyny düzgünleşdirmek bilen, ähli kazyýet harajatlary hemde çykdajylary hem tölenilip bilner.

Ätiýaçlandyryş pul möçberi ätiýaçlandyrylan howa gämisiniň hakyky bahasyndan pes bolan ýagdaýynda ätiýaçlandyryş öwezini dolmagyň möçberi, eger taraplaryň ylalaşmagy boýunça başgaça bellenilmedik bolsa, ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykan pursatynda ätiýaçlandyryş pul möçberiniň desganyň hakyky bahasyna gatnaşygyna deňeçerlikde kesgitlenilýär.

Zerurlyk ýüze çykan ýagdaýynda ýüze çykan zeleliň sebäplerini we möçberini kesgitlemek üçin şeýle seljermäni geçirmegi talap eden tarapyň hasabyna seljerme geçirmek bellenilip bilner.

Howa gämisi doly heläk bolan ýa-da dereksiz ýiten ýagdaýynda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş pul möçberine deň mukdarda ätiýaçlandyryş tölegini töleýär.

*Howa gämisine zeper ýeten ýagdaýynda:*

- ätiýaçlandyryjynyň razylygy bolmazdan enjamlary söküp aýyrmak, daşamak ýa-da abatlamak boýunça hiç bir işe başlamaly däldir, munuň özi howpsuzlygyň bähbitleri üçin, howa gämisine mundan beýläk-de zeper ýetmeginiň öňüni almak üçin zerur bolan ýagdaýlar ýa-da degişli dolandyryş edaralary tarapyndan çykarylan buýruklar mejbury ýagdaýda ýerine ýetirilýän ýagdaýlar muňa girmeýär;

20. Sargyt № 2539

- ätiýaçlandyryş pul möçberi howa gämisiniň ätiýaçlandyryş bahasyna deň bolanda, ätiýaçlandyryjy has tygşytly usul bilen çekilen şu aşakdaky çykdajylary töleýär:

*Abatlaýyş işleri üçin hakykatda harçlanylan çykdajylary, şol sanda:*

a) kömekçi serişdeleri we ätiýaçlyk şaýlaryny, gurallary, ýangyç-çalgy serişdelerini satyn almak, howa gämisiniň bellenilen tehniki mümkinçilikleriniň işlenilip geçilmedik böleginiň şol mümkinçiliklere – ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykan pursatyna çenli has köp iş öndürijiligi bolan ölçegleriň biri boýunça gatnaşygyna deňeçerlikdäki möçberde howa gämisine gözegçilik etmek, ony synagdan geçirmek üçin çykdajylary;

b) abatlaýyşyň aralygyndaky mümkinçilikleriň çäklerinde zeper ýetmegi zerarly şol agregatlaryň işlenilip geçilmedik mümkinçiligine (sagatlar, tapgyrlar, gonuşlar) deňeçerlikde zawod şertlerinde abatlanylan ýa-da çalşyrylan her bir agregaty abatlamak üçin çykdajylary;

ç) zeper ýeten howa gämisiniň howpsuzlygyny we abat saklanylmagyny üpjün etmek boýunça çykdajylary;

d) işçileri, serişdeleri, ätiýaçlyk şaýlaryny we agregatlary zeper ýeten howa gämisiniň bolýan ýerine eltmek, şeýle hem hadysanyň bolan ýerinden binýatlyk aerodroma (abatlaýyş kärhanasyna) çenli uçup gelmek boýunça çykdajylary;

e) howa gämisi öňüni alyp bolmajak güýjüň täsiri bilen ýa-da ýalňyşlyk netijesinde haýsydyr bir ýerde gonsa we şol ýerden uçmak mümkin bolmasa, şeýle ýagdaýda howa gämisini sökmek boýunça çykdajylary, şeýle hem haýsy görnüşiň has maksadalaýyklygyna baglylykda, howa gämisini binýatlyk aerodroma ýa-da howa gämisini ulanmak üçin ýaramly bolan, hadysanyň bolan ýeriniň golaýyndaky aerodroma gaýtaryp getirmek üçin akylly-başly çykdajylary;

Ätiýaçlandyrýan öz güýçleri bilen howa gämisini abatlaýan ýagdaýynda ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiligi zeper ýeten zatlary çalyşmak hem-de abatlamak üçin zerur bolan şaýlaryň we serişdeleriň hakyky bahasyndan we zähmete hak tölemek üçin çykdajylardan artyk bolup bilmez. Mümkin bolan goşmaça haklary, baýraklary we iş wagtyndan daşary işlenilendigi üçin haklary tölemek bilen baglanyşykly çykdajylaryň üsti dolunmaýar.

Abatlamak we çalyşmak ätiýaçlandyrýanyň öz güýçleri bilen ýerine ýetirilmeýän bolsa, ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiligi, eger baýraklary we iş wagtyndan artyk işlenilendigi üçin haklary tölemek öňünden ätiýaçlandyryjy bilen ylalaşylmadyk bolsa, olary goşmazdan, ätiýaçlandyrýana berilýän hasaplar bilen tassyklanylan işleriň hakyky bahasy bilen çäklenýär.

Mundan başga hem zeper ýeten bölekleri ýa-da zeper ýeten howa gämisini abatlaýyş ýerine äkitmegiň hem-de olaryň haýsynyň ýakyndadygyna baglylykda, soňra howa gämisiniň heläkçiligiň bolan ýeriniň golaýyndaky aeroporta ýa-da ýerleşýän ýerindäki aeroporta gaýtarylyp getirilmeginiň bahasy çekilen zeleliň möçberine goşulýar. Şonda daşamak ähli usullaryň iň tygşytlysy bilen amala aşyrylmalydyr. Howa gämisiniň aýry-aýry bölekleriniň ýitirilmegi we olara zeper ýetmegi üçin ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiligi hiç bir ýagdaýda howa gämisiniň doly heläk bolmagy üçin ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiliginiň çäklerinden geçmeli däldir.

Ätiýaçlandyrýan şol bir ätiýaçlandyrylýan obýektiň hakyky bahasyndan geçýän möçbere birnäçe ätiýaçlandyryjy bilen ätiýaçlandyryş şertnamasyny (goşa ätiýaçlandyryş) baglaşan ýagdaýynda şol zadyň ätiýaçlandyryşy boýunça onuň ähli ätiýaçlandyryjylardan alýan ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy onuň hakyky bahasyndan geçmeli däldir. Şonda ätiýaçlandyrýanlaryň her biri şol ätiýaçlandyrýanyň görkezilen desgany ätiýaçlandyrmagyň ähli şertnamalary boýunça umumy ätiýaçlandyryş pul möçberine öz baglaşan şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberiniň gatnaşygyna deňeçerlikdäki möçberde ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny töleýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynda başgaça görkezilmedik bolsa, ätiýaçlandyryş ýagdaýy bilen baglanyşykly ähli çykdajylary ilkibaşda ätiýaçlandyrýan çekýär, soňra ätiýaçlandyryjy tarapyndan onuň öwezi dolunýar, howa gämisiniň dolulygyna heläk bolmagy muňa girmeýär.

Nägileligiň bildirilmegi baradaky resminamalar arkaly ýazmaça tassyklama ätiýaçlandyrýan tarapyndan alnan pursatyndan başlap emläk nägilelikleri bildirilen hasap edilýär.

Ömre we saglyga ýetirilen zelel üçin öwezini doluş tölegi, durmuş ätiýaçlandyrmasy, durmuş üpjünçiligi boýunça we şahsy äti-

ýaçlandyryş şertnamasy boýunça oňa degişli bolan pul möçberlerine garamazdan, ejir çekene tölenilýär.

Eger ýetirilen zeleliň öwezini dolmagyň Türkmenistanyň Raýat Bitewi kanunyna laýyklykda bellenilen möçberi ätiýaçlandyryş şertnamasy arkaly bellenilen jogapkärçiligiň çäklerinden geçýän bolsa, onda şeýle ýagdaýlarda ejir çekeniň gönüden-göni zelel ýetiren gatnadyja ýetirilen zeleliň goşmaça öwezini dolmagy hakyndaky hak isleg bildirmäge haky bardyr.

Ätiýaçlandyryş tölegi resminamalary we ätiýaçlandyryjy tarapyndan düzülen ätiýaçlandyryş güwänamasyny (*2-nji goşundy*) goşmak bilen, ätiýaçlandyrýanyň (peýda alyjynyň) ätiýaçlandyryş tölegi hakyndaky ýazmaça görnüşindäki arzasy (*3-nji goşundy*) esasynda ätiýaçlandyryjy tarapyndan tölenilýär.

*Ätiýaçlandyryş tölegi hakyndaky arzanyň ýanyna aşakdakylar goşulýar:*

- ätiýaçlandyryş şertnamasy(polisi);
- howa gämisi bilen bolup geçen hadysalaryň hasaba alnandygy hakyndaky resminamalar, şol sanda, eger munuň özi tehniki taýdan mümkin bolsa, uçuş maglumatlarynyň düşündirişi we uçuş listi (uçuş üçin tabşyryk);
- howa gämisine zeper ýetenden soň ony gözden geçirmegiň tehniki güwänamasy, ol heläk bolan ýagdaýynda bolsa howa gämisiniň hasapdan çykarylmagynyň güwänamasy;
- ätiýaçlandyrýanyň ätiýaçlandyryş barada bähbidiniň bardygyny tassyklaýan, howa gämisine onuň eýeçilik (eýelik etmek, peýdalanmak) hukugynyň bardygyna güwä geçýän ýa-da howa gämisi heläk bolan ýa-da oňa zeper ýeten ýagdaýynda onuň eýesiniň öňündäki jogapkärçiliginiň möçberini belleýän resminamalar;
- ätiýaçlandyryjynyň bilermenleri we işleri ýerine ýetirijiler bilen deslapdan ylalaşylan, ätiýaçlandyryş öwezini dolmasynyň möçberini esaslandyrmak üçin zerur bolan, heläkçilik baradaky abatlaýyşyň meýilnamasy hem-de çykdajylaryň sanawy;
- ätiýaçlandyryş ýagdaýlaryna we hakykatda ýetirilen zelele degişli beýleki resminamalar (töleg resminamalary, hyzmat-

lar we işler üçin şertnamalar, karta-narýadlar we başgalar), ätiýaçlandyrýandan ýetirilen zeleli üçünji tarapyň peýdasyna tutup almak hakynda kazyýetiň çözgüdi.

*2-nji goşundy*

**Howa gämileriniň we awiagatnadyjylaryň jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyrylyşy boýunça ätiýaçlandyryş ýagdaýy hakynda**

**GÜWÄNAMA**

Ätiýaçlandyrýan ______________________________________________

(guramanyň ady, F.A.Aa.)

______________________________________________________________

(Ätiýaçlandyryjynyň işgäriniň wezipesi, F.A.Aa.)

Ätiýaçlandyrýanyň 20__ ýylyň ___________ aýynyň «___» arzasy esasynda şu güwänamany düzüldi:

Degişli resminamalaryň esasynda aşakdakylar bellenildi:

– üçünji tarapa

– ätiýaçlandyrylan howa gämisine

– ýolagça

– ýüke (gereginiň aşagyny çyzmaly) 20_ ýylyň ________ aýynyň «___» bolup geçen ______________________________________________

(ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ady)

_________________________________ netijesinde zelel ýetirildi (ýok edildi)

Ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň häsiýetnamasy we onuň sebäbi ____________

______________________________________________________________

Ätiýaçlandyryş pul möçberini tassyklaýan resminamalar:

| | |
|---|---|
| Polis № | |
| Inwoýs № | |

Zeleliň ýüze çykan ýagdaýyny tassyklaýan resminamalar:

Bolup geçen hadysa hakynda bellik etmek bilen, ulag ýanhatlary:

| | |
|---|---|
| Awia | |
| Konosament | |
| Baş güwänama | |

Awiagullugyň täjirçilik güwänamasy ________________________________

Garaşsyz bilermenleriň güwänamasy ________________________________

Kasko boýunça ýetirilen zeleleň möçberini kesgitlemek

| Howa gämisiniň ady | Hakyky bahasy | Ätiýaçlandyryş pul möçberi | Zeper ýetmegiň teswiri | Ätiýaçlandyryş ýagdaýy netijesinde nyrhynyň gaçmagynyň göterimi | Ýetirilen zeleliň möçberi |
|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |
| | | | | | |

Jogapkärçilik boýunça ýetirilen zeleliň möçberini kesgitlemek

| Ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ady | Jogapkärçilik möçberi | Zeper ýetmeginiň teswiri | Ýetirilen zeleliň möçberi |
|---|---|---|---|
| | | | |
| | | | |
| | | | |
| | | | |

Ätiýaçlandyryjy _______________ (goly) M.Ý.
Ätiýaçlandyrýanyň wekili _______ (goly) 20__ýylyň ________aýynyň «__».

*3-nji goşundy*

Türkmenistanyň döwlet ätiýaçlandyryş guramasyna
_____________________________________ tarapyndan
(Ätiýaçlandyrýanyň ady we salgysy)

**A R Z A**

______________bolup geçen ____________________________________
(ýyly, aýy, güni) (ätiýaçlandyryş wakasynyň häsiýetini görkezmeli
sebäpli ________________________________________ ätiýaçlandyryşy boýunça
(ätiýaçlandyryşyň görnüşi)
ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemegiňizi Sizden haýyş edýärin.

Arza şu resminamalary goşýaryn:

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________

______________________________________________________________________________
______________________________________________________________________________
______________________________________________________________________________
__________________________________________________

20__ ýylyň ______________ aýynyň «____». _________________
(Ätiýaçlandyrýanyň goly)

Ätiýaçlandyryş güwänamasy ýokarda görkezilen resminamalar ätiýaçlandyryja gelip gowşandan soň ätiýaçlandyryjy tarapyndan düzülýär we tassyklanylýar.

Ätiýaçlandyryjynyň hasabyndan ätiýaçlandyryş töleginiň möçberi hasapdan çykarylan gün töleg güni hasap edilýär.

Ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy ähli ätiýaçlandyryş pul möçberine barabar dolulygyna tölenileninden soň ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereketi täze şertlere şertnama baglaşylýança durzulýar ýa-da bes edilýär. Eger ätiýaçlandyrylan zat üçin ätiýaçlandyryş öwezini dolmasy ätiýaçlandyryş pul möçberinden geçmeýän möçberde tölenilen bolsa,onda ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereketi onuň tamamlanýan senesine çenli dowam edýär, şonda ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiligi ätiýaçlandyryş pul möçberi bilen tölenilen ätiýaçlandyryş öwezini dolmasynyň arasyndaky tapawuda deň möçberde kesgitlenilýär.

Ätiýaçlandyryja ätiýaçlandyryş öwezini dolmasynyň tölenilmegi baradaky talap Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenen hak-isleýiş möhletiniň içinde, töwekgelçilik gaýtadan ätiýaçlandyryşa geçirilen ýagdaýynda bolsa, halkara kadalaryna laýyklykda bildirilip bilner.

Ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölän ätiýaçlandyryja öz tölän pul möçberleriniň çäklerinde ätiýaçlandyrýanyň ýa-da ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny alan beýleki adamyň ýetirilen zelel üçin jogapkär adama bolan talap hukugy geçýär.

Ätiýaçlandyrýan özünde bar bolan ähli resminamalary we subutnamalary ätiýaçlandyryja bermäge we şol hukugy amala aşyrmak üçin zerur bolan ähli resmilikleri ýerine ýetirmäge borçludyr. Eger ätiýaçlandyrýan ýetirilen zelel üçin jogapkär adama özüniň talap hukugyndan boýun gaçyrýan bolsa ýa-da şol hukugy amala aşyrmak onuň günäsi bilen mümkin bolmasa (nägilelikleri bildirmek möhletiniň geçmegi we başgalar), onda ätiýaçlandyryjy degişli möçberde ätiýaçlandyryş öwezini dolmasyny tölemek borjundan boşadylýar.

*Aşakdakylar ätiýaçlandyryş töleginiň möçberine goşulmaýar:*

- goýberilen peýda ýa-da ätiýaçlandyryş ýagdaýyndan soň ätiýaçlandyrylan howa gämisini ýa-da onuň aýry-aýry agregatyny ulanmagyň mümkin däldigi bilen baglanyşykly goşmaça çykdajylar;
- howa gämisi dereksiz ýiten ýagdaýynda agtaryş işleri üçin çykdajylar;
- bu işler heläkçilik netijesindäki abatlaýyş işleri bilen utgaşyp gelýän bolsa, howa gämisini gaýtadan enjamlaşdyrmak, döwrebaplaşdyrmak, goşmaça işläp geçmek üçin harajalar, şeýle hem ätiýaçlandyryş ýagdaýy bilen baglanyşygy bolmadyk, ýöne ätiýaçlandyryş ýagdaýy bilen baglanyşykly heläkçilik sebäpli abatlaýyş işleri geçirilende ýüze çykarylan zeper ýetmeleri abatlamak üçin harajatlar;
- ätiýaçlandyrýanyň ýetirilen zeleliň öwezini dolmak tertibinde töleýän pul möçberleri.

## II.XX bap. Oba hojalyk pudagynda ätiýaçlandyryş

### § 2.20.1. Oba hojalyk emläginiň meýletin ätiýaçlandyrylyşy

Türkmenistanyň döwlet ätiýaçlandyryş guramalary Türkmenistanyň edara görnüşli we şahsy taraplary, şeýle hem oba hojalyk önümlerini öndürýän daşary ýurt döwletleri bilen oba hojalyk emläginiň ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşýarlar.

**Ätiýaçlandyryş desgalary**

*Aşakdakylar oba hojalyk emläginiň ätiýaçlandyryş desgalarydyr:*

- 6 aýlykdan ýokary gara mallar, doňuzlar, öý guşlary, bal ary maşgalasy;
- 1 ýaşdan ýokary atlar, düýeler, goýunlar we geçiler;
- binalar, desgalar, oba hojalyk tehnikasy, enjamlar we ulag serişdeleri (traktorlar, kombaýnlar, buldozerler), önümler, çig mal, serişdeler we beýleki emläkler.

*Aşakdakylar ätiýaçlandyrylmaýar:*

- keselli mallar, şeýle hem soňky gezek brusellýoz, inçekesel ýa-da leýkoz barada barlaglar geçirileninden soň şol keseller bilen kesellän diýlip anyklanylan mallar;
- seretmek we saklamak zooweterinariýa düzgünlerini bozmak bilen amala aşyrylýan mallar;
- ýokanç keseller boýunça karantin bellenilen ýerdäki mallar, şol keseli özüne kabul etmeýän görnüşdäki mallar muňa girmeýär;
- düýpli gurluşygy tamamlanmadyk desgalar;
- ýeriň opurylmagy, süýşmegi, suw joşmasy we beýleki tebigy betbagtçylyklar howp salýan zolakda bolan binalar, desgalar we beýleki emläk bellenilen tertipde şeýle howp hakynda yglan edilen ýa-da ygtyýarly edaralar (gidrometerologiýa gullugynyň edaralary we başgalar) tarapyndan howply ýagdaýy tassyklaýan degişli resminama (ykrarnama, netijenama we başgalar) düzülen pursatyndan başlap;
- haýsydyr bir hojalyk hajatlary üçin peýdalanmaga ýaramsyz bolan wagtlaýyn çagşan jaýlar;
- iş agaçlary, resminamalar, nagt pullar, gymmatly kagyzlar, gymmat bahaly daşlar, gymmat bahaly metallardan ýasalan önümler, kolleksiýalar, suratlar, özboluşly we gadymy zatlar, radio-tele-wideo-foto-kino-elektron enjamlary, saz gurallary.

Mallaryň ätiýaçlandyryşy ýangyn, harasat, tupan, siliň gelmegi, suwuň joşmagy, ýyldyrymyň urmagy, keselleriň (şertnamada görkezilen) netijesinde heläk bolan, keselleriň ýaýramagynyň öňüni almak maksady bilen mejbury soýulmagy ýa-da başy kesilmegi, ýok edilmegi ýagdaýynda geçirilýär.

Binalaryň, desgalaryň we beýleki emlägiň atiýaçlandyryşy ýangyn, suw joşmasy, ýer titremesi, çabga, harasat we siliň gelmegi netijesinde ýok bolmagy ýa-da zyýan ýetmegi ýagdaýynda geçirilýär.

*Aşakdakylar ätiýaçlandyryş ýagdaýyna degişli däldir:*

- ýangyn döretmedik bolsa elektrik togunyň gysga utgaşmasy netijesinden elektrik gurallarynyň ýok bolmagy we zyýan ýetmegi (ýyldyrym urgusyndan beýleki ýagdaýlarda);

- maşynlaryň we gurnawlaryň özüniň weýran bolmagyna getirmedik bolsa güýç beriji, iş we beýleki maşyndyr gurnawlaryň aýratyn bölekleriniň, şaýlarynyň döwülmegi;
- mallaryň pes hilli iým iýip zäherlenmekden heläk bolmaklary (weterinariýa barlaghanalarynyň barlagynyň esasynda);
- gurluşyk işleri geçirilip durka ýa-da gurluşykda goýberilen ýetmezçilikler, gurnama kemçilikler we düzgün bozulmalar netijesinde gurluşyk gurnamalarynyň (diwar, üstüniň ortükleri) ýykylmalary netijesinden emlägiň ýok bolmagy (zyýan ýetmegi.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy 1 ýyla çenli we kesgitlenmedik möhlete baglaşylýar.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyryjy tarapyndan ätiýaçlandyrýanyň 2 nusgadaky ýazmaça arzasynyň № 1-OH, № 2-OH (*1–2-nji goşundylar*) esasynda ätiýaçlandyrylýan emlägi hut özüniň gözden geçirmegi arkaly baglaşylýar. Arzanyň birinji nusgasy ätiýaçlandyryjyda galýar, ikinji nusgasy bolsa meýletin ätiýaçlandyryş hakyndaky arza alnandan soň 5 günden gijä galynman hasaplanylan ätiýaçlandyryş tölegleri (baýraklary) we olary tölemegiň möhletlerini görkezmek bilen, ätiýaçlandyrýana gaýtarylyp berilýär. Ätiýaçlandyryş tölegleri (baýraklary) tölenende ätiýaçlandyryjy şertnamanyň bir nusgasyny ýa-da ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny (polisini) berýär. №3-OH, №4-OH görnüşlere laýyklykda ätiýaçlandyryş şahadatnamasynyň (polisiniň) berilmegi ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmagyň tassyknamasydyr (*3–4-nji goşundylar*).

Binalaryň, ulag serişdeleriniň, enjamlaryň, önümleriň we beýleki emläkleriň ätiýaçlandyryş şertnamalary emläkleriň ähli görnüşleri hem-de onuň aýratyn toparlary (aýratyn desgalar, emlägiň görnüşleri) barada baglaşylyp bilner.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereketi şertnama baglaşylan güni sagat 24.00-da başlanýar we şertnamada göz öňünde tutulan möhletiň ahyrky güni sagat 24.00-da tamamlanýar.

Töwekgelçilikler gaýtadan ätiýaçlandyryşa geçirilen ýagdaýynda ätiýaçlandyryşyň şertleri we ätiýaçlandyryş nyrhlarynyň möç-

berleri halkara ätiýaçlandyryş bazaryndaky töwekgelçilikleriň bahalanyşyny we gaýtadan ätiýaçlandyryş şertlerini hasaba almak bilen, taraplaryň ylalaşygy boýunça bellenilýär.

Ätiýaçlandyryş şahadatnamasy (polisi) ýitirilen ýa-da ýok edilen ýagdaýynda kanunçylyga laýyklykda ýitirilen diýilip yglan edilende ätiýaçlandyrýanyň ýazmaça arzasy boýunça öwezligini bermegiň çykdajylaryny tölemäge borçlanmagy bilen onuň öwezligi berilýär.

*1-nji goşundy*
№1-OH görnüş

______________________________
(ätiýaçlandyryş guramasynyň ady)

**Oba hojalyk emläginiň meýletin ätiýaçlandyrylyşy barada**
**A R Z A**

Ätiýaçlandyrýan ________________________________________
şu kadalarda göz öňünde tutulan şertlerde __________________möhlete onuň bahasynyň _______ göteriminde ____________________________
(ýazmaça)
manat möçberde emlägi meýletin ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmagy haýyş edýär.
Şertnamanyň aýratyn şertleri ______________________________
__________________________________________________________
(«seçip almak arkaly ätiýaçlandyryş», «ogurlanan ýagdaýyna ätiýaçlandyryş» haýsy ýagdaýlardan ätiýaçlandyrylýandygyny görkezmeli)

**Ätiýaçlandyryş baýragynyň (wznosynyň) möçberiniň hasaplamasy we oba hojalyk emläginiň bahasy**

| N | Oba hojalyk emläginiň görnüşi | Oba hojalyk emläginiň bahasy | Oba hojalyk emläginiň ätiýaçlandyrylan göterimi | Ätiýaçlandyryş pul möçberi | Ätiýaçlandyryş wznosynyň (baýragynyň) göterimi | Hasaplanylan ätiýaçlandyryş baýraklary (wznoslary) (4 süt x 5 süt) 100 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
| Hasaphana taýdan hasaba alnyş we hasabatlylygyň maglumatlary esasynda | | | | | | |

| | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|
| Hasaphana taýdan hasaba alnyş we hasabatlylygyň maglumatlary bolmadyk ýagdaýynda | | | | | | |

1. Binalar, desgalar, çekiji enjamlar
2. Oba hojalyk tehnikasy we gurallary, ulag serişdeleri
3. Önümler, çig mal, materiallar

Jemi ________________________________________

ätiýaçlandyrmaga degişli emlägiň bahasy (ätiýaçlandyryş pul möçberi) (ýazmaça)

GOŞUNDYLAR: a) emlägiň bahasynyň delilhaty-hasaplamasy;
b) emlägiň teswiri

Ätiýaçlandyrýan Baş buhgalter

______________________ ______________________

(goly) (goly)

Salgysy ________________________________________

M.Ý.

20__ ý.________________ «_____»

Oba hojalyk emlägini meýletin ätiýaçlandyryş kadalary bilen tanyşdym ________

(Ätiýaçlandyrýanyň goly)

*2-nji goşundy*

№2-OH görnüş

________________________________

(ätiýaçlandyryş guramasynyň ady, onuň salgysy)

**Oba hojalyk emläginiň (mallaryň, guşlaryň we bal ary maşgalalarynyň) meýletin ätiýaçlandyrylyşy boýunça**

**ARZA**

Ätiýaçlandyrýan________________________________________

(familiýasy, ady, atasynyň ady)

Salgysy________________________________________

________________________________________ möçberine bahasynyň

(ýazmaça)

_____ göteriminde 20__nji ý. ________ aýynyň «___» -dan 200_ý.__________ aýynyň «___» aralygyna mallary meýletin ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmagy haýyş edýär.

| % | Malyň görnüşi | | | Baş sany | Mallaryň ätiýaçlandyryşa kabul edilen %-i | Ätiýaçlandyryş pul möçberi (manat) | Ätiýaçlandyryş nyrhy (%) | Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) 7 süt x 8 süt 100 |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Görnüşi | Jynsy | Ýaşy | | | | | |
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 |
| | | | | | | | | |
| JEMI: | | | | | | | | |

Ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) tölemegiň möhleti:
1-nji 20__ ý._______aýynyň «__» 2-nji 20__ ý._______ aýynyň «__»
Oba hojalyk emlägini meýletin ätiýaçlandyryş kadalary bilen tanyşdym
Ätiýaçlandyrýan ___________ 20__ ý._________aýynyň «____».
(goly)

**Bellik:** Görnüşleri we ýaş toparlary boýunça mallaryň sany arza berlen günde hasaba alnyş we hasabatlylyk maglumatlary boýunça görkezilýär. Ot-iým satyn alýan (taýýarlaýan) we mallary ýerleýän hojalyklar (kärendeçiler) boýunça mallaryň ortaça bir ýyllyk baş sany we olaryň bahasy görkezilýär.

*3-nji goşundy*
№ 3-OH görnüş

**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET ÄTIÝAÇLANDYRYŞ GURAMASY**
Oba hojalyk emläginiň meýletin ätiýaçlandyryşy boýunça
**ÄTIÝAÇLANDYRYŞ ŞAHADATNAMASY-POLISI №_____**
**Tapgyry__**

ÄTIÝAÇLANDYRÝAN ________________________________
Salgysy ________________________________
Telefony/faksy ________________________________
Bank maglumatlary ________________________________
ÄTIÝAÇLANDYRYJY ________________________________
Salgysy ________________________________
Telefony/faksy ________________________________

Bank maglumatlary ____________________________________________

PEÝDA ALYJY ______________________________________________

Salgysy ___________________________________________________

Telefony/faksy ______________________________________________

Ätiýaçlandyryş desgasy ________________________________________

Ätiýaçlandyryş töwekgelçilikleri _________________________________

Ätiýaçlandyryş pul möçberi _____________________________________

Franşiza ___________________________________________________

Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) _________________________________

Ätiýaçlandyryş möhleti ________________________________________

Ätiýaçlandyryş ýeri ___________________________________________

BEÝLEKI ŞERTLER ____________________________________________

______________________________________________________________

Ätiýaçlandyryş baýragynyň
(wznosynyň) möçberi __________________________________________

Ätiýaçlandyryş baýragyny
(wznosyny) tölemegiň tertibi ____________________________________

**M.Ý.** **ÄTIÝAÇLANDYRYJY** _______________

(goly)

Oba hojalyk emlägini meýletin ätiýaçlandyryş kadalary bilen tanyşdym

**ÄTIÝAÇLANDYRÝAN** _______________

(goly)

Ätiýaçlandyryş şahadatnamasy-polisi berildi 20__ ý.________ aýynyň «___»

Ätiýaçlandyryş pul möçberi (Ätiýaçlandyryş öwezini doluş puly) hemme zerur bolan resminamalar alnandan soň 15 günüň dowamynda tölenilýär.

**Bellik:** Şu şertnama boýunça ýitgi ýüze çykan ýagdaýynda ätiýaçlandyrýan bu barada ätiýaçlandyryja haýal etmän, ýöne 3 günden gijä galman habar bermäge borçludyr.

*4-nji goşundy*
№ 4-OH görnüş

**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET ÄTIÝAÇLANDYRYŞ GURAMASY**
Oba hojalyk emläginiň (mallaryň, guşlaryň we bal ary maşgalalarynyň) meýletin ätiýaçlandyryşy boýunça
**ÄTIÝAÇLANDYRYŞ ŞAHADATNAMASY-POLISI №_____ Tapgyry__**

Ätiýaçlandyrýan ______________________________________________
(F.A. Aa.,kärhananyň ady)
Salgysy/Telefony______________________________________________
Bank maglumatlary_____________________________________________
Ätiýaçlandyryjy_______________________________________________
Salgysy/Telefony ______________________________________________
Bank maglumatlary_____________________________________________
Peýda alyjy _________________________________________________
Salgysy/Telefony ______________________________________________
Atiýaçlandyryş möhleti: 20__ý.______«__»-dan 20__ý.______ «__» çenli.
Ätiýaçlandyryşyň hereket edýän ýeri ____________________________

| № | Malyň görnüşi | | | Baş sany | Reňki we alamatlary | Töwekgelçiligiň görnüşi | Ätiýaçlandyryş pul möçberi (manat) | Ätiýaçlandyryş nyrhy % | Ätiýaçlandyryş wznosy (baýragy) |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Görnüşi | Jynsy | Ýaşy | | | Bir mal üçin | Mallaryň hemmesi üçin | | |
| 1 | | | | | | | | | |
| | JEMI: | | | | | | | | |

Ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) tölemekligiň möhleti:
1-nji 20__ý. __________aýynyň «___» _______________________manat
2-nji 20__ý.__________aýynyň «___» _______________________manat
Ätiýaçlandyryş baýraklarynyň (wznoslarynyň) jemi ___________________

______________________________________________________________
(ýazmaça)

Beýleki şertler ____________________________________________

**M.Ý.** **ÄTIÝAÇLANDYRYJY** ____________
(goly)

Oba hojalyk emläginiň (mallaryň, guşlaryň we bal ary maşgalalarynyň) meýletin ätiýaçlandyryş kadalary bilen tanyşdym
**ÄTIÝAÇLANDYRÝAN** ____________
(goly)

Ätiýaçlandyryş şahadatnamasy-polisi 20__ ý.________ aýynyň «__» berildi
Ätiýaçlandyryş pul möçberi (Ätiýaçlandyryş öwezini doluş puly) hemme zerur bolan resminamalar alnandan soň 15 günüň dowamynda tölenilýär.

**Bellik:** Şu şertnama boýunça zelel ýetirilen ýagdaýynda ätiýaçlandyrýan bu barada ätiýaçlandyryja haýal etmän, ýöne 3 günden gijä galman habar bermäge borçludyr.

## Ätiýaçlandyryş pul möçberi

*Emlägiň aşakdaky görkezilen görnüşleri şu bahalarda ätiýaçlandyrylyp bilner:*

- mallar – belli bir paýda, ýöne bahasynyň 80 %-nden artyk bolmadyk möçberinde;
- binalar, desgalar we beýleki emläkler – könelmegini aýyrmak bilen, balans ýa-da hakyky bazar nyrhynda (resminama bilen esaslandyrylan), ýa-da hakyky satyn alnan bahasy boýunça (resminama bilen esaslandyrylan) ýa-da bahasynyň belli bir paýynda (göteriminde).

Taraplaryň ylalaşmagy bilen ätiýaçlandyryş şertnamasynda franşiza göz öňünde tutulyp bilner.

Franşiza – ätiýaçlandyryjy tarapyndan öwezi dolunmaga degişli bolmadyk ätiýaçlandyrýan üçin zyýanynyň kesgitlenen bölegi, franşiza şertli we şertsiz bolup biler.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynda şertli franşiza bellenilen mahaly, eger ýetirilen zyýanyň möçberi franşizadan geçmeýän bolsa, şol zyýan üçin ätiýaçlandyryjy jogapkärçilikden boşadylýar, eger zyýanyň möçberi franşizanyň möçberinden geçýän bolsa, onda ol zyýanyň öwezi doly tölenýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynda şertsiz franşiza bellenilen mahaly ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiligi ýetirilen zyýanyň möçberinden franşizany aýryp, kesgitlenilýär.

Franşiza ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylanda ätiýaçlandyryş pul möçberinden göterimlerde ýa-da doly pul möçberlerde taraplaryň ylalaşmagy boýunça kesgitlenýär.

**Ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) ) tölemegiň tertibi we möhletleri**

Ätiýaçlandyryş baýraklary (wznoslary) ätiyaclandyrylan emlägiň bahasyndan we ätiýaçlandyryş baýraklarynyň (wznoslarynyň) (*5-nji goşundy*) bellenilen nyrhlaryndan ugur alnyp hasaplanylýar.

*5-nji goşundy*

**Oba hojalyk emläginiň meýletin ätiýaçlandyryşy boýunça nyrh möçberleri ätiýaçlandyryş pul möçberlerine**

%-de

| | |
|---|---|
| Gara mallar | 9 |
| Dowarlar, doňuzlar | 4,5 |
| Düýeler we atlar | 16 |
| Öý guşlary, bal ary maşgalalary | 8 |
| Binalar, desgalar, geçiriji enjamlar | 0,9 |
| Oba hojalyk tehnikasy we gurallar | 1 |
| Ulag serişdeleri | 2 |
| Önümler, çig mal we serişdeler | 0,1 |

Töwekgelçiligiň derejesine we ätiýaçlandyryş pul möçberine baglylykda her bir ýagdaýa ätiýaçlandyryş baýraklarynyň (wznolarynyň) nyrhlary kesgitlenilende peseldiji (0,6-dan 1,0 çenli) we ýokarlandyryjy (1,0-den 3,0 çenli) nyrhlary ulanmak mümkindir. Ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylanda nyrhyň möçberi esasy nyrhy düzediş koefisiýentine köpeltmek ýoly arkaly kesgitlenilýär.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy 1 ýyl we kesgitlenmedik möhlete baglaşylan wagty ätiýaçlandyrýana ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) birnäçe tapgyrlarda (möhletini gaýra goýup) tölemäge hukuk berlip bilner, şonda ol ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) şertnamada göz öňünde tutulan möhletlerde tölemäge borçludyr.

21. Sargyt № 2539

Oba hojalyk emlägi 10 aýa çenli möhlete ätiýaçlandyrylan mahaly baýraklar (wznoslar) her aý üçin ýyllyk baýragyň (wznosyň) 10 göterimi möçberde, 11 aýa ätiýaçlandyrylanda ätiýaçlandyryş baýragynyň (wznosynyň) ýyllyk moçberinde hasaplanylýar. 1 ýyla çenli ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) doly däl aý üçin doly aýyňky ýaly tölenilýär. Ätiýaçlandyryş baýraklary (wznoslary) ätiýaçlandyryjynyň hasabyna bir wagtyň özünde geçirilmelidir.

Oba hojalyk emläginiň ätiýaçlandyryşy boýunça ätiýaçlandyryş öwezini doluş puly tölenende ätiýaçlandyryş şertnamasy şertnamada görkezilen möhletiň ahyryna çenli şertnama arkaly şertleşilen ätiýaçlandyryş pul möçberiniň we tölenilen ätiýaçlandyryş öwezini doluş pul möçberiniň arasyndaky tapawudyň möçberinde öz güýjüni saklaýar.

Eger ätiýaçlandyryş öwezini doluş puly doly ätiýaçlandyryş pul möçberinde tölenen bolsa, onda şertnamanyň hereketi bes edilýär, bu barada ätiýaçlandyrýana habar berilýär. Ýok bolan emlägiň we heläk bolan mallaryň ýerine satyn alnan emläk we mallar üçin täze şertnama baglaşylýar.

Eger 1 ýyla baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamalary boýunça tölegleri tölemegiň bellenilen birinji möhletine çenli tölegleriň ýyllyk möçberiniň 50 göteriminden az möçberi gelip gowşan bolsa, 1 ýyldan az möhlete baglaşylan şertnamalar boýunça bolsa tölegleriň möçberiniň 100 göteriminden az möçberi bir wagtyň özünde gelip gowşan bolsa, onda şeýle şertnamalar baglaşylmadyk hasap edilýär.

Eger ikinji möhlete çenli möhletlere bölünen baýraklar (wznoslar) doly girizilmedik bolsa, onda ätiýaçlandyrylan emläkler ýok bolanda ýa-da olara zyýan ýetende ätiýaçlandyryş öwezini doluş puly bellenen möçberinden aşakdaky ýaly göteriminde tölenýär, ýagny ähli geçirilen tölegleriň ätiýaçlandyryş baýraklaryň (wznoslaryň) ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça hasaplanyp çykarylan umumy pul möçberiniň näçe göterimini tutýan bolsa, şoňa görä tölenýär.

Birinji ýa-da bir gezekki ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) wagtynda tölenýänçä ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan azatdyr.

Eger ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) öz wagtynda geçirilmese, ätiýaçlandyryjy şonuň geçirilmegi üçin iki hepdelik möhleti kesgitläp biler. Şonda gijä goýmagyň getirýän netijeleri hakynda görkezilmelidir.

Eger möhlet geçenden soň ätiýaçlandyryş ýagdaýy bolsa we şol wagta çenli ätiýaçlandyrýan baýrak (wznos) geçirmegini gijikdirse, onda ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan boşadylýar.

**Ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda taraplaryň jogapkärçiligi**

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň bolandygy hakynda şobada ätiýaçlandyryja habar bermäge borçludyr.

Ätiýaçlandyryş ýagdaýy hakynda habary we ýitgini kesgitlemek üçin gerekli ähli resminamalary alandan soňra ätiýaçlandyryjy 5 günüň dowamynda bellenilen görnüşlerdäki № 8-OH, № 10-OH ykrarnamany düzmäge borçludyr.

Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyrýandan ätiýaçlandyryş ýagdaýynyň ýüze çykandygy hakyndaky arzany alanda ony bellenen görnüşlerdäki žurnallarda bellige alýar we bellenilen görnuşler boýunça (mallar, emläk boýunça) ätiýaçlandyryş ýagdaýy hakynda ykrarnama düzýär.

Bellenen görnüşlerdäki ykrarnamalar ätiýaçlandyryjy tarapyndan ätiýaçlandyrýanyň we daýhan birleşiginiň wekilleriniň, zerurlyk ýüze çykan mahaly bolsa, degişli hünärmenleriň (mal lukmanlarynyň, buhgalterleriň, inženerleriň we başgalaryň) hem hökman gatnaşmagynda düzülýär.

Ykrarnama onuň düzülmegine gatnaşan adamlaryň hemmesi tarapyndan gol çekilýär we ätiýaçlandyryş guramasynyň möhüri bilen berkidilýär. Ykrarnama gol çeken adamlar onuň dogry düzülendigi üçin jogapkärçilik çekýärler.

**Mallaryň heläk bolmagy ýa-da mejbury soýulmagy (ýa-da kesilmegi) hakynda ykrarnamalary düzmek.**

Ýokanç keseller, ýangynlar we tebigy betbagtçylyklar netijesinde mallaryň heläk bolmagy (mejbury soýulmagy ýa-da kesilmegi) hakyndaky ykrarnamalar ýörite görnüşdäki blanklarda ýitgini kesgitlemek üçin zerur bolan ähli resminamalar alnandan soň 5 günüň dowamynda düzülýär. Ätiýaçlandyrýanda şol bir sebäp bilen bir görnüşdäki we bir ýaş toparyndaky birnäçe mallar birwagtyň özünde

heläk bolan ýagdaýynda helak bolan mallaryň sanyny görkezmek bilen, olar ykrarnamada bir setirde ýazylýar.

Mallaryň heläk bolmagynyň ýa-da mejbury soýulmagynyň ýagdaýlaryna we sebäplerine baglylykda ykrarnama aşakdaky resminamalaryň esasynda düzülýär:

– oba hojalyk emläginiň (mallaryň) ätiýaçlandyryşy boýunça ätiýaçlandyryş öwezini doluş puluny tölemek hakyndaky arza;

– mallaryň maslygyny kesip barlamagyň teswirnamasynyň ýa bolmasa döwlet ýangyn gözegçiligi edarasynyň, gidrometeorologiýa gulluklarynyň, weterinariýa gullugynyň ýa-da wetlaboratoriýanyň kesellemegiň, ölmeginiň ýa-da mejbury soýmagyň sebäpleri hakyndaky netijenamasy;

– mallaryň ýokanç keselleri we başgalar hakyndaky hasabaty;

– mallaryň bahasy hakyndaky delilhatlaryň, olaryň ygtybarlylygy bolsa gönüden-göni hojalykda ýörite görnüşdäki ykrarnama düzülen mahaly barlanylýar;

– mallar we guşlar hasapdan çykarylandygy hakyndaky ykrarnama.

Mallar tebigy betbagtçylyklardan ýa-da ýangyndan köpçülikleýin heläk bolanda ykrarnamany düzüjiler heläk bolan mallaryň sanyny kesgitlemek maksady bilen ýerlere gidýärler.

Mallaryň heläk bolmagy (mejbury soýulmagy) hakynda ykrarnama düzülýän resminamalardan mallaryň heläk bolmagynyň aýry-aýry adamyň günäsi bilen bolup geçendigi ýüze çykýan bolsa, onda ykrarnamada şol adamyň familiýasy atlandyrylmalydyr we onuň günäsiniň näme sebäpli ýüze çykandygy, şonuň günäsi bilen heläk bolan mallaryň görnüşleri, sany we bahasy görkezilmelidir.

Eger ykrarnama düzülýän wagta çenli mallaryň heläk bolmagynda anyk günäkär heniz bellenilmedik, ýöne degişli edaralar tarapyndan derňew geçirilýän bolsa, bu barada ykrarnamada ýazgy ýazylýar.

Mallaryň kesellemeginiň, ölmeginiň we mejbury soýulmagynyň (ýok bolmagynyň) sebäpleri we ýagdaýlary hakyndaky netijenama ölen, mejbury öldürilen ýa-da ýok bolan mallary hut özüniň gözden geçirmeginiň ýa-da oturymly (ambulatoriýa) bejerişiň we weterinariýa laboratoriýasynyň barlaglarynyň maglumatlarynyň esasynda we-

terinariýa lukmanlary (feldşerleri) tarapyndan düzülýär hem-de weterinariýa edarasynyň möhüri bilen berkidilýär.

Hojalyklaryň ýokanç kesellerden sagdynlaşyp saplanmagy bilen baglanyşyklylykda mejbury soýmak üçin diri agramdaky et kombinatyna tabşyrylýan näsag mallar üçin hem netijenama berilýär. Brusellýoz keselli bilen kesellän mallar tabşyrylan ýagdaýynda netijenamada weterinariýa laboratoriýalarynyň geçiren seljermeleriniň belgisi we senesi, inçekesel mallar tabşyrylan mahaly bolsa inçekesel babatda öwrenmegiň we oňyn reaksiýanyň alnan senesi görkezilýär.

Malyň maslygyny kesip barlamagyň weterinariýa gullugynyň hünärmenleri tarapyndan malyň kesellemegine we heläk bolmagyna getiren sebäpler görkezilen teswirnamasy, şeýle hem malyň ýok bolanlygy barada degişli toparyň ykrarnamasy bar bolsa, weterinariýa hünärmenden başga netijenama talap edilmeýär.

Eger mallaryň ýangyndan, çabgadan, silden, harasatdan heläk bolandygy ynamdar ýagdaýda anyklansa, onda weterinariýa gullugynyň hünärmeniniň netijenamasy talap edilmeýär.

**Oba hojalyk emläkleriniň ýitgisiniň we ätiýaçlandyryş öwezini doluş töleginiň möçberini kesgitlemek.**

Ätiýaçlandyrylan oba hojalyk emlägi ýok bolan ýa-da oňa zyýan ýeten ýagdaýynda ýitgini we ätiýaçlandyryş öwezini doluş pul möçberini hasaplamak ätiýaçlandyryjy tarapyndan olara resminamalary goşmak bilen, oba hojalyk emläginiň ýok bolmagy ýa-da oňa zyýan ýetmegi hakyndaky ykrarnamanyň esasynda geçirilýär.

Emläk seçip almak arkaly ätiýaçlandyrylanda ýetirilen zyýan we ätiýaçlandyryş öwezini doluş pul möçberi diňe teswirde görkezilen desgalar boýunça kesgitlenilýär.

Oba hojalyk emläginiň ätiýaçlandyryşy boýunça ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ýitginiň möçberi näçe göterimde emläk ätiýaçlandyrylan bolsa, şol göterimde hasaplanylýar.

Baýraklary (wznoslary) tölemegiň ikinji möhletiniň geçmegi boýunça ätiýaçlandyrylan oba hojalyk emlägi ýok bolan ýa-da oňa zyýan ýeten mahaly ätiýaçlandyryş öwezini doluş puly tölegleriň bellenilen möçberinden girizilen baýraklaryň (wznoslaryň) ätiýaçlandy-

ryş şertnamasy boýunça tutuşlygyna hasaplanylan möçberiniň näçe göterimine deň bolsa, şonça göterimde tölenilýär.

**Mysal.** Ätiýaçlandyrýan binalaryň, desgalaryň we beýleki emlägiň ätiýaçlandyryş şertnamasyny olaryň doly bahasyna, ýagny 8000 manada baglaşdy. Tebigy betbagtçylyk netijesinde balans ýa-da hakyky bazar bahasy (resminama bilen esaslandyrylan) könelmegini aýyrmak bilen 508 manat bolan önümçilik jaýlary weýran bolýar. №10OH görnüşindäki ykrarnama düzülende emlägiň hakyky bahasy arza berlen günde 10 000 manada deň bolup çykýar. Weýran bolan binalar üçin ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ýitginiň 80%-i (8000 x 100): 10000 manada barabar) möçberde tölenilmelidir. Ýitginiň möçberi 418 manat möçberindäki hasaplama boýunça hasaplanyldy, şonda ätiýaçlandyryş öwezini doluş puly 334 manat 40 teňňä (418 x 80):100 deňdir.

Eger ykrarnama düzülende ätiýaçlandyryş hakyndaky arzada oba hojalyk emläginiň bahasy hakykatdaky möçberinden az görkezilen bolsa,onda şol boýunça emläk ätiýaçlandyrylan göterim degişlilikde azaldylýar.

**Mallar heläk bolan ýa-da mejbury soýulan ýagdaýynda ýitgini kesgitlemegiň tertibi**

Mallar (gara mallar, doňuzlar, atlar, düýeler, goýunlar we geçiler), öý guşlary, balary maşgalasy heläk bolan ýa-da mejbury soýulan mahaly ätiýaçlandyryş öwezini doluş puly ätiýaçlandyryş pul möçberine deň möçberde, ýöne ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçilik çäginden ýokary bolmadyk möçberde olaryň heläk bolan (mejbury soýlan) gününde mallaryň balans ýa-da hakyky bazar (resminama bilen esaslandyrylan) bahasyndan ugur almak bilen kesgitlenip tölenýär.

**Mysal.** Gara mal bahasynyň 80 göterimi möçberinde ätiýaçlandyryşa kabul edildi. Ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça hasaplanylan ätiýaçlandyryş baýraklarynyň (wznoslarynyň) umumy möçberi 49 manat. Hakykatda bellenilen möhletde hojalyk tarapyndan 31 manat 84 teňňe ýa-da hasaplanylan möçberiň 65 göterimi girizilipdir (31 man. 84 teň. x 100):49.

Şu ýagdaýda malyň haram ölmegi ýa-da mejbury soýlan mahaly ätiýaçlandyryş öwezini doluş puly ýitginiň möçberiniň 52 göterimi (65x80):100 möçberde tölemäge degişlidir.

Gara mallar, goýunlar, geçiler, doňuzlar, atlar, düýeler, şeýle hem öý guşlary ätiýaçlandyryş şertlerinde göz öňünde tutulan şertler sebäpli mejbury soýlanda ýitginiň möçberi olaryň arzada görkezilen doly bahasy bilen azyk hökmünde ulanmaga ýaramly eti satmakdan ätiýaçlandyrýanyň alan pul möçberiniň arasyndaky tapawudyň möçberinde kesgitlenilýär. Ätiýaçlandyryş öwezini doluşy mallaryň bahasyndan haýsy göterimde ätiýaçlandyrylan bolsa ýitgiden şol göterimde tölenilýär.

Etiň bahasy özüne et satylan guramanyň beren resminamasy esasynda ýa-da ýerlenilen etiň bazar bahasy hasaba alnyp bellenilýär.

Eger maly mejbury soýmak bilen ýüze çykan sebäp boýunça et dolulygyna azyk önümi hökmünde ulanmaga ýaramly däl diýlip ykrar edilen bolsa, ätiýaçlandyryş öwezini doluş puly haram ölen mal hökmünde tölenýär. Etiň azyk önümi hökmünde dolulygyna ýa-da kem-käsleýin ýaramsyzlygy weterinariýa gullugynyň tarapyndan kesgitlenilýär.

**Mysal.** Hojalykda 1-nji awgustda umumy balans ýa-da hakyky bazar bahasy 4800 manat bolan 20 sany göle bar (1 göläniň bahasy 240 manat). Doly ätiýaçlandyryş pul möçberinden ugur alyp 1 ýyl möhlete ätiýaçlandyrýan bilen baglaşylan meýletin ätiýaçlandyryş şertnamasyna laýyklykda ätiýaçlandyryş baýraklary (wznoslary) ätiýaçlandyryş guramasynyň hasabyna bir ýylda hasaplanylan ätiýaçlandyryş baýraklarynyň (wznoslarynyň) ähli möçberine deň möçberde 2-nji awgustda gelip gowuşdy.

16-njy awgustda bolan ýangyn netijesinde 6 göle öldi. Ätiýaçlandyryş öwezini doluş puly 1152 manat möçberinde (240 x 80:100 = 192 x 6 göle) tölenilmäge degişlidir.

**Oba hojalyk emläginiň ätiýaçlandyrylyşy boýunça ýitgini kesgitlemegiň we öwezini doluş puluny tölemegiň tertibi**

Ýitginiň möçberiniň hasaplamasy «Oba hojalyk emläginiň ýok bolmagy bilen baglanyşykly ýitginiň hasaplamasy» atly blankada amala aşyrylýar.

Oba hojalyk emlägi ýok edilende (oňa zyýan ýetende) ýitginiň möçberini kesgitlemek ýörite görnüşdäki ykrarnamanyň I, II, III bölümleriniň, şeýle hem zyýan ýeten desga boýunça düzülen ýetmezçilik ykrarnamasynyň maglumatlary esasynda geçirilýär.

Oba hojalyk emlägi ýok bolanda ýitginiň möçberi ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan güni hasaplanylan köneliş möçberini balans ýa-da hakyky bazar bahasyndan (resminama bilen esaslandyrylan) aýyrmak, emlägi halas etmek we heläkçilikden soň ony tertibe getirmek boýunça harajatlary goşmak hem-de galyndylaryň bahasyny aýyrmak arkaly kesgitlenilýär.

**Mysal.** Ýangyn netijesinde at ýatagy ýok boldy. Onuň könelmegini hasaba almak bilen, balans ýa-da hakyky bazar bahasy (resminama bilen esaslandyrylan) 574 manat. Ýatagyň binýadynyň bahasy könelmegini hasaba almak bilen 103 manat 32 teňňe, odun üçin ýaramly agaçlarynyň we tagtalarynyň bahasy 5 manat 52 teňňe. Jemi alnanda galyndylaryň bahasy 108 manat 84 teňňe (103 m. 32 teň.+ 5 man. 52 teň.). Galyndylary tertibe getirmek we hapa-hupany alyp gitmek üçin harajatlar 2 manat 96 teňňe. Ýetirilen zyýanyň möçberi 468 manat 12 teňňe (574 -108 man. 84 teň.+ 2 man. 96 teň.).

Aýry-aýry desga boýunça onuň könelmegi ilkibaşdaky bahasynyň 100 we ondan köp göterimine barabar bolan ýagdaýlarynda, şeýle emläk boýunça ýitgi hasaplanylmaýar.

Oba hojalyk emlägine zyýan ýetirilende ýitginiň möçberi ony dikeltmegiň (abatlamagyň) bahasyndan ugur alnyp kesgitlenilýär, şoňa bolsa ätiýaçlandyryş ýagdaýyndan soň emlägi halas etmek we ony tertibe getirmek boýunça harajatlar goşulýar we galyndylaryň bahasy ondan aýrylýar.

Zyýan ýeten binalary we desgalary dikeltmek (abatlamak) üçin harajatlar aşakdakylar ýaly kesgitlenilýär:

– dikeltmek (abatlamak) üçin bellenilen tertipde düzülen hasaplama esasynda;

– zyýan ýeten desganyň aýry-aýry böleklerine (gurnama parçalaryna) bir bitewi nyrh kesmegi ulanmak arkaly;

– zyýan ýeten desganyň aýry-aýry böleklerine (gurnama parçalaryna) bahasynyň onuň umumy bahasyna göterimlerdäki gatnaşygyny ulanmak arkaly;

– abatlamagyň dikeltmegiň ygtyýarly guramalar tarapyndan düzülen hasaplamasy esasynda.

Ýetirilen ýitginiň möçberini hasaplamagyň ýokarda görkezilen usullarynyň birini seçip almak ýetirilen zyýanyň häsiýetini we möçberini, zyýan ýeten desganyň gurnamasynyň çylşyrymlylygyny we bar bolan degişli tehniki we nyrh kesiş resminamalary hasaba almak bilen geçirilýär.

Zyýan ýeten güýç beriji işi, beýleki maşynlary, geçiriji enjamlary, ulag serişdelerini, enjamlary, aw awlanylýan gämileri we aw gurallaryny dikeltmegiň (abatlamagyň) bahasy şeýle emlägi abatlaýan kärhanalaryň hasaplamalarynyň esasynda ýa-da dikeltmek (abatlamak) üçin görkezilen kärhanalaryň ölçegleri we nyrhlary boýunça düzülen hasaplamalarynyň esasynda kesgitlenilýär.

Zyýan ýeten desgalary, şeýle hem aw gurallaryny dikeltmegiň (abatlamagyň) bahasy kesgitlenilen mahaly aşakdakylary göz öňünde tutmak zerurdyr:

– ol ýa-da beýleki desganyň zyýan ýeten böleklerini (gurnama parçalaryny) dikeltmek (abatlamak) üçin diňe zerur bolan işler hasaplama kabul edilmelidir. Ätiýaçlandyrýan tarapyndan zyýan ýeten desganyň durkuny täzelemek geçirilýän işler (mysal üçin, ölçegleriniň üýtgedilmegi, gaýtadan gurmak we başgalar) işleriň sanawyna goşulmaýar;

– aýry-aýry bölekleri (gurnama parçalaryny) dikeltmek (abatlamak) boýunça işleriň möçberi kesgitlenilenende zyýan ýetmek bilen baglanyşykly zerur diýlip ykrar edilen abatlaýyş işlerini, mysal üçin, diňe bir zyýan ýeten ýerlerinde däl, eýsem, jaýyň ähli diwarlaryny reňklemegi we başga işleri hasaplama goşmaga rugsat berilýär;

– eger zyýan ýeten desganyň aýry-aýry böleklerini (gurnama parçalaryny) saklap galmak üçin olary berkitmek boýunça işleri geçirmek zerur bolsa, onda bu iş dikeldiş işleriniň bahasyna goşulýar;

– desganyň zyýan ýeten böleklerini zyýan ýetmezinden öňki ýagdaýyna getirmek üçin diňe işçi güýjüni ulanmak, mysal üçin, gurnama parçalaryny başga ýere geçirmek we olary oturtmak, maşynlaryň detallaryny gönülemek we başga işler talap edilýän ýagdaýlarda diňe işçileriň zähmetine hak tölemek üçin harajatlar, olary dikeltmegiň bahasy goşulýar;

– binalaryň, maşynlaryň ýa-da beýleki emlägiň aýry-aýry böleklerine (gurnama parçalaryna) zyýan ýetende, desga öz niýetlenilen maksady boýunça peýdalanmaga ýaramly bolsa, diňe zyýan ýeten bölekleri (gurnama parçalary) abatlamagyň bahasy hasaba alynýar;

– agaçdan edilen diwarlaryň burçlaryna ep-esli möçberde zyýan ýeten ýagdaýynda zyýan ýeten burça birigýän garyşyk diwarlaryň hem-de şolar bilen baglanyşykly gurnama parçalarynyň zyýan ýeten agaçlaryny çalyşmak (üstüni örtmek) üçin zerur bolan işleri we serişdeleri hasaplamaly;

– ýangynyň ýa-da tebigy betbagtçylygyň tötänleýin ýüze çykmagynyň bes edilmegi boýunça degişli çäreler bilen baglanyşykly sökülen binalar dikeldilende binalary sökmek, serişdeleri we binalaryň böleklerini başga ýere geçirmek üçin çykdajylar hem olary dikeltmegiň bahasyna goşulýar;

– bellenilen ölçegler boýunça hasaplamalary düzmegiň bahasy, şeýle hem eger seljerme ätiýaçlandyryjynyň islegi boýunça geçirilen bolsa, seljerme üçin çykdajylar desgany dikeltmegiň bahasyna goşulýar.

Ammardaky önümler, çig mal we serişdeler (şol sanda gymmaty pes we çalt könelýän zatlar) ýok bolanda ýa-da olara zyýan ýetende ýitgini kesgitlemek ýörite görnüşdäki ykrarnamanyň III bölüminiň maglumatlary esasynda geçirilýär. Şonda ýitginiň möçberi aşakdaky tertipde hasaplanylýar: ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykan pursatynda bar bolan emlägiň bahasyndan nyrhynyň gaçmagyny hasaba almak arkaly zyýan ýetmedik emlägiň bahasy, şeýle hem galyndylary tertibe getirmek üçin çykdajylary hasaba almak bilen, olaryň bahasy hasaplanylyp aýrylýar. Soňra şu möçberde ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanyndan soň emlägi halas etmek we ony tertibe getirmek boýunça harajatlar goşulýar. Alnan netije ýitginiň möçberini düzýär.

**Mysal.** Ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykan pursatynda ammardaky önümleriň, çig malyň we serişdeleriň umumy bahasy 7400 manada deň, zyýan ýetmedik emlägiň bahasy 2840 manat, bahasynyň gaçmagyny hasaba almak bilen, zyýan ýeten emlägiň bahasy 2220 manat we olary tertibe getirmek boýunça çykdajylary hasaba almak bilen, galyndylaryň bahasy 42 manat 80 teňňe. Emlägi halas

etmek boýunça harajatlar 21 manat. Ýitgi – 2318 manat 20 teňňä deň (7400 -2840 -2220 -42 man. 80 teň. +21).

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş pul möçberini hasaplamak «Ätiýaçlandyryş öwezini doluş puluny tölemek üçin delilhaty – hasaplama» atly № 12 - OH görnüşdäki blankda geçirilýär (11-nji goşundy).

Ätiýaçlandyryş ýagdaýy netijesinde ätiýaçlandyrylan oba hojalyk emläginiň ýok bolmagy (oňa zyýan ýetmegi) hakynda ykrarnama bellenen görnüş boýunça ätiýaçlandyryş ýagdaýy bolup geçen etrabyň (şäheriň) çägindäki ätiýaçlandyryjy tarapyndan düzülýär. Eger oba hojalyk emlägi we mallar beýleki etrapda (şäherde) ätiýaçlandyrylan bolsa, onda ykrarnama we ähli resminamalar bilen ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan ätiýaçlandyryja iberilýär.

**Ätiýaçlandyryş öwezini doluş puluny tölemek**

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşan ätiýaçlandyryjy tarapyndan onuň üçin bellenilen çäklerde tölenilýär. Eger ätiýaçlandyryş öwezini doluş pul möçberi şol bellenilen çäklerden geçýän bolsa, onda öwezini doluş tölegi degişli ýokarda durýan guramasy tarapyndan ätiýaçlandyryş öwezini doluş pul möçberi tassyklanylandan soň tölenilýär. Ätiýaçlandyryş öwezini doluş puly nagt pulda ýa-da ätiýaçlandyraýanyň hasabyna geçirmek arkaly tölenilýär.

Baglaşylan şertnamalaryň sany we şolar boýunça tölenen ätiýaçlandyryş öwezini doluş pul möçberi žurnallarda bellige alynýar.

Ätiýaçlandyryjynyň baş buhgalteri ätiýaçlandyryş öwezini doluş puly tölenilýänçä ýitginiň we ätiýaçlandyryş öwezini doluş pulunyň möçberini kesgitlemek boýunça resminamalaryň dogry resmileşdirilendigini barlamaga borçludyr. Baş buhgaltere şolarda degişli gollar we möhürler bolmadyk namalary we hasaplamalary tölege kabul etmek gadagan edilýär.

Eger ätiýaçlandyrýan ýitginiň öwezini dolmak hakynda üçünji tarapa talap bildirip bilýän bolsa, onda şol talap, eger ol ätiýaçlandyrýna ýetirilen zyýanyň öwezini dolýan bolsa, ätiýaçlandyryja geçýär. Eger ätiýaçlandyrýan üçünji tarap baradaky öz talabyndan ýa-da onuň talabyny üpjün etmek baradaky hukukdan boýun gaçyrsa, onda ätiýaçlandyryjy öz çykdajylarynyň öweziniň dolunmagy üçin hukugy ama-

la aşyrmak netijesinde ýa-da bildirilen talap bilen baglanyşyklylykda onuň alyp biljek möçberinde ýitginiň öwezini dolmak borçlaryndan boşadylýar.

Eger ýitginiň öwezini dolmak üçin ätiýaçlandyrýanyň talap etmek hukugy onuň bilen bile ýaşaýan maşgala agzasyna degişli bolsa, onda şol hukugyň başga birine geçmegi aradan aýrylýar, maşgala agzasynyň bilgeşleýin ýetiren zyýany muňa girmeýär.

Eger ätiýaçlandyryş pul möçberi emlägiň ätiýaçlandyryş bahasyndan pes bolsa we ätiýaçlandyryş şertnamasynyň şertleri bilen başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, onda ätiýaçlandyryş öwezini doluş pul möçberi ätiýaçlandyryş pul möçberiniň emlägiň ätiýaçlandyryş bahasyna deňeçer gatnaşygynda kemeldilýär.

Ätiýaçlandyryjynyň aşakdaky ýagdaýlarda ätiýaçlandyryş öwezini doluş puluny dolulygyna ýa-da kem-käsleýin tölemekden boýun gaçyrmaga hukugy bardyr:

– eger ätiýaçlandyrýan bellenilen möhletde emlägiň ýok bolandygy ýa-da oňa zyýan ýetendigi barada habar bermese, şol sebäpli hem ýitginiň hakyky möçberini kesgitlemek mümkin bolmasa;

– eger ätiýaçlandyrýan howpuň ýokarlanandygy hakynda habar bermese ýa-da emlägiň ýok bolmagyny ýa-da oňa zyýan ýetmegini bilgeşleýin ýüze çykaran bolsa ätiýaçlandyryş şertnamasyny bozmaga we ätiýaçlandyryş öwezini doluş puluny tölemekden boýun gaçyrmaga;

– eger ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş arkaly göz öňünde tutulan ýagdaýy bilgeşleýin ýa-da gödek seresapsyzlygy netijesinde ýüze çykaran bolsa.

Eger ätiýaçlandyrýan bejerip bolmajak kesellän maly soýmak barada mal lukmanynyň (feldşeriň) görkezmesini ýerine ýetirmese we ol mal ölse ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi tölenilmeýär.

Şeýle hem ätiýaçlandyrýan tarapyndan ätiýaçlandyryş ýagdaýy bolan mahaly we ondan soňraky wagtda oba hojalyk emläkleriň gorap saklanmagy we onuň mundan beýläk zyýan ýetmeginiň öňüniň alynmagy üçin çäreleri görmezligi netijesinde ýetirilen goşmaça ýitgileriň öwezi dolunmaýar.

Ätiýaçlandyrýanyň Ýangyn howpsuzlygy müdirliginiň ýa-da beýleki Döwlet gözegçiligini amala aşyrýan edaralaryň görkezme

ýazgylaryny ýerine ýetirmezligi netijesinde, şeýle hem işleriň önümçilik tehnologiýasyny bozmaklary, zatlary saklamak kadalaryny ýerine ýetirmezlikleri netijesinde dörän ýangyn we beýleki ýaramaz wakalar sebäpli ätiýaçlandyrylan oba hojalyk emläkleriniň ýok bolan (oňa zyýan ýeten) mahalynda, mallary ekologiýa taýdan ýaramaz zolaklarda saklanylmagy netijesinde olaryň heläk bolan (gyrylan) mahalynda ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi 30 göterim azaldylýar. Görkezilen görkezmeleriň we talaplaryň ýerine ýetirilmezligi ýangyn howpsuzlygy edaralarynyň we beýleki ygtyýarly edaralaryň resminamalary esasynda kesgitlenilýär.

Eger ätiýaçlandyrylan oba hojalyk emläkleriniň ýok bolmagy ýa-da olara zyýan ýetmegi üçünji tarapyň jenaýatçylykly hereketiniň netijesinde bolan, şol sebäpli hem iş gozgalan bolsa, günäkär tarapa bildirilen regres talaby jenaýat işi diňlenilen wagtynda kazyýet tarapyndan seredililer ýaly etmek üçin, ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ätiýaçlandyrýana derňew geçirilýän döwürde ýa-da onuň tamamlanan wagtynda tölenilýär.

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş puluny tölän ätiýaçlandyryja tölenen pul möçberiniň çäklerinde ätiýaçlandyrýanyň ýetirilen zyýan üçin jogapkär tarapa bolan talabynyň hukugy geçýär.

Kazyýetiň hökümi (çözgüdi) boýunça ýetirilen zyýanyň öwezini dolmak ýetirilen zyýan üçin jogapkär adam tarapyndan geçirilýän bolsa, ätiýaçlandyrýan atiýaçlandyryş öwezini doluş puluny almaga bolan hukugyny ýitirýär.

Eger ätiýaçlandyrýan üçünji tarap barada öz talabyndan ýa-da onuň talabyny üpjün etmäge bolan hukugyndan ýüz öwürse, onda ätiýaçlandyryjy öz çykdajylarynyň öwezini dolmaga bolan hukugy amala aşyrmagyň netijesinde ýa-da talap bildirmek bilen baglanyşykly onuň aljak möçberindäki ýitginiň öwezini dolmak borçlaryndan boşadylýar.

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş puly ätiýaçlandyryjy tarapyndan ätiýaçlandyrylan oba hojalyk emläginiň ýok bolmagy (oňa zyýan ýetmegi) hakynda ykrarnama düzülen we ygtyýarly edaralardan zerur resminamalar alnan günden başlap 15 gün möhletde tölenilýär.

**Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň ýatyrylmagy**

Ätiýaçlandyryş şertnamasy aşakdaky ýagdaýlarda ýatyrylýar:

– ätiýaçlandyryş şertnamanyň hereket edýän möhleti geçse;

– ätiýaçlandyrýanyň talaby (başlangyjy) boýunça, eger ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylandan soň ätiýaçlandyryjynyň öwezini doluş tölegini tölemäge ýagdaýynyň ýokdugy bilinse;

– ätiýaçlandyryjynyň talaby (başlangyjy) boýunça, ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş kadalaryny bozan ýagdaýynda.

Hojalygyň işi onuň ýapylmagy bilen baglanyşykly bes edilen ýagdaýynda, ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereketi ýapylmagyň tamamlanmagy üçin bellenilen günde bes edilýär, hojalyk gaýtadan guralan (goşulan, bölünen, bölünip aýyrlan) mahaly bolsa, gaýtadan gurlan günden başlap 15 günden şertnama hukuk oruntutarynda gaýtadan resmileşdirilýär, ýöne ähli ýagdaýlarda şertnamanyň hereketiniň tamamlanýan möhletinden gijä galynman geçirilýär.

Şonda täzeden döredilen hojalyklaryň şol görnüşli ähli oba hojalyk emlägi görkezilen 15 günüň dowamynda ätiýaçlandyrylan hasaplanýar:

– şeýle paýda (göterimde) iki ýa-da birtopar hojalyk bir hojalyga goşulan mahaly;

– täze döredilen hojalygyň emläginiň ähli bahasyndan şol hojalyklaryň emlägini ätiýaçlandyryşyň hereket edýän şertnamalary (şertnamasy) boýunça ätiýaçlandyryş pul möçberiniň düzüşi ýaly täze döredilen hojalygyň emläginiň bahasyndan:

– hojalyk bölünen mahaly – şeýle paýda (göterimde) täze döredilen hojalygyň emläginiň bahasyndan hereket edýän ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyrylan emlägiň bahasyndan.

## §2.20.2. Oba hojalyk ekinlerini we köp ýyllyk agaçlary meýletin ätiýaçlandyryş

Türkmenistanyň döwlet ätiýaçlandyryş guramalary Türkmenistanyň edara görnüşli we şahsy taraplary hem-de oba hojalyk önümlerini öndürýän daşary ýurt döwletleri bilen oba hojalyk ekinleriniň we köp ýyllyk agaçlaryň ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşýarlar.

*Ätiýaçlandyryş desgalary aşakdakylar bilen bagly bolan ätiýaçlandyrýanyň emläk bähbitleridir:*

- oba hojalyk ekinleriniň hasyly we köp ýyllyk agaçlar (bede üçin tebigy ýetişýän otlardan we örülerden beýlekiler);
- agaçlar we miweli, beýleki köpýyllyk gyrymsy agaç nahallary.

*Aşakdakylar ätiýaçlandyrylmaýar:*

- ätiýaçlandyrýanyň (üç-bäş ýyllap) eken, ýöne bir ýyl hem hasyl alyp bilmedik oba hojalyk ekinleriniň hasyly;
- ätiýaçlandyrýanyň ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmazdan ozalky geçen bäş ýylyň dowamynda hasylyny alyp bilmedik miwe getirýän ýaşdaky köp ýyllyk agaçlarynyň hasyly;
- könelişme 70%-den we ondan-da ýokary möçbere ýeten köp ýyllyk agaçlar, baglarda selçeňlik 70% we ondan-da ýokary bolanda, täzeden gurnamalar we çapyp aýyrmalar, tebigy guramak, zaýalanmak we beýlekiler bilen baglanyşykly hasapdan çykarmaga degişliler we beýlekiler, kesellän ösümlikler (fillokser, gara rak we beýlekiler);
- opurylmak, suw basmak ýa-da beýleki tebigy betbagtçylyklar howp salýan zolakda ýerleşýän ekinler, şeýle wehim barada bellenen tertipde yglan edilen ýa-da ygtyýarly edaralar (gidrometeogullugy edaralary we beýlekiler) tarapyndan howpuň ýagdaýyny tassyklaýan degişli resminama, çözgüt ykrarnamasy we ş.m. düzülen pursatyndan başlap, öňki şertnamanyň möhleti tamamlanmanka şol şertnamada görkezilen ätiýaçlandyryş pul möçberine täze möhlete ätiýaçlandyryş şertnama baglaşylan (dikeldilen) kadadan çykma ýagdaýlaryndan başgalar.

Oba hojalyk ekinleriniň we köp ýyllyk agaçlaryň hasylynyň gurakçylygyň, çabganyň, dolynyň, tupanyň, gaýyň, suw almagynyň, ýangynyň, doňaklygyň, doňmagyň, siliň, suwaryş çeşmelerinde suwsuzlygyň ýa-da suw ýetmezçiliginiň, bu ýerler üçin adaty bolmadyk meteorologik ýa-da başga tebigy ýagdaýlaryň bolmagynyň, ýabany haýwanlaryň ýok etmeginiň, şeýle hem keseller we ösüm-

liklere zyýan berijiler netijesinde ýok bolmagy ýa-da zaýalanmagy ätiýaçlandyryş ýagdaýlarydyr.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy goralýan toprakda ösdürilýän oba hojalyk ekinleriniň hasylynyň tebigy betbagtçylyklar, heläkçilikler we ýangynlar netijesinde elektrik energiýasynyň berilmeginiň kesilendigi sebäpli olaryň ýok bolmak ýa-da zaýalanmak ýagdaýlarynda baglaşylýar.

Miwe-bakja, tehniki, tokaý gorag sypatly we beýleki köp ýyllyk gyrymsy ekinleriň ätiýaçlandyryşy bu ekinleriň gurakçylygyň, aýazlaryň, bu ýerler üçin adaty bolmadyk köp garyň, çabganyň, dolynyň ýagmagynyň, tupanyň, gaýyň, ýangynyň, suw almagynyň, ýeriň süýşmeginiň, opurylmagynyň, partlaýyşyň, heläkçiligiň, sil almagynyň, ýer titremeginiň, ýerasty suwlaryň hereket etmekleriniň, keseller we ösümliklere zyýan berijiler netijesinde bu ösümlikleriň hemmesiniň (100%) ýa-da agaçlarynyň (şahalarynyň) belli bir bölekleriniň ýok bolmak ýa-da zaýalanmak ýagdaýlarynda geçirilýär.

*Şonda doly ýok bolmak ýagdaýlaryna aşakdakylar degişlidir:*

- agaçlaryň we şahalarynyň ýerasty we ýerüsti bölekleri guranda, pudakdyr, şahalar ýa-da kök ulgamy güýçli derejede zaýalanyp bu ekinler köwüp aýyraýmaga degişli bolan ýagdaýlar;
- düýp kökli we sapylan üzüm şahalarynyň ýerüsti bölegi zaýalananda, şeýle hem käbir sitrus we subtropiki ösümlikleri, olaryň kök ulgamlary saklanyp özlerini täzeden ösmegi üçin kesmeli bolan ýagdaýlar.

Ätiýaçlandyryş şertnamalary ätiýaçlandyrýanyň 2 nusgada beren ýazmaça № 5 – OH görnüşdäki (*1-nji goşundy*) arzasynyň esasynda, ätiýaçlandyryş desgasyny gözden geçirmek arkaly baglaşylýar. Arzanyň birinji nusgasy ätiýaçlandyryjyda galýar, ikinji nusgasy bolsa şu kadalar boýunça meýletin ätiýaçlandyryş hakyndaky arza alnandan soň 5 günden gijä galynman hasaplanylan ätiýaçlandyryş baýraklary (wznoslary) we olary tölemegiň möhletlerini görkezmek bilen ätiýaçlandyrýana gaýtarylyp berilýär.

*1-nji goşundy*
№5 OH görnüş

______________________________________
(welaýat, şäher, etrap)

______________________________________
döwlet ätiýaçlandyryş guramasyna

**Oba hojalyk ekinleriniň we köp ýyllyk agaçlaryň meýletin ätiýaçlandyrylyşy boýunça**

**ARZA**

______________________________________________________________________
(Ätiýaçlandyrýanyň F.A.A.a./hojalygyň ady)

Salgysy ______________________________________________________________

şu Kadalarda göz öňünde tutulan şertlerde aşakdaky oba hojalyk ekinleriniň we köp ýyllyk agaçlaryň 20__ý. hasyly boýunça ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmagy haýyş edýär:

| № | Oba hojalyk ekinleriniň ady | Meýdany, ga | 1 ga ýerden alynýan hasyllyk, sentnerde | 1 sentneriň manatdaky bahasy | 1 ga ekiniň hasylynyň bahasy (5süt.x4süt.). | Ähli meýdanyň bahasy, manatda (6süt.x3süt.) | Hasylyň ätiýaçlandyryşa kabul edilýän göterimi | Ätiýaçlandyryş pul möçberi (7süt.x8süt.) 100 | Ätiýaçlandyryş wznosynyň (baýragyň) nyrh möçberi |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 | 8 | 9 | 10 |
| | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | |
| | | | | | | | | | |
| Jemi | | | | | | | | | |

Oba hojalyk ekinlerini we köp ýyllyk agaçlary meýletin ätiýaçlandyryş Kadalary bilen tanyşdyryldym:

Ätiýaçlandyrýan ____________________
(goly)

22. Sargyt № 2539

Oba hojalyk ekinleriniň hasylynyň ätiýaçlandyryş şertnamasy her bir ekin boýunça aýratyn ýa-da ekinleriň bir topary boýunça bilelikde ýitginiň öwezini dolmak bilen baglaşylyp bilner.

Oba hojalyk ekinleriniň hasylynyň ätiýaçlandyryş şertnamasy ätiýaçlandyrýanyň arzasynda göz öňünde tutulan oba hojalyk ekininiň umumy ekiş (oturdyş) meýdanyna baglaşylýar. Geçen ýyllarda ekilen (oturdylan) köp ýyllyk oba hojalyk ekinleriniň (ekilen köpýyllyk otlar we ş.m.) hasylynyň ätiýaçlandyryşy öri meýdan üçin ulanmaga niýetlenen meýdany aýyrmak bilen, bu ekinleriň tutuş ekiş (oturdyş) meýdanyndan ugur alyp, köp ýyllyk agaçlar, şol sanda ätiýaçlandyryş şertnamasynyň baglaşylýan ýyly miwe getirýän ýaşa ýetýan agaçlar üçin bolsa, miwe getirýän agaçlaryň meýdanyndan ugur alyp baglaşylýar.

*Oba hojalyk ekinleriniň hasylynyň ätiýaçlandyrylyşy:*

- bir ýyllyk we köp ýyllyk tohum sepilip ekilýän we oturdylýan ekinleriň, şol sanda bu ekinleriň gyşlyk ekişiniň, şeýle hem köp ýyllyk ekilen otlaryň – ekilen (oturdylan) we ätiýaçlandyryş şertnamasynyň baglaşylan güni sagat 24.00-da;
- miwe getirýän ýaşynda bolan köp ýyllyk miwe-bakja, üzüm we beýleki agaçlaryňky – gyşa giden (ösümlikleriň gögerişi bes edilen) gününden, şol sanda miwe getirýän ýaşyna girýän agaçlaryňky – miwe getirýän ýaşa girjek ýylyndan öňki ýylda gyşa giden (ösümlikleriň gögerişi bes edilen) gününden;
- nahalhanalarda: tohumdan gögeren ösümlikleriň – ekilen gününden, nahallaryňky – oturdylan gününden başlanýar.

Oba hojalyk ekinleriniň ätiýaçlandyryşy hojalykda hasyl ýygnamaklyk tamamlanan güni sagat 24.00-da bes edilýär, ýagny hasylyny ýygnamak döwek bilen bagly bolan däneli, däneli kösükli we beýleki ekinler, döwülen ýa-da küdelenen bolsa;

- gowaçanyň, gant şugundyrynyň, kartoşkanyň, gök önümleriň, bakja ekinleriniň, ot-iýmlik köki miwelileriň, baglaryň, miwe, üzüm agaçlarynyň hasyly meýdandan (bagdan) tabşyrylýan, saklanylýan ýa-da gaýtadan işlenilýän ýerine äkidilen bolsa, köki miweli ösümlikleriň hasyly bolsa meýdanda saklamaga

goýulanda çukurlara, garymlara basyrylyp, üýşmek edilip salnan bolsa;

- ekilen otlaryň bedesi meýdandan äkidilen bolsa ýa-da üýşürilen (küdelenen) bolsa; siloslyk ekinleriň gök hasyly silos çukurlaryna, garymlaryna, diňlere we beýlekilere salynan bolsa;
- açyk toprakda gyşlaýan köp ýyllyk gülli ösümlikleri – gülleri ýygnalan-kesilen, şitili gazylyp alynan bolsa;
- nahalhanalarda: nahallar (tohumdan gögeren ösümlikler) gazylyp alnan bolsa;
- açyk toprakda gyşlamaýan gülli ösümlikleri (bir ýyllyk we köp ýyllyk ösümlikler) – güller, saplary aýyrlan-kesilen bolsa.

Oba hojalyk ekinleriniň hasylynyň ätiýaçlandyryş şertnamalary bu ýer üçin bellenen ekişiň senenama möhletinden gije galynman baglaşylýar (*2-nji goşundy*).

Köp ýyllyk agaçlar boýunça ätiýaçlandyryş şertnamasy olaryň gyşa gitmezinden (ösüş kesilmezinden) öň baglaşylýar.

*2-nji goşundy*

**Oba hojalyk ekinlerini ekmekligiň Türkmenistan boýunça bellenen senenama möhletleri**

| **Oba hojalyk ekinleriniň atlary** | **Oba hojalyk ekinlerini ekmegiň senenama möhletleri** |
|---|---|
| Gowaça | 5 aprel |
| Güýzlük dänelik ekinler | 15 sentýabr |
| Ýazlyk dänelik ekinler | 20 mart |
| Hyýarlar | 5 aprel |
| Bakjalar | 5 aprel |
| Kartoşka | 1 mart |
| Sarymsak | 1 sentýabr |
| Düýp sogan (ýazky) | 20 fewral |
| Düýp sogan (güýzki) | 15 oktýabr |
| Mekgejöwen | 1 aprel |
| Sudan oty | 25 mart |
| Ýorunja | 20 mart |
| Şitil oturtmak: | |
| Kelem | 25 fewral |
| Pomidor | 5 aprel |

Ekiniň ekilip başlanmagyndan öň yglan edilen ekiş meýdany köpelen ýagdaýynda, ätiýaçlandyrýan esasy şertnama boýunça bellenen we ätiýaçlandyrylan ekiş meýdany bilen arzasyndaky ekiş meýdanyň tapawut edýän meýdanyna goşmaça ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmaga haky bardyr. Goşmaça şertnama ätiýaçlandyryşa kabul edilýän degişli ekin üçin bu ýerde bellenen ekişiň senenama möhletinden gijä galman baglaşylmalydyr.

Gaýtadan ekmek ýok bolan (zaýalanan) öň ätiýaçlandyrylan ekin meýdanynda geçirilen bolsa, gaýtadan ekilen meýdana goşmaça ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylmaýar. Ätiýaçlandyryjy ilkibaşda ekilen ekiniň ätiýaçlandyryş şertnamasyna görä, täzeden ekilen ekinden alynan anyk hasyly hasaba almak bilen, bu meýdan üçin jogapkärçilik çekýär.

Köp ýyllyk agaçlaryň ätiýaçlandyryş şertnamasy hemme agaçlar ýa-da agaçlaryň bir topary boýunça, ýöne bu topara degişli bolan agaçlaryň hemmesini (çigitden, şänikden gögeren we ş.m.) ätiýaçlandyrmak şerti bilen baglaşylyp bilner.

Oba hojalyk ekinleriniň we köp ýyllyk agaçlaryň hasylyny kesgitlenen paýda onuň bahasynyň 70%-nden ýokary bolmadyk möçberde ätiýaçlandyrmak bolýar.

Oba hojalyk ekinleriniň hasylynyň bahasy soňky 4 ýylda 1 ga ýerden alynýan ortaça hasyllylykdan ýa-da şonuň ýaly oba hojalyk ekinleriniň ortaça hasyllylygyny nazara almak bilen kesgitlenilip, şertnamada görkezilýär.

Köp ýyllyk agaçlaryň bahasy olaryň şertnama baglaşylan gününe balans ýa-da hakyky bazar bahasyndan ugur (resminama bilen tassyklanan) alnyp kesgitlenilýär. Şonda miwe getirýän ýaşyndaky köp ýyllyk agaçlaryň bahasy könelişmegini aýyrmak bilen kesgitlenilýär.

Eger ätiýaçlandyryş şertnamasy bilen kesgitlenilen ätiýaçlandyryş pul möçberi emlägiň ätiýaçlandyryş bahasyndan geçýän bolsa, ol şertnama baglaşylan pursatda emlägiň ätiýaçlandyryş bahasyndan geçýän ätiýaçlandyryş pul möçberiniň bölegi hakyky däldir.

Taraplaryň ylalaşmagy bilen ätiýaçlandyryş şertnamasynda franşiza göz öňünde tutulyp bilner.

Franşiza – ätiýaçlandyryjy tarapyndan öwezi dolunmaga degişli bolmadyk ätiýaçlandyrýan üçin zyýanynyň kesgitlenen bölegidir, ol bolsa şertli we şertsiz franşiza bolup biler.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynda şertli franşiza bellenilen mahaly, eger ýetirilen zeleliň möçberi franşizadan geçmeýän bolsa, şol zyýan üçin Ätiýaçlandyryjy jogapkärçilikden boşadylýar, eger zyýanyň möçberi franşizanyň möçberinden geçýän bolsa, onda ol zyýanyň öwezi doly dolunýar.

Ätiýaçlandyryş şertnamasynda şertsiz franşiza bellenilen mahaly ätiýaçlandyryjynyň jogapkärçiligi ýetirilen zyýanyň möçberinden franşizany aýryp, kesgitlenilýär.

Franşiza ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylanda ätiýaçlandyryş pul möçberinden göterimlerde ýa-da pul möçberlerde taraplaryň ylalaşmagy boýunça kesgitlenýär.

Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) ätiýaçlandyrylan oba hojalyk ekinleriniň bahasyndan we ätiýaçlandyryjy tarapyndan bellenen ätiýaçlandyryş nyrhlarynyň göteriminden ugur alnyp ekinleriň her biri boýunça ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) hasaplanyp çykarylýar (*3-nji goşundy*).

*3-nji goşundy*

**Oba hojalyk ekinleriniň we köp ýyllyk agaçlaryň meýletin ätiýaçlandyryşy boýunça**
**ÄTIÝAÇLANDYRYŞ NYRHLARY**

(ätiýaçlandyryş pul möçberi, %-de)

| | |
|---|---|
| Güýzlük dänelik ekinler | 8,0 |
| Ýazlyk dänelik ekinler | 3,0 |
| Orta süýümli gowaça | 16,0 |
| Inçe süýümli gowaça | 15,0 |
| Tehniki ekinler | 15,0 |
| Kartoşka, gök önümler, bakjalar | 17,0 |
| Ot-iýmlik ekinler | 1,0 |
| Miwe ekinleri | 24,0 |
| Köp ýyllyk agaçlar | 2,0 |

Töwekgelçiligiň derejesine we ätiýaçlandyryş pul möçberine baglylykda her bir ýagdaýda ätiýaçlandyryş baýraklarynyň (wznos-

larynyň) nyrhlary kesgitlenilende peseldiji (0,7-den 1-e çenli) we ýokarlandyryjy (1-den 5-e çenli) nyrhlary ulanmak mümkindir.

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) ätiýaçlandyryş şahadatnamasyny (polisini) alandan soň tölemelidir.

Birinji ýa-da bir gezekki ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) wagtynda tölenýänçä ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan azatdyr. Eger ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) öz wagtynda geçirilmese, ätiýaçlandyryjy şonuň geçirilmegi üçin iki hepdelik möhleti ýazmaça kesgitläp biler, şonda gijä goýmagyň netijeleri hakynda görkezilmelidir.

Ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) öz wagtynda geçirmese, ätiýaçlandyryjy bir aý öňünden şertnamany ýatyrmak hakynda ätiýaçlandyrýana duýduryp hem-de bu möhlet netijesiz gutaranda ony ýatyryp biler. Eger möhlet geçenden soň ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çyksa we şu wagta çenli ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) tölemedik bolsa, ätiýaçlandyryjy öz borçlaryndan boşadylýar.

Ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) nagt pulda ýa-da nagt däl hasaplaşyk arkaly bir wagtda (ätiýaçlandyryş baýragynyň (wznosynyň) ýyllyk möçberinde) ýa-da iki möhletde: bir ýyla hasaplanylan ätiýaçlandyryş baýraklarynyň (wznoslarynyň) möçberiniň 50%-nden az bolmadyk möçberde birinji ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy), ätiýaçlandyryş şertnamasynyň güýje giren wagtyndan üç aýdan gijä galman bolsa ikinji ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) 50% möçberinde tölenýär.

Ätiýaçlandyrylan oba hojalyk ekinleri we köp ýyllyk agaçlar ýok bolan ýa-da olara zyýan ýeten ýagdaýynda ýitginiň we ätiýaçlandyryş öwezini doluş töleginiň möçberini hasaplamak ätiýaçlandyryjy tarapyndan oba hojalyk ekinleriniň ýok bolmagy ýa-da olara zyýan ýetmegi hakyndaky ykrarnamanyň esasynda, oňa resminamalary goşmak bilen geçirilýär.

Oba hojalyk ekinleriniň we köp ýyllyk agaçlaryň hasylynyň ätiýaçlandyryşy boýunça ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ýitginiň möçberinden näçe göterimde emläk ätiýaçlandyrylan bolsa, şol göterimde hasaplanylýar.

Ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) tölemegiň ikinji möhletiniň geçmegi boýunça ätiýaçlandyrylan emläk ýok bolan ýa-da

oňa zyýan ýeten mahaly ätiýaçlandyryş öwezini doluşy tölegleriniň bellenilen möçberinden girizilen baýraklarynyň (wznoslarynyň) ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça tutuşlygyna hasaplanylan möçberiniň näçe göterimine barabar bolsa, şonça göterimde tölenilýär.

**Mysal.** Güýzlük bugdaýyň bahasynyň 70%-ine barabar möçberde baglaşylan ätiýaçlandyryş şertnamasy boýunça 118 manat 80 teňňe möçberinde ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) hasaplanyldy. Hakykatda bellenen töleg möhletinde hojalyk tarapyndan 85 manat ýa-da hasaplanylan möçberiň 71,5%-i tölenildi (85 x 100: 118 man 80 teňňe). Şu ýagdaýda ol ýa-da beýleki ätiýaçlandyrylan ekin ýok bolan ýa-da oňa zyýan ýetende ýitginiň hasaplanylan möçberiniň 50,1%-i (71,5x70):100 möçberinde ätiýaçlandyryş öwezini doluş puly tölenilmäge degişlidir.

Eger ykrarnama düzülende meýletin ätiýaçlandyryş hakyndaky arzada oba hojalyk ekinleriniň we köp ýyllyk agaçlaryň bahasy hakykatdaky bahasynyň möçberinden az görkezilen bolsa, onda oba hojalyk ekinleri we köp ýyllyk agaçlary boýunça ätiýaçlandyrylan göterim degişlilikde azaldylýar.

Oba hojalyk ekinleriniň ýok bolmagy ýa-da olara zyýan ýetmegi bilen baglanyşykly ätiýaçlandyrýanyň çekýän ýitgisi ätiýaçlandyryjy tarapyndan № 14-OH görnüşinde «Oba hojalyk ekinleriniň ýok bolmagy ýa-da olara zyýan ýetmegi hakyndaky» ykrarnama esasynda kesgitlenilýär.

Ýitginiň möçberiniň hasaplamasy «Oba hojalyk ekinleriniň ýok bolmagy ýa-da olara zyýan ýetmegi bilen baglanyşykly ýitginiň we ätiýaçlandyryş öwezini doluş pulunyň hasaplamasy» atly № 15 OH görnüşli blankynda geçirilýär.

Ýitgi hojalykda ähli meýdanda ekilen (oturdylan), ätiýaçlandyrylan ekiniň esasy önümi bolan hasylyň mukdar babatda ýitgisiniň hasaplamasy ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan mahaly 1 gektardaky hasylyň bahasy bilen şol ýylda alnan hasylyň hakyky bahasynyň arasyndaky tapawut boýunça hasaplanylan bahasyndan ugur alnyp kesgitlenilýär.

Şeýle ýagdaýda, ýagny ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylandan soň ätiýaçlandyrylan ekinleriň önümleri üçin satyn alnyş nyrhlary ýokarlandyrylsa hasylyň bahasyny gaýtadan hasaplamak geçirilmeýär.

Ýitginiň möçberi şertnama baglaşylan mahaly olaryň ätiýaçlandyryşa nähili kabul edilendigine baglylykda her bir ekin boýunça aýratynlykda ýa-da ekinleriň topary boýunça tutuşlygyna kesgitlenilýär. Şonda hakykatda alnan hasylyň bahasy ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan mahaly hasaplamaga kabul edilen nyrhlar boýunça hasaplanylýar.

Oba hojalyk ekinleri ýok bolandan (olara zyýan ýetenden) soň mallary bakmakda peýdalanmak üçin meýdanda galdyrylan oba hojalyk ekinleriniň bahasy ýitgi kesgitlenilen mahaly hasaplamaga kabul edilmeýär.

Oba hojalyk ekinleri gaýtadan ekilen ýa-da goşmaça ekilen ýagdaýynda gaýtadan ekmek (goşmaça ekmek) boýunça harajatlaryň ortaça bahasy we gaýtadan ekilen ekinleriň hakykatda alnan hasylynyň bahasy nazara alynýar.

Eger zyýan ýeten dänelik ekinleriň deregine beýleki ekin ekilen bolsa, onda goşmaça ekilen ekiniň hasylynyň bahasy ýitgi kesgitlenilen mahaly şol ýylda alnan önümlerden we garyşyk däne garyndysynyň satyn alnyş nyrhlaryndan ugur alnyp hasaplanylýar.

Ätiýaçlandyrylan, däne üçin ekilen ekinler (dänelik we dänelik-kösükli ekinler, mekgejöwen, günebakar) ýok bolan ýa-da olara zyýan ýeten ýagdaýynda, ýöne welin tebigy betbagtçylyk bilen baglanyşykly olar gök ot-iým we silos üçin orulsa ýetirilen zyýanyň möçberi däne üçin ätiýaçlandyryş şertnamasyndan görkezilen meýdana hasaplanylyp kesgitlenilýär. Şonda ilkibaşdaky niýetlenilen maksady üçin peýdalanylmadyk ekilen ekinlerden hakykatda alnan bedäniň, gök ot-iýmiň we silosyň hasylynyň bahasy hasaba alynýar.

Açyk toprakda ekilen esasy we beýleki gök ekinler, üsti örtülip goralýan meýdanda ekilen tohumlyk ekinler ( azyklyk gök we bakja ekinleri, ot-iýmlik köki miweli ekinler) boýunça ýitginiň möçberi şertnama baglaşylan mahaly nähili ätiýaçlandyrylandygyna baglylykda kesgitlenilýär.

Köp ýyllyk we bir ýyllyk otlar boýunça ýetirilen ýitginiň möçberi 1 gektardaky hasylyň hakykatda hasyl ýygnalan meýdana hasaplanylan (hasyly doly ýok bolan meýdanlar hem girýär) ortaça agramy çekilen bahasyndan, ýöne ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylan ma-

haly kabul edilenden köp bolmazdan ugur alnyp, alnan önümleriň ähli görnüşleri hasaba alnyp kesgitlenilýär.

Hojalykda topragyň üstüni örtmeýän, şu ýyl ekilen köp ýyllyk ot bar bolsa, ol ekilen ýyly hasyl berýän we geçen ýyllarda ekilen köp ýyllyk otlar bilen bilelikde ätiýaçlandyrylan bolsa, ýitgini kesgitlemek haýsy ýylda önýändigine we önümiň haýsy görnüşiniň ýok bolandygyna ýa-da oňa zyýan ýetendigine garamazdan, bu otlaryň ähli topary boýunça tutuşlygyna alnanda bir hasap boýunça bilelikde geçirilýär.

Ösýän birinji ýylynda hasyl bermeýän ätiýaçlandyrylan oba hojalyk ekinleri ýok bolan mahaly ýitigi 1 gektar üçin hakykatda harçlanylan harajatlaryň bahasyndan we bu ekinler ýok bolan meýdandan ugur alnyp her bir ekin boýunça aýratynlykda kesgitlenilýär.

Köp ýyllyk agaçlaryň ätiýaçlandyrylan hasyly ýok bolan ýa-da oňa zyýan ýeten ýagdaýynda ýitigi hasyl berýän ýaşynda şertnamada görkezilen ösümlikleriň meýdanyna hasaplanylyp, 1 gektarda ätiýaçlandyryşa kabul edilen bahasyndan ugur alnyp, olaryň her bir topary boýunça (çigitli, şänikli, hoz berýän, subtropiki ekinler, üzümler we başgalar) kesgitlenilýär.

Ýitginiň möçberi könelmek möçberini aýyrmak bilen şertnama baglaşylan güni hasaplanylan ösümlikleriň balans ýa-da hakyky bazar bahasyndan (resminama bilen tassyklanan) ugur alnyp kesgitlenilýär. Şonda ýitginiň möçberi ösümlikleriň toparlary boýunça aýratynlykda kesgitlenilýär. Köwläp aýyrmak boýunça işleriň bahasy ýitgä goşulmaýar. Bagda bar bolan miweli agaçlaryň, subtropiki agaçlaryň we üzümleriň 70 we ondan köp göterimi harap bolan ýagdaýynda şu ýagdaý bilen baglanyşykly tutuş bag (üzüm ekilen ýerler) köwlenip aýrylanda şol ekindäki agaçlaryň we beýleki ösümlikleriň ählisiniň bahasy ýitgini hasaplamaga kabul edilýär.

Şpaler oturdylan palmetde üzümler ýa-da baglar köwlenip aýrylan ýagdaýynda olar üçin ýitginiň möçberi aýratynlykda kesgitlenilýär, sebäbi ösümlikler we şpaler üçin köneliş bahasynyň göterim görkezijisi aýry-aýry bellenendir. Şonda peýdalanmaga ýaramly sütünleriň we simiň bahasy şpaleriň balans ýa-da hakyky bazar bahasyndan aýrylýar.

Miwe berýän üzüm düýpleriniň (köki bilen oturdylan we sapylan) ýeriň ýokarysyndaky bölegi doly ýok bolan, şeýle hem sitrus we subtropiki ösümlikleriň hem-de olaryň kök ulgamy saklanyp galan mahaly olar köwlenip aýrylman, eýsem, zaýalanan ýerlerini kesip aýyrmak ýa-da has çynlakaý kesip aýyrmak (sepleşýän ýerindäki janly şahasyna çenli) arkaly dikeldilen ýagdaýynda, dikeldiş döwri üzüm agaçlarynda azyndan 2 ýyl, sitrus we subtropiki agaçlarda azyndan 3–4 ýyl bolanda ýetirilen ýitgi üzüm düýplerinden 30%, sitrus we subtropiki ösümliklerden – 32% möçberini aýyrmak bilen balans ýa-da hakyky bazar bahasyndan (resminama bilen tassyklanan) ugur alnyp kesgitlenilýär. Üzüm düýpleri boýunça şondan başga hem, eger şpalerler üzüm düýpleri bilen bilelikde balansda hasaba alynýan bolsa, şpaleriň bahasy aýrylýar. Ätiýaçlandyryş öwezini doluş puly diňe hakykatda kesilip aýrylan düýpler (agaçlar) boýunça tölenilýär.

Ýaş baglaryň, üzüm düýpleriniň we beýleki köp ýyllyk agaçlaryň ýer üstündäki bölegi doly ýok bolanda (birinji ýyl ösýän ösümlikler ýaly) gaýtadan ösmegi üçin kesilen mahaly ýetirilen ýitgi diňe olaryň oturdylan pursatyndan başlap tebigy betbagtçylygyň bolan gününe çenli hakykatda harçlanylan harajatlaryň bahasyndan ugur alnyp kesgitlenilýär.

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşan ätiýaçlandyryjy tarapyndan onuň üçin bellenilen çäklerde tölenilýär. Eger ätiýaçlandyryş öwezini doluş pul möçberi şol bellenilen çäklerden geçýän bolsa, onda öwezini doluş tölegi degişli ýokarda durýan guramasy tarapyndan ätiýaçlandyryş öwezini doluş pul möçberi tassyklanylandan soň tölenilýär.

Baglaşylan şertnamalaryň sany we şolar boýunça tölenilen ätiýaçlandyryş öwezini doluş pul möçberi žurnalda bellige alynýar.

Ätiýaçlandyryjynyň baş buhgalteri ätiýaçlandyryş öwezini doluş puly tölenilýänçä ýitginiň we ätiýaçlandyryş öwezini doluş pulunyň möçberini kesgitlemek boýunça resminamalaryň dogry resmileşdirilendigini barlamaga borçludyr. Degişli gollar we möhürler bolmadyk ykrarnamalary we hasaplamalary tölege kabul etmek baş buhgaltere gadagan edilýär.

Ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş öwezini doluş puluny dolulygyna ýa-da belli bir bölegini aşakdaky ýagdaýlarda tölemekden boýun gaçyrmaga haky bardyr:

- eger ätiýaçlandyrýan oba hojalyk ekinleriniň we köp ýyllyk agaçlaryň ýok bolandygy ýa-da olara zyýan ýetendigi hakynda bellenen möhletde habar etmese, onda şol sebäpli ýitginiň hakyky möçberini anyklamak mümkin bolmasa;
- eger ätiýaçlandyrýan howpuň ýokarydygy hakynda habar bermedik bolsa ýa-da betpälligi bilen oba hojalyk ekinleriniň we köp ýyllyk agaçlaryň ýok bolmagyna elten bolsa;
- eger ätiýaçlandyrylan oba hojalyk ekinleriniň, köp ýyllyk agaçlaryň ýok bolmagy ýa-da olara zyýan ýetmegi üçünji tarapyň jenaýatçylykly hereketiniň netijesinde bolan bolsa, bu sebäpli hem iş gozgalan bolsa, günäkär tarapa bildirilen regres talaby jenaýat işi diňlenilen wagtynda kazyýet tarapyndan seredilер ýaly etmek üçin, ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ätiýaçlandyrýana derňew geçirilýän döwürde ýa-da onuň tamamlanan wagtynda tölenilýär.

Ýitginiň möçberi kesgitlenilýän wagtynda oba hojalyk ekinleriniň hasylynyň az ýygnalmagyna ätiýaçlandyrýanyň ygtyýarly edaralar tarapyndan bellenen agrotehniki düzgünlerini berjaý etmezliginiň netijesinde bolandygy anyklanylsa (ekiş, oňa gözegçilik, dökün dökmek, suwaryş düzgünleri, hasyly ýygnamak we beýlekiler), ätiýaçlandyryjy tölemeli ätiýaçlandyryş öwezini doluş töleginiň möçberini 50%-ne çenli azaldyp biler. Bellenen görkezmeleriň ýerine ýetirilmändigi ygtyýarly edaralaryň resminamalarynyň esasynda kesgitlenilýär.

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölän ätiýaçlandyryja tölän ätiýaçlandyryş pul möçberiniň çäklerinde ýitgi üçin jogapkär bolan ätiýaçlandyrýanyň günäkär tarapa bildirjek talaplary geçýär.

Kazyýetiň çözgüdi (netijesi) boýunça ýitginiň öwezi zyýan üçin jogapkär bolan günäkär adam tarapyndan dolunsa, ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini almak hukugyny ýitirýär. Eger ätiýaçlandyrýan ýitgini tölemek barada üçünji tarapa talap bildirip bilýän bolsa, ol ätiýaçlandyrýana ýitginiň öwezini dolýan bolsa, onda bu talap ýitgini tölän ätiýaçlandyryja geçýär. Eger ätiýaçlandyrýan üçünji tarap babatda öz talabyndan ýa-da onuň talabyny üpjün etmäge bo-

lan hukugyndan ýüz öwürse, onda ätiýaçlandyryjy öz çykdajylarynyň öwezini dolmaga bolan hukugy amala aşyrmagyň netijesinde ýa-da talap bildirmek bilen baglanyşykly onuň aljak möçberindäki ýitginiň öwezini dolmak borçlaryndan boşadylýar.

Ätiýaçlandyryjy tarapyndan ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ygtyýarly edaralardan zerur resminamalar alnandan soň 15 gün möhletde tölenilýär. Eger ätiýaçlandyryş ýagdaýy sebäpli emlägiň uly möçberi ýok edilen bolsa we ýitginiň doly hasaplamasyny 15 günüň içinde düzmek mümkin bolmasa, ätiýaçlandyrýanyň ýazmaça arzasynyň esasynda ätiýaçlandyryjy ätiýaçlandyryş öwezini doluş töleginiň deslapky hasaplanan möçberiniň 50% möçberinde hakujy tölemäge hukugy bar. Tölenen hakujy hakynda bellenen görnüşdäki ykrarnamada degişli bellik edilýär.

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi ätiýaçlandyrýanyň bank edaralaryndaky hasabyna geçirmek arkaly ýa-da nagt pulda tölenilýär. Eger ätiýaçlandyrýana ýetirilen ýitginiň öwezini dolmagy talap etmek hukugy onuň bilen bile ýaşaýan maşgala agzasyna degişli bolsa, hukugyň geçmegi aradan aýrylýar, maşgala agzasynyň ýetiren ýitgini bilgeşleýin ýüze çykaran ýagdaýy muňa girmeýär.

*Ätiýaçlandyryş şertnamasy aşakdaky ýagdaýlarda ýatyrylýar:*

- şertnamanyň hereket edýän möhleti tamamlananda;
- ätiýaçlandyryjy şertnama boýunça borçlaryny doly möçberde ýerine ýetiren ýagdaýynda;
- ätiýaçlandyrýanyň ýa-da ätiýaçlandyryjynyň guramasy ýapylsa;
- ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş baýraklaryny (wznoslaryny) ätiýaçlandyryş şahadatnamasynda (polisinda) bellenilen möçberlerde we möhletlerde tölemese;
- ätiýaçlandyryjynyň talaby (başlangyjy) boýunça, ätiýaçlandyrýan ätiýaçlandyryş Kadalaryny bozan ýagdaýynda.

Ätiýaçlandyrýanyň talaby (başlangyjy) boýunça, eger ätiýaçlandyryş şertnamasy baglaşylandan soň ätiýaçlandyryjynyň öwezini doluş tölegini tölemäge ýagdaýynyň ýokdugy bilinse.

Şertnama wagtyndan öň ýatyrylanda, ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) töwekgelçilik ätiýaçlandyryşa alnan wagtyna degişlilikde ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) we işi alyp barmaklygyň çykdajylaryny aýyrmak bilen, gaýtarylyp berilýär.

**III bölüm**

# DAŞARY ÝURTLARDA ÄTIÝAÇLANDYRYŞ IŞI

## III.I bap. Halkara ätiýaçlandyryş institutlary

### § 3.1.1. Halkara ätiýaçlandyryş institutlaryna häsiýetnama

Halkara ätiýaçlandyryş ulgamynda ätiýaçlandyryş institutlaryna esasy orunlar degişlidir. Ätiýaçlandyryş bazarynda hereket edýän institutlar şu aşakdakylardyr:

➢ **Aktuariýleriň Halkara guramasy (AHG)**

Bu gurama, Belgiýada Aktuariýleriň 1-nji halkara kongresiniň geçirilmegi bilen 1895-nji ýylda döredildi. Ştab-kwartirasy Brýusselde ýerleşýär. Halkara hyzmatdaşlygyny amala aşyrýar we birnäçe ýurtlaryň aktuariýleriniň milli assosiasiýalarynyň işjeňligini kadalaşdyrýar, şol sanda aktuariýleriň halkara kongresslerini geçirmek boýunça taýýarlyk işlerine gözegçilik edýär. Ätiýaçlandyryş matematikasynyň ulgamyndaky ylmy barlaglara ýardam edýär, kongressleriň materiallaryny, aktual meseleler boýunça beýleki ylmy edebiýatlary çap edýär. Aktuariýleriň Halkara guramasynyň tertipnamasy, maksatlary we meseleleri bilen razylaşýan aýratyn hünärmen-aktuariýler hem bu guramanyň agzalary bolup bilýärler.

➢ **Özara ätiýaçlandyryş jemgyýetleriniň halkara assosiasiýasy (ÖÄJHA)**

Özara ätiýaçlandyryş jemgyýetleriniň halkara assosiasiýasy (ÖÄJHA) 1963-nji ýylda döredildi, onuň ştab-kwartirasy Amster-

dam şäherinde (Niderlandlar) ýerleşýär. Bu assosiasiýa 26 döwletiň 200-den gowrak özara ätiýaçlandyryş jemgyýetlerini özünde jemleýär.

Onuň maksady dürli döwletleriň özara ätiýaçlandyryş jemgyýetleriniň arasyndaky işjeňligi kadalaşdyrmak, tejribe we maglumat alyş-çalşygydyr.

ÖÄJHA halkara gurmalarynda (Ýewropa Bileleşiginde we ş.m.) öz agzalarynyň bähbitlerini araýar, aýratyn döwletleriň özara ätiýaçlandyryş jemgyýetleriniň milli federasiýalary (birleşmeleri) bilen hyzmatdaşlygy ösdürýär.

ÖÄJHA-nyň ýokary guramasy assosiasiýanyň agzalarynyň umumy ýygnagynda (2 ýyldan bir gezek ýygnanyşýar) ýokary ýolbaşçylyk edarasy bolan ÖÄJHA-nyň Komitetini saýlaýar (her agza-döwletleriň wekillerinden 2 sanysynyň gatnaşmagynda).

Assosiasiýany dolandyrmak üçin Baş sekretariat döredilýär. Ol assosiasiýanyň gündelik işjeňligini kordinirleýär we şu aşakdaky hemişelik hereket edýän işçi toparlaryň işini gurnaýar:

– umumy bazardaky özära ätiýaçlandyryş meseleleri boýunça işçi topar;

– özära ätiýaçlandyryş jemgyýetleriniň (ÖÄJ) salgyt we maliýe meseleleri boýunça işçi topar;

– ÖÄJ-niň işjeňligi baradaky milli kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça işçi topar;

– halkara hyzmatdaşlygy boýunça işçi topar.

ÖÄJHA özära ätiýaçlandyryş jemgyýetleriniň işjeňligine degişli usulyýet we tejribe meselelerini öz içine alýan ýöriteleşdirilen döwürleýin neşirleri çap edýär.

**➢ Klassifikasiýa jemgyýetleriniň halkara assosiasiýasy (KJHA)**

Klassifikasiýa jemgyýetleriniň halkara assosiasiýasynyň ştab-kwartirasy London şäherinde (Angliýa) ýerleşýär. Ol assosiasiýanyň agzalary bolup, gämileri klassifikasiýa etmeklik bilen meşgullanýan jemgyýetler (90-a golaý) çykyş edýär. Bu guramanyň esasy maksady, gämileri klassifikasiýa etmekligiň umumy ülňülerini (standartlaryny) kesgitlemek.

### ➢ Tankerleri ätiýaçlandyrmak boýunça halkara assosiasiýasy (TÄHA)

Tankerleri ätiýaçlandyrmak boýunça halkara assosiasiýasy (TÄHA) hapalanma ýagdaýynda tankerleriň eýeleriniň jogapkärçiligini çäklendirmek boýunça halkara federasiýadyr. Bu assosiasiýa 1969-njy ýylda London şäherinde dünýäniň 7 sany belli nebit kompaniýalarynyň, ýagny «Britiş Petrolium», «Esso», «Galf oýl», «Mobil oýl», «Şell», «Standart oýl» we «Teksako» firmalaryň gatnaşmagynda döredildi.

TÄHA-nyň esasy maksady, nebitiň dökülmegi zerarly hapalanmany aradan aýyrmak boýunça tankerleriň eýeleriniň ylalaşygyny gazanmak we tankerleriň eýelerine hapalanmany arassalamak üçin edilen çykdajylary ätiýaçlandyryş öwezini dolmalaryň hasabyna amala aşyrmaklyga mümkinçilik döretmek.

TÄHA-nyň meselesi kenary (kenarýaka etraby, beýleki ýerleri) nebit hapalanmasyndan goramak bolup durýar.

Nebiti we nebitönümlerini daşamak üçin niýetlenen tankerleriň eýeleriniň islendigi TÄHA-nyň agzasy bolup bilýärler. Häzirki wagtda dünýäniň tanker flotunyň eýeleriniň 90%-i TÄHA-nyň agzalarydyr.

### ➢ Ätiýaçlandyryş hukugy boýunça halkara assosiasiýasy (ÄHHA)

Döwlete dahylsyz bu halkara gurama ätiýaçlandyryş işini ösdürmekdäki ylmy-tejribe meseleleri öwrenmek boýunça işleri alyp barýar. ÄHHA – ätiýaçlandyryş hukugy ulgamyndaky birnäçe iri alymlaryň-hukukçylaryň başlangyçlary (inisiatiwasy) boýunça 1962-nji ýylda döredildi, ol özüne Ýewropa döwletleriniň Ätiýaçlandyryş hukugy boýunça milli assosiasiýalarynyň birnäçesini jemleýär. Ýyllyk hasabatlary çap edýär, wagtly-wagtynda gurultaýlary (4 ýyldan bir gezek) we konferensiýalary geçirýär. ÄHHA-nyň üns merkezinde – Ýewropa Bileleşiginiň agzasy bolan döwletlerde ýeke-täk ätiýaçlandyryş bazaryny düzmekdäki meseleler, şeýle hem Gündogar Ýewropa döwletlerinde ätiýaçlandyryş işiniň monopoliýasyna ýol bermezlik. ÄHHA-nyň garamagynda ätiýaçlandyryş ulgamyna degişli birnäçe ylmy-tejribe žurnallar çap edilýär.

➢ **Ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş dellallarynyň halkara assosiasiýasy (ÄGÄDHA)**

ÄGÄDHA – bu ätiaýçlandyryş işewürligi bilen bagly ätiýaçlandyryş wekilleriniň, ätiýaçlandyryş dellallarynyň we beýleki araçylaryň halkara birleşigidir. Birleşik 1937-nji ýylda döredilip, onuň ştab-kwartirasy Fransiýanyň Pariž şäherinde ýerleşýär. Ol 225 sany ätiýaçlandyryş wekilleriniň we dellallarynyň, şeýle hem olaryň sebitleýin guramalarynyň bähbitlerini araýar (göz öňünde tutýar). ÄGÄDHA-nyň maksady – halkara hyzmatdaşlyga we ätiýaçlandyryş bazaryndaky dellallaryň arasynda maglumat alyşma ýardam etmek, ätiýaçlandyryş meseleleri boýunça ylmy barlaglary, ätiýaçlandyryşda marketing barlaglary geçirmek we beýlekilerdir. Birnäçe döwletleriň hökümetleri bilen ysnyşykly işleşýär. ÄGÄDHA-nyň Ýokary guramasy ýylda ýygnanyşýan Baş assambleýadyr, şeýle hem assosiasiýanyň halkara kongressleri döwürleýin geçirilýär.

➢ **Ätiýaçlandyryş ylmy barlaglar boýunça halkara assosiasiýasy (ÄYBHA)**

ÄYBHA – başgaça Ženewa assosiasiýasy, ätiýaçlandyryş işiniň nazaryýeti we tejribesi boýunça ylmy-barlaglar bilen meşgullanýan ylmy jemgyýetçiligiň halkara birleşigidir. Ylmy-barlaglaryň esasy meselesi – ätiýaçlandyryşyň we töwekgelçiligiň seljermesidir. ÄYBHA-nyň assosirlenen agzalary bolup, ABŞ-nyň we Günbatar Ýewropanyň 16 sany iri ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň prezidentleri we Baş dolandyryjylary çykyş edýärler. Birleşik 1973-nji ýylda döredilip, onuň ştab-kwartirasy Şweýsariýanyň Ženewa şäherinde ýerleşýär. Guramanyň maksady ätiýaçlandyryş ulgamyndaky, şeýle hem meňzeş ylymlardaky ylmy barlaglaryň ösüşine ýardam etmek, ätiýaçlandyryş baradaky bilimi ýaýratmak, ýörite ylmy işleri gurnamak we olara gözegçilik etmekdir. ÄYBHA wagtly-wagtynda ätiýaçlandyryş meselesi (problematikasy) boýunça ylmy-amaly konferensiýalary, seminarlary, simpoziumlary geçirýär. Birleşik ätiýaçlandyryş boýunça giň göwrümli ylmy kitaphana eýedir. Birnäçe döwürleýin neşirleri çap edýär. Ätiýaçlandyryş meseleleri boýunça ylmy neşirleriň we ylmy barlaglaryň awtorlaryna hormatly baýraklary we sylaglary berýär (*3.1.1.1-nji şekil*).

*3.1.1.1-nji şekil*

**Halkara ätiýaçlandyryş ulgamynda hereket edýän ätiýaçlandyryş institutlary**




## III.II bap. ABŞ-nyň ätiýaçlandyryş bazary

### § 3.2.1. ABŞ-nyň ätiýaçlandyryş bazaryna häsiýetnama

Amerikanyň ätiýaçlandyryş bazary özüniň giň gerimi bilen tapawutlanýar we dünýäde özüne taýy ýokdur. Amerikanyň ätiýaçlandyryş kompaniýalary dünýäniň industrial taýadan ösen döwletleriniň ätiýaçlandyryş bazarlarynyň 50%-ne golaýyny gözegçilikde saklaýar. ABŞ-da 8 müňden gowrak emläk ätiýaçlandyrmasy bilen

23. Sargyt № 2539

meşgullanýan kompaniýalar we 2 müňe golaý ömür ätiýaçlandyryşy boýunça kompaniýalar hereket edýär.

ABŞ-nyň her bir ştatynyň özüniň ätiýaçlandyryş işi barada kanunçylygy we gözegçilik edýän guramasy bardyr. Ýeke-täk federal ätiýaçlandyryş kanunçylygy we ätiýaçlandyryş işjeňligine gözegçilik edýän guramasy ýokdur.

Her bir ştat ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň maýasynyň (kapitalynyň) iň pes derejesine bildirilýän talaplary özi öňe sürýär, olary barlaýar (derňeýär) hem-de ätiýaçlandyryş kompaniýalaryna, brokerlere (dellallara) we wekillere ygtyýarnama bermek bilen ätiýaçlandyryş işini gözegçilikde saklamagy amala aşyrýar.

ABŞ-da ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň iki görnüşi, ýagny paýdarlar jemgyýetleri görnüşindäki we özara ätiýaçlandyryş jemgyýetleri görnüşindäki tertipde hereket edýärler. Döwlet ätiýaçlandyryş firmalary hereket etmeýär (*3.2.1.1-nji şekil*).

*3.2.1.1-nji şekil*

**ABŞ-nyň ätiýaçlandyryş bazarynyň öňdebaryjy kompaniýalary**




*Ätiýaçlandyryş kompaniýalary ätiýaçlandyryşyň 3 görnüşini amala aşyrýarlar:*

- bekifit (ömür we saglyk, lukmançylyk, pensiýa, süýşürintgiler we ş.m. ätiýaçlandyryşy);

- täjirçilik;
- şahsy (raýatlaryň jaýlarynyň, awtoulaglarynyň we beýleki emläkleriniň ätiýaçlandyryşy (*3.2.1.2-nji şekil*).

*3.2.1.2-nji şekil*

**Ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň amala aşyrýan görnüşleri**




Ätiýaçlandyryş kompaniýalaryny özleriniň amala aşyrýan amallaryna görä ýöriteleşdirmeklik kanunçylykda bellenilendir. Ähli ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň aktiwleriniň jemi 1,6 trln. ABŞ-nyň dollaryna barabardyr. ABŞ-nyň ätiýaçlandyryş kompaniýalaryna birnäçe Pension gaznalary öz serişdeleri bilen dolandyrmaklygy ynanýarlar. Ätiýaçlandyryş kompaniýalary ol serişdeleri dolandyrýanlygy üçin ortaça dolandyrylýan serişdeleriň 0,1%-i möçberinde hak alýarlar we millonlarça girdeji gazanýarlar.

ABŞ-nyň iri ätiýaçlandyryş kompaniýalary maliýe konglomeratlary hökmünde çykyş edýärler we özleriniň golçur kompaniýalarynyň üsti bilen ätiýaçlandyryş işinden başga-da, karz amallaryny amala aşyrýarlar, müşderilere çek hyzmatlaryny edýärler, gozgalmaýan emläkler, gymmatly kagyzlar bilen bagly geleşikleri baglaşýarlar, müşderileriň tabşyrygy boýunça maliýe serişdeleriniň we emläkleriniň dolandyrmasyny ýerine ýetirýärler.

ABŞ-da şahsy ätiýaçlandyryş has uly derejede ösendir. Ätiýaçlandyryşyň bu görnüşiniň paýyna ähli ätiýaçlandyryş şertnamalaryň ¾ bölegi düşýär.

Karz-maliýe ulgamyndaky ätiýaçlandyryş ABŞ-da ikinji orunda durýar.

ABŞ-nyň ätiýaçlandyryş bazarynyň häsiýetli aýratynlygy bolup, ol ätiýaçlandyryş işinde dürli araçylaryň çykyş etmekligidir, ýagny ätiýaçlandyryş şertnamalary (polisleri) ätiýaçlandyryş wekillerinden (agentlerinden) ýa-da dellallaryndan (brokerlerinden) alynýar. Ýurtda olaryň umumy sany 500 müň adama ýetýär.

Ätiýaçlandyryş wekilleri, köplenç, bir ätiýaçlandyryş firmasy bilen şertnama baglaşyp, olaryň ätiýaçlandyryş şertnamalaryny (polislerini) onuň adyndan satyp, uzak möhletleýin esasda işleýärler.

Garaşsyz dellallar (brokerler) ilkibaşda müşderiden kesgitli şertlerde ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak üçin tabşyrygy alýarlar we şondan soňra laýyk gelýän ätiýaçlandyryş firmalary tapýarlar.

Aýratyn şahslar bilen birlikde ýöriteleşen firmlaram («Marş end Maklenns» «Aleksandr end Aleksandr» we başgalar) dellallçylyk bilen iş salyşýarlar.

## § 3.2.2 ABŞ-nyň ätiýaçlandyryş bazarynyň öňdebaryjy kompaniýalary

ABŞ-nyň ätiýaçlandyryş bazarynyň öňdebaryjy kompaniýalaryna aşakdakylar degişlidir:

«Steýt farm mýuçel otomobil inşurens kompani» (Blumington, Illinoýs). («State Farm Mutual Automobile Insurance Company» (Bloomington, Illinois).

Bu emlägi ätiýaçlandyryş boýunça iri transmilli kompaniýa. Ol 1922-nji ýylda esaslandyrylan. Ätiýaçlandyryş şertnamalarynyň dürli görnüşlerini, ýagny şahsy we köpçülikleýin, ulag serişdeleriniň ätiýaçlandyryşy, howa ulaglaryny ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş we ş.m. baglaşýar. Öz işjeňligini ABŞ-nyň we Kanadanyň çäklerinde amala aşyrýar.

«SIGNA» – ABŞ-nyň öňdebaryjylarynyň biri bolan giň diwersifisirlenen ätiýaçlandyryş kompaniýasydyr. Ol, «Konnektikut jeneral korp.» we «INA korp.» kompaniýalaryň birleşmegi netijesinde 1982-nji ýylda esaslandyryldy. «SIGNA» holdinginiň ştab-kwartirasy Filadelfiýada ýerleşýär. Korporasiýanyň esasy bähbitleri emlägi we

jogapkärçiligi ätiýaçlandyrmak bilen bagly bolup, birnäçe golçur firmalary pensiýa we şahsy ätiýaçlandyryş, dellallçylyk amallary bilen meşguldyrlar. Kompaniýanyň golçur firmalary 160 ýurtda hereket edýärler, olarda 48 müň adam zähmet çekýär.

«Amerikan interneşnl grup», AIG («American International Group» ABŞ-da söwda we senagat töwekgelçiliklerini ätiýaçlandyryjy iri kompaniýadyr. 1919-njy ýyldan bäri hereket edýän, ştab-kwartirasy Nýu-Ýorkda ýerleşen, dünýäniň 44 sany golçur kompaniýasyny gözegçilikde saklaýan holding kompaniýadyr. Kompaniýanyň düzüminde 92 müň işgär işleýär we 130 döwletiň çägindäki 50 mln. müşderä hyzmat edýär. ABŞ-da ömür ätiýaçlandyryşy boýunça 1-nji orunda durýar.

«Olsteýt inşurens kompani» («All-State Insurance Company») emlägi ätiýaçlandyryş boýunça iri transmilli kompaniýalaryň biri bolup, 1972-nji ýylda Illinoýs ştatynda esaslandyryldy. Bu kompaniýa ätiýaçlandyryş şertnamalarynyň dürli görnüşlerini, ýagny ýangyndan, suw almadan, ýer titremeden, awtoulag heläkçiliginden, betbagtçylykly hadysalardan, howa ulaglarynda ätiýaçlandyryşy baglaşýar. Kompaniýa 15 sany golçur firmany özünde jemläp, işjeňligini ABŞ-da we daşary ýurtlarda amala aşyrýar.

«Kontinental korporeýşn» («Continental Corporation») ABŞ-da göwrümi boýunça dördünji orunda duran ätiýaçlandyryş kompaniýa bolmak bilen, ol 1863-nji ýylda esaslandyryldy. Bu diwersifisirlenen kompaniýada 16,5 müň adam işleýär. Kompaniýa dünýäniň 100-den gowrak ýurdunda ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň giň göwrümini hödürleýär. Soňky ýyllarda kompaniýa öz işjeňligini, transmilli kompaniýalar bilen işewür aragatnaşyklary saklamak babatda ösdürýär. Daşary ýurtlardaky işewürligini, esasan, Germaniýada, Kanadada, Günorta – Gündogar Aziýada amala aşyrýar. Kompaniýa ulag ätiýaçlandyryşynda we gaýtadan ätiýaçlandyryşda ýöriteleşendir.

«Prudenşl inşurens kompani of Amerika» («The Pridential Insurance Company of America») ömri ätiýaçlandyryş boýunça iri transmilli kompaniýalaryň biri bolup, 1873-nji ýylda esaslandyrylypdyr. Kompaniýa, 1979-njy ýylda «Soni» kompaniýasy bilen bilelikde Ýaponiýada ömür ätiýaçlandyryşy boýunça ätiýaçlandyryş kompaniýasyny döredýär we onuň 50%-ni özünde jemleýär. Bu

kompaniýanyň baglaşýan ätiýaçlandyryş şertnamalary dürli-dürli bolmak bilen, şahsy we köpçülikleýin ätiýaçlandyryş, ömür ätiýaçlandyryşy, pensiýa we lukmançylyk ätiýaçlandyryşy öz içine alýar (*3.2.2.1-nji şekil*).

*3.2.2.1-nji şekil*

**ABŞ-nyň ätiýaçlandyryş bazarynyň öňdebaryjy kompaniýalary**




# III.III bap. Beýik Britaniýanyň ätiýaçlandyryş bazary

## §3.3.1. Beýik Britaniýanyň ätiýaçlandyryş bazaryna häsiýetnama

Beýik Britaniýanyň ätiýaçlandyryş bazary Germaniýanyň bazary bilen, dürli görkezijiler boýunça dünýäde 3–4-nji orunlary paýlaşýarlar. 2002-nji ýyl ýagdaýyna jemi ätiýaçlandyryş baýraklarynyň möçberi ABŞ-nyň 237 mlrd.dollaryna deň bolup, onuň 12,8%-i ulagätiýaçlandyrşa, 19,8%-i ýangyn we betbagtçylykly hadysalar ätiýaçlandyryşa, 1,0%-i awiasion we ulag ätiýaçlandyryşa, 67,3%-i ömür ätiýaçlandyryşa degişlidir.

Beýik Britaniýanyň ätiýaçlandyryş işewürligi birnäçe ýylyň dowamynda dünýäniň maliýe merkezi bolan Londonda jemlenen-

dir. Iri ätiýaçlandyryş bazarlarynyň biri bolan, Londonyň halkara ätiýaçlandyryş bazary birnäçe döwletleriň we kompaniýalaryň maliýe çeşmelerine hyzmat edýär. Londonyň halkara ätiýaçlandyryş bazarynyň abraýy, ätiýaçlandyryş işinde özlerini professionallyk derejeleri bilen tanadan hünärmenlere, bazaryň ýokary derejede ösen infrastrukturasyna, şeýle hem dünýä belli bolan «Lloýd» korporasiýasynyň bu maliýe merkezinde ýerleşmekligine esaslanýar. Dünýäniň iri ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň wekilçilikleri ýa-da golçur firmalary Londonda ýerleşendir. Bu ýerde has gadymy we abraýly klassifikasion jemgyýet – «Lloýdyň» gämi gatnaw Registri işleýär. Londonda işjeňlikleri halkara häsiýetli bolan, birnäçe halkara ätiýaçlandyryş guramalaryň ştab-kwartiralary ýerleşýär.

Beýik Britaniýada şahsy ätiýaçlandyryşda ýöriteleşen ätiýaçlandyryş kompaniýalary, pension gaznalary (fondlary), şeýle hem ilata gozgalmaýan emläkleri ýerleýän (satýan) inwestision kompaniýalar (gurluşyk jemgyýetleri) tarapyndan amala aşyrylýar. Ätiýaçlandyryşyň bu ugry boýunça ýygnalýan tölegler soňky ýyllarda durnukly ösüş häsiýetine eýe boldy.

Beýik Britaniýada pensiýa kanunçylygynyň kabul edilmegi bilen, zähmete ukyply ilat tarapyndan hususy pension ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň ätiýaçlandyryş şertnamalary (polisleri) satyn alynýar we ol pudak boýunça tölegleriň möçberi artýar.

Ilatyň arasynda emläk ätiýaçlandyryşy eýýäm däp bolup gelýän görnüşleri boýunça, ýagny hususy ýeňil awtoulaglaryň we jaýlaryň, öý emläkleriniň, raýat jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşy boýunça amala aşyrylýar. Emläk ätiýaçlandyryşy hem özüniň ösüş depgini bilen durnukly häsiýetlendirilýär.

Beýik Britaniýanyň ätiýaçlandyryş bazarynyň gurluş düzümi hususy eýeçilik – paýdarlar jemgyýetleri görnüşindedir. Halkara ähmiýetli, milli ätiýaçlandyryş bazarynyň özbaşdak iri pudagy bolan «Lloýd» ätiýaçlandyryş korporasiýasydyr.

Beýik Britaniýada ätiýaçlandyryş işini amala aşyrmak üçin ygtyýarnamasy bolan 800-den gowrak ätiýaçlandyryş kompaniýalary hereket edýär. Bu dünýäniň ätiýaçlandyryş bazarynyň 20%-ne deň diýmekdir.

Britaniýanyň ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň dünýäniň 43 döwletinde 608 sany bölümi işleýär we dünýäniň ätiýaçlandyryş baýraklarynyň 10%-ne eýedir.

Ýewropa Bileleşiginiň direktiwalary esasynda Beýik Britaniýanyň ätiýaçlandyryş kompaniýalary ätiýaçlandyryş işewürliginden başga biznes bilen meşgul bolmaklyga hukugy ýokdur.

*Beýik Britaniýada giňden ösen ätiýaçlandyrylyşyň görnüşleri:*

- awtoulag serişdeleriniň eýeleriniň ätiýaçlandyrylyşy;
- awiadaşaýjylaryň ätiýaçlandyrylyşy;
- haýwanlaryň eýeleriniň üçünji tarapyň öňündäki raýat jogapkärçiliginiň hökmany ätiýaçlandyrylyşy;
- aklawjylaryň, buhgalterleriň ätiýaçlandyrylyşy;
- ätiýaçlandyryş dellallarynyň ätiýaçlandyrylyşy;
- atom energetika enjamlarynyň operatorlarynyň üçünji tarapyň öňündäki proffesional jogapkärçiliginiň hökmany ätiýaçlandyrylyşy (*3.3.1.1-nji şekil*).

*3.3.1.1-nji şekil*

**Beýik Britaniýada ätiýaçlandyryşyň ösen görnüşleri**



Beýik Britaniýada ätiýaçlandyryş işjeňligi 1982-nji ýylda kabul edilen «Ätiýaçlandyryş kompaniýalar hakyndaky» kanun (Insurance Companies Act) bilen düzgünleşdirilýär.

Beýik Britaniýada ätiýaçlandyryş araçylarynyň işjeňligi 1977-nji ýylda kabul edilen «Ätiýaçlandyryş dellallary bellige almak hakyndaky» kanun (Insurance Brokers Registration Act) bilen düzgünleşdirilýär (*3.3.1.2-nji şekil*).

Beýik Britaniýada Döwletiň ätiýaçlandyryş gözegçisi wezipesini Söwda we senagat Departamentiniň ätiýaçlandyryş bölümi amala aşyrýar.

*3.3.1.2-nji şekil*

**Beýik Britaniýanyň ätiýaçlandyryş bazarynyň hukuk binýady**




## § 3.3.2. Beýik Britaniýanyň ätiýaçlandyryş bazarynyň kompaniýalary

Döwletiň ätiýaçlandyryş ulgamynda hereket edýän öňdebaryjy kompaniýalaryna aşakdakylar degişlidirler:

➢ *«Roýal inşurens kompani Ltd.» («Royal Insurance Company, Ltd.»).*

Ýangyn we betbagtçylykly hadysalar ätiýaçlandyryşy, şeýle hem senagat ätiýaçlandyryşy bilen meşgullanýan bu kompaniýa 1845-nji ýylda esaslandyrylan. Öz işini ABŞ-nyň, Kanadanyň, Niderlandlaryň we Awstraliýanyň çäklerinde amala aşyrýar. Mundan başga-da «Roýal» Beýik Britaniýada ýerleşen «Roýal reinşurens» gaýtadan ätiýaçlandyryş kompaniýasyny gözegçilikde saklaýar. Onuň ABŞ-da – 80-den gowrak, Kanadada – 56, Awstraliýada – 36 sany bölümleri

işleýär. Bu kompaniýa dünýäniň ýene-de 53 döwletinde özüniň halkara işjeňligini amala aşyrýar.

➢ *«Prudenşl eşurens kompani Ltd.» («Prudential Assurance Company, Ltd.»).*

Britaniýanyň öňdebaryjylarynyň biri bolan, ömür ätiýaçlandyryşy boýunça işleýän kompaniýadyr. Ol 1848-nji ýylda esaslandyryldy we ömri ätiýaçlandyryşy bilen meşgullanýan firmalaryň arasynda onluga girýär.

➢ *«Merkantaýl end jeneral reinşurens kompani PLK.», («Mercantile and General Reinsurence PLC»).*

Beýik Britaniýanyň gaýtadan ätiýaçlandyryş iri kompaniýasydyr. Ol 1907-nji ýyldan bäri hereket edýän we dünýäniň köp ýurtlarynda gaýatadan ätiýaçlandyryşyň dürli görnüşlerini amala aşyrýan köpugurly kompaniýadyr. Onuň ätiýaçlandyryş baýraklarynyň esasy bölegi ýangyn we betbagtçylykly hadysalar ätiýaçlandyryşyndan gelýär we ikinji orunda deňiz we awiasion ätiýaçlandyryşyndan alynýan tölegler durýar.

➢ *Lloyd's of London, Londonyň Lloýdy ýa-da Lloýd.*

Bu dünýä belli ätiýaçlandyryş bazaryna, köplenç ýalňyşlyk bilen ätiýaçlandyryş kompaniýasy hem diýilýär. Ol ýerde anderraýterler ätiýaçlandyryş dellallary bilen ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşmak üçin duşuşýarlar.

Lloýd öz adyny kafeniň (kofeýnýäniň) eýesi Edward Lloýdyň adyndan alýar. Ol kafe XVII asyrda (1688ý.) deňizçileriň, söwdagärleriň, gämileriň eýeleriniň arasynda meşhur ýer bolupdyr we olar öz aralarynda täzelikleri paýlaşypdyrlar.

1871-nji ýylda Angliýanyň Parlamenti tarapyndan Lloýdyň akty (Lloyd's Act) kabul edilýär we bu resminama onuň işiniň hukuk esasy bolup durýar. Şol seneden bäri Lloýd ätiýaçlandyryş korporasiýasy hökmünde çykyş edýär.

Lloýd korporasiýasynda adamlaryň we firmalaryň iki görnüşi bolup, olaryň birinjileri korporasiýanyň agzalarydyr, ikinjileri bolsa,

korporasiýanyň agzalaryna ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş şertnamalaryny baglaşmak üçin Lloýdyň müşderilerini hödürleýän proffessional dellallar, wekillerdir.

2009-njy ýylyň başyna Lloýdyň düzümi aşakdaky görnüşde bolupdyr:

*Korporasiýanyň agzalary:*

– 1238 sany korporatiw agza;

– 773 sany jogapkärçiligi çäklendirilmedik agza.

*Bazara gatnaşyjylar:*

– 51 sany wekil;

– 87 sany sindikat

– 176 sany sertifisirlenen dellallar.

Lloýdyň syýasaty dürli görnüşdäki obýektleri we töwekgelçilikleri ätiýaçlandyrmakdyr. Lloýdyň adaty bolmadyk, seýrek duş gelýän (unikal) töwekgelçilikleri ätiýaçlandyrmak tejribesi hem bardyr (*3.3.2.1-nji şekil*).

*3.3.2.1-nji şekil*

**Beýik Britaniýanyň ätiýaçlandyryş bazarynda hereket edýän kompaniýalar**



# III.IV bap. Germaniýanyň ätiýaçlandyryş bazary

## § 3.4.1. Germaniýada ätiýaçlandyryş bazarynyň gurnalyşy

Germaniýanyň ätiýaçlandyryş bazary birnäçe aýratynlyklary bilen tapawutlanýar.

*Birinjiden,* ätiýaçlandyryş biznesi iri senagat kapitaly bilen özara bagly gatnaşykda, ýagny kapitala we dolandyryşa bile gatnaşýarlar.

*Ikinjiden,* ätiýaçlandyryş bazary döwletiň berk gözegçiliginde saklanýar. Germaniýada ätiýaçlandyryş işi, ätiýaçlandyryşyň hukuk esaslaryny özünde jemleýän «Döwlet ätiýaçlandyryş gözegçiligi hakyndaky» Kanun esasynda kadalaşdyrylýar. Germaniýada hereket edýän milli we daşary ýurt ätiýaçlandyryş kompaniýalary döwlet ätiýaçlandyryş gözegçiligine hökmany degişlidir. Germaniýada bu wezipe, ätiýaçlandyryş guramalarynyň işjeňligine gözegçilik boýunça Federal edara (BAV) tarapyndan ýerine ýetirilýär. Beýleki döwletlerde bolşy ýaly, bu gözegçilik edarasynyň maksady, ätiýaçlandyrýanlaryň bähbitlerini goramakdyr.

*Üçünji* esasy aýratynlygy, bank ätiýaçlandyrylyşy ösen (bankossýurens) (banklar bank hyzmatlaryndan başga ätiýaçlandyryş amallary bilen hem meşguldyrlar) (*3.4.1.1-nji şekil*).

*3.4.1.1-nji şekil*

**Germaniýanyň ätiýaçlandyryş bazarynyň aýratynlyklary**



Germaniýada daşary ýurt kapitalyna hiç hili kanunçylyk tarapyndan gadaganlyk bolmasa-da, nemesleriň ätiýaçlandyryş bazary ýapyk hasaplanýar. Bu ilatyň psihilogiýasy bilen bagly, ýagny nemesler öz ätiýaçlandyryjylaryny ileri tutýarlar. Ätiýaçlandyryş hyzmatlary däp bolup gelýän hyzmatlar, Germaniýanyň ätiýaçlandyryjylary töwekgelçilikli hyzmatlaryň tarapdary däl. Germaniýanyň ätiýaçlandyryş bazarynda emläk ätiýaçlandyryşy – 51%-e, şahsy ätiýaçlandyryş – 37% -e we lukmançylyk ätiýaçlandyryşy – 12% -e deňdir.

Germaniýada 115 sany şahsy ätiýaçlandyryş bilen meşgullanýan ätiýaçlandyryş jemgyýetleri, 230 sany döwlete dahylsyz pension gaznalary, 56 sany lukmançylyk ätiýaçlandyryş guramalary, 35 sany ýörite gaýtadan ätiýaçlandyryş kompaniýalary we başga-da 330 sany ätiýaçlandyryjy firmalar hereket edýär. Germaniýanyň ätiýaçlandyryş bazarynda daşary ýurtly ätiýaçlandyryjylaryň paýyna 13% düşýär, olaryň arasynda Şweýsariýanyň ätiýaçlandyryjy kompaniýalary liderligi (9%) eýeleýär (*3.4.1.2-nji şekil*).

*3.4.1.2-nji şekil*

**Ätiýaçlandyryş bazarynda hereket edýän guramalaryň we firmalaryň düzümi**



Germaniýanyň ätiýaçlandyryş bazarynda paýdarlar ätiýaçlandyryş jemgyýetleri, özara ätiýaçlandyryş jemgyýetleri we döwlet ätiýaçlandyryş korporasiýalary öz işlerini amala aşyrýarlar.

Germaniýanyň ätiýaçlandyryjylarynyň ätiýaçlandyryş işinden başga iş bilen meşgul bolmaklyga hukuklary ýokdur.

Germaniýada hökmany ätiýaçlandyryş hem amala aşyrylýar. Federal kanun esasynda, iş berijiler özleriniň hakyna tutup işledýän işgärleriniň öňündäki jogapkärçiliklerini (önümçilik şikes alanda ýa-da zähmetiň zyýanly şertleri üçin) hökmany ätiýaçlandyrmaga degişli, şeýle hem, awtoulag serişdeleriniň eýeleriniň, awiadaşaýjylar, awçylaryň üçünji taraplaryň öňündäki raýat jogapkärçiliginiň hökmany ätiýaçlandyryşy;

– adwokatlaryň, buhgalterleriň, atom energetika stansiýalarynyň (enjamlarynyň) operatorlarynyň üçünji tarapyň öňündäki proffesional jogapkärçiliginiň hökmany ätiýaçlandyryşy bellenilendir. Käbir federal sebitlerde ýangyna garşy hökmany ätiýaçlandyryş hem ýola goýulandyr.

1871-nji ýyldan bäri Germaniýada degişli kanun hereket edip, oňa laýyklykda islendik adam başga adamlara ýetiren zyýanynyň öwezini dolmaly, eger-de ol bilgeşleýin bolmasa-da. Olara ätiýaçlandyryş kompaniýalaryny saýlamaklyga şert döredilýär. Mysal üçin, awtoulaglaryň eýeleri özleriniň raýat jogapkärçiligini ätiýaçlandyrmazdan ýeke awtoulagam ýol hereketine goýberilmeýär. Germaniýada häzir bu ätiýaçlandyryş hyzmatyny hödürleýän 120 sany ätiýaçlandyryş kompaniýa hereket edýär. Awtoulagyň eýesi adamyň ömrüne şikes ýetirmekden ätiýaçlandyryşy 1 mln.nemes markasy möçberinde we emläge zyýan ýetirmekden ätiýaçlandyryşy 400.000 nemes markasy möçberinde ätiýaçlandyrmaga borçludyr.

Germaniýanyň «Hermes» döwlet ätiýaçlandyryş firmasy nemes ekspotýorlarynyň töwekgelçiliklerini öz üstüne alýan ätiýaçlandyryjy hökmünde dünýä bellidir.

Iri ätiýaçlandyryş kompaniýalaryň hatarynda «Koloniýa» ätiýaçlandyryş jemgyýetini, «Gerling» ätiýaçlandyryş konsernini we «Allianz» ätiýaçlandyryş kompaniýasyny görkezmek bolýar.

Germaniýada «Allianz» lider ätiýaçlandyrjy guramadyr. Bu kompaniýa özüniň 100 ýyllygyny 1990-njy ýylda bellän ätiýaçlandyryş

gurama bolup, dünýäde belli 10 kompaniýanyň sanawyna goşulýar we Germaniýanyň ätiýaçlandyryş bazarynyň 20%-ni özünde saklaýar hem-de ömür ätiýaçlandyryşyň 42%-ni we ätiýaçlandyryşyň beýleki pudaklarynyň 38%-ni özünde jemleýär. «Allianz» Ýewropada iri ätiýaçlandyryş kompaniýalaryň biri hasaplanýar.

Germaniýada ikinji orunda «R+V» ätiýaçlandyryş guramasy durýar. Bu kompaniýa oba ilatynyň we oba hojalyk önümçiliginiň ätiýaçlandyryşy boýunça ýöriteleşen kooperatiwdir.

Germaniýa gaýtadan ätiýaçlandyryşyň dünýä merkezi bolmak bilen, özünde 1846-njy döredilen Kýoln gaýtadan ätiýaçlandyryş guramasyny, Mýunhen gaýtadan ätiýaçlandyryş guramasyny jemleýär.

Soňky ýyllarda nemes ätiýaçlandyryş kompaniýalaryna öz işjeňliklerini iternasionallaşdyrmak häsiýeti mahsusdyr. Halkara ätiýaçlandyryş amallary daşary ýurtlardaky şahamçalarynyň we wekilçilikleriniň üsti bilen gözegçilikde saklanýar. Şahamçalarynyň köp bölegi günbatar ýewropa döwletlerinde ýerleşmek bilen beýleki ýerlerde ätiýaçlandyryş jemgyýetleriniň kapitalyna gatnaşmak arkaly öz orunlaryny berkidýärler.

## III.V bap. Fransiýanyň we Italiýanyň ätiýaçlandyryş bazarlary

### §3.5.1. Fransiýanyň ätiýaçlandyryş bazaryna häsiýetnama

Fransuz ätiýaçlandyryş bazary Ýewropa Bileleşiginiň çäklerinde iň iri ätiýaçlandyryş bazarlaryň biridir. Ol ilkinji nobatda ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň medeniýetlilik derejesi we guramaçylyk-hukuk görnüşleri bilen ünsi özüne çekýär (*3.5.1.1-nji şekil*).

*3.5.1.1-nji şekil*

**Fransuz ätiýaçlandyryş bazarynyň özüne çekijilik görkezijileri**



Fransuz ätiýaçlandyryş bazary dünýäde 5-nji orny eýeleýär. Bellige alnan ätiýaçlandyryjylaryň sany 600-e golaý bolup, olardan 98-i ömür ätiýaçlandyryşy we 360-y ätiýaçlandyryşyň beýleki görnüşleri bilen bilen meşgullanýar.

Fransuz ätiýaçlandyryş kompaniýalary we olaryň daşary ýurtlardaky şahamçalary tarapyndan her ýylda ýygnalýan ätiýaçlandyryş baýraklarynyň umumy möçberi ABŞ-nyň 125 mlrd. dollaryndan gowrak bolup, onuň 64%-ni ömür ätiýaçlandyryşy boýunça alynýan ätiýaçlandyryş tölegler tutýar.

Fransiýanyň ätiýaçlandyryş bazarynyň 40%-ne golaýyny 5 sany iri ätiýaçlandyryjylar eýeleýärler, 58%-ne golaýyny 10 sany ätiýaçlandyryjy kompaniýalar tutýar. Häzirki wagtda ätiýaçlandyryş dellal kompaniýalaryň arasynda birikmeklik işi işjeň geçýär, bu bolsa globallaşma tarap ymtylyşyň bardygyna şaýatlyk edýär.

Fransiýada ätiýaçlandyryş işjeňligini düzgünleşdirýän kanunçylyk nama bolup Ätiýaçlandyryş Kodeksi (Code d'assurances) çykyş edýär. Şol Kodekse laýyklykda ätiýaçlandyryjy özüniň amala aşyrjak bolýan ätiýaçlandyryş amallarynyň her görnüşi boýunça Maliýe ministrliginden aýratyn rugsat almaklyga borçludyr. Kodeksde ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň paýdarlar ätiýaçlandyryş jemgyýetleri we özara ätiýaçlandyryş jemgyýetleri diýen iki görnüşi göz öňünde tutulandyr. Gaýtadan ätiýaçlandyryş kompaniýalar paýdarlar jemgyýetleri, kommandit birleşikleri ýa-da özara ätiýaçlandyryş jemgyýetleri görnüşinde döredilip bilinýär (3.5.1.2-nji şekil).

*3.5.1.2-nji şekil*

**Ätiýaçlandyryş kärhanalaryň eýeçilik-hukuk görnüşleri**



Fransiýada ätiýaçlandyryş işine gözegçiligi amala aşyrýan gurama bolup, 1989-njy ýylda döredilen garaşsyz gurama – Ätiýaçlandyryş işjeňligine gözegçilik Topary (Комиссия по контролю за страховой деятельностью) çykyş edýär. Topar 5 sany agzadan ybarat bolup, olar Fransiýanyň Maliýe ministrligi tarapyndan 5 ýyl möhlete bellenilýär.

Fransiýada beýleki edara görnüşli taraplar ýaly, ätiýaçlandyryş kompaniýalar hem peýda salgydyny tölemeli bolýarlar, onuň möçberi 33%-e deň. Fransiýanyň salgyt kodeksine laýyklykda ätiýaçlandyryş kompaniýalary GBÜS-den (goşulan baha üçin salgytdan) boşadylandyrlar.

Ätiýaçlandyryş hyzmatlary 17 müňden gowrak araçy dellallaryň we wekilleriň üsti bilen, şeýle hem ätiýaçlandyryjylaryň ofislerinde amala aşyrylýar. Ömür ätiýaçlandyryşy hakyna tutma gullukçylaryň üsti bilen goşmaça amala aşyrylýar.

Fransuz ätiýaçlandyryjylarynyň işjeňliginde täze ugur – halkara ätiýaçlandyryş geleşikleri döredi. Bu işjeňlik boýunça dünýäde Beýik Britaniýadan we Şweýsariýadan soň Fransiýa üçünji orny eýeleýär. Fransuz ätiýaçlandyryjylary dünýäniň 60-dan gowrak döwletinde öz işjeňliklerini ýaýbaňlandyrdylar we olaryň 460-dan gowrak şahamçalary bar.

Fransiýada iri ätiýaçlandyryş bileleşik Ýunion des assurans de Pari (UAP) (Union des assurances de Paris) bileleşigidir. Bu kompaniýa dünýäniň 33 sany öňdebaryjy ätiýaçlandyryş jemgyýetleriniň içinde ýeke-täk fransuz kompaniýasydyr. Kompaniýanyň Fransiýada 4 şahamçasy we daşary ýurtlarda (Italiýada, Niderlandlarda, Belgiýada, Ispaniýada, Germeniýada) 13 sany şahamçasy bolup, gaýtadan ätiýaçlandyryş amallaryny işjeň amala aşyrýar.

Fransiýanyň iri gaýtadan ätiýaçlandyryş jemgyýeti «SKOR» («Societe Commerciale de reassurance») dünýäniň öňdebaryjy 15 sany gaýtadan ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň hataryna girýär. Onuň gaýtadan ätiýaçlandyryşa alýan baýraklarynyň möçberi ýylda ortaça 4 mlrd. ýewro golaýlaýar we kompaniýanyň dünýäniň öňdebaryjy gaýtadan ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň hatarynda saklanmaklygyna ýardam edýär.

AXA Re, Sorema Mutuelles Agricoles, SAFR ýaly gaýtadan ätiýaçlandyryş kompaniýalaryny hem belläp geçmek bolar.

24. Sargyt № 2539

*Kurtýe* – ätiýaçlandyryş dellaly, ol ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň öňünde öz müşderileriniň bähbitlerini goraýar.

*Esasy fransuz kurtýeleri:*

– Cesar et Jutheau;
– Gras & Savoye;
– Le Blanc & de Nicolay.

## §3.5.2. Italiýanyň ätiýaçlandyryş bazarynyň gurnalyşy

Italiýada ätiýaçlandyryş işiniň taryhy köki orta asyrlardan gaýdýar. Taryhdan belli bolşuna görä ilkinji ätiýaçlandyryş şertnamasy 1347-nji ýylda Genuýede resmileşdirilendir. 1751-nji ýylda deňiz ätiýaçlandyryşyny amala aşyrmak üçin ilkinji ätiýaçlandyryş jemgyýeti, 1752-nji ýylda ýangyn ätiýaçlandyryşy boýunça birinji jemgyýet, 1826-njy ýylda bolsa ömür ätiýaçlandyrşy boýunça ilkinji kompaniýa döredildi.

Häzirki wagtda ätiýaçlandyryş kompaniýalary beýleki döwletlerde bolşy ýaly Italiýanyň ykdysadyýetinde uly orny tutmaýarlar. Italiýanyň häzirki zaman ätiýaçlandyryşynyň esasy sypatlary – ätiýaçlandyryş ulgamynyň konserwatizmligi, täzelikleri haýallyk bilen girizmekligi, ätiýçlandyryş kompaniýalarynyň işleriniň ähli tarapdan berk döwlet gözegçiliginde bolmaklygy bilen tapawutlanýar.

Italýan ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň umumy düýpli maýa goýumlarynyň möçberi 320 milliard ýewro deňdir, jemi ätiýaçlandyryş baýraklarynyň möçberi bolsa 100 milliard ýewrodan hem geçdi.

*Italiýada hökmany ätiýaçlandyryşda aşakdakylar degişlidir:*

- awtoulag serişdeleriniň üçünji tarapyň öňündäki raýat jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyrylyşy;
- gämileriň eýeleriniň jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyrylyşy;
- ýadro töwekgelçiliginiň ätiýaçlandyrylyşy;
- poçtany eltip bermeklik jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyrylyşy;
- awiadaşaýjylaryň jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyrylyşy;
- tankerleriň eýeleriniň nebitiň dökülmegi üçin jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyrylyşy;

- gyşky sport merkezleriniň operatorlarynyň jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyrylyşy (*3.5.2.1-nji şekil*).

*3.5.2.1-nji şekil*

**Italiýada hökmany ätiýaçlandyryşyň görnüşleri**




Italiýada 211 sany ätiýaçlandyryş jemgyýeti hereket edip, olaryň 6-sy diňe gaýtadan ätiýaçlandyryş, 25-i ömür ätiýaçlandyryşy, 27-si ömür we emläk ätiýaçlandyryşy, galan 135-i diňe emläk ätiýaçlandyryşy bilen meşgullanýar (*3.5.2.2-nji şekil*).

*3.5.2.2-nji şekil*

**Ätiýaçlandyryş jemgyýetleri**




211 jemgyýetiň 163 sanysy milli kapital esasynda we 48 sanysy daşary ýurt kapitalynyň gatnaşmagynda döredilendirler (*3.5.2.3-nji şekil*).

*3.5.2.3-nji şekil*

**Ätiýaçlandyryş jemgyýetleriniň dörediliş maýasy**




Umumy ätiýaçlandyryş baýraklarynyň 50%-ne golaýy awtoulaglar bilen bagly töwekgelçiliklere degişlidir. Ätiýaçlandyryş kompaniýalaryň köpüsi hususy paýdarlar jemgyýetleridir.

Italiýanyň iri ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň biri bolup, 1831-nji ýylda esaslandyrylan «Assikurasioni jenerali» (Assicurazioni Generali) çykyş edýär.

«Fortune» zurnalynyň neşir edýän dünýäniň iri korporasiýalarynyň sanawyndaky 500 sany kompaniýalaryň içinde «Assikurasioni jenerali» 29-njy orunda durýar. Onuň kapitaly 52 müňe golaý paýdarlara degişli bolup durýar. Ol kompaniýa dünýäniň öňdebaryjy 10 sany ätiýaçlandyryş jemgyýetleriniň hataryna goşulýar we daşary ýurtlarda giň gerimli şahamçalara eýedir hem-de ol ätiýaçlandyryşyň ähli görnüşleri (emläk, ömür ätiýaçlandyryşy, gaýtadan ätiýaçlandyryş) bilen işleşýär. Häzirki wagtda onuň paýyna Italýan ätiýaçlandyryş bazarynyň 20–22%-i düşýär. Kompaniýanyň ýyldaky umumy alýan ortaça ätiýaçlandyryş baýraklarynyň jemi 50 milliard ýewro golaýlaýar. Bu kompaniýanyň ätiýaçlandyryş baýraklary, esasan, halkara ätiýaçlandyryş amallaryndan alynýar, italýan bazaryndan çeken serişdeleri umumy alan serişdeleriniň 40%-ni düzýär. «Assikurasioni jenerali» Izraýylyň ätiýaçlandyryş bazarynyň 20-ni we Wengriýanyň bazarynyň 18%-ni gözegçilikde saklaýar. Italiýanyň ömür ätiýaçlandyryş bazarynyň 12%-nden az bolmadyk göwrümini we emläk ätiýaçlandyryş bazarynyň 8%-nden az bolmadyk möçberini özünde jemleýär.

Soňky ýyllarda «Assikurasioni jenerali» diňe bir ýewropa bazarynda öz abraýyny artdyrman, eýesem dünýä derejesinde öz hyzmatlaryny hödürleýän firma hökmünde tanadýar. Kompaniýa tara-

pyndan Hytaýyň bazarynda hem uly işler alnyp barylýar, hususanam «Assikurasioni jenerali» bilen Hytaýyň milli nebit kompaniýasynyň (CNPC) hyzmatdaşlyk gatnaşygyny mysal getirmek bolýar.

Italýan ätiýaçlandyryş biznesi diňe mega-kompaniaýlara daýanman, eýsem orta topardaky ätiýaçlandyryş kompaniýalara hem bil baglaýar. Olaryň biri-de «Unipol» (uniwersal polis) ätiýaçlandyryş kompaniýasydyr, onuň baş ofisi Bolonýe şäherinde ýerleşýär. Bu ýaş kompaniýa 1973-nji ýylda söwda, gurluşyk, oba hojalyk we hyzmat pudaklarynda işleýän kooperatiwler we hususy kärhanalar tarapyndan döredildi. «Unipol» italýan kärdeşler arkalaşyklarynyň hem kompaniýasy hasaplanylýar, sebäbi onuň 51% paýnamasy kärdeşler arkalaşygyna degişlidir, galan 49%-i fond biržalarynda erkin söwdada satylýar. Kompaniýa ýylda jemi ortaça 7 mlrd. ýewro ätiýaçlandyryş baýraklaryny ýygnap, italýan ätiýaçlandyryş bazarynyň 7,7%-ni eýeleýär. Müşderileriniň sany 6200000-e ýetýär, düýpli maýa goýumlarynyň möçberi 29 mlrd. ýewro barabardyr.

Italýan ätiýaçlandyryş bazary näçe özüni berk tutan hasaplansa-da onuň içinde täze gatnaşyjylara-da orun berilýär. Muňa ömür ätiýaçlandyryşy bilen meşgullanýan «Poste Vita» kompaniýasyny mysal getirmek bolýar. Ol öz binýadyny ozaldan hereket edýän poçta guramalaryndan alyp gidýar. Dört ýylyň içinde bu ätiýaçlandyryjy 1 185.000 müşderini özüne çekmegi başarýar we dördünji ýylyň jemi boýunça 34 million ýewro peýda gazanýar.

## III.VI bap. Ýaponiýanyň ätiýaçlandyryş bazary

### § 3.6.1. Döwletiň ätiýaçlandyryş bazarynyň düzümi

Ýaponiýanyň ätiýaçlandyryş bazary dünýäde özüniň göwrümi boýunça ABŞ-dan soň ikinji orny eýeleýän milli bazardyr. Umumydünýä ätiýaçlandyryş baýraklarynyň 40%-i Ýaponiýanyň paýyna düşýär (675 mlrd.dollar, şol sanda 61%-i ömür ätiýaçlandyryşyna we 39%-i ätiýaçlandyryşyň beýleki görnüşlerine degişli).

Ýaponiýada ätiýaçlandyryş işiniň ösüşi Meýdzi dinastiýasynyň (1867–1868ý.) dikeldilmeginden soň başlanýar. «Ätiýaçlandyryş hakynda» ilkinji kanunyň kabul edilen pursatyna çenli eýýäm 43 sany ätiýaçlandyryş kompaniýasy hereket edýärdi. Ýaponiýada ätiýaçlandyryş işini düzgünleşdirmeklik 1898-nji ýylda «Täjirçilik kodeksiň» (Kommerçeskiý kodeks) kabul edilmegi bilen başlanýar. Ol kodeksde ätiýaçlandyryjylaryň işjeňligini gözegçilikde saklamak baradaky düzgünler öz ornuny tapypdyr. Kanundan başga-da, «Ýaponiýanyň çäklerinde daşary ýurtly ätiýaçlandyryjylar we olaryň işine gözegçilik hakyndaky» Imperatoryň permany çykarylypdyr.

Ätiýaçlandyryjylaryň işine gözegçilik etmek üçin 1900-nji ýylda Oba hojalyk we telekeçilik işleri boýunça Ministrligiň ýanyndaky Biznes we senagat boýunça Býuronyň düzüminde ätiýaçlandyryş boýunça bölüm döredilýär. 1941-nji ýylda ätiýaçlandyryş biznesine gözegçilik etmeklik wezipesi Ýaponiýanyň Maliýe ministrligine berilýär.

Gözegçilige ygtyýarly guramanyň teklip etmegi bilen, Ýaponiýada «Gullukçylaryň hökmany ätiýaçlandyrylyşy hakyndaky» (1922 ý.), «Saglygyň milli ätiýaçlandyrylyşy hakyndaky» (1938 ý.), «Deňizçileri ätiýaçlandyrmak hakyndaky» (1939 ý.), «Işsizligi ätiýaçlandyrmak hakyndaky» (1947 ý.) we «Milli pensiýalar hakyndaky» (1959 ý.), «Ätiýaçlandyryş işi hakyndaky «kanunlar kabul edildi (*3.6.1.1-nji şekil*).

*3.6.1.1-nji şekil*

**Ätiýaçlandyryş işini düzgünleşdirýän kanunlar**



«Ätiýaçlandyryş işi hakyndaky» kanuna birnäçe gezek gaýtadan seredildi we soňky sapar oňa 1996-njy ýylda üýtgeşmeler girizildi. Bu üýtgeşmeler şu aşakdaky ýörelgelere esaslanylýar:

- bäsdeşlige ukyplylygy güýçlendirmek we ykdysadyýete döwletiň goşulmaklygyny peseltmekligiň hasabyna netijeliligi ýokarlandyrmak;
- ätiýaçlandyryş biznesini liberallaşdyrmak;
- ätiýaçlandyryş işi geçirilende deňligi we adalatlylygy üpjün etmek.

«Ätiýaçlandyryş işi hakyndaky» kanuna laýyklykda ätiýaçlandyryş ömür ätiýaçlandyrylyşy we ätiýaçlandyrylyşyň beýleki görnüşleri diýen iki pudaga bölünýär (*3.6.1.2-nji şekil*).

*3.6.1.2-nji şekil*

**Ätiýaçlandyryşyň pudaklary**




Ätiýaçlandyryjylara bir wagtda ol pudaklaryň ikisi bilen işlemeklik gadagan edilýär. Ýaponiýada, esasan, milli ätiýaçlandyryjylar hereket edýärler, daşary ýurtly ätiýaçlandyryjylaryň paýy 5%-den geçmeýär.

Ýaponiýada ätiýaçlandyryşyň esasy töwekgelçilikli görnüşleri bolup, ulag serişdeleriniň ätiýaçlandyryşy çykyş edýär. Olaryň 90%-i ätiýaçlandyryş wekilleriniň üsti bilen satylýar. Ýaponiýada 600 müňe golaý ätiýaçlandyryş wekilçilikleri ýörite ygtyýarnama esasynda işleýär. Wekilçilikleriň hyzmatlary ätiýaçlandyryjylar üçin gymmata düşýär, olara edilýän harajatlar ätiýaçlandyryjylaryň çykdajylarynyň 38%-ini tutýar. Brokerleriň (brokerleriň) işjeňligine 1996-njy ýylda rugsat berilýär we ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny ýerlemekde olaryň paýyna 1% düşýär. Soňky wagtlarda ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny göni satmaklyk ýaýbaňlanýar.

## § 3.6.2. Ýapon ätiýaçlandyrylyş kompaniýalary dünýä ätiýaçlandyryş bazarynda

Ýapon ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň dördüsi dünýäniň öňdebaryjy ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň onlugyna goşulýar we dokuzsy ellilige girýär.

*Olara şu aşakdakylar degişlidir:*

➢ *Nippon Life Insurance Company*

Ýaponiýanyň iri ätiýaçlandyryş kompaniýasy, ätiýaçlandyryş baýraklarynyň möçberi boýunça, satýan ätiýaçlandyryş şertnamalarynyň (polisleriniň) sany we aktiwleriniň jemi boýunça öňdebaryjy hasaplanylýar. 1889-njy ýylda döredilen «Nippon Life» kompaniýasy ömür ätiýaçlandyryşyň ähli görnüşlerini amala aşyrýar. Onuň Tokioda we Osakada iki sany şahamçasy bolup, ýurduň dürli künjeginde köp sanly wekilçilikleri we ätiýaçlandyryş işi bilen meşgul bolmaýan birnäçe golçur kärhanalary hereket edýär. Bu kompaniýa halkara ätiýaçlandyryşa uly üns berip, ABŞ-da, Kanadada we Günbatar Ýewropada birnäçe şahamçalary bilen öz işjeňligini amala aşyrýar.

➢ *Dai-Ichi Mutual Life Insurance*

Bu kompaniýa Ýaponiýada ikinji we dünýäde 6-njy orny eýeleýär. Ol 1902-nji ýylda esaslandyrylyp, ömür ätiýaçlandyryşyň ähli görnüşleri bilen meşgul bolýar. Birnäçe kompaniýalaryň we banklaryň maýasyna (kapitalyna) gatnaşýar, korporasiýalaryň pension gaznalaryny dolandyrýar, söwda-senagat kompaniýalaryny karz serişdeleri bilen üpjün edýär. Dünýäniň birnäçe ýurtlarynda, şol sanda Beýik Britaniýada, ABŞ-da, Braziliýada wekilçilikleri we şahamçalary eýedir. Daşary ýurt ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň köpüsi bilen işjeň hyzmatdaşlygy alyp barýar, gaýtadan ätiýaçlandyryş amallaryny amala aşyrýar, sindikatlary dolandyrmakda öňdebaryjylygy saklaýar.

➢ Sumitomo Life Insurance Company

Bu kompaniýa Ýaponiýada üçünji we dünýäde 8-nji orny eýeleýär. 1907-nji ýylda esaslandyrylyp, «Sumitomo» holdinginiň düzümine girýär. 1947-nji ýylda ömür ätiýaçlandyryşy bilen meşgul jemgyýet diýen derejä eýe bolýar. Kompaniýa «Sumitomo» toparyna

girýän söwda-senagat kompaniýalary bilen ysnyşykly hyzmatdaşlygy saklaýar. Halkara karz amallaryna gatnaşmak bilen, halkara arenasynda işjeň orny eýeleýär.

➢ *Meiji Life Insurance Company*

Bu kompaniýa Ýaponiýada dördünji we dünýäde 15-nji orny eýeleýär. Kompaniýa «Mitsubishi» holdinginiň (dzaýbasunyň) bir düzüm birligi hökmünde 1881-nji ýylda esaslandyrylan. Ömür ätiýaçlandyryşyň ähli görnüşleri bilen meşgul bolýar. «Mitsubishi Bank» we «Mitsubishi» toparyna girýän söwda-senagat, maliýe kompaniýalary bilen hyzmatdaşlygy saklaýar. Ol hyzmatdaşlyklar paýnamalar eýe bolmaklyk bilen, pension fondlary dolandyrmaga, kompaniýalary karz serişdeleri bilen üpjün etmäge hyzmat edýär. Ýaponiýanyň çäklerinde 1500 sany wekilçilikleri we iri şäherlerinde şahamçalary bar. Daşary ýurt kompaniýalarynyň birnäçesiniň Maýasyna (kapitallaryna) paýly gatnaşýar.

➢ *Yasuda Mutual Life Insurance Company*

Bu kompaniýa 1888-nji ýylda esaslandyrylan, ol ilkinji bolup ýangyn ätiýaçlandyryşyny amala aşyryp başlaýar. Kompaniýanyň ýurduň çäginde 520 sany we daşary ýurtda 37 sany ofisi hereket edýär hem-de onuň jemi 12413 işgäri bar. Ömür ätiýaçlandyryşyň ähli görnüşlerini amala aşyrýar.

➢ *The Tao Fire & Marine Reinsurance*

Ýaponiýanyň iň iri gaýtadan ätiýaçlandyryş bu kompaniýasy 1940-njy ýylda döredildi. Ozal gaýtadan ätiýaçlandyryş amallary «Lloýdyň» üsti bilen amala aşyrylýardy. Soňra ýurtda syýasy ýagdaýlaryň üýtgemegi sebäpli, «Lloýdyň» hyzmatlaryndan peýdalanmaklyga bökdençlikler döreýär we şonda Ýapon ätiýaçlandyryş kompaniýalary özleriniň «Tao Re» gaýtadan ätiýaçlandyryş kompaniýasyny döredýärler. «Tao Re» kompaniýasynyň esaslyk maýasynyň 60%-i ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň eýeçiliginde we 40%-i ýapon banklarynyň gözegçiligindedir. Bu kompaniýanyň ätiýaçlandyryş baýraklarynyň 80%-ni ýapon ätiýaçlandyryş kompaniýalaryndan alnan we 20%-ni daşary ýurt ätiýaçlandyryş kompaniýalaryndan çekilen baýraklar tutýar (*3.6.1.3-nji şekil*).

*3.6.1.3-nji şekil*

**Ýapon ätiýaçlandyryş kompaniýalary**




# III.VII bap. Şweýsariýanyň we Kanadanyň ätiýaçlandyryş bazary

## § 3.7.1. Şweýsariýanyň ätiýaçlandyryş bazarynyň gurnalyşy

Şweýsariýa ýokary derejede ösen bank ulgamly we taryhy halkara ykdysady gatnaşyklary gurnan döwlet bolmak bilen, ol ätiýaçlandyryş işiniň içerki bazarda hem-de daşarky bazarda ýokary ösen derejesine eýedir.

Ätiýaçlandyryş işiniň içerki bazardaky ösen derejesi, orta tapdaky maşgalanyň býujetinde ätiýaçlandyryş tölegleri üçin niýetlenilýän serişdeleriň möçberiniň has ýokary bolmaklygy bilen häsiýetlendirilýär. Onuň möçberi 15%-e barabardyr. Şeýlelikde orta derejedäki şweýsar maşgalasy iýmitlenmä sarp edýän harajatlaryna garanyňda, ätiýaçlandyryş töleglerini tölemeklige has köp serişdeleri sarp edýär.

Içerki ätiýaçlandyryş bazarynda şahsy ätiýaçlandyryş has ösendir, ätiýaçlandyryjylar özleriniň toplaýan ätiýaçlandyryş baýraklarynyň ýarysyndan gowragyny ätiýaçlandyryşyň şol görnüşinden alýarlar.

Dünýäniň ätiýaçlandyryş bazarynda şweýsar ätiýaçlandyryjylary gaýtadan ätiýaçlandyryş amallaryny aşyrmak bilen has berk orunlary

eýeleýärler. Daşary ýurtlardan gelýän ätiýaçlandyryş baýraklarynyň ýarysyndan gowrak möçberi şol amallaryň paýyna düşýär.

Şweýsariýada ätiýaçlandyryjylaryň işine gözegçilik etmeklik Ätiýaçlandyryşyň federal ofisi tarapyndan amala aşyrylýar.

Şweýsar ätiýaçlandyryş bazarynda jemi 117 sany ätiýaçlandyryş kompaniýalary hereket edýär, olardan 23-i şahsy ätiýaçlandyryş, 82-si umumy ätiýaçlandyryş bilen meşgullanýan ätiýaçlandyryş kompaniýalary we 12-si gaýtadan ätiýaçlandyryş bilen işleýän jemgyýetler (*3.7.1.1-nji şekil*).

*3.7.1.1-nji şekil*

**Şweýsar ätiýaçlandyryş bazarynyň düzümi**




Milli we daşary ýurt kapitalynyň berk bagly bolmaklygy, köplenç ýagdaýda şweýsar ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň ösen halkara gatnaşykly transmilli korporasiýalar bolmaklaryna getirýär. Olaryň has irileri hökmünde aşakdaky kompaniýalary bellemek bolýar.

Olardan ilkinjisi, 1872-nji ýylda esaslandyrylan, umumy ätiýaçlandyryş bilen meşgul bolýan «Sýurih ferziherungsgezelşaft» (Zurich Versicherungsgesellschaft) konsernidir. Bu konserniň düzüminde içerki bazarda we daşary ýurtlarda hereket edýän 34 sany golçur kärhanalary hereket edýär. «Surih» toparyna şweýsar bazarynyň şahsy ätiýaçlandyryş boýunça üçünji orunda durýan «Wita» kompaniýasy we umumy ätiýaçlandyryş bilen meşgullanýan iki sany «Albina» we Turegum» kompaniýalary degişlidirr. Konserniň ABŞ-da has köp

bähbitleri bardyr, ýagny onuň ol ýerde alty sany golçur kärhanasy hereket edýär. Has irisi «Sýurih ameriken», ol özüniň ätiýaçlandyryş baýraklarynyň möçberi boýunça ABŞ-nyň iri 40 sany ätiýaçlandyryş kompaniýasynyň düzümine girýär. Germaniýada «Sýurihiň» bähbitlerini ýedi sany ätiýaçlandyryş kompaniýasy goraýar. Bulardan başga-da, konserniň Kanadada, Beýik Britaniýada, Fransiýada, italiýada, Awstraliýada, Awstriýada we birnäçe beýleki döwletlerde wekilçilikleri hereket edýär.

1875-nji ýylda döredilen «Wintertur Şweýsarişe ferziherungsgezelşaft» (Winterthur Schweizerische Versicherungsgesellschaft) konserni Şweýsariýada ikinji orunda durýan ätiýaçlandyryş kompaniýasydyr. Has berk orunlary ömür we ulag ätiýaçlandyryşynda eýeleýär.

«Wintertur» konserniniň daşary ýurtlarda giň gerimli şahamçalary hereket edýär we onuň ätiýaçlandyryş baýraklarynyň ýarysyndan gowragy şol ätiýaçlandyryş kompaniýalaryndan gelip gowuşýar. Konsern Ýewropa Bileleşigine girýän döwletlerde berk orunlary tutýar. Belgiýada we Daniýada daşary ýurt kapitally iň iri ätiýaçlandyryş kompaniýa hökmünde tanalýar. Fransiýada we Italiýada daşary ýurt ätiýaçlandyryş kompaniýalaryň arasynda birinji orny eýleýär. Konserniň şahamçalary Germaniýada, Awstriýada, Portugaliýada, Beýik Britaniýada we ABŞ-da hereket edýär.

1863-nji ýylda döredilen «Şweýsarişe Rýukferziherungsgezelşaft» (Schweizerische Ruckversicherungsgesellschaft) gaýtadan ätiýaçlandyryş kompaniýasy dünýäde iri kompaniýalaryň biri hasaplanylýar. «Şweýserrýuk» kompaniýasynyň işjeňligi halkara häsiýetlidir. Kompaniýanyň ätiýaçlandyryş baýraklarynyň 95%-ne golaý möçberi daşary ýurtlardan çekilýär. Konsern ABŞ-da, Kanadada, Germaniýada, Fransiýada, Italiýada, Günorta Afrika ýurtlarynda (ЮAP), Gongkongda, Ýaponiýada we birnäçe beýleki döwletlerde işjeň hereket edýär.

1857-nji ýylda esaslandyrylan «Şweýsarişe lebensferziherungs und rentenanştalt» (Schweizerische Lebensversicherungs und Rentenanstalt) köpçülikleýin ätiýaçlandyryş bilen meşgul kompaniýa Günbatar Ýewropada iri kompaniýalaryň biri hasaplanýar. Maýa goýumlarynyň we girdejileriniň möçberi boýunça kompaniýa ähli

şweýsar ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň arasynda birinji orny eýeleýär. Umumy ätiýaçlandyryş baýraklarynyň 2/3 bölegi ýurduň içinde alnan tölegler. Kompaniýanyň şahamçalary Belgiýada, Beýik Britaniýada, Ispaniýada, Niderlandlarda, Germaniýada, Fransiýada, Lýuksemburgda işjeň hereket edýärler. Kompaniýanyň has berk orny nemes ätiýaçlandyryş bazarynyň köpçülikleýin ömür ätiýaçlandyryşy ulgamynda eýeleýär.

## § 3.7.2. Kanadanyň ätiýaçlandyryş bazarynyň gurnalyşy

Kanadada ätiýaçlandyryş işi özüniň maýa goýum kapitalyny çekmekdäki göwrümi boýunça bank işinden soň ikinji orunda durýar.

Kanadada ätiýaçlandyryş kompaniýalary ömür ätiýaçlandyryşy we ätiýaçlandyryşyň beýleki görnüşleri bilen meşgullanýan kompaniýalara bölünýärler.

Kanadada şu günki günde 305 kompaniýa federal derejede hasaba alnan, olardan 96-sy ömür ätiýaçlandyryşy (46 ýerli we 50 daşary ýurtly), 190-sy ätiýaçlandyryşyň beýleki görnüşleri bilen (92 we 98), şeýle hem, 19 sany täjirçilik däl jemgyýetler meşhullanýar (olaryň işjeňligine ätiýaçlandyryş hyzmatlary hem girýär) (11 we 8) (*3.7.2.1-nji şekil*).

Ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň 52%-i paýdarlar görnüşinde, 48%-i bilelikdäki eýeçilikde, ýagny ätiýaçlandyryş şertnamasyny satyn alan kompaniýanyň eýeleriniň biri bolýar we bir sese eýe bolýar (ätiýaçlandyryş polisiniň möçberine garamazdan).

Kanadanyň ätiýaçlandyryş bazarynda 6%-den köp bolan göwrümi eýeleýän bir kompaniýa-da ýokdur. Kanadanyň ätiýaçlandyryş bazarynda toplanan jemi ätiýaçlandyryş baýraklaryň möçberi 78 753 mln. amerikan dollaryna deň bolup, ol dünýäde ýygnalan ätiýaçlandyryş baýraklaryň 2,3%-ni tutýar. Olardan 34 456 mln. amerikan dollary ömür ätiýaçlandyryşyna degişli we 44 267 mln. amerikan dollary ätiýaçlandyryşyň beýleki görnüşlerine degişlidir.

Transport ätiýaçlandyryşy Kanadada ätiýaçlandyryşyň dürli görnüşleriniň arasyndan tapawutlanýan pudakdyr. Awtoulag seriş-

deleriniň üçünji tarapyň öňündäki raýat jogapkärçiliginiň ätiýaçlandyryşy Kanadada hökmany görnüş bolup durýar.

Ätiýaçlandyryş baýraklarynyň möçberi boýunça ikinji orunda gozgalmaýan emläkleriň ätiýaçlandyryşy durýar, üçünji ýerde jogapkärçiligiň ätiýaçlandyryşy eýeleýär.

*3.7.2.1-nji şekil*

**Kanadada federal derejede hasaba alnan ätiýaçlandyryş kompaniýalary**




Kanadada Federal derejede Maliýe edaralarynyň müdirligi döredilen, ol Kanadanyň Maliýe ministrliginiň düzüm birligi bolup durýar. Onuň wezipesine maliýe edaralaryna we ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň işjeňligine gözegçilik etmeklik girýär.

Ätiýaçlandyryş işjeňligini düzgünleşdirýän esasy kanunlar bolup, «Ätiýaçlandyryş kompaniýalar hakyndaky Akt» we «Maliýe edaralarynyň müdirligi hakyndaky Akt» çykyş edýär. (*3.7.2.2-nji şekil*).

Esasy milli ätiýaçlandyryş kompaniýalar: ING, Aviva Canada, Cooperators General, Economical Ins Group, Meloche Monnex, State Farm Ins Co's, Desjardins General, Royal & SunAUiance, Wawanesa Mutual, Lloyd's.

Esasy transmilli kompaniýalar: Sun Life of Canada, London Life, Manufacturers Life, Great-West Life, Industrial Alliance, Transamerica Life, Canada Life Financial Corp., AIG Life, RBC Life.

*3.7.2.2-nji şekil*

**Kanadanyň ätiýaçlandyryş işiniň kanunçylyk binýady**




# III.VIII bap. Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän ýurtlaryň ätiýaçlandyryş bazary

## §3.8.1. Russiýa Federasiýasynyň ätiýaçlandyryş ulgamy

Russiýa Federasiýasynyň ätiýaçlandyryş bazary durnukly depginler bilen ösýän bazar hasaplanyp, ol GDA girýän döwletleriň arasynda iň iri ätiýaçlandyryş bazarlarynyň biridir.

Russiýanyň ätiýaçlandyryş bazary Halkara ätiýaçlandyryş guramalary tarapyndan birnäçe talaplar birldirilýän bazar bolup durýar. Ol talaplardan ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň ýolbaşçylarynyň

eýeleýän wezipesine laýyk gelmeklik talabyny, kompaniýanyň paýdarlaryna we eýelerine gözegçiligi güýçlendirmek talabyny bellemek bolýar.

Russiýa Federasiýasynda ätiýaçlandyryş işi baradaky kanunlary hemişe kämilleşdirilýär we ätiýaçlandyryş bazarynda professionallaryň geriminiň giňemegine hem-de netijeli ätiýaçlandyryş işjeňligiň ýola goýulmagyna şertler döredilýär.

Russiýanyň ätiýaçlandyryş bazary dünýäde 25-nji orny eýeleýär. Döwletiň bellige alyş reýestrinde hasaba alnan ätiýaçlandyryjylaryň sany 857 sany bolup, olardan 251-si gaýtadan ätiýaçlandyryş bilen işleýän ätiýaçlandyryjylardyr.

Russiýanyň ätiýaçlandyryş kompaniýalary we olaryň daşary ýurtlardaky şahamçalary tarapyndan her ýylda ýygnalýan ätiýaçlandyryş baýraklarynyň umumy möçberi 763,6 mlrd. rubldan gowrak bolýar, ol serişdeleriň 58%-ni emläk ätiýaçlandyryşyndan, 23%-ni şahsy ätiýaçlandyryşyndan, 4%-ni meýletin jogapkärçilik ätiýaçlandyryşyndan, 14%-ni awtoulaglaryň eýeleriniň üçünji taraplaryň öňündäki jogapkärçiliginiň hökmany ätiýaçlandyryşyndan we 1%-ni beýleki hökmany görnüşdäki ätiýaçlandyryşdan alynýan ätiýaçlandyryş tölegleri tutýar.

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş pul tölegleriň möçberi 473,8 mlrd. rubl bolup, olar ähli ätiýaçlandyryş baýraklaryň 62%-ne barabardyr.

Russiýanyň ätiýaçlandyryş bazarynyň 27,8%-ni 5 sany iri ätiýaçlandyryş kompaniýalary, 40,6%-ni 10 sany iri ätiýaçlandyryjylar eýeleýär, 56,1%-ni 20 sany ätiýaçlandyryjy kompaniýalar tutýar.

Russiýada ätiýaçlandyryş işjeňligini düzgünleşdirýän kanunçylyk nama bolup «Ätiýaçlandyryş işini gurnamak hakyndaky» Kanun we hökmany ätiýaçlandyryşa degişli kanunçylyk namalar çykyş edýär. Şol Kanuna laýyklykda ätiýaçlandyryjy özüniň amala aşyrjak bolýan ätiýaçlandyryş amallarynyň her görnüşi boýunça Maliýe ministrliginden aýratyn rugsat almaklyga borçludyr.

Russiýada ätiýaçlandyryş işine gözegçilik edýän gurama bolup, RF-nyň Maliýe ministrliginiň ätiýaçlandyryş gözegçiligi departamenti çykyş edýär. Russiýada beýleki edara görnüşli taraplar ýaly,

ätiýaçlandyryş kompaniýalar hem peýda salgydyny tölemeli bolýarlar, onuň möçberi 30%-e deň. Russiýanyň salgyt kodeksine laýyklykda ätiýaçlandyryş kompaniýalary GBÜS-den (goşulan baha üçin salgytdan) boşadylandyrlar.

*Ätiýaçlandyryş baýraklarynyň möçberi boýunça Russiýanyň ätiýaçlandyryjylaryny şu aşakdaky tertipde orunlara bölmek bolýar:*

1. «Rosgosstrah» topary (gruppa) Russiýada iri ätiýaçlandyryş kompaniýalaryň biri bolmak bilen, ol ätiýaçlandyryş bazarynyň ýagdaýyna uly täsir ýetirýär. Ol holdingiň düzüminde OAO «Rosgosstrah» jemgyýeti, 10 sany sebitde ýerleşen köpugurly ätiýaçlandyryş kompaniýalary, ömür ätiýaçlandyryşy we meýletin pensiýa ätiýaçlandyryşy bilen meşgul «СК «РГС-Жизнь»» kompaniýasy, şeýle hem hökmany lukmançylyk ätiýaçlandyryş bilen meşgul OOO «РГС-Медицина» kompaniýasy hereket edýär. Rosgosstarh – özüniň şahamçalarynyň sany boýunça, Russiýanyň Poçtasy we Russiýanyň Sberbanky bilen deňleşýän ýeke-täk ätiýaçlandyryş kompaniýadyr. Onuň düzümine 3000-e golaý agentlikler, girýär. Rosgosstrahyň umumy işgärleriniň sany 97 müň adamdan geçýär, olaryň 60 müňüsi ätiýaçlandyryş wekilleri (agentleri). Kompaniýa ozalky 1921-nji ýylda esaslandyrylan RSFSR-iň Gosstrahynyň binýadynda 1992-nji ýylda döredildi. Kompaniýa uniwersal ätiýaçlandyryş gurama bolup, ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň dürli görnüşlerini amala aşyrýar.

2. «Ingosstrah» ätiýaçlandyryş kompaniýasy halkara we içerki bazarda eýýäm 1947-nji ýyldan bäri hereket edip gelýän Russiýanyň iri kompaniýalarynyň biridir. «Ingosstrah» ätiýaçlandyryş kompaniýasynyň ýokary işewürlik abraýyny tassyklaýan 2002-nji ýylda berlen (häzirki wagtda saklanýan) A++-iň ýokary reýtingi «Эксперт РА» reýting agentligi tarapyndan kesgitlenendir. «Ingosstrah» ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň has giň gerimini hödürleýär. Özüniň halkara hyzmatdaşlygyny dünýäde belli ätiýaçlandyryş we gaýtadan ätiýaçlandyryş kompaniýalary bilen ýola goýandyr. «Ingosstrahyň» düzüminde 83 sany şahamçasy bolup, onuň agentlikleri Russiýanyň 220 şäherinde hereket edýär. Daşary ýurtlarda «Ingosstrahyň» alty sany wekilçiligi hereket edip, olaryň ofisleri Azerbaýjanda, Gaza-

gystanda, Özbegistanda, Ukrainada, Hindistanda we Hytaýda ýerleşendir. Bu kompaniýa 2008-nji ýylyň jemi boýunça «Ýylyň ätiýaçlandyryş kompaniýasy» diýen baýrakly ada we birnäçe hormatly atlara mynasyp bolandyr.

3. «СОГАЗ» ätiýaçlandyryş kompaniýasy 1993-nji ýylda döredilen. Holdingiň düzümine СК «СОГАЗ-Жизнь» we МСК «Газпроммедсервис» kompaniýalary girýär. Kompaniýanyň 15 şahamçasy we 350-den gowrak agentlikleri hereket edýär. СК «СОГАЗ», esasan, şahsy taraplary ätiýaçlandyrmak bilen meşgul kompaniýadyr, onuň has iri müşderileriniň düzüminde «Сбербанк», «Газпромбанк», «ВТБ», «РЖД», «Газпром», «РАО ЕЭС», НК «Роснефть», «ТНК-ВР» ýaly Russiýada we halkara bazarda belli firmalary görmek bolýar.

4. ОСАО «РЕСО-Гарантия» 1991-nji ýylda döredildi. Bu köpugurly ätiýaçlandyryş kompaniýasy 102 görnüşli ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny amala aşyrýar hem-de gaýtadan ätiýaçlandyryş hyzmatlaryny hödürleýär. «РЕСО-Гарантия» kompaniýasynyň düzüminde 19 müňden gowrak professional ätiýaçlandyryş wekiller işleýär. Russiýa boýunça kompaniýanyň müşderileriniň sany 7 milliona ýetýär. Kompaniýanyň esaslyk maýasynyň – 37%-i Germaniýanyň АХА kompaniýasyna degişli, galan bölegi bolsa russiýaly şahsy adamlara (doganlar Sarkisow S.E we Sarkisow N.E.) 54,4% degişlidir. Ätiýaçlandyryş baýraklarynyň möçberi 30 382 mln.rubla deň we öwezini doluş pul tölegleriniň jemi 15 723 mln. rubla deň.

5. «РОСНО» ätiýaçlandyryş topary Russiýada öňdebaryjy ätiýaçlandyryş kompaniýalaryň hataryna girýär. «РОСНО» toparynyň düzümine ОАО СК «РОСНО», «РОСНО МС», «РОСНО Центр», СК «Медэкспресс», «Альянс РОСНО» we «Allianz Украина» kompaniýalary girýär. Kompaniýanyň ätiýaçlandyryş şertnamalaryny 17 milliondan gowrak adamlar we 50 müňden gowrak kärhanalar we guramalar satyn alandyrlar. Kompaniýanyň 100 şahamçasy we 300 sany agentlikleri Russiýanyň ähli ýerli subýektlerinde hereket edýärler (*3.8.1.1-nji şekil*).

*3.8.1.1-nji şekil*

**Russiýa Federasiýasynyň ätiýaçlandyryş bazarynda hereket edýän iri ätiýaçlandyryş kompaniýalary**




## § 3.8.2. Gazagystan Respublikasynyň ätiýaçlandyryş bazary

Häzirki döwürde Gazagystan Respublikasynyň ätiýaçlandyryş bazary işjeň we durnukly depginler bilen ösýän bazar hasaplanýar. Bu ýagdaý ätiýaçlandyryş baýraklaryň möçberiniň döwletiň JIÖ-niň düzüminde 0,9%-i tutýandygy bilen hem häsiýetlendirilýär. Ozalky ýyllarda bu görkeziji 0,3 – 0,6% derejededi. Hökümetiň maksady ätiýaçlandyryş baýraklarynyň möçberini JIÖ-niň düzüminde 2%-e ýetirmekdir. Gazagystanlylar bu ösüşiň esasy çeşmesi hökmünde milli ykdysadyýetiň ýokary ösüşini we döwletiň kanunçylyk binýadynyň kämilleşdirilmegini görýärler. Ätiýaçlandyryş baýraklarynyň adam başyna düşýän möçberi boýunça (74$) dünýäde 67-nji orny eýeleýär (Russiýa–209$, ABŞ-1922$, Beýik Britaniýa–5730$).

2009-njy ýylyň 1-nji oktýabryndaky ýagdaýa görä Gazagystanda jemi 43 sany ätiýaçlandyryş (gaýtadan ätiýaçlandyryş) kompaniýalary hereket edýärler. Olardan 8-i ömür ätiýaçlandyryşy we 35-i umumy ätiýaçlandyryş bilen işleşýän kompaniýalar. Mundan başga-da ygtyýarnama alan 12 sany ätiýaçlandyryş brokerleri we 56 sany aktuariýler hereket edýärler. 2008-nji ýylyň jemi boýunça umumy ätiýaçlandyryş baýraklarynyň möçberi 133 mlrd.teňňe (890 mln.$)

deň bolup, onuň 22,5%-i hökmany ätiýaçlandyryşa, 14,1%-i şahsy ätiýaçlandyryşa we 63,4%-i emläk ätiýaçlandyryşyna degişlidir.

Ätiýaçlandyryş öwezini doluş pul tölegleriniň möçberi 27 mlrd. teňňe bolup, olar ähli ätiýaçlandyryş baýraklarynyň 20%-ne barabardyr.

Gazagystanyň ätiýaçlandyryş bazarynyň 53%-ni 5 sany iri ätiýaçlandyryş kompaniýasy eýeleýär, 77% möçberini bolsa 10 sany iri ätiýaçlandyryjylar tutýar.

Gazagystanda ätiýaçlandyryş işjeňligini düzgünleşdirýän kanunçylyk nama bolup «Ätiýaçlandyryş işi hakyndaky» Kanun we hökmany ätiýaçlandyryşa degişli kanunçylyk namalar çykyş edýär.

Gazagystanda ätiýaçlandyryş işine gözegçilik edýän gurama bolup, Maliýe bazaryny we maliýe guramalaryny düzgünleşdirmek we gözegçilik boýunça Gazagystan Respublikasynyň Agentligi (Агентство Республики Казахстан по регулированию и надзору финансового рынка и финансовых организаций (АФН РК)) çykyş edýär.

*Ätiýaçlandyryş baýraklarynyň möçberi boýunça Gazagystanyň ätiýaçlandyryjylaryny şu aşakdaky tertipde orunlara bölmek bolýar:*

1. АО «Страховая компания «Евразия» – 1995-nji ýylda döredilen, Gazagystanda iri ätiýaçlandyryş kompaniýalaryň biri bolmak bilen, ol ätiýaçlandyryş bazarynda ilkinji orny eýeleýär, has takygy onuň ýygnan ätiýaçlandyryş baýraklarynyň möçberi 26 mlrd.teňňe (173 mln.$) bolup, umumy bazaryň 25%-ni özünde jemleýär. Kompaniýa köpugurly ätiýaçlandyryş gurama bolmak bilen, ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň dürli görnüşlerini we gaýtadan ätiýaçlandyryş amallaryny amala aşyrýar.

2. АО «СК Халык-Казахинстрах» ätiýaçlandyryş kompaniýasy 12 ýylyň dowamynda Gazagystanyň ätiýaçlandyryş bazarynda hereket edip, köpugurly ätiýaçlandyryjy hökmünde özüni tanatdy we ätiýaçlandyryş baýraklarynyň möçberi boýunça Gazagystanda ikinji orny eýeleýär. Onuň ýygnan ätiýaçlandyryş baýraklarynyň möçberi 11 mlrd.teňňe (73 mln.$) bolup, umumy bazaryň 10,5%-ni özünde jemleýär. Kompaniýanyň Gazagystanyň çäklerinde giňden ýaýran şahamçalary we agentlikleri bolup, olaryň düzüminde 2000-den gowrak ätiýaçlandyryş wekilleri zähmet çekýärler. Kompaniýanyň ussat

hünärmenleri Gazagystanyň ätiýaçlandyryş bazaryny aýaga galdyrmakda uly roly oýnadylar we ätiýaçlandyryş işinde ýokary kwalifikasiýa eýedirler. Kompaniýa ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň 30-dan gowrak görnüşlerini hödürleýär.

3. АО «Казкоммерц-Полис» ätiýaçlandyryş kompaniýasy 1996-njy ýylda döredilip, ol АО «Казкоммерцбанкуň» golçur edarasydyr. Bu kompaniýanyň esasy ýardamçysy ÝÖÖB (Ýewropanyň Ösüş we özgerdiş banky) çykyş edýär. Kompaniýa ätiýaçlandyryş amallarynyň 22 görnüşini amala aşyrmaklyga ygtyýarnama alandyr. Kompaniýa ätiýaçlandyryş bazarynda durnukly ösüş depginleri bilen ösýän ätiýaçlandyryjy adyna eýe bolan gurama hökmünde tanalýar.

4. АО «Алматинская Международная Страховая Группа» ätiýaçlandyryş kompaniýasy Gazagystanda öňbaşçylygy saklaýan ätiýaçlandyryjylaryň biri hasaplanýar. Kompaniýa АО «СК «Банк «Каспийский» bankynyň 100% eýeçiligindäki golçur guramadyr. Bu kompaniýa 14 ýylyň dowamynda özüni has gowy ätiýaçlandyryjy hökmünde tanatdy. Kompaniýa ätiýaçlandyryş hyzmatlarynyň köpdürli görnüşlerini ISO – 9001-2000 standartlarynda, ýokary derejede hödürläp, müşderileriň ynamyny gazanan guramadyr (*3.8.2.1-nji şekil*).

*3.8.2.1-nji şekil*

**Gazagystanyň ätiýaçlandyryş bazarynda hereket edýän iri ätiýaçlandyryş kompaniýalar**



# PEDALANYLAN EDEBIÝATLAR

1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň döwlet kadalaşdyrylyşy. I, II tomlar. Aşgabat. TDNG, 2010.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistanyň ykdysady strategiýasy: halka daýanyp, halkyň hatyrasyna. Aşgabat. TDNG, 2010.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
4. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistanda saglygy goraýşy ösdürmegiň ylmy esaslary. Aşgabat, 2007.
5. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.
6. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat, 2008.
7. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Ösüşiň täze belentliklerine tarap . Saýlanan eserler.III tom. Aşgabat, 2009.
8. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.
9. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Eserler ýygyndysy. Aşgabat, 2007.
10. «Türkmenistanyň Prezidenti *Gurbanguly Mälikgulyýewiç Berdimuhamedow*. Gysgaça terjimehal». Aşgabat, 2007.
11. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Täze Galkynyş eýýamy: wakalaryň senenamasy. 2007. Aşgabat, 2008.
12. Türkmenistanyň Prezidenti *Gurbanguly Berdimuhamedowyň* ýurdy täzeden galkyndyrmak barada syýasaty. Aşgabat, 2007.
13. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Döwlet adam üçindir. Aşgabat, 2008.
14. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Halkyň saýlany we ynam bildireni. Aşgabat, 2007.
15. Türkmenistanyň Prezidenti *Gurbanguly Berdimuhamedowyň* Türkmenistanyň Ýaşulularynyň maslahatynyň mejlisinde sözlän sözi (Daşoguz, 2010-njy ýylyň maý aýy), «Türkmenistan» gazeti, 2010-njy ýylyň 15-nji maýy.
16. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Älem içre at gezer. Roman. Aşgabat, TDNG,2011.
17. «Türkmenistanda nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Baş ugry Milli maksatnamasy». Aşgabat, 2006.
18. «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etrapdaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini öz-

gertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Milli maksatnamasy». Aşgabat, 2007.

19. «Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011–2030-njy ýyllar üçin Milli maksatnamasy». Aşgabat, 2010.
20. Türkmenistanda hususylaşdyrmagyň döwlet maksatnamasy. «Türkmenistan» gazeti, 1994-nji ýylyň 12-nji oktýabry.
21. Türkmenistanda gymmatly kagyzlar bazaryny ösdürmegiň 2012–2016-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasy.
22. Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011–2030-njy ýyllar üçin döwlet maksatnamasy.
23. Türkmenistanyň 2030-njy ýyla çenli durmuş-ykdysady ösüşiniň esasy görkezijileri. Aşgabat, TDNG, 2009.
24. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
25. «Walýuta operasiýalaryny düzgünleşdirmek hakynda» Türkmenistanyň kanuny «Türkmenistan» gazeti, 1993-nji ýylyň 30-njy oktýabry.
26. Türkmenistanyň kanuny «Haryt çig-mal biržalary hakynda»,1994.
27. «Býujet sistemasy hakynda» Türkmenistanyň kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 1996-njy ýylyň 11-nji iýuly.
28. «Eýeçiligi döwletiň garamagyndan aýyrmak we hususylaşdyrmak hakynda» Türkmenistanyň kanuny (täze redaksiýada). «Türkmenistan» gazeti, 1997-nji ýylyň 30-njy iýuny.
29. «Paýdarlar jemgyýetleri hakynda» Türkmenistanyň kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 1999-njy ýylyň 26-njy noýabry.
30. Türkmenistanyň kanuny «Kärhanalar hakynda», 2000.
31. «Ýer hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 2004-nji ýylyň 30-njy oktýabry.
32. «Suw hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 2004-nji ýylyň 30-njy oktýabry.
33. «Durmuş üpjünçiligi hakynda» Türkmenistanyň Bitewi kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 2007-nji ýylyň 19-njy marty.
34. «Daýhan hojalygy hakynda» Türkmenistanyň kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 2007-nji ýylyň 31-nji marty.
35. «Daýhan birleşikleri hakynda» Türkmenistanyň kanuny. «Türkmenistan» gazeti, 2007-nji ýylyň 31-nji marty.
36. «Arçynlar hakynda» Türkmenistanyň kanuny «Türkmenistan» gazeti, 2007-nji ýylyň 31-nji marty.
37. Türkmenistanyň kanuny. «Işiň aýry-aýry görnüşlerini ygtyýarlylandyrmak hakynda», 2008.

38. Türkmenistanyň kanuny. «Daşary ýurt maýa goýumlary hakynda» (täze redaksiýada), 2008.
39. Türkmenistanyň kanuny. «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda», 2009.
40. Türkmenistanyň «Salgytlar hakynda» Bitewi kanuny. Aşgabat, 2008. 2009, 2010, 2011-nji ýyllarda girizilen üýtgemeler we goşmaçalar bilen bilelikde.
41. Türkmenistanyň «Zähmet hakynda» Bitewi kanuny, 2009.
42. Türkmenistanyň kanuny.«Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», 2011.
43. Türkmenistanyň kanuny. «Karz edaralary we bank işi hakynda», 2011.
44. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy hakynda Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary. «Türkmenistan» gazeti, 2007-nji ýylyň 23-nji iýuly.
45. Türkmenistanda döwlet ýokary hünär bilim edaralary hakynda Düzgünnama, 2011.
46. «Bilim hakynda» Türkmenistanyň kanuny, 2009.
47. «Ätiýaçlandyryş hakynda» Türkmenistanyň Kanuny, 26-njy iýun 1992 ý.
48. *Şahow W.W*. «Strahowaniýe» okuw kitaby, ÝUNITI neşirýaty, Moskwa 2001.
49. *Ýermasow S.W., Ýermasowa N.B*. «Strahowaniýe» okuw kitaby, ÝUNITI neşirýaty, Moskwa 2004.
50. *Ю.Т. Ахвелдиани, В.В. Шахов* «Страхование» okuw kitaby. Москва 2006.
51. *Halowa G.O*. «Ýapon ykdysady täsinligi». «Altyn asyryň ykdysadyýeti», Aşgabat, 2002.
52. *B.G. Boldyrew* «Daşary dowletleriň maliýesi», M. 1985.
53. *Ефимов. С.Л*. Страховой рынок в Италии 2006.
54. *Жук. И.И*. Автомобильное страхование. Москва 2004.
55. *И.Т. Балабанов*. Страхование. 2003 г.
56. *А.Г. Адамчук., Р.Т. Юлдашов*. «Страховые рынки ведущих стран Азии» (На примере Китая и Японии) 2004.
61.«Türkmenistanyň ätiýaçlandyryş pudagy boýunça gollanma». Aşgabat 2005.

# MAZMUNY

Giriş ......................................................................................7

**I BÖLÜM. ÄTIÝAÇLANDYRYŞ IŞINIŇ NAZARYÝETI**

**I.I bap. Ätiýaçlandyryşyň ykdysady mazmuny**

§ 1.1.1. Ykdysady kategoriýa hökmünde ätiýaçlandyryşyň ykdysady mazmuny ....................................................10
§ 1.1.2. Ätiýaçlandyryş goraglylygynyň meseleleri boýunça onuň toparlara bölünişi ..................................................14
§ 1.1.3. Ätiýaçlandyryş gaznasy barada düşünje. Ätiýaçlandyryşyň ykdysady tebigaty ..........................................17
§ 1.1.4. Ätiýaçlandyryşyň wezipeleri ........................................19

**I.II bap. Ätiýaçlandyryş işindäki esasy düşünjeler**

§ 1.2.1. Ätiýaçlandyryş işinde ulanylýan adalgalar..................................20
§ 1.2.2. Halkara ätiýaçlandyryşda ulanylýan esasy adalgalar ................22

**I.III bap. Ätiýaçlandyryş bazary we onuň gatnaşyjylary**

§ 1.3.1. Ätiýaçlandyryş bazary barada düşünje.......................................27
§ 1.3.2. Ätiýaçlandyryşyň meselesi we görnüşleri..................................28
§ 1.3.3. Ätiýaçlandyryş şertnamasy we kadalary ....................................29

**I. IV bap. Ätiýaçlandyryş amallaryny toparlamak**

§ 1.4.1. Ätiýaçlandyryşy toparlandyrmagyň esaslary ..............................33
§ 1.4.2. Hökmany we meýletin ätiýaçlandyryş .....................................35

**I.V bap. Ätiýaçlandyryş işini guramak**

§ 1.5.1. Döwlet ätiýaçlandyryş gözegçiliginiň mazmuny we wezipeleri...............................................................37
§ 1.5.2. Ätiýaçlandyryş işini ygtyýarlandyrmak .....................................39

**I.VI bap. Ätiýaçlandyryşdaky marketing**

§ 1.6.1. Ätiýaçlandyryjynyň marketingi.................................................48

§ 1.6.2. Ätiýaçlandyryş bazaryny segmentlemek ....................................51
§ 1.6.3. Ätiýaçlandyryş kompaniýalarynyň bäsdeşligi we bäsdeşlige ukyplylygy ............................................................53

**I.VII bap. Ätiýaçlandyryşyň tarifleriniň nazaryýet esaslary**

§ 1.7.1. Ätiýaçlandyryşyň tarifleriniň manysy we meselesi....................54
§ 1.7.2. Tarif möçberi ..........................................................................55
§ 1.7.3. Ätiýaçlandyryş işini ýöretmek üçin çykdajylar – tarif möçberiniň bir elementi hökmünde. Ätiýaçlandyryş statistikanyň görnüşleri ..........................................................57
§ 1.7.4. Ätiýaçlandyryş tölegleriniň manysy. Ätiýaçlandyryş baýraklarynyň görnüşleri ......................................................59

**I.VIII bap. Ätiýaçlandyryş işiniň guramaçylyk hukuk esaslary**

§ 1.8.1. Türkmenistanyň döwlet ätiýaçlandyryş guramasy .....................60

**II BÖLÜM. ÄTIÝAÇLANDYRYŞ IŞI**

**II.I bap. Ätiýaçlandyryşyň goraglylygynyň meseleleri boýunça onuň toparlara bölünişi**

§ 2.1.1. Atiýaçlandyryşyň hökmany görnüşleri.......................................69
§ 2.1.2. Meýletin ätiýaçlandyryşyň görnüşleri .......................................70

**II.II bap. Türkmenistanyň harby gullukçylarynyň we harby borçlularyň, içeri işler edaralarynyň hatarçylar hem-de ýolbaşçylar düzüminden bolan adamlaryň, gümrük gulluklarynyň işgärleriniň hökmany döwlet şahsy ätiýaçlandyryşy**

§ 2.2.1. Ätiýaçlandyrmagyň tertibi.........................................................72
§ 2.2.2. Ätiýaçlandyryş tölegleri üçin resminamalary resmileşdirmekligiň tertibi ....................................................73
§ 2.2.3. Ätiýaçlandyryş pullarynyň tölenilişi ..........................................78

**II.III bap. Ulaglaryň ähli görnüşleriniň ýolagçylarynyň, howa ulagynyň ekipažlarynyň agzalarynyň, demir ýol, deňiz, içerki suw we awtomobil ulaglarynyň işgärleriniň hökmany döwlet ätiýaçlandyryşy**

§ 2.3.1. Ätiýaçlandyrmanyň tertibi.........................................................80

§ 2.3.2. Ätiýaçlandyryş pul möçberleri, ätiýaçlandyryş tölegleri we ätiýaçlandyryş gorlary, ätiýaçlandyryş ýagdaýlary ............... 82
§ 2.3.3. Ätiýaçlandyryş pul möçberini tölemek üçin resminamalaryň resmileşdirilişi ............................................... 84
§ 2.3.4. Ätiýaçlandyryş pul möçberini tölemek .................................... 85
§ 2.3.5. Ulaglarda betbagtçylykly hadysalaryň öňüni almak baradaky çäreleri maliýeleşdirmek üçin ätiýaçdaky gory döretmegiň we ony harçlamagyň tertibi ................................... 87
§ 2.3.6. Ulaglaryň ähli görnüşleriniň ýolagçylarynyň, howa ulagynyň ekipažlarynyň agzalarynyň, demir ýol, deňiz, içerki suw we awtomobil ulaglarynyň işgärleriniň hökmany döwlet ätiýaçlandyrma boýunça özara hasaplaşyklarynyň tertibi ......... 91

### II.IV bap. Awtoulag serişdeleriniň eýeleriniň (gatnadyjylaryň) üçünji tarapyň öňündäki raýat jogapkärçiliginiň hökmany döwlet ätiýaçlandyryşy

§ 2.4.1. Ätiýaçlandyrmanyň tertibi we maksady .................................... 92
§ 2.4.2.Resminamalaryň görnüşleri ....................................................... 95
§ 2.4.3. Awtomobil ulagynyň eýeleriniň (gatnadyjylaryň) üçünji tarapyň öňündäki raýat jogapkärçiliginiň hökmany döwlet ätiýaçlandyryş boýunça özara hasaplaşyklarynyň tertibi ........... 104
§ 2.4.4. Ätiýaçlandyrma hadysasy ýüze çykan ýagdaýynda taraplaryň özara gatnaşyklary .................................................. 106
§ 2.4.5. Ätiýaçlandyrma möçberini we ätiýaçlandyrma öwezini doluş töleglerini tölemek ....................................................... 108

### II.V bap. Ýokary töwekgelçilikli önümçilik şertlerinde işleýän işgärleriň betbagtçylykly hadysalardan we hünär kesellerinden hökmany şahsy ätiýaçlandyrylyşy

§ 2.5.1. Ätiýaçlandyrmagyň tertibi ........................................................ 111

### II.VI bap. Awtoulag serişdeleriniň meýletin ätiýaçlandyrylyşy

§ 2.6.1. Awtoulag serişdeleriniň meýletin ätiýaçlandyrylyşynyň hukuk binýady ................................................................................ 112
§ 2.6.2. Ätiýaçlandyryş töwekgelçilikleriniň görnüşleri ........................ 114
§ 2.6.3. Ätiýaçlandyryş pul möçberi we ätiýaçlandyryş baýraklary ....... 117
§ 2.6.4. Ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak .................................. 120
§ 2.6.5. Ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda taraplaryň özara gatnaşyklary ................................................................................ 122

§ 2.6.6. Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemek ........................125

**II.VII bap. Raýatlaryň eýeçilik hukugyna degişli bolan öýleriň meýletin ätiýaçlandyrylyşy**

§ 2.7.1. Ätiýaçlandyryşyň tertibi ........................130
§ 2.7.2. Ätiýaçlandyryş pul möçberleri we baýraklary (wznoslary) ........................134
§ 2.7.3. Franşiza we ätiýaçlandyryş şertnamasynyň hereket edýän döwri ........................135
§ 2.7.4. Ätiýaçlandyryş öwezini dolmagyň möçberini kesgitlemek we tölemek ........................137

**II. VIII bap. Kärhanalaryň emläginiň meýletin ätiýaçlandyrylyşy**

§ 2.8.1. Ätiýaçlandyrylyşyň tertibi ........................143
§ 2.8.2. Ätiýaçlandyryş töwekgelçilikleri ........................145
§ 2.8.3. Ätiýaçlandyryş pul möçberleri ........................148
§ 2.8.4. Ätiýaçlandyryş baýragy we şertnamasy ........................150
§ 2.8.5. Töwekgelçiligiň derejesiniň üýtgemegi. Ätiýaçlandyryş ýagdaý ýüze çykanda ätiýaçlandyrýanyň borçlary ........................154
§ 2.8.6. Ätiýaçlandyryş öwezini doluş töleginiň tölenilişi ........................158
§ 2.8.7. Ätiýaçlandyryş pul möçberi, franşiza we ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) ........................164
§ 2.8.8. Ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmaklygyň tertibi, hereket edýän möhletleri we bozulmagy ........................167
§ 2.8.9. Ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegini tölemek ........................173

**II. IX bap. Guramanyň serişdesiniň hasabyna guramanyň işgärleriniň toparlaýyn betbagtçylykly hadysalardan meýletin ätiýaçlandyrylyşy**

§ 2.9.1. Ätiýaçlandyryşyň tertibi, obýekti we pul möçberi ........................179
§ 2.9.2. Ätiýaçlandyryş baýraklary. Ätiýaçlandyryş pul möçberlerini tölemekligiň tertibi ........................182
§ 2.9.3. Ätiýaçlandyryş şertnamasynyň ýatyrylmagy. Taraplaryň hukuklary we borçlary ........................185

**II. X bap. Daşary ýurtlara gidýän raýatlaryň saglygyny meýletin ätiýaçlandyrmak**

§ 2.10.1. Ätiýaçlandyryşyň tertibi, obýekti we ýagdaýy ........................186

§ 2.10.2. Ätiýaçlandyryş jogapkärçiliginiň möçberi ....... 190
§ 2.10.3. Ätiýaçlandyryş pul möçberi we ätiýaçlandyryş öwezini doluş tölegi. Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) we ätiýaçlandyryş halaty ýüze çykan mahaly taraplaryň borçlary ....... 194

## II. XI bap. Ömri meýletin ätiýaçlandyryş

§ 2.11.1. Ätiýaçlandyryşy amala aşyrmaklygyň tertibi ....... 198
§ 2.11.2. Ätiýaçlandyryş baýragyny (wznosyny) tölemegiň tertibi we möçberi ....... 201
§ 2.11.3. Ätiýaçlandyryş pul möçberini tölemegiň tertibi ....... 205

## II.XII bap. Raýat-hukuk jogapkärçiliginiň meýletin ätiýaçlandyrylyşy

§ 2.12.1. Ätiýaçlandyrmagyň tertibi, obýekti ....... 208
§ 2.12.2. Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) we ony tölemegiň tertibi ....... 212
§ 2.12.3. Ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykan mahaly taraplaryň borçlary ....... 218
§ 2.12.4. Ätiýaçlandyryş öwezini dolmagy tölemegiň tertibi ....... 220

## II. XIII bap. Şahsy adamlara degişli mallaryň meýletin ätiýaçlandyrylyşy

§ 2.13.1. Ätiýaçlandyrmagyň tertibi, obýekti ....... 224
§ 2.13.2. Ätiýaçlandyryş pul möçberi, ätiýaçlandyryş baýraklary (wznoslary) ....... 230

## II. XIV bap. Mekdep okuwçylaryny betbagtçylykly hadysalardan meýletin ätiýaçlandyryş

§ 2.14.1. Ätiýaçlandyryşyň tertibi we ýagdaýlary ....... 234
§ 2.14.2. Ätiýaçlandyryş pul möçberi. Ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) ....... 238

## II. XV bap. Betbagtçylykly hadysalardan meýletin ätiýaçlandyryş

§ 2.15.1. Ätiýaçlandyrmagyň tertibi, obýekti ....... 241
§ 2.15.2. Ätiýaçlandyryş şertnamasyny baglaşmak we onuň hereket edýän möhleti ....... 244

§ 2.15.3. Ätiýaçlandyryş pul möçberi, ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) ....................................................................245
§ 2.15.4. Ätiýaçlandyryş pul möçberini tölemegiň tertibi........................248

**II. X VI bap. Gurluşyk-gurnaýyş işlerini meýletin ätiýaçlandyryş**

§ 2.16.1. Ätiýaçlandyryşyň desgalary we obýekti..................................251
§ 2.16.2. Ätiýaçlandyryş baýraklary, olary tölemegiň tertibi we möhletleri..........................................................................................256

**II. X VII bap. Buraw işlerini meýletin ätiýaçlandyryş**

§ 2.17.1. Ätiýaçlandyryşyň tertibi we ätiýaçlandyrylýan desgalar ........261
§ 2.17.2. Ätiýaçlandyryş töwekgelçilikleriniň görnüşleri ........................270
§ 2.17.3. Jogapkärçiligiň bellenilen möçberleri .....................................273

**II. X VIII bap. Suw ulag serişdeleriniň utgaşdyrylan meýletin ätiýaçlandyrylyş şertnamasy**

§ 2.18.1. Ätiýaçlandyrmagyň tertibi we obýekti.....................................277
§ 2.18.2. Ätiýaçlandyryş ýagdaýy ýüze çykanda taraplaryň borçlary..........................................................................................288

**II. XIX bap. Howa gämileriniň we awiagatnadyjylaryň jogapkärçiligini meýletin ätiýaçlandyryş şertnamasy**

§ 2.19.1. Ätiýaçlandyryş şertnamasy we obýekti....................................292
§ 2.19.2. Ätiýaçlandyryş pul möçberi we ätiýaçlandyryş baýragy (wznosy) ..................................................................303

**II. XX bap. Oba hojalyk pudagynda ätiýaçlandyryş**

§ 2.20.1. Oba hojalyk emläginiň meýletin ätiýaçlandyrylyşy .................312
§ 2.20.2. Oba hojalyk ekinlerini we köp ýyllyk agaçlary meýletin ätiýaçlandyryş ..................................................................334

**III BÖLÜM. DAŞARY ÝURTLARDA ÄTIÝAÇLANDYRYŞ IŞI**

**III.I bap. Halkara ätiýaçlandyryş institutlary**

§ 3.1.1. Halkara ätiýaçlandyryş institutlaryna häsiýetnama ....................349

**III.II bap. ABŞ-nyň ätiýaçlandyryş bazary**

§ 3.2.1. ABŞ-nyň ätiýaçlandyryş bazaryna häsiýetnama ........................353
§ 3.2.2 ABŞ-nyň ätiýaçlandyryş bazarynyň öňdebaryjy kompaniýalary .......................................................................356

**III.III bap. Beýik Britaniýanyň ätiýaçlandyryş bazary**

§ 3.3.1. Beýik Britaniýanyň ätiýaçlandyryş bazaryna häsiýetnama ...........................................................................358
§ 3.3.2. Beýik Britaniýanyň ätiýaçlandyryş bazarynyň kompaniýalary .......................................................................361

**III.IV bap. Germaniýanyň ätiýaçlandyryş bazary**

§ 3.4.1. Germaniýada ätiýaçlandyryş bazarynyň gurnalyşy....................364

**III. V bap. Fransiýanyň we Italiýanyň ätiýaçlandyryş bazarlary**

§ 3.5.1. Fransiýanyň ätiýaçlandyryş bazaryna häsiýetnama....................367
§ 3.5.2. Italiýanyň ätiýaçlandyryş bazarynyň gurnalyşy .........................370

**III. VI bap. Ýaponiýanyň ätiýaçlandyryş bazary**

§ 3.6.1. Döwletiň ätiýaçlandyryş bazarynyň düzümi ..............................373
§ 3.6.2. Ýapon ätiýaçlandyrylyş kompaniýalary dünýä ätiýaçlandyryş bazarynda .......................................................................................376

**III. VII bap. Şweýsariýanyň we Kanadanyň ätiýaçlandyryş bazary**

§ 3.7.1. Şweýsariýanyň ätiýaçlandyryş bazarynyň gurnalyşy.................378
§ 3.7.2. Kanadanyň ätiýaçlandyryş bazarynyň gurnalyşy .......................381

**III. VIII bap. Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna giryän ýurtlaryň ätiýaçlandyryş bazary**

§ 3.8.1. Russiýa Federasiýasynyň ätiýaçlandyryş ulgamy ......................383
§ 3.8.2. Gazagystan Respublikasynyň ätiýaçlandyryş bazary ................387

**Abdykerim Muhanow, Ahmet Myradow,**
**Perhat Begenjow**

# ÄTIÝAÇLANDYRYŞ IŞI

Ýokary okuw mekdepleri üçin
okuw kitaby

Redaktor *E. Berdiýewa*
Teh. redaktor *O. Nurýagdyýewa*
Neşir üçin jogapkär *H. Hajygurbanow*

Çap etmäge rugsat edildi 16.11.2012. Ölçegi 60x90 $^1/_{16}$.
Ofset çap ediliş usuly. Şertli çap listi. Şertli reňkli ottiski.
Hasap-neşir listi Çap listi 25,0. Sargyt № 2539. Sany 1300

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.